Ý.M. Nuryýew, S.K. Ataýew, A.A. Çaryýew

# DÖWLETIŇ WE HUKUGYŇ NAZARYÝETI

Aşgabat 2010

*Ý.M. Nuryýew, S.K. Ataýew, A.A. Çaryýew*

# DÖWLETIŇ WE HUKUGYŇ NAZARYÝETI

**Ýokary okuw mekdepleriniň hukuk öwreniş hünäri üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

Aşgabat 2010

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk institutynda taýýarlanan bu okuw gollanmasy ýokary okuw mekdepleriniň hukuk hünärinden bilim alýan talyplaryna niýetlenýär. Bu gollanmada wajyp döwlet-hukuk institutlarynyň, düşünjeleriniň mazmuny hukuk öwrenijiler üçin zerur maglumatlary çalt hem aňsat tapmak we özleşdirmek mümkin bolar ýaly derejede ýönekeýleşdirip hem-de gysgaldylyp berilýär. Şonuň ýaly-da okuw-usuly serişdeleriň çyzgylar, sowalnamalar ýaly görnüşlerini ulanmak bilen döwlet we hukuk nazaryýeti boýunça soraglary has netijeli özleşdirmeklige ýardam bermek maksat edinildi.

**Awtorlar:**

Ýagmyr Mämijikowiç Nuryýew
Serdar Kürtiliýewiç Ataýew
Aýdogdy Aşyrmyradowiç Çaryýew

**Synçylar:**

A.Jumaýew – hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent.

B.Zahyrow – hukuk ylymlarynyň kandidaty.

# MAZMUNY

**Giriş** 14.

**I bölüm. DÖWLETI ÖWRENIŞ**

**1-nji bab. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň närsesi, usulyýeti we wezipeleri**

§1. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti barada düşünje we onuň närsesi (predmeti) 16.

§2. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň usulyýeti (metodologiýasy) 18.

§3. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň wezipeleri (funksiýalary) 21.

§4. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň beýleki hukuk ylymlary bilen özara baglanyşygy 23.

*Çyzgylar* 26.

*Sowalnama* 31.

**2-nji bap. Döwletiň we hukugyň gelip çykyşy**

§1. Döwletiň döremeginiň umumy kanunalaýyklary 35.

§2. Dünýäniň dürli halklarynda döwletiň döremeginiň aýratynlyklary 39.

§3. Hukugyň emele gelmeginiň aýratynlyklary 41.

§4. Döwletiň we hukugyň döremegi barada esasy taglymatlar 43.

*Çyzgylar* 49.

*Sowalnama* 54.

**3-nji bap. Döwlet we jemgyýetiň syýasy ulgamy**

§1. Döwlet barada düşünje we onuň alamatlary 58.

§2. Döwletiň görnüşleri, mazmuny we onuň sosial wezipeleri 62.

§3. Döwlet hakynda häzirki zaman taglymatlary 65.

§4. Jemgyýetiň syýasy ulgamy we döwlet 66.

*Çyzgylar* 69.

*Sowalnama* 77.

**4-nji bap. Döwletleri görnüşlere bölmek**

§1. Döwletleri görnüşlere bölmek (tipologiýa) barada düşünje 81.

§2. Döwletleri jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça görnüşlere bölmegiň (formasion) usuly 82.

§3. Döwletleri medeni ösüş ýoly boýunça görnüşlere bölmegiň (siwilizasion) usuly 90.

§4. Döwletleri görnüşlere bölmegiň manysy we maksatlary 92.

*Çyzgylar* 93.

*Sowalnama* 99.

**5-nji bap. Döwletiň görnüşi**

§1. Döwletiň görnüşi barada düşünje we onuň bölünişi 103.

§2. Döwlet dolandyryşy barada düşünje we onuň görnüşleri 105.

§3. Döwlet gurluşy barada düşünje we onuň görnüşleri 109.

§4. Syýasy düzgün barada düşünje we onuň görnüşleri 112.

*Çyzgylar* 115.

*Sowalnama* 129.

**6-njy bap. Döwletiň wezipeleri**

§1. Döwletiň wezipeleri barada düşünje we onuň alamatlary 133.
§2. Döwletiň wezipeleriniň amala aşyrylyşynyň usullary we görnüşleri 134.
§3. Döwletiň esasy içerki wezipeleri 135.
§4. Döwletiň esasy daşarky wezipeleri 137.
*Çyzgylar* 139.
*Sowalnama* 144.

**7-nji bap. Döwletiň mehanizmi (apparaty)**

§1. Döwletiň mehanizmi (apparaty) barada düşünje we onuň alamatlary 148.
§2. Döwletiň mehanizminiň (apparatynyň) düzüm gurluşy: edaralar we guramalar 148.
§3. Döwlet edaralarynyň görnüşleri 150.
§4. Döwlet apparatyny guramagyň we onuň işiniň ýörelgeleri 157.
*Çyzgylar* 160.
*Sowalnama* 166.

**II bölüm. HUKUGY ÖWRENIŞ**

**8-nji bap. Hukuk. Onuň düşünjeleri we ýörelgeleri. Hukuk düşünjeliligi**

§1. Hukuk barada düşünje, onuň alamatlary we häsiýetleri 170.
§2. Hukugyň ýörelgeleri we jedelsiz başlangyçlary (aksiomalary) 172.
§3. Hukugyň sosial ähmiýeti hem wezipeleri 174.
§4. Häzirki zaman hukuk düşünjeliliginiň (hukugyň nazaryýetiniň) aýratynlyklary 176.
*Çyzgylar* 179.
*Sowalnama* 186.

**9-njy bap. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň ulgamy**

§1. Kadalaşdyryş ulgamy barada düşünje we onuň düzüm bölekleri 190.
§2. Adat kadalary 191.
§3. Dini kadalar 193.
§4. Toparlaýyn (korporatiw) kadalar 195.
§5. Ahlak we etiki kadalar 196.
§6. Syýasy kadalar 197.
§7. Tehniki-hukuk kadalary 197.
*Çyzgylar* 199.
*Sowalnama* 205.

**10-njy bap. Hukugyň görnüşleri (çeşmeleri)**

§1. Hukugyň görnüşleri (çeşmeleri) barada düşünje 209.
§2. Hukugyň görnüşi (çeşmesi) hökmünde – hukuk adatlary 210.
§3. Hukugyň çeşmesi hökmünde – hukuk presedenti 211.
§4. Hukugyň çeşmesi hökmünde – hukuk doktrinasy 213.
§5. Kadalaşdyryjy şertnama 216.

§6. Hukugyň çeşmesi hökmünde – kadalaşdyryjy hukuk nama 217.
*Çyzgylar* 219.
*Sowalnama* 223.

**11-nji bap. Kadalaşdyryjy hukuk namalar: görnüşleri we hereket edişi**

§1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň görnüşi hökmünde – kanunlar 227.
§2. Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar 229.
§3. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň wagtda hereket edişi 234.
§4. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň giňişlikde hereket edişi 237.
§5. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň şahslaryň topary babatda hereketi 238.
*Çyzgylar* 243.
*Sowalnama* 249.

**12-nji bap. Hukuk döredijilik işi**

§1. Hukuk döredijilik işi barada düşünje we onuň ýörelgeleri 253.
§2. Hukuk döredijilik işiniň görnüşleri 254.
§3. Hukuk döredijilik (kanundöredijilik) işiniň tapgyrlary 255.
§4. Kanunlaryň bilinýändigi hakynda çaklama (prezumpsiýa) 258.
§5. Hukuk tehnikasy 258.
§6. Kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmak 262.
§7. Kadalaşdyryjy hukuk namalary bellige almak 263.
*Çyzgylar* 266.
*Sowalnama* 272.

**13-nji bap. Hukuk kadalary**

§1. Hukuk kadasy barada düşünje we onuň alamatlary 276.
§2. Hukuk kadalarynyň (ýuridik kadalaryň) görnüşleri 277.
§3. Hukuk kadasynyň düzüm gurluşy 280.
§4. Hukuk kadasynyň we kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasynyň özara gatnaşygy 284.
§5. Hukuk kadasynyň netijeliligi 285.
*Çyzgylar* 287.
*Sowalnama* 292.

**14-nji bap. Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek. Hukuk ulanyş işi**

§1. Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek barada düşünje we onuň görnüşleri 296.
§2. Hukuk kadalaryny ulanmak: düşünjesi we alamatlary 297.
§3. Hukuk kadalaryny ulanmagyň tapgyrlary 298.
§4. Hukuk ulanyş işiniň ýörelgeleri 299.
§5. Hukuk kadalaryny ulanmak barada namalar, olaryň görnüşleri we olara bildirilýän talaplar 299.
§6. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň we hukuk kadalaryny ulanmak baradaky namanyň özara gatnaşygy 301.
*Çyzgylar* 303.
*Sowalnama* 307.

**15-nji bap. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek**


§1. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek barada düşünje we onuň ähmiýeti 311.
§2. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň görnüşleri we usullary 312.
§3. Hukukdaky ýetmezçilikler (boş ýerler) we ýuridik meňzeşlik (analogiýa) 316.
§4. Hukuk kadalarynyň biri-birine gapma-garşy gelmeginde (kolliziýasynda) olara düşündiriş bermek 317.
*Çyzgylar* 319.
*Sowalnama* 325.


**16-njy bap. Hukuk gatnaşyklary**


§1. Hukuk gatnaşyklary barada düşünje, olaryň alamatlary we olaryň döremeginiň sebäpleri 329.
§2. Hukuk gatnaşyklarynyň düzüm gurluşy (subýekt we obýekt) 329.
§3. Hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny: şahsy (subýektiw) hukuklar we ýuridik borçlar 335.
§4. Hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri 336.
*Çyzgylar* 338.
*Sowalnama* 344.


**17-nji bap. Hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar)**


§1. Hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) barada düşünje we olaryň alamatlary 348.
§2. Ýuridik faktlaryň görnüşleri: hereketler, hadysalar, möhletler, çaklamalar (prezumpsiýalar), galplyklar (fiksiýalar) we ýagdaýlar 348.
§3. Ýüze çykýan netijeleriň häsiýetine görä ýuridik faktlaryň görnüşleri 352.
§4. Hakyky hukuk (ýuridik) düzümi (çylşyrymly ýuridik fakt) 353.
*Çyzgylar* 355.
*Sowalnama* 360.


**18-nji bap. Hukugyň ulgamy we kanunçylyk ulgamy**


§1. Hukugyň ulgamy barada düşünje, onuň esasy alamatlary we düzüm bölekleri 364.
§2. Hukugyň pudaklary we pudakçalary, olar barada düşünje we olaryň görnüşleri 365.
§3. Hukugyň şahalary (institutlary) we şahaçalary (subinstitutlary), olar barada düşünje we olaryň görnüşleri 367.
§4. Hukugyň ulgamynyň we kanunçylyk ulgamynyň özara gatnaşygy 368.
*Çyzgylar* 370.
*Sowalnama* 377.


**19-njy bap. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizmi**


§1. Hukugyň hereketi, hukuk taýdan täsir etmek, hukuk taýdan düzgünleşdirmek 381.
§2. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesi we usullary 382.

§3. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň görnüşleri 383.
§4. Hukuk serişdeleri barada düşünje we olaryň görnüşleri 385.
§5. Hukuk çäklendirmeleri we höweslendirmeleri (stimullary) 386.
§6. Hukuk düzgüni (tertibi) we hukuk syýasaty 387.
§7. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizmi barada düşünje, onuň düzüm bölekleri we tapgyrlary 388.
*Çyzgylar* 390.
*Sowalnama* 395.

**20-nji bap. Hukuk düşünjesi we hukuk medeniýeti**

§1. Hukuk düşünjesi barada düşünje we onuň wezipeleri 399.
§2. Hukuk düşünjesiniň düzüm gurluşy we onuň derejeleri 400.
§3. Hukuk düşünjesiniň görnüşleri 401.
§4. Hukuk medeniýeti, hukuk terbiýesi we hukuk uýgunlaşmasy (sosializasiýasy) 402.
§5. Hukuk dünýägaraýşy we hukugy inkär etmek (hukuk nigilizmi) 405.
*Çyzgylar* 408.
*Sowalnama* 414.

**21-nji bap. Hukuk esasynda we hukuga laýyk özüňi alyp barmak**

§1. Hukuk esasynda özüňi alyp barmak barada düşünje, onuň häsiýetli alamatlary we görnüşleri 418.
§2. Hukuga laýyk özüňi alyp barmak barada düşünje, onuň alamatlary we onuň sosial şertleri 419.
§3. Hukugyň subýektleriniň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarynyň emele gelmeginiň mehanizmi 420.
§4. Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň görnüşleri 421.
§5. Hukuk esasynda özüňi alyp barmagyň aralyk görnüşleri 422.
*Çyzgylar* 424.
*Sowalnama* 429.

**22-nji bap. Hukuk bozma**

§1. Hukuk bozma barada düşünje, onuň alamatlary, sosial we hukuk mazmuny 434.
§2. Hukuk bozmanyň hukuk (ýuridik) düzümi 437.
§3. Hukuk bozmalaryň görnüşleri 442.
§4. Hukuk bozmalaryň amala aşyrylmagynyň sebäpleri we şertleri 445.
*Çyzgylar* 448.
*Sowalnama* 455.

**23-nji bap. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiligi**

§1. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiligi barada düşünje, onuň alamatlary we esaslary 459.
§2. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň pudaklaýyn şahalary (institutlary) 460.
§3. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň maksatlary, wezipeleri we ýörelgeleri 467.

§4. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginden boşatmagyň esaslary we ony aradan aýyrýan ýagdaýlar 468.
§5. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň we beýleki döwlet mejbur ediş çäreleriniň özara gatnaşygy 471.
*Çyzgylar* 473.
*Sowalnama* 481.

**24-nji bap. Kanunylyk, hukuk düzgüni (tertibi) we tertip-düzgün**

§1. Kanunylyk barada düşünje we onuň ýörelgeleri 485.
§2. Kanunylygyň kepillikleri 487.
§3. Kanunylygyň, hukuk düzgüniniň (tertibiniň) we tertip-düzgüniň özara gatnaşygy 488.
§4. Howpsuzlyk barada düşünje we onuň görnüşleri 489.
*Çyzgylar* 492.
*Sowalnama* 498.

**25-nji bap. Häzirki zamanyň esasy hukuk ulgamlary**

§1. Hukuk ulgamlary barada düşünje we onuň görnüşleri 502.
§2. Roman-german hukuk ulgamy 503.
§3. Umumy hukugyň (iňlis-sakson hukugynyň) hukuk maşgalasy 504.
§4. Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlary 505.
§5. Sosialistik hukuk ulgamlary 508.
*Çyzgylar* 510.
*Sowalnama* 515.

**III bölüm. DÖWLETIŇ, HUKUGYŇ WE YKDYSADYÝETIŇ ÖZARA GATNAŞYGY**

**26-njy bap. Hukuk döwleti**

§1. Hukuk döwleti barada düşünje, onuň ýörelgeleri we döremegi üçin zerur esaslar 519.
§2. Şahsyýetiň hukuklary, azatlyklary, borçlary we hukuk ýagdaýy 523.
§3. Hukuk ýagdaýynyň görnüşleri 528.
*Çyzgylar* 529.
*Sowalnama* 536.

**27-nji bap. Raýat jemgyýeti we döwlet**

§1. Raýat jemgyýeti barada düşünje we onuň alamatlary 540.
§2. Raýat jemgyýetiniň düzüm gurluşy 543.
§3. Döwletiň we raýat jemgyýetiniň özara gatnaşygy 544.
*Çyzgylar* 546.
*Sowalnama* 550.

**28-nji bap. Döwletiň, hukugyň we ykdysadyýetiň özara gatnaşygynyň we olaryň biri-birine täsiriniň kanunalaýyklyklary**

§1. Döwletiň we ykdysadyýetiň özara gatnaşygyna hukugyň täsir edişi barada düşünje 555.
§2. Bazar gatnaşyklarynyň kadaly ýola goýulmagy üçin zerur bolan şertler barada düşünje 557.
*Çyzgylar* 561.
*Sowalnama* 566.
**Sowalnamalayň dogry (nädogry) jogaplarynyň belgileri** 570.
**Jemleme** 573.
**Edebiýatlar** 574.

**“Täze Galkynyş we düýpli özgertmeler eýýamynda jemgyýetçilik ösüşiniň esasy ugurlarynyň biri bolan bilim ulgamyna ünsi güýçlendirmek zerurdyr”**

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow**
“Türkmenistan” gazetiniň 2008-nji ýylyň 22-nji iýulyndaky sany, 2008-nji ýylyň 21-nji iýulynda geçirilen Konstitusion toparyň III mejlisinde eden çykyşy

## Giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly başlangyçlarynyň netijesinde, türkmen jemgyýetiniň ýaşaýşynyň ähli ugurlarynda bolşy ỳaly, bilim ulgamy hem galkynyşlar we özgertmeler döwrüni başdan geçirỳär. Gysga wagtyň içinde ỳurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek babatda binỳat hökmünde, milli medeni gymmatlyklara, iň gowy şahsy tejribeler bilen birlikde, bu ugurdan dünỳäde gazanylan iň oňat netijelere esaslanỳan ençeme çäreler amala aşyryldy. Ilkinji nobatda-da, bilim ulgamyny ösdürmek syỳasatynyň çäklerinde, dünỳäde ykrar edilen ülňülere laỳyklykda ỳurdumyzyň orta mekdepleri 10 ỳyllyk okuwa, ỳokary okuw mekdepleri 5 ỳyllyk okuwa geçirildi, lukmançylygyň we sungatyň aỳry-aỳry hünärleri boỳunça bolsa 6 ỳyllyk okuw girizildi. Şonuň ýaly-da täze okuw meỳilnamalarydyr-maksatnamalaryny işläp düzmek bilen, bilim ulgamyndaky özgertmeleriň mazmunyna laỳyk gelỳän täze okuw kitaplary we gollanmalary neşir edildi.

Bu okuw gollanmasy hem Döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek babatda durmuşa geçirýän çärelerine işjeň gatnaşmak we goşant goşmak maksady bilen taýýarlandy. Çünki döwletiň we hukugyň nazaryýeti örän wajyp hukuk ylmy bolmak bilen, ol hukugy hem-de beýleki jemgyýetçilik ylymlaryny öwrenijiler üçin nazaryýet esaslaryny özünde jemleýär. Bu dersi doly we hemmetaraplaýyn özleşdirmezden hukuk ylymlarynyň galan ählisini öwrenmek mümkin däl. Başgaça aýdylanda, döwletiň we hukugyň nazaryýeti beýleki hukuk ylymlarynyň “elipbiýi” bolup durýar. Edil okamak we ýazmak üçin elipbiýi öwrenmegiň zerur bolşy ýaly, hukuk ylymlaryny özleşdirmek we islendik jemgyýetde örän wajyp orny bolan “hukukçy” diýen hünäri edinmek üçinem görkezilen dersi düýpli öwrenmek zerurdyr.

Bu okuw gollanmasy hem hukukçy-hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleriniň maksatnamalary esasynda taýýarlandy hem-de ol hukuk öwreniş çygryndaky wajyp okuw dersi hökmünde döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň esasgoýujy baplaryndan, şonuň ýaly-da hukuk öwrenijilere her bir baby özleşdirmeklige ýardam bermek maksady bilen girizilen, bilim bermegiň usullary bolan çyzgylardan hem sowalnamadan ybaratdyr. Bu gollanmada bilim bermegiň dürli usullarynyň goşulyp ulanylmagy, dersiň her bir babyny özleşdirmegi ýeňilleşdirer.

Okuw gollanmasynda nazaryýet-hukuk ylymlarynyň, bu ugurdan alnyp barylýan ylmy seljermeleriň nukdaýnazaryndan iň ähmiýetli we wajyp bolan ylmy işlerden hem çeşmelerden, olarda beýan edilen maglumatlardan we düşünjelerden gysgaldylyp peýdalanyldy. Şonuň üçin hem bu okuw gollanmasyna anyk döwlet-hukuk hadysalary barada umumy nazaryýet düşünjeleriniň, garaýyşlarynyň gysby hem gysga jemlemesi hökmünde garamak bolar. Şonuň bilen baglylykda-da, bu gollanma talyplara dersi özleşdirmeklige ýardam berer diýip hasaplaýarys.

Ýöne şu ýerde, bu okuw gollanmasy, dersi kanagatlanarly derejede özleşdirmek üçin zerur bolan, döwlet we hukuk babatdaky maglumatlaryň iň az möçberini (minimumyny[1]) özünde jemleýän hem bolsa, mugallymlaryň aglaba köpüsiniň öz öwredýän dersleri boýunça berýän soraglaryna ýat tutulan, emma düşünilmedik, çig-çarsy özleşdirilen, gurak, kitaby jümleler bilen jogap berilmegini islemeýändiklerine ünsi çekmek gerekdir. Mugallym hemişe öz okuwçysyndan yhlas siňdirilip öwredilen ders boýunça giňişleýin, talybyň öz garaýyşlary bilen üsti ýetirilen söhbetdeşlik isleýär. Çünki talybyň berlen sowala öz nukdaýnazaryna ýugrup berýän jogaplary onuň öz öwrenýän närseleri barada pikir edýändigini, olary öz durmuş tejribesiniň, ylym-bilim gorunyň derejesine görä seljerýändigini aňladýar. Öz işine ukybyny-yhlasyny siňdirýän mugallymyň baş maksady hem onuň aýdan sözlerini sözme-söz ýat tutup gaýtalaýan “magnitofony” ýasamak däl-de, pikirden pikir döredip bilýän, ýeterlik nazaryýet we amaly ylym-bilim gory bolan, ýokary derejeli hünärmeni taýýarlamak bolup durýar.

Bu pikirler ähli dersleriň özleşdirilmegine degişli bolşy ýaly, döwletiň we hukugyň nazaryýeti dersiniň hem çuňňur öwrenilmegine degişlidir. Şonuň üçinem bu okuw gollanmasynda berilýän maglumatlar hukugy öwrenijiler tarapyndan diňe şolary öwrenip çäklenilmegi üçin däl-de, anyk soraglara gysgajyk jogaplar görnüşinde, hukugy öwrenmek işini nämeden we nireden başlamalydygyny salgy berýän ugur-ýol görkeziji çelgi hökmünde hyzmat etmegi üçin niýetlenýär.

Döwletiň we hukugyň nazaryýeti öwrenilende esasan wajyp hukuk düşünjelerine kesgitleme bermeklige aýratyn üns berilýär. Şol hukuk düşünjeleri öz ähmiýetleri boýunça ol ýa-da beýleki döwlet-hukuk şahalaryna (institutlaryna[2]) akyl ýetirmegiň açary bolup durýar. Ýene-de bir zady bellemeli, elbetde wagtyň geçmegi we jemgyýetiň kämilleşmegi bilen döwletem, hukugam özgerýär. Ýöne onda ençeme asyrlaryň, hatda müňýyllyklaryň dowamynda-da özgermeýän, umumy düşünjeler hem bar. Şol düşünjeler hem döwletiň we hukugyň nazary binýadyny emele getirýärler. Bu düşünjeleriň özleşdirilmegi bolsa häzirki zaman dünýäsinde adaty hukuk sowatlylygynyň bolmagyny üpjün edýär.

[1]Minimum-“minimum-iň az, iň kiçi” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zadyň iň az möçberini aňladýar;
[2]Institut-“institutum-dikeldilen, gurnalan, gurama” diýen latyn sözünden gelip çykyp, jemgyỳetiň ykdysady, syỳasy, hukuk we ahlak ỳaşaỳşynyň belli bir kadalaryny özünde jemleỳän, jemgyỳetçilik we sosial gatnaşyklaryň guramaçylykly toplumyny aňladýar.

# I bölüm. DÖWLETI ÖWRENIŞ

## 1-nji bap. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň düşünjesi, närsesi, usulyýeti we wezipeleri

### §1. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti barada düşünje we onuň närsesi

*Döwletiň we hukugyň nazaryýeti – bu döwlete we hukuga mahsus bolan umumy alamatlary hem kanunalaýyklyklary öwrenýän hukuk ylmydyr.* Oňa okuw dersi we ylmyň pudagy hökmünde garamak bolýar. Her bir ylmyň pudagyna mahsuslykda döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň hem öz närsesi (predmeti[1]) we usulyýeti (metodologiýasy[2]) bardyr.

Eýsem döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň närsesi näme?

Bu soraga jogap bermek üçin ilkinji nobatda "närse" diýen düşünjäniň nämäni aňladýandygyna göz ýetirmek zerur.

Biziň eỳỳamymyzyň I asyryndan biziň günlerimize çenli gelip ỳeten "Beỳik zatlar hakynda" atly ylmy eserde şeỳle bellenỳär: "Adatça her bir ylmy gollanma iki sany talap bildirilỳär: birinjiden gollanma seljeriş geçirmegiň zadyny (närsesini, predmetini) kesgitlemeli, ikinjiden şol zady öwrenmegiň we seljermegiň usullaryny gözläp tapmaly hem görkezmeli. Has-da bu işde ikinji talabyň ähmiỳeti örän uludyr"[3]. Geçen asyrlarda adamzadyň toplan ylmy tejribesi näbelli alymyň 2000 ỳyl mundan ozal ỳazan pikiriniň örän takykdygyny subut etdi. Häzirki döwürde ylmyň islendik özbaşdak pudagynyň özbaşyna öwrenỳän, seljerỳän zatlary, ỳagdaỳlary we şol ỳagdaỳlary, zatlary seljermegiň özboluşly usullary bardyr.

Mälim bolşy ỳaly, ylmyň belli bir pudagynyň *närsesi* – bu ylmyň şol pudagynyň öwrenỳän we seljerỳän soraglarydyr. Ylmyň belli bir pudagynyň *usuly* (metody[4]) bolsa ylmyň şol pudagynyň öz närsesini öwrenmeginiň we seljermeginiň usullarydyr. Şol usullaryň jemi-de *usulyỳeti* emele getirỳärler. Olary kesgitlemegiň esasy zerurlygy bolsa, ỳönekeỳ aỳdylanda, öz gözlejek zadyňy bilmezden we şol zady tapmak üçin haỳsy ỳol bilen, nädip ỳörejegiňi kesgitlemezden hiç-hili anyk netijäni gazanyp bolmajakdygyndan ybaratdyr.

Döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesi barada sorag ylmy we okuw edebiỳatlarynda birmeňzeş çözülmeỳär. Bir awtorlar[5] döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesi hökmünde, "döwletiň we hukugyň her bir taryhy görnüşiniň döremeginiň, hereket etmeginiň we ösmeginiň özboluşly aỳratynlyklaryny hem kanunalaỳyklaryny, şeỳle-de döwletiň we hukugyň döremeginiň, hereket etmeginiň we ösmeginiň umumy kanunalaỳyklaryny" kesgitleỳär. Başga alymlar "synpy jemgyỳetiň taryhy ösüşiň dürli basgançaklaryndaky hereketiniň netijesinde döwletiň we hukugyň kanunalaỳyk döremegini we ösmegini, döwletiň we hukugyň

---

[1]Predmet-haýsydyr bir häsiýetlere eýe bolan, islendik maddy zat, närse;

[2]Metodologiỳa-"methodos-barlagyň usuly, ỳoly, okuwyň ugry, logos-okuw" diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, haỳsydyr bir anyk işi ỳerine ỳetirmegiň usullarynyň jemini aňladỳar;

[3]О возвышенном. Москва, 1966. С. 5.

[4]Metod-"methodos-seljermegiň, barlamagyň ýoly, seljeriş" diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[5]Awtor-"autor-dörediji" diýen latyn sözünden gelip çykyp, eseriň ýazaryny ýa-da oýlap tapyjyny aňladýar.

mazmunyny, görnüşlerini hem wezipelerini, şonuň ýaly-da döwletiň we hukugyň özara arabaglanyşygyny, hukuk döredişi hem hukuk ulanyş işini" döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesi diỳip belleỳärler.

Döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesiniň görkezilenlerden başga-da birnäçe görnüşli kesgitlemeleri bar. Emma şeýle birnäçe dürli beỳan etmeleriň bardygyna garamazdan, olaryň ählisi hukuk ylmynyň bu pudagynyň, **döwletiň we hukugyň emele gelmegi, hereket etmegi we ösmegi ỳaly taraplaryny, bu hadysanyň umumy kanunalaỳyklyklaryny, döwletiň we hukugyň özara arabaglanyşygyny, olaryň häsiỳetli alamatlaryny, mazmunyny, görnüşlerini, jemgyỳetçilik durmuşynda we onuň syỳasy ulgamynda[1] döwletiň hem hukugyň ornuny, hukuk, hukuk düşünjeliligi, kanunylyk, konstitusiỳa laỳyklyk, kanun döredijilik işi we onuň aỳry-aỳry tapgyrlary, hukuga laỳyk özüňi alyp baryş, hukuk bozma we hukuk (ỳuridik[2]) jogapkärçiligi** ỳaly düşünjeleri öwrenỳändigi babatda ylalaşỳarlar. Şol görkezilenler we olardan başga-da, döwletiň we hukugyň hereketi bilen baglanyşykly ỳene-de birnäçe soraglar hem döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesi bolup durỳar. Ỳöne munuň ỳaly gysgaça synda, hukuk ylmynyň bu pudagynyň närsesini emele getirỳän ähli soraglaryň jemini sanap geçmek we olary seljermek mümkin däl. Onsoňam fransuz akyldary, hukukçysy we pelsepeçisi Ş.L. Monteskỳeniň[3] belläp geçişi ỳaly: "hiç haçan okyjy okap başlamazyndan öň onuň okaỳan eseriniň närsesi barada doly gürrüň bermeli däldir. Sebäbi eseriň maksady ony okamaga imrindirmek däl-de pikirlenmäge mejbur etmekdir"[4].

Döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesi, onuň mazmunyny emele getirỳän aỳry-aỳry düzüm bölekleri ỳaly wagtyň geçmegi bilen doňup galman, üỳtgeỳärler we kämilleşỳärler. Mysal üçin, sowet hukuk ylmynda, döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň närsesiniň iň wajyp düzüm bölekleri hökmünde, "proletariỳatyň[5] diktaturasyndan[6] emele gelen döwlet", "ählihalk döwleti we hukugy", "ählumumy abadançylygyň döwleti", "gije garawuly hökmündäki döwlet" kesgitlenen bolsa, häzirki döwürde "hukuk döwleti", "sosial[7] döwlet", raỳatlaryň hukuklary hem azatlyklary baradaky garaỳyşlar we nazarỳet kesgitlemeleri, şol ugurdan alnyp barylỳan ylmy barlaglar hukuk ylmynyň bu pudagynyň närsesini emele getiriji düşünjeler hökmünde çykyş edỳär.

Gadymy faraonlaryň[8], Hammurapiniň[9] höküm süren döwletleri we olaryň kabul eden kanunlary ynsana "gepleýän iş guraly" hökmünde garan bolsa, orta

---

[1]Ulgam (sisbap)-"sysntema-böleklerden düzülen bütewilik" diỳen grek sözünden gelip çykyp, biri-biri bilen berk baglanyşykda bolup, bir işi amala aşyrỳan bütewiligi emele getirỳän ençeme bölekleriň jemini aňladỳar;

[2]Ýuridik-"jus-hukuk, kanun" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[3]Şarl Luỳi Sekonda Monteskỳe, baron de La Bred, 18.01.1689 ỳylda doglan we 10.02.1755 ỳylda aradan çykan fransuz filosofy, döwlet häkimiỳetiniň şahalara bölünmegi barada taglymatyň düzüjisi;

[4]Монтескье Ш. Избранные произведения. Москва, 1955 год. С. 316.;

[5]Proletariat-"proletarius" diýen latyn sözi bilen Gadymy Rimde jemgyỳetiň emläksiz, garyp synpyna degişli adamlar adamlar atlandyrylypdyr;

[6]Diktatura-"dictatura-çäklendirilmedik häkimiỳet" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, döwletde häkimiýetiň demokratiỳa ỳörelgeleriniň tersine amala aşyrylmagyny aňladỳar;

[7]Sosial-"socialis-jemgyýetçilik, jemgyýete degişli, jemgyýeti" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[8]Faraon-"pr-oh-beỳik jaỳ" diỳen Gadymy Müsür sözünden gelip çykyp, Gadymy Müsüriň patyşasyny aňladỳar;

[9]Hammurapi-Wawilonda hökümdarlyk eden Amoreỳler nesilşalygynyň (dinastiỳasynyň) b.e.ö. 1792-1750-nji ỳyllarda hökümdarlyk eden patyşasy.

asyrlaryň döwleti we hukugy adamlary emläk ýagdaýlary, gelip çykyşlary boýunça beýikli-pesli basgançaklarda goýupdyr. Häzirki zamanyň ynsanperwer, halk häkimiýetliligi, adalatlylyk ýörelgelerinden ugur alýan kanunlary bolsa, adamy jemgyỳetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde kesgitleỳär. Döwürleriň geçmegi, jemgyýetiň mazmunynyň üýtgemegi bilen döwlet we hukuk hem kämilleşýär. Döwletiň mazmuny, hukugyň tebigaty üýtgeýär. Netijede olaryň emele gelşiniň, hereket edişiniň we ösüşiniň kanunalaỳyklyklaryny öwrenỳän ylmyň pudagynyň närsesi-de üỳtgeỳär.

## §2. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň usulyýeti

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, ylmyň islendik pudagyna we islendik okuw dersine mahsuslykda, döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň-de öz närsesi bilen birlikde usuly hem usulyỳeti bar. Hukuk ylmynyň bu pudagynyň närsesi onuň haỳsy soraglary öwrenỳändigini kesgitleỳän bolsa, usulyýeti şol soraglaryň neneňsi usullar bilen seljerilỳändigini açyp görkezỳär. Döwletiň we hukugyň nazarỳetiniň usullary esasan iki topara bölünỳärler. Umumy (uniwersal[1], umumyylmy, filosofiýa[2]) usullary we hususyylmy usullar.

Umumy usullar hökmünde idealistik[3] (metafizika[4]) we materialistik[5] (dialektika[6]) usullaryny görkezmek bolar.

- *Metafizika* usulynyň çäklerinde döwlete we hukuga adamyň erk-islegine garaşly bolmadyk, hemişelik we üýtgewsiz, özbaşdak hadysa hökmünde garalýar. Olaryň döremegi we hereket etmegi bolsa obýektiw[7] paýhas ýa-da adamyň aň-düşünjesi, onuň içki dünýäsi we akylly-başly ymtylyşlary bilen baglanyşdyrylýar. Şonuň bilen birlikde-de döwletiň we hukugyň hereket etmegi hem kämilleşmegi hakyndaky garaýyşlarda daşky kesgitleýji sebäpler barada däl-de özboluşly ruhy başlangyçlar barada düşünjeler agdyklyk edýär. Mysal üçin, döwletiň we hukugyň döremegi baradaky dini (teologiýa[8]) taglymatyň emele gelmegine metafizika usulyna ýykgyn edilmeginiň sebäp bolandygyny çaklamak bolar.
- *Dialektika* usuly tebigatyň, jemgyýetiň we pikir ýöredişiň ösüşiniň, şonuň ýaly-da ýaşaýşyň we aň ýetirmegiň umumy kanunlaryna esaslanýar. Bu usulyň çäklerinde döwletiň we hukugyň jemgyýetçilik ýaşaýşynyň

---

[1]Uniwersal-“universalis-umumy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, umumy düşünjeleri aňladýar;
[2]Filosofiýa-“phileo-söýýärin, sophia-danalyk” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, tebigatyň, jemgyýetiň we pikir ýöredişiň has umumy kanunalaýyklyklary baradaky ylmy aňladýar;
[3]Idealistik-“idea-düşünje, hyýal, göz öňüne getirmek” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;
[4]Metafizika-“meta-yzyndan, soňra, dowamy, physike-fizika-tebigat” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, gadymy grek pelsepeçisi Aristotel tarapyndan döredilen dünýäniň üýtgewsiz esaslary we başlangyçlary baradaky filosofiýa okuwyny we akymyny aňladýar;
[5]Materialistik-“materia-maddy zat” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[6]Dialektika-“dialectica-jedel etmegiň sungaty” diýen grek sözünden gelip çykyp, tebigatyň, jemgyýetiň, pikir ýöredişiň hereketleriniň we ösüşiniň ähli umumy kanunlaryny öwrenýän filosofiýa akymyny we okuwyny aňladýar;
[7]Obýektiw-“objectum-zat, närse” diýen latyn sözünden gelip çykyp, umumy ykrar edilen, maddy nukdaýnazara esaslanýan garaýyşlary aňladýar;
[8]Teologiýa-“theos-hudaý, logos-okuw, akym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, dini garaýyşlaryň, akymlaryň jemini (ylahyýeti) aňladýar.

ykdysadyýet, syýasat, medeniýet ýaly galan hadysalary bilen bilelikde emele gelmegi, hereket etmegi we ösmegi seljerilýär.

Metafizika, dialektika bilen bir hatarda döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň ýene-de bir umumyylmy usuly hökmünde *sinergetikany*[1] ýagny, öz-özlerini guraýan çylşyrymly durmuşy hadysalar baradaky ylmy usuly hem görkezmek gerek.

Döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynyň hususyylmy usullaryna bolsa şu aşakdakylar degişlidir:

- *Resmi-hukuk* (dogmatik[2]) usuly. Bu usulyň çäklerinde hukuk diňe ýeke-täk, özbaşdak hadysa hökmünde, beýleki jemgyýetçilik hadysalaryndan aýratynlykda öwrenilýär, ýagny döwletiň we hukugyň tebigaty, döwlet-hukuk hadysalary ykdysadyýet, syýasat, ahlak, etika[3] ýaly başga hiç bir jemgyýetçilik hadysasy ýa-da hadysalary bilen deňeşdirilmeýär-de, olaryň düzüm bölekleri aýratynlykda seljerilýär.
- Seljerişiň *adalgalaýyn* (terminologik[4]) usuly. Bu usulyň çäklerinde döwlet we we hukuk, döwletiň we hukugyň meseleleri ylymda berkidilen, umumy ykrar edilen adalgalaryň, düşünjeleriň hem kesgitlemeleriň esasynda öwrenilýär we seljerilýär.
- *Deňeşdirme-hukuk* usuly. Bu usulyň çäklerinde anyk bir ýurduň döwlet-hukuk institutlary, hukuk hadysalary we yzygiderlikli hereketleriň toplumlary (prosessleri[5]) başga bir döwletiň ýa-da döwletleriň döwlet-hukuk institutlary[6], institutlary[6], hukuk hadysalary we yzygiderlikli hereketleriň toplumlary, olaryň arasyndaky meňzeşlikleri we tapawutlyklary çykarmak arkaly, olaryň has netijeli hereket etmegi üçin çäreleri işläp düzmek maksady bilen deňeşdirilip seljerilýär. Bu usuly ulanmagyň esasynda birnäçe döwletleriň hukuk ulgamlaryny, hukuk pudaklaryny ýa-da birmeňzeş hukuk institutlaryny we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny deňeşdirip seljermek bolýar (deňeşdirme hukuk öwrenişi ýa-da komparatiwistika[7]).
- *Takyk-jemgyýeti öwreniş* (sosiologik[8]) usuly. Bu usulyň çäklerinde döwletiň we hukugyň tebigaty dürli jemgyýetçilik hadysalaryny öwrenmekligiň üsti bilen seljerilýär. Döwletiň we hukugyň hereket etmeginiň ol ýa-da beýleki taraplary babatda jemgyýetçiligiň pikiri öwrenilýär. Şonuň ýaly-da

---

[1]Sinergetika-“synergeia-bilelikdäki hereket” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;
[2]Dogmatik-“dogma-pikir, okuw, karar” diýen grek sözünden gelip çykyp, hiç bir ýagdaýda üýtgemeýän jedelsiz, ýeke-täk hakykat hökmünde kabul edilýän düzgüni, kesgitlemäni aňladýar;
[3]Etika-“ethos-dessur, häsiỳet” diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, jemgyỳetde özüňi alyp barmagyň umumy ykrar edilen kadalaryna filosofiki düşünjäni ỳa-da belli bir sosial topara mahsus bolan ahlak kadalaryny aňladỳar;
[4]Terminologik-“terminus-çäk, serhet, logos-okuw” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, ylymda, tehnikada, sungatda we ş.m. belli bir anyk düşünjeleri aňlatmak üçin ulanylỳan sözleriň ỳa-da söz düzümleriniň jemini aňladỳar;
[5]Prosess – “processus – ösüşiň barşy, ösüşiň gidişi” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir netijäni almaklyk üçin gönükdirilen yzygiderli hereketleriň jemini aňladýar;
[6]Institut-bu ýerde ulanylýan manysynda döwlet gurluşynyň we hukuk ulgamynyň belli bir düzüm bölegini aňladýar; aňladýar;
[7]Komparatiwistika-“comparativus-deňeşdirme” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ylmyň dürli görnüşlerinde deňeşdirme seljeriş usullarynyň jemini aňladýar;
[8]Sosiologik-“societas-jemgyýet” diýen latyn we “logos-okuw, ylym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, jemgyýeti öwreniş ylmyny aňladýar.

jemgyýetçilik ýaşaýşynyň dürli ugurlary barada hasabat (statistiki[1]) maglumatlaryny düýpli seljermek, jemgyýetçilik bilen pikir alyşmak, hukuk tejribelerini (eksperimentleri[2]) geçirmek, gözegçilik etmek arkaly döwletiň we we hukugyň dürli institutlarynyň, pudaklarynyň hereket edişiniň netijeliligi, kemçilikleri ýüze çykarylýar.

- *Hukuk taýdan modelirlemek*[3] usuly. Bu usul belli bir hukuk kadasynyň ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namanyň nazary esaslaryny we düzüm gurluşyny döretmek üçin zerur bolup durýar.
- *Taryhy-deňeşdirme* usuly. Bu usulyň çäklerinde döwletiň we hukugyň, onuň dürli institutlarynyň taryhyň belli bir döwründe emele gelmeginiň, üýtgemeginiň hem ösmeginiň tapawutly aýratynlyklary, umumy kanunalaýyklyklary deňeşdirip öwrenilýär.
- *Logiki*[4] usul. Bu usulyň çäklerinde döwletiň we hukugyň tebigaty many taýdan yzygiderlikli (logiki) öwrenişiň esaslarynda seljerilýär. Bu usulyň esasy ugur alýan pikiri: Hukuk – bu resmi-kesgitlenen, durnukly ulgamdyr, her bir hukuk kadasy bolsa – pikir ýöretmegiň gutarnykly netijesidir. Logiki usulyň birnäçe düzüm bölekleri hem bardyr.
    - ❖ Analiz[5] (seljerme) – bu usul bir bütewi obýekti böleklere bölüp, onuň her bir düzüm bölegini aýratynlykda öwrenmekden ybaratdyr. Mysal üçin, hukuk ulgamy hukuk pudaklaryna bölünýär, hukuk pudaklary hukuk institutlarynyň jeminden emele gelýär we ş.m.
    - ❖ Sintez[6] - bu usul öwrenilýän obýektiň umumy görnüşine göz ýetirmek maksady bilen toplanan maglumatlary many taýdan yzygiderlikli we tertipli birleşdirmekden ybaratdyr.
    - ❖ Induksiýa[7] – bu usul seljerişi hususylyklardan umumylyklara tarap alyp alyp gitmekden ybaratdyr. Mysal üçin, anyk bir hukuk kadasyny düýpli seljermegiň esasynda şoňa meňzeş hukuk kadalarynyň jemi hökmünde tutuş kanunçylygyň düzüm gurluşyna düşünmek bolýar, ýa-da anyk döwlet edarasynyň alamatlaryny öwrenmek bilen tutuş döwlet gurluşynyň (mehanizminiň[8]) takyk döwlet wezipelerini ýerine ýetirýän ýetirýän döwlet edaralarynyň jemidigine göz ýetirmek mümkindir.

---

[1]Statistika-“stato-döwlet” diýen italýan sözünden gelip çykyp, dürli maglumatlary toplamaklyga, tertibe salmaklyga we jemlemeklige gönükdirilen işi aňladýar;

[2]Eksperiment-“experimentum-synag, barlag” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir hadysanyň tebigatyna, tebigatyna, many-mazmunyna düşünmek üçin ýa-da haýsydyr bir enjamyň ýa-da serişdäniň anyk ýagdaýlarda neneňsi hereket etjekdigini kesgitlemek üçin emeli dörediIen ýa-da tebigy ýagdaýlarda geçirilýän ylmy-amaly işi aňladýar;

[3]Modelirlemek-“modulus-şekil, nusga” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir hadysalary ýa-da obýektleri olaryň nazaryýet şekilini, gurluşyny düzmek arkaly öwrenmekligi aňladýar;

[4]Logika-“logike-delil, subutnama, paýhasly esas” diýen grek sözünden gelip çykyp, pikir ýöretmegiň kanunlary we görnüşleri baradaky ylmy aňladýar. Türkmen dilinde ylmyň bu ugry **mantyk** diýlip atlandyrylýar;

[5]Analiz-“analysis-böleklere bölmek, pytratmak” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[6] Sintez-“synthesis-birleşdirmek, seplemek” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[7] Induksiýa-“induction-çykarmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[8]Mehanizm-“mechanike-enjamlary ỳasamagyň sungaty” diỳen grek sözünden gelip çykyp, belli bir işi amala aşyryỳan bölekleriň bir bütewi ulgamyny, zynjyryny aňladỳar, **döwlet mehanizmi** diỳlende, döwlet dolandyryşyny amala aşyrmak maksady bilen döredilen edaralaryň ulgamyna düşünilỳär. Bu düşünje “*döwlet apparaty*” diỳen düşünje bilen manydaşdyr.

- Deduksiýa[1] – bu usul seljerişi umumylyklardan hususylyklara tarap alyp gitmekden ybaratdyr. Mysal üçin, hukugyň takyk bir pudagyny öwrenmekden başlap, onuň belli bir kadasyna çenli öwrenmekligi dowam etdirmek.

Görkezilenlerden başga-da döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň durmuşy-ruhy (sosial-psihologiki[2]), matematiki[3], kibernetiki[4], statistiki ýaly ýörite (spesial[5]) usullary hem bardyr. Mysal üçin, hukuk maglumatlaryny gözlemegiň, toplamagyň we seljermegiň enjamlaşdyrylan işinde döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň kibernetiki usulyndan peýdalanylýar.

## §3. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň wezipeleri

Jemgyýetçilik ösüşiniň mazmunyny we kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylymlaryň içinde döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň örän wajyp ähmiýeti bardyr. Hukuk ylymlary üçin bolsa ol ugrukdyryjy hem başlangyç bolup hyzmat edýändir. Sebäbi döwletiň we hukugyň nazaryýeti beýleki hukuk ylymlarynyň alyp barýan seljerişleriniň esasy ugurlaryny emele getirýär. Çeper meňzetmäniň üsti bilen aýdylanda, döwlet we hukuk äpet ymarat bolsa, onuň binýady ykdysadyýet bolup durýar, döwletiň we hukugyň nazaryýeti bolsa şol ymaraty bina etmegiň sungatynyň başlangyç bilimlerini özünde jemleýär. Başgaça aýdylanda, döwletiň we hukugyň nazaryýeti hukuk bilimleriniň elipbiýidir.

Onuň anyk wezipeleri (funksiýalary[6]) bolsa şu aşakdakylardyr:

- Ontologiki[7] wezipe – hukuk öwrenişiň närsesini öwretmek, döwlet-hukuk hadysalarynyň mazmunyny düşündirmek, açyp görkezmek wezipesidir. Bu wezipäniň manysy döwlet we hukuk barada maglumatlary agtaryp tapmakdan, olary toplamakdan, seljermekden hem-de tertipli ulgamlaşdyrmakdan ybaratdyr.
- Gnoseologiki[8] wezipe – döwletiň hereket etmeginiň we hukuk tertibiniň mazmunyny, özenini we görnüşlerini hemişe öwrenmekden hem-de öwretmekden ybarat bolan, döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň nazary-özleşdiriş wezipesidir.

---

[1] Deduksiýa-“deductio-çykarmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Psihologiki-“psyche-ruh, logos-okuw” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, adamyň ruhy dünýäsini öwrenýän ylmy ylmy aňladýar;
[3]Matematika-“mathematos-ululyklar hakynda ylym” diýen grek sözünden gelip çykyp, san degişliliklerini we giňişligiň ölçeglerini öwrenýän ylmy aňladýar;
[4]Kibernetika-“kybernetike-dolandyrmagyň sungaty” diýen grek sözünden gelip çykyp, enjamlarda, diri organizmlerde we jemgyýetde maglumatlary dolandyrmagyň we geçirmegiň umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylmy aňladýar;
[5] Spesial-“specialis-aýratyn, ýörite, özboluşly” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[6] Funksiýa-“functio-ýerine ýetiriş” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bellenilen wezipeleriň toplumyny aňladýar;
[7] Ontologiki-“ontos-düýbi, özeni, esasy, logos-okuw, ylym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, ýaşaýyş baradaky ylma degişliligi aňladýar;
[8]Gnoseologiki-“gnosis-aň ýetirmek, özleşdirmek, düşünmek, logos-okuw, ylym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, filosofiýa ylmynda aň ýetirmegiň, düşünmegiň taglymatyny aňladýar.

- Prognostiki[1] wezipe – döwletiň we hukugyň geljekki ösüşini kesgitlemek babatda netijeli maglumatlary (prognozlary[2]) işläp düzmekden we jemgyýetde ýüze çykmagy mümkin bolan döwletiň we hukugyň hereket etmegine dahylly dürli çylşyrymly meseleleri öňünden anyklamakdan, olaryň öňüni almak babatda çäreleri taýýarlamakdan ybaratdyr.
- Ideologiki[3] wezipesi – döwletiň we hukugyň nazaryýetinde häzirki zaman jemgyýetiniň hukuk taýdan ösüşiniň has durmuşy we ähmiýetli taraplarynyň berkidilýändiginden we olaryň düýpli seljerilip, bu hukuk ylmynyň çäklerinde hukuk aňyýetiniň, hukuk medeniýetiniň emele gelmegi üçin wagyz-nesihat işleriniň giň gerimde alnyp barylýandygyndan, şonuň netijesinde-de jemgyýetiň aňyýetiniň ösmegine we kämilleşmegine örän uly täsir edilýändiginden ybaratdyr.
- Aksiologiki[4] wezipe – döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmy tarapyndan dürli döwlet-hukuk hadysalarynyň jemgyýetçilik ýaşaýşy üçin ähmiýetliligini, zerurlygyny kesgitlemek we esaslandyrmak maksady bilen olary düýpli öwrenmekden hem-de netije çykarmakdan ybaratdyr.
- Terbiýeleýiş wezipesi – döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň hukuk öwrenişiň (ýurisprudensiýanyň[5]) nusgawy başlangyçlaryny, wajyp esaslaryny özünde jemlemek bilen täze hukuk dünýägaraýşyny emele getirýändiginden hem-de islendik okuw dersine mahsuslykda özüni özleşdirýänleri terbiýeleýändiginden ybaratdyr.
- Usulyýet wezipesi – döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň beýleki hukuk ylymlary üçin nazary binýat (fundament[6]) bolup hyzmat edýändiginden, ýagny onuň galan pudaklaýyn we ýörite hukuk ylymlarynda ulanylýan esasy düşünjeleri, hukugyň ösüşiniň, şeýle hem şol hukuk ylymlarynda geçirilýän seljermeleriň wajyp ugurlaryny kesgitleýänliginden ybaratdyr.
- Amaly wezipesi – döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň döwlet-hukuk çygrynyň dürli ugurlarynda işleri amala aşyrmak üçin tejribe ündewlerini taýýarlamaga ýardam berýändiginden ybaratdyr. Şeýle ündewler döwleti we hukugy öwreniji alymlaryň dissertasiýalarynda[7], monografiýalarynda[8], makalalarynda we ş.m. jemlenýär.

---

[1]Prognostiki-"prognostikos-öňünden görüji, welilik" diýen grek sözünden gelip çykyp, statistika ylmynyň dürli maglumatlary seljermegiň esasynda geljekki hadysalary öňünden kesgitlemeklige gönükdirilen bir ugruny aňladýar;
[2] Prognoz-"prognosis-öňden görüjilik, welilik" diýen grek sözünden gelip çykan adalga;
[3]Ideologiki-"idea-düşünje, göz öňüne getirme, pikir, logos-okuw, ylym" diýen grek sözlerinden gelip çykyp, adamyň öz durmuşyna aň ýetirmekde goldanýan syýasy, hukuk, ahlak, dini, estetiki we **filosofiýa** ("phileo-söýgi, sophia-danalyk" diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga) garaýyşlarynyň hem pikirleriniň ulgamyny aňladýar;
[4]Aksiologiýa-"axio-gymmatlyk, logos-okuw, ylym, **gymmatlyklar hakynda ylym**" diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[5]Ýurisprudensiýa-"jurisprudential-hukuk öwreniş" diýen latyn sözünden gelip çykyp, hukugy sosial kadalaryň özboluşly we ýörite ulgamy hökmünde öwrenýän ylmy aňladýar;
[6]Fundament-"fundamentum-binýat" diýen latyn sözünden gelip çykyp, binanyň ýa-da desganyň ýerasty ýa-da suwasty bölegini, binýadyny aňladýar;
[7]Dissertasiýa-"dissertatio-seljerme, barlag" diýen latyn sözünden gelip çykyp, alymlyk derejesini almak üçin taýýarlanan ylmy işi aňladýar;
[8]Monografiýa-"monos-bir, bütewi, grapho-ýazýaryn" diýen grek sözlerinden gelip çykyp, bir meselä ýa-da birmeňzeş esasly soraglaryň toplumyna bagyşlanan düýpli ylmy işi aňladýar.

- Ewristiki[1] wezipe – döwletiň we hukugyň ösüşinde täze kanunalaýyklyklary, olaryň jemgyýete we onda emele gelýän gatnaşyklara täsir etmeginiň täze görnüşlerini hem usullaryny açmakdan ybaratdyr.

## §4. Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň beýleki hukuk ylymlary bilen özara baglanyşygy

Düzgün bolşuna görä, hukuk ylymlarynyň ulgamy bilelikde hukuk öwreniş ylmyny emele getirýän üç sany uly topara bölünýär. Olar şu aşakdakylardyr:

1) *Nazaryýet-taryhy hukuk ylymlary* (bu topara döwletiň we hukugyň nazaryýeti, döwletiň we hukugyň taryhy, syýasy-hukuk taglymatlaryň taryhy girýärler);
2) *Pudaklaýyn hukuk ylymlary* (bu topara konstitusion[2] hukugy, dolandyryş (administraiw[3]) hukugy, jenaýat hukugy, raýat hukugy, gümrük hukugy, maşgala hukugy, ýer hukugy, halkara hukugy, salgyt hukugy, maliýe hukugy, jenaýat iş ýörediş (prosessual[4]) hukugy, raýat iş ýörediş hukugy we ş.m. girýärler);
3) *Amaly* (ýörite) *hukuk ylymlary* (bu topara beýleki ylymlar (matematika, himiýa[5], biologiýa[6] we ş.m.) bilen gönüden-göni arabaglanyşykda durýan hukuk ylymlary, ýagny kriminalistika[7], kriminologiýa, kazyýet-lukmançylygy, kazyýet-psihiatriýasy[8], kazyýet buhgalteriýasy[9], hukuk statistikasy, hukuk psihologiýasy we ş.m. girýärler).

Ýöne görkezilenlerden başga-da, hukuk ylymlarynyň beýleki görnüşleri hem bardyr. Mysal üçin, *hukugyň halkara ugurlaryny* (aspektlerini[10]) *öwrenýän ylymlar*, oňa halkara umumy (jemagat) we hususy hukugy, halkara deňiz hukugy, halkara kosmos[11] hukugy we ş.m. girýärler. Ondan başga-da ykdysady

---

[1]Ewristika-“heurisko-seljerýärin, açýaryn” diýen grek sözünden gelip çykyp, täze zatlary açmaklyga gönükdirilen işjeňligi ýa-da usullaryň toplumyny aňladýar. “**Ewrika-heureka-men tapdym**” diýen sözi ilkinji gezek Italiýanyň Sisiliýa adasynda ýerleşen, Sirakuzy şäherinde biziň eýýamymyzdan öň 287-212 ýyllarda ýaşap geçen, alym Arhimed gidrostatikanyň esasy kanunyny açanda gygyrypdyr. Ol açyş zerarly ýüze çykýan şatlygy aňladýan şertli söze öwrüldi;

[2]Konstitusiýa-“constitutio-gurmaklyk, dikeltmeklik, döretmeklik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, döwletiň esasy esasy kanuny, ýagny tutuş kanunçylyk ulgamynyň esasgoýujy binýadyny özünden jemleýän ýokary hukuk güýjüne eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namany aňladýar;

[3] Administratiw--“administratio-dolandyrmak” diỳen latyn sözünden gelip çykỳar;

[4]Prosess-“processus – ösüşiň barşy, ösüşiň gidişi” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir netijäni almaklyk üçin gönükdirilen yzygiderli hereketleriň jemini, **prosessual** sözi bolsa prosesse degişliligi aňladýar;

[5]Himiýa-“chyma-öl, suw, suwuklyk, cheo-guýýaryn” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, jisimleri, olaryň düzüminiň üýtgeýşini öwrenýän ylmy aňladýar;

[6] Biologiýa-“bios-ýaşaýyş, logos-okuw, ylym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, janly tebigat baradaky ylymlaryň ylymlaryň toplumyny aňladýar;

[7]Kriminalistika-“criminalis-jenaýata degişli” diýen latyn sözünden gelip çykyp, jenaýatlaryň amala aşyrylyşynyň usullaryny öwrenýän, olaryň üstüni açmaklyga, öňüni almaklyga gönükdirilen we subutnamalary agtarmagyň, tapmagyň, almagyň hem seljermegiň usullaryny özünde jemleýän hukuk ylmydyr;

[8]Psihiatriýa-“psyche-ruh, jan, iatreia-bejeriş” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, lukmançylyk ylymlarynyň ruhy keselleri öwrenýän we olary bejermek bilen meşgullanýan bir ugruny aňladýar;

[9]Buhgalteriýa-“buch-kitap, halten-saklamak” diýen nemes sözlerinden gelip çykyp, maliýe maglumatlaryny ýöretmäge, toplamaga, seljermäge we geçirmäge gönükdirilen hasabat işiniň bir görnüşini aňladýar;

[10]Aspekt-“aspectus-garaýyş, nukdaýnazar” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[11]Kosmos-“kosmos-älem” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

gatnaşyklaryň ösmeginiň we çylşyrymlaşmagynyň netijesinde, bank[1] hukugy, birža[2] hukugy, sport[3] hukugy, syýahatçylyk (turizm[4]) hukugy, saglygy goraýyş we we lukmançylyk (medisina[5]) hukugy, maglumat (informasion[6]) hukugy ýaly hukuk ylymlarynyň täze-täze görnüşleri hem peýda bolýar.

Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň beýleki hukuk ylymlary bilen özara baglanyşygy barada gysgaça aýdylanda bolsa esasan şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- Nazaryýet-taryhy hukuk ylymlary bilen döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň özara baglanyşygy, döwletiň we hukugyň emele gelmeginiň, hereket etmeginiň we ösmeginiň umumy kanunalaýyklyklary öwrenilende, şonuň ýaly-da umumy adamzat ösüşiniň (siwilizasiýasynyň[7]) döwlete we hukuga dahylly hadysalary seljerilende zerur taryhy maglumatlar bolmazdan hiç-hili ylmy derňewleri amala aşyryp bolmaýanlygyndan, şeýle maglumatlaryň aglaba köpüsini bolsa döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmy bilen meşgullanýanlaryň diňe nazaryýet-taryhy hukuk ylymlaryndan almaga mümkinçiliginiň bardygyndan gelip çykýar. Şol bir wagtda nazaryýet-taryhy hukuk ylymlaryna girýän, döwletiň we hukugyň taryhy ylmyna, syýasy-hukuk taglymatlaryň taryhy ylmyna hem döwletiň we hukugyň nazaryýetinde jemlenýän nazary umumylaşdyrmalaryň olar tarapyndan öwrenilýän dürli soraglar barada anyk netijeleri çykarmaga ýardam berýändigini bellemek zerurdyr.
- Pudaklaýyn hukuk ylymlary bilen döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň has hem mäkäm arabaglanyşygy bardyr. Sebäbi döwletiň we hukugyň nazaryýeti pudaklaýyn hukuk ylymlarynyň her haýsy babatda özboluşly, nazary binýat we olaryň ählisiniň ylmy derňewleriň üsti bilen çykaran netijelerini umumylaşdyryjy serişde hem-de olary nazaryýet täzelikleri bilen yzygiderli baýlaşdyryp durýan çeşme bolup hyzmat edýär. Ýönekeý mysal, Monteskýeniň işläp düzen döwlet häkimiýetiniň özara deňagramlaşdyrylan üç şaha bölünmegi hakynda taglymatynyň döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynyň miwesidigi öz-özünden düşnükli. Ol taglymat bolsa konstitusion hukugyň ösmegine, dolandyryş, raýat, jenaýat hukuklarynyň ösmegine-de, umuman tutuş döwlet gurluşynyň we hukuk ulgamynyň kämilleşmegine-de ägirt uly täsirini ýetirdi. Şonuň ýaly-da pudaklaýyn hukuk ylymlarynyň çäklerinde döreýän (döredilýän) täze kanunalaýyklar hem öz gezeginde döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň ösmegine täsir edýär. Mysal üçin, raýat

---

[1]Bank-“banco-oturgyç, pul çalyşýanyň (serrabyň) dükany” diýen italýan sözünden gelip çykyp, goýumlary kabul etmeklige, karz bermeklige, kärhanalaryň arasyndaky hasaplaşyklary geçirmeklige we gymmatly kagyzlaryň söwdasyny etmeklige ýörite ygtyýarnamasy (**lisenziýa**-latynça *licentia-azatlyk, hukuk*) bolan maliýe guramasyny aňladýar;

[2]Birža-“bourse-gapjyk” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, erkin ýörgünli daşary ýurt pullary, gymmatly kagyzlar bilen bagly maliýe we täjirçilik geleşikleri baglaşylýan, dürli harytlar alnyp-satylýan guramany aňladýar;

[3]Sport-“sport-oýun, güýmenje” diýen iňlis sözünden gelip çykan adalga;

[4]Turizm-“tour-gezelenç, seýil” diýen fransuz sözünden gelip çykan adalga.

[5]Medisina-“medicina, medicus-lukmançylyk, bejeriji” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[6]Informasiýa-“informatio-düşündiriş, habar” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamlaryň dil üsti ýa-da dürli usullaryň kömegi bilen birek-birege berýän maglumatlaryny aňladýar;

[7]Siwilizasiýa-“civilis-raýatlyk, döwletlilik” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, jemgyýetiň ösüşiniň derejesini aňladýar.

hukugynyň çäginde reklama hukugynyň emele gelmegi döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň öwrenýän närseleriniň sanawyna täze düşünjäniň girizilmegine getirip bilýär.

- Amaly (ýörite) hukuk ylymlary bilen hem döwletiň we hukugyň nazaryýeti özara baglanyşykda durýar. Sebäbi döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmy jemgyýetiň, döwletiň we şahsyýetiň arasyndaky gatnaşyklary, arabaglanyşygy düýpli öwrenýär, şeýle-de şahsyýetiň hukuga laýyk we hukugagarşy özüni alyp barşy, hukuk bozma hem hukuk jogapkärçiligi, olaryň jemgyýete, döwlete we şahsyýete edýän täsiri hem bu hukuk ylmynyň seljerýän wajyp soraglary bolup durýar. Şonuň üçinem döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynyň çäklerinde geçirilen seljermeleriň netijesinde toplanan nazary maglumatlar, kriminalistika, kriminologiýa, kazyýet-lukmançylygy, kazyýet-psihiatriýasy, hukuk psihologiýasy ýaly ýörite hukuk ylymlary üçin örän möhüm ylmy çeşmeler hem nazary binýat bolup hyzmat edýär. Şonuň bilen birlikde-de hukuk statistikasy, kriminologiýa ýaly amaly hukuk ylymlarynyň çäklerinde toplanan maglumatlar döwletiň we hukugyň nazaryýeti bilen meşgullanýan alymlar üçin baý maglumat gaznasy bolup durýar.

Görkezilenler bilen birlikde döwletiň we hukugyň nazaryýeti hukuk ylmy filosofiýa, syýasaty öwreniş (politologiýa[1]), ykdysady (ekonomika[2]) ylymlar, sosiologiýa ýaly ylymlaryň dürli görnüşleri bilen berk arabaglanyşykda durýar. Sebäbi ylymlaryň bu görnüşleriniň döwletiň we hukugyň nazaryýeti üçin maglumat çeşmesi hyzmat edişleri ýaly, ol hem görkezilen ylymlara döwlete we hukuga dahylly nazary maglumatlary toplamaga, seljermäge hem-de olar boýunça anyk netijeleri çykarmaga ýardam berýär.

[1]Politologiýa-“polis-şäher-döwlet, logos-okuw, ylym, söz” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, döwleti dolandyrmak bilen bagly işleriň jemini öwrenýän ylmy aňladýar;
[2]Ekonomika-“oikos-öý, nomike-hojalygy ỳöretmegiň sungaty” diỳen grek sözlerinden gelip çykan adalga.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 1.1.**



**Çyzgy 1.2.**


Umumyylmy usullar
Hususyylmy usullar
Ýörite usullar
Metafizika usuly
Resmi-hukuk usuly
Adalgalaýyn usul
Sosial-psihologiki usul
Dialektika usuly
Deňeşdirme-hukuk usuly
Takyk-jemgyýeti öwreniş usuly
Mabaptiki usul
Hukuk taýdan modelirlemek usuly
Taryhy-deňeşdirme usuly
Kibernetiki usul
Logiki usul
Statistiki usul we ş.m.
Analiz
Sintez
Induksiýa
Deduksiýa

Çyzgy 1.3.

# Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň wezipeleri

**Ontologiki wezipe** – hukuk öwrenişiň närsesini öwretmek, döwlet-hukuk hadysalarynyň mazmunyny düşündirmek, açyp görkezmek wezipesidir. Bu wezipäniň manysy döwlet we hukuk barada maglumatlary agtaryp tapmakdan, olary toplamakdan, seljermekden hem-de tertipli ulgamlaşdyrmakdan ybaratdyr

**Gnoseologiki wezipe** – döwletiň hereket etmeginiň we hukuk tertibiniň mazmunyny, özenini we görnüşlerini hemişe öwrenmekden hem-de öwretmekden ybarat bolan, döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň nazary-özleşdiriş wezipesidir

**Prognostiki wezipe** – döwletiň we hukugyň geljekki ösüşini kesgitlemek babatda netijeli maglumatlary işläp düzmekden we jemgyýetde ýüze çykmagy mümkin bolan döwletiň we hukugyň hereket etmegine dahylly dürli çylşyrymly meseleleri öňünden anyklamakdan, olaryň öňüni almak babatda çäreleri taýýarlamakdan ybaratdyr

**Ideologiki wezipesi** – döwletiň we hukugyň nazaryýetinde häzirki zaman jemgyýetiniň hukuk taýdan ösüşiniň has durmuşy we ähmiýetli taraplarynyň berkidilýändiginden we olaryň düýpli seljerilip, bu hukuk ylmynyň çäklerinde hukuk aňyýetiniň, hukuk medeniýetiniň emele gelmegi üçin wagyz-nesihat işleriniň giň gerimde alnyp barylýandygyndan ybaratdyr

**Aksiologiki wezipe** –döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmy tarapyndan dürli döwlet-hukuk hadysalarynyň jemgyýetçilik ýaşaýşy üçin ähmiýetliligini, zerurlygyny kesgitlemek we esaslandyrmak maksady bilen olary düýpli öwrenmekden hem-de netije çykarmakdan ybaratdyr

**Terbiýeleýiş wezipesi** – döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň hukuk öwrenişiň nusgawy başlangyçlaryny, wajyp esaslaryny özünde jemlemek bilen täze hukuk dünýägaraýşyny emele getirýändiginden hem-de islendik okuw dersine mahsuslykda özüni özleşdirýänleri terbiýeleýändiginden ybaratdyr

**Usulýýet wezipesi** – döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň beýleki hukuk ylymlary üçin nazary binýat bolup hyzmat edýändiginden, ýagny onuň galan pudaklaýyn we ýörite hukuk ylymlarynda ulanylýan esasy düşünjeleri, hukugyň ösüşiniň, şeýle hem şol hukuk ylymlarynda geçirilýän seljermeleriň wajyp ugurlaryny kesgitleýänliginden ybaratdyr

**Amaly wezipesi** – döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň döwlet-hukuk çygrynyň dürli ugurlarynda işleri amala aşyrmak üçin tejribe ündewlerini taýýarlamaga ýardam berýändiginden ybaratdyr. Şeýle ündewler döwleti we hukugy öwreniji alymlaryň dissertasiýalarynda, monografiýalarynda, makalalarynda we ş.m. jemlenýär

**Ewristiki wezipe** – döwletiň we hukugyň ösüşinde täze kanunalaýyklyklary, olaryň jemgyýete we onda emele gelýän gatnaşyklara täsir etmeginiň täze görnüşlerini hem usullaryny açmakdan ybaratdyr

**Çyzgy 1.4.**

**Döwletiň we hukugyň nazaryýeti bilen arabaglanyşykda durýan hukuk ylymlary:**

- Nazaryýet-taryhy hukuk ylymlary
  - döwletiň we hukugyň taryhy, syýasy-hukuk taglymatlaryň taryhy we ş.m.
- Hukugyň halkara ugurlaryny öwrenýän ylymlar
  - halkara umumy (jemagat) we hususy hukugy, halkara deňiz hukugy, halkara kosmos hukugy we ş.m
- Pudaklaýyn hukuk ylymlary
  - konstitusion hukugy, dolandyryş hukugy, jenaýat hukugy, raýat hukugy, gümrük hukugy, maşgala hukugy, ýer hukugy, halkara hukugy, salgyt hukugy, maliýe hukugy we ş.m.
- Täze döreýän hukuk ylymlary
  - bank hukugy, birža hukugy, sport hukugy, syýahatçylyk hukugy, saglygy goraýyş we lukmançylyk hukugy, maglumat hukugy we ş.m.
- Amaly (ýörite) hukuk ylymlary
  - kriminalistika, kriminologiýa, kazyýet-lukmançylygy, kazyýet-psihiatriýasy, kazyýet buhgalteriýasy we ş.m.

**Çyzgy 1.5.**


Döwletiň we hukugyň nazaryýeti bilen arabaglanyşykda durýan beýleki ylymlar:
Filosofiýa ylmy
Sosiologiýa ylmy
Politologiýa ylmy
Ykdysady ylymlar
Sosial psihologiýa we ş.m.
Syýasy ykdysadyýet (politiki ekonomika), ykdysadyýetiň taryhy, ykdysady hasabat (statistika), zähmet ykdysadyýeti, hojalygyň aýry-aýry pudaklarynyň ykdysadyýeti we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Döwletiň we hukugyň nazaryýeti nähili ylym?**
- döwlete we hukuga mahsus bolan umumy alamatlary hem kanunalaýyklyklary öwrenýän hukuk ylmy;
- döwletiň we hukugyň taryhyny öwrenýän hukuk ylmy;
- döwletiň hukuk ulgamynyň hukuk pudaklaryna bölünişiniň esaslaryny öwrenýän hukuk ylmy;
- döwletiň we hukugyň syýasy gelip çykyşyny öwrenýän hukuk ylmy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň närsesi:**
- döwletiň we hukugyň her bir taryhy görnüşiniň döremeginiň, hereket etmeginiň ösmeginiň umumy kanunalaýyklyklary bilen bagly soraglaryň jemidir;
- döwletiň we hukugyň arabaglanyşygy, olaryň häsiỳetli alamatlary, mazmuny, görnüşleri bilen bagly soraglaryň jemidir;
- jenaýat hukuk gatnaşyklary, jeza çäreleri we olaryň adama edýän täsiri bilen bagly soraglaryň jemidir;
- jemgyỳetçilik durmuşynda we onuň syỳasy ulgamynda döwletiň hem hukugyň orny, hukuk, hukuk düşünjeliligi, kanunylyk, konstitusiỳa laỳyklyk, kanun döredijilik işi bilen bagly soraglaryň jemidir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň usuly näme?**
- döwletiň emele gelmeginiň kanunylaýyklyklary barada maglumat toplamagyň we olary seljermegiň usullary;
- döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynyň närsesini emele getirýän soraglary öwrenmegiň usullary;
- hukuk ulgamynyň hukuk pudaklaryna bölünmeginiň usullary;
- döwleti dolandyrmaklyga hukugyň täsir etmeginiň usullary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň usullary näçe topara bölünýär?**
- üç topara, umumyylmy, hususyylmy we ýörite usullar;
- iki topara, umumyylmy we hususyylmy usullar;
- iki topara, umumyylmy we ýörite usullar;
- iki topara, hususyylmy we ýörite usullar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Metafizika usuly döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynyň usullarynyň haýsy toparyna degişli?**
- hususyylmy usullara;
- ýörite usullara;
- umumyylmy we hususyylmy usullara;
- umumyylmy usullara.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň logiki usuly bölünýär:**
- analiz, sintez, hukuk taýdan modelirlemek we deduksiýa usullaryna;
- analiz, deduksiýa, induksiýa we dialektika usullaryna;
- analiz, sintez, deduksiýa we deňeşdirme-hukuk usullaryna;
- analiz, sintez, induksiýa we deduksiýa usullaryna.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň deňeşdirme-hukuk usuly degişli:**
- umumyylmy usullara;
- ýörite usullara;
- umumyylmy ýa-da hususyylmy usullara;
- hususyylmy usullara.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň kibernetiki usuly onuň umumyylmy usullaryna degişlidir:**
- hawa;
- ýok, ýörite usullara;
- ýok, hususyylmy usullara;
- hawa, ýöne käbir alymlar ony hususyylmy usullara hem degişli edýärler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň umumylmy usullaryna girýär:**
- metafizika, dialektika we sinergetika usullary;
- resmi-hukuk, taryhy-deňeşdirme, takyk-jemgyýeti öwreniş we ş.m. usullary;
- metafizika we dialektika usullary;
- dialektika we sinergetika usullary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň ýörite usullaryna girýärler:**
- kibernetiki usul;
- matematiki usul;
- logiki usul;
- statistiki usul.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň ontologik wezipesiniň mazmuny:**
- hukuk öwrenişiň närsesini öwretmekden, döwlet-hukuk hadysalarynyň mazmunyny düşündirmekden hem açyp görkezmekden ybaratdyr;
- döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň nazary-özleşdiriş wezipesini amala aşyrmakdan ybaratdyr;
- döwletiň hukuk ulgamyny hukuk pudaklaryna bölünişiniň esaslaryny öwretmekden ybaratdyr;

- döwletiň we hukugyň syýasy gelip çykyşyny öwretmekden ybaratdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň terbiýeleýiş wezipesi nämeden ybarat?**
- ol raýatlary hukuk öwrenişiň nusgawy başlangyçlarynyň esasynda terbiýelemäge ýardam berýär;
- ol raýatlarda hukuk dünýägaraýşyny emele getirmäge ýardam berýär;
- ol raýatlaryň hukuk düşünjeliligini artdyrýar;
- ol dolandyryş hukuk bozulmalary üçin temmi çäreleriniň görnüşlerini kesgitleýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Döwletiň we hukugyň nazaryýetiniň amaly wezipesi nämeden ybarat?**
- ol döwlet-hukuk çygrynyň dürli ugurlarynda işleri amala aşyrmak üçin tejribe ündewlerini taýýarlaýar;
- döwletiň we hukugyň taryhyny öwredýär;
- döwletiň hukuk ulgamyny hukuk pudaklaryna bölýär;
- hukuk ylymlarynyň beýleki gumanitar ylymlar bilen arabaglanyşygyny emele getirýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Hukuk ylymlary näçe topara bölünýär?**
- iki;
- dört;
- toparlara bölünmeýär;
- esasan üç we gosmaça iki topara.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Döwletiň we hukugyň nazaryýeti hukuk ylymlarynyň,**
- pudaklaýyn hukuk ylymlary toparyna girýär;
- amaly (ýörite) hukuk ylymlary toparyna girýär;
- pudaklaýyn ýa-da amaly (ýörite) hukuk ylymlary toparyna girýär;
- nazaryýet-taryhy hukuk ylymlary toparyna girýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Amaly (ýörite) hukuk ylymlaryna haýsy hukuk ylymlary degişli?**
- matematika, himiýa, biologiýa we ş.m. ýaly beýleki ylymlar bilen gönüden-göni arabaglanyşykda durýan hukuk ylymlary;
- döwletiň we hukugyň taryhyny öwredýän hukuk ylymlary;
- döwletiň hukuk ulgamyny hukuk pudaklaryna bölünişiniň esaslaryny öwredýän hukuk ylymlary;
- döwletiň we hukugyň syýasy gelip çykyşyny öwredýän hukuk ylymlary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Döwletiň we hukugyň nazaryýeti pudaklaýyn hukuk ylymlary bilen nähili arabaglanyşýar?**
- ol pudaklaýyn hukuk ylymlary üçin nazary binýat bolup hyzmat edýär;
- olaryň alyp barýan ylmy-derňewleriniň netijelerini umumylaşdyryjy serişde hökmünde çykyş edýär;
- pudaklaýyn hukuk ylymlaryny nazaryýet täzelikleri bilen yzygiderli baýlaşdyryp durýar;
- olaryň kanunçylyk esasyny düzýän täze kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taýýarlanmagyny üpjün edýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Nazaryýet-taryhy hukuk ylymlaryna girýärler:**
- döwletiň we hukugyň taryhy;
- döwletiň we hukugyň nazaryýeti;
- syýasy-hukuk taglymatlaryň taryhy;
- konstitusion hukugy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Döwletiň we hukugyň nazaryýeti amaly (ýörite) hukuk ylymlary bilen nähili arabaglanyşýar?**
- jemgyýetiň, döwletiň we şahsyýetiň arasyndaky gatnaşyklary düýpli öwrenmek bilen amaly hukuk ylymlary üçin zerur nazaryýet binýadyny döredýär;
- şahsyýetiň hukuga laýyk we hukugagarşy özüni alyp barşyny seljermek bilen amaly hukuk ylymlarynyň ylmy barlaglary alyp barmaly ugurlaryny kesgitleýär;
- jenaýat eden adamyň jeza çäresini agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýan ýagdaýlaryň sanawyny düzýär;
- hukuk bozma we hukuk jogapkärçiligi, olaryň jemgyýete, döwlete we şahsyýete edýän täsiri barada toplan maglumatlary amaly hukuk ylymlary üçin baý maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Döwletiň we hukugyň nazaryýeti hukuk ylymlaryndan başga haýsy ylymlar bilen arabaglanyşýar?**
- filosofiýa, politologiýa, sosiologiýa, ykdysady ylymlar we ş.m.;
- astronomiýa, filologiýa we ş.m.;
- biologiýa, fizika we ş.m.;
- geologiýa, geofizika, anatomiýa we ş.m..

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

## 2-nji bap. Döwletiň we hukugyň gelip çykyşy

### §1. Döwletiň döremeginiň umumy kanunalaýyklary

Adamzat ösüşiniň (siwilizasiýasynyň) taryhyna ser salanyňda döwletiň we hukugyň döremeginiň ilkinji nobatda ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy bilen baglanyşyklydygyna göz ýetirmek bolýar. Şonuň üçinem döwletiň we hukugyň emele gelmeginiň düýp esaslary öwrenilende, ilki bilen ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşy barada söz açmak ýerlikli bolardy. Taryhy ylymlardan belli bolşy ýaly, ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ösüşi esasan dört tapgyrdan ybaratdyr.

**I tapgyr.** Takmynan, biziň eýýamymyzdan 40 müň ýyl ozal, giçki gadymy daş asyry (paleolit[1]) zamanynda, Zeminde ýaşaýan adamlaryň arasynda urug gurluşy döreýär. Bir ýa-da birnäçe maşgaladan ybarat bolan kiçiräk tirelere (uruglara) kowum-garyndaşlyk alamaty boýunça birleşen adamlar ot ýakmagy, daşdan, agaçdan gaňyrçak, ok-ýaý, palta we beýleki gurallary ýasamagy öwrenýärler, şeýle hem olaryň arasynda gepleşik dili emele gelip ugraýar. B.e.ö. 9-6-njy müňýyllyklarda täze daş asyry (neolit[2]) zamanasy başlanýar. Adamlar iýmit çöpleýjilikden we awçylykdan ýönekeý ekerançylyga geçip ugraýarlar. Senetçilik döreýär. Wagtyň geçmegi bilen jemgyýetçilik işjeňliginiň özbaşdak ugry hökmünde maldarçylyk peýda bolýar. Mallar we senetçiligiň miweleri alyş-çalyş etmegiň esasy serişdesine öwrülip, häzirki zamanda puluň ýerine ýetirýän wezipesini berjaý edip başlaýar. Netijede diňe maldarlar, daýhanlar we senetçiler tarapyndan öndürilen önümleri alyş-çalyş etmek bilen meşgullanýan adamlar-söwdagärler ýüze çykýar.

**II tapgyr.** Ata-babasynyň umumy bolandygy zerarly garyndaşlyk gatnaşyklary bilen berk bagly bolan birnäçe maşgalalardan ybarat uruglaryň ençemesi bileleşip, taýpa-ilkidurmuş jemgyýetçilik birleşmeleri döreýär. Ýüz ýyllyklaryň dowamynda tejribe toplan adamlar gandüşer garyndaşlaryň nikalaşmagynyň netijesinde olardan bolan çagalaryň kemisli, näsag, igli bolýandyklaryny ýüze çykarypdyrlar. Şonuň üçinem uruglaryň içinde, ýakyn garyndaşlaryň arasyndaky nikalar gadagan edilipdir. Uruglaryň beýleki uruglar, taýpalaryň beýleki taýpalar bilen garyndaşlyk gatnaşygyna girmekleriniň netijesinde adamlaryň arasyndaky baglanyşyk has hem mäkämleşipdir we kähalatda birnäçe taýpalaryň birleşip halkyýeti emele getirmegine ýardam berýän şertler döräpdir.

Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ilkinji tapgyrynda uruglarda jemgyýetçilik dolandyryşyny aýallar amala aşyrypdyrlar. Adamlaryň ol ýa-da beýleki kowuma, uruga degişliligi ony dünýä inderen zenan, enesi boýunça

[1]Paleolit-“palaios-gadymy, lithos-daş” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, 2 million ýyl mundan ozal başlap, b.e.ö. 10-12 müň ýyl aralygy öz içine alýan taryhy döwri aňladýar;

[2]Neolit-“neos-täze, lithos-daş” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;

kesgitlenipdir. Sebäbi taryh ylymlarynda eneleriň dolandyryşy (matriarhat[1]) diýlip atlandyrylan şol döwürde, uruglaryň durmuşynda zenanyň orny juda uly bolupdyr. Zenanlar iýmit çöpläpdirler, aw awlapdyrlar, balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Uruglarda häkimiýet enesinden gyzyna ýa-da urugyň zenanlarynyň has mynasybyna geçipdir.

Ekerançylygyň we maldarçylygyň peýda bolmagynyň netijesinde uruglaryň iýmit üpjünçiligi tutuşlygyna diýen ýaly erkek kişiler tarapyndan amala aşyrylyp başlanypdyr. Şonuň bilen baglylykda-da, täze döreýän taýpalaryň durmuşynda erkek kişileriň ähmiýeti we derejesi artypdyr. Uruglar we taýpalar erkek kişilerden saýlanan serdarlar hem nesilden-nesle geçirilýän bilimleriň eýesi bolan porhanlar tarapyndan dolandyrylyp ugraýar. Dolandyryşynyň matriarhat görnüşi patriarhat[2] bilen çalyşýar. Dolandyryşyň patriarhat görnüşine geçilmegi ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň assa-ýuwaşdan dargap başlamagyna getirýär.

Şol döwürde taýpalarda häkimiýet uly ýaşly erkek kişileriň umumy ýygnagyna degişli bolupdyr. Umumy ýygnakda dolandyryş meseleleri, taýpadaşlaryň etmişleri üçin jeza bermek, öndürilen önümleri, goňşy taýpalar bilen uruşlaryň netijesinde alnan oljany paýlaşmak baradaky, şeýle hem taýpa serdarlarynyň we kethudalarynyň dolandyryş ygtyýarlyklarynyň çägini kesgitlemek ýaly soraglar çözülipdir. Dolandyryşyň bu görnüşinde uruglaryň kethudalarynyň, şonuň ýaly-da diňe başga taýpalar bilen uruş hereketleri amala aşyrylýan döwründe saýlanýan serkerdeleriň häkimiýeti diňe olaryň şahsy at-abraýyna, tejribesine we taýpanyň içinde gazanan hormat-sylaglaryna esaslanypdyr. Kethudanyň wezipesi hiç-hili artykmaçlyk ýa-da ýeňillik döretmändir. Jemgyýetçilik häkimiýeti diňe tutuş urugyň ýa-da tutuş taýpanyň ygtyýarlygynda bolupdyr. Köpçülik islendik pursatda iň bir ujypsyz sebäp boýunça-da kethudany ýa-da serdary ygtyýarlyklaryndan mahrum edip bilipdir.

Häzirki düşünilýän manysynda alanyňda, hukuk şol döwürlerde bolmandyr. Emma eýýäm şol döwürlerde adatlar, däp-dessurlar, toparlaýyn kadalar, hemmeler üçin hökmany bolan ýazylmadyk ýeke-täk kadalar (mononormalar[3]) hökmünde hukugyň başlangyçlary ýüze çykyp ugrapdyr.

**III tapgyr.** Wagtyň geçmegi bilen taýpalaryň jemgyýetçilik gurluşynyň diňe garyndaşlyk gatnaşyklary boýunça emele gelmegi tamamlanýar hem-de bir çäkde ýaşaýan we bähbirleriniň berk baglanyşyklydygy zerarly dürli uruglardan, taýpalardan bolan adamlaryň özara birleşmekleriniň netijesinde oba (goňşuçylyk) jemgyýetçilik gurluşy döreýär. Adamlaryň uly birleşmeleri ondan-oňa göçüp-gonup ýörmeklerini bes edýärler-de, oturymly obalar peýda bolýar. Şeýle obalarda ilatyň sany barha artýar. Köpçülikleýin zähmetiň netijesinde maşgalalar gurplanýarlar we obalar goňşy taýpalar ýa-da talaňçylyk bilen meşgullanyp ýören ykmanda taýpalar üçin arzyly olja öwrülýärler. Şeýle ýagdaýda-da oba jemgyýetiniň mundan beýläk dowam etmegi, onuň abadançylygyny hem goraglylygyny üpjün etmek zerurlygy, jemgyýeti dolandyrmagyň mäkäm we talap

[1] Matriarhat-“mater-ene, arche-başlangyç, häkimiýet” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga.
[2] Patriarhat-“ pater-ata, arche-başlangyç, häkimiýet” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[3]Mononorma-“monos-ýeke-täk, bir” diýen grek we “norma-ýolbaşçylyk edýän başlangyç, düzgün, nusga” diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga.

ediji, sähel bahana tapsa agyp-dönüp duran köpçüligiň kakabaş erkine öte garaşly bolmadyk, güýçli dolandyryş ulgamyny döretmegiň derwaýyslygyny ýüze çykarýar. Netijede berk häkimiýet-dolandyryş ulgamy emele getirilip, häkimiýetiň bolünişigi amala aşyrylýar. Häkimiýetiň atadan-ogla miras geçmegi kesgitlenenden soňra jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi başlanýar. Başga iş bilen meşgullanman diňe dolandyryşy amala aşyrýan gatlak döreýär.

Dürli taryhy maglumatlara esaslanyp, ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşy darganyndan soňky döwürde oba jemgyýetçilik gurluşlarynda häkimiýet üç topara bölünipdir diýen çaklamany öňe sürmek bolar. Olar şu aşakdakylardyr:

1. *Dünýewi häkimiýet.* Kethudalar tarapyndan amala aşyrylypdyr we dolandyryş wezipelerini ýerine ýetiripdir.
2. *Harby häkimiýet.* Serdarlar tarapyndan amala aşyrylypdyr we harby ýolbaşçylyk wezipelerini berjaý edipdir.
3. *Dini häkimiýet.* Porhanlar, jadygöýler we tebipler tarapyndan amala aşyrylypdyr hem-de hereket edýän gurluşyň tertibiniň aňyýet esaslaryny döredipdir, jemgyýetiň ahlaklylyk ölçegleriniň berjaý edilmegine ýardam beripdir.

Şol döwür hem döwletiň ilkinji alamatlarynyň – *harby demokratiýa*[1] düzgüniniň ýüze çykyp başlan zamanasy bolupdyr. Jemgyýetde köpçülikleýin jemgyýetçilik dolandyryşynyň belli bir düzüm bölekleriniň hereket etmegi bilen birlikde, köp sanly urşujylardan (esgerlerden) ybarat bolan ýaragly güýçlere daýanýan harby serdarlaryň güýçli häkimiýeti emele gelipdir.

**IV tapgyr.** Gadymy jemgyýetçilik gurluşlarynda görkezilen üýtgeşmeler bolup geçenden soňra, jemgyýeti degişli derejede dolandyrmak üçin täze, has kämil guramaçylyk usullarynyň we serişdeleriniň zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň bilen birlikde-de, jemgyýetçilik köpçüliginden ýokarda durýan we diňe dolandyryş işi bilen meşgullanyp, jemgyýeti emele getirýän her bir adamy we dürli toparlary tutuş jemgyýetiň bähbidine hem-de bir maksada gulluk etdirmegi guramaçylykly mejbur etmegiň hötdesinden geljek ýörite guramanyň hökmanydygyna göz ýetirilýär. Ilkinji gadymy döwletler ýa-da ylymda atlandyrylyşy ýaly "protodöwletler[2]" hem şeýle gurama hökmünde çykyş edýärler. Adamzadyň taryhynda şeýle ilkinji döwletler Aziýada[3], Demirgazyk Afrikada, Nil, Tigr, Ýewfrat, Ind, Ýanszy we beýleki derýalaryň jülgelerinde b.e.ö. IV müňýyllykda emele gelip başlapdyr.

Käbir awtorlar tarapyndan başgaça "gündogar döwleti" diýlip atlandyrylýan, ilkinji şäher-döwletleriň birnäçesi Türkmenistanyň çäklerinde-de döräpdir. Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Mäne obasynyň golaýynda ýerleşen Altyndepe

---

[1]Demokratiýa-"demos-halk, kratos-häkimiýet" diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga bilen aňladylýan, wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylýan döwletde raýatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edýän syýasy düzgüne düşünilýär. **Harby demokratiýa** adalgasy ilkinji gezek, 1818-1881-nji ýyllarda ýaşap geçen amerikan taryhçysy we etnografy Lýuis Genri Morganyň ylmy işlerinde ulanylýar. L.G. Morgan öz işlerinde adamzadyň ösüşiniň we taryhy ýolunyň birligi hakynda pikiri öňe sürýär;

[2]Protodöwlet-"protos-ilkinji" diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[3]Aziýa-„Asu-gündogar" diýen finikiýa sözünden gelip çykyp, Zeminiň alty yklymynyň (Ýewraziýa, Afrika, Günorta Amerika, Demirgazyk Amerika, Awstraliýa, Antarktida) biri bolan Ýewraziýanyň ýarysyny aňladýar. **Finikiýa-** b.e.ö. III müňýyllykda Ortaýer deňziniň gündogar kenarynyň demirgazyk we merkezi böleginde dörän gadymy döwlet. Şol döwletiň ýaşaýjylary müňlerçe ýyllaryň dowamynda iň ökde deňizçiler hökmünde meşhur bolupdyrlar.

şäheriniň b.e.ö. IV müňỳyllygyň başlarynda emele gelip, ilkinji „gündogar şäher-döwletiniň“ nusgawy alamatlaryny özüne jemläpdir diỳip çaklamaga doly esas bar. Sebäbi XX asyryň 40-50-nji ỳyllarynda Altyndepede düỳpli gazuw-agtaryş işlerini geçiren alymlaryň biri, professor[1] W.M. Massonyň 1981-nji ỳylda neşir eden işinde Altyndepäniň eneolit[2] zamanynda şäher bolandygyny, özi-de başly-barat jaỳlardan ybarat däl-de, takyk çyzgylaryň esasynda oỳlanyşykly gurlan, dürli ussahanalaryň kürenlere bölünen, daşy belent diwar bilen gurşalan şäher bolandygy barada ỳazylỳar. Şeỳle kämil derejede şäher gurluşyk işini guramak we amala aşyrmak üçin hökmany ỳagdaỳda döwlet dolandyryş ulgamynyň zerurlygy öz-özünden düşnüklidir. Şol bir wagtda-da Altyndepede gul eỳeçilik jemgyỳetçilik gurluşyna mahsus taryhy galyndylaryň tapylmazlygy, adamzadyň bu gadymy şäher-döwletinde döwlet gurluşynyň gul eỳeçilik döwletleriniň gurluşyndan düýpli tapawutlanandygyny çaklamaga esas berỳär. Şonuň ýaly-da Murgap derýasynyň jülgesinde ýerleşen Marguş döwleti hem adamzadyň ilkinji döwletleriniň anyk mysaly hökmünde çykyş edýär.

Şeýlelikde ýokarda görkezilenleriň esasynda döwletiň emele gelmeginiň umumy alamatlarynyň käbirleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- Jemgyýeti dolandyrmagy yzygiderli kämilleşdirmek zerurlygynyň ýüze çykmagy; Ol zerurlyk şu aşakdaky ýagdaýlaryň döremeginiň netijesinde örän ýiti häsiýete eýe bolýar:
  a) önümçiligiň ösmegi;
  b) zähmet bölünişiginiň döremegi (awçylyk, ekerançylyk, maldarçylyk, senetçilik, söwda we ş.m.);
  ç) öndürilen önümleri jemgyýetiň agzalarynyň arasynda paýlamagyň şertleriniň üýtgemegi;
  d) ilatyň sanynyň artmagy;
  g) jemgyýetiň dürli toparlara we gatlaklara bölünmegi.
- Jemgyýetiň durmuş (sosial) taýdan durnuklylygyny saklamak üçin tertip-düzgüni üpjün etmek, munuň üçin bolsa hemmeler üçin hökmany bolan sosial, ilkinji nobatda bolsa hukuk kadalaryny işläp düzmek zerurlygynyň ýüze çykmagy;
- Jemgyýetiň dürli gatlaklara bölünmeginiň netijesinde jemgyýeti dolandyryjy gatlagyň haýryna zähmet çekýän dolandyrylýanlaryň garşylygynyň öňüni almak we ony ýeňmek zerurlygynyň ýüze çykmagy;
- Jemgyýetiň ýaşaýan çägini goramak goranyş we ilat sanynyň köpelmegi bilen ony giňeltmek üçin basybalyjylykly uruşlary alyp barmak zerurlygynyň artmagy;
- Örän uly göwrümli, tutuş jemgyýet üçin ähmiýetli bolan işleri amala aşyrmak üçin adamlaryň uly toparlaryny döretmek we olaryň işlerini guramak zerurlygynyň ýüze çykmagy. Mysal üçin, Gadymy Müsürdäki

[1]Professor-“professor-mugallym” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu dereje Türkmenistanda adatça Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Ýokary hünär derejesini kesgitlemek baradaky topary tarapyndan “ylymlaryň doktory” diýen alymlyk derejesini goran alymlara beriilýär;
[2]Eneolit-“aeneus-misden” latyn we “ lithos-daş” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, mis-daş asyryny, ýagny b.e.ö. IV-III müňýyllyklary öz içine alýan döwri aňladýar.

ýaly ekerançylyk meýdanlaryna suw eltmek üçin emeli derýalaryň, howdanlaryň, ýaplaryň, aryklaryň gazylmagy, köpri gurmak we ş.m..

## §2. Dünýäniň dürli sebitlerinde döwletiň döremeginiň aýratynlyklary

Adamzadyň taryhynda dürli sebitlerde (regionlarda), yklymlarda döwletleriň emele gelmeginiň ençeme umumy alamatlarynyň bolandygyna garamazdan, olaryň her haýsynda bu hadysa geografiýa, medeni, ykdysady, syýasy we beýleki şertlere laýyklykda, özboluşly usul bilen amala aşypdyr. Döwletiň we hukugyň taryhy ylmynda dürli döwletleriň ol ýa-da beýleki jemgyýetleriň çäklerinde emele gelmeginiň binýadynda durýan häsiýetli aýratynlyklary boýunça, döwletleriň döremeginiň gündogar (aziýa), günbatar (ýewropa[1]) we german ýollary ýaly birnäçe görnüşiniň bardygy kesgitlenýär.

Döwletiň döremeginiň *gündogar ýoly*, ilkinji nobatda Wawilonda[2], Müsürde, Hytaýda, Hindistanda we Türkmenistanda dörän döwletler bilen baglanyşdyrylýar. Görkezilen ýurtlardaky gadymy döwletler b.e.ö. dördünji müňýyllykda, urug-taýpa jemgyýetçilik gurluşynyň döwlet-guramaçylykly jemgyýetçilik gurluşyna özgermeginiň netijesinde emele gelipdirler. Olaryň aglaba köpüsiniň döremegine esasy täsir eden ýagdaý hem, gurak howa şertlerinde ilaty azyk bilen üpjün etmekligi netijeli amala aşyrmak üçin, suwarymly ekerançylygy ýola goýmaklyga gönükdirilen işleri (irrigasion işleri[3]) yzygiderli geçirip durmak zerurlygy bolupdyr. Şu zerurlyk hem ägirt uly çäklerde örän köp adamlary dolandyrmagyň giň gerime eýe bolan, jemgyýetçilik işleri guramasy, maliýe guramasy, harby gurama ýaly düzüm böleklerinden ybarat dolandyryş enjamynyň (apparatynyň[4]) döremegine getiripdir.

Döwlet institutlarynyň döremeginiň *günbatar ýoly*, esasan jemgyýetiň gatlaklara bölünip, hususy eýeçiligiň döremegi, jemgyýetiň käbir gatlaklarynyň önümçilik serişdeleriniň (ýer, suw, tokaý, mallar, öri meýdanlar we ş.m.) hem-de umumy öndürilýän önümiň aglaba köp bölegini öz eýeçiliklerine almaklary bilen baglanyşyklydyr. Döwletiň emele gelmeginiň bu görnüşiniň has hem Gadymy Gresiýa, Gadymy Rim ýaly döwletleriň döremegine uly täsir edendigini, belli bir derejede bolsa german döwletleriniň (warwarlaryň[5] korollyklarynyň) emele

---

[1]Ýewropa-„Awrupa-günbatar” diýen finikiýa sözünden gelip çykyp, Ýewraziýa materiginiň günbatar bölegini aňladýar;

[2]Wawilon-parsça “Babili-Hudaýyň derwezesi”, gadymy döwürlerde Tigr we Ýewfrat derýalarynyň arasyndaky ýurduň, Derýaaralygynyň, Mesopatamiýanyň atlandyrylyşy, häzirki Yragyň çägi;

[3]Irrigasiýa-“irrigation-suwarmak, suw bermek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ekin meýdanlaryny emeli usulda suwarmaklygy aňladýar;

[4]Apparat-“apparatus-enjam, üpjünçilik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, dolandyryşyň belli bir çygryndaky wezipeleri ýerine ýetirýän edaralaryň toplumyna ýa-da belli bir edaranyň dolandyryş diwanynda (administrasiýasynda) işleýän gullukçylaryň toparyny aňladýar;

[5]Warwar-“barbaroi-grek däl, çet ýurtly” diýen grek sözünden gelip çykyp, göçme manyda medeniýetsiz, gödek, zalym adamlaryň aňlatmasy bolup durýar. Warwar korollyklary diýlip, biziň eýýamymyzyň IV-V asyrlarynda Rim şalarşalygynyň (imperiýasynyň) synmagynyň netijesinde onuň çäklerinde emele gelen, westgotlaryň, ostgotlaryň, burgundlaryň we ş.m. döreden korollyklaryna düşünilýär. **Korol**-742-814-nji ýyllarda ýaşap geçen, fransuz patyşasy Beýik Karlyň (Carolus Magnus) adyndan gelip çykyp, soňra Ýewropanyň patyşalarynyň şertli unwanyna (titulyna) öwrülen adalga. **Titul**-“titulus-ýazgy, hormatly at, unwan” diýen sözlerinden gelip çykyp, hökümdarlar tarapyndan öz golastyndaky serkerdelere ýa-da häkimlere bagyşlanýan, graf, baron, “mukaddes diniň sütüni”, emir, han-hanan (hanlaryň hany) ýaly hormatly atlary aňladýar.

gelmegine-de dahylynyň bolandygyny olaryň taryhyna ser salnanda görmek bolýar.

*Afiny respublikasy*[1] urug-taýpa jemgyýetçilik gurluşynyň içinde ýüze çykan gapma-garşylyklary aradan aýyrmaga edilen synanyşygyň netijesinde döwletiň döreýşiniň nusgawy mysaly bolup durýar. Afiny şäher-döwletiniň döreýşini esasy üç tapgyra bölmek bolar.

- b.e.ö. VII asyrda Afinynyň arhonty[2] Drakontyň özgertmeleriniň (reformalarynyň[3]) netijesinde ilatyň arasyndaky dawa-jenjelleri azaltmak, gan almaklyk bilen bagly kasas adatyny çäklendirmek, dolandyryjy gatlagyň (elitanyň) hukuklaryny çäklendirmek, hususy eýeçiligi goramak barada ýazmaça kanunlaryň döredilmegi we durmuşa geçirilip başlanmagy;
- b.e.ö. 594-nji ýylda Solonyň[4] özgertmeleriniň netijesinde ilatyň emläk ýagdaýlaryna baglylykda olaryň gatlaklara bölünmegi bilen garyndaşlyk-urug gatnaşyklarynyň jemgyýete edýän täsiriniň aradan aýrylmagy;
- b.e.ö. 509-njy ýylda Afinynyň şol wagtky häkimi Klisfeniň özgertmeleriniň netijesinde Attikanyň[5] taýpalaryň ýaşaýan ýerlerine laýyklykda däl-de çäk (territorial[6]) bölünişigi ýörelgesi esasynda bölünmegi, şäher-döwletiň dolandyrylyşyna, syýasy gurluşyna üýtgeşmeleriň girizilmegi, şäher-döwleti dolandyrmakda demosyň[7] hukuklarynyň giňeldilip, aristokratiýanyň[8] täsiriniň çäklendirilmegi, ostrakizmiň[9] girizilmegi;

*Rim respublikasynyň* emele gelmegi ilkinji nobatda urug-taýpa jemgyýetçilik gurluşynyň iki sany esasy gatlaga, ýagny patrisiýlere[10] we plebeýlere[11] bölünmegi, aristokratlar hökmünde patrisiýleriň dolandyryjy gatlaga öwrülip, tutuş häkimiýeti hem önümçilik serişdeleriniň we önümleriň aglaba köp bölegini öz eýeçiliklerinde jemlemekleri bilen başlanýar. Soňra bolsa iki gatlagyň arasynda ýüze çykan ýiti gapma-garşylyk olaryň arasynda deňagramly syýasy-hukuk

---

[1]Respublika-“res-zat, populi-halk**, halkyň zady, baýlygy**” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, bu adalga b.e.ö. 103-43-nji ỳyllarda ỳaşap geçen Gadymy Rim hukukçysy, filosofy we ỳazyjy-şahyry Mark Tulliý Siseron tarapyndan döredilendir;

[2]Arhont-“archon-öňbaşçy, baştutan” diýen grek sözünden gelip çykyp, gadymy grek şäher-döwletlerindäki (polislerindäki -“**polys-**köpsanly, giň” diýen grek sözünden gelip çykan adalga) häkimleri aňladypdyr. B.e.ö. VII asyrda Afiny respublikasynda arhontlaryň geňeşi belli bir möhlete saýlanýan 9 adamdan ybarat bolupdyr;

[3]Reforma-“reformo-üýtgedýärin, özgerdýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, jemgyýetçilik durmuşynyň haýsydyr bir ugurlaryny üýtgedip gurmaklygy, özgertmekligi aňladýar;

[4]Solon b.e.ö. 635-559 ýyllarda ýaşap geçen, Afiny şäher-döwletiniň arhonty. Ol ýedi sany gadymy grek akyldarlarynyň biri hasaplanýar;

[5]Attika-Gadymy Gresiýada Merkezi Gresiýanyň günorta-gündogarynyň atlandyrylyşy;

[6]Territoriýa-“terra-gury ýer, ýer, toprak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[7]Demos-“demos-halk” diýen grek sözünden gelip çykyp, Gadymy Gresiýada raýat hukuklary bolan erkin adamlaryň adamlaryň köpçüligini aňladypdyr;

[8]Aristokratiỳa-„aristos-iň gowusy, kratos-häkimiỳet, iň gowularyň häkimiỳeti“ diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, begzadalar tarapyndan dolandyrylỳan döwlet gurluşyny aňladýar;

[9]Ostrakizm-“ostrakon-toýun bölejigi, syrça bölejigi” diýen grek sözünden gelip çykyp, Gadymy Gresiýada köpçüligiň ses bermegi esasynda belli bir raýatyň şäher-döwletiň çäginden kowlup çykarylmagyny aňladýar. Raýaty şäher-döwletiň çäginden kowmak babatda gizlin ses bermek, syrça (toýun) bölejiklerine kowulmaga degişli raýatyň adyny ýazmak arkaly amala aşyrylypdyr. Ilkinji gezek Afinyda Klisfen tarapyndan ulanylyp başlanypdyr;

[10]Patrisiý-“patres-ata, kaka” diýen latyn sözünden gelip çykyp, gadymy rim begzadalarynyň gatlagynyň adyny aňladýar;

[11]Plebeý-“plebs-ýönekeý halk, halk köpçüligi” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ýönekeý adamlary aňladýar.

gatnaşyklarynyň emele gelmegine we şonuň netijesinde-de urug-taýpa jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýok bolup, döwletiň döremegine getirýär.

*German döwletleriniň* döremegi bolsa, taryhda "halklaryň beýik göçhä-göçlügi" diýlip atlandyrylan taryhy hadysa bilen baglanyşyklydyr. Biziň eýýamymyzyň IV-VII asyrlarynda Rim şalarşalygynyň (imperiýasynyň[1]) çetki ülkelerine Aziýadan ilkinji bolup hun taýpalarynyň başlamagynda gotlar, gallar, germanlar ýaly dürli taýpalar göçüp ugraýarlar. Olar kuwwaty gaçan Rim şalarşalygynyň ülkelerini basyp alyp, öz döwletlerini döredýärler. Şonda-da olar täze döwlet dolandyryş serişdelerini oýlap tapman, ilkibada Rim şalarşalygynyň ýerlerdäki hereket edýän dolandyryş edaralaryny ulanýarlar. Soňra wagtyň geçmegi bilen ol dolandyryş serişdelerini özleriçe üýtgedip guraýarlar. Netijede-de Ýewropanyň irki orta asyr korollyklary emele gelýär.

Dürli yklymlarda we dürli halklaryň taryhynda döwletiň emele gelmeginiň özboluşly aýratynlyklary barada aýdylanda gadymy *gündogar slawýan*[2] *döwletleriniň* (knýazlyklarynyň[3]) döreýşiniň beýleki halklaryňka garanyňda tapawutly taryhy ýoly barada-da agzaman geçmek bolmaz. Geografiýa taýdan günbatar we gündogar döwletleriniň arasynda ýerleşip, hemişe iki tarapdan hem çozuşlara sezewar bolup gelen gündogar slawýan taýpalary öz üstlerine edilýän hüjümlerden goranmak üçin hakyna tutma harby birikmeleri (družinalary) saklapdyrlar. Ilkibada družinalar her taýpanyň berýän meýletin tölegleriniň hasabyna saklanan bolsa soňabaka ol meýletin tölegler hökmany salgytlara öwrülipdir. Uzagyndan salgyt ýygnamak merkezleşdirilipdir. Netijede-de ençeme taýpalary özünde birleşdirýän Gadymy Rus knýazlyklary emele gelipdir.

## §3. Hukugyň emele gelmeginiň aýratynlyklary

Islendik adamlaryň topary jemgyýet bolup bilmeýär. Jemgyýetiň emele gelmegi we hereket etmegi ilkinji nobatda tertip-düzgün bilen bagly. Adamlaryň hökman hukuk kadalary bilen bolmasa-da, başga görnüşdäki düzgünler bilen kadalaşdyrylýan özara gatnaşyklara girmekleriniň netijesinde jemgyýet döreýär. Şol kadalar sosial kadalar ýa-da sosial düzgünleşdirijiler diýlip atlandyrylýar.

Ilkidirmuş jemgyýetçilik gurluşynda *adat kadalary*[4] we *dini kadalar*[5] iň wajyp wajyp sosial kadalar bolupdyr. Taryhdan belli bolşy ýaly adat kadalary urugyň, taýpanyň we ş.m. hojalygyny, olaryň agzalarynyň gündelik durmuşyny, maşgala we beýleki gatnaşyklaryny, ilkidurmuş ahlagyny, dini däp-dessurlaryny kadalaşdyrmak üçin ýüze çykan tebigy zerurlygyň esasynda döräpdir.

[1] Imperiýa-"imperium-häkimiýet" diýen latyn sözünden gelip çykyp, patyşasy "imperator" diýen titulyň eýesi bolup, bolup, birnäçe ýurdy özünde jemlän patyşalygy (şalarşalygy) aňladýar;
[2]Gündogar slawýanlar-beloruslar, ruslar, ukrainler;
[3]Knýazlyk-gadymy slawýanlaryň taýpanyň serdaryny aňladýan "князь" sözünden gelip çykyp, hanlygy, patyşalygy patyşalygy aňladýar;
[4]Adat kadalary diýlende, adamlaryň uzak wagtyň dowamynda gaýtalap berjaý etmekleriniň netijesinde däp-dessura öwrülen özüňi alyp baryş düzgünlerine düşünilýär;
[5]Dini kadalar-bu adamlaryň dini ynançlaryny amala aşyrmaklarynyň dowamynda berjaý edýän we dine uýýanlar üçin hökmany bolan dini däp-dessurlarydyr;

Görkezilenler bilen birlikde ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynda dürli-dürli *gadaganlyklaryň* (tabularyň[1]) urugyň, taýpanyň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmakda örän uly ähmiýeti bolupdyr. Gadaganlyklaryň berjaý edilmezligi üçin hudaýlar we ruhlar tarapyndan diňe bir günäkäre däl-de tutuş uruga, taýpa gutulgysyz jeza beriljekdigine bolan çäksiz hem şübhesiz ynam ikidurmuş jemgyýetlerinde olaryň örän berk berjaý edilmegini üpjün edipdir. Gadaganlyklar dürli görnüşlerde bolupdyr. Mysal üçin, ýakyn garyndaşlaryň arasyndaky nika bolan gadaganlyk; ýaşaýyş jaýyndan daşary çykmaklyga, toprak bilen galtaşmaklyga, häkime seretmeklige (göz degirmeklige), ýönekeý adamlar bilen nika gatnaşyklaryna girmeklige (ýapon we hytaý imperatorlary, afrika patyşalary üçin), iýmit galyndylaryny iýmeklige, ýörişden dolanyp gelen urşujylar bilen gepleşmeklige (olary olar tarapyndan öldürilen duşmanlaryň ruhlarynyň yzarlaýandyklary sebäpli) gadaganlyklar we ş.m..

Mundan başga-da urug-taýpa jemgyýetçilik gurluşynda rugsat bermek we pozitiw[2] borçlandyrmak ýaly kadalaşdyryş serişdeleri hem bolupdyr. *Rugsat bermek* anyk möhletlerde haýsydyr bir anyk hereketleri etmeklige rugsat bermekligi aňladypdyr. Mysal üçin, haýwanlaryň belli-belli görnüşlerini belli bir wagtyň çäginde awlamaklyga, dürli ösümlikleri we olaryň miwelerini anyk möhletiň dowamynda we belli bir çäkde ýygnamaklyga, ol ýa-da beýleki çäklerde işleriň dürli görnüşlerini amala aşyrmaklyga, çeşmelerden peýdalanmaklyga rugsat bermek we ş.m.. *Pozitiw borçlandyrmak* bolsa, ätiýaçlyk iýmit gorlary toplanylanda, ýaşaýyş jaýlary salnanda, oduň hemişe ýanyp durmagyna gözegçilik edilende, dürli gurallar taýýarlanylanda we ş.m. belli bir hereketleri amala aşyrmaga borçly etmegi aňladypdyr.

Görkezilenlerden başga, gadymy adamalaryň özlerini alyp baryşlaryny düzgünleşdirmekde *rowaýatlaryň*, *hekaýatlaryň* (mifleriň[3]) hem özboluşly orny bolupdyr. Olarda rowaýaty şahslaryň (hudaýlaryň, gahrymanlaryň, ruhlaryň we ş.m.) durmuşlary, görnükli hereketleri beýan edilipdir we ilkidurmuş adamlarynyň tebigat, daşlaryny gurşaýan dünýä, ynsanyň ömri, onuň manysy barada garaýyşlary açylyp görkezilipdir. Dürli durmuş ýagdaýlarynda-da ilkidurmuş adamlary şol rowaýaty gahrymanlaryň hereketlerini nusga hökmünde ulanypdyrlar. Şonuň bilen birlikde-de, ilkidurmuş adamlarynyň ýaşan käbir sebitlerinde (mysal üçin, Derýaaralygy, Müsür, Hindistan), b.e.ö. IV-III müňýyllyklarda döredilen *ekerançylyk senenamalary* (agrokalendarlar[4]) hem özboluşly bir kadalaşdyryş häsiýetine eýe bolupdyrlar. Ekerançylyk senenamalary berk düzgünleriň we kadalaryň toplumy görnüşinde ýazmaça resmileşdirilipdir. Onda irki ekerançylyk jemgyýetiniň gündelik durmuşda etmeli işleri (ýeri sürmek, ekin ekmek,

---

[1]Tabu-“tapu-mukaddes, gadagan” diýen polineziýa sözünden gelip çykyp, ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynda taýpanyň serdary ýa-da porhany, jadygöýi tarapyndan kimdir biri üçin haýsydyr bir hereketleri etmäge ýa-da haýsydyr bir zatlara galtaşmaga, olardan peýdalanmaga girizilýän gadaganlygy aňladýar. **Polineziýa**-Okeýaniýa adalarynyň Ýuwaş ummanyň merkezi böleginde ýerleşýän adalar toplumy. Esasy gämi duralgalary Gonolulu, Papaete, Alia, Pago-Pago;

[2]Pozitiw-“positivus-oňyn, položitel” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[3]Mif-“mythos-rowaýat, hekaýat” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[4]Agrokalendar-“ager-ýer, calendarium-bergi kitapçasy” diỳen latyn sözlerinden gelip çykan adalga. **Kalendar wagty**, kalendar boỳunça gije, 00 sagat 00 minutdan başlanyp, 24 sagat 00 minutda tamamlanỳan, 24 sagatdan ybarat bolan bir gün bilen hasaplanỳan wagt möçberini aňladỳar.

suwarmak, hasyly ýygnamak we ş.m.) örän jikme-jik beýan edilipdir. Ekerançylyk senenamasynyň kadalarynyň berjaý edilmegine bolsa ýörite adamlar gözegçilik edipdirler. Degişli kadalar ýerine ýetirilmedik halatynda bolsa düzgünbozuja juda zabun temmi berlipdir. Kähalatda hemmeler üçin hökmany bolan kadalar gullukçylar üçin ýörite gönükdirmelerde-de (instruksiýalarda[1]) berkidilipdir. Mysal üçin, Gadymy Müsürde „Kyrk gaýyş namalar“ diýen toplum bolupdyr.

Şu görkezilen özüňi alyp baryş kadalarynyň ählisi hem özara berk baglanyşykda bolup, mononormalar, ýagny jemgyýetde ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrýan bir bütewi sosial kadalar görnüşinde emele gelipdirler. Soňra wagtyň geçmegi bilen jemgyýetdäki gatnaşyklar çylşyrymlaşypdyrlar, jemgyýetiň gerimi giňäp, ol kämilleşipdir we adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny düzgünleşdirmek üçin täze, has netijeli kadalaryň zerurlygy ýüze çykypdyr. Ol kadalar hem hukuk kadalary hökmünde döredilipdir. Ýokarda görkezilen kadalaryň dürli görnüşleri bolsa täze döredilýän hukuk kadalary üçin binýatlaýyn esas, gönezlik hökmünde hyzmat edipdir.

## <u>§4. Döwletiň we hukugyň döremegi barada esasy taglymatlar</u>

Häzirki wagtda döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynda döwletiň we hukugyň döremegi barada ençeme taglymatlar bar. Olaryň her haýsynyň kemçilikleri we artykmaç taraplary barada-da dürli ýurtlaryň alymlary tarapyndan ençeme ylmy işler ýazyldy. Munuň ýaly kiçi göwrümli okuw gollanmasynda-da ol taglymatlaryň ählisi barada çintgäp durup geçmek mümkin däl. Şonuň üçinem tanyşmaklyk üçin ilki bilen döwletiň emele gelmegi baradaky şol taglymatlaryň esasylarynyň üstünde gysgaça durup geçmek ýerlikli bolardy.

1. *Patriarhal taglymat* (Aristotel[2], R. Filmer, N.K. Mihaýlowskiý[3], M.N. Pokrowskiý[4]). Bu taglymata laýyklykda, döwlet patriarhal maşgalanyň[5] ösmeginiň netijesinde emele gelipdir. Maşgaladan maşgalalar (oba) döräpdir, obalaryň jemi bolsa döwleti emele getiripdir. Aristotel adamy öz ýaşaýşyny dowam etmek zerurlygy sebäpli beýleki adamlar bilen gatnaşyga girýän syýasy jandar diýip hasaplapdyr. Aristoteliň garaýyşlary gysgaça beýan edilende, şu aşakdakylary bellemek bolar. Onuň pikiriçe, adamyň beýleki adamlar bilen gatnaşyga girmeginiň netijesinde maşgala döräpdir. Maşgalanyň agzalarynyň köpelmegi

---

[1]Instruksiýa-“instructio-maslahat, gurnamaklyk, gollanma” diýen latyn sözünden gelip çykyp, işjeňligiň haýsydyr görnüşini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namany ýa-da haýsydyr enjamy ulanmagyň düzgünlerini özünde jemleýän gollanmany aňladýar;

[2]Aristotel, b.e.ö. 384-322 ýyllarda ýaşap geçen gadymy grek alymy, filosofy, syýasatçysy, Aleksandr Makedonskiýniň (Isgender Zülkarnaýnyň) mugallymy, Platonyň (Eflatunyň) şägirdi, Likei (Liseý) mekdebiniň esaslandyryjysy. Esasy ylmy işleri “Organon”, “Metafizika”, “Etika”, “Politika”, “Ritorika”, “Poetika”, “Afiny politiýasy”, “Fizika” we ş.m. kitaplar;

[3]Nikolaý Konstantinowiç Mihaýlowskiý, 1842-1904-nji ýyllarda ýaşap geçen rus alymy, sosiology, publisisti we edebi tankytçysy. **Publisist**-“publicus-jemgyýetçilik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, publisistika, ýagny jemgyýetiň gündelik durmuşyndaky derwaýys meseleler barada dürli eserleri (makalalary, oçerkleri, synlary, seljermeleri we ş.m.) ýazmak bilen meşgullanýan adamy aňladýar;

[4]Mihail Nikolaýewiç Pokrowskiý, 1868-1932-nji ýyllarda ýaşan, rus sowet alymy, taryhçysy, döwlet işgäri;

[5]Patriarhal maşgala diýlende, maşgalabaşysy erkek kişi bolup durýan, bilelikde hojalyk ýöredýän ýakyn garyndaşlaryň birnäçe arkasyndan ybarat bolan maşgala düşünilýär. Şeýle maşgala ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargap ugran wagtlarynda, patriarhat döwründe döräpdir.

birnäçe maşgalalarynyň döremegine, birnäçe maşgalalaryň özara gatnaşyklara girmekleri bolsa obanyň döremegine, birnäçe obalaryň birleşmegi bolsa döwletiň ýüze çykmagyna getiripdir. Şeýlelikde döwlet maşgala gatnaşyklarynyň ösüşiniň ahyrky netijesi, patyşanyň (monarhyň[1]) häkimiýetini bolsa maşgalabaşynyň (atanyň, kakanyň) häkimiýetiniň dowamy diýip hasaplamak bolar.

2. *Teologik* (dini-ylahyýet) *taglymaty* (Awreliý Awgustin[2], Foma Akwinat[3], Žak Mariten[4]). Bu taglymatda döwletiň Allatagala tarapyndan adamlaryň umumy bähbidinden ugur alnyp döredilendigi bellenilýär. Onuň mazmunynda ruhy (dini-ylahy) häkimiýetiň dünýewi häkimiýetden, dini guramalaryň döwlet guramalaryndan ýokary durýandygy kesgitlenýär. Her bir adamyň Hudaýyň erkiniň öňünde boýun sunup, Allatagala tarapyndan döredilen we dini guramalar tarapyndan gollanylýan döwlet häkimiýetine tabyn bolmalydygy nygtalýar. Döwletiň we hukugyň bakylygy we durnuklylygy hakynda pikir döwletiň we hukugyň döremegi hakynda dini-ylahyýet taglymatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şol pikirden bolsa jemgyýetde hereket edýän döwlet-hukuk institutlarynyň ählisini üýtgewsizligine saklamak hakynda başga bir pikir gelip çykýar.

3. *Şertnama* (tebigy-hukuk) *taglymaty* (G. Grosiý[5], B. Spinoza[6], T. Gobbs[7], J. J. Lokk[8], Ž.-Ž. Russo[9], Ýa. Kozelskiý[10], A. Radişew[11], I. Kant[12]). Bu taglymata laýyklykda, döwletiň adamlaryň paýhasly erkiniň netijesiniň ýüze çykmagyny aňladýan hereket hökmünde baglaşylan şertnamanyň (ylalaşygyň) esasynda dörändigi çaklanylýar. Bu taglymatda berkidilýän pikire görä, adamlaryň bir bütewi döwlet birleşmesine jemlenmekleri, adamzadynyň dowamatyny goramagyň

---

[1]Monarh-"monos-bir, ýeke-täk, archos-hökümdar" diýen grek sözlerinden gelip çykyp, ýeke-täk hökümdary aňladýar;

[2]Awreliý Awgustin, b.e. 354-430-njy ýyllarynda ýaşap geçen hristian dini alymy, ybadathana işgäri. Esasy ylmy işi "Hudaýyň şähri hakynda" traktat. Ondan başga-da "Akademiklere garşy", "Monolog", "Tertip hakynda", Erkin çözgüt hakynda", "Hristian ylmy hakynda", "Täzeden garamak", "Üçlük hakynda" we ş.m. kitaplary bar;

[3]Foma Akwinat, 1226-1274-nji ýyllarda ýaşan, hristian dini alymy, pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri "Ylahyýetiň möçberi", "Kapyrlara garşy möçber" atly traktatlar. **Traktat**-"tractatus-seljermek, garamak" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, düỳpli ylmy eseri aňladỳar;

[4] Žak Mariten, 1882-1973-nji ýyllarda ýaşan, fransuz dini pelsepeçisi;

[5]Gugo Grosiỳ 1583-1645-nji ỳyllarda ỳaşap geçen meşhur niderland hukukçysy, "tebigy hukuklar" taglymatynyň hem-de halkara hukugynyň esasgoỳujylarynyň biridir. Esasy ylmy eserleri 1609-njy ỳylda ỳazylan "Erkin deňiz" atly we 1625-nji ỳylda ỳazylan "Uruş we parahatçylyk hukugy hakynda" atly traktatlardyr;

[6]Benedikt Baruh de Espinoza (Spinoza), 1632-1677-nji ýyllarda ýaşap geçen niderland pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri "Ylahyýet-syýasy traktat", "Etika" atly kitaplar;

[7]Tomas Gobbs, 1588-1679-njy ýyllarda ýaşan iňlis pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri "Lewiafan", "Filosofiýanyň esaslary" atly ylmy işler. (**Lewiafan**-"liwýatan-towlanmak, ýygrylmak" diýen ýewreý sözünden gelip çykyp, Injilde äpet aždarha, ýylan, krokodil görnüşinde suratlandyrylýan deňiz nägehany);

[8]Jon Lokk, 1632-1704-nji ýyllarda ýaşan iňlis pelsepeçisi, liberalizm garaýyşlarynyň esasgoýujysy. Esasy ylmy işleri "Ynsanyň aň ýetirişi hakynda tejribe", "Dini kanagatlylyk hakynda nama", "Dolandyryş hakynda iki traktat", "Hristiançylygyň paýhaslylygy hakynda" atly kitaplardyr. (**Liberalizm**-"liberalis-erkin, azat" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga);

[9]Žan-Žak Russo, 1712-1778-nji ýyllarda ýaşan fransuz ýazyjysy we pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri, "Deňsizligiň başlangyjy we esaslary hakynda pikirler", "Jemgyýetçilik ylalaşygy hakynda" atly kitaplardyr;

[10]Ýakow Pawlowiç Kozelskiý, 1728-1794-nji ýaşan rus alymy, pelsepeçisi;

[11]Aleksandr Nikolaýewiç Radişew, 1749-1802-nji ýyllarda ýaşan, rus ýazyjysy, pelsepeçisi. Esasy ylmy işi "Peterburgdan Moskwa syýahat" atly eserdir;

[12]Immanuil Kant, 1724-1804-nji ýyllarda ýaşan nemes pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri "Asmanyň ählumumy we tebigy taryhy hem nazaryýeti", "Arassa paýhasyň tankydy", "Tejribe paýhasynyň tankydy", "Pikir ýöretmek ukybynyň tankydy" atly eserlerdir.

we adalaty, erkinligi hem tertip-düzgüni üpjün etmegiň tebigy zerurlygyndan gelip çykýar.

4. *Organik*[1] *taglymat* (Platon[2], Aristotel, G. Spenser[3]). Bu taglymata laýyklykda döwlete biologik organizm hökmünde garalýar. G. Spenseriň: “Döwlet – edil diri organizmiň öýjüklerden ybarat bolşy ýaly, aýry-aýry adamlardan ybarat bolan jemgyýetçilik organizmidir” diýen sözleri bu taglymatyň mazmunyny has anyk açyp görkezýär. Bu taglymatda döwletde hereket edýän institutlar adamyň aýry-aýry beden agzalary bilen deňeşdirilýärler. Dolandyryş edaralary – adamyň beýnisine, aragatnaşyk we maliýe ulgamy – gan aýlanyş ulgamyna, kanunçylyk – adamyň beýni öýjüklerine we ş.m. Edil ynsanyň beden gurluşy ýaly döwlete-de wagt täsir edýär, ol dünýä inýär, ösýär, ulalýar, garraýar we aradan çykýar.

5. *Zorluk taglymaty* (Ýe. Dýuring[4], L. Gumplowiç[5], K. Kautskiý[6]). Bu taglymatda, döwletiň uruşlaryň we bir adamlaryň beýleki adamlary, jemgyýetiň bir böleginiň beýleki bölegini, bir taýpanyň beýleki taýpany özlerine zorluk bilen tabyn etmekleriniň netijesinde dörändigi çaklanylýar. Basybalyjylykly uruşlar ägirt uly çägiň adamlaryň belli bir toparynyň golastyna düşmegine getirýär. Şol çägi tabynlykda we tertip-düzgünde saklamak zerurlygy bolsa häkimiýet-dolandyryş edaralarynyň ulgamynyň – döwletiň döredilmeginiň zerurlygyny ýüze çykarýar.

6. *Materialistik* (synpy, marksistik) *taglymat* (K. Marks[7], F. Engels[8], W.I. Lenin[9], G.W. Plehanow[10]). Bu taglymata laýyklykda, döwletiň döremegine

---

[1]Organik-“organikos-ýarag, gural bolup hyzmat edýän” diýen grek sözünden gelip çykyp, ösümlik ýa-da haýwanat dünýäsine degişli diri organizmi aňladýar. **Organizm**-“organize-ýerleşdirýärin, habar berýärin, tertipli gurluş” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ony jansyz materiýadan tapawutlandyrýan birnäçe alamatlaryň jemine eýe bolan diri jandary aňladýar;

[2]Platon, b.e.ö. 428-327-nji ýyllarynda ýaşan grek pelsepeçisi, Aristotetliň mugallymy, Sokratyň şägirdi, Akadem (akademiýa) mekdebiniň döredijisi. Esasy ylmy işleri, “Sokratyň apologiýasy”, “Sofist”, “Döwlet”, “Fedon”, “Pir”, “Fedr”, “Teetet”, “Parmenid” atly eserlerdir. **Apologiýa**-“apologia-goraglylyk, arka durmak, hossarlyk” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[3]Gerbert Spenser, 1820-1903-nji ýyllarda ýaşan iňlis pelsepeçisi we sosiology. Esasy ylmy işi, “Sintetiki filosofiýanyň ulgamy” atly eserdir;

[4]Ýewgeniý Dýuring, 1833-1921-nji ýyllarda ýaşan nemes pelsepeçisi. Ol öz ylmy işlerinde Karl Marksyň taglymatyna garşy çykypdyr;

[5]Lýudwig Gumplowiç, 1838-1909-njy ýyllarda ýaşan polýak we awstriýaly sosiolog, hukukçy. Esasy ylmy işi “Jynsy göreş” diýen eserdir;

[6]Karl Kautskiý, 1854-1938-nji ýyllarda ýaşan nemes jemgyýetçilik işgäri, german sosial-demokratiýasynyň nazaryýet esasyny işläp düzüjileriň biri;

[7]Karl Marks, 1818-1883-nji ýyllarda ýaşan, nemes pelsepeçisi, jemgyýetçilik işgäri, marksizmiň esasgoýujysy. Esasy ylmy işleri, “Kapital”, “Ykdysady-filosofiýa golýazmalary”, “Gegeliň hukugyň filosofiýasynyň tankydyna”, “Mukaddes maşgala”, “Nemes aňyýeti” we ş.m. eserlerdir;

[8]Fridrih Engels, 1820-1895-nji ýyllarda ýaşan, nemes pelsepeçisi, jemgyýetçilik işgäri, K. Marksyň egindeşi hem şägirdi. Esasy ylmy işleri, “Işçi synpyň Angliýadaky ýagdaýy”, “Germaniýada daýhanlaryň urşy”, “Germaniýada rewolýusiýa we kontrrewolýusiýa”, “AntiDýuring”, “Maşgalanyň, hususy eýeçiligiň we döwletiň gelip çykyşy”, “Tebigatyň dialektikasy” we ş.m. eserlerdir. **Rewolýusiýa**-“revolution-öwrüm, agdarylyşyk” diýen latyn sözünden gelip çykyp, tebigatyň, jemgyýetiň ýa-da aň ýetirişiň haýsydyr bir hadysalarynyň gysga wagtyň dowamynda düýpli hem emeli usul bilen üýtgedilmegini aňladýar. **Kontrrewolýusiýa**-“contro-garşy” diýen latyn sözüniň goşulmagy bilen rewolýusiýa garşy hereketleri aňladýar;

[9]Wladimir Ilýiç Lenin, hakyky familiýasy Ulýanow, “Lenin” onuň partiýadaky lakamy, 1870-1924-nji ýyllarda ýaşan, rus syýasy we döwlet işgäri, 1917-nji ýyldaky rus rewolýusiýasyndan soň döwlet baştutany. Esasy işleri, ““Halkyň dostlary” näme we olar sosial-demokratlara garşy nähili göreşýärler?”, “Russiýada kapitalizmiň ösüşi”, “Näme etmeli?”, “Bir ädim öňe, iki ädim yza”, “Kapitalizmiň iň ýokary tapgyry hökmünde imperializm”, “Döwlet we rewolýusiýa” we ş.m. eserlerdir. **Kapitalizm**-“capitalis-baş, esasy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bazar ykdysadyýetine we hususy eýeçilige esaslanan jemgyýetçilik gurluşyny aňladýar;

[10]Georgiý Walentinowiç Plehanow, 1856-1918-nji ýyllarda ýaşan, rus pelsepeçisi, jemgyýetçilik we syýasy işgäri.

ykdysady şertler, ýagny hususy eýeçiligiň emele gelmegi, önümçilik serişdeleriniň adamlaryň az böleginiň ygtyýarlygynda jemlenmegi bilen jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi sebäp bolupdyr. Jemgyýetde biri-birine gapma-garşy synplaryň döremegi bolsa dolandyryjy gatlagyň öz-özüni we öz emläklerini dolandyrylýan köp sanly gatlagyň adamlarynyň synpyndan goramak üçin ýörite mejbur ediji edaralaryň ulgamyny döretmeklerine, netijede bolsa döwletiň ýüze çykmagyna getiripdir.

7. *Irrigasion taglymat* (K.A. Wittfogel). (Bu taglymatyň mazmuny barada şu babyň 2-nji soragynda döwletiň döremeginiň gündogar ýoly barada gürrüň berlende gysgaça durlup geçilýär).

8. *Jynsy taglymat* (Ž. Gobino[1], F. Nisşe[2]). Bu taglymatyň esasyny düzýän garaýyşlar adamlary ýokary we pes (asylzada we asylsyz) görnüşlere bölýärler. Şol garaýyşlara laýyklykda, asylzada milletlere degişli adamlar jemgyýetde we döwletde häkimiýete doly eýelik etmek üçin ýaradylyp, şolar hem döwletiň döredijisi bolup durýarlar. Galan ähli adamlar (halklar) bolsa şol asylzada adamlara (halklara) tabyn bolmaga borçly diýlip hasap edilýär. Bu taglymat köp alymlar tarapyndan "faşizmiň[3] taglymaty" diýlip hem atlandyrylýar.

9. *Patrimonial[4] taglymat* (A. Galler[5]). Bu taglymatyň esasyny düzýän garaýyşlarda döwlet ýer eýesiniň öz eýeçiligindäki ýere bolan miras hukugynyň netijesinde döräpdir diýlip çaklanylýar, ýagny uzak wagtyň dowamynda uly ýer eýesiniň mülkünde adamlaryň sany barha köpelýär, olar hem öz-özlerinden ýer eýesiniň häkimiýetini ykrar edýärler. Soňra şol adamlary dolandyrmak üçin hem döwlet-dolandyryş ulgamy emele getirilýär.

10. *Psihologik taglymat* (L. Petražiskiý[6], E. Fromm[7], G. Tard[8], N.M. Korkunow[9]). Bu taglymat döwletiň emele gelmegine adamlaryň guramaçylykly jemgyýetde ýaşamaga, bilelikde birek-birege goldaw bermäge, şeýle hem adamlaryň häkimlik sürmäge, belli bir baştutanlara we baş pikirlere (ideýalara[10])

---

[1]Žozef Artýur de Gobino, 1816-1882-nji ýyllarda ýaşan, fransuz sosiology we ýazyjysy. Esasy işi "Adam jynslarynyň deňsizligi hakynda tejribe";

[2]Fridrih Nisşe, 1844-1900-njy ýyllarda ýaşan, nemes pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri, "Zulumyň we ýagşylygyň ters tarapy", "Zaratustranyň aýdyşy ýaly", "Häkimiýete bolan erk" atly eserlerdir;

[3]Faşizm-"fashismo, fascio-desse, bogdak, birleşik" diýen italýan sözünden gelip çykyp, totalitar-milletparazçylyk häsiýetli jemgyýetçilik-syýasy hereketi aňladýar;

[4]Patrimonial-"patrimonialis-miras geçen, neberä degişli" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[5]Albreht fon Galler, 1708-1777-nji ýyllarda ýaşan, şweýsar şahyry, pelsepeçisi, fiziology, lukmany. Esasy ylmy işi, "Zulumyň gelip çykyşy hakynda" atly eserdir;

[6] Lew Iosifowiç Petražiskiý, 1867-1931-nji ýyllarda ýaşan, rus hukukçysy;

[7]Erih Fromm, 1900-1980-nji ýyllarda ýaşan, nemes-amerikan pelsepeçisi, psihology we sosiology. Esasy ylmy işleri, "Erkinlikden gaçmak", "Adam – onuň ähli bolşy bilen", "Psihoanaliz we din", "Söýmegiň sungaty", "Umydyň ynkylaby (rewolýusiýasy)" atly eserlerdir. **Psihoanaliz**-"psyche-ruh we analysis-böleklere bölmek, pytratmak" diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga. **Din** (religiýa)-"religio-hudaýa ynanmak, mukaddeslik, çokunylýan zat" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[8]Gabriel Tard, 1843-1904-nji ýyllarda ýaşan, fransuz kriminalisti, pelsepeçisi, psihology. Esasy ylmy işleri, "Sosial logika", "Sosial kanunlar" atly eserlerdir;

[9]Nikolaý Mihaýlowiç Korkunow, 1853-1904-nji ýyllarda ýaşan rus hukukçysy, alym, sosiolog, psiholog. Esasy ylmy işleri, "Hukugyň filosofiýasynyň taryhy", "Hukugyň umumy nazaryýeti (teoriýasy)", "Hukugyň jemgyýetçilik ähmiýeti" we ş.m. eserlerdir. **Teoriýa**-"theoria-seljermek, seretmek" diýen latyn sözünden gelip çykyp, ylmyň ol ýa-da beýleki pudagynyň esasy garaýyşlarynyň we pikirleriniň toplumyny aňladýar;

[10] Ideýa--"idea-düşünje, göz öňüne getirmek, baş pikir" diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

tabyn bolmaga, boýun sunmaga bolan tebigy-ruhy (psihologik) zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga ymtylmaklarynyň täsir edendigi barada çaklamany öňe sürýär.

11. *Raýdaşlyk* (solidarlyk[1]) *taglymaty* (E. Dýurkgeým[2], L. Dýugi[3]). Bu taglymata laýyklykda, döwlet adamlaryň biri-birine raýdaşlyk bildirmäge, ýardam bermäge we köpçülik bolup ýaşamaga ymtylmaklarynyň netijesinde döräpdir. E. Dýurkgeýmiň işlerinde bellenip geçilişi ýaly, her bir şahsyýetiň aň-düşünjesinden başga-da tutuş jemgyýetiň "köpçülikleýin (kollektiwleýin[4]) aň-düşünjesi" hem bar. bar. Şol bütewi aň-düşünje hem adamlaryň birleşip, jemgyýeti we döwleti emele getirmeklerine täsir edipdir. E. Dýurkgeým raýdaşlyk düşünjesiniň, jemgyýetiň ösüşiniň irki tapgyrlaryna mahsus bolan mehanik[5] we jemgyýetiň ösüşiniň soňky tapgyrlaryna mahsus bolan organik ýaly iki görnüşiniň bardygyny belläp geçipdir.

Görkezilenlerden başga-da döwletiň emele gelmegi babatda dünýä-de, *insest*[6] *taglymaty* (Lewi-Stros[7]), *sport taglymaty* (Ortega H. Gasset[8]), *diffuziýa*[9] *taglymaty taglymaty* (Grebner) ýaly taglymatlaryň ençemesi bar. Hukugyň emele gelmeginiň taglymatlary bolsa döwletiň emele gelmegi baradaky taglymat bilen köp derejede meňzeşdir. Munuň şeýle bolmagy bu iki jemgyýetçilik hadysasynyň bir bütewi tebigaty hem-de olaryň özara aýrylmaz taryhy baglanyşygy bilen şertlendirilýär. Şonuň üçinem döwletiň döremegi baradaky ýokarda görkezilen taglymatlar bilen bir hatarda, hukugyň emele gelmegi baradaky dini-ylahyýet, materialistik, psihologik, tebigy-hukuk we beýleki taglymatlar hakynda-da gürrüň etmek bolar. Ýöne şonuň bilen birlikde-de, hukugyň emele gelmegi hakynda görkezilen taglymatlardan başga-da birnäçe özbaşdak garaýyşlaryň toplumynyň bardygyny bellemän geçmek bolmaz. Olar şu aşakdakylardyr:

- *Taryhy taglymat* (G. Gugo, F. Sawinýi[10], G. Puhta[11] we beýlekiler). Bu taglymata laýyklykda, hukuga döwletiň işjeňliginiň netijesi, ýagny döwlet

[1] Solidarlyk-"in solido-bütewilikde" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Emil Dýurkgeým, 1858-1917-nji ýyllarda ýaşan fransuz sosiology. Esasy ylmy işleri, "Jemgyýetçilik zähmetiniň paýlanyşygy hakynda", "Öz-özüňi öldürmek", "Dini durmuşyň adaty görnüşleri (elementar formalary)" atly eserlerdir. **Element**-"elementum-stihiýa (**stoicheion**-ilkibaşky diýen grek sözünden), ilkibaşky jisim" diýen latyn sözünden gelip çykyp, çylşyrymly bir zadyň düzüm bölegini, **elementar** sözi bolsa adatylygy aňladýar. **Forma**-" forma-galyp, görnüş" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[3] Leon Dýugi, 1859-1928-nji ýyllarda ýaşan fransuz hukukçysy;
[4]Kollektiwleýin--"collektiwus-ýygnalan" diýen latyn sözünden gelip çykyp, anyk jemgyýetçilik işini ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan adamlaryň gysby, sosial toparyny aňladýar;
[5]Mehanika-"mechanike-enjamlary ýasamagyň sungaty" diýen grek sözünden gelip çykyp, belli bir işi amala aşyrýan aşyrýan bölekleriň bir bütewi ulgamyny, zynjyryny aňladýar;
[6]Insest-"incestus-günäli, haram, jenaýatçylykly" diýen latyn sözünden gelip çykyp, ýakyn garyndaşlaryň özaralarynda jynsy gatnaşygyna girmeklerini aňladýar;
[7] Klod Lewi-Stros, 1908-nji ýylda doglan fransuz taryhçysy we sosiology;
[8]I Gasset Hose Ortega, 1883-1955-nji ýyllarda ýaşan ispan pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri, "Köpçülikleriň (massalaryň) gozgalaňy", "Sungatyň degumanizasiýasy" atly eserlerdir. **Massalar**-"massa-kesek, üýşmek" diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda adamlaryň uly toparyny, köpçüligi aňladýar. **Degumanizasiýa**-Gumanizm-"humanus-adamçylykly, ynsanparaz" diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamyň erkin ösmäge we özüniň ukyplaryny ýüze çykarmaga bolan hukuklarynyň hem-de onuň şahsyýet hökmünde gymmatlygyny ykrar edilmegini, adamyň bähbidiniň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň esasy ölçeg birligi hökmünde tassyklanmagyny aňladýar. Latyn sözüniň "**de**" goşulmasy inkär ediji goşulmany, "däl" diýen düşünjäni, bu ýerde bolsa ynsanperwerligiň pese gaçmagyny aňladýar;
[9]Diffuziýa-"diffusion-ýaýramak, akymyň akmagy" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[10]Fridrih Karl Sawinýi, 1779-1861-nji ýyllarda ýaşan nemes hukukçysy, nemes hukugynyň taryhy mekdebini esaslandyryjy;
[11]Georg Fridrih Puhta, 1798-1846-njy ýyllarda ýaşan nemes hukukçysy.

tarapyndan döredilýän we herekete getirilýän hadysa hökmünde däl-de, asyrlaryň dowamynda halkyň ruhy işjeňliginiň miweleri bolan adatlaryň, däp-dessurlaryň, edim-gylymlaryň we ýol-ýörelgeleriň ösüşiniň ahyrky netijesi hökmünde garalýar. Bu taglymata eýerijileriň pikirine görä, döwlet şol adatlaryň, däp-dessurlaryň we ş.m. iň kämillerini hem paýhaslylaryny saýlap-seçip alyp, olary hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalary hökmünde berkitmäge borçludyr.

- *Ylalaşdyryş taglymaty* (G. Berman, E. Anners). Bu taglymata laýyklykda, hukuk özara duşmançylykda bolan uruglaryň, nebereleriň arasyndaky gapma-garşylyklary kadalaşdyrmagyň (uruglary ylalaşdyrmagyň) serişdesi hökmünde emele gelipdir.
- *Kadalaşdyryş taglymaty*. Bu taglymata görä, hukuk jemgyýetde gatnaşyklaryň birmeňzeş tertibini berkarar etmegiň umumy (uniwersal) serişdesini agtarmagyň dowamynda döredilipdir.

## ÇYZGYLAR

**Çyzgy 2.1.**



**Çyzgy 2.2.**


Döwletleriň döremeginiň ýollary
Gündogar ýoly
Günbatar ýoly
German döwletleriniň döremeginiň ýoly
Gündogar slawýan döwletleriniň döremeginiň ýoly
Döwlet urug-taýpa jemgyýetçilik gurluşynyň döwlet guramaçylykly jemgyýetçilik gurluşyna özgermeginiň netijesinde emele gelipdir. Olaryň döremegine suwarymly ekerançylygy ýola goýmaklyga gönükdirilen işleri yzygiderli geçirip durmak zerurlygy itergi beripdir.
Biziň eýýamymyzyň IV-VII asyrlarynda Rim şalarşalygynyň (imperiýasynyň) çetki ülkelerine Aziýadan ilkinji bolup hun taýpalarynyň başlamagynda gotlar, gallar, germanlar ýaly dürli taýpalar göçüp ugraýarlar. Olar kuwwaty gaçan Rim şalarşalygynyň ülkelerini basyp alyp, öz döwletlerini döredýärler.
Geografiýa taýdan günbatar we gündogar döwletleriniň arasynda ýerleşip, hemişe iki tarapdan hem çozuşlara sezewar bolup gelen gündogar slawýan taýpalary öz üstlerine edilýän hüjümlerden goranmak üçin hakyna tutma harby birikmeleri (družinalary) saklapdyrlar. Ilkibada družinalar her taýpanyň berýän meýletin tölegleriniň hasabyna saklanan bolsa soňabaka ol meýletin tölegler hökmany salgytlara öwrülipdir.
Döwlet institutlarynyň döremeginiň bu ýoly esasan jemgyýetiň gatlaklara bölünip, hususy eýeçiligiň döremegi, jemgyýetiň käbir gatlaklarynyň önümçilik serişdeleriniň (ýer, suw, tokaý, mallar, öri meýdanlar we ş.m.) we umumy öndürilýän önümiň aglaba köp bölegini öz eýeçiliklerine almaklary bilen baglanyşyklydyr

**Çyzgy 2.3.**


Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynda hukukdan öňki kadalaşdyryş serişdeleri
Adat kadalary
Gadaganlyklar
(tabular)
Rugsat bermeler
Dini kadalar
Pozitiw borçlandyrmalar
Rowaýatlar we hekaýatlar
Ekerançylyk senenamalary

Çyzgy 2.4.


Döwletiň döremegi barada taglymatlar
Patriarhal taglymat
Zorluk taglymaty
Patrimonial taglymat
Teologik (dini-ylahyýet) taglymaty
Materialistik (synpy, marksistik) taglymat
Psihologik taglymat
Şertnama (tebigy-hukuk) taglymaty
Irrigasion taglymat
Raýdaşlyk (solidarlyk) taglymaty
Organik taglymat
Jynsy taglymat
Insest taglymaty
Sport taglymaty
Diffuziýa taglymaty we ş.m.

**Çyzgy 2.5.**

## Hukugyň döremegi barada goşmaça taglymatlar

### *Taryhy taglymat*

Bu taglymata laýyklykda, hukuga döwletiň işjeňliginiň netijesi, ýagny döwlet tarapyndan döredilýän we herekete getirilýän hadysa hökmünde däl-de, asyrlaryň dowamynda halkyň ruhy işjeňliginiň miweleri bolan adatlaryň, däp-dessurlaryň, edim-gylymlaryň we ýol-ýörelgeleriň ösüşiniň ahyrky netijesi hökmünde garalýar. Bu taglymata eýerijileriň pikirine görä döwlet şol adatlaryň, däp-dessurlaryň we ş.m. iň kämillerini hem paýhaslylaryny saýlap-seçip alyp, olary hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalary hökmünde berkitmäge borçludyr.

### *Ylalaşdyryş taglymaty*

Bu taglymata laýyklykda, hukuk özara duşmançylykda bolan uruglaryň, nebereleriň arasyndaky gapma-garşylyklary kadalaşdyrmagyň (uruglary ylalaşdyrmagyň) serişdesi hökmünde emele gelipdir.

### *Kadalaşdyryş taglymaty*

Bu taglymata görä, hukuk jemgyýetde gatnaşyklaryň birmeňzeş tertibini berkarar etmegiň umumy (uniwersal) serişdesini agtarmagyň dowamynda döredilipdir.

## *SOWALNAMA*

**1) Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ösüşi näçe tapgyrdan ybarat?**
- üç;
- dört;
- iki;
- dürli alymlaryň pikirlerine görä, bäş ýa-da alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ösüşiniň I tapgyrynda bolup geçen iň esasy hadysa,**
- gepleşik diliniň emele gelmegidir;
- daş gurallardan mis gurallara geçilmegidir;
- zähmet bölünişiginiň ýüze çykmagydyr;
- köpaýallygyň bes edilmegidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ösüşiniň II tapgyrynda,**
- gandüşer ýakyn garyndaşlaryň arasynda nika baglaşmak gadagan edilipdir;
- enelik dolandyryşyndan (matriarhatdan) atalyk dolandyryşyna (patriarhata) geçilip ugrapdyr;
- ýekehudaýlyk dini ynanç ýüze çykypdyr;
- adat we dini kadalar, gadaganlyklar, pozitiw borçlandyrmalar ýaly jemgyýetçilik kadalaşdyryş serişdeleri döräpdir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ösüşiniň III tapgyrynda taýpalardaky we oturymly obalardaky häkimiýet,**
- kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýet şahalaryna bölünipdir;
- hiç-hili şahalara bölünmän, diňe bir adamyň – monarhyň ygtyýarlygynda jemlenipdir;
- düýbünden bolmandyr;
- dünýewi, harby we dini häkimiýet şahalaryna bölünipdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Ilkinji gadymy şäher-döwletler ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ösüşiniň haýsy tapgyrynda emele gelip ugrapdyrlar?**
- birinji;
- birinji we ikinji;
- üçünji we dördünji;
- dördünji.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Türkmenistanyň çägindäki ilkinji gadymy şäher-döwletiň ady,**
- Yzmykşirdir;

- Töwrizdir;
- Marguşdyr;
- Altyndepedir.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**7) Döwletiň döremeginiň,**

- gündogar, günbatar ýollary, german we gündogar slawýan döwletleriniň döremeginiň ýollary ýaly usullary bar;
- gündogar, günbatar, günorta we demirgazyk ýollary bar;
- günorta-gündogar, demirgazyk-günbatar ýollary bar;
- Ýewropa, Aziýa, Amerikan ýollary bar.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**8) Döwletiň döremeginiň gündogar ýolunda döwlet,**

- suwarymly ekerançylygy ýola goýmaklyga gönükdirilen işleri (irrigasion işleri) yzygiderli geçirip durmak zerurlygy sebäpli ýüze çykypdyr;
- yzygiderli alnyp barylan uruşlaryň netijesinde bir taýpanyň beýleki taýpany ýeňip, onuň çäklerini basyp almagynyň netijesinde döräpdir;
- agzala taýpalaryň kese ýerli harby toparlary özlerini dolandyrmaga çagyrmaklary bilen ol toparlar taýpalary zor bilen birikdiripdirler we şonuň netijesinde döwlet döräpdir;
- maşgalalaryň sanynyň köpelmeginiň netijesinde oba, obalaryň köpelmeginiň netijesinde döwlet döräpdir.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**9) Döwletiň döremeginiň günbatar ýolunda döwletiň döremegine itergi beren sebäpler,**

- jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi;
- gandüşer garyndaşlaryň arasynda nika baglaşmagyň gadagan edilmegi;
- hususy eýeçiligiň döremegi;
- jemgyýetiň käbir gatlaklarynyň önümçilik serişdeleriniň we umumy öndürilýän önümiň aglaba köp bölegini öz eýeçiliklerine almaklary.

***<u>Nädogry jogaby tapyň.</u>***

**10) German döwletleri Orta Aziýadan göçüp gaýdan taýpalaryň haýsy şalarşalygyň çäklerini basyp almaklarynyň netijesinde döräpdir?**

- Rim şalarşalygynyň;
- Hytaý şalarşalygynyň;
- Fransuz korollygynyň;
- Beýik Britaniýa korollygynyň we Germaniýa döwletiniň.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**11) Afiny şäher-döwletiniň döremegine we ösüşine uly täsir eden üç şahs kimler?**

- Drakont, Solon we Klisfen;

- Sokrat, Platon we Aristotel;
- Perikl, Femistokl we Isgender Zülkarnaýn (Aleksandr Makedonskiý);
- Gomer, Ahilles we Odisseý.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynda kadalaşdyryş serişdeleri hökmünde çykyş edipdir,**

- adat we dini kadalary;
- gadaganlyklar we rugsat bermeler;
- pozitiw borçlandyrmalar, rowaýatlar we hekaýatlar;
- kanunlar we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Gadymy ekerançylyk senenamalary,**

- berk düzgünleriň we kadalaryň toplumy görnüşinde ýazmaça resmileşdirilipdir;
- her pasylda üýtgeýän kadalar hökmünde dilden-dile geçip ulanylypdyr;
- döwlet edarasy tarapyndan her bäş ýyldan bir gezek kabul edilipdir;
- döwrüň öňdebaryjy alymlary tarapyndan işlenip düzülipdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Gadymy ekerançylyk senenamalarynda beýan edilipdir,**

- irki ekerançylyk jemgyýetiniň gündelik durmuşda etmeli işleri (ýeri sürmek, ekin ekmek, suwarmak, hasyly ýygnamak we ş.m.);
- oba kethudalarynyň taýpanyň umumy ýygnagyny alyp barmaklarynyň tertibi;
- taýpanyň harby serdarlarynyň golastyndaky esgerleriniň düzgün-nyzamyny kesgitleýän kadalar;
- taýpanyň serdarlaryny we kethudalaryny saýlamagyň tertibi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Mononorma näme?**

- monarhyň özüni alyp barşyny kesgitleýän kada;
- döwlet tarapyndan kabul edilen özüňi alyp baryş kadasy;
- jemgyýetde ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrýan bir bütewi sosial kada;
- taýpanyň her bir agzasynyň bir günüň dowamynda toplamaly iýmitiniň mukdary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Patriarhal taglymata laýyklykda, döwlet,**

- adamlaryň paýhasly erkiniň netijesiniň ýüze çykmagyny aňladýan hereket hökmünde baglaşylan şertnamanyň (ylalaşygyň) esasynda döräpdir;
- Allatagala tarapyndan adamlaryň umumy bähbidinden ugur alnyp döredilipdir;
- maşgalabaşysy erkek kişi (ata) bolan maşgalanyň ösmeginiň netijesinde emele gelipdir;
- ýer eýesiniň öz eýeçiligindäki ýere bolan miras hukugynyň netijesinde döräpdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Döwletiň döremegi hakynda jynsy taglymaty işläp düzüjiler,**
- W.I. Lenin;
- Gaý Ýuliý Sezar;
- Adolf Gitler;
- Ž. Gobino, F. Nisşe.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Döwletiň döremegi barada materialistik taglymata laýyklykda döwletiň döremegine şu aşakdaky şertler sebäp bolupdyr:**
- hususy eýeçiligiň emele gelmegi;
- önümçilik serişdeleriniň adamlaryň az böleginiň ygtyýarlygynda jemlenmegi;
- adamlaryň sanynyň artmagy we iýmitiň azalmagy;
- jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Hukugyň döremegi barada ylalaşdyryş taglymatyna laýyklykda hukuk,**
- özara duşmançylykda bolan uruglaryň, nebereleriň arasyndaky gapma-garşylyklary kadalaşdyrmagyň (uruglary ylalaşdyrmagyň) serişdesi hökmünde emele gelipdir;
- özara dawa-jenjelleriň artmagyna ýol berýän goňşulary ylalaşdyrmagyň serişdesi hökmünde emele gelipdir;
- maşgalada ýüze çykýan är-aýalyň arasyndaky oňşuksyzlygy ýok etmegiň serişdesi hökmünde emele gelipdir;
- bazarda alyjylar bilen satyjylaryň arasynda ýüze çykýan jedelleri çözmegiň serişdesi hökmünde döräpdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hukugyň döremegi barada kadalaşdyryş taglymatyna görä hukuk,**
- asyrlaryň dowamynda halkyň ruhy işjeňliginiň miweleri bolan adatlaryň, däp-dessurlaryň, edim-gylymlaryň we ýol-ýörelgeleriň ösüşiniň ahyrky netijesidir;
- adamlaryň biri-birine raýdaşlyk bildirmäge, ýardam bermäge we köpçülik bolup ýaşamaga ymtylmaklarynyň netijesidir;
- Allatagala tarapyndan bagyşlanan paýhas çeşmesidir;
- jemgyýetde gatnaşyklaryň birmeňzeş tertibini berkarar etmegiň umumy (uniwersal) serişdesidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 3-nji bap. Döwlet we jemgyýetiň syýasy ulgamy

## §1. Döwlet barada düşünje we onuň alamatlary

Döwlet we onuň jemgyýete edýän täsiri eýýäm 2,5 müň ýyldan gowrak wagt bäri adamzadyň görnükli akyldarlary tarapyndan öwrenilip gelinýär. Şol ummasyz möhletiň dowamynda-da her bir pelsepeçi onuň pikiriçe döwletiň mazmunyny has giňişleýin hem gutarnykly açyp görkezýän kesgitlemäni bermäge çalşypdyr. Gadymyýetiň beýik akyldarlarynyň biri Aristotel döwleti – “ raýatlaryň başga bir görnüşdäki gatnaşyklara mätäç bolmadyk we hemmelerden garaşsyz, öz-özüni üpjün edýän gatnaşygy” hökmünde kesgitläpdir. Renessans eýýamynyň[1] görnükli akyldary Makiawelli[2] döwleti anyk we hakyky döwlet bähbitleriniň berjaý edilmegi zerarly ýüze çykýan umumy eşretleriň jemi diýip hasaplapdyr.

XVI asyryň meşhur pelsepeçisi Žan Boden[3] bolsa döwlete “maşgalalaryň hukuk taýdan dolandyrylmagy hem-de ýagşylygyň we adalatlylygyň hemişelik başlangyçlaryna gollanmaga borçly bolan ýokary häkimiýet bilen maşgalalaryň arasyndaky umumylyklar” hökmünde garapdyr. Onuň pikiriçe görkezilen başlangyçlar umumy eşreti döretmeli ekeni, umumy eşreti gazanmak bolsa döwlet gurluşynyň baş maksady bolup durýar. Edil şonuň ýaly, döwletiň we hukugyň döremegi barada dürli-dürli taglymatlary döredijileriň her biriniň döwlet hem onuň mazmuny barada öz garaýyşlary bolupdyr. T. Gobbs, J. Lokk, L. Gumplowiç we ş.m. akyldarlaryň her haýsy döwlete özüçe kesgitleme beripdir.

Ýöne häzirki zaman hukuk ylmy döwlete kesgitleme berende şahsy (subýektiw[4]) garaýyşlara ýykgyn etmän, esasan maddy dünýä mahsus bolan umumy (obýektiw) ýagdaýlardan ugur alýar. Şonuň üçinem, hukuk ylmynyň häzirki döwürde ýeten derejesinden ugur alyp, döwlete şu aşakdaky ýaly gysgaça kesgitleme bermek mümkin.

**Döwlet** – *bu ýurduň bütin çäginde, ähli ilat tarapyndan tabyn bolunýan, ýörite dolandyryş we mejbur ediş ulgamy (apparaty) bolan, hemmeler tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli kadalary kabul edýän we doly özygtyýarlylyk (suwerenitet[5]) hukukly, jemgyýetde bir bütewi syýasy häkimiýeti amala aşyrýan guramadyr.*

---

[1]Renessans eýýamy ýa-da başgaça aýdylanda Galkynyş eýýamy-“renaitre-galkynmak, täzeden dünýä inmek” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, Ýewropanyň XIII-XVI asyrlardaky taryhyny öz içine alýar. Şol döwürde Ýewropada adamlaryň pikir edişi, ylym, edebiýat, sungat, syýasat, döwletleriň gurluşlary, umuman jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli ugurlary düýpli özgerişliklere sezewar bolup, täze döwür, täze eýýam başlanýar. Rowaýaty maglumatlara görä bu döwrüň atlandyrylyşy italýan şahyry Renessansyň adyndan gelip çykypdyr;

[2]Nikkolo di Bernardi Makiawelli, 1469-1527-nji ýyllarda ýaşan, italýan pelsepeçisi, döwlet işgäri. Esasy ylmy işi, 1513-nji ýylda ýazylyp, 1532-nji ýylda çap edilen “Hökümdar” atly işdir;

[3]Žan Boden, 1530-1596-njy ýyllarda ýaşan, fransuz ruhanysy, pelsepeçisi;

[4]Subýektiw-subýekt-“subjectus-aşagynda ỳatan, esasynda duran” diỳen latyn sözlerinden gelip çykyp, nazary-tejribe tejribe işjeňliginiň we aň ỳetirmegiň netijelerini özünde jemleỳän şahsyỳeti ỳa-da sosial topary, subýektiw sözi bolsa şahsyýete, onuň içki dünýäsine degişliligi aňladỳar;

[5]Suwerenitet-“ souveranitat-ỳokary häkimiỳet” diỳen nemes hem-de **souverainete** diỳen fransuz sözlerinden gelip çykan adalgadyr.

Döwlet häkimiýeti sosial häkimiýetiň[1] beýleki görnüşlerinden şu aşakdaky alamatlar bilen tapawutlanýar:

- onuň syýasy tebigaty bar;
- ol jemgyýetçilik işiniň beýleki görnüşlerine garanyňda özbaşdak we garaşsyzdyr, jemgyýetden saýlanýar we ondan ýokarda durýar;
- köp halatda öz ygtyýarlyklaryny ynandyrmak arkaly amala aşyrýar, ýöne zerurlyk ýüze çykanda ygtyýarlygynda bolan mejbur ediji serişdeleriň uly toplumyndan peýdalanyp bilýär;
- sosial häkimiýetiň ähli görnüşlerinden diňe döwlet häkimiýeti jemgyýetiň hemme agzalarynyň özüne tabyn bolmagyny talap edýär we üpjün edýär;
- sosial häkimiýetiň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda syýasy-döwlet häkimiýeti diňe berk kesgitlenen çäklerde hereket edýär;
- onuň ähli ygtyýarlyklary hem wezipeleri hut şol maksat bilen döredilen edaralaryň ulgamy tarapyndan amala aşyrylýar.

Mälim bolşy ýaly, *döwlet* jemgyỳetiň önümidir. Has düşnükli aỳdylanda, aỳratyn şahsyỳetleriň özara gatnaşyklara girip, belli bir durmuş toparlaryny döretmekleriniň netijesinde jemgyỳet emele gelỳär. Şol durmuş toparlarynyň agzalary öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ençeme sosial-syỳasy institutlary döredỳärler. Döwlet hem ägirt uly sosial institutdyr. Syỳasy partiỳalar, jemgyỳetçilik pikiri, köpçülikleỳin habar beriş serişdeleri, saỳlawlar we sala salşyklar ulgamy, kanunçykaryş, kazyỳet we dolandyryş ulgamlary hem-de beỳleki jemgyỳeti hemmetaraplaỳyn edara etmek üçin zerur bolan ulgamlar bolsa “Döwlet” atly ägirt uly institutyň düzüm bölekleri bolup durỳarlar.

Döwletiň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

-Döwletiň ỳerleşỳän çägi (territoriỳasy);

-Döwletiň hemişelik ilaty;

-Döwletiň häkimiỳet-dolandyryş ulgamy;

-Döwletiň özygtyỳarlygy (suwereniteti);

Bu adalgalara gysgaça düşündiriş berlende, şu aşakdakylary bellemek bolar:

*Döwletiň ỳerleşỳän çägi* – bu döwletiň öz häkimiỳet-dolandyryş ygtyỳarlyklaryny erkin amala aşyrmaga bolan hukugy doly hereket edỳän, ỳagny döwletiň özygtyỳarlygyna degişli bolan we özge döwletiň ỳerleşỳän çäginden döwlet serhediniň esasynda aỳratynlaşdyrylan, döwletiň hemişelik ilatynyň ỳaşaỳan ỳeridir. *Döwlet serhedi* diỳlende bolsa, biziň Türkmenistan döwletimiziň mysalynda alnanda, 01.10.1993 ỳylda kabul edilen, “Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda Türkmenistanyň çäk taýdan özygtyýarlylygyna degişli bolan gury ýerine, ýerastyna, suwuna hem-de howa giňişligine (Türkmenistanyň Döwlet serhediniň çäk çyzygyndan dikligine gidýän tekizlige çenli bolan giňişligine) düşünilỳär.

*Döwletiň hemişelik ilaty* diỳen adalganyň astynda belli bir döwletiň çäginde ỳaşaỳan adamlaryň toplumy aňladylỳar.

---

[1]Sosial häkimiýet-bu umumy manyda alnanda, adamlaryň işine we özlerini alyp baryşlaryna şahsy erkiň, at-abraýyň, hukugyň ýa-da zorlugyň we ş.m. kömegi bilen kesgitleýji hem ugrukdyryjy täsir etmeklige mümkinçiligiň we ukyplylygyň bolmagyny aňladýar. Sosial häkimiýetiň ene-atanyň häkimiýeti, döwlet häkimiýeti, jemgyýetçilik häkimiýeti, ykdysady häkimiýet ýaly birnäçe görnüşleri bar.

*Döwletiň häkimiỳet-dolandyryş ulgamy* diỳlende bolsa, döwletiň bütin çäginde dolandyryş-serenjam beriş, kanunçykaryş we adyl kazylygy amala aşyrmak ygtyỳarlyklary bolan döwlet edaralarynyň ulgamyna düşünilỳär. Biziň döwletimizde döwlet häkimiỳeti üç şahadan ybarat bolup, olar kanunçykaryjy häkimiỳete, ỳagny Türkmenistanyň Mejlisine, ỳerine ỳetiriji häkimiỳete, ỳagny Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine, şeỳle hem kazyỳet häkimiỳetine, ỳagny Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine we kazyỳet edaralarynyň ulgamyna bölünỳärler.

*Döwlet özygtyỳarlygy* döwletiň içerki we daşary işlerini amala aşyranda doly garaşsyz bolmagyny, çäkleriniň eldegrilmesizligini, ykdysady özygtyỳarlygyny we garaşsyzlygyny, durmuş we syỳasy düzgünini diňe ỳeke-täk öz halkynyň kesgitläp bilmegini aňladỳandyr. Suwerenitet ỳörelgesi halkara hukugynyň esasy çeşmeleriniň biri bolan Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynda, BMG-niň Baş Assambleỳasy[1] tarapyndan 24.10.1970 ỳylda kabul edilen „Döwletleriň içerki işlerine gatyşmaklyga ỳol bermezlik, olaryň özygtyỳarlylygyny we garaşsyzlygyny goramak barada Jarnamada“ we beỳleki halkara hukuk namalarynda berkidilỳär.

Özygtyỳarlylygy esasy üç sany düzüm bölegi emele getirýär:

**1.** *Döwlet häkimiỳetiniň hökmürowanlygy* – döwletiň bütin çäginde doly häkimiỳete eỳe bolmagyny aňladỳar. Döwletiň çäklerinde başga hiç bir guramanyň ỳa-da birleşigiň döwletiň häkimlik ygtyỳarlyklaryny eỳelemäge ỳa-da öz ygtyỳarlyklaryny döwletiň häkimlik ygtyỳarlyklaryndan ỳokarda goỳmaga haky ỳokdur. Döwlet özygtyỳarlylyk hukugyndan gelip çykỳan *häkimlik ygtyỳarlyklary* bilen tutuş halkyň adyndan çykyş edỳär we bütin çäginde hemmeler tarapyndan hökmany ỳerine ỳetirilmäge degişli bolan, hukuk gatnaşyklarynyň umumy düzümini we tertibini, şeỳle hem fiziki şahslaryň[2] özlerini alyp baryşlarynyň we ỳuridik şahslaryň[3] hereketleriniň çägini kesgitleỳär. Şonuň ỳaly-da dürli guramalaryň, birleşmeleriň işini hukuk taỳdan kadalaşdyrỳar. Mundan başga-da şahsyỳetiň hukuklaryny, azatlyklaryny berkidỳär, borçlaryny kesgitleỳär. Döwlet edaralarynyň wezipeleriniň hem-de wezipeli adamlaryň ygtyỳarlyklarynyň çägini kanun esasynda reglamentasiỳa[4] edỳär. Emma döwlet häkimiỳetiniň hökmürowanlygy onuň üçin hiç bir çäklendirmeleriň ỳokdugyny aňlatmaỳar. Demokratiỳa[5] ỳörelgelerine[6] esaslanỳan jemgyỳetde döwlet häkimiỳeti diňe hukuk

---

[1]Assambleỳa-“assamblee-ỳygnak” diỳen fransuz sözünden gelip çykan adalga;

[2]Fiziki şahs-Türkmenistanyň Raỳat kodeksiniň 19-njy maddasyna laỳyklykda Türkmenistanyň raỳaty, daşary ỳurt raỳaty ỳa-da raỳatlygy bolmadyk adam. **Kodeks**-“codex-kitap” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň bir meňzeş toparyny kadalaşdyrmaga gönükdirilen kanunlaryň tertipleşdirilen ulgamyny aňladỳar;

[3]Ỳuridik şahs-Türkmenistanyň Raỳat kodeksiniň 48-nji maddasyna laỳyklykda, eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyỳetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama;

[4]Reglamentasiỳa-“reglaument-düzgün, dessur” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, dessurlaşdyrmak ỳa-da döwlet edarasynyň, guramasynyň ỳa-da kärhanasynyň işini kadalaşdyrỳan düzgünleriň jemini döretmek, kabul etmek diỳmegi aňladỳar;

[5]Demokratiỳa-“demos-halk, kratos-häkimiỳet” diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylỳan döwletde raỳatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edỳän syỳasy düzgüni aňladýar.

[6]Ỳörelge (prinsip)-“principium-başlangyç, esas” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, hukuk ylmynda esasgoỳujy kadalary, ỳörelgeleri aňladỳar;

esasynda hereket edỳär we kanun bilen çäklendirilỳär, ỳagny döwlet häkimiỳet edaralary hem edil beỳleki fiziki we ỳuridik şahslar ỳaly demokratiỳa, hukuk, dünỳewilik, adalatlylyk, ynsanperwerlik, deňhukuklylyk we ş.m. ỳörelgelere goldanyp kabul edilen kanunlary ỳerine ỳetirmeklige hem-de şol kanunlaryň talaplaryna tabyn bolmaklyga borçludyrlar.

**2.** *Döwlet özygtyỳarlylygynyň bütewiligi* - özygtyỳarlylygyň döwlet edaralarynyň haỳsy hem bolsa birine, mysal üçin, parlamente[1], ministrler kabinetine ỳa-da kazyỳete aỳratynlykda degişli bolman, tutuşlygyna diňe döwletiň ỳeke-täk özüne degişlidigini aňladỳar.

**3.** *Döwlet garaşsyzlygy* bolsa özygtyỳarlylygyň möhüm düzüm bölegi bolup, ol döwlet häkimiỳetiniň beỳleki döwletler bilen gatnaşyga girende doly özbaşdak bolmagyny aňladỳar. Döwletler halkara gatnaşyklarynda özbaşdak bolmak bilen bir wagtda diňe halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we dessurlaryna eỳerỳärler.

Döwletiň özygtyýarlylygy halkyň özygtyýarlylygyndan gelip çykýar. Halkyň özygtyỳarlylygy (suwereniteti) bolsa, hukuk döwletiniň iň esasy alamatlarynyň biri bolup durýar. Şonuň bilen birlikde-de, halkyň suwereniteti halk häkimiỳetliliginiň, ỳagny demokratiỳanyň hakykat ỳüzünde amala aşyrylmagynyň hem möhüm şertidir. Suwerenitet barada taglymatyň esasgoỳujysy, 1576-njy ỳylda özüniň “Respublika hakda” atly düỳpli ylmy eserinde suwerenitet adalgasyna “döwletde doly, gutarnykly hem ebedi häkimiỳet” diỳen düşünjäni beren, fransuz ruhanysy Žan Bodendir. Bu ỳörelgäni ylmy taỳdan has çuň esaslandyryp, kämilleşdiren akyldar bolsa fransuz pelsepeçisi Žan-Žak Russodyr. Ol 1762-nji ỳylda özüniň “Jemgyỳetçilik şertnamasy” atly düỳpli ylmy eserinde: “doly hem gutarnykly suwerenitet, aỳrybaşgalaşdyryp (ỳagny, özgelere berip, geçirip) bolmaỳan häkimiỳet ygtyỳarlyklarynyň eỳesi bolan halkyňkydyr” diỳip belläp geçipdir.

Häzirki zaman hukuk ylmynda döwletiň we hukugyň döremegi barada öňdebaryjy taglymat hasaplanýan hukuk döwleti we raýat jemgyýeti barada taglymatda, özygtyỳarly döwlet häkimiỳetine jemgyỳetiň jemlenen erk-isleginiň beỳany hökmünde garalỳar. Ol taglymatyň nazaryýet esaslaryna laýyklykda, adam dünỳä inende doly we hemmetaraplaýyn erkin bolup dogulỳar. Ỳaşaỳşa, jan saglygyna, abadanlaşdyrylan ỳaşaỳyş jaỳyna, eỳeçilige, bilime, zähmete, maddy we medeni durmuş ỳöretmäge bolan hukuklar ỳaly hukuklar we azatlyklar hem onda dogabitdi bardyr. Emma adamlar özara gatnaşyklaryny dolandyrmak we eden-etdiligiň, bulam-bujarlygyň öňüni almak üçin özleriniň belli bir hukuklaryny çäklendirmek we şol hukuklary dolandyrmak ygtyỳarlygyny özleri tarapyndan döredilen ägirt uly gurama-döwlete berỳärler. Şonda hem döwletiň, jemgyỳetiň we şahsyỳetiň arasynda üç taraplaỳyn jemgyỳetçilik şertnamasy baglaşylỳar. Şu nukdaỳnazardan Konstitusiỳa we kanunlara hem jemgyỳetçilik şertnamasy hökmünde garamak bolar. Sebäbi görkezilen hukuk namalarda edil raỳat dolanyşygynyň talabalaỳyk düzülen islendik adaty şertnamasyndaky ỳaly taraplaryň hukuklary we borçlary, näme maksat bilen hukuk namanyň kabul

[1]Parlament-“parler-geplemek” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, hukuk ylmynda döwlet häkimiỳetiniň ỳokary wekilçilikli kanunçykaryjy edarasynyň adyny aňladýar.

edilỳändigi, onuň hukuk taỳdan güỳje girmeginiň, üỳtgedilmeginiň we ỳatyrylmagynyň möhleti hem tertibi we ş.m. wajyp ýagdaýlar kesgitlenilỳär. Döwlet halkyň adyndan çykyş edỳär we diňe özüne halk tarapyndan berlen ygtyỳarlyklaryň çäginde, hukuk kadalary bilen berk düzgünleşdirilen tertipde hereket edỳär.

Görkezilenlerden başga-da döwletiň goşmaça alamatlary hem bardyr. Olar döwletiň gury ýer, howa, suw serhetleri, hukuk ulgamy, maliýe-salgyt ulgamy, döwlet nyşanlary, paýtagty, hukuk goraýyş ulgamy, ýaragly güýçleri we ş.m..

Şu ýerde, döwlet barada ýene-de bir bellemeli möhüm ýagdaýlaryň biri, durnukly syỳasy bileleşik hökmünde garalỳan belli bir döwlete, sözüň doly manysynda halkara hukugynyň *doly hukukly subỳekti* hökmünde garalmagy üçin şol döwletiň beỳleki döwletler hem-de BMG tarapyndan ykrar edilmegi zerurdyr.

Halkara hukugynda döwletiň ykrar edilmeginiň esasy iki görnüşi bardyr. *De ỳure* – (latynça **de jure** – hukuga laỳyklykda) döwletiň we onuň hökümetiniň özge döwletler tarapyndan resmi taỳdan doly ykrar edilmegi, ỳagny bir döwletiň baştutatynyň ỳa-da ygtyỳarly wekiliniň resmi taỳdan kabul edilen nama ỳa-da resmi çykyş arkaly täze döwletiň dörändigini ykrar etmegidir. *De fakto* – (latynça **de facto** – iş ỳüzünde) döwletiň we onuň hökümetiniň resmi taỳdan doly däl ykrar edilmegi, ỳagny täze dörän döwlet bilen özge döwletleriň resmi taỳdan ykrar etmezden ykdysady, syỳasy we medeni gatnaşyklara girmek arkaly iş ỳüzünde şol döwleti halkara hukugynyň subỳekti hökmünde kabul etmegidir.

Görkezilenlerden başga, halkara hukugynda döwletleriň halkara hukugynyň subỳekti hökmünde ykrar edilmeginiň ỳörgünli bolmadyk ỳene-de bir görnüşi bardyr. *Ad hok* (latynça **ad hoc** – şu ỳagdaỳ üçin, şu ỳagdaỳa degişli) – döwletiň özüniň gatnaşmagynda ỳa-da gatnaşmazlygynda, beỳleki döwletleriň belli bir ỳagdaỳlardan (uruş, dartgynly gapma-garşylyk we ş.m.) çykalga hökmünde özara şertnama baglaşmaklarynyň netijesinde döremegidir we ykrar edilmegidir. Mysal üçin, Ikinji jahan urşundan soňra ỳeňiji döwletleriň özara baglaşan şertnamalarynyň esasynda Germaniỳa Federatiw Respublikasy (GFR) we Germaniỳa Demokratik Respublikasy (GDR), şonuň ỳaly-da başga hem birnäçe döwletler döredi we olar halkara hukugynyň doly hukukly subỳektleri hökmünde ykrar edildiler. Döwletiň halkara gatnaşyklarynda *doly hukukly bolmagy*, onuň beỳleki döwletler bilen *deň hukukly bolmagyny* we özygtyỳarlylyk (suwerenitet) immunitetinden[1] peỳdalanmagyny hem aňladỳar.

## §2. Döwletiň görnüşleri, mazmuny we onuň sosial wezipeleri

Bu babyň 1-nji soragynda bellenip geçilişi ýaly, döwlet barada dürli döwürlerde dürli alymlaryň biri-biriniňkä meňzemeýän, kähalatda bolsa juda ujypsyz derejede çalym edýän garaýyşlary bolupdyr. Şol dürli-dürli garaýyşlar hem döwlet-hukuk ylmyny emele getiripdir we onuň häzirki zamandaky derejesine

[1]Immunitet-"immunitas-temmilerden azat edilmek, ỳeňillikler" diỳen latyn sözünden gelip çykỳar. **Özygtyỳarlylyk immuniteti**-bir döwletiň başga bir döwletiň kazyỳetiniň ygtyỳarlygyna degişli bolmazlygyny, ỳagny bir döwletiň kazyỳetine başga bir döwletiň garşysyna hak islegi bilen çykyş edip bolmazlygyny we bir döwletiň emläginiň başga bir döwletiň kazyỳetiniň çözgüdiniň esasynda tussag astyna alnyp bilinmezligini aňladỳar.

çenli kämilleşmegine hem-de kämilleşmegini mundan beýläk-de dowam etmegine getiripdir.

Häzirki zaman hukuk ylmynda ýykgyn edilýän döwlet baradaky günbatar garaýyşlarynyň (konsepsiýasynyň[1]) emele gelmegi gadym zamanlardan, ýagny Aristoteliň döwlete erkin we deňhukukly raýatlaryň syýasy birleşmesi (assosiýasiýasy[2]) hökmünde düşünje bermeginden öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Şeýle düşünilende, döwlet jemgyýetden düýbünden saýlanmaýar we ondan ýokarda durmaýar. Ol edil beýleki jemgyýetçilik guramalaryna meňzeşlikde, ägirt uly jemgyýetçilik birleşmesi ýaly bolup görünýär. Aristoteliň döwlet baradaky garaýyşlary Siseron, Foma Akwinat, Marsiliý Padualy[3], Gugo Grosiý, Jon Lokk, Immanuil Kant we beýlekiler tarapyndan goldanylypdyr. Ýöne XVI-XVII asyrlarda pelsepeçileriň döwlet baradaky garaýyşlary başga häsiýete eýe bolup ugrapdyr. Şol döwürlerde Žan Bodeniň, Tomas Gobbsyň, Wilgelm Gumboltyň[4], Karl Marksyň, Wladimir Leniniň garaýyşlarynyň täsiri bilen döwlete raýatlaryň birleşmesi hökmünde däl-de, ýörite edaralar tarapyndan amala aşyrylýan köpçülikleỳin jemgyỳetçilik häkimiýetiniň ýeke-täk aňlatmasy hökmünde garalyp başlanýar.

XVII asyrda adamyň tebigy hukuklary we döwletiň raýatlaryň arasynda baglaşylan şertnamanyň esasynda emele gelmegi hakynda taglymatyň esasyny düzýän garaýyşlar işlenip düzülýär. XVIII asyrda bolsa pelsepe ylmy bu iki düzüm bölegini, baş maksady şahsyýeti islendik görnüşdäki eden-etdilikden goramak bolan liberal döwletiň nazaryýet esaslaryny işläp düzmek üçin birleşdirýär[5]. XIX asyrda dowam etdirilen ylmy gözlegler bolsa, hukuk döwletiniň nazaryýet esaslaryny döretmegiň hötdesinden geldi[6]. Öz gezeginde XX asyr hem sosialistik döwletler, faşistik döwletler ýaly döwletiň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyna we olaryň adamzadyň aglaba köp bölegi tarapyndan ýazgarylmagyna getirdi.

Häzirki wagtda-da hukuk ylmynda döwletler mazmuny boýunça birnäçe görnüşlere bölünýändir. Olaryň esasylary hem şu aşakdakylardyr:

- *Totalitar[7] döwlet* – bu raýatlaryň durmuşyna we olaryň birleşmeleriniň işine birsyhly we yzygiderli goşulmak bilen jemgyýetiň syýasy we ykdysady ulgamynda ölçegleriň we pikirleriň doly hem gutarnykly birmeňzeşligini üpjün etmäge çalyşýan döwletdir. Şeýle döwlet jemgyýeti özüne doly tabyn edýär. Totatlitar döwlet – bu jemgyýetiň üstünden döwletiň diktaturasydyr (doly höküm sürmegidir);

---

[1]Konsepsiýa-“conseptio-düşünmeklik, ulgam” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir hadysalara düşünmegiň usulyny, olar baradaky garaýyşlary, esasy nukdaýnazary aňladýar;

[2] Assosiýasiýa-“association-birleşme, birleşik, goşulmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[3]Marsiliý Padualy, 1275-1343-nji ýyllarda, Italiýanyň Padua şäherinde ýaşan, italýan alymy, pelsepeçisi, ruhanysy. Esasy ylmy işi, “Parahatçylygyň goragçysy” atly eserdir. Rim papasynyň häkimiýetine garşy çykandygy üçin 1327-nji ýylda ol dinden çykarylyp, näletlenilipdir;

[4]Wilgelm Gumbolt, 1767-1835-nji ýyllarda ýaşan, nemes pelsepeçisi, dilçi-alym, döwlet işgäri, diplomat. 1809-njy ýylda Berlin uniwersitetini döreden adam. **Diplomat**-„dipl-oma-iki eplenen hat, ỳazgy ỳazylỳan tagta“ diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, döwletiň hökümetiniň daşary gatnaşyklary amala aşyrmaklyga gönükdirilen işjeňligi bilen meşgullanýan döwlet gullukçysyny aňladỳar. **Uniwersitet**-„universitas-jemlik, bütewilik“ diýen latyn sözünden gelip çykyp, ylmyň dürli ugurlary boýunça hünärmenler taýýarlanýan ýokary okuw mekdebini aňladýar;

[5] Russonyň, Monteskýeniň, Gumboltyň we ş.m. işleri;

[6] R. Molyň işleri;

[7]Totalitar-“ totalis-bütewi, ähli” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- *Awtoritar*[1] *döwlet* – bu tutuş döwlet häkimiýeti bir şahsyýetiň ygtyýarlygynda jemlenen, döwlet tarapyndan jemgyýetiň we aýry-aýry raýatlaryň durmuşyna yzygiderli gatyşylmagy bilen birlikde, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň iň owunjak ugurlaryna çenli kadalaşdyrylmaga çalşylýan döwletdir;
- *Hukuk döwleti* diýen düşünje, ilki bilen döwletde kanunyň agalygynyň berkarar edilmegini, jemgyýetiň raýat jemgyýeti derejesine kämilleşmegini, ynsanyň – onuň mertebesiniň, tebigy hem mizemez hukuklarynyň döwlet üçin ýokary, baş gymmatlyk hökmünde görülmegini aňladỳar. *Kanunyň agalygy diýmek* – bu döwletde halk köpçüliginiň we her bir şahsyýetiň bähbidini nazarda tutmak bilen, şeýle-de dünýä bileleşiginiň ykrar eden hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň kabul eden Ylalaşyklarynyň (Konwensiýalarynyň[2]) ynsanperwer kadalaryndan ugur alyp, döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen Konstitusiýanyň we ähli kanunlaryň hemmeler tarapyndan deň-derejede berjaý edilmegi, kanunyň döwletiň bütin çäginde höküm sürmegi, jemgyýetde we döwletde kanunyň ähli zatdan belentde durmagy diýmekdir;
- *Sosial döwlet* diỳlende, öz raỳatlarynyň abadan ỳaşaỳşy we erkin ösüşi üçin ähli amatly şertleri döredỳän, tutuş döwlet syỳasaty adamlaryň saglygyny, maşgalany, eneligi, çagalygy goramaga, şonuň ỳaly-da adamlar üçin howpsuz zähmet şertlerini üpjün etmäge, maỳyplara hem garrylara yzygiderli we möçberleri birsyhly artdyrylỳan döwlet hemaỳatlaryny bermäge, şeỳle hem adamlara durmuş taỳdan goraglylygyň ähli mümkinçiliklerini kepillendirmäge gönükdirilen döwlete düşünilỳär;
- *Dünỳewi döwlet* diỳlende, döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýändigini, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeỳle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünỳewi häsiýete eýedigini aňladỳar.

Umuman ýokarda görkezilen garaýyşlar jemlenip aýdylanda, häzirki zamanda döwletiň mazmuny, onuň jemgyýetde guramaçylygy we tertip-düzgüni üpjün ediji güýç bolmak bilen, jemgyýetiň agzalarynyň şahsy we umumy bähbitlerini berkarar edýändiginden hem goraýandygyndan ybaratdyr. Diýmek döwletiň iň esasy sosial (durmuş) wezipesi jemgyýetiň manyly-mazmunly ýaşaýşyny üpjün etmek bolup durýar.

## §3. Döwlet hakynda häzirki zaman taglymatlary

Mälim bolşy ýaly, döwlet hakynda häzirki zaman taglymatlary – bu döwletiň jemgyýetdäki orny, ähmiýeti, wezipeleri, onuň mazmuny we onuň geljekki

[1]Awtoritar-“autoritarisme-häkimiỳet, täsirlilik” diỳen fransuz sözünden gelip çykan adalga;
[2]Konwensiýa-“conventio-ylalaşyk” diýen latyn sözünden gelip çykyp, düzgün bolşuna görä belli bir çygyrda döwletleriň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän halkara şertnamalarynyň bir görnüşini aňladýar.

ösüşiniň kanunalaýyklyklary barada häzirki zaman garaýyşlarynyň jemidir. Olardan iň esasylary bolsa şu aşakdakylardyr:

- *Saýlama gatlaklar* (elitalar[1]) *barada taglymat* (G. Moski, W. Pareto[2], H. Lassuel, D. Sartori). Bu taglymat XX asyryň başlarynda döredi we oňa laýyklykda, halk köpçüligi döwleti dolandyrmaga ukypsyz, şonuň üçinem döwleti dolandyrmak diňe ilatyň saýlama gatlaklary, jemgyýetiň gurluşynda ilkinji orunlary eýeleýän ýokary gatlaklaryň agzalary tarapyndan amala aşyrylyp bilinýär. Jemgyýetiň saýlama gatlaklary bolsa dürli ölçeglere – ukyplara, bilime, tejribä we ş.m baglylykda döräp bilýär, ýagny islendik guramaçylyga ukyply, dolandyrmaga başarnygy we ýeterlik bilimi hem tejribesi bolan adam (indiwid[3]) jemgyýetiň saýlama gatlaklarynyň biriniň agzasyna öwrülip bilýär. Şonuň netijesinde-de ol hem döwleti dolandyrmak işine gatnaşmaga mümkinçilik gazanýar. Halk bolsa özüni we döwleti dolandyrmak üçin dürli saýlama gatlaklaryň haýsy-da bolsa birini seçip-saýlap bilýär;
- *Tehnokratiýa*[4] *barada taglymat* (T. Weblen[5], D. Bernheým[6], G. Saýmon[7], D. Bell[8] we ş.m.). Bu taglymat XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda ýörgünlilige eýe bolup, oňa laýyklykda, häkimiýeti emele getiriji başlangyç hökmünde maglumatyň çykyş edýän döwletlerinde jemgyýeti dolandyryş işi hünärmenler – menejerler[9], tehnokratlar tarapyndan amala aşyrylmalydyr. Sebäbi diňe şolar jemgyýetiň üstünlikli ösüşini üpjün edip bilýärler;
- *Köpgörnüşli, köppikirli* (plýuralistik[10]) *demokratiýa barada taglymat* (G. Laski, M. Dýuwerže[11], R. Darendorf[12], R. Allen, R. Dal we beýlekiler). Bu taglymat XX asyryň ortalarynda emele gelipdi we oňa laýyklykda, häzirki zaman jemgyýeti synpy gurluş hökmünde hereket etmän, ony adamlaryň durmuşy (sosial) birleşmeleriniň – stratalaryň[13] jemi emele getirýär. Ol birleşmeler-stratlar bolsa ýaş meňzeşlikleri, ýaşaýyş ýer, hünär, gyzyklanma utgaşyklary ýaly dürli esaslar boýunça döreýärler. Şol stratlaryň öňdebaryjy wekilleri hem döwleti dolandyrmaklyga gatnaşýarlar;

---

[1]Elita-“elite-iň gowusy, saýlama” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, sosiologiýada we politologiýada jemgyýetiň sosial gurluşynda iň wajyp we medeni wezipeleri berjaý edýän ýokary gatlagy aňladýar;
[2]Wilfredo Pareto, 1848-1923-nji ýyllarda ýaşan italýan sosiology we ykdysadyýetçisi;
[3]Indiwid-“individuum-şahs, bölünmeýän” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, şahsyýet, adam diýmegi aňladýar;
[4]Tehnokratiýa-“techne-sungat, senet, hünär, ussatlyk, kratos-häkimiýet” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[5]Torsteýn Weblen, 1857-1929-njy ýyllarda ýaşan, amerikan sosiology we ykdysadyýetçisi;
[6]Jeýms Bernheým, 1905-1987-nji ýyllarda ýaşan amerikan sosiology;
[7]Gerbert Saýmon, 1916-njy ýylda doglan amerikan sosiology we ykdysadyýetçisi. 1978-nji ýyl boýunça Nobel baýragynyň eýesi (laureaty). **Laureat**-“laureatus-lawr agajynyň ýapraklarynyndan örülen jyga (lawr) geýdirilen” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir sylagyň eýesini ýa-da bäsleşigiň ýeňijisini aňladýar;
[8]Daniel Bell, 1919-njy ýylda doglan amerikan sosiology we habarçysy. Esasy ylmy işi, 1960-njy ýylda ýazylan “Aňyýetiň soňy” atly kitapdyr;
[9]Menejer-“manager-dolandyryjy” diýen iňlis sözünden gelip çykyp, häzirki zaman önümçilik ulgamynda dolandyryşy amala aşyrýan hünärmeni aňladýar;
[10] Plýuralistik-“pluralis-köpsanly, köpdürli” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[11] Moris Dýuwerže, 1917-nji ýylda doglan, fransuz döwleti öwrenijisi, sosiology;
[12] Ralf Darendorf, 1929-njy ýylda doglan nemes sosiology;
[13]Strata-“stratum-gatlak, gat” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- *Ählumumy abadançylygyň döwleti barada taglymat* (D. Keýns[1]). Bu taglymat XX asyryň 50-nji ýyllarynda döräp, oňa laýyklykda döwlet tutuş jemgyýetiň bütewilikde we her şahsyýetiň aýratynlykda bähbitlerini üpjün ediji we goraýjy gurama hökmünde çykyş edýär. Şol baş maksady amala aşyrmak üçinem döwlet jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli ugurlaryndaky, aýratyn hem ykdysadyýet çygryndaky hereketlere, hadysalara gatyşyp hem-de olaryň ösüşini ähliumumy bähbitli ugurlara gönükdirmäge ygtyýarlydyr we borçludyr. Bu taglymat XVII asyrda dörän, jemgyýetçilik ýaşaýşyna örän ujypsyz derejede täsir edýän, „gije garawuly bolan döwlet“ hakyndaky hyýalbent taglymata gapma-garşy garaýyşlaryň jemi hökmünde döredilendir;
- *Hukuk döwleti barada taglymat* (Bu taglymatyň dörän wagty we mazmuny barada gysgaça şu babyň 2-nji soragynyň mazmunynda durlup geçilýär);
- *Ýakynlaşmak, bileleşmek* (konwergensiýa[2]) *barada taglymat* (J. Gelbreýt[3], Gelbreýt[3], U. Rostou[4], Ýa. Tinbergen[5]). Bu taglymat XX asyryň 50-60-njy njy ýyllarynda döräp, oňa laýyklykda, wagtyň geçmegi bilen durmuş-ykdysady we syýasy ösüş derejeleri boýunça birmeňzeş döwlet-hukuk ulgamlarynyň biri-birine ýakynlaşmagy hem bileleşmegi bolup geçýär. Ösüşiň dowamynda olar biri-birinden iň kämil serişdeleri kabul edip alýarlar we özlerinde ornaşdyrýarlar. Uzagyndan bolsa olaryň arasyndaky tapawutlyklar düýpgöter ýitip, birgörnüşli, ýeke-täk “postindustrial[6]” döwlet emele geler;
- *Marksistik-leninçilik taglymat* (Bu taglymatyň dörän wagty we mazmuny barada gysgaça 2-nji babyň 4-nji soragynyň mazmunynda durlup geçilýär).

## §4. Jemgyýetiň syýasy ulgamy we döwlet

Belli bolşy yaly, döwlet hiç bir maksatsyz, diňe bir özi üçin döredilmeýär we hereket etmeýär. Ol jemgyýet üçin döredilýär hem hereket edýär. Ol adamlary bir bütewi häkimiýetiň astynda birleşdirýär, jemgyýetiň bähbitlerini deňagramlaşdyrýar we kanagatlandyrýar. Ýöne şol bir wagtda-da, döwlet jemgyýetde adamlaryň bähbitlerini goraýan ýeke-täk gurama hem däl. Ondan

---

[1]Jon Meýnard Keýns, 1883-1946-njy ýyllarda ýaşan, meşhur iňlis ykdysadyýetçisi, sosiology, syýasy işgäri, dünýäde meşhurlyk gazanan ykdysadyýet ulgamynyň nazaryýet esaslaryny düzüji. Esasy ylmy işleri “Pullar hakynda traktat”, “Işliligiň, göterimiň we pullaryň umumy nazaryýeti”, “Urşuň bahasyny nädip tölemeli?” atly eserlerdir;

[2] Konwergensiýa-“convergere-ýakynlaşmak, bileleşmek” diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga;

[3]Jon Kennet Gelbreýt, 1908-nji ýylda doglan, amerikan ykdysatçysy. Esasy ylmy işleri, “Ykdysadyýet we jemgyýetçilik maksatlary”, “Pullar: olar nireden döredi we nirä ýok boldular”, “Köpçülikleýin garyplygyň tebigaty”, “Garyplygyň anatomiýasy” atly eserlerdir. **Anatomiýa**-“anatome-kesmeklik” diýen grek sözünden gelip çykyp, organizmiň gurluşy barada ylmy aňladýar;

[4]Uolt Uitmen Rostou, 1916-njy ýylda doglan, amerikan taryhçysy we ykdysadyýetçisi. Esasy ylmy işi, 1971-nji ýylda ýazylan, “Ykdysady ösüşiň syýasaty we tapgyrlary” atly eserdir;

[5]Ýan Tinbergen, 1903-1994-nji ýyllarda ýaşan, niderland ykdysadyýetçisi. 1969-njy ýylda ykdysadyýet ugry boýunça Nobel baýragynyň ilkinji eýesi;

[6]Postindustrial-“post-soň, soňky, industria-senagaty aňladýan “işjeňlik, iş”” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, konwergensiýa taglymatyna laýyklykda jemgyýetçilik ösüşiniň täze, has kämil tapgyryny aňladýar.

başga-da adamlary (ilaty) olaryň bähbitleri we gyzyklanmalary boýunça birleşdirýän, jemgyýetçilik birleşikleri[1], syýasy partiýalar[2], kärdeşler arkalaşyklary[3], zähmet kollektiwleri[4], döredijilik, ýaşlar, aýallar we beýleki jemgyýetçilik guramalary[5], täjirçilik birleşmeleri[6] hem bar.

*Jemgyýetiň syýasy ulgamy* diýlende, ýurduň syýasy durmuşyna we oňa dahylly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşýan döwlet, partiýa we jemgyýetçilik edaralarynyň hem guramalarynyň jemine düşünilýär. Jemgyýetiň syýasy ulgamy anyk toplumlara (bloklara[7]) birleşdirip bolýan, syýasy institutlar, syýasy tejribe (praktika[8]) we syýasy aňyýet (ideologiýa[9]) ýaly köp sanly düzüm böleklerinden ybaratdyr.

*Syýasy institutlar* şu aşakdakylardyr:

- öz edaralarynyň (prezident[10], parlament, hökümet, kontrol[11]-gözegçilik, kazyýet, hukuk goraýjy edaralar we ş.m.) üsti bilen hereket edýän döwlet;
- syýasy we beýleki jemgyýetçilik guramalary, şol sanda köp sanly täjirçilik we täjirçilik däl birleşmeler.

*Syýasy tejribäni* syýasy we hukuk kadalary (ýerli öz-özüňi dolandyryş we saýlaw hukuk institutlary), jemgyýetiň syýasy ulgamynyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň arasyndaky syýasy gatnaşyklar, şol gatnaşyklary amala aşyrmagyň tertibi (prosedurasy[12]) emele getirýärler.

---

[1]Jemgyỳetçilik birleşmesi-21.10.2003 ỳyldaky “Jemgyỳetçilik birleşmeleri hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda: “Jemgyýetçilik birleşigi raýatlaryň başlangyjy boýunça döredilen, jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynda beýan edilen umumy maksatlary durmuşa geçirmek üçin bähbitleriň umumylygy esasynda birleşen meýletin, öz-özüňi dolandyryş, täjirçilik däl birikmesidir;

[2]Partiỳa-“partis-bölek, gatnaşmak, paỳ” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, uỳulỳan pikirleriň we amala aşyrylmak islenilỳän bähbitleriň umumylygy zerarly jemlenişen adamlaryň özara birleşmesini, **syỳasy partiỳa** bolsa döwlet işinde belli bir sosial toparlaryň bähbitlerini goramak we olary beỳan etmek üçin döredilỳän syỳasy guramany aňladỳar;

[3]Kärdeşler arkalaşyklary-bu birmeňzeş hünärde işleýän adamlaryň öz bähbitlerini we zähmet hukuklaryny goramak maksady bilen meýletin döredýän jemgyýetçilik birleşmeleridir;

[4]Zähmet kollektiwi, anyk jemgyỳetçilik işini ỳerine ỳetirmek bilen meşgullanỳan adamlaryň gysby, sosial toparyny aňladỳar;

[5]Jemgyýetçilik guramasy – bu agzalyga esaslanỳan, ỳagny, düzümine girỳän şahslar agza hökmünde kabul edilỳän, umumy bähbitlerini goramak we tertipnamalaýyn maksatnamalaryny amala aşyrmak üçin birleşen raýatlaryň bilelikde iş alyp barmak döredỳän jemgyýetçilik birleşmesidir;

[6]Täjirçilik birleşmeleri-bu esasy maksady girdeji gazanmak bolan, telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki we ýuridik şahslaryň birleşmesidir;

[7] Blok-“ block-bölek” diỳen nemes sözünden gelip çykyp, bir bütewi mehanizmiň belli bir bölegini aňladỳar;

[8] Praktika-“praktikos-işjeň, galjaň” diỳen grek sözünden gelip çykan adalga;

[9]Ideologiýa-„idea-düşünje, garaýyş, pikir, logos-okuw, akym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, adamyň öz durmuşyna aň ỳetirmekde goldanỳan syỳasy, hukuk, ahlak, dini, estetiki we filosofiỳa garaỳyşlarynyň hem pikirleriniň ulgamyny aňladýar. **Estetika**-“aisthetikos-duỳguly, duỳujy” diỳen grek sözünden gelip çykyp, gözellige baha kesmeklik babatda umumy ykrar edilen filosofiki ölçegleriň toplumyny aňladỳar;

[10]Prezident-“praesidens-öňde oturỳan” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, döwlet baştutanyny ỳa-da bir birleşmäniň ỳolbaşçysyny aňladỳar;

[11]Kontrol-“controle-barlag” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, **birinjiden**-obỳektleri dolandyrmagyň düzüm bölegi bolup, dolandyrylỳan obỳektiň kanunlarda, gönükdirmelerde we beỳleki kadalaşdyryjy hukuknamalarda kesgitlenen düzgünlere ỳa-da degişli maksatnamalara, meỳilnamalara, şertnamalara ỳa-da taslamalara laỳyk gelỳändigini ỳa-da gelmeỳändigini anyklamak maksady bilen yzygiderli gözegçilikde saklamagy, **ikinjiden**-obỳekti dolandyrmagyň bir ỳerde jemlenmegini, real (hakyky) häkimlik ygtyỳarlyklarynyň bolmagyny aňladỳar.

[12]Prosedura-“procedo-öňe süỳşỳärin” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir işi amala aşyrmagyň tertipleşdirilen dowamlylygyny, haýsydyr bir işi ýa-da işleriň toplumyny amala aşyryş tertibini aňladỳar;

*Syýasy aňyýet* bolsa, syýasy aň-düşünje we medeniýet, syýasy özüňi alyp baryşyň ölçegleri (stereotipleri[1]), syýasy bilimler, ýörelgeler, gymmatlyklar we nusgalyk ynançlar ýaly düzüm böleklerinden ybaratdyr.

Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ýokarda görkezilen düzüm bölekleriniň ählisi jemgyýetçilik işjeňliginiň köp görnüşlerini amala aşyrmagyň dowamynda ýüze çykýarlar, emma olaryň syýasata edýän täsiri çäklidir. Çünki jemgyýetiň syýasy ulgamynyň iň esasy we wajyp düzüm bölegi hökmünde döwlet beýleki düzüm böleklerine garanyňda jemgyýetiň syýasy durmuşyna has uly we düýpli täsir edýär. Onuň jemgyýetiň syýasy durmuşyna edýän täsiriniň ähmiýetiniň ululygyny bolsa, şu aşakdaky ýagdaýlar bilen esaslandyrmak bolar:

- ol jemgyýetiň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär we jemgyýeti şol ugurlar boýunça hereket etmäge gönükdirýär;
- ol jemgyýeti dolandyrýar, munuň üçinem ýörite, kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet we kontrol-gözegçilik edaralarynyň jeminden ybarat bolan köpçülikleýin jemgyýetçilik häkimiýet ulgamynyň güýjünden peýdalanýar;
- tutuş syýasy ulgamyň howpsuzlygyny, bütewiligini kepillendirýär we onuň durnuklylygyny üpjün edýär, jemgyýetiň syýasy güýçleriniň we syýasy pikirleriň hem garaýyşlaryň deňagramlylygy üçin zerur bolan şertleri döredýär;
- diňe onuň bir özi jemgyýetiň syýasy ulgamynyň iň durnukly we uzak wagtyň dowamynda üýtgewsizligini saklap bilýän düzüm bölegi;
- ol ilkinji nobatda syýasy institut bolup durýar;
- onuň doly özygtyýarlylygy (suwereniteti) bar;
- ol beýleki jemgyýetçilik guramalaryndan we syýasy partiýalardan tapawutlylykda, adamlaryň haýsydyr bir aýratynlyklaryna (jynsyna, ýaşyna, hünärine, dine bolan garaýyşlaryna we ş.m.) garamazdan ähli adamlary özünde birleşdirýän, jemgyýetdäki iň uly we iň köpçülikleýin gurama;
- ol jemgyýetdäki iň uly güýçlere (goşuna, polisiýa, howpsuzlyk gullugyna we ş.m.) ygtyýar edip bilýän ýeke-täk gurama;
- onda jemgyýetde tertip-düzgüni üpjün etmek maksady bilen mejbur ediş çärelerini kanunda bellenen tertipde we esaslarda ulanmaga monopoliýa[2] bar;
- onuň ygtyýarlygynda ägirt uly maddy we maliýe serişdeleri jemlenen;
- ol hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalaryny – hukuk kadalaryny kabul edýän ýeke-täk gurama.

---

[1]Stereotip-“stereos-bedene dahylly, gaty, göwrümli, giňişlige degişli, typos-bellik, tagma” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda, haýsydyr bir jemgyýetçilik hadysalarynyň ýa-da hereketleriň umumy mahsus, durnukly häsiýete eýe bolan ölçeglerini aňladýar;
[2]Monopoliýa--“monos-ỳeke, poleo-satỳaryn, ỳeke özüm satỳaryn” diỳen latyn sözlerinden gelip çykan adalga. Bu ýerde ulanylýan manysynda, bu söz döwletiň güýç ulanmak babatda aýratyn we başga hiç bir guramada we şahsda bolmadyk hukugyny aňladýar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 3.1.**



**Çyzgy 3.2.**


Döwletiň serhetleri (gury ýer, howa, suw)
Döwletiň hukuk goraýyş ulgamy
Döwletiň ýaragly güýçleri
Döwletiň goşmaça alamatlary
Döwletiň hukuk ulgamy
Döwletiň paýtagty we ş.m.
Döwletiň maliýe-karz beriş we salgyt ulgamlary
Döwletiň nyşanlary (gerb, gimn, baýdak we ş.m.)


Çyzgy 3.3.
Döwlet häkimiýetiniň sosial häkimiýetiň beýleki görnüşlerinden tapawutlyklary
onuň syýasy tebigaty bar
diňe döwlet häkimiýeti jemgyýetiň hemme agzalarynyň özüne tabyn bolmagyny talap edýär we üpjün edýär
ol jemgyýetçilik işiniň beýleki görnüşlerine garanyňda özbaşdak we garaşsyzdyr, jemgyýetden saýlanýar we ondan ýokarda durýar
diňe berk kesgitlenen serhetleriň çäginde hereket edýär
onuň ähli ygtyýarlyklary hem wezipeleri hut şol maksat bilen döredilen edaralaryň ulgamy tarapyndan amala aşyrylýar
köplenç ygtyýarlyklaryny ynandyrmak arkaly amala aşyrýar, zerurlyk ýüze çyksa mejbur ediji serişdelerden peýdalanýar

Çyzgy 3.4.


Döwlet özygtyýarlylygy (suwereniteti)
Döwletiň içerki we daşary işlerini amala aşyranda doly garaşsyz bolmagyny, çäkleriniň eldegrilmesizligini, ykdysady özygtyỳarlygyny we garaşsyzlygyny, durmuş we syỳasy düzgünini diňe ỳeke-täk öz halkynyň kesgitläp bilmegini aňladỳar
Döwlet häkimiỳetiniň hökmürowanlygy
Döwlet özygtyỳarlylygynyň bütewiligi
Döwlet garaşsyzlygy
Döwletiň bütin çäginde doly häkimiỳete eỳe bolmagyny aňladỳar. Döwletiň çäklerinde başga hiç bir guramanyň ỳa-da birleşigiň döwletiň häkimlik ygtyỳarlyklaryny eỳelemäge ỳa-da öz ygtyỳarlyklaryny döwletiň häkimlik ygtyỳarlyklaryndan ỳokarda goỳmaga haky ỳokdur
Özygtyỳarlylygyň döwlet edaralarynyň haỳsy hem bolsa birine, mysal üçin, parlamente, ministrler kabinetine ỳa-da kazyỳete aỳratynlykda degişli bolman, tutuşlygyna diňe döwletiň ỳeke-täk özüne degişlidigini aňladỳar
Ol döwlet häkimiỳetiniň beỳleki döwletler bilen gatnaşyga girende doly özbaşdak bolmagyny aňladỳar. Döwletler halkara gatnaşyklarynda özge döwletlere ýa-da halkara guramalaryna tabyn bolman, diňe halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we dessurlaryna eỳerỳärler


Çyzgy 3.5.
Döwletiň mazmuny boýunça görnüşleri
Totalitar döwlet
Awtoritar döwlet
Hukuk döwleti
Sosial döwlet
Dünỳewi döwlet
raýatlaryň durmuşyna we işine birsyhly we yzygiderli goşulmak bilen jemgyýetiň syýasy we ykdysady ulgamynda ölçegleriň we pikirleriň doly hem gutarnykly birmeňzeşligini üpjün etmäge çalyşýan döwlet
tutuş döwlet häkimiýeti bir şahsyýetiň ygtyýarlygynda jemlenen, döwlet tarapyndan jemgyýetiň we aýry-aýry raýatlaryň durmuşyna yzygiderli gatyşylýar
döwletde kanunyň agalygy berkarar edilýär, jemgyýet raýat jemgyýeti derejesine kämilleşýär, ynsanyň mertebesi, tebigy hem mizemez hukuklary döwlet üçin ýokary, baş gymmatlyk bolup durýar
raỳatlarynyň abadan ỳaşaỳşy we erkin ösüşi üçin ähli amatly şertleri döredỳän, tutuş döwlet syỳasaty adamlaryň saglygyny, maşgalany, eneligi, çagalygy goramaga gönükdirilen döwlet
dinleriň we dine uýmagyň erkinligi, olaryň kanunyň öňünde deňligi kepillendirilýär, dini guramalar döwletden aýry, olar döwlet işlerine gatyşmaýar

**Çyzgy 3.6.**


**Döwlet hakynda häzirki zaman taglymatlary**
Saýlama gatlaklar (elitalar) barada taglymat
Tehnokratiýa barada taglymat
Köpgörnüşli, köppikirli (plýuralistik) demokratiýa barada taglymat
Marksistik-leninçilik taglymat
Ýakynlaşmak, bileleşmek (konwergensiýa) barada taglymat
Hukuk döwleti barada taglymat
Ähliumumy abadançylygyň döwleti barada taglymat

Çyzgy 3.7.


Jemgyýetiň syýasy ulgamy
Ýurduň syýasy durmuşyna we oňa dahylly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşýan döwlet, partiýa we jemgyýetçilik edaralarynyň hem guramalarynyň jemi
Syýasy institutlar
Syýasy tejribe (praktika)
Syýasy aňýýet
Öz edaralarynyň (prezident, parlament, hökümet, kontrol-gözegçilik, kazyýet, hukuk goraýjy edaralar we ş.m.) üsti bilen hereket edýän döwlet
Syýasy we beýleki jemgyýetçilik guramalary, şol sanda köp sanly täjirçilik we täjirçilik däl birleşmeler
Syýasy we hukuk kadalaryndan (ýerli öz-özüňi dolandyryş we saýlaw hukuk institutlary), syýasy ulgamyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň arasyndaky syýasy gatnaşyklardan ybaratdyr
Syýasy aň-düşünje we medeniýet, syýasy özüňi alyp baryşyň ölçegleri (stereotipleri), syýasy bilimler, ýörelgeler, gymmatlyklar we nusgalyk ynançlar ýaly düzüm böleklerinden ybaratdyr

**Çyzgy 3.8.**

**Jemgyýetiň syýasy durmuşyna döwletiň edýän täsiriniň ululygyny esaslandyrýan ýagdaýlar**

- ol beýleki jemgyýetçilik guramalaryndan we syýasy partiýalardan tapawutlylykda, adamlaryň haýsydyr bir aýratynlyklaryna (jynsyna, ýaşyna, hünärine, dine bolan garaýyşlaryna we ş.m.) garamazdan ähli adamlary özünde birleşdirýän, jemgyýetdäki iň uly we iň köpçülikleýin gurama
- ol jemgyýeti dolandyrýar, munuň üçinem ýörite, kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet we kontrol-gözegçilik edaralarynyň jeminden ybarat bolan köpçülikleýin jemgyýetçilik häkimiýet ulgamynyň güýjünden peýdalanýar
- tutuş syýasy ulgamyň howpsuzlygyny, bütewiligini kepillendirýär we onuň durnuklylygyny üpjün edýär, jemgyýetiň syýasy güýçleriniň we syýasy pikirleriň hem garaýyşlaryň deňagramlylygy üçin zerur bolan şertleri döredýär
- diňe onuň bir özi jemgyýetiň syýasy ulgamynyň iň durnukly we uzak wagtyň dowamynda üýtgewsizligini saklap bilýän düzüm bölegi
- ol ilkinji nobatda syýasy institut bolup durýar
- onuň doly özygtyýarlylygy (suwereniteti) bar
- onda jemgyýetde tertip-düzgüni üpjün etmek maksady bilen mejbur ediş çärelerini kanunda bellenen tertipde we esaslarda ulanmaga monopoliýa bar
- ol jemgyýetiň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär we jemgyýeti şol ugurlar boýunça hereket etmäge gönükdirýär
- ol jemgyýetdäki iň uly güýçlere (goşuna, polisiýa, howpsuzlyk gullugyna we ş.m.) ygtyýar edip bilýän ýeke-täk gurama
- onuň ygtyýarlygynda ägirt uly möçberdäki maddy we maliýe serişdeleri jemlenen
- ol hemmeler üçin hökmany bolan özüni alyp baryş kadalaryny – hukuk kadalaryny kabul edýän ýeke-täk gurama

## *SOWALNAMA*

**1) Döwlet,**
- jemgyýetiň önümidir;
- hukugyň önümidir;
- jemgyýeti emele getirýän guramadyr, döwletsiz jemgyýet bolup bilmez;
- jemgyýet döremezinden öň emele gelipdir, jemgyýet bolmasa-da döwlet hereket edip biler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Döwlet,**
- ýurduň bütin çäginde hereket edýär we oňa şol çäkde ýaşaýan ilat tabyn bolýar;
- özüniň ýörite dolandyryş we mejbur ediş ulgamynyň üsti bilen hereket edýär;
- hemmeler tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli hukuk kadalaryny kabul edýär we olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
- öz serhetleriniň daşynda-da daşary ýurt raýatlary hem-de raýatlygy bolmadyk adamlar babatda öz häkimiýet ygtyýarlyklaryny ulanyp bilýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Döwletiň esasy dört alamaty şu aşakdakylardyr:**
- döwlet baýdagy, tugrasy, senasy hem paýtagty;
- ýerleşýän çägi, hemişelik ilaty, häkimiýet-dolandyryş ulgamy (hökümeti) we özygtyýarlylygy;
- goşuny, milli howpsuzlyk gullugy, polisiýasy we prokuraturasy;
- puly, banklary, salgyt gullugy we ministrlikleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Döwletler mazmuny boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:**
- monarhiýa, respublika, federasiýa we konfederasiýa;
- uly döwlet, kiçi döwlet we orta ululykdaky döwlet;
- totalitar döwlet, awtoritar döwlet, hukuk döwleti, sosial döwlet we dünýewi döwlet;
- unitar döwlet, parlament respublikasy, demokratik döwlet, korollyk.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Döwlet özýgtyýarlylygynyň (suwerenitetiň) düzüm bölekleri,**
- döwlet häkimiỳetiniň hökmürowanlygy, bütewiligi we garaşsyzlygydyr;
- döwlet häkimiýetiniň kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegidir ;
- döwletiň döremeginden, halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda ykrar edilmeginden we beýleki döwletler bilen dürli gatnaşyklara girmeginden ybaratdyr;
- hukuk, kanun we kadalaşdyryjy hukuk namalaryň beýleki görnüşleri bolup durýarlar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Halkara hukugynda döwletiň ykrar edilmeginiň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- de ýure;
- de fakto;
- ad hok;
- döwletleriň ýolbaşçylarynyň birnäçesi tarapyndan we dilden.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Döwletiň esasy alamatlaryndan başga goşmaça alamatlary barmy?**
- käbir döwletlerde – hawa;
- ýok;
- hawa;
- käbir ýagdaýlarda – hawa, galan ýagdaýlarda – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Dünýewi döwletde,**
- dini guramalar döwletden aýry we olar döwletiň işlerine gatyşmaýarlar;
- dini guramalar kähalatda döwlet edaralarynyň wezipelerini ýerine ýetirýärler;
- diňe döwlet bilim edaralary dini guramalaryň garamagynda bolýar;
- hemme dinlere erkinlik we deňhukuklylyk kepillendirilýär, ýöne bir din döwlet dini diýlip ykrar edilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Tehnokratiýa barada taglymata laýyklykda,**
- döwleti jemgyýetiň saýlama gatlaklary dolandyrýar;
- döwlet hünärmenler tarapyndan dolandyrylmalydyr;
- döwleti adamlaryň sosial birleşmeleriniň – stratlarynyň wekilleri dolandyrýarlar;
- tutuş jemgyýetiň bütewilikde we her şahsyýetiň aýratynlykda bähbitlerini üpjün ediji we goraýjy gurama hökmünde çykyş edýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Ýakynlaşmak, bileleşmek (konwergensiýa) barada taglymata laýyklykda,**
- döwleti jemgyýetiň saýlama gatlaklary dolandyrýar;
- döwlet hünärmenler tarapyndan dolandyrylmalydyr;
- döwleti adamlaryň sosial birleşmeleriniň – stratlarynyň wekilleri dolandyrýarlar;
- wagtyň geçmegi bilen durmuş-ykdysady we syýasy ösüş derejeleri boýunça birmeňzeş döwlet-hukuk ulgamlarynyň biri-birine ýakynlaşmagy hem bileleşmegi bolup geçýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Sosial döwlet,**
- öz raỳatlarynyň abadan ỳaşaỳşy we erkin ösüşi üçin ähli amatly şertleri döredỳär;
- adamlaryň saglygyny, maşgalany, eneligi, çagalygy goraýar;
- bu jemgyýetiň üstünden döwletiň diktaturasydyr (doly höküm sürmegidir);

- adamlara durmuş taỳdan goraglylygyň ähli mümkinçiliklerini kepillendirýär.
***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Kanunyň agalygy – bu,**
- döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen Konstitusiýanyň we ähli kanunlaryň hemmeler tarapyndan deň-derejede berjaý edilmegidir;
- döwlet tarapyndan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň iň owunjak ugurlaryna çenli kadalaşdyrylmagydyr;
- kanunyň döwletiň bütin çäginde höküm sürmegidir;
- jemgyýetde we döwletde kanunyň ähli zatdan belentde durmagydyr.
***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Döwlet jemgyýetde adamlaryň bähbitlerini goraýan ýeke-täk guramadyr**.
- hawa;
- ýok;
- käbir ýagdaýlarda – hawa;
- döwlet asla gurama däldir.
***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Jemgyýetiň syýasy ulgamyna girýärler:**
- syýasy aňyýet;
- halkara guramalar;
- syýasy institutlar;
- syýasy tejribe.
***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Syýasy institutlara girýärler:**
- döwlet;
- ýokary okuw mekdepleri;
- syýasy we jemgyýetçilik birleşmeleri;
- täjirçilik we täjirçilik däl birleşmeler.
***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Syýasy we hukuk kadalary, jemgyýetiň syýasy ulgamynyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň arasyndaky syýasy gatnaşyklar, şol gatnaşyklary amala aşyrmagyň tertibi emele getirýärler:**
- syýasy tejribäni;
- syýasy aňyýeti;
- syýasy institutlary;
- döwletiň syýasy ulgamyny.
***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Şu aşakdakylar syýasy aňyýetiň düzüm bölekleri bolup durýar:**
- sowatlylyk, orta we ýokary bilim, alymlyk derejesi;

- syýasy aň-düşünje we medeniýet, syýasy özüňi alyp baryşyň ölçegleri, syýasy bilimler, ýörelgeler, gymmatlyklar we nusgalyk ynançlar;
- edebiýat-sungat, ylym-bilim;
- ahlak kadalary, däp-dessurlar, adat kadalary we ş.m. sosial kadalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Haýsy syýasy gurama jemgyýetiň syýasy durmuşyna has uly täsir edýär?**
- syýasy partiýalar;
- täjirçilik däl birleşmeler;
- kärdeşler arkalaşyklary;
- döwlet.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Saýlaw ulgamy jemgyýetiň syýasy ulgamynyň bir bölegimi?**
- käbir ýurtlarda – hawa;
- ýok;
- diňe totalitar döwletlerde – hawa;
- hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Döwlet hakynda häzirki zaman taglymatlaryndan haýsysy „gije garawuly bolan döwlet“ hakyndaky hyýalbent taglymata gapma-garşy?**
- marksistik-leninçilik taglymat;
- hukuk döwleti hakynda taglymat;
- ähliumumy abadançylygyň döwleti barada taglymat;
- saýlama gatlaklar (elitalar) hakynda taglymat.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 4-nji bap. Döwletleri görnüşlere bölmek

## §1. Döwletleri görnüşlere bölmek (tipologiýa) barada düşünje

Taryhyň anyk tapgyrynda emele gelen we hereket eden her bir döwletiň özüne mahsus aýratynlyklary bolýar. Ol aýratynlyklar jemgyýeiň şol döwürdäki ýagdaýy we ösüşiniň derejesi bilen kesgitlenýär. Döwletiň ýerleşýän çägi, ilaty, köpçülikleýin jemgyýetçilik häkimiýeti (häkimiýet-dolandyryş ulgamy), özygtyýarlylygy ýaly resmi alamatlarynyň hökmanylygy we belli bir derejedäki üýtgewsizligi bilen bir hatarda, jemgyýetçilik ösüşiniň gidişine baglylykda döwlet hem düýpli üýtgeşmelere sezewar bolýar. Onuň mazmuny we dolandyryş usullary, maksatlary, wezipeleri hem-de sosial ugry üýtgeýär. Şonuň bilen birlikde-de döwletliligiň we döwlet gurluşynyň düzümine onuň ilatynyň milli düzüm gurluşy (strukturasy[1]), onuň medeni özboluşlyklary, çäginiň ululygy, geografiýa taýdan ýerleşişi, halkyň arasynda asyrlaryň dowamynda ornaşan däp-dessurlar, ilatyň dini garaýyşlary we beýleki kesgitleýji sebäpler (faktorlar[2]) hem örän uly täsir edýärler.

Döwletiň we hukugyň gelip çykyşyna, olaryň ösüşine, many-mazmunyna has anyk göz ýetirmek işini ýeňilleşdirmek üçin bolsa ilkinji nobatda taryhyň dürli tapgyrlarynda döwletleriň emele gelşine, hereket edişine we ösüşine mahsus bolan umumy alamatlary anyklamak we olary belli-belli ölçegleriň (kriteriýalaryň[3]) esasynda toparlara (görnüşlere) bölmek zerurdyr. Çünki şeýle edilmegi döwlet we hukuk bilen bagly maglymatlaryň ägirt uly toplumyny tertipleşdirip seljermäge mümkinçilik berer. Şonuň üçinem döwletiň we hukugyň nazaryýeti hukuk ylmynda döwletleri görnüşlere bölmegiň (tipologiýanyň[4]) ýa-da başgaça aýdylanda, döwletleri görnüşleri boýunça toparlara bölmegiň (klassifikasiýanyň[5]) örän uly ähmiýeti bardyr.

**Döwletleri görnüşlere bölmek** – *döwletleriň taryhy taýdan bir derejede durýan anyk toparyna mahsus umumy alamatlaryň jeminiň seljerilmeginiň esasynda amala aşyrylýar.*

Döwletleri görnüşlere bölmek işi, döwletleriň dürli-dürli taryhy görnüşlerini toparlara bölmek arkaly amala aşyrylýar. Döwletleriň taryhy görnüşleri dürli toparlara bölünip tertipleşdirilende-de esasan, iki ölçegden ugur alynýar:

1. Döwlet haýsy jemgyýetçilik-ykdysady gurluşa degişli (formasion[6] usul);
2. Döwlet adamzat medeniýetleriniň (siwilizasiýalarynyň) haýsyna degişli (siwilizasion usul);

---

[1]Struktura-“struktura-gurluşy, düzümi” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Faktor-“factor-iş edýän, önüm öndürýän” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir hadysanyň herekete getiriji (kesgitleýji) sebäbini aňladýar;
[3]Kriteriýa-“kriterion-pikir ýöretmek üçin serişde” diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zatlara baha kesmek ýa-da olary görnüşleri boýunça toparlara bölemk üçin esas bolan alamaty aňladýar;
[4]Tipologiýa-“typos-yz, galyp, nusga, logos-okuw, akym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, haýsydyr bir zatlary umumy meňzeşliklerine görä görnüşlere bölmegiň ylmy usulýetini aňladýar;
[5]Klassifikasiýa-“classis-dereje, synp, facio-amala aşyrýaryn, edýärin” diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga;
[6] Formasiýa-“formatio-emele gelmek, formirlenmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, jemgyýetçilik ösüşiniň belli bir tapgyryny aňladýar. **Forma-**“forma-daşky görnüş, galyp” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

Özara berk baglanyşykda bolandyklary sebäpli, hukugyň taryhy görnüşleri toparlara bölmekde-de, döwletleriň taryhy görnüşleri toparlara bölünende ulanylýan usullardan peýdalanylýar.

Elbetde dürli döwürlerde ylmy edebiýatlarda döwletleri görnüşlere bölmeklige başga esaslar hem usullar boýunça çemeleşilen ýagdaýlary-da bolupdyr. Mysal üçin, Lýudwig Gumplowiç öz döwründe bar bolan döwletleri olaryň ýerleşýän çägine hem ilatynyň sanyna laýyklykda toparlara bölmäge çalşypdyr. Ol özüniň "Döwlet hakynda umumy okuw" atly işinde: "Şu iki nukdaýnazardan ähli häzirki zaman döwletlerini dünýä döwletlerine, uly we kiçi döwletlere bölmek bolar"[1] diýip belläpdir. Ýöne Gumplowiçiň we döwletleri görnüşlere bölmeklige görkezilen ölçegler ýa-da şoňa çalymdaş ölçegler boýunça çemeleşen alymlaryň pikirleri hem garaýyşlary ýörgünlilige eýe bolmandyr. Sebäbi olaryň garaýyşlary we döwletleri görnüşleri boýunça toparlara bölmeklik babatda hödürleýän usullary özleriniň çäkliligi, umumyadamzat ösüşinde döwletiň we hukugyň taryhyny tutuşlygyna däl-de, diňe onuň belli bir bölegini seljermeklige ýykgyn edýänligi bilen tapawutlanypdyr.

## **§2. Döwletleri jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça görnüşlere bölmegiň (formasion) usuly**

Döwletler jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça görnüşlere bölünende, olaryň ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyna degişliligi anyklanýar. Bu usul boýunça seljerme geçirilende esasan üç närse barlanýar:

- jemgyýetiň ýagdaýy we ösüşi;
- jemgyýetiň ykdysady binýadynyň hil taýdan üýtgemeginiň nukdaýnazaryndan döwletiň we hukugyň taryhy görnüşleriniň orunlaryny çalyşmaklarynyň kanunalaýyklyklary;
- jemgyýetde önümçilik gatnaşyklarynyň we onuň synpy düzüm gurluşyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi.

Mälim bolşy ýaly, jemgyýetiň maddy-tehniki binýady önümçiligiň derejesine bagly. Önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik bilen bagly önümçilik gatnaşyklary bolsa jemgyýetiň ykdysady binýadyny emele getirýärler. Ykdysadyýet hem öz gezeginde syýasat, döwlet, hukuk ýaly sosial institutlar üçin binýat bolup hyzmat edýär. Jemgyýetiň jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyň bir görnüşinden başga görnüşine geçmegi, önümçilik gatnaşyklarynyň könelen we özleriniň netijeliligini ýitiren görnüşleriniň täze dörän, olara garanyňda netijeli ykdysady gatnaşyklar bilen çalşylmagy zerarly amala aşýar. Ykdysady binýadyň üýtgemegi bolsa öz gezeginde syýasat, döwlet, hukuk ýaly onuň üstünde duran institutlary düýpli üýtgeşmelere sezewar edýär.

Döwletleri jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça görnüşlere bölmegiň usulyndan peýdalanylanda, döwletiň görnüşi, onuň haýsy ykdysady gurluşy goraýandygyndan, onuň haýsy agalyk ediji synpa gulluk edýändiginden ugur alnyp kesgitlenýär. Şeýle çemeleşilende döwlet çuňňur synpy häsiýete eýe bolýar we ol

---

[1] Гумплович Л. Общее учение о государстве. СПб., 1910. С.254.

ykdysady taýdan agalyk ediji synpyň çäklendirilmedik häkimiýetiniň aňlatmasy (diktaturasy) hökmünde çykyş edýär.

Döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmy, bu usuly ulanmak bilen tutuş adamzat taryhynda emele gelen döwletleri şu aşakdaky görnüşlere bölýär.

## 1. Gul eýeçilik döwleti

Alymlar tarapyndan adamzadyň taryhynda ilkinji döwlet gurluşy hökmünde häsiýetlendirilýän döwletleriň bu görnüşi ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy bilen emele gelipdir. B.e.ö. IV müňýyllygyň ahyrlarynda we III müňýyllygyň başlarynda Gadymy Müsürde dörän Müsür şalygy, Derýaaralygynda dörän Şumer döwletleri, b.e.ö. II müňýyllykda dörän Assiriýa şalygy, Hettleriň şalygy iň gadymy gul eýeçilik döwletleri bolup durýarlar. Taryhda nusgawy gul eýeçilik döwletleri diýlip hasaplanýan Gadymy Gresiýanyň Afiny, Sparta ýaly we Gadymy Rim döwletleri bolsa Ortaýer deňziniň howdanynda has soň dörän döwletlerdir.

Mälim bolşy ýaly, gul eýeçilik döwletiniň ykdysady binýadyny gul eýeleriniň önümçilik serişdelerine we gullara bolan hususy eýeçiligi emele getirýärdi. Gul eýeçilik gurluşynyň mysalynda, adamzat ösüşiniň taryhynda ilkinji gezek jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň arasyndaky ykdysady, syýasy we durmuş taýdan deňsizligiň, gul eýeleriniň hiç zat bilen çäklendirilmedik agalygynyň we gullaryň doly hukuksyzlygynyň has açyk hem ýiti görnüşde ýüze çykýandygyny görmek bolýar. Gul eýeçilik jemgyýetçilik gurluşy döräninden dargaýança, gul eýeçilik döwletleriniň ösüşiniň ähli tapgyrlarynda-da gula adam hökmünde garalman, ol edil öküz, ýaby, düýe, gatyr ýa-da başga bir iş maly deýin “gepleýän iş guraly” diýlip hasaplanypdyr. Onuň jany, saglygy, durmuşy, ähli çekýän zähmeti diňe onuň hojaýynynyň ygtyýarlygyna degişli bolupdyr. Gul eýeçilik döwleti hem diňe gul eýeleriniň hukuklaryny gorapdyr, has takyk aýdylanda, döwlet öz ýerleşýän çäginde iň uly hem iň esasy gul eýesi hökmünde çykyş edipdir.

### 1.1. Gul eýeçilik hukugy

Gul eýeçilik döwleti hukugyň özüne mahsus görnüşi bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Gul eýeçilik hukugyny, agalyk ediji synpyň bähbitlerinden ugur alýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamyny kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen, hemmeler üçin hökmany bolan kadalaryň (özüňi alyp baryş düzgünleriniň) jemi emele getiripdir. Gul eýeleriniň önümçilik serişdelerine we gullara bolan eýeçiligini, gul eýeleriniň agalyk etmekleriniň dürli görnüşlerini, şeýle-de gul eýeçilik jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny berkitmegiň hem goramagyň, adamlaryň dürli toparlarynyň we gatlaklarynyň arasyndaky deňsizligi kanunlaşdyrmagyň gul eýeçilik hukugynyň esasy wezipeleri bolandygy kesgitlemek bolar.

Şol döwrüň wajyp kadalaşdyryjy hukuk namalary bolan Solonyň kanunlarynda, Serwiý Tulliýniň[1] kanunlarynda gul eýeçilik hukugynyň synpy

[1] Serwiý Tulliý, b.e.ö. VI asyrda ýaşan, rowaýata görä Gadymy Rimiň 6-njy patyşasy. Onuň geçiren özgertmeleriniň netijesinde Rimiň tutuş ilaty adamlaryň eýeçiligindäki emlägiň möçberine laýyklykda 5 sany topara bölünipdir. Her

häsiýeti has hem aç-açan ýüze çykýar. Ol kanunlar erkin adamlary olaryň eýeçiligindäki emlägiň möçberine laýyklykda dürli toparlara we derejelere bölýärler. Gadym zamanlarda, Hindistanda hereket eden Manunyň kanunlary bolsa jemgyýetde emläk taýdan deňsizligi berkitmek bilen ýurduň tutuş ilatyny, adamlaryň jemgyýetiň sosial düzüm gurluşynda eýeleýän ornuna laýyklykda ýokary we pes gatlaklara-kastalara[1] (warnalara[2]) bölüpdir. Edil şonuň ýaly kadalar Hammurapiniň kanunlarynda[3], Gadymy Rimde hereket eden XII tablisanyň kanunlarynda[4], Gadymy Hytaýda hereket eden "Kanunlaryň kitabynda (Fazsin)", Afinyda hereket eden Drakontyň kanunlarynda hem berkidilipdir.

## 2. Feodal döwlet

Gul eýeçilik jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy bilen adamzat ösüşiniň taryhynda täze, feodal[5] jemgyýetçilik gurluşy emele gelýär, ol jemgyýetçilik gurluşy hem hereket edip gelen gul eýeçilik döwletiniň ýitmegine we onuň deregine döwletiň täze görnüşiniň, feodal döwletiň döremegine getirýär. Feodal jemgyýetçilik gurluşynyň döremegi bir tarapdan, uly ýer eýeleriniň ýüze çykmagy we dünýewi hem dini begzadalaryň feodal synpa öwrülmegi bilen şertlendirilýän bolsa, beýleki tarapdan oba jemagatynyň dargap, erkin daýhanlaryň mejbury ýagdaýda uly ýer eýelerine-feodallara ýa-da döwlete doly garaşly bolan daýhanlara (krepostnoýlara[6]) öwrülmegi bilen häsiýetlendirilýär. Elbetde daýhanlaryň gullardan tapawutlylykda öz kiçiräk hojalyklary, az-owlak emläkleri – jaýlary, oba hojalyk desgalary, käbir oba hojalyk gurallary, mallary bolupdyr. Ýöne feodal hukugyna görä mülkdara garaşly daýhanyň emlägi, hatda onuň maşgalasy-da onuň

---

topar hem Gadymy Rimiň patyşasy çagyryş yglan eden halatynda degişli sandaky yaragly esgerleri toplamaga we olary patyşanyň ygtyýarlygyna bermäge borçly edilipdir;

[1]Kasta-"casta-gelip çykyş, nebere" diýen potugal sözünden gelip çykyp, gelipçykyşlary we hukuk ýagdaýy boýunça birleşen adamlaryň topary;

[2]Warna-"varna-synp" diýmegi aňladýan sanskrit sözünden gelip çykan adalga. Hindistanda dört sany warna bar: brahmanlar, kşatriýalar, waýşiýler we şudralar. **Sanskrit-**"samskrta-kämillige ýetirilen" diýen gadymy hindi ýazuw diliniň sözünden dörän adalga. **Brahman-**sanskrit dilinde "brah-ösmek, giňemek" we "mantra-doga, mynjat" diýmegi aňladýan iki sany sözüň goşulmagyndan emele gelip, bu warna degişli adamlar Gadymy Hindistanda iň asylzada ynsanlar hasaplanypdyr, brahmanlara ruhanylar we alymlar degişli ekeni. **Kşatriýalar-**"kşatra-häkimlik, agalyk, häkimiýet" diýen sanskrit sözünden gelip çykyp, begzadalaryň (aristokratlaryň) gatlagyny aňladýar. **Waýşiýler-**"vaisya-göçüp gelen" diýen sanskrit sözünden gelip çykyp, täjirleriň, daýhanlaryň we senetçileriň gatlagyny aňladýar. **Şudra-**gadymy Hindistanda jemgyýetiň iň pes, gullaryň we garamaýaklaryň gatlagy şeýle atlandyrylypdyr;

[3]Hammurapiniň kanunlary daşyň ỳüzüne çapylyp girizilen ỳazgylar hökmünde biziň döwrümize çenli gelip ỳetipdir. Olar özünde 282 sany maddany jemleỳän kodeks bolup, adamzadyň taryhyndaky iň gadymy kanunlaryň biridir;

[4]XII tablisanyň kanunlary ýa-da Rimiň XII tablisasy (Leges duodecim tabularum) – bu b.e.ö. 5 asyrda gadymy Rimde daşdan tablisalaryň ýüzüne çapylyp ýazylan iň gadymy kanunlaryň biridir. Olarda Gadymy Rimiň iň köne däp-dessurlary berkidilipdir. **Tablisa-**"tabula-tekiz tagta" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[5]Feodal-"feod-mülk" diýen latyn sözünden ýa-da "fehu-emläk, ýer, mal, pul, od-eýelik etmek" diýen gadymy german sözlerinden gelip çykyp, tabynlygynda gulluk edýändigi üçin hojaýyn (senýor) tarapyndan wassalyna nesline miras goýmak hukugy bilen bilelikde bagyş edilen ýeriň eýesini aňladýar. **Senýor-**"senior-ulusy, ýaşuly" diýen latyn sözünden gelip çykyp, orta asyrlarda öz tabynlygyndaky, eýeçiligine degişli çäklerde hökümdarlyk ygtyýarlyklary bolan ýer eýesini aňladýar. Başgaça, **sýuzeren-**"sus-ýokary, ýokarda, vertere-gönükdirmek, ugrukdyrmak" diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga bilen hem atlandyrylypdyr. **Wassal-**"vassus-hyzmatkär"diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[6]Krepostnoý-"крепость-gala, galadaky, gala degişli" diýen rus sözünden gelip çykyp, mülkdaryň (pomeşigiň, feodalyň) eýeçiligine degişli ýere berkidilen, öz hojaýynynyň emlägi hökmünde garalan daýhan. Krepostnoýçylyk irki orta asyrlarda ýüze çykyp, Ýewropada XVI-XVII asyrlara çenli, Russiýa şalygynda bolsa 1861-nji ýyla çenli dowam edip gelipdir.

hojaýynynyň emlägi diýlip hasaplanypdyr. Feodal öz daýhanlaryny satmaga, çalyşmaga, sowgat bermäge, miras galdyrmaga, hatda janyny almaga-da ygtyýarly ekeni. Feodal döwletiň esasy wezipesi hem iri ýer eýeleriniň hukuklaryny goramak we olara garaşly, gul derejesindäki daýhanlary tabynlykda saklamagy üpjün etmek bolupdyr.

## 2.2. Feodal hukugy

Taryhda feodal hukugy "ýumruk hukugy" diýlip hem atlandyrylýar. Bu adyň gelip çykyşynyň esasy sebäbi, feodal hukugy hemişe güýçliniň hukuklaryny ykrar edipdir. Ol aç-açan zorluga, bir ýer eýesi tarapyndan başga bir ýer eýesiniň mülküniň basyp almagyna, daýhanyň adam hatarynda görülmän, onuň doly hukuksyz hasaplanmagyna ýardam beripdir.

Feodal hukugynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem, onuň bir ýurduň çäginde bir bütewi ulgam hökmünde hereket etmänligindedir, hukugyň dagynyk bolup, ýerlerde ýerli däp-dessurlaryň we aýry-aýry feodallaryň namalarynyň umumy döwlet kadalaryna garanyňda artykmaç güýje eýe bolanlygyndadyr, ýagny feodal hukugyň partikulýarizmidir[1]. Mysal üçin, orta asyrlarda, Frnasiýada ýerli adat hukugynyň 300 sany ulgamy (kutýumlary[2]) hereket edipdir.

Feodal hukugy pudaklara we institutlara bölünmändir. Ýöne onuň üç sany esasy düzüm bölegi bolupdyr:

- *krepostnoýçylyk hukugy* – krepostnoý daýhanlaryň feodallara doly tabyn bolmagyny üpjün edipdir;
- *şäher hukugy* – söwdagärleriň, senetçileriň we şäher ilatynyň beýleki gatlaklarynyň hukuk ýagdaýyny kesgitläpdir;
- *kanonik[3] hukugy* – din (ybadathana) gullukçylary bilen jemgyýetiň galan gatlaklarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrypdyr we feodal hukugyň iň uly bölegi bolupdyr.

Orta asyrlarda feodal hukugynyň ösüşi üçin, Boweziniň kutýumlary (Fransiýa), Sakson aýnasy, Şwab aýnasy (Germaniýa) ýaly adatlaryň ýygyndylarynyň, kazyýet tejribesiniň beýanlarynyň, feodallaryň arasyndaky, feodallar bilen korollaryň arasyndaky, şeýle hem şäherler bilen feodallaryň arasyndaky şertnamalaryň uly ähmiýeti bolupdyr. Feodal jemgyýetçilik gurluşynyň giçki döwürlerinde, esasan hem absolýutizmiň[4] mäkäm orun alan döwürlerinde bolsa ýazmaça kanunlaryň ähmiýeti has artýar. Şol döwürlerde jenaýat we jenaýat

---

[1]Partikulýarizm-"particular-bölejik" diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda hukuk ulgamynyň bir bütewi ulgam hökmünde däl-de, biri-birine bagly bolmadyk, özbaşdak bölekler hökmünde hereket edendigi göz öňünde tutulýar;

[2]Kutýum-"coutume-adat, däp" diýen fransuz sözünden gelip çykyp, orta asyrlarda Fransiýadaky aýry-aýry prowinsiýalaryň, şäherleriň adapt hukuk ulgamyny aňladýar. **Prowinsiýa**-"provincial-ýeňip alnan ýer, tabynlykdaky ýer" diýen latyn sözünden gelip çykyp, "etrap, welaýat" diýen ýaly döwletiň çäginiň belli bir düzüm gurluşynyň bölegini aňladýar;

[3] Kanonik-"kanon-göni taýak, düzgün, görkezme" diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[4] Absolýutizim-"absolutus-şertsiz, doly" diýen latyn sözünden gelip çykyp, absolýut monarhiýanyň iň ösen döwrüni, döwrüni, ýagny XVII-XVIII asyrlary aňladýar.

iş ýörediş kanunçylygy boýunça ýörite ýygyndylar hem kabul edilip ugraýar. Mysal üçin, “Karolina” kodeksi[1].

### 3. Kapitalistik (buržuaz) döwlet

Kapitalistik ýa-da başgaça aýdylanda, buržuaz[2] döwlet, feodalçylyk ykdysady, sosial-syýasy, jemgyýetçilik gurluşyny ýok eden buržuaz rewolýusiýalarynyň netijesinde dünýäniň taryhy sahnasyna çykypdy. Täze jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyň döremegi bilen jemgyýetiň emele getiriji esaslarynyň biri bolan önümçilik gatnaşyklary düýpgöter üýtgeýär. Hususy eýeçilik buržuaz jemgyýetçilik gurluşynyň iň esasy düzüm bölegine öwrülýär we ol mukaddes hem eldegrimesiz diýlip yglan edilýär. Adamyň jemgyýetdäki orny gul eýeçilik jemgyýetindäki ýa-da feodalçylyk jemgyýetdäki ýaly onuň gelip çykyşy “asylzadalygy ýa-da däldigi” bilen kesgitlenmeýär-de, onuň emläk ýagdaýy boýunça kesgitlenýär. Baýlar jemgyýetiň düzüm gurluşynda, şeýle hem döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynda esasy orunlary eýeläp, agalyk ediji synpa öwrülýärler. Diňe ykdysady gyzyklanmalar, hususy eýeçiligiň bähbitleri hem tutuş döwletiň mazmunyny we tebigatyny, onuň içeri hem daşary syýasatyny, şonuň ýaly-da döwletiň alyp barýan işiniň we ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Öz häkimiýetini päsgelçiliksiz amala aşyrmak üçin agalyk ediji gatlak dürli sosial-syýasy institutlaryň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşmeleriniň bir bütewi ulgamyny döredýär. Döwlet hem şol ulgamyň iň esasy we baş düzüm bölegine öwrülýär.

### 3.1. Kapitalistik hukuk

Hukugyň bu taryhy görnüşiniň esasy maksady kapitalistik jemgyýetiň syýasy, ykdysady we sosial esaslaryny berkitmek bolupdyr. Ýere, ýerastyna, suw gorlaryna, önümçilik serişdeleriniň dürli görnüşlerine bolan hususy eýeçilik düşünjeleri buržuaz hukugynyň merkezini eýelemek bilen olar ähli zatdan ýokarda goýulýar. Kanunlar, döwletiň ýerine ýetiriji edaralary tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalar (hökümetiň namalary, pudak edaralarynyň gönükdirmeleri, düzgünnamalary, buýruklary, kararlary, çözgütleri), hukuk şertnamalary, hukuk däp-dessurlary we presedentleri[3] buržuaz hukugynyň esasy çeşmeleri hökmünde çykyş edýärler.

Ýöne şu ýerde bellemeli möhüm zat, buržuaz hukugynda hususy eýeçiligi we maýadarlaryň emläklerini goramaga çenden aşa üns berilýän hem bolsa, adamzadyň taryhynda ilkinji gezek ähli adamlaryň deňhukuklydygyny, adamyň we

---

[1] Karolina kodeksi, 1532-nji ýylda imperator Karl V tarapyndan Germaniýada kabul edilen umumygerman jenaýat kanunlarynyň ýygyndysy. Ol kodeks örän zalymlygy bilen tapawutlanypdyr. Taryhda “Ganly Karolina” diýlip hem atlandyrylýar;

[2]Buržuaz-“bourgeoisie-şäherliler” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, söwdada, senagatda, karz-maliýe ulgamynda, umuman telekeçilik işiniň ähli görnüşlerinde öz maýalaryny ulanyp, gazanç edýän, jemgyýetiň baý gatlagyny aňladýar;

[3]Presedent-“praecedentis-öňünden bolan, öňünden gelýän” diýen latyn sözünden gelip çykyp, **Birinjiden-** ýüze çykan ýagdaý babatda şoňa meňzeş öň bolan we şol ýagdaýy esaslandyrýan (aklaýan) ýagdaýy, **ikinjiden-**kazyýet presedentini, ýagny anyk bir iş boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdiniň ýa-da höküminiň şoňa meňzeş işler boýunça edil şeýle görnüşdäki çözgüdi ýa-da hökümi çykarmagyna esas bolmagyny aňladýar.

raýatyň hukuklarynyň jemgyýet hem döwlet tarapyndan goralýandygyny yglan edýän hukuk namalar hem diňe buržuaz ynkylaplarynyň (rewolýusiýalarynyň) ýeňmeginiň netijesinde kabul edilipdi. Halk häkimiýetliliginiň iň esasy ýörelgeleri bolan, döwlet häkimiýetiniň özara deňagramlaşdyrylan şahalara bölünmegi, häkimiýet edaralarynyň saýlawlylygy, döwlet baştutanynyň saýlawlylygy ýörelgeleri, şonuň ýaly-da geljekde jemgyýetiň raýat jemgyýetine, döwletiň bolsa hukuk döwletine kämilleşmegini üpjün ediji ýörelgeleriň ençemesi adamzadyň taryhynda ilkinji gezek, buržuaz hukugynda berkidilipdi.

1776-njy ýylyň 4-nji iýulynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Kontinental[1] Kongressi[2] tarapyndan kabul edilen Garaşsyzlyk hakynda Jarnama (deklarasiýa[3]), 1787-nji ýylda ABŞ-nyň Konstitusion Konwenti[4] tarapyndan kabul edilen, ABŞ-nyň Konstitusiýasy, 1789-njy ýylyň 26-njy awgustynda Fransiýanyň Wekilçilikli ýygnagy tarapyndan kabul edilen, Adamyň we raýatyň hukuklary hakynda Jarnama hem munuň anyk subutnamasy hökmünde çykyş edýär.

### 4. Sosialistik döwlet

Döwletiň bu taryhy görnüşi, kapitalistik jemgyýetde dolandyryjyş gatlagy emele getirýän maýadarlaryň, baýlaryň synpy (buržuaziýa) bilen işçi-daýhan synpynyň (proletarlaryň) arasynda ýüze çykýan gapma-garşylyklaryň ýitileşmeginiň zerarly amala aşýan sosial ynkylabyň netijesinde emele gelýär. Sosializmiň[5] nazaryýet esasyny düzýän K. Marksyň, F. Engelsiň we W.I. Leniniň taglymatlarynda sosializm ählumumy sosial adalatlylygy, deňhukuklygy, erkinligi berkarar etmegiň iň kämil ykdysady, syýasy we hukuk şerisdesi ýaly bolup görünýär. Emma 1917-nji ýylda bolup geçen rus ynkylabyndan soň döredilen Sowet Soýuzynyň Sosialistik Respublikalary we ondan XX asyryň dowamynda döredilen ençeme sosialistik döwletler sosializmiň durmuşdan neneňsi derejede üzňedigini açyp görkezdiler. Millionlap adamlaryň ömür tanapyny kesen sosial ynkylaplaryň, dogany-dogana tarap ýarag götermäge mejbur eden raýatlyk uruşlarynyň netijesinde döredilen sosialistik döwletler adamlara marksistik-leninçilik taglymatda ajaýyp jümleler, çuňňur pikir ýöretmeler bilen subut edilýän, delillendirilýän sosial adalatlylygy, deňhukuklygy, erkinligi däl-de hiç bir taglymatda beýan edip bolmajak zulumy, gadymy döwürleriň gul eýeçilik

---

[1]Kontinent-“continens-gaty ýer, materik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, daş-töweregi suw (umman, deňiz) bilen gurşalan ägirt uly gury ýer bölegini, Zeminiň bir yklymyny aňladýar;
[2]Kongress-“congressus-duşuşyk, ỳygnanyşyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, adatça halkara häsiỳetli ỳygnaklary aňladỳar, bu ýerde ABŞ-nyň parlamentiniň ady;
[3]Deklarasiýa-“declaratio-yglan etmek, jar etmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, resmi bildirişi özünde jemleýän resminamany aňladýar;
[4] Konwent-“conventus-ýygnak, maslahat, mejlis” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[5]Sosializm-“socialis-jemgyýetçilik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, önümçilik gatnaşyklarynyň esasy binýady döwlet we köpçülikleýin eýeçilik bolan, sosial adalatlylyk, deňlik we erkinlik ýörelgelerini baş ýörelgeler hökmünde ykrar edýän jemgyýetçilik gurluşyny aňladýar. K. Marksyň taglymatyna laýyklykda , kommunizmiň birinji tapgyry. **Kommunizm**-“communis-umumy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, sosializmiň iň ahyrky, kämil tapgyryny aňladýar. Bu taglymata laýyklykda, kommunizm jemgyýetinde hususy eýeçilik bolmaz, ähli zat hemmeleriňki bolar, adamlar bilelikde zähmet çekerler, öndürilen önümler bolsa olaryň arasynda adalatly paýlarlar. Kommunizm utopiýalaryň bir görnüşi bolup durýar. **Utopiýa**-“u-ýok, topos-ýer, ýok ýer” diýen grek sözlerinden, başga bir çaklama boýunça “eu-eşret, topos-ýer, eşretli ýer” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, hyýaly jemgyýetçilik gurluşyny aňladýar. Bu söz 1478-1535-nji ýyllarda ýaşan, iňlis kazysy, ýazyjysy we pelesepeçisi Tomas Moruň “Utopiýa” atly eserinden gelip çykýar.

döwletlerindäki ýaly gulçulygy getirip berdi. Şonuň netijesinde-de XX asyryň ahyrlarynda bary-ýogy 70-80 ýylyň içinde öz-özüni garalamagyň we tutuş adamzadyň ynamyndan gaçmagyň hötdesinden gelen sosialistik jemgyýetçilik gurluşy we sosialistik döwletler dargap başladylar.

Sosialistik döwletlere mahsus bolan alamatlar barada aýdylanda bolsa, şu aşakdakylary bellemek bolar:

1. Döwlet häkimiýeti diňe işçi-daýhanlara degişli diýlip ýa-da W.I. Leniniň sözleri bilen aýdylanda: “proletariatyň diktaturasy” yglan edilýär;

2. Hususy eýeçilik düýbünden ýatyrylýar, ýurtda ýerleşýän ähli baýlyklar we önümçilik serişdeleri halkyňky (ýagny, döwletiňki) diýlip yglan edilýär. Ýönekeý raýatlaryň diňe şahsy eýeçilige, ýagny ýaşaýyş jaýyna, az-owlak önümçilik serişdelerine we ş.m. bolan hukuklary bar;

3. Hususy telekeçilik işine örän ujypsyz derejede ýol berilýär. Uly göwrümli hususy kärhanalar gadagan edilýär;

4. Döwlet dolandyryşynyň görnüşi boýunça diňe respublika hökmünde ykrar edilýär;

5. Syýasy düzgün demokratik düzgün diýlip ykrar edilýär, emma demokratiýany emele getirýän ýörelgeler we kadalar diňe kagyz ýüzünde galyp, durmuşda hereket etmeýär. Hakykatda döwletiň syýasy düzgüni awtoritar ýa-da totalitar düzgün bolýar.

6. Partiýa aristokratiýasy (partokratiýa) emele gelýär we dolandyryjy hem ýeke-täk syýasy partiýanyň agzalary jemgyýetde beýleki raýatlara garanyňda ençeme artykmaç hukuklardan hem ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

### 4.1. Sosialistik hukuk

Bu 1917-nji ýylyň oktýabr rewolýusiýasyndan soň SSSR-de dörän özbaşdak hukuk ulgamy bolup, ol Ikinji jahan urşundan soňra ýeňiji döwletleriň biri bolan SSSR-iň täsiri bilen sosialistik döwlet gurluşyny saýlap alan birnäçe döwletlerde-de ornaşdyrylypdy. Sosialistik hukuk kontinental (roman-german) hukuk ulgamlaryna mahsus ençeme düzüm böleklerini özünde jemleýän hem bolsa ol beýleki hukuk ulgamlaryndan esasy özeni hökmünde döwlet eýeçiliginiň eýeçiligiň beýleki görnüşleri babatda agalyk ediji ähmiýete eýedigini hukuk taýdan berkidýänligi, kommunistik partiýanyň syýasy ulgamda ýeke-täk we baş ornunyň bardygyny ykrar edýändigi, umumy hukugyň we hususy hukugyň arasyndaky tapawutlyklary inkär edýändigi, şonuň ýaly-da hukugy kommunistik jemgyýeti gurmak üçin serişde hökmünde kesgitleýändigi bilen tapawutlanýar.

Sosialistik hukugyň iň esasy alamaty hem onuň ulgamyny emele getirýän kadalaryň ählisinden kommunistik partiýanyň görkezmeleriniň ýokarda durýanlygydyr. Kommunistik partiýa döwletdenem, hukukdanam ýokarda durýar. Munuň şeýledigini hem sosialistik hukuk ulgamy tassyklaýar. Aslyýetinde bolsa marksistik-leninçilik taglymata laýyklykda, döwlet we hukuk adamzadyň ösüşinde hemişelik hadysalar hem däldirler. Olaryň pikiriçe, synpy jemgyýetiň kämilleşmeginiň we jemgyýetdäki synplaryň ýok bolmagynyň netijesinde synpy institutlar hökmünde döwlet we hukuk hem öz-özünden ýok bolup giderler.

## 5. Geçiş döwründe döwletiň we hukugyň aýratynlyklary

Döwletiň we hukugyň geçiş döwründäki ýagdaýy nähilidir bir üýtgeşik, diňe haýsydyr bir sebit (region[1]) ýa-da ýurt üçin mahsus hadysa däldir. Geçiş döwri ähli sebitlerde we ýurtlarda, hemme döwletler we hukuk ulgamlary üçin adaty ýagdaýdyr. Ol döwletiň we hukugyň ösüşiniň tutuş taryhynyň dowamynda ençeme gezek bolup geçen hadysadyr. Sebäbi jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyň üýtgemegi bilen döwlet hem hukuk üýtgände, döwletiň we hukugyň täze görnüşi bada-bat emele gelip bilmeýär. Onuň üçin ýyllar bilen ölçelýän, kähalatda bolsa asyra barabar wagt gerek. Mysal üçin, gul eýeçilik döwleti we hukuk ulgamy bir günüň içinde dargap, gullar öz hojaýynyna doly garaşly krepostnoý-daýhanlara bir hepdäniň ýa-da bir aýyň dowamynda öwrülmediler. Munuň üçin tas iki asyra golaý wagt zerur boldy.

Mälim bolşy ýaly, geçiş döwrüniň döwletiniň we hukugynyň islendik döwlete we hukuga mahsus alamatlary bardyr. Emma, döwletleriň we hukuk ulgamlarynyň nusgawy görnüşlerinden (gul eýeçilik, feodalçylyk döwleti hem hukugy we ş.m.) tapawutlylykda, olaryň diňe özüne mahsus aýratynlyklary hem bar. Olaryň esasylary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

**Birinjiden**: Jemgyýetiň, şonuň bilen baglylykda-da, döwletiň we hukugyň geçiş ýagdaýy, sosial we döwlet-hukuk ulgamlaryna ösüşiň birnäçe ugrundan haýsy hem bolsa birini saýlamaga mümkinçilik berýär. Geçiş döwrüniň durnukly häsiýetiniň ýoklugy üçin, şol döwürde jemgyýetiň, döwletiň we hukugyň ösüşiň haýsy ýoly bilen gitjekdigini kesgitlemek hem örän kyn iş bolup durýar. Mysal üçin, SSSR-iň dargamagy bilen onuň düzümine girýän döwletler hem özygtyýarlylyk gazandylar we olar geçiş döwrüne gadam basdylar. Şonda-da görkezilen döwletleriň öňünde öz döwlet gurluşlaryny we hukuk ulgamlarynyň gurluşlaryny saýlap almak meselesi ýüze çykdy. Täze dörän döwletleriň her biri hem bu meseläni öz halklarynyň milli mentalitetine laýyklykda çözdüler. Türkmenistanyň mysalynda alnanda, SSSR-iň düzüminde wagty Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy hökmünde kesgitlenen döwlet, demokratik, hukuk we dünýewi döwlet gurluşyny saýlap alyp, onda döwlet dolandyryşy prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylyp başlandy.

**Ikinjiden:** jemgyýetiň içinde döreýän we ösýän döwletiň we hukugyň geçiş döwri, däbe öwrülen ykdysady gatnaşyklaryň häsiýetiniň we hereket edýän giňişliginiň düýpgöter hem çalt üýtgemegine, şeýle hem ykdysadyýetiň wagtlaýyn pese gaçmagyna, döwletiň we hukuk ulgamynyň maddy binýadynyň gowşamagyna, ilatyň agramly böleginiň ýaşaýyş derejesiniň ep-esli derejede pese düşmegine getirýär.

**Üçünjiden:** Geçiş döwründe döwletiň we hukugyň sosial hem syýasy esaslary gowşaýar. Sebäbi ilatyň aglaba köp bölegi özleriniň ynanan we ugur alan sosial hem syýasy gymmatlyklaryny täzeden seljermek bilen täze we köne döwlet

[1]Region-“regionis-oblast” diýen latyn sözünden gelip çykyp, “sebit” diýen türkmen sözi bilen manydaş söz bolup, belli bir çägi aňladýar. Mysal üçin, Merkezi Aziýa sebiti, Kawkaz sebiti we ş.m.

häkimiýetiniň arasynda deňeşdirmeler geçirmäge ýykgyn edýär. Netijede jemgyýetde dartgynlylyk emele gelýär.

**Dördünjiden:** Geçiş döwründe birnäçe obýektiw we subýektiw sebäplere görä, döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynda ýerine ýetiriji-serenjam beriji häkimiýetiň ygtyýarlyklary hem ähmiýeti artýar. Bu hadysanyň *obýektiw sebäplerine* ilkinji nobatda, ýerine ýetiriji häkimiýetiň jemgyýetde we döwlet dolandyryş ulgamynda ýüze çykýan islendik hadysalara çalt, işjeň, ykjam täsir edip bilýänligi, tutuş jemgyýetiň we döwletiň maddy, maliýe, ruhy we beýleki serişdelerini gysga wagtyň içinde bir ýere jemläp, olary netijeli ulanmagyň hötdesinden gelýänligi degişlidir. *Subýektiw sebäplere* bolsa, döwletde ýerine ýetiriji häkimiýetiň ulgamynda zähmet çekýän we anyk wezipe ygtyýarlyklaryna eýe bolan şahslaryň hünär we şahsy taýýarlyklary girýärler.

## §3. Döwletleri medeni ösüş ýoly boýunça görnüşlere bölmegiň (siwilizasion) usuly

Bu usulyň mazmuny döwletler we hukuk ulgamlary siwilizasiýa ölçegi boýunça görnüşlere bölünende olaryň ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik-ykdysady gurluşa degişlidigi däl-de, adamzat taryhynda dörän, ösen we ýitip giden siwilizasiýalaryň haýsy-da bolsa birine degişlidigi nazara alynýar. Bu usulyň many-mazmunyna doly düşünmek üçin ilki bilen “siwilizasiýa” sözüniň manysyny doly aýdyňlaşdyrmak zerurdyr.

Irki döwürlerde “siwilizasiýa” sözi “warwarlyk” ýagny “wagşylyk, nadanlyk” diýen düşünjelere garşylyklaýyn düşünje hökmünde ulanylypdyr. Soňra bu adalga has çuňňur, özbaşdak mana eýe bolýar. Lýuis Genri Morgan jemgyýetçilik ösüşine ýabanylygyň, warwarlygyň we siwilizasiýanyň biri-birini çalyşýan yzygiderli zynjyry hökmünde garapdyr. Bu adalga has anyk we düşnükli kesgitleme beren alym bolsa iňlis taryhçysy A. Toýnbidir[1]. Ol özüniň “Taryha akyl ýetirmek” atly düýpli (fundamental[2]) ylmy işinde siwilizasiýa: “jemgyýetiň medeni, ykdysady, geografiýa, dini, ruhy we beýleki kesgitleýji sebäpleri bilen tapawutlanýan, ýapyk hem bir çygra jemlenen ýagdaýy” diýip düşünýändigini belläp geçipdir.

Döwletler we hukuk ulgamlary bu usul bilen görnüşlere bölünende esasan üç närse seljerilýär:

- jemgyýetiň medeni we ruhy ösüşi hem ýagdaýy;
- jemgyýetiň durmuş-medeni çygryndaky üýtgeşmeler;
- halkyň ruhy medeniýetiniň, dininiň, ahlagynyň, umuman onuň ruhy dünýäsini emele getirýän ähli zatlaryň hil taýdan üýtgemeginiň kanunalaýyklyklary.

Her bir siwilizasiýanyň öz çäginde döreýän we hereket edýän döwletler bilen durnukly umumylyklary bardyr. A. Toýnbi özüniň işlerinde adamzat taryhynda,

[1] Arnold Jozef Toýnbi, 1889-1975-nji ýyllarda ýaşan, iňlis taryhçysy we sosiology. Esasy ylmy işi, 1934-1961-nji ýyllar aralygynda ýazylan, 12 jiltden ybarat “Taryha akyl ýetirmek” atly işdir;
[2] Fundamental-“fundamentum-esas, binỳat” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zadyň binỳadyny aňladỳar.

gadymy gündogar, grek, rim, müsür, arap, prawoslaw[1], orta asyr, häzirki zaman siwilizasiýalary ýaly siwilizasiýalaryň ýigrimiden gowragynyň bolandygyny kesgitleýär. Ilkidurmuş jemgyýetlerinden tapawutlylykda doly emele gelen siwilizasiýalaryň tapawutly aýratynlyklary hökmünde olaryň uzak wagtyň dowamynda dowam edýänligini, ägirt uly çäklerde ýerleşýändigini hem-de adamlaryň ummasyz toplumyny özünde birleşdirýändigini görkezmek bolar.

Ýöne ýeri gelende, döwletleri we hukuk ulgamlaryny görnüşlere hem toparlara bölmeklige siwilizasion ölçeg bilen çemeleşilende-de alymlaryň arasynda birmeňzeş garaýyşyň ýokdugyny hem bellemek gerek. Mysal üçin, G. Ýellinek[2] ähli döwletleri iki görnüşe bölüpdir: ideal we empirik[3] döwlet. Alymyň nukdaýnazaryna görä, *ideal döwlet* – bu hakyky durmuşda bolmadyk hyýaly döwletdir. *Empirik döwlet* bolsa ideal döwletiň tersine hakyky durmuşda bolup, onuň şekilini hakyky durmuşda bar bolan döwletleri biri-biri bilen deňeşdirmek arkaly almak bolýar. Döwletiň empirik görnüşiniň çäklerinde G. Ýellinek döwlet birleşmesiniň häsiýetli alamatlaryndan we şahsyýetiň şol birleşmede eýeleýän ornundan ugur almak bilen, siwilizasiýalaryň we döwletleriň gadymy gündogar, grek, rim, orta asyr we häzirki zaman siwilizasiýalary hem döwletleri ýaly görnüşleriniň bardygyny nygtaýar.

Mundan başga-da, döwletleri we hukuk ulgamlaryny görnüşlere hem toparlara bölmeklige siwilizasion ölçeg bilen çemeleşilende A.B. Wengerow ýaly alymlaryň hem öz garaýyşlary bar. Alym taryhda bolan siwilizasiýalary we döwletleri siwilizasiýon ölçeg boýunça *ilkinji*, ýagny gadymy müsür, şumer, wawilon, eýran, khmer, ýapon we beýleki görnüşlere hem-de *soňraky*, ýagny günbatar ýewropa, demirgazyk amerika, gündogar ýewropa, latyn amerika ýaly görnüşlere bölýär.

Görkezilenler bilen birlikde käbir alymlaryň döwletleri hem hukuk ulgamlaryny siwilizasion ölçeg boýunça görnüşlere bölmäge çemeleşmeleriniň özeninde döwlet häkimiýeti bilen şahsyýetleriň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýetleri boýunça siwilizasiýalaryň we döwletleriň toparyny kesgitlemek usuly hem durýar. Mysal üçin, amerikaly alym R. Makaýwer[4] ähli döwletleri nesilşalyklara (dinastiýalar[5]), ýagny demokratiýa garşy döwletlere we demokratik döwletlere bölýär. Fransuz alymy M. Trope bolsa, siwilizasion ölçegiň çäklerinde döwletleriň monarhiýa, aristokratiýa we demokratiýa görnüşleriniň bardygyny kesgitleýär. Kähalatlarda bolsa bu usulyň çäklerinde dessurlaýyn we tehnogen siwilizasiýalar barada düşünjeler hem ulanylýar.

---

[1]Prawoslawçylyk-bu b.e. 395-nji ýylynda Rim imperiýasynyň ikä, Günbatar we Gündogar Rim imperiýalaryna bölünmegi bilen emele gelen hristian dininiň gadymy akymlarynyň (mezhepleriniň) biridir;

[2]Georg Ýellinek, 1851-1911-nji ýyllarda ýaşan nemes hukukçy-alymy;

[3]Empirik-“empeiria-tejribe” diýen grek sözünden gelip çykyp, diňe adamyň bäş duýgusyndan (görmek, eşitmek, ys almak, tagam bilmek we syzmak) ugur alýan tejribä esaslanýan dünýägaraýşy aňladýar;

[4]Robert Morrison Makaýwer, 1882-1970-nji ýyllarda ýaşan, amerikan alymy, sosiolog, politolog, psiholog. Esasy ylmy işleri, “Jemagat: sosiologik öwrenmek”, “Sosial ylmyň başlangyjy”, “Häzirki zaman döwleti”, “Häkimiýetiň başga şekile geçmegi (transformasiýasy)” atly kitaplardyr. **Transformasiýa**-“transformation-başga zada öwrülmek, başga şekile geçmek, üýtgemek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[5] Dinastiýa-“dynasteia-agalyk etmek” diýen grek sözünden gelip çykyp, şol bir nesle degişli bolan hökümdarlaryň miras hukugy esasynda şalyk tagtyna eýelik etmeklerini we döwleti dolandyrmaklaryny aňladýar.

## §4. Döwletleri görnüşlere bölmegiň manysy we maksatlary

Döwletleri görnüşlere bölmegiň esasy manysy we maksatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Döwletler we hukuk ulgamlary görnüşleri boýunça seljerilende, bu işiň dowamynda emele gelýän pikirler hem garaýyşlar döwletiň hem hukugyň taryhyna, olaryň tutuş adamzat siwilizasiýanyň emele gelmegindäki we ösüşindäki ornuna, ähmiýetine has anyk düşünmäge ýardam berýär. Şonuň bilen birlikde-de döwletler we hukuk ulgamlary dürli usullar boýunça toparlara hem görnüşlere bölünende döwletiň we hukugyň bir görnüşden başga görnüşe geçmeginiň sebäplerine, esaslaryna we usullaryna has doly we jikme-jik göz ýetirmek bolýar. Döwletiň we hukugyň bir görnüşiniň başga bir görnüşdäki döwlet gurluşy we hukuk ulgamy bilen çalyşmagy örän wajyp taryhy hadysa bolup durýar. Şol hadysalary doly öwrenmezdenem olaryň many-mazmunyna, ösüşine, olaryň durmuş-syýasy wezipelerine, jemgyýetiň syýasy ulgamynda eýeleýän orunlaryna doly derejede düşünmek mümkin däldir.
- Döwletleriň hem hukuk ulgamlarynyň görnüşlere we toparlara bölünişini öwrenmek hukuk öwrenijä döwletiň we hukugyň taryhy ösüşiniň içki kanunalaýyklyklarynyň manyly yzygiderliligini özleşdirmäge, şonuň netijesinde umumylaşdyrmalaryň hem çaklamalaryň kömegi bilen häzirki zaman döwletleriniň geljekki ösüş ýollaryny kesgitlemeklige mümkinçilik berýär.
- Birnäçe asyrlaryň dowamynda toplanan maglumatlary we döwlet hem hukuk babatdaky umumyadamzat tejribesini tertibe salmaga, seljermäge ýardam berýär, şonuň netijesinde-de döwleti we hukugy, olaryň taryhy ýoly bilen bilelikde öwrenmekligi ýeňilleşdirýär.
- Döwletleri we hukuk ulgamlaryny görnüşlere bölmek döwlet-hukuk hadysalaryna, olaryň emele geliş yzygiderliligine çuňňur aralaşmaga we şonuň netijesinde döwletiň we hukugyň emele gelmegi hakynda taglymatlaryň haýsynyň hakykata has laýyk gelýändigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.
- Bu iş dürli döwürlerde dörän, hereket eden we ösen döwlet gurluşlaryny hem hukuk ulgamlaryny düýpli öwrenmegiň netijesinde zerurlyk ýüze çykan halatynda, döwletiň we hukuk ulgamynyň täze, has kämil we hakyky durmuşa has laýyk gelýän nusgalarynyň nazaryýet esaslaryny işläp düzmeklik üçin zerur bolan ylmy-tejribe binýadyny döredýär.

# ÇYZGYLAR


Çyzgy 4.1.
Döwletleri görnüşlere bölmegiň usullary
Formasion usul
(seljerme geçirilende esasan üç närse barlanýar)
Siwilizasion usul
(seljerme geçirilende esasan üç närse barlanýar)
jemgyýetiň ýagdaýy we ösüşi
döwletiň we hukugyň taryhy görnüşleriniň orunlaryny çalyşmaklarynyň kanunalaýyklyklary
jemgyýetiň medeni we ruhy ösüşi hem ýagdaýy
jemgyýetiň durmuş-medeni çygryndaky üýtgeşmeler
jemgyýetde önümçilik gatnaşyklarynyň we onuň synpy düzüm gurluşyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi
halkyň ruhy medeniýetiniň, dininiň, ahlagynyň we ş.m. hil taýdan üýtgemeginiň kanunalaýyklyklary

**Çyzgy 4.2.**


Döwletleriň we hukuk ulgamlarynyň jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça görnüşlere bölünişi
Döwletler
Hukuk ulgamlary
Gul eýeçilik döwleti
Gul eýeçilik hukugy
Feodal döwlet
Feodal hukugy
Buržuaz döwlet
Buržuaz hukugy
Sosialistik döwlet
Sosialistik hukuk
Geçiş döwrüniň döwleti we hukugy

**Çyzgy 4.3.**

**Formasion ölçeg boýunça görnüşlere bölünen döwletleriň esasy alamatlary**

| | |
|---|---|
| Gul eýeçilik döwleti | Döwlet öz ýerleşýän çäginde iň uly hem iň esasy gul eýesi bolupdyr we diňe gul eýeleriniň hukuklaryny gorapdyr. |
| Feodal döwlet | Döwletiň esasy wezipesi feodallaryň hukuklaryny gorap, olara garaşly daýhanlary tabynlykda saklamak bolupdyr. |
| Kapitalistik döwlet | Döwletiň mazmunyny we tebigatyny, içeri hem daşary syýasatyny diňe ykdysady gyzyklanmalar kesgitläpdir. |
| Sosialistik döwlet | Hakyky durmuşdan üzňe bolup, ýurduň bütin çäginde diňe döwlet eýeçiliginiň bolmagyny üpjün etmäge çalşypdyr. |
| Geçiş döwrüniň döwleti | Durnuksyz häsiýete eýedir we döwlet dolandyryş ulgamynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarlyklary köpdür. |

**Formasion ölçeg boýunça görnüşlere bölünen hukuk ulgamlarynyň esasy alamatlary**

| | |
|---|---|
| Gul eýeçilik hukugy | Esasy wezipesi gul eýeçilik jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny berkitmek hem goramak bolupdyr. |
| Feodal hukugy | Hemişe güýçliniň hukuklaryny ykrar edip, aç-açan zorluga, daýhanyň doly hukuksyz bolmagyna ýardam beripdir. |
| Kapitalistik hukuk | Esasy maksady kapitalistik jemgyýetiň syýasy, ykdysady we sosial esaslaryny berkitmek bolupdyr. |
| Sosialistik hukugy | Kommunistik partiýanyň syýasy ulgamda ýeke-täk we baş ornunyň bardygyny ykrar edipdir. |
| Geçiş döwründäki hukuk ulgamy | Hukuk ulgamy doly emele gelmeýär we ol köne hukuk ulgamynyň alamatlaryny hem özünde jemleýär. |

Çyzgy 4.4.


Arnold Jozef Toýnbiniň taglymatyna laýyklykda,
Siwilizasiýa
jemgyýetiň medeni, ykdysady, geografiýa, dini, ruhy we beýleki kesgitleýji sebäpleri bilen tapawutlanýan, ýapyk hem bir çygra jemlenen ýagdaýydyr
siwilizasiýalaryň görnüşleri
Gadymy gündogar siwilizasiýasy
Müsür siwilizasiýasy
Grek siwilizasiýasy
Rim siwilizasiýasy
Arap siwilizasiýasy
Prawoslaw siwilizasiýasy
Orta asyr siwilizasiýasy
Häzirki zaman siwilizasiýasy we ş.m.

**Çyzgy 4.5.**


Georg Ýellinegiiň döwletleri görnüşlere bölüşi:
Ideal döwlet
Empirik döwlet
bu hakyky durmuşda bolmadyk hyýaly döwletdir
ol hakyky durmuşda bolup, onuň şekilini hakyky durmuşda bar bolan döwletleri biri-biri bilen deňeşdirmek arkaly almak bolýar
Gadymy gündogar döwletleri
Rim döwletleri
Grek döwletleri
Orta asyr döwletleri
Häzirki zaman döwletleri we ş.m.

**Çyzgy 4.6.**

**Döwletleri görnüşlere bölmegiň manysy we maksatlary**

Bu işiň dowamynda emele gelýän pikirler hem garaýyşlar döwletiň we hukugyň taryhyna, olaryň tutuş adamzat siwilizasiýanyň emele gelmegindäki we ösüşindäki ornuna, ähmiýetine düşünmäge ýardam berýär

Döwletiň we hukugyň taryhy ösüşiniň içki kanunalaýyklyklarynyň manyly yzygiderliligini özleşdirmäge, häzirki zaman döwletleriniň geljekki ösüş ýollaryny kesgitlemeklige mümkinçilik berýär

Asyrlaryň dowamynda toplanan maglumatlary we döwlet hem hukuk babatdaky umumyadamzat tejribesini tertibe salmaga, seljermäge ýardam berýär, döwleti we hukugy öwrenmekligi ýeňilleşdirýär

Döwlet-hukuk hadysalaryna, olaryň emele geliş yzygiderliligine çuňňur aralaşmaga we olaryň emele gelmegi hakynda taglymatlaryň haýsynyň hakykata laýyk gelýändigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär

Bu iş dürli döwürlerde dörän, hereket eden we ösen döwlet gurluşlaryny hem hukuk ulgamlaryny düýpli öwrenmegiň netijesinde zerurlyk ýüze çykan halatynda, döwletiň we hukuk ulgamynyň täze, has kämil we hakyky durmuşa has laýyk gelýän nusgalarynyň nazaryýet esaslaryny işläp düzmeklik üçin zerur bolan ylmy-tejribe binýadyny döredýär

## *SOWALNAMA*

**1) Döwletleri görnüşe bölmek (tipologiýa),**
- döwlet dolandyryşynyň tapawutly aýratynlyklary boýunça amala aşyrylýar;
- döwlet gurluşynyň tapawutly aýratynlyklary boýunça amala aşyrylýar;
- döwletleriň taryhy taýdan bir derejede durýan anyk toparyna mahsus umumy alamatlaryň jeminiň seljerilmeginiň esasynda amala aşyrylýar;
- döwletiň syýasy düzgüniniň tapawutly aýratynlyklary boýunça amala aşyrylýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Döwletleri görnüşlere bölmegiň,**
- iki usuly bar;
- üç usuly bar;
- dört we ondan köp usuly bar;
- bir usuly bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Döwletler jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça (formasion usulda) görnüşlere bölünende,**
- döwletiň adamzat taryhynda dörän, ösen we ýitip giden siwilizasiýalaryň haýsy-da bolsa birine degişlidigi nazara alynýar;
- döwletiň ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyna degişliligi anyklanýar;
- döwleti haýsy milletiň ýa-da halkyň döredendigi nazara alynýar;
- döwletiň haýsy çäkde döredilendigi nazara alynýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Döwletler medeni ösüş ýoly boýunça (siwilizasion usulda) görnüşlere bölünende,**
- döwletiň adamzat taryhynda dörän, ösen we ýitip giden siwilizasiýalaryň haýsy-da bolsa birine degişlidigi nazara alynýar;
- döwletiň ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyna degişliligi anyklanýar;
- döwleti haýsy milletiň ýa-da halkyň döredendigi nazara alynýar;
- döwletiň haýsy çäkde döredilendigi nazara alynýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Jemgyýetçilik-gurluş alamatlary boýunça döwletleriň näçe görnüşi bar?**
- ýedi;
- on bir;
- bäş;
- ýedi ýa-da sekiz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Şu aşakdakylar döwletleriň formasion usulda bölünýän görnüşlerine degişlidir:**
- gul eýeçilik döwleti;
- gadymy gündogar döwleti;
- feodal döwlet;
- buržuaz döwlet.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Kapitalistik döwletde ýokary baş gymmatlyk näme?**
- adam;
- jemgyýet;
- hususy eýeçilik;
- döwletiň merkezi banky we ätiýaçlyk altyn gory saklanýan hazynasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Feodal hukugy başgaça nähili atlandyrylýar?**
- ýumruk hukugy;
- gamçy hukugy;
- ynsanperwerlik hukugy;
- ýagşylygyň we adalatlylygyň sungaty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Sosialistik döwletde döwletden we hukukdan ýokarda haýsy gurama durýar?**
- kärdeşler arkalaşygy;
- milli howpsuzlyk ministrligi;
- harby geňeş;
- kommunistik partiýa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Geçiş döwri diňe sosialistik jemgyýetçilik gurluş dargandan soň emele gelýän döwletlere we hukuk ulgamlaryna mahsusdyr.**
- hawa;
- käbir ýagdaýlarda – hawa;
- ýok;
- adatça – ýok, ýöne SSSR darganda şeýle ýagdaý bolup geçdi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Geçiş döwründe döwlet dolandyryş ulgamynda,**
- kanunçykaryjy häkimiýetiň ygtyýarlyklary köpdür;
- kazyýet häkimiýetiniň ygtyýarlyklary köpdür;
- ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarlyklary köpdür;
- döwlet häkimiýetiniň ähli şahalarynyň ygtyýarlyklary deňdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) A. Toýnbiniň nygtamagyna görä, siwilizasiýa,**
- adamlaryň ýabanylykdan saýlanmagydyr;
- jemgyýetiň medeni, ykdysady, geografiýa, dini, ruhy we beýleki kesgitleýji sebäpleri bilen tapawutlanýan, ýapyk hem bir çygra jemlenen ýagdaýydyr;
- adamlaryň köpçülikleýin ýaşaýşynyň süri görnüşinden jemgyýet görnüşine geçmegidir;
- medeniýetlilik düşünjesiniň emele gelmegi we medeniýetiň ösmegidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) G. Ýellinegiň pikirine görä, ideal döwlet,**
- hakyky durmuşda bar bolan döwletleriň iň giňden ýaýran görnüşidir;
- hakyky durmuşda bolmadyk hyýaly döwletdir;
- gadymy Rim respublikasydyr;
- häzirki zaman ýewropa döwletleridir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) A. Toýnbi özüniň “Taryha akyl ýetirmek” atly ylmy işinde adamzat taryhynda siwilizasiýalaryň näçe sanysynyň bolandygyny belleýär?**
- ýigrimisiniň;
- sekizisiniň;
- ikisiniň;
- otuzdan gowragynyň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Biziň ýaşaýan siwilizasiýamyz nähili atlandyrylýar?**
- gündogar we günbatar siwilizasiýasy;
- umumy adamzat siwilizasiýasy;
- häzirki zaman siwilizasiýasy;
- üçünji müňýyllygyň siwilizasiýasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Gul eýeçilik döwletleri diňe gadymy gündogar siwilizasiýasyna degişlidir:**
- hawa;
- ýok;
- hawa, ýöne gul eýeçilik döwletleri rim siwilizasiýasynda hem bolupdyr;
- hawa, ýöne gul eýeçilik döwletleri grek siwilizasiýasynda hem bolupdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Häzirki zaman siwilizasiýasynda sosialistik döwletler barmy?**
- hawa;
- ýok;
- hakyky sosialistik döwletler ýok, diňe galp (psewdo[1]) sosialistik döwletler bar;
- diňe sosialistik döwletler ýok, buržuaz-sosialistik döwletler bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

---
[1]Psewdo-„pseudos-ýalan, galp” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

**18) Döwletler siwilizasion usul bilen görnüşlere bölünende seljerilýär:**
- jemgyýetiň medeni we ruhy ösüşi hem ýagdaýy;
- jemgyýetiň durmuş-medeni çygryndaky üýtgeşmeler;
- halkyň ruhy medeniýetiniň, dininiň, ahlagynyň, umuman onuň ruhy dünýäsini emele getirýän ähli zatlaryň hil taýdan üýtgemeginiň kanunalaýyklyklary;
- hususy eýeçiligiň emele gelmegi we onuň hukuk taýdan goraglylygynyň ösüşi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Döwletler formasion usul bilen görnüşlere bölünende seljerilýär?**
- jemgyýetiň ýagdaýy we ösüşi;
- jemgyýetiň ykdysady binýadynyň hil taýdan üýtgemeginiň nukdaýnazaryndan döwletiň we hukugyň taryhy görnüşleriniň orunlaryny çalyşmaklarynyň kanunalaýyklyklary;
- jemgyýetde önümçilik gatnaşyklarynyň we onuň synpy düzüm gurluşyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi;
- edebiýatyň, sungatyň, umuman maddy we ruhy medeniýetiň emele gelmegi we ösüşi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Döwletleri taryhy alamatlary boýunça görnüşlere bölmek näme üçin gerek?**
- döwleti we hukugy has çuňňur öwrenmek üçin;
- döwlet-hukuk hadysalarynyň seljermelerini tertipli alyp gitmek üçin;
- adamyň emele gelşine we kämilleşişine doly düşünmek üçin;
- döwletiň we hukuk ulgamynyň täze, has kämil we hakyky durmuşa has laýyk gelýän nusgalarynyň nazaryýet esaslaryny işläp düzmeklik üçin zerur bolan ylmy-tejribe binýadyny döretmekde ulanmak üçin.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 5-nji bap. Döwletiň görnüşi

## §1. Döwletiň görnüşi barada düşünje we onuň bölünişi

Häzirki zaman dünýäsinde döwletleriň juda köp görnüşleri bar. Köp ýurtlarda döwletleriň dürli görnüşleriniň özlerine mahsus aýratynlyklary birnäçe asyryň, käbir ýagdaýlarda bolsa müňlerçe ýyllaryň dowamynda emele gelipdir. Häzirki zaman dünýäsiniň dürli-dürli döwletleriniň mazmunyna, edýän işine has anyk düşünmek üçinem ilki bilen olary birnäçe alamatlar boýunça toparlara bölmek we birmeňzeş alamatlary boýunça bir topara jemlenen döwletleriň dürli görnüşleriniň düzüm gurluşyny, häsiýetli aýratynlyklaryny aýratynlykda seljermek zerur bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, *döwletiň görnüşi* (formasy, galyby) – bu takyk bir ýurduň çäginde döwlet häkimiýetiniň guralyşyny häsiýetlendirýän we özara baglanyşykly üç sany düzüm bölegini: dolandyryşyň görnüşini, döwlet gurluşynyň görnüşini we syýasy düzgüniň (režimiň[1]) görnüşini özünde jemleýän çylşyrymly jemgyýetçilik hadysasydyr. Döwletiň görnüşiniň birnäçe aňlatmasy bardyr. Ol gönüden-göni döwletiň özeniniň we mazmunynyň jeminden emele gelýär. Döwletiň özeni we mazmuny nähili bolsa, onuň görnüşi hem şonuň ýalydyr.

Döwletiň *özeni* seljerilende, onuň ilkinji nobatda, jemgyýetiň haýsy gatlaklarynyň, toparlarynyň we synplarynyň bähbitlerini hem erk-isleglerini goraýandygy hem üpjün edýändigi öwrenilýär. Döwletiň *mazmuny* öwrenilende, onuň haýsy ugurlar boýunça, nähili serişdeler bilen hereket edýändigi seljerilýär.

Ylmy edebiýatlarda, döwletiň dolandyryşynyň, çäk gurluşynyň we syýasy düzgüniniň häsiýetli aýratynlyklarynyň ählisini nazarda tutmak bilen, tutuş döwlet gurluşy boýunça döwletleri birnäçe uly toparlara bölýärler:

I. ***Döwletiň ýekehäkimiýetlilik*** (monokratik[2]) ***görnüşi*** şu aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär:

- Döwlet häkimiýeti tutuşlygyna bir şahsyýetiň ygtyýarlygynda jemlenýär;
- Döwlet häkimiýeti diňe güýje we mejbur etmeklige daýanýar;
- Halk döwlet syýasatynyň emele gelmegine we amala aşyrylmagyna hiç-hili täsir edip bilmeýär;
- Köp ýagdaýda ýerli öz-özüňi dolandyryş[3] düýbünden bolmaýar, eger-de bolan ýagdaýynda-da onuň ygtyýarlyklary hem wezipeleri şertli, diňe kagyz ýüzündäki häsiýete eýe bolýar;
- Ykdysadyýet tutuşlygyna diýen ýaly döwlete bagly bolýar;
- Aňyýeti emele getirmek we kämilleşdirmek işi diňe döwletiň ygtyýarlygyna (monopoliýasyna) degişli edilýär;

---

[1]Režim-“regimen-dolandyryş” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, döwlet gurluşynyň ýa-da dolandyryşynyň görnüşini aňladýar;
[2]Monokratik-„monos-ýeke-täk, bütewi, kratos-häkimiýet” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[3]Ýerli öz-özüňi dolandyryş diỳmeklik, haỳsy-da bolsa bir guramaçylykly sosial toparyň öz işlerini guramagyny we dolandyrmagy özbaşdak amala aşyrmagyny aňladỳar. Türkmenistanyň Konstitusiỳasynyň 84-nji maddasyna laỳyklykda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary diỳip, geňeşlere we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralaryna düşünilỳär.

- Adatça raýatlaryň hukuklary we azatlyklary çäklendirilýär, kähalatda bolsa doly inkär edilýär.

Ýekehäkimiýetliligiň birnäçe görnüşi bar:

- *Teokratik ýekehäkimiýetlilik* (Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri we ş.m.);
- *Ekstremistik*[1] *ýekehäkimiýetlilik* (öň taryhda bolan, faşistik Germaniýa, Italiýa, Ispaniýa we ş.m.);
- *Militaristik*[2] *ýekehäkimiýetlilik* (döwletde häkimiýet harby geňeşe we onuň ýolbaşçysyna ýa-da harby hunta[3] degişli bolsa);

II. ***Döwletiň köphäkimiýetlilik*** (polikratiýa[4], poliarhiýa[5]) ***görnüşi*** häzirki zaman dünýäsiniň ösen döwletleriniň aglaba köpüsine mahsusdyr we ol şu aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär:

- Döwlet häkimiýeti kesgitli we anyk ygtyýarlyklary bolan häkimiýet şahalaryna bölünýär;
- Döwletiň çäk gurluşyny emele getirýän dolandyryş-çäk birlikleriniň dolandyryşy mümkin boldugyça özbaşdaklaşdyrylýar;
- Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy netijeli hereket edýär;
- Döwlet ykdysadyýete diňe sazlaşdyryjy we ugrukdyryjy häsiýetde täsir edýär;
- Döwletde syýasy düzgün amala aşyrylanda demokratiýa ýörelgelerinden ugur alynýar we ynsanperwerlik çärelerini ulanmaklyga ýykgyn edilýär.

III. ***Döwletiň segmentar***[6] ***görnüşi*** ýekehäkimiýetlilik bilen köphäkimiýetliligiň arasyndaky görnüş bolup we ol şu aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär:

- Döwlet häkimiýeti häkimiýet şahalaryna bölünýär, ýöne häkimiýet şahalarynyň biri (adatça, ýerine ýetiriji häkimiýet) has köp ygtyýarlyklara eýe bolýar;
- Ýurtda belli bir derejede ösen ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy hereket edýär;
- Ykdysadyýet tutuşlygyna döwlete bagly bolmasa-da, döwlet oňa juda uly täsir edýär;
- Döwletde syýasy düzgün amala aşyrylanda azda-kän-de kanunylyk berjaý edilmäge çalşylýar.

---

[1]Ekstremistik-„extremus-gyraky, çetki” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adatça syýasatda barlyşyksyz, bir taraplaýyn çärelere, garaýyşlara ýykgyn edilmegini aňladýar;
[2]Militaristik-“militaris-harby” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ol ýa-da beýleki ýurduň dolandyryjy gatlagy tarapyndan döwletiň harby güýç-kuwwatyny çalt depginde artdyrmak üçin ulanylýan syýasy, ykdysady we aňyýet serişdeleriniň ulgamyny aňladýar;
[3]Hunta-“junta-ýygnak, birleşme” diýen ispan sözünden gelip çykyp, Ispaniýada we Latyn Amerikasynyň käbir ýurtlarynda dürli jemgyýetçilik birleşmeleriniň, guramalarynyň bileleşigini, ispan dilinde gepleýän halkly käbir döwletlerde bolsa ýerine ýetiriji häkimiýetiň edarasyny aňladýar. Bu ýerde ulanylýan manysynda, döwletde häkimiýeti bikanun eýelän dildüwşüjileriň toparyny aňladýar;
[4]Polikratiýa-“polys-köp, köp sanly, kratos-häkimiýet” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[5]Poliarhiýa-“polys-köp, köp sanly, arche-başlangyç” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[6]Segmentar-“seco-kesýärin, segmentum-kesilen bölek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

## §2. Döwlet dolandyryşy barada düşünje we onuň görnüşleri

*Döwlet dolandyryşy* döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralarynyň düzüm gurluşyny, olary döretmegiň we olaryň arasynda wezipe ygtyýarlyklarynyň paýlanmagynyň tertibini aňladýar.

Döwlet dolandyryşynyň iki görnüşi bardyr:

- monarhiýa;
- respublika.

### 1. Monarhiýa

*Monarhiỳa* diỳlende, döwletde ỳokary häkimiỳetiň doly, bölekleỳin ỳa-da şertli görnüşde döwletiň ỳeke-täk baştutanynyň-monarhyň elinde jemlenmegine we onuň (başgaça aýdylanda, tagtyň) nesilden-nesle miras geçmegine düşünilỳär. Döwletleriň bu görnüşi gadymy döwürlerde ilkinji dörän döwlet gurluşy bolup durỳar. Dürli döwürlerde, dürli ỳurtlarda monarhlar kesar[1], imperator, bazilews, patyşa, kaỳzer, korol, knỳaz, han, şa, soltan, emir, inka ỳaly dürli atlar bilen atlandyrylypdyr.

Döwlet dolandyryşynyň nusgawy (klassik[2]) monarhiýa görnüşiniň esasy alamatlary şu aşakdakylardyr:

- Döwletiň ýeke-täk we ömürlik baştutanynyň bolmagy;
- Ýokary döwlet häkimiýetiniň nesilden-nesle miras geçmegi;
- Monarhyň öz islegine görä döwletiň adyndan wekilçilik etmegi;
- Monarhyň hukuk jogapkärçiliginden doly azat bolmagy.

Hukuk ylmynda monarhiýa birnäçe görnüşlere bölünýär:

- absolýut monarhiýa;
- çäklendirilen (parlamentar, konstitusion) monarhiýa;
- senýorial monarhiýa;
- gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýa;
- dualistik[3] monarhiýa;
- teokratik monarhiýa.

*Absolỳut monarhiỳa* diỳlende döwlet häkimiỳetiniň ähli şahalarynyň ỳagny kanunçykaryjy, ỳerine ỳetiriji we kazyỳet häkimiỳetiniň diňe monarhyň ygtyỳarlygynda jemlenmegine, döwleti dolandyrmagyň wekilçilikli edaralarynyň bolmazlygyna, eger wekilçilikli edaralar bolaỳan ỳagdaỳynda hem olarda hiç-hili häkimlik ygtyỳarlyklarynyň bolmazlygyna düşünilỳär. Mysal üçin, b.e.ö. 49-44-nji ỳyllarda, ägirt uly Rim şalarşalygynda, döwlet häkimiỳetiniň resmi taỳdan ykrar edilen senat[4] wekilçilikli edarasynyň we konsullar, tribunlar ỳaly belli bir möhlete

---

[1]Kesar-"caesar-bu patyşa" diỳen latyn sözünden we b.e.ö. 100-44-nji ỳyllar aralykda Gadymy Rimde ỳaşap geçen Gaỳ Ỳuliỳ Sezaryň (Caesar) adyndan gelip çykan adalga;

[2]Klassik-"classicus" diýen, rim raýatlarynyň ilkinji derejesine degişliligi aňladýan latyn sözünden gelip çykyp, öňden gelýän nusgawylyk diýen düşünjäni aňladýar;

[3]Dualistik-"dualis-ikitaraplaýyn" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[4]Senat-"senex-ýaşuly, goja, senatus-ýaşulylaryň ýygnagy, maslahaty" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga. Häzirki döwürde-de käbir döwletlerde parlamentiň ýokarky palatasynyň adyny aňladýar. **Palata**-"palatium-köşk" diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde döwletiň ýokary wekilçilikli edarasynyň düzüm böleginiň ady hökmünde ulanylýar.

möhlete saýlanýan wezipeli şahslarynyň bolandygyna garamazdan, tutuş döwlet häkimiỳeti diňe Gaý Ỳuliỳ Sezaryň bir özüniň ygtyýarlygynda jemlenipdir. 1643-1715-nji ỳyllar aralykda Fransiỳanyň koroly bolan Lỳudowik XIV-niň “Döwlet bu mendirin” diỳen jümlesi bolsa absolỳut monarhiỳanyň iň gysga aňlatmasy bolup durỳar. Häzirki döwürde dessurlaỳyn absolỳut monarhiỳalar hökmünde Oman, Bahreỳn, Katar, Kuweỳt we Saud Arabystany ýaly döwletleri görkezmek bolar.

*Çäklendirilen* (parlamentar, konstitusion) *monarhiỳa* – bu monarhyň häkimiỳetiniň şertli bolup, döwleti dolandyrmagyň parlament we parlament tarapyndan düzülen hökümet, ỳagny ministler kabineti[1] tarapyndan amala aşyrylmagydyr. Şeỳle döwletlerde demokratik, hukuk döwletiniň ähli alamatlary bardyr. Monarh bolsa döwletiň simwoly[2] hem-de milletiň däp-dessurlarynyň berjaý edilmeginiň kepili hökmünde çykyş edỳär. Çäklendirilen monarhiỳanyň nusgawy mysaly hökmünde Beỳik Britaniỳanyň we Demirgazyk Irlandiỳanyň Birleşen korollygyny, Şwesiỳany, Norwegiỳany, Belgiỳany, Ỳaponiỳany we beỳleki döwletleri görkezmek bolar.

*Senýorial monarhiýa* – monarhiýanyň taryhy görnüşi bolup, şeýle döwlet dolandyryşy wassallaryň senýorlary bilen gatnaşyklarynyň jeminden emele gelipdir. Şeýle görnüşdäki döwletde monarh iri ýer eýeleriniň (feodallaryň) arasyndan saýlanypdyr we “gowularyň arasynda birinjisi” diýlip hasaplanypdyr (*4-nji babyň 2-nji soragyna seret*).

*Gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýa* – monarhiýanyň bu görnüşinde, jemgyýetiň aýry-aýry gatlaklaryndan saýlanan wekiller döwletiň wekilçilikli edarasyny emele getirýärler we ol edara döwletde monarhyň häkimiýeti bilen bilelikde kanunçykaryjy häkimiýeti amala aşyrýar. Gatlaklaýyn wekilçilikde döwletiň ýokary wekilçilikli edarasyna jemgyýetiň ähli gatlaklaryndan wekiller saýlanmaýar, diňe asylzadalaryň, baý täjirleriň we gurply senetçileriň ýa-da baş mülkdarlaryň gatlaklaryndan wekiller saýlanypdyr. Gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýa hem monarhiýanyň taryhy görnüşi bolup, ol XII asyrda, Günbatar Ýewropada döräpdir we XX asyryň başlaryna çenli dowam edipdir. Ýöne häzirki wagtda-da Beýik Britaniýada lordlaryň palatasy[3] görnüşinde gatlaklaýyn wekilçiligiň galyndysy (rudimenti[4]) hereket edip gelýär.

*Dualistik monarhiýa* – bu konstitusion monarhiýanyň bir görnüşi bolup, ol absolýut monarhiýadan parlamentar monarhiýa geçmegiň aralyk döwründäki döwlet dolandyryşyny aňladýar. Dualistik monarhiýada monarhyň häkimiýeti konstitusiýa bilen çäklendirilýär, ýöne monarh resmi taýdan hem, hakykat ýüzünde-de giň häkimiýet ygtyýarlyklaryna eýe bolmagyny we döwletiň syýasy

---

[1]Ministr-“ministro-gulluk edỳärin, dolandyrỳaryn” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, merkezi döwlet dolandyryş edarasynyň (ministrligiň) ỳolbaşçysyny aňladỳar. Kabinet-“cabinet-iş otagy” diỳen fransuz sözünden gelip çykan adalga. **Ministrler Kabineti** ýa-da Hökümet – bu döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisine ýolbaşçylygy amala aşyrýan we olaryň işiniň ylalaşykly alnyp barylmagyny üpjün edýän kollegial ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr. **Kollegial**-„collegium-birleşme” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, ỳerine ỳetiriji we serenjam beriji geňeş edarasyny emele getirỳän ỳolbaşçy wezipeli şahslaryň toparyny aňladỳar;

[2] Simwol-“symbolon-belgi, nyşan, bellik, alamat, duýduryş” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[3]Lord-“hlaford-çöregiň goragçysy” diýen gadymy iňlis sözünden gelip çykyp, Beýik Britaniýada iň ýokary dworýan titulyny aňladýar. **Lordlaryň palatasy**-Beýik Britaniýada parlamentiň ýokarky palatasy;

[4]Rudiment-“rudimentum-başlangyç, galyndy, ilkinji esas” diýen latyn sözünden gelip çykyp, doly ösüp, kämilleşip ýetişmedik, hereket etmeýän, galyndy agzany aňladýar.

ulgamynyň merkezini eýelemeginidowam edýär. Dualistik monarhiýada resmi taýdan hökümet parlamentiň we monarhyň öňünde deň-derejede jogapkärdir, emma hakykatda welin hökümet diňe monarhyň öňünde jogap berýär. Häzirki wagtda dualistik monarhiýa Marokkoda, Iordaniýada, Taýlandda, Nepalda we Malaýziýada hereket edýär.

*Teokratik monarhiýa* – bu monarhiýanyň bir görnüşi bolup, ol döwletde häkimiýetiň eldegrilmesiz we diňe Allatagala tarapyndan monarha bagyşlanýan mukaddeslik hasaplanmagyny, monarhyň döwlet baştutany bolmagy bilen bir wagtda dini häkimiýetiň hem baştutany bolmagyny aňladýar. Häzirki wagtda Watikan teokratik monarhiýanyň nusgawy görnüşi hökmünde çykyş edýär. Watikanda kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti, kardinallaryň[1] geňeşi tarapyndan ömürlik saýlanýan Rim Papasyna degişli.

## 2. Respublika

*Respublika* – bu ỳokary döwlet häkimiỳet edaralary belli bir möhlete saỳlanan wekillerden düzülen we baştutanlygynda belli bir möhlete saýlanan döwlet ýolbaşçysy (adatça, prezident) durỳan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Respublikada döwlet baştutanyna häkimiýeti halk (saýlawçylar) ýa-da wekilçilikli edara (parlament) berýär. Döwlet dolandyryşynyň bu görnüşi gadym zamanlarda döräp, häzirki güne çenli hereket edip gelỳärler. Respublika mahsus bolan döwlet dolandyryşynyň ilkinji alamatlary, b.e.ö. IV-III asyrlarda, Mesopotamiỳada (Derỳaralygynda) dörän, Eşnunna, Nippur, Ur, Uruk, Larsa, Lagaş, Kiş, Şuruppak, Umma ỳaly şumerleriň şäher-döwletlerinde emele gelipdir. Mysal üçin, Lagaş şäherinde b.e.ö. XXIV asyrda, 1600 sany raỳatdan ybarat bolan, uly halk ỳygnagy hereket edipdir.[2] Respublika görnüşindäki döwlet dolandyryşynda demokratiỳanyň nusgawy düşünjede ornaşdyrylmagy bolsa Afiny, Sparta ýaly grek şäher-döwletlerinde, gadymy Rim respublikasynda amala aşyrylypdyr.

Häzirki zaman döwletleriniň aglaba köpüsinde döwlet dolandyryşy respublika görnüşinde amala aşyrylỳar. Respublikalaryň üç görnüşi bar:

- Prezident respublikasy;
- Parlament respublikasy;
- Gatyşyk ỳa-da prezident-parlament respublikasy.

*Prezident respublikasy* – bu döwlet häkimiỳet bölünişiginde ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň (hökümetiň) we döwletiň baştutany hökmünde çykyş edỳän prezidentiň döwlet häkimiỳetiniň kanunçykaryjy hem kazyỳet häkimiỳetlerine garanyňda, biraz giň ygtyỳarlyklarynyň bolmagynda amala aşyrylỳan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Prezident respublikasyna şu aşakdaky alamatlar mahsusdyr:

- Prezident döwletiň hem-de ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň baştutany bolup durỳar;

[1]Kardinal-“cardinalis-baştutan, baş, ýolbaşçy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, katolik ybadathanasynda Rim Papasyndan soňky, ikinji orny eýeleýän dini wezipeli şahsy aňladýar;
[2]Графский В.Г. Всеобщая история права и государства. Москва, 2002. С. 58.

- Prezident ỳurduň ilaty tarapyndan göni ỳa-da şertli saỳlawlar arkaly saỳlanỳar;
- Hökümet prezident tarapyndan düzülỳär, ỳöne parlament tarapyndan tassyklanỳar;
- Döwletiň kanunçykaryjy häkimiỳetini emele getirỳän parlament göni ỳa-da şertli (proporsional[1]) saỳlawlar arkaly döredilỳär;
- Hökümet prezidentiň öňünde jogapkär bolup durỳar we prezidentiň özi hökümeti ỳatyryp hem-de gaỳtadan düzüp bilỳär;
- Prezidentiň "weto" hukugy[2], ỳagny parlament tarapyndan kabul edilen kanunlara gadaganlyk girizmek hukugy bolỳar;
- Parlament impiçment[3] teribine laýyklykda prezidenti eỳeleỳän wezipesinden boşadyp we jogapkärçilige çekip bilỳär;
- Kazyỳet häkimiỳeti kanunçykaryjy we ỳerine ỳetiriji häkimiỳet tarapyndan döredilỳär.

*Parlament respublikasy* – bu döwlet häkimiỳet bölünişiginde kanunçykaryjy häkimiỳeti özünde jemleỳän parlamentiň ỳerine ỳetiriji we kazyỳet häkimiỳetlerine garanyňda has giň ygtyỳarlyklardan peỳdalanmagynda amala aşyrylỳan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Parlament respublikasyna şu aşakdaky alamatlar mahsusdyr:

- Döwletiň kanunçykaryjy häkimiỳetini özünde jemleỳän parlament göni ỳa-da şertli saỳlawlar arkaly döredilỳär;
- Döwletiň iň ỳokary häkimiỳet instituty hökmünde parlament çykyş edỳär;
- Hökümetiň häkimiỳet ygtyỳarlyklary hökümeti döredỳän parlamente doly bagly bolup durỳar;
- Prezident parlament tarapyndan saỳlanỳar, emma döwleti dolandyrmakda onuň wezipesi protokollaşdyrylan[4] bolup durỳar;
- Şeỳle respublikalarda kazyỳet häkimiỳeti kanunçykaryjy we ỳerine ỳetiriji häkimiỳetler tarapyndan döredilỳär.

*Gatyşyk ỳa-da prezident-parlament respublikasy* – bu döwlet häkimiỳet bölünişiginde kanunçykaryjy, ỳerine ỳetiriji we kazyỳet häkimiỳetleriniň ygtyỳarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagynda amala aşyrylỳan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Gatyşyk respublikanyň esasy alamatlary şu aşakdakylardyr:

- Prezident şol bir wagtda hökümetiň baştutany wezipesini ỳerine ỳetirmeỳär, Hökümetiň ýolbaşçysy ministrler kabinetiniň başlygy (premýer-ministr) bolỳar;

---

[1]Proporsional saýlaw-"proportionalis-deňagramly" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, wekilçilikli döwlet edaralaryna öz dalaşgärlerini görkezen partiỳalaryň arasynda mandatlaryň saỳlawyň dowamynda olaryň toplan sesleriniň möçberine laỳyklykda paỳlanylmagyny aňladýar;

[2]Weto hukugy-"veto-gadagan edỳärin" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, döwlet baştutanynyň döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen kanun bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda, gol çekmekden ýüz döndermäge hem-de närazy ýerlerini görkezmek bilen ony parlamente täzeden ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin gaýtarmaga bolan hukugyny aňladýar;

[3]Impiçment-"to impeach-ỳazgarmak, aỳyplamak" diỳen iňlis sözünden gelip çykan adalga;

[4]Protokol-"protocollon" latyn dilinde **manuskriptiň** ("manus-el scribo-ỳazỳaryn" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, gadymy golỳazmalary aňladỳar) birinji sahypasynyň ady bolup, haỳsydyr bir hakykatda bolup geçen ỳagdaỳy ỳa-da hereketi belläp alyp galmak üçin düzülỳän resminamany aňladỳar.

- Hökümet prezidentiň öňünde jogapkär bolmak bilen bir wagtda parlamentde hem ynam wotumyny[1] gazanmaga borçly;
- Parlament hökümete ynanmazlyk wotumyny[2] bildireninden soň prezident möhletinden öň parlament saỳlawlaryny belläp bilỳär;
- Hökümet parlament köpçüligini emele getirỳän partiỳa tarapyndan döredilỳär we şol partiỳanyň lideri[3] ministrler kabinetiniň başlygy bolỳar.

## §3. Döwlet gurluşy barada düşünje we onuň görnüşleri

*Döwlet gurluşynyň görnüşi* – bu döwletiň düzüm bölekleriniň, merkezi we ýerli döwlet dolandyryş, häkimiýet edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýetini açyp görkezýän, milli we dolandyryş-çäk gurluşydyr.

Häzirki döwürde döwlet gurluşynyň görnüşi boýunça döwletler esasy üç topara bölünýärler:

- unitar[4] döwlet;
- federasiýa;
- konfederasiýa.

### 1. Unitar döwlet

*Unitar döwlet* – bu ỳurduň bütin çägi ỳerli dolandyryş edaralarynyň kömegi bilen merkezi häkimiỳet-dolandyryş edarasy tarapyndan dolandyrylỳan, dolandyryş-çäk birliklerine bölünen, berk merkezleşdirilen, bir bütewi döwlet gurluşydyr. Unitar döwletiň anyk mysaly hökmünde Türkmenistan, Belorussiỳa, Ermenistan, Gazagystan ỳaly döwletleri görkezmek bolar. Unitar döwletiň esasy alamatlary şu aşakdakylardyr:

- Ýerine ýetiriji, wekilçilikli hem kazyýet edaralary tutuş ýurt üçin bir we umumy bolup durýarlar;
- Bütin ýurduň çäginde ýeke-täk konstitusiýa, bir bütewi kanunçylyk, salgyt ulgamy we raýatlyk hereket edýär;
- Döwletiň düzüm birlikleriniň (oblastlaryň, departamentleriň[5], okruglaryň[6], prowinsiýalaryň, welaýatlaryň we ş.m.) özygtyýarlylygy ýok;
- Ähli döwletara gatnaşyklar ýurda halkara gatnaşyklar ulgamynda wekilçilik edýän merkezi döwlet häkimiýet-dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar;

---

[1]Wotum-“votum-isleg, erk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, wekilçilikli edaranyň ỳa-da saỳlawçylaryň toplumynyň erk-islegini beỳan etmek maksady bilen kabul edilen we neşir edilen karary ỳa-da gaỳry görnüşdäki pikiri aňladỳar. Wotumyň, ynam wotumy, saỳlaw wotumy, ynanmazlyk wotumy, gytaklaỳyn wotum, köpçülikleỳin wotum, hökmany wotum ỳaly görnüşleri bar;

[2]Ynanmazlyk wotumy diỳlende, parlament tejribesinde, döwletiň ỳokary kanunçykaryjy edarasy (parlament) tarapyndan döwletiň hökümetiniň ỳa-da bir ministriň alyp barỳan syỳasatynyň ỳa-da täze kanunyň taslamasynyň inkär edilmegine düşünilỳär;

[3]Lider-“leader-öňbaşçy, ýolbaşçy” diýen iňlis sözünden gelip çykan adalga;

[4]Unitar-“unitas-bütewi” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[5]Departament-“departir-bölüp aỳyrmak” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, ỳokary döwlet edarasynyň bölümini aňladỳar;

[6] Okrug-“окружной-töwerekleỳin” diỳen rus sözünden gelip çykyp, anyk serhetleri bellenen belli bir çägi aňladỳar.

- Ýeke-täk ýaragly güýçleri bolýar we olara ýolbaşçylyk döwlet häkimiýetiniň merkezi edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Dürli ölçeglerden ugur almak bilen unitar döwletler şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- *Ýönekeý unitar döwletler* (özleriniň dolandyryş edaralary bolmadyk we gönüden-göni döwlet häkimiýetiniň merkezi edaralaryna tabynlykda hereket edýän dolandyryş-çäk birliklerinden ybarat bolan döwletler – olara Çehiýa, Polşa, Estoniýa, Marokko, Nepal we ş.m degişlidir);

- *Çylşyrymly unitar döwletler* (düzüminde milli ýa-da dolandyryş awtonom birlikleri[1] bolan döwletler – olara Ispaniýa, Italiýa, Daniýa, Ukraina, Fransiýa we ş.m degişlidir);

- *Merkezleşdirilen unitar döwletler* (sebitleýin dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary merkez tarapyndan bellenýän (Niderland korollygy) ýa-da saýlanan ýerli häkimiýet wekilleri döwletiň wezipeli adamlary tarapyndan tassyklanýan (Indoneziýada şäher etrapçalarynyň kethudalary) döwletlerdir);

- *Merkezleşdirilmedik unitar döwletler* (sebitleýin dolandyryş edaralary döwlet häkimiýetiniň merkezi edaralaryna dahylsyz döredilýän döwletlerdir – şeýle döwletlere, Beýik Britaniýa, Täze Zelandiýa, Ýaponiýa, Ispaniýa, Italiýa we beýlekiler degişlidir).

## 2. Federasiýa

*Federasiỳa* adalgasy, “**federatio-**birleşik, bileleşik” diỳen latyn sözünden emele gelip, özbaşdak döwletleri ỳa-da döwlete çalymdaş gurluşlary, ỳagny dürli döwletlerde respublikalar, ỳerler, ştatlar, ülkeler, kantonlar diỳlip dürli atlar bilen atlandyrylỳan hem-de çäklendirilen syỳasy özbaşdaklyk hukugyndan peỳdalanỳan, emma suwereniteti, ỳagny özygtyỳarlylygy bolmadyk federasiỳanyň subỳektlerini öz düzüminde jemleỳän, çylşyrymly bileleşik-döwleti aňladỳar. Federasiỳanyň mysaly hökmünde, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny, Russiỳa Federasiỳasyny, Germaniỳa Federatiw Respublikasyny, Kanadany görkezmek bolar.

Federasiýanyň möhüm alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Federasiýanyň çägini onuň aýry-aýry subýektleriniň çäkleri emele getirýär;
- Federasiýada döwlet dolandyryşynyň ikileýin görnüşi (federal we federasiýanyň subýektiniň häkimiýet-dolandyryş ulgamy) hereket edýär;
- Kanunçylyk ulgamynyň ikileýin görnüşi (federal kanunçylyk we federasiýanyň subýektiniň kanunçylygy) we ikiraýatlylyk (federasiýanyň we onuň subýektiniň raýatlylygy) hereket edýär;
- Ýeke-täk pul birligi bolýar;
- Ýaragly güýçleri bir we bütewi bolýar;
- Federasiýanyň subýektleri özbaşdaklyk hukugyndan peýdalanýarlar;
- Federal parlamentiň düzüminde federasiýanyň agzalarynyň bähbitlerini goraýan ýörite palata hereket edýär;

---

[1] Awtonom birlikler-“autos-özi, nomos-kanun” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, döwletiň konstitusiýasynda kesgitlenen çäklerde döwlet dolandyryşyny özbaşdak amala aşyrýan dolandyryş-çäk birligini aňladýar.

- Federasiýanyň subýektleriniň özygtyýarlylygy federasiýanyň bähbidinden ugur almak bilen çäklendirilýär.

Federasiýanyň hem birnäçe görnüşleri bardyr:

- *Şertnamalaýyn federasiýa* (birnäçe döwletleriň öz aralarynda baglaşan federasiýa döretmek we şol bir wagtda özleriniň özygtyýarlylyk hukuklarynyň köp bölegini täze döredilýän federasiýanyň ygtyýarlygyna bermek hakynda ylalaşyklarynyň esasynda döredilen federasiýa);

- *Konstitusion federasiýa* (täze kabul edilen konstitusiýanyň esasynda öň unitar ýa-da ýarym federatiw bolan döwletiň federasiýa öwrülmegi);

- *Simmetrik*[1] *federasiýa* (subýektleri özleriniň hukuk ýagdaýlary (statuslary[2]) boýunça deň-derejede bolan federasiýa, mysal üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlary);

- *Asimmetrik federasiýa* (subýektleri özleriniň hukuk ýagdaýlary boýunça biri-birinden tapawutlanýan federasiýa, mysal üçin federasiýanyň subýektleriniň käbiriniň hukuk ýagdaýy döwlet gurluşy hökmünde berkidilýär, käbiri bolsa çäkleýin subýektler bolup durýarlar – Russiýa Federasiýasy, Hindistan);

- *Çäkleýin federasiýa* (subýektleriniň çäkleri çäkleýin ýörelge boýunça kesgitlenen federasiýa – Awstraliýa, Meksika);

- *Milli federasiýa* (subýektleriniň çäkleri anyk bir milletiň ýaşaýan taryhy çäkleri boýunça kesgitlenen federasiýa);

- *Gatyşyk* (çäkleýin-milli) *federasiýa* (subýektleriniň çäkleri çäkleýin ýörelge we anyk bir milletiň ýaşaýan taryhy çäkleri boýunça kesgitlenen federasiýa – Russiýa Federasiýasy).

### 3. Konfederasiýa

*Konfederasiỳa* – bu “**confoederatio**-birleşik” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, umumy bähbitleri goramak we üpjün etmek maksady bilen döredilen, özygtyỳarly hem garaşsyz döwletleriň hukuk taýdan wagtlaýyn birleşmesidir. Konfederasiỳanyň mysaly hökmünde, düzümine 29 sany özygtyỳarly döwlet girỳän Ỳewropa Bileleşigini ýa-da Şweýsariýany görkezmek bolar.

Konfederasiýanyň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Ol özygtyýarly döwletleriň ylalaşygy esasynda döreýär we federasiýadan tapawutlylykda, ylalaşyk baglaşan döwletleriň her biriniň islän wagtynda Konfederasiýanyň düzüminden çykmaga bolan hukugy hem ylalaşykda berkidilýär;
- Federasiýadan tapawutlylykda onuň umumy kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet edaralary ýok;
- Adatça bir bütewi goşuny bolmaýar;
- Adatça ýeke-täk býujeti[3] we salgyt ulgamy bolmaýar;
- Her bir döwletiň öz raýatlygy saklanyp galýar.

---

[1]Simmetrik-“symmetria-deňölçeglilik, gyradeňlik” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[2]Status- “status-ỳagdaỳ” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, hukuk ylmynda belli bir subỳektiň hukuk ỳagdaỳyny, ỳagny onuň hukuklarynyň we borçlarynyň jemini, şol hukuklary amala aşyrmagyň, borçlary bolsa berjaỳ etmegiň tertibini aňladỳar;

[3]Býujet-“bougette-gaýyş gapjyk” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, döwletiň, ýuridik ýa-da fiziki şahsyň belli bir möhletiň dowamyndaky girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabatyny aňladýar.

Taryhdan belli bolşuna görä, adatça konfederasiýalar uzak dowam etmeýärler we olar öz-özlerinden dargaýarlar ýa-da belli bir wagt geçenden soňra federasiýa öwrülýärler. Ýöne dürli ýurtlarda we jemgyýetlerde taryhy jemgyýetçilik ösüş ýolunyň dürli-dürli bolşy ýaly, kadadan çykma hökmünde konfederasiýalaryň käbiriniň asyrlaryň dowamynda öz gurluşyny üýtgewsiz diýen ýaly saklap dowam edýändigini hem görkezmek bolar. Mysal üçin, Şweýsariýa Konfederasiýasy.

Häzirki wagtda halkara tejribesinde, döwletleriň konfederasiýa çalymdaş ýene-de bir birleşmesi – arkalaşyk bar. *Arkalaşyk* – bu özygtyýarly we garaşsyz döwletleriň milli, syýasy, ykdysady hem gaýry bähbitlerini bilelikde üpjün etmek we goramak maksady bilen döredýän birleşmesidir. Arkalaşygyň mysaly hökmünde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny (GDA-ny) görkezmek bolar.

## §4. Syýasy düzgün barada düşünje we onuň görnüşleri

*Döwletiň syýasy-hukuk düzgüniniň gurluşy*, döwlet tarapyndan jemgyýetde döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylmagynyň usullarynyň we serişdeleriniň jeminden emele gelýär. Syýasy düzgünleriň örän köp dürli görnüşleri bar. Emma olaryň ählisi ilkinji nobatda iki sany uly topara: demokratik we demokratiýa garşy (antidemokratik) syýasy düzgünlere bölünýärler. Demokratik syýasy düzgünler konserwatiw[1] we liberal görnüşlere bölünýär. Demokratiýa garşy syýasy düzgünlere bolsa, despotiýa[2], tiraniýa[3], totalitar, awtoritar, faşistik düzgünler, şeýle hem aparteid[4], segregasiýa[5] düzgünleri girýärler.

Haýsydyr bir döwletiň syýasy düzgüniniň görnüşini kesgitlemegiň esasy ölçegleri hem, şol döwlet tarapyndan adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kepillendirilişiniň hem goralyşynyň derejesi, şonuň ýaly-da döwletiň öz häkimlik ygtyýarlyklaryny amala aşyrmakda ulanýan serişdeleriniň we usullarynyň häsiýeti, ugur alýan ýörelgeleri bolup durýar. Şonuň bilen birlikde-de, halkyň döwlet häkimiýetini döretmeklige we oňa gözegçilik etmeklige neneňsi

---

[1]Konserwatiw-“conservatus-goraýjy, goraýan” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zadyň durnuklylygyny we üýtgewsizligini goraýan dünýägaraýşy aňladýar;

[2]Despotiýa-“despoteia-çäklendirilmedik häkimiỳet” diỳen grek sözünden gelip çykyp, çäklendirilmedik monarhiỳany aňladýar. Şeỳle syỳasy düzgünler Müsür, Wawilon ỳaly gadymy döwletlere mahsus bolupdyr;

[3]Tiraniýa-“tyranos-ezmeklik diỳen grek sözünden gelip çykyp, bir şahsyỳetiň döwlet häkimiýetini sütem-zorluk ulanmak bilen amala aşyrmagyny aňladỳar. Tiraniỳa hem despotlyk düzgün ýaly, demokratiýa garşy düzgünleriň taryhy görnüşleriniň biridir;

[4]Aparteid-“apartheid-aýrybaşgalaşdyrmak, aýry ýaşatmak” diýen afrika sözünden gelip çykyp, adamlary jynsy (rasa) taýdan kemsitmeleriň (diskriminasiýanyň) netijesinde olary zorluk bilen diňe öz jynslaryna degişli adamlaryň arasynda, belli bir görkezilen çäkde (gettoda) ýaşamaga mejbur etmek bilen meşgullanýan syýasy düzgüni aňladýar. **Rasa-**“ratio-dereje, kategoriýa” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nesilden-nesle gan bilen geçỳän tebigy alamatlaryň (teniniň we saçlarynyň reňki, gözüniň, kelleçanagynyň gurluşy we ş.m.) umumylygynyň esasynda birleşip, taryhyň dowamynda emele gelen adamlaryň toparyny aňladýar. **Diskriminasiýa-**„discriminatio-saýlamak, saýry tutmak, deň göz bilen garamazlyk“ diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamy hukuklarynda çäklendirmegi, deňhukuklykdan mahrum etmegi aňladýar. **Getto-**„ghetto“ diýen italýan sözünden gelip çykyp, XV-XIX asyrlarda Günbatar we Merkezi Ýewropada şäheriň bir çetinden ýewreýleriň aýratyn ýaşamagy üçin bölünip berlen böleginiň atlandyrylyşyny aňladýar. Soňra Ikinji jahan urşy ýyllarynda faşistler tarapyndan ýewreýleri ýok etmek üçin döredilen lagerler şeýle atlandyrylyp başlanypdyr. **Lager-**wagtlaýyn meýdan düşelgesini aňladýan, „lager“ diýen nemes sözünden gelip çykan adalga;

[5]Segregasiýa-“segregatio-bölüp aýyrmak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, garaýagyz ýa-da teniniň reňki başga hili bolan adamlary zorluk bilen akýagyz (ak reňkli) adamlardan uzakda ýaşamaga mejbur edýän syýasy düzgüni aňladýar. Aparteid bilen manydaş aňlatma.

derejede işjeň gatnaşýanlygynyň-da döwletiň syýasy düzgündiniň görnüşini kesgitlemekde uly ähmiýeti bardyr.

*Demokratiýa düzgüniniň* ähli çäreleri şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegini we kämilleşmegini mümkin boldugyndan üpjün etmäge gönükdirilýär. Şeýle syýasy düzgün tarapyndan adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary diňe bir ykrar edilmän, eýsem juda berk derejede kepillendirilýär, halkyň işjeň gatnaşmagynda, göni hem wekilçilikli demokratiýa ýörelgeleriniň esasynda döredilen döwlet edaralary tarapyndan üpjün edilýär we goralýar.

Demokratiýa düzgünine mahsus esasy alamatlar şu aşakdakylardyr:

- Jemgyýetiň maddy abadançylygynyň esasy bolan ykdysady çygyrda şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepillendirilmegi;
- Raýatlaryň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kepillendirilmegi;
- Raýatlaryň döwletiň alyp barýan syýasaty barada öz pikirini açyk aýtmaga bolan hukugynyň üpjün edilmegi we goralmagy;
- Adamlar üçin medeni, ylmy we beýleki jemgyýetçilik guramalaryna işjeň gatnaşmaga mümkinçilik döredilmegi;
- Ilat tarapyndan döwlet häkimiýetine göni we netijeli täsir ediş ulgamynyň döredilmegi;
- Şahsyýetiň eden-etdilikden we bikanunylykdan hemişelik goraglylygynyň üpjün edilmegi;
- Döwlet häkimiýeti tarapyndan köpçüligiň we azlygyň bähbitleriniň deň-derejede goralmagy;
- Döwletiň syýasy düzgüniniň diňe şahsyýetiň we jemgyýetiň ösüş zerurlyklaryny beýan edýän kanunlara esaslanmagy.

*Demokratiýa garşy syýasy düzgünler* bolsa diňe bir döwlet dolandyryşynyň monarhiýa görnüşine mahsus däldir. Şeýle görnüşdäki düzgünler respublikalarda hem emele gelip bilýärler. Ol düzgünleriň esasy alamatlary bolsa şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Döwlet jemgyýetçilik ýaşaýşynyň, ykdysadyýet, syýasat, aňyýet, sosial, medeni ugurlary ýaly ähli ugurlarynyň üstünden özüniň ýeke-täk häkimiýetini berkarar etmäge ymtylýar;
- Döwlet häkimiýeti bir şahsyň ýa-da bir edaranyň (guramanyň) elinde jemlenmek bilen, ol mümkin boldugyndan berk merkezleşdirilýär;
- Döwletiň häkimiýet-dolandyryş ulgamynda hereket edýän wekilçilikli edaralaryň hakykat ýüzünde hiç-hili ygtyýarlygy bolmaýar;
- Döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň rüstemligi we artykmaçlygy berkarar edilýär;
- Ähli jemgyýetçilik guramalary döwlet tarapyndan döredilýär, döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýär we döwletiň berk gözegçiliginde saklanýar (ýagny, döwletleşdirilýär);
- Adamyň we raýatyň hukuklary hem azatlyklary kepillendirilmeýär.

*Awtoritar düzgün*, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, demokratiýa garşy düzgünleriň bir görnüşi bolup, ol şu aşakdaky alamatlar bilen häsiýetlendirilýär:

- Tutuş döwlet häkimiýetiniň bir şahsyýetiň ygtyýarlygynda jemlenmegi;

- Raýatlaryň syýasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň (söz, metbugat azatlygyna, ýygnanyşyklary geçirmegiň erkinligine bolan hukuklar we ş.m.) ýoklugy ýa-da düýpli derejede çäklendirilmegi;
- Syýasy bäsdeşligiň (oppozisiýanyň[1]) bolmazlygy;
- Demokratiýa mahsus alamatlaryň kagyz ýüzünde (formal taýdan) ykrar edilmegi.

*Totalitar düzgün* hem demokratiýa garşy syýasy düzgünleriň bir görnüşi hökmünde her bir adamyň we tutuş jemgyýetiň ýaşaýşynyň dürli ugurlarynyň üstünden doly (total-ähliumumy) gözegçiligi ýola goýmaklyga esaslanýar. Totalitar düzgünde tutuş döwlet häkimiýeti bir guramanyň ygtyýarlygynda bolýar. Awtoritar düzgüniň iň agyr derejede ýüze çykmasy hökmünde totalitar düzgün hemme zady özüne boýun egdirýän, gutarnykly häkimiýeti üpjün etmäge ymtylýar.

[1]Oppozisiýa-"oppositio-garşy goýmaklyk, garşy bolmaklyk" diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zada garşy durmaklygy, haýsydyr bir garaýyşlara başga bir garaýyşlary garşy goýmaklygy aňladýar.

# ÇYZGYLAR

**Çyzgy 5.1.**



**Çyzgy 5.2.**

## Döwletiň ýekehäkimiýetlilik (monokratik) görnüşi



**Çyzgy 5.3.**


Döwletiň köphäkimiýetlilik (polikratiýa, poliarhiýa) görnüşi
Döwlet häkimiýeti kesgitli we anyk ygtyýarlyklary bolan häkimiýet şahalaryna bölünýär
Döwletiň çäk gurluşyny emele getirýän dolandyryş-çäk birlikleriniň dolandyryşy mümkin boldugyça özbaşdaklaşdyrylýar
Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy netijeli hereket edýär
Döwlet ykdysadyýete diňe sazlaşdyryjy we ugrukdyryjy häsiýetde täsir edýär
Döwletde syýasy düzgün amala aşyrylanda demokratiýa ýörelgelerinden ugur alynýar we ynsanperwerlik çärelerini ulanmaklyga ýykgyn edilýär

**Çyzgy 5.4.**


Döwletiň segmentar görnüşi
Ýekehäkimiýetlilik bilen köphäkimiýetliligiň arasyndaky görnüş bolup, ol:
Döwlet häkimiýeti häkimiýet şahalaryna bölünýär, ýöne häkimiýet şahalarynyň biri (adatça, ýerine ýetiriji häkimiýet) has köp ygtyýarlyklara eýe bolýar
Ýurtda belli bir derejede ösen ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy hereket edýär
Döwletde syýasy düzgün amala aşyrylanda azda-kän-de kanunylyk berjaý edilmäge çalşylýar
Ykdysadyýet tutuşlygyna döwlete bagly bolmasa-da, döwlet oňa juda uly täsir edýär


Çyzgy 5.5.
Döwlet dolandyryşy
Döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralarynyň düzüm gurluşyny, olary döretmegiň we olaryň arasynda wezipe ygtyýarlyklarynyň paýlanmagynyň tertibini aňladýar
Monarhiýa (alamatlary we görnüşleri)
Respublika (alamatlary we görnüşleri)
Döwletiň ýeke-täk we ömürlik baştutanynyň bolmagy
Monarhyň öz islegine görä döwletiň adyndan wekilçilik etmegi
Döwlet baştutany halk tarapyndan belli bir möhlete saýlanýar
Döwlet häkimiýeti kanunçyka - ryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünýär
Ýokary döwlet häkimiýetiniň nesilden-nesle miras geçmegi
Monarhyň hukuk jogapkärçiliginden doly azat bolmagy
Döwletiň ýokary häkimiýet edaralary saýlawlylyk we wekilçilik ýörelgeleriniň esasynda döredilýär
Döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň ygtyýarlyklary hem deňleşdirilýär
Döwlet baştutany (adatça prezident) döwletiň adyndan wekilçilik edýär
Döwlet baştutany we döwletiň beýleki wezipeli şahslary konstitusiýa laýyklykda jogapkärçilige degişli bolýar
absolýut monarhiýa
çäklendirilen monarhiýa
senýorial monarhiýa
Döwlet baştutanynyň baglaşan halkara ylalaşyklaryny parlament tassyklaýar
Döwletiň ykbalyna täsir edýän meseleler referendum esasynda çözülýär
gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýa
dualistik monarhiýa
teokratik monarhiýa
Gatyşyk respublika
Parlament respublikasy
Prezident respublikasy

**Çyzgy 5.6.**


Prezident respublikasynyň alamatlary
Prezident döwletiň hem-de ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň baştutany bolup durỳar
Prezident ỳurduň ilaty tarapyndan göni ỳa-da şertli saỳlawlar arkaly saỳlanỳar
Parlament impiçment teribine laýyklykda prezidenti eýeleýän wezipesinden boşadyp we jogapkärçilige çekip bilỳär
Hökümet prezidentiň öňünde jogapkär bolup durỳar we prezidentiň özi hökümeti ỳatyryp hem-de gaỳtadan düzüp bilỳär
Kazyỳet häkimiỳeti kanunçykaryjy we ỳerine ỳetiriji häkimiỳet tarapyndan döredilỳär
Prezidentiň "weto" hukugy, ỳagny parlament tarapyndan kabul edilen kanunlara gadaganlyk girizmek hukugy bolỳar
Hökümet prezident tarapyndan düzülỳär, ỳöne parlament tarapyndan tassyklanỳar
Döwletiň kanunçykaryjy häkimiỳetini emele getirỳän parlament göni ỳa-da şertli saỳlawlar arkaly döredilỳär

Çyzgy 5.7.


Döwletiň kanunçykaryjy häkimiýetini özünde jemleýän parlament göni ýa-da şertli saýlawlar arkaly döredilýär
Prezident parlament tarapyndan saýlanýar, emma döwleti dolandyrmakda onuň wezipesi protokollaşdyrylan bolup durýar
Hökümetiň häkimiýet ygtyýarlyklary hökümeti döredýän parlamente doly bagly bolup durýar
Şeýle respublikalarda kazyýet häkimiýeti kanunçykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetler tarapyndan döredilýär
Parlament respublikasynyň alamatlary
Döwletiň iň ýokary häkimiýet instituty hökmünde parlament çykyş edýär
Parlament hökümete ynanmazlyk wotumyny bildireninden soň prezident möhletinden öň parlament saýlawlaryny belläp bilýär
Hökümet prezidentiň öňünde jogapkär bolmak bilen bir wagtda parlamentde hem ynam wotumyny gazanmaga borçly
Hökümet parlament köpçüligini emele getirýän partiýa tarapyndan döredilýär we şol partiýanyň lideri ministrler kabinetiniň başlygy bolýar
Prezident şol bir wagtda hökümetiň baştutany wezipesini ýerine ýetirmeýär, Hökümetiň ýolbaşçysy ministrler kabinetiniň başlygy (premýer-ministr) bolýar
Gatyşyk respublikanyň alamatlary

Çyzgy 5.8.


Döwlet gurluşy
Bu döwletiň düzüm bölekleriniň, merkezi we ýerli döwlet dolandyryş, häkimiýet edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýetini açyp görkezýän, milli we dolandyryş-çäk gurluşydyr
Unitar döwlet
Federasiýa
Konfederasiýa
Ýönekeý unitar döwlet
Çylşyrymly unitar döwlet
Merkezleşdirilen unitar döwlet
Merkezleşdirilmedik unitar döwlet
Konstitusion federasiýa
Milli federasiýa
Simmetrik federasiýa
Çäkleýin federasiýa
Asimmetrik federasiýa
Gatyşyk federasiýa
(çäkleýin-milli federasiýa)

Çyzgy 5.9.


Ýerine ýetiriji, wekilçilikli hem kazyýet edaralary tutuş ýurt üçin bir we umumy bolup durýarlar
Bütin ýurduň çäginde ýeke-täk konstitusiýa, bir bütewi kanunçylyk, salgyt ulgamy we raýatlyk hereket edýär
Unitar döwletiň alamatlary
Ähli döwletara gatnaşyklar ýurda wekilçilik edýän merkezi döwlet häkimiýet-dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar
Döwletiň düzüm birlikleriniň (welaýatlaryň we ş.m.) özygtyýarlylygy ýok
Ýeke-täk ýaragly güýçleri bolýar we olara ýolbaşçylyk döwlet häkimiýetiniň merkezi edaralary tarapyndan amala aşyrylýar

Çyzgy 5.10.


Federasiýanyň çägini onuň aýry-aýry subýektleriniň çäkleri emele getirýär
Federasiýada döwlet dolandyryşynyň ikileýin görnüşi (federal we federasiýanyň subýektiniň häkimiýet-dolandyryş ulgamy) hereket edýär
Federasiýanyň subýektleriniň özygtyýarlylygy federasiýanyň bähbidinden ugur almak bilen çäklendirilýär
Kanunçylyk ulgamynyň ikileýin görnüşi we ikiraýatlylyk hereket edýär
Federasiýanyň alamatlary
Federal parlamentiň düzüminde federasiýanyň agzalarynyň bähbitlerini goraýan ýörite palata hereket edýär
Ýeke-täk pul birligi bolýar
Federasiýanyň subýektleri özbaşdaklyk hukugyndan peýdalanýarlar
Ýaragly güýçleri bir we bütewi bolýar

Çyzgy 5.11.


Ol özygtyýarly döwletleriň ylalaşygy esasynda döreýär
Federasiýadan tapawutlylykda onuň umumy kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet edaralary ýok
Döwletleriň her biriniň islän wagtynda Konfederasiýanyň düzüminden çykmaga hukugy bar
Konfederasiýanyň alamatlary
Adatça bir bütewi goşuny bolmaýar
Her bir döwletiň öz raýatlygy saklanyp galýar
Adatça ýeke-täk býujeti we salgyt ulgamy bolmaýar

**Çyzgy 5.12.**


Döwletiň syýasy-hukuk düzgününiň gurluşy
Döwlet tarapyndan jemgyýetde döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylmagynyň usullarynyň we serişdeleriniň jeminden emele gelýär
Demokratiýa garşy düzgünler
Demokratik düzgünler
Awtoritar düzgün
Faşistik düzgün
Segregasiýa
Konserwatiw düzgün
Totalitar düzgün
Aparteid
Despotlyk düzgün
Liberal düzgün
Tiranlyk düzgün

Çyzgy 5.13.


Raýatlaryň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kepillendirilmegi
Raýatlaryň döwletiň alyp barýan syýasaty barada öz pikirini açyk aýtmaga bolan hukugynyň üpjün edilmegi we goralmagy
Ilat tarapyndan döwlet häkimiýetine göni we netijeli täsir ediş ulgamynyň döredilmegi
Döwlet häkimiýeti tarapyndan köpçüligiň we azlygyň bähbitleriniň deň-derejede goralmagy
Demokratiýa düzgünine mahsus alamatlar
Jemgyýetiň maddy abadançylygynyň esasy bolan ykdysady çygyrda şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepillendirilmegi
Adamlar üçin medeni, ylmy we beýleki jemgyýetçilik guramalaryna işjeň gatnaşmaga mümkinçilik döredilmegi
Şahsyýetiň eden-etdilikden we bikanunylykdan hemişelik goraglylygynyň üpjün edilmegi
Döwletiň syýasy düzgüniniň diňe şahsyýetiň we jemgyýetiň ösüş zerurlyklaryny beýan edýän kanunlara esaslanmagy

**Çyzgy 5.14.**


Demokratiýa garşy syýasy düzgünlere mahsus alamatlar
Döwlet jemgyýetçilik ýaşaýşynyň, ykdysadyýet, syýasat, aňyýet, sosial, medeni ýaly ugurlarynyň ählisiniň üstünden ýeke-täk häkimiýetini berkarar etmäge ymtylýar
Döwlet häkimiýeti bir şahsyň ýa-da bir edaranyň (guramanyň) elinde jemlenmek bilen, ol mümkin boldugyndan berk merkezleşdirilýär
Döwletiň häkimiýet-dolandyryş ulgamynda hereket edýän wekilçilikli edaralaryň hakykat ýüzünde hiç-hili ygtyýarlygy bolmaýar
Döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň rüstemligi we artykmaçlygy berkarar edilýär
Ähli jemgyýetçilik guramalary döwlet tarapyndan döredilýär, döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýär we döwletiň berk gözegçiliginde saklanýar (ýagny, döwletleşdirilýär
Adamyň we raýatyň hukuklary hem azatlyklary kepillendirilmeýär

## *SOWALNAMA*

**1) Döwletiň görnüşini (galybyny, formasyny) emele getirýärler:**
- döwlet dolandyryşy;
- döwlet gurluşy;
- kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimýetleri;
- döwletiň syýasy düzgüni.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Döwletleriň görnüşleriniň toparyna girýärler:**
- döwletiň ýekehäkimiýetlilik, köphäkimiýetlilik we segmentar görnüşleri;
- gul eýeçilik, feodal, kapitalistik sosialistik we häzirki zaman döwletleri;
- dünýewi, sosial, hukuk we dini döwletler;
- gadymy grek, gadymy rim, gadymy müsür we ş.m. döwletler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Ýekehäkimiýetliligiň görnüşlerine degişli,**
- teokratik ýekehäkimiýetlilik;
- ekstremistik ýekehäkimiýetlilik;
- militaristik ýekehäkimiyetlilik;
- çäklendirilmedik ýekehäkimiýetlilik.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Döwlet dolandyryşynyň näçe görnüşi bar?**
- dört;
- bir;
- iki;
- üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Monarhiýanyň görnüşleri şu aşakdakylardyr:**
- absolýut, çäklendirilen, senýorial, gatlaklaýyn-wekilçilikli, dualistik we teokratik monarhiýalar;
- segmentar, simmetrik, dessurlaýyn, kanuny we bikanun monarhiýalar;
- gul eýeçilik, feodal we buržuaz monarhiýalary;
- absolýut, çäklendirilen, senýorial we demokratik monarhiýalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Respublikanyň görnüşleri şu aşakdakylardyr:**
- prezident respublikasy;
- parlament respublikasy;
- kazyýet respublikasy;
- president-parlament respublikasy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Monarhiýa respublikasy bolup bilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- käbir ýagdaýlarda – hawa;
- diňe Gündogar Ýewropa we Aziýa ýurtlarynda – hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Döwlet gurluşynyň görnüşi, bu döwletiň,**
- häkimiýetiniň ýokary edaralarynyň düzüm gurluşyny, olary döretmegiň we olaryň arasynda wezipe ygtyýarlyklarynyň paýlanmagynyň tertibini aňladýar;
- düzüm bölekleriniň, merkezi we ýerli döwlet dolandyryş, häkimiýet edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýetini açyp görkezýän, milli we dolandyryş-çäk gurluşydyr;
- jemgyýetde döwlet häkimiýetini amala aşyrmagynyň usullarynyň we serişdeleriniň jemidir;
- konstitusion gurluşyny aňladýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Döwletler gurluşy boýunça aşakdaky görnüşlere bölünýärler:**
- federasiýa;
- unitar döwlet;
- imperiýa;
- konfederasiýa.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Unitar döwletde,**
- ýurduň çägi bir bütewidir we döwletiň dolandyryş-çäk birlikleriniň özbaşdaklyk hukugy ýokdur;
- döwletiň çägini onuň subýektleriniň çäkleri emele getirýändir;
- döwlet häkimiýeti merkezleşdirilendir;
- ýeke-täk kanunçylygy, raýatlygy we dolandyryş-häkimiýet ulgamy bardyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Unitar döwletleriň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- ýönekeý, çylşyrymly, merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik;
- absolýut, çäklendirilen we gatlaklaýyn-wekilçilikli;
- ýekehäkimýetli, köphäkimiýetli, segmentar;
- demokratik we demokratiýa garşy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Federasiýa,**
- birnäçe özygtyýarly döwletleriň ylalaşyk esasynda döredilen bileleşigidir;
- özygtyýarlylygy bolmadyk birnäçe döwletleriň harby we syýasy birleşmesidir;
- döwlet gurluşynyň iň gadymy görnüşidir;

- özbaşdak döwletleri ỳa-da döwlete çalymdaş gurluşlary, ỳagny subỳektlerini öz düzüminde jemleỳän, çylşyrymly bileleşik-döwletdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Konstitusion federasiýa – bu,**
- täze kabul edilen konstitusiýanyň esasynda öň unitar ýa-da ýarym federatiw bolan döwletiň federasiýa öwrülmegidir;
- subýektleri özleriniň hukuk ýagdaýlary boýunça deň-derejede bolan federasiýadyr;
- subýektleri özleriniň hukuk ýagdaýlary boýunça deň-derejede bolmadyk federasiýadyr;
- diňe Russiýa Federasiýasydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Federasiýanyň gatyşyk (milli-çäkleýin) görnüşi barmy?**
- ýok;
- hawa;
- diňe Amerikanyň Birleşen ştatlary şeýle federasiýa bolup durýar;
- diňe Germaniýa Federatiw Respublikasy şeýle federasiýa bolup durýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Konfederasiýa – bu,**
- federasiýanyň iň ýönekeý görnüşidir;
- özygtyýarly we garaşsyz döwletleriň milli, syýasy, ykdysady hem gaýry bähbitlerini bilelikde üpjün etmek we goramak maksady bilen döredýän birleşmesidir;
- umumy bähbitleri goramak we üpjün etmek maksady bilen döredilen, özygtyỳarly hem garaşsyz döwletleriň hukuk taýdan wagtlaýyn birleşmesidir;
- unitar döwletleriň iň çylşyrymly görnüşidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Döwletiň syýasy düzgünini emele getirýärler,**
- kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri;
- döwletiň baştutanynyň ygtyýarlyklarynyň jemi;
- döwlet häkimiýet edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşmeleri;
- döwlet tarapyndan jemgyýetde döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylmagynyň usullarynyň we serişdeleriniň toplumy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Döwletiň syýasy düzgüniniň görnüşi haýsy ölçegler boýunça kesgitlenýär?**
- döwlet tarapyndan adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kepillendirilişiniň hem goralyşynyň derejesi;
- döwletiň konstitusiýasynyň bardygy ýa-da ýokdugy;
- döwletiň öz häkimlik ygtyýarlyklaryny amala aşyrmakda ulanýan serişdeleriniň we usullarynyň häsiýeti, ugur alýan ýörelgeleri;

- halkyň döwlet häkimiýetini döretmeklige we oňa gözegçilik etmeklige neneňsi derejede işjeň gatnaşýanlygy;

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Döwletiň syýasy düzgüniniň görnüşlerine şu aşakdakylar girýärler:**
- hukuk döwleti, raýat jemgyýeti, sosial döwlet;
- prezident respublikasy we absolýut monarhiýa;
- demokratik düzgün we demokratiýa garşy düzgün;
- buržuaz döwlet we sosialistik döwlet.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Demokratik düzgünlere mahsus alamatlaryň käbirleri şulardyr:**
- raýatlaryň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kagyz ýüzünde däl-de, hakykatda kepillendirilmegi;
- raýatlaryň döwletiň alyp barýan syýasaty barada öz pikirini açyk aýtmaga bolan hukugynyň üpjün edilmegi we goralmagy;
- döwletiň jemgyýetçilik ýaşaýşynyň, ykdysadyýet, syýasat, aňyýet, sosial, medeni ugurlary ýaly ähli ugurlarynyň üstünden özüniň ýeke-täk häkimiýetini berkarar etmäge ymtylmagy;
- döwletiň syýasy düzgüniniň diňe şahsyýetiň we jemgyýetiň ösüş zerurlyklaryny beýan edýän kanunlara esaslanmagy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Demokratiýa garşy syýasy düzgünlere girýärler:**
- awtoritar, totalitar düzgünler;
- aparteid, segregasiýa;
- faşistik, despotlyk, tiranlyk düzgünler;
- konserwatiw düzgün.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 6-njy bap. Döwletiň wezipeleri

## §1. Döwletiň wezipeleri barada düşünje we onuň alamatlary

Döwletiň wezipeleri (funksiýalary) barada sorag diňe bir nazaryýet taýdan däl-de eýsem, tejribe nukdaýnazaryndan hem örän wajypdyr. Ol sowalyň dogry we doly öwrenilmegi döwlete diňe bir onuň görnüşi, içki mazmuny hem düzüm gurluşy taýdan däl-de, onuň köp ugurly işjeňligi, öz öňünde duran wezipeleri berjaý edişi taýdan hem garamaga mümkinçilik berýär. Wezipelerini dogry kesgitlemek hem-de olary doly we hemmetaraplaýyn seljermek bilen, tutuş döwlet işjeňliginiň häsiýetini, ösüşiň ol ýa-da beýleki tapgyrlarynda döwletiň amala aşyrýan hereketleriniň netijeliligini, tutuş döwlet dolandyryş ulgamynyň guramaçylygynyň we netijeliliginiň derejesini takyk kesgitlemek bolýar.

“Funksiýa” diýen adalganyň üstünde gysgaça durlup geçilende, oňa dürli ylmy çeşmelerde dürli-dürli düşündirişler berilýär. Filososfiýa we umumysosiologiýa nukdaýnazaryndan “funksiýa” diýlende, gatnaşyklaryň şol pursatdaky ulgamynda haýsydyr bir obýektiň häsiýetleriniň daşky ýüze çykmasyna, şeýle hem aýry-aýry şahslaryň ýa-da edaralaryň tebigatyndan gelip çykýan adaty ýa-da ýörite özboluşly (spesifik[1]) hereketleriniň jemine düşünilýär. Mysal üçin, diri organizmde ýüregiň funksiýalary – gan aýlanyş ulgamynyň merkezi agzasy bolmak bilen ilkinji nobatda onuň hereket etmegini üpjün edýär. Şonuň bilen birlikde-de, bir şahs ýa-da şahslaryň topary tarapyndan gulluk işjeňligi amala aşyrylanda olaryň berjäy etmäge borçly bolan ýörite hereketleri hem “funksiýa” diýen adalga bilen atlandyrylyp bilinýär. Mysal üçin, lukmanyň funksiýalary – syrkawlara ýardam bermek we olary bejermek babatda mümkin bolan ähli hereketleri amala aşyrmaga borçly.

Bu adalga döwlet babatda ulanylanda onuň başga hili manysy bolýar. Hukuk ylymlarynda *döwletiň wezipeleri* – bu taryhyň anyk tapgyrynda, döwletiň öňünde duran we onuň jemgyýetdäki ornuny hem mazmunyny beýan edýän, strategik[2] maksatlary amala aşyrmaklyga gönükdirilen işjeňliginiň wajyp ugurlarydyr.

Döwletiň wezipeleriniň (funksiýalarynyň) şu aşakdaky alamatlary bar:

1) Döwletiň wezipeleri toplumlaýyn (kompleksleýin[3]) we biri-birine berk baglanyşdyrylan häsiýetlidir. Bu alamat, döwletiň her bir wezipesiniň köp sanly birmeňzeş we birtertipli hereketleriň jeminden emele gelýändigini aňladýar.
2) Olar döwletiň sosial mazmunyndan we özeninden gelip çykýarlar. Her bir wezipesini amala aşyranda döwletiň emele getiriji ýörelgeleri aýdyň görünýär.
3) Döwlet özüniň wezipelerini amala aşyranda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dürli gatnaşyjylaryna häkimlik-mejbur ediji (höweslendirmek, ynandyrmak we mejbur etmek) usullar bilen täsir edýär.

---

[1]Spesifik-„spesificus-ýörite, özboluşly, aýratyn“ diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Strategik-“stratos-goşun, ago-alyp barýaryn” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, urşy alyp barmagyň sungatyny aňladýar. Bu ýerde bu söz uzakmöhletleýin we düýpli diýen manylarda ulanylýar;
[3]Kompleks-“complexus-arabaglanyşyk, aragatnaşyk, toplum” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

4) Döwletiň wezipeleri kanunçylyk ulgamynda doly we gutarnykly kesgitlenýär.
5) Döwletiň wezipelerini amala aşyrmak ugurlar we belli bir wagt möhleti üçin meýilnamalaşdyrylýar.

## §2. Döwletiň wezipeleriniň amala aşyrylyşynyň usullary we görnüşleri

Döwlet öz wezipelerini döwlet işjeňliginiň dürli guramaçylyk we hukuk görnüşleriniň çäklerinde amala aşyrýar.

Döwlet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmek we olary durmuşa geçirmek bilen bagly ol ýa-da beýleki ugurlarda amala aşyrýan işleriniň daşky alamatlary, ýagny häsiýetleri we hukuk netijeleri boýunça birmeňzeş *hukuk görnüşlerine* şu aşakdakylar degişlidir:

- hukuk döredijilik işi (ösüşiň belli bir tapgyrynda döwletiň işjeňliginiň esasy ugurlaryny we döwlet syýasatyny kesgitleýän hukuk kadalaryny taýýarlamak, kabul etmek, üýtgetmek we ýatyrmak);

- hukugy durmuşa geçirmek işi, onuň esasy düzüm bölekleri şu aşakdakylardyr:

  - hukuk ulanyş işi (ygtyýarly döwlet edaralarynyň hukuk kadalaryny ulanmak babatda namalary kabul etmek boýunça ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagy);
  - hukugy ýerine ýetiriş işi (döwlet edaralarynyň, guramalarynyň kadaly işini üpjün etmek bilen baglylykda hukuk kadalaryny berjaý etmek babatda amala aşyrylýan gündelik iş);

- hukugy üpjün etmek işi – iki bölege bölünýär:

  - kontrol-gözegçilik işi;
  - hukuk goraýyş işi (hukuk kadalaryny bozujylar babatda mejbur ediş çärelerini ulanmak).

Döwletiň wezipeleriniň *guramaçylyk görnüşleri* hukuk netijeleriniň döremegi bilen gönüden-göni baglanyşykly däldir. Olar döwlet dolandyryş ulgamynyň anyk döwlet wezipeleri durmuşa geçirmeklige gatnaşýan düzüm bölekleriniň kadaly we netijeli işlemegini üpjün edýärler. Şu aşakdakylar döwletiň wezipeleriniň guramaçylyk görnüşlerine degişlidir:

- guramaçylyk-kadalaşdyryş işi (degişli döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we bölümleriniň bilelikde geçirilýän çäreleri utgaşdyrmak we meýilnamalaşdyrmak, şeýle hem oňyn tejribäni hasaba almak we umumylaşdyrmak, gündelik resminamalary taýýarlamak we ş.m. babatda alnyp barylýan işler);

- guramaçylyk-hojalyk işi (dürli döwlet wezipeleriniň amala aşyrylmagyny maddy taýdan üpjün etmek işi);

- guramaçylyk-aňyýet işi (döwlet tarapyndan amala aşyrylýan işleriň we onuň alyp barýan ösüş ugrunyň dogrudygy we esaslydygy babatda yzygiderli hem maksadaokgunly alnyp barylýan, ilata kadalaşdyryjy hukuk namalaryň we döwlet syýasatynyň mazmunyny düşündirmek bilen bagly wagyz-nesihat işleri we ş.m.).

Döwletiň wezipeleriniň amala aşyrylmagy jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gatnaşyjylaryna dürli usullar arkaly täsir etmek bilen bagly. Döwletiň wezipeleriniň amala aşyrylmagynyň usullarynyň şu aşakdaky görnüsleri bardyr:

- *Höweslendirmek* – maddy ýa-da ahlak taýdan gyzyklandyrmalaryň kömegi bilen hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerini döwlet we jemgyýet üçin zerur bolan hereketleri amala aşyrmaga höweslendirmekdir;
- *Maslahat bermek* (rekomendasiýa[1]) - bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektlerini döwlet üçin iň bähbitli bolan hereketleri amala aşyrmaga ündemekdir;
- *Ynandyrmak* – bu döwletiň alyp barýan syýasatynyň we hereket edýän ösüş ugrunyň tutuş jemgyýet üçin bütewilikde we her bir şahsyýet üçin aýratynlykda bähbitlidigi hakynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektleriniň aňyna döwlet tarapyndan yzygiderli täsir etmekdir;
- *Mejbur etmek* – bu döwlet edaralary we olaryň wezipeli adamlary tarapyndan hukuk kadalarynyň esasynda, şahsy, jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramak maksady bilen hereket edýän hukuk kadalaryny bozmakda günäkär şahslar babatda fiziki, ruhy, emläk ýa-da guramaçylyk jogapkärçilik täsir ediş çäreleriniň ulanylmagydyr.

## §3. Döwletiň esasy içerki wezipeleri

**Döwletiň içerki wezipeleri** – bu onuň mazmunyndan, sosial maksatlaryndan we ýurduň içerki durmuşynyň zerurlyklaryndan gelip çykýan döwletiň işiniň esasy ugurlarydyr. Döwletiň içerki wezipeleriniň birnäçe görnüşleri bardyr:

*Döwletiň ykdysady wezipeleri* – bu döwletiň hojalyk çygryndaky hökmany zerur bolan, kanunçylyk esasynda kadalaşdyrylan we ykdysady meseleleri çözmeklige, şonuň ýaly-da ykdysadyýetiň ulgamynyň kadaly hereket etmegini we ösmegini üpjün etmeklige, jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň tertibini kesgitlemeklige, daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleridir.

*Döwletiň maliýe wezipeleri* – bu döwlet býujetini emele getirmek we ony berjaý etmek, maliýe gözegçiligini amala aşyrmak (girdejileri kesgitlemek hem hasaba almak), salgytlaryň görnüşlerini (girdejiden, emläk üçin, peýdadan we ş.m. alynýan salgytlar, aksiz tölegleri[2], gümrük paçlary, goşulan bahadan alynýan salgytlar we ş.m.) we möçberini kesgitlemek we ş.m. bilen bagly hereketleriň jemidir.

*Döwletiň syýasy wezipeleri* – bu döwlet tarapyndan ýurtda syýasy häkimiýetiň amala aşyrylyş çygrynda döwletiň we şahsyýetiň, dürli sosial toparlaryň we bähbitleriň sazlaşdyrylmagy babatda durmuşa geçirilmeli işleriň jemidir. Bu wezipeler döwlet tarapyndan, raýatlaryň syýasy hukuklaryny hem borçlaryny kesgitlemek, jemgyýetiň syýasy ulgamynyň hereket etmeginiň esaslaryny, döwlet häkimiýetine syýasy taýdan dalaş etmegiň tertibini berkitmek, şeýle hem döwlet

[1]Rekomendasiýa-“recommendatio-maslahat bermek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Aksiz tölegi-“accidere-kesmek” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, köpçülikleỳin ulanylỳan harytlar we köpçülikleỳin peỳdalanylỳan hyzmatlar üçin alynỳan tölegleri aňladỳar.

we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek, sosial we milli agzybirligi berkarar etmek, döwletiň özygtyýarlylygyny daşary we içerki howplardan goramak arkaly berjaý edilýär. Bu çygyrda döwletiň işiniň esasy gönükdirilen ugry hem ýaşaýşa ukyply demokratik jemgyýeti döretmek, halk häkimiýetliligi ýörelgelerini has mäkäm durmuşa ornaşdyrmak we olary ösdürmek, jemgyýetde durnuklylygy we düzgün-tertibi üpjün etmek bolup durýar.

*Döwletiň sosial wezipeleri* – bu döwlet tarapyndan jemgyýetiň ähli agzalary üçin, olaryň maddy eşretleriň önümçiligine gatnaşmaklarynyň derejesine, şeýle-de haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan kadaly ýaşaýyş şertleriniň üpjün edilmegini aňladýar. Bu wezipelere girýärler:

- zähmete hak tölemegiň, pensiýalaryň, talyp haklarynyň, hassalara, maýyplara, garrylara, çagalara we ş.m. hemaýat pullarynyň iň pes möçberiniň kesgitlenmegi;
- saglygy goraýyş ulgamynyň döredilmegi we onuň döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmegi;
- medeni dynç alyş ulgamynyň döredilmegi we onuň hereket etmeginiň üpjün edilmegi;
- ylym-bilim ulgamynyň döredilmegi we yzygiderli ösdürilmegi;
- raýatlaryň ýaşaýyş jaý üpjünçiliginiň ýola goýulmagy we ş.m.

*Döwletiň hukuk goraýyş wezipeleri* – bu hukugyň ähli subýektleri tarapyndan kanunçylygyň talaplarynyň doly we gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegine hem-de hukuk bozulmalara garşy göreşiň, olaryň öňüni almagyň we profilaktikasynyň[1] ýola goýulmagyna gönükdirilen döwlet işjeňliginiň bir görnüşidir.

*Döwletiň tebigaty goramak baradaky* (ekologiýa[2]) *wezipeleri* – bu häzirki zaman döwletiniň amala aşyrýan iň wajyp işleriniň toplumynyň biri bolup, ol netijeli tebigaty goraýyş kanunçylygyny taýýarlamakdan we kabul etmekden, adamlaryň we dürli guramalaryň tebigy gurşawy ulanmak babatdaky işlerini kadalaşdyrmakdan, daşky gurşawy goramak babatda milli maksatnamalary işläp düzmekden we olary durmuşa geçirmekden, tebigy gurşawyň abatlygyna we bütewiligine zelel ýetirýän hukuk bozujylara garşy göreşmekden we olar babatda işjeň täsir ediş çärelerini ulanmakdan, önümçiligiň daşky gurşaw üçin zyýanly ulgamlaryny hem görnüşlerini ýatyrmakdan, tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy üçin hukuk jogapkärçiligine çekmek çärelerini netijeli durmuşa geçirmekden we bu ugurda amala aşyrylýan beýleki işlerden ybaratdyr.

*Döwletiň aňyýet bilen bagly wezipeleri* – bu döwletiň öz aňyýetini emele getirmek, goldamak, wagyz etmek we berkitmek babatda amala aşyrýan çäreleriniň toplmuydyr. Döwletiň bu wezipeleri bilimiň, medeniýetiň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen berjaý edilýär.

---

[1]Profilaktika-“prophylaktikos-ätiỳaçlyk” diỳen grek sözünden gelip çykyp, belli bir ỳaramaz hadysalaryň ỳüze çykmagynyň öňüni almak üçin geçirilỳän dürli çäreleriň toplumyny aňladỳar;

[2]Ekologiýa-“oikos-jaý, öý, ýaşalýan ýer, logos-okuw, akym, ylym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, diri organizmleriň özara gatnaşyklary baradaky ylmy aňladýar.

*Döwletiň medeni-terbiýeleýiş wezipeleri* – bu döwletiň edebiýaty, sungatyň teatr[1], kino[2], aýdym-saz, heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk we beýleki görnüşlerini, bedenterbiýäni[3] we sporty, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ösdürmeklige, taryhy-medeni ýadygärlikleri, arhiwleri[4], muzeýleri[5] goramaklyga, şonuň ýaly-da ylma döwlet goldawyny bermeklige hem-de ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirmeklige we ş.m. gönükdirilen çäreleriniň toplumydyr.

## §4. Döwletiň esasy daşarky wezipeleri

**Döwletiň daşarky wezipeleri** – bu onuň mazmunyndan, sosial maksatlaryndan we halkara hem döwletara gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurlyklaryndan gelip çykýan döwletiň işiniň esasy ugurlarydyr. Döwletiň daşarky wezipeleri birnäçe görnüşlere bölünýärler:

*Döwletiň goranmak wezipesi* – bu döwletiň, ýurduň harby howpsuzlygyny üpjün etmek, özüne garşy gönükdirilen (ýa-da gönükdirilmegi mümkin bolan) agressiýanyň[6] öňüni almak, özüniň çäginiň bütewiligini we eldegrilmesizligini goramak babatda amala aşyrýan çäreleriniň toplumydyr.

*Döwletiň daşary ykdysady wezipesi* – bu döwletiň halkara gatnaşyklar ulgamynda şu aşakdaky çäreleri durmuşa geçirmek babatda amala aşyrýan işleriniň jemidir:

- döwletleriň özara bähbitli hyzmatdaşlygyny ösdürmek;
- halkara zähmet bölünişigini kämilleşdirmek;
- önümçiligi ýöriteleşdirmek we ony kämilleşdirmekdäki hyzmatdaşlygy ösdürmek;
- iň täze tehnologiýalaryň alyş-çalşygyny ýola goýmak;
- haryt dolanyşygyny utgaşdyrmak;
- halkara karz beriş-maliýe aragatnaşyklarynyň ysnyşykly dowam etmegini üpjün etmek we ş.m.

Esasan hem döwletiň daşary ykdysady wezipeleriniň iň möhümleri, milli ykdysadyýeti dünýä ykdysady ulgamyna birleşdirmek (integrirlemek[7]), döwlete

[1]Teatr-“theatron-tomaşa görkezilýän ýer, tomaşa” diýen grek sözünden gelip çykyp, sungatyň bir görnüşini aňladýar;
[2] Kino (“kinematograf” diýen sözüň gyzgaldylan görnüşi)-“kinematos-hereket, grapho-ýazýaryn, hereketi ýazýaryn” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga;
[3]Bedenterbiýe-bu adamyň beden saglygyny we tebigy ukyplaryny berkitmäge hem-de kämilleşdirmegä gönükdirilen, jemgyýetiň umumy medeniýetiniň bir bölegidir;
[4]Arhiw-“archeion-barylýan ýer” diýen grek sözünden gelip çykyp, 30.11.2003 ýylda kabul edilen, “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, resminamalaryň we maglumatlaryň toplanyp, saklanýan ýerini aňladýar;
[5]Muzeý-“museion-muzalaryň (greklerde sungata penakärlik edýän 12 sany periler) ybadathanasy” diýen grek sözünden gelip çykyp, 20.12.1996 ýylda kabul edilen, “Muzeýler we muzeý işi hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, tebigat ýadygärliklerini, maddy we ruhy medeniýeti öwrenmek, raýatlary milli hem-de dünýä taryhy-medeni mirasynyň gazananlary bilen tanyşdyrmak üçin niýetlenen medeni aň-bilim we ylmy-barlag edaralarydyr;
[6]Agressiýa-“aggressio-çozuş, hüjüm etmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, halkara hukugynda, bir döwlet tarapyndan beýleki döwletiň ýa-da halkyň (milletiň) özygtyýarlylygyna, çäk bütewiligine we eldegrilmesizligine, şeýle hem syýasy garaşsyzlygyna garşysyna ýaragly güýçleriň islendik görnüşde bikanun ulanylmagyny aňladýar.
[7]Integrirlemek-“integer-bütewi, integratio-doldurmak, üstüni ýetirmek” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, bir zadyň beýleki zat bilen birleşmegini, sepleşmegini we biri-biriniň üstüni ýetirmegini aňladýar;

daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, milli harytlaryň halkara söwda ulgamynda öz ornuny tapmaklaryny üpjün etmek we ş.m. bolup durýar.

*Döwletiň diplomatik wezipeleri* – bu döwletiň dünýäde durnuklylygy berkarar etmegiň hatyrasyna beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hoşmeýilli gatnaşyklary ýola goýmaklyga gönükdirilen işleriniň toplumydyr.

Görkezilenlerden başga-da *döwletiň bütindünýä parahatçylygyny goldamak* babatda hem wezipeleri bardyr. Döwletiň wezipeleriniň bu görnüşine şu aşakdakylar girýärler:

- beýleki döwletler we halkara guramalar bilen parahatçylygy berkarar etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek;
- bütin dünýäde urşuň öňüni almak babatda dünýä bileleşiginiň amala aşyrýan çäreleriniň ählisine goşulmak;
- ýadro we beýleki köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň (himiki, baktereologik we beýleki ýaraglaryň) ýok edilmegine ýardam bermek;
- beýleki döwletler we halkara guramalary bilen halkara hem milli jenaýatçylyga garşy göreşi alyp barmakda hyzmatdaşlyk etmek;
- ählumumy ýaragly çaknyşyklaryň öňüni almak babatda çäreler görmek we ş.m.

Döwletiň ýene-de bir möhüm wezipesi *tutuş adamzadyň öňünde duran global[1] meseleleri çözmeklige gatnaşmak* bolup durýar. Häzirki döwürde adamzadyň öňünde ekologiýa, çig mal, energiýa[2], kosmos (asteroidler[3] we meteoritler[4]) azyk, migrasiýa, saglyk (epidemiýalar[5] we pandemiýalar[6]) howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly ençeme bütindünýä ähmiýetli meseleler durýar. Ol meseleleriň oňyn çözülmegi bilen adamzadyň geljegi we dowam etmegi örän berk arabaglanyşykda durýar. Ol meseleleri çözmek hem bir döwletiň ýa-da birnäçe döwletiň kuwwatynyň ýetjek işi däl. Olar diňe tutuş dünýä bileleşigi tarapyndan çözülmäge degişli.

Umuman beýleki ýurtlar we halkara guramalar bilen halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak döwletiň esasy daşarky wezipeleriniň biri bolup durýar. Bu hyzmatdaşlygyň birnäçe görnüşleri bardyr:

- beýleki döwletler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk;
- döwletara ykdysady hyzmatdaşlyk;
- medeni we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk;
- daşky gurşawy goramak çygryndaky hyzmatdaşlyk;
- birek-birege hukuk kömegini bermek babatda hyzmatdaşlyk we ş.m.

---

[1]Global-“globus-şar, togalak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, “tutuş Zemin togalagyny öz içine alýan” diýen manyny aňladýar;

[2]Energiýa-“energia-hereket, işjeňlik” diýen grek sözünden gelip çykyp, maddalaryň hereket ediş häsiýetleriniň we güýjüni aňladýar;

[3]Asteroid-“asteroeideis-ýyldyza meňzeşler” diýen grek sözünden gelip çykyp, Günüň daşyndan älem giňişliginde aýlanýan kinniwanja planetalary aňladýar;

[4]Meteorit-“meteos-howada gaýýan” diýen grek sözünden gelip çykyp, Zemin togalagyna gaçan älem jisiminiň bölegini aňladýar;

[5]Epidemiýa-“epidemia-köpçülikleýin kesel” diýen grek sözünden gelip çykyp, köpçülikleýin ýokanç keseliň ýaýramagyny aňladýar;

[6]Pandemiýa-“pandemia-ähli halk” diýen grek sözünden gelip çykyp, halkyň bir bölegini, tutuş ýurdy, bir sebiti ýa-da yklymy ýokanç keseliň eýelemegini aňladýar.

# ÇYZGYLAR

**Çyzgy 6.1.**



Çyzgy 6.2.


Döwletiň wezipeleriniň amala aşyrylyşynyň görnüşleri
Hukuk görnüşleri
Guramaçylyk görnüşleri
Hukuk döredijilik işi
Hukugy durmuşa geçirmek işi
Hukugy üpjün etmek işi
Hukuk ulanyş işi
Hukugy ýerine ýetiriş işi
Kontrol-gözegçilik işi
Hukuk goraýyş işi
Guramaçylyk-kadalaşdyryş işi
Guramaçylyk-hojalyk işi
Guramaçylyk-aňyýet işi

**Çyzgy 6.3.**

## Döwletiň wezipeleriniň amala aşyrylmagynyň usullary

**Höweslendirmek**

Maddy ýa-da ahlak taýdan gyzyklandyrmalaryň kömegi bilen hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerini döwlet we jemgyýet üçin zerur bolan hereketleri amala aşyrmaga höweslendirmekdir;

**Maslahat bermek**

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň suýektlerini döwlet üçin iň bähbitli bolan hereketleri amala aşyrmaga ündemekdir;

**Ynandyrmak**

Döwletiň alyp barýan syýasatynyň we hereket edýän ösüş ugrunyň tutuş jemgyýet üçin bütewilikde we her bir şahsyýet üçin aýratynlykda bähbitlidigi hakynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektleriniň aňyna döwlet tarapyndan yzygiderli täsir etmekdir;

**Mejbur etmek**

Döwlet edaralary we olaryň wezipeli adamlary tarapyndan hukuk kadalarynyň esasynda, şahsy, jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramak maksady bilen hereket edýän hukuk kadalaryny bozmakda günäkär şahslar babatda fiziki, ruhy, emläk ýa-da guramaçylyk täsir ediş çäreleriniň ulanylmagydyr.

Çyzgy 6.4.


Döwletiň içerki wezipeleri
Döwletiň ykdysady wezipeleri
Bu döwletiň hojalyk çygryndaky hökmany zerur bolan, kanunçylyk esasynda kadalaşdyrylan we ykdysady meseleleri çözmeklige, şonuň ýaly-da ykdysadyýetiň ulgamynyň kadaly hereket etmegini we ösmegini üpjün etmeklige, jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň tertibini kesgitlemeklige, daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleridir
Döwletiň maliýe wezipeleri
Bu döwlet býujetini emele getirmek we ony berjaý etmek, maliýe gözegçiligini amala aşyrmak (girdejileri kesgitlemek hem hasaba almak), salgytlaryň görnüşlerini we möçberini kesgitlemek we ş.m. bilen bagly hereketleriň jemidir.
Döwletiň syýasy wezipeleri
Bu döwlet tarapyndan ýurtda syýasy häkimiýetiň amala aşyrylyş çygrynda döwletiň we şahsyýetiň, dürli sosial toparlaryň we bähbitleriň sazlaşdyrylmagy babatda durmuşa geçirilmeli işleriň jemidir.
Döwletiň sosial wezipeleri
Bu döwlet tarapyndan jemgyýetiň ähli agzalary üçin, olaryň maddy eşretleriň önümçiligine gatnaşmaklarynyň derejesine, şeýle-de haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna we ş.m. garamazdan kadaly ýaşaýyş sertleriniň üpjün edilmegini aňladýar
Döwletiň hukuk goraýyş wezipeleri
Bu hukugyň ähli subýektleri tarapyndan kanunçylygyň talaplarynyň doly we gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegine hem-de hukuk bozulmalara garşy göreşiň, olaryň öňüni almagyň we profilaktikasynyň ýola goýulmagyna gönükdirilen döwlet işjeňliginiň bir görnüşidir
Döwletiň tebigaty goramak wezipeleri
Tebigaty goraýyş kanunçylygyny taýýarlamakdan we kabul etmekden, adamlaryň we dürli guramalaryň tebigy gurşawy ulanmak babatdaky işlerini kadalaşdyrmakdan, daşky gurşawy goramak babatda milli maksatnamalary işläp düzmekden we olary durmuşa geçirmekden we ş.m. ybaratdyr
Döwletiň aňyýet bilen bagly wezipeleri
Bu döwletiň öz aňyýetini emele getirmek, goldamak, wagyz etmek we berkitmek babatda amala aşyrýan çäreleriniň toplmuydyr. Döwletiň bu wezipeleri bilimiň, medeniýetiň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen berjaý edilýär.
Döwletiň medeni-terbiýeleýiş wezipeleri
Bu döwletiň edebiýaty, sungatyň teatr, kino, aýdym-saz, heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk we beýleki görnüşlerini, bedenterbiýäni we sporty, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ösdürmeklige we ş.m. gönükdirilen çäreleriniň toplumydyr.

Çyzgy 6.5.


Döwletiň daşarky wezipeleri
Onuň mazmunyndan, sosial maksatlaryndan we halkara hem döwletara gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurlyklaryndan gelip çykýan döwletiň işiniň esasy ugurlarydyr
Döwletiň goranmak wezipesi
Döwletiň daşary ykdysady wezipesi
Döwletiň diplomatik wezipeleri
Döwletiň bütindünýä parahatçylygyny goldamak wezipesi
Döwletiň global meseleleri çözmeklige gatnaşmak wezipesi
döwletiň, ýurduň harby howpsuzlygyny üpjün etmek
özüne garşy gönükdirilen agressiýanyň öňüni almak
çäginiň bütewiligini we eldegrilmesizligini goramak
iň täze tehnologiýalaryň alyş-çalşygyny ýola goýmak
döwletleriň özara bähbitli hyzmatdaşlygyny ösdürmek
halkara zähmet bölünişigini kämilleşdirmek
haryt dolanyşygyny utgaşdyrmak
önümçiligi ýöriteleşdirmek we ony kämilleşdirmekdäki hyzmatdaşlygy ösdürmek
döwletiň beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hoşmeýilli gatnaşyklary ýola goýmaklyga gönükdirilen işleriniň toplumydyr
halkara karz beriş-maliýe aragatnaşyklarynyň ysnyşykly dowam etmegini üpjün etmek we ş.m.
beýleki döwletler we halkara guramalar bilen parahatçylygy berkarar etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek
urşuň öňüni almak babatda amala aşyrýan çäreleriniň ählisine goşulmak
halkara hem milli jenaýatçylyga garşy göreşde hyzmatdaşlyk etmek
ýadro we beýleki köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýok edilmegine ýardam bermek
adamzadyň öňünde durýan ekologiýa, çig mal, energiýa, kosmos, azyk, migrasiýa, saglyk howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly ençeme bütindünýä ähmiýetli meseleleri çözmeklige gatnaşmak
ählumumy ýaragly çaknyşyklaryň öňüni almak babatda çäreler görmek we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Döwletiň wezipeleriniň näçe görnüşi bar?**
- bäş;
- üç;
- dört;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Döwletiň wezipeleriniň näçe sany esasy alamaty bar?**
- bäş;
- üç;
- dört;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Döwletiň wezipelerini amala aşyrmagyň näçe görnüşi bar?**
- bäş;
- üç;
- dört;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Döwletiň wezipelerini amala aşyrmagyň hukuk görnüşine girýärler:**
- hukuk döredijilik işi;
- hukugy sosial kadalaryň ulgamyndan aýyrmak işi;
- hukugy üpjün etmek işi;
- hukugy durmuşa geçirmek işi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Döwletiň wezipelerini amala aşyrmagyň guramaçylyk görnüşine girýärler:**
- guramaçylyk-aňyýet işi;
- guramaçylyk-hojalyk işi;
- guramaçylyk-maşgala işi;
- guramaçylyk-kadalaşdyryş işi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Döwletiň wezipeleri bölünýärler:**
- içerki we daşarky wezipelere;
- dünýewi we dini wezipelere;
- wajyp we wajyp däl wezipelere;
- döwlet we jemgyýetçilik wezipelerine.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Döwletiň wezipelerini amala aşyrmagyň usullaryna degişli,**
- ynandyrmak we mejbur etmek;
- begendirmek, gorkuzmak, görelde görkezmek we hakyna tutmak;
- höweslendirmek, maslahat bermek, ynandyrmak we mejbur etmek;
- gorkuzmak, maslahat bermek we mejbur etmek.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Döwletiň içerki wezipeleri,**
- döwletiň mazmunyndan, sosial maksatlaryndan we ýurduň içerki durmuşynyň zerurlyklaryndan gelip çykýan döwletiň işiniň esasy ugurlarydyr;
- döwletiň dolandyryşyndan we syýasy düzgüninden gelip çykýan işiniň esasy ugurlarydyr;
- jemgyýetde döwlet häkimiýetini amala aşyrmagynyň usullarynyň we serişdeleriniň jemidir;
- döwletiň çäk gurluşyndan we mazmunyndan gelip çykýan işiniň esasy ugurlarydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Döwletiň daşarky wezipeleri,**
- döwletiň daşary syýasatynyň zerurlyklaryndan gelip çykýan işiniň esasy ugurlarydyr;
- döwletiň mazmunyndan, sosial maksatlaryndan we halkara hem döwletara gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurlyklaryndan gelip çykýan döwletiň işiniň esasy ugurlarydyr;
- döwletiň Birleşen Milletler Guramasy bilen gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurlyklaryndan gelip çykýan işiniň esasy ugurlarydyr;
- döwletiň beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Döwletiň içerki wezipeleriniň käbir görnüşleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:**
- döwletiň ykdysady wezipeleri;
- döwletiň maliýe wezipeleri;
- döwletiň goranmak wezipeleri;
- döwletiň syýasy wezipeleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Döwletiň daşarky wezipeleriniň käbir görnüşleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:**
- döwletiň daşary ykdysady wezipesi;
- döwletiň diplomatik wezipeleri;
- döwletiň bütindünýä parahatçylygyny goldamak babatda wezipeleri;
- döwletiň tebigaty goramak baradaky wezipeleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Döwletiň daşary ykdysady wezipeleriniň iň möhümleri şu aşakdakylardyr:**
- döwlet býujetini emele getirmek we ony berjaý etmek;
- milli harytlaryň halkara söwda ulgamynda öz ornuny tapmaklaryny üpjün etmek;
- döwlete daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek;
- milli ykdysadyýeti dünýä ykdysady ulgamyna birleşdirmek (integrirlemek).

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Döwletiň içerki sosial wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:**
- zähmete hak tölemegiň, pensiýalaryň, talyp haklarynyň, hassalara, maýyplara, garrylara, çagalara we ş.m. hemaýat pullarynyň iň pes möçberiniň kesgitlemek;
- ykdysadyýetiň ulgamynyň kadaly hereket etmegini we ösmegini üpjün etmek;
- saglygy goraýyş ulgamynyň döredilmegi we onuň döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmek;
- ylym-bilim ulgamyny döretmek we yzygiderli ösdürmek.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Döwletiň bütindünýä parahatçylygyny goldamak babatda wezipelerine beyekiler bir hatarda şu aşakdakylar hem degişlidir:**
- halkara karz beriş-maliýe aragatnaşyklarynyň ysnyşykly dowam etmegini üpjün etmek;
- halkara zähmet bölünişigini kämilleşdirmek;
- ýadro we beýleki köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň (himiki, baktereologik we beýleki ýaraglaryň) ýok edilmegine ýardam bermek;
- iň täze tehnologiýalaryň alyş-çalşygyny ýola goýmak.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Tutuş adamzadyň öňünden duran global meselelere howpsuzlygyň haýsy görnüşlerini üpjün etmek girýär?**
- ekologiýa, çig mal, energiýa, kosmos, azyk, migrasiýa, saglyk howpsuzlygy we ş.m.;
- haryt, jynsy, şahsy, emläk howpsuzlygy we ş.m.;
- şertnamalaryň, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň we halkara ylalaşyklaryň howpsuzlygy we ş.m.;
- gämi, demir ýol, howa, ulag gatnawlarynyň howpsuzlygy we ş.m..

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Beýleki döwletler we halkara guramalary bilen halkara hem milli jenaýatçylyga garşy göreşi alyp barmakda hyzmatdaşlyk etmek esasan döwletiň wezipeleriniň haýsy görnüşine degişli?**
- döwletiň hukuk goraýyş wezipelerine;
- döwletiň goranmak wezipelerine;
- döwletiň bütindünýä parahatçylygyny goldamak babatda wezipelerine;
- döwletiň global meseleleri çözmeklige gatnaşmak wezipesine.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Raýatlaryň ýaşaýyş jaý üpjünçiliginiň ýola goýulmagy döwletiň,**
- içeri ykdysady wezipelerine degişli;
- maliýe wezipelerine degişli;
- sosial wezipelerine degişli;
- syýasy wezipelerine degişli;

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Döwletiň medeni-terbiýeleýiş wezipelerine girýärler:**
- hukuk döwletini, raýat jemgyýetini, sosial döwlete mahsus institutlary berkarar etmek;
- edebiýaty, sungatyň teatr, kino, aýdym-saz, heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk we beýleki görnüşlerini, bedenterbiýäni we sporty, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ösdürmek;
- jemgyýetde halk häkimiýetliligi ýörelgelerini işjeň ornaşdyrmak;
- milli önümçilik ulgamlarynda ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Döwletiň wezipelerini amala aşyrmagyň usullarynyň biri bolan maslahat bermek**,
- bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň suýektlerini döwlet üçin iň bähbitli bolan hereketleri amala aşyrmaga ündemekdir;
- bu raýatlaryň döwletiň alyp barýan syýasaty barada öz pikirini açyk aýtmaga bolan hukugynyň üpjün edilmegi we goralmagydyr;
- bu döwletiň alyp barýan syýasatynyň we hereket edýän ösüş ugrunyň tutuş jemgyýet üçin bütewilikde we her bir şahsyýet üçin aýratynlykda bähbitlidigi hakynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektleriniň aňyna döwlet tarapyndan yzygiderli täsir etmekdir;
- bu döwletiň syýasy düzgüniniň diňe şahsyýetiň we jemgyýetiň ösüş zerurlyklaryny beýan edýän kanunlara esaslanmagydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Mejbur ediş çäreleriniň şu aşakdaky görnüşleri bar:**
- fiziki mejbur ediş çäreleri;
- medeni mejbur ediş çäreleri;
- maddy (emläkleýin, ykdysady) mejbur ediş çäreleri;
- psihiki (ruhy) mejbur ediş çäreleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 7-nji bap. Döwletiň mehanizmi (apparaty)

## §1. Döwletiň mehanizmi (apparaty) barada düşünje we onuň alamatlary

Özüniň köpsanly we köpdürli wezipelerini netijeli amala aşyrmak üçin döwletiň berk guramaçylykly hereket edýän edaralarynyň we guramalarynyň ulgamy bar. Şeýle ulgam hem döwletiň mehanizmi (apparaty) diýlip atlandyrylýar.

*Döwlet mehanizmi* diỳlende, döwlet dolandyryşyny amala aşyrmak maksady bilen döredilen edaralaryň ulgamyna düşünilỳär. Bu düşünje “*döwlet apparaty*” diỳen düşünje bilen manydaşdyr. Döwlet mehanizminiň esasy alamatlary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- Döwlete jemgyýeti dolandyrmaga mümkinçilik berýän guramaçylyk-maddy kuwwatyň bolmagy;
- Dolandyryş edaralary bilen birlikde mejbur ediji edaralaryň (goşunyň, polisiýanyň, kazyýetiň we ş.m.) bolmagy;
- Öz zähmet haklaryny diňe döwletiň býujetinden alýan we döwletiň kesgitlän wezipelerini ýerine ýetirýän ýörite döwlet gullukçylarynyň bolmagy;
- Edaralaryň ygtyýarlyklarynyň berk kesgitlenen we deňagramlaşdyrylan bolmagy (döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi);
- Her bir döwlet edarasynyň çözgütleriniň we buýruklarynyň hemmeler üçin hökmany häsiýete eýe bolmagy;
- Döwlet apparatynyň her bir düzüm böleginiň işiniň netijeli amala aşyrylmagynyň zerurlyk ýüze çykan halatynda döwletiň mejbur ediş serişdeleriniň tutuş toplumy bilen kepillendirilmegi.

## §2. Döwletiň mehanizminiň (apparatynyň) düzüm gurluşy: edaralar we guramalar

Döwletiň mehanizmi (apparaty) döwlet edaralaryndan ybaratdyr. Her bir döwlet edarasy ýa-da guramasy döwlet mehanizminiň düzüm bölegi hökmünde diňe onuň özi üçin niýetlenen anyk wezipeleri berjaý edýär. Islendik döwlet edarasy hem beýleki döwlet edaralary we guramalary bilen berk baglanyşykda durýar.

*Döwlet edarasy* – bu döwlet gullukçylaryndan düzülen, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwletiň wezipelerini amala aşyrmak üçin döwlet-häkimiýet ygtyýarlyklary we zerur maddy serişdeleri bolan, döwlet apparatynyň guramaçylyk hem hojalyk taýdan aýratynlaşdyrylan we hukuk taýdan resmileşdirilen düzüm birligidir.

Döwlet edarasynyň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Döwlet edarasy döwlet tarapyndan döredilýär we öz wezipelerini hem-de ygtyýarlyklaryny döwletiň adyndan amala aşyrýar;
- Her bir döwlet edarasy işjeňligiň kanunçylyk tertibinde berk kesgitlenen görnüşlerini ýerine ýetirýär;
- Her bir döwlet edarasynyň:

a) hukuk taýdan berkidilen guramaçylyk düzüm gurluşy;
b) ygtyýarlyklaryny we işini amala aşyrmaga hukukly hem borçly bolan çägi;
ç) onuň döwlet apparatyndaky ornuny we ähmiýetini, şeýle-de onuň beýleki döwlet edaralary hem guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmeginiň tertibini kesgitleýän ýörite düzgünleri bolýar;

- Döwlet edarasynyň ygtyýarlyklary döwlet dolandyryş-häkimlik häsiýetlidir.

Döwlet edarasynyň ygtyýarlyklarynyň döwlet dolandyryş-häkimlik häsiýetleri şu aşakdakylarda ýüze çykýar:

- döwletiň adyndan hereket etmäge ygtyýarlyklarynyň bardygynda;
- üstüne ýüklenilen wezipeleri berjaý etmek üçin berlen wezipe ygtyýarlyklaryny ulananda;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hemmeler tarapyndan hökmany berjaý edilmäge degişli bolan kadalaşdyryjy hukuk namalary (hukuk kadalaryny ulanmak babatda namalary – hökümetiň, kazyýetiň namalary we beýlekiler) kabul etmäge hukuklarynyň bardygynda;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hökmany ýerine ýetirilmeginiň döwletiň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýänliginde;
- döwlet edaralarynyň alyp barýan işleriniň aglaba köp ýagdaýda syýasy häsiýetlidiginde we beýleki ýagdaýlarda.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwlet edarasynyň berk kesgitlelen düzüm gurluşy (gulluklary, müdirlikleri, bölümleri we ş.m.), şonuň ýaly-da maddy-tehniki binýady we maliýe serişdeleri bardyr. Onuň tutuş işi maddy eşretleri öndürmek bilen meşgullanmazdan jemgyýetiň (salgytlaryň, dürli tölegleriň, döwlet eýeçiligindäki emläklerden alynýan girdejileriň we ş.m.) hasabyna ähli zerurlyklary bilen üpjün edilýän döwlet gullukçylary tarapyndan amala aşyrylýar. Döwlet gullukçylarynyň belli bir bölegi wezipeli şahslar bolup durýarlar.

Mälim bolşy ỳaly, *döwlet gullugy* – bu, döwlet ýa-da ýerli býujetiň serişdeleriniň hasabyna raỳatlaryň, zähmetine hak tölemek bilen, döwlet edaralarynyň gurluşynyň düzüminde hünärmenlik (professional[1]) esasda olar tarapyndan amala aşyrylýan zähmet işiniň bir görnüşidir[2]. Türkmenistanyň *döwlet edaralarynyň gullukçylary* – bu, döwlet edarasynyň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek bilen gös-göni baglanyşykly hem döwlet edaralarynyň gurluşynyň gullukçylarynyň wezipeler sanawynda (reỳestrinde[3]) görkezilen wezipe boýunça ygtyýarlyklary ýerine ýetirýän Türkmenistanyň raỳatlarydyr. Işi kömekçi we tehniki wezipeleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işgärler döwlet edaralarynyň gurluşynyň (apparatynyň) gullukçylary däldir[4].

---

[1]Professional-“profiteor-öz kärim, hünärim diỳip yglan edỳärin” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, hünäri, hünärmenligi aňladỳar;
[2]1997-nji ỳylyň 12-nji iỳunynda kabul edilen, “Döwlet organlarynyň apparatyndaky gulluk hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 2-nji maddasy;
[3] Reỳestr-“registrum-sanaw” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[4]1997-nji ỳylyň 12-nji iỳunynda kabul edilen, “Döwlet organlarynyň apparatyndaky gulluk hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasy;

*Wezipeli şahslar* diýlip, hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite ygtyýarlylyk boýunça häkimiýet wekilleriniň wezipelerini amala aşyrýan, şonuň ýaly-da döwlet edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, döwlet kärhanalarynda, edaralarynda ýa-da guramalarynda, şeýle hem ýaragly güýçlerde, beýleki goşunlarda we harby birikmelerde guramaçylyk-serenjam berijilik[1], dolandyryş-hojalyk[2] ýa-da barlag-derňew[3] wezipe ygtyỳarlyklaryny ýerine ýetirýän adamlar hasap edilýär.

Döwlet edaralaryny döwlet mehanizminiň düzüm gurluşynyň beýleki görnüşdäki birliklerinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Sebäbi döwlet apparatynyň beýleki düzüm gurluş birlikleri döwlet edaralary babatda kömekçi-düzüm bölekleri hökmünde çykyş edýärler. Döwlet mehanizminiň beýleki düzüm gurluş birliklerine şu aşakdakylar degişlidir:

- *Döwletiň ugurlaýyn edaralary* (olar üçin döwlet häkimiýet-dolandyryş işini ýerine ýetirmek işjeňligiň esasy görnüşi bolup durmaýar, ýöne olaryň kömegi bilen döwlet özüniň ençeme wezipelerini (adatça, saglygy goraýyş, bilim, ylym, medeniýet we beýleki çygyrlardaky wezipelerini) amala aşyrýar). Döwletiň ugurlaýyn edaralary merkezi döwlet edaralarynyň ýolbaşçylygynyň astynda hereket edýärler;
- *Döwlet kärhanalary* döwlet mehanizminiň düzüm bölekleriniň bir görnüşi bolup, olar jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin hyzmatlary ýerine ýetirýärler we hojalyk-ykdysady işjeňlik bilen meşgullanýarlar. Olaryň ygtyýarlyklarynda döwlet häkimiýet-dolandyryş ygtyýarlyklarynyň alamatlary ýokdur;
- *Döwlet unitar kärhanalary* (emläk eýesi tarapyndan olara berlen emläge eýeçilik hukugy bolmadyk we olara hojalyk dolandyryş hukugy esasynda ygtyýar edýän döwlet täjirçilik edaralary);
- *Döwlet guramalary* (döwlet tarapyndan döredilen döwlet apparatynyň düzüm birlikleri bolup, olaryň ygtyýarlygynda zerur serişdeler (resurslar[4]) bardyr we olar özlerinde adamlary birleşdirmek bilen döwletiň kesgitlän düzgünleriniň hem tertibiniň esasynda döwlet maksatnamalaryny toplumlaýyn we ygtyýarlykly amala aşyrýarlar).

## §3. Döwlet edaralarynyň görnüşleri

Döwletiň wezipeleriniň we maksatlarynyň köpdürliligi şol wezipeleri hem maksatlary amala aşyrmaly döwlet edaralarynyň-da köp dürli we köp ugurly

[1]Guramaçylyk-serenjam berijilik ygtyỳarlyklar diỳlende, döwlet ỳa-da ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda ỳolbaşçylygy amala aşyrỳan wezipeli şahsyň işgärleri saỳlap-seçmeklige, olary wezipelere bellemeklige we wezipeden boşatmaklyga, iş ornuny üỳtgetmeklige, tabynlygyndaky işgärleriň zähmetlerini guramaklyga, şeỳle hem zähmet düzgün-tertibini üpjün etmeklige gönükdirilen ygtyỳarlyklaryna düşünilỳär;
[2]Dolandyryş-hojalyk ygtyỳarlyklary diỳlende, wezipeli şahsyň döwlet ỳa-da ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň emlägini dolandyrmaklyga, oňa ygtyỳar etmeklige, ony saklamaklyga gönükdirilen ygtyỳarlyklaryna düşünilỳär;
[3] Barlag-derňew ygtyỳarlyklary diỳlende, wezipeli şahsyň öz ỳolbaşçylyk edỳän edarasynda ỳa-da başga edaralaryň maliỳe-hojalyk işiniň kanuna laỳyklygyny barlamaklyga bolan ygtyỳarlyklaryna düşünilỳär;
[4]Resurs-“resource-kömekçi serişde” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, pul serişdelerini, dürli görnüşli gymmatlyklary, girdejileri, tebigy baỳlyklary, ätiỳaçlyk serişdelerini, mümkinçilikleri aňladỳar.

bolmaklarynyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Döwlet edaralarynyň görnüşlere bölünmegi hakynda söz açylanda bolsa ilki bilen, häzirki zaman döwletleriniň aglaba köpüsinde döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň esasgoýujy binýady hökmünde çykyş edýän “döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi” barada gysgaça durup geçmek zerurdyr.

Ylmy edebiýatlaryň aglaba köpüsinde döwlet häkimiỳetiniň şahalara bölünmeginiň baş maksadynyň tutuş döwlet häkimiỳetiniň bir adamyň ỳa-da guramanyň ygtyỳarlygynda jemlenmeginiň, ỳagny awtoritar ỳa-da totalitar düzgüniň ỳüze çykmagynyň öňüni almakdan ybaratdygy kesgitlenilỳär.

*Döwlet häkimiỳetiniň şahalara bölünmegi* – bu döwletiň durmuşyny guramagyň konstitusion ỳörelgesi bolup, onuň mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) ỳeke-täk çeşmesi halk bolan bir bütewi döwlet häkimiỳetiniň özbaşdak üç şaha – kanunçykaryjy, ỳerine ỳetiriji we kazyỳet häkimiỳetlerine bölünmeginden hem-de döwlet häkimiỳet ygtyỳarlyklarynyň olaryň arasynda paỳlanmagyndan;
b) häkimlik ygtyỳarlyklarynyň hem wezipeleriniň döwlet edaralarynyň derejeleriniň ulgamyna görä bölünmeginden; Mysal üçin, merkezi döwlet häkimiỳet edaralarynyň derejesi – prezident, ministrler kabineti; merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň derejesi – ministrlikler, pudak edaralary (assosiỳasiỳalar, komitetler, gulluklar); ỳerli häkimiỳet edaralarynyň derejesi – Türkmenistanyň mysalynda alnanda: welaỳatlaryň, welaỳat hukukly şäherleriň, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimlikleri; ỳerli öz-özüňi dolandyryş derejesi – Türkmenistanyň mysalynda alnanda: geňeşler, arçynlar (bir tarapdan geňeşler döwlet häkimiỳet edaralarynyň derejeleriniň ulgamynyň düzüm bölegi bolmasa-da, beỳleki tarapdan olar jemgyỳetiň agzalarynyň durmuşyny dolandyrmaklyga işjeň gatnaşỳarlar, şonuň üçinem döwlet dolandyryş edaralarynyň derejeleri görkezilende olary hem agzaman geçmek bolmaz).

Döwlet häkimiýetiniň üç şahasy barada gysgaça şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- *Kanunçykaryjy häkimiỳet* – döwlet häkimiỳetiniň bir şahasy bolup, ol döwletde kanunçykaryjylyk ygtyỳarlyklaryny hem wezipelerini amala aşyrýar. Kanunçykaryjy häkimiỳetiň iň esasy hem iň möhüm wezipesi döwletiň kanunlaryny döretmek we olary kabul etmekdir. Ỳöne şol bir wagtda-da, kanunçykaryjy häkimiýet edarasy öz ygtyỳarlyklarynyň çäklerinde ỳene-de birnäçe wezipeleri ỳerine ỳetirip bilỳär. Ol wezipeler, döwlet häkimiỳetinde halkyň wekilçiligini durmuşa geçirmekden, döwleti iň ỳokary derejede dolandyrmaklyga (esasanam döwletiň içeri we daşary syỳasatyny döretmeklige, ony amala aşyrmaklyga, döwlet bỳujetini[1] tassyklamaklyga we ş.m.), şeỳle hem beỳleki döwlet edaralaryny döretmäge we käbir ỳokary döwlet wezipelerine degişli şahslary bellemäge

[1]Bỳujet-“bougette-gaỳyş gapjyk” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabatyny aňladỳar.

gatnaşmakdan hem-de parlament gözegçiligini[1] amala aşyrmakdan, döwletiň ähli wekilçilikli edaralarynyň işini utgaşdyrmakdan we birleşdirmekden ybaratdyr.

- *Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet* – döwlet häkimiỳetiniň bir şahasy bolup, ol döwletde ỳerine ỳetiriş we serenjam beriş wezipelerini amala aşyrỳar. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň mazmuny diňe bir döwletde dolandyryşy amala aşyrỳan ỳörite edaralaryň barlygyndan ybarat däldir. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň kanunçykaryjy häkimiỳet edaralary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň durmuşa geçirilmegini (realizasiỳasyny[2]), olaryň talaplarynyň ỳerine ỳetirilmegini üpjün edỳänliginden hem onuň ady, ỳagny „*ỳerine ỳetiriji häkimiỳet*“ diỳen adalga gelip çykỳar. Mundan başga-da döwlet häkimiỳetiniň bu şahasy döwlet mehanizmini, ykdysadyỳeti we bazary dolandyrỳar hem-de olaryň hemişe kadaly hereket etmeklerini üpjün edỳär, ilatyň talaplarynyň we zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagyna gözegçiligi amala aşyrỳar. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet öz wezipelerini talabalaỳyk berjaỳ etmek üçin kanunçykaryjy häkimiỳet edarasy tarapyndan tassyklanan döwlet bỳujetiniň çäklerinde we kanuna laỳyklykda maddy (ulag, aragatnaşyk we beỳleki senagat kärhanalary) we maliỳe serişdelerine, şeỳle hem harby we harbylaşdyrylan bölümlere (polisiỳa bölümleri, ỳangyna garşy göreş bölümleri, milli howpsuzlyk bölümleri we ş. m.) ygtyỳar edỳär hem-de olardan peỳdalanỳar. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň iň esasy alamaty hem onuň diňe bir ỳerine ỳetirijilik ygtyỳarlyklarynyň däl-de eỳsem serenjam beriş ygtyỳarlyklarynyň hem barlygyndadyr. *Serenjam beriş ygtyỳarlyklary* diỳlende, esasan belli bir derejede *hukuk ulanyş* we *kadalaşdyryş-sazlaşdyryjy* ygtyỳarlyklar göz öňünde tutulỳar. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet serenjam beriş ygtyỳarlyklarynyň çäginde kanunlaryň ulanylmagyny we hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen *kanunalaỳyk* (kanunasty) *kadalaşdyryjy hukuk namalary* kabul etmäge haklydyr.
- *Kazyỳet häkimiỳeti* – döwlet häkimiỳetiniň bir şahasy bolup, onuň esasy tapawutly aỳratynlygy, adyl kazylygy amala aşyrmak we durmuş adalatlylygyny berkarar etmek wezipeleriniň diňe kazyỳet ulgamynyň düzümine girỳän kazyỳetler tarapyndan amala aşyrylyp bilỳänligindedir. Kazyỳet häkimiỳeti kazyỳet edaralarynyň ulgamyny, kazylaryň hukuk

[1]Parlament gözegçiligi, döwlet gözegçiliginiň bir görnüşi bolup, esasan umumy syỳasy, kähalatda bolsa dolandyryş häsiỳetine eỳedir. Onuň düỳp mazmuny hökümetiň işini berk gözegçilikde saklamakdan ybaratdyr. Parlament gözegçiligini amala aşyrmagyň esasy serişdesi parlament derňewi bolup durỳar. Käbir döwlet dolandyryşy parlament respublikasy görnüşinde amala aşyrylỳan ỳurtlarda parlament gözegçiligi, döwlet tarapyndan adam hukuklarynyň üpjün edilişi babatda-da, hasaplaỳyş palatalary, hasaplaỳyş kazyỳetleri we ş.m. ỳaly parlamentiň ỳörite edaralary tarapyndan maliỳe we maliỳe-ykdysady işler babatda-da amala aşyrylyp bilinỳär. Şeỳle ugurlar boỳunça amala aşyrylan parlament gözegçiligi köplenç halatda dolandyryş häsiỳetlidir we soňunda düzgünbozujylar babatda temmi çäreleriniň ulanylmagyna getirỳär. Ỳokarda bellenip geçilişi ỳaly, **parlament derňewi** parlament gözegçiligini amala aşyrmagyň wajyp usullarynyň biri bolup durỳar. Düzgün bolup galyşyna görä parlament derňewi şol maksat bilen parlament tarapyndan ỳörite döredilỳän derňew-barlag toparlary (komissiỳalar) tarapyndan, ỳerine ỳetiriji häkimiỳet edaralarynyň işiniň kanunalaỳyklygyny ỳa-da däldigini anyklamak üçin geçirilỳär;

[2]Realizasiỳa-“realis-maddy, hakyky” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, haỳsy hem bolsa bir meỳilnamanyň, maksatnamanyň ỳa-da bir niỳetiň durmuşa geçirilmegini aňladỳar.

ỳagdaỳyny, adyl kazyỳetligiň ỳörelgelerini, kazyỳet önümçiliginiň görnüşlerini özünde jemleỳär.

Döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi hakyndaky taglymata we olaryň haýsy wezipeleri hem maksatlary amala aşyrmaklyga niýetlenendiklerine esaslanyp döwlet edaralaryny şu aşakdaky görnüşlere bölmek bolýar:

1) *Döwletiň ýokary kanunçykaryjy edarasy* dünýäniň aglaba köp döwletlerinde parlament bolup durýar. Parlament – bu halk wekilçiliginiň ýokary edarasy bolmak bilen, ol wajyp jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kanunlary kabul etmek arkaly düzgünleşdirýär hem-de öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýokarda bellenip geçilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar. Dürli ýurtlarda parlament dürli atlar bilen atlandyrylýar. Mysal üçin, Angliýada, Hindistanda, Kanadada, Finlýandiýada, Ýaponiýada we ş.m. ýurtlarda – parlament, Polşada – seým[1], Daniýada – folketing[2], Islandiýada – alting, ABŞ-da – kongress, Russiýada – federal ýygnak, Mongoliýada- beýik halk huraly[3], Ispaniýada – kortesler[4], Türkmenistanda – mejlis, Izrailde – knesset[5], Germaniýada – bundesrat[6] we ş.m. Parlamentler käbir döwletlerde iki (ýokary we aşaky) palatadan, käbir döwletlerde bolsa bir palatadan ybarat bolýar. Bir palataly parlament adatça ilatynyň aglaba köp bölegi bir milletiň wekillerinden düzülen we çäginde özbaşdak çäk gurluş birlikleri bolmadyk, unitar döwletlerde bolýar. Mysal üçin, Wengriýa, Daniýa, Gresiýa, Türkmenistan we ş.m.. Parlamentiň palatalarynyň ýanynda komitetler[7] we barlag toparlary (komissiýalar[8]) döredilýär.

2) Döwletleriň dürli görnüşlerinde federasiýanyň subýektleriniň kanunçykaryjy edaralary ýaly *ikinji derejede durýan kanunçykaryjy edaralar* hem bar. Bu derejedäki kanunçykaryjy edaralara döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralaryny we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny-da degişli etmek bolar. Sebäbi olar hem gözegçilik edýän çäklerinde, dürli meseleler boýunça döwletiň kanunlarynda bellenen tertipde dürli kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edýärler. Döwletiň ýokary kanunçykaryjy edarasy ýaly bu edaralar hem wekilçilikli häsiýete eýedir we olaryň çözýän ýerli häsiýetdäki meselelerine esasan şu aşakdakylar degişlidir:

- sosial çygyrdaky gatnaşyklary kadalaşdyrmak;
- ulag, aragatnaşyk we ýollar bilen bagly soraglar;
- ýerli býujeti kesgitlemek;
- suw, azyk, energiýa üpjünçilik meseleleri;
- garamagyna degişli çäkde hukuk tertibini üpjün etmek bilen bagly gatnaşyklar we ş.m.

Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň hem birnäçe görnüşi bardyr:

1) *Merkezi döwlet häkimiýet edaralary*:

---

[1] Seým-“sejm-ýygnak” diýen polýak sözünden gelip çykan adalga;
[2] Folketing-“folk-halk, ting-ýygnak, halk ýygnagy” diýen dat sözlerinden gelip çykan adalga;
[3] Hural-“gural-ýygnak” diýen mongol sözünden gelip çykan adalga;
[4] Kortesler-“corte-korolyň (patyşanyň) köşk adamlary” diýen ispan sözünden gelip çykan adalga;
[5] Knesset-“knesset-ýygnak” diýen gadymy ýewreý sözünden gelip çykan adalga;
[6] Bundesrat-“bundesrat-soýuz ýygnagy, birleşik ýygnagy” diýen nemes sözünden gelip çykan adalga;
[7]Komitet-“committo-tabşyrỳaryn” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir pudagy dolandyrmak ỳa-da belli bir iş bilen meşgullanmak üçin döredilỳän döwlet edarasyny aňladỳar;
[8]Komissiỳalar-“commisio-tabşyryk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, haỳsydyr bir aỳratyn tabşyrygy ỳa-da işi amala aşyrmak ücin döredilỳän topary aňladỳar.

- Döwlet baştutany – bu döwletiň iň ýokary wezipeli adamydyr we ol döwletde ýokary ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň esasy aňlatmasy hem eýesi bolup durýar, şonuň bilen birlikde-de ol daşary gatnaşyklarda döwletiň hem jemgyýetiň iň ýokary resmi wekili hökmünde çykyş edýär. Respublika görnüşindäki döwletlerde, adatça – prezident, monarhiýa görnüşindäki döwletlerde – monarh;
- Hökümet (ministrler kabineti, döwlet geňeşi, ministrleriň geňeşi, ministler komiteti we ş.m.) – bu, ýokarda bellenip geçilişi ýaly (5-nji babyň 2-nji soragynyň çykgydynda), başlygy (premýer-ministr, kansler[1], ministrler komitetiniň başlygy, döwlet baştutany we ş.m.) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän, döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisine ýolbaşçylygy amala aşyrýan we olaryň işiniň ylalaşykly alnyp barylmagyny üpjün edýän kollegial ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr. Kähalatlarda jemgyýetçilik durmuşynyň aýry-aýry meselelerini netijeli dolandyrmak ýa-da jemgyýetde ýüze çykan käbir meseleleri üstünlikli çözmek üçin hökümetiň düzüminde pudagara komitetler we barlag toparlary hem döredilýär.

2) *Merkezi döwlet dolandyryş edaralary*:

- Ministrlik – bu ýurduň hojalygynyň belli bir pudagynda ýa-da döwlet işiniň içerki ýa-da daşarky ugurlarynyň birinde dolandyryşy amala aşyrýan, döwlet dolandyryşynyň merkezi edarasydyr. Mysal üçin, içeri işler ministrligi, daşary işler ministrligi, oba hojalyk ministrligi, maliýe ministrligi we ş.m.
- Pudak edarasy – bu döwlet dolandyryşyň haýsydyr bir ugrunda dolandyryşy amala aşyrýan döwlet dolandyryşynyň merkezi edarasydyr. Mysal üçin, sport we syýahatçylyk boýunça döwlet komiteti, gidrometeoreologiýa baradaky döwlet komiteti, döwlet migrasiýa gullugy we ş.m.

3) *Ýerli häkimiýet-dolandyryş edaralary* – bu bir ýa-da birnäçe dolandyryş-çäk birlikleriniň çäklerinde döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan we öz garamagyndaky çäkde döwlet häkimiýet-dolandyryş ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan döwlet edaralarydyr.

Öz ygtyýarlyklarynyň häsiýetine, möçberine we mazmunyna baglylykda ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- *Umumy ygtyýarly döwlet edaralary* – döwlet dolandyryşynyň ähli pudaklarynyň ýa-da olaryň aglaba köpüsiniň dolandyryşyny amala aşyrýarlar (mysal üçin, ministrler kabineti);
- *Pudaklaýyn we ýörite ygtyýarly döwlet edaralary* – döwlet dolandyryşynyň diňe aýry-aýry pudaklarynda dolandyryşy amala aşyrýarlar (mysal üçin, ministrlikler, komitetler, ýörite pudak edaralary we ş.m.).

1) *Kazyýet edaralary* döwletde adyl kazylygy amala aşyrýarlar. Olar kanunda bellenen tertipde raýat, jenaýat, dolandyryş işlerini kazyýet mejlislerinde

---

[1] Kansler-“cansellarius-kanselýariýanyň başlygy” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga. **Kanselýariýa**-“canselli-haýat, germew” diýen latyn sözünden gelip çykyp, edaranyň gulluk hat alyş-berişine, gündelik resminamalaryň hasaba alnyşyna gözegçilik edýän bölümini we şol bölümiň ýerleşýän jaýyny aňladýar.

seljerýärler we kanunylygy hem hukuk tertibini üpjün etmek, raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin görkezilen işler boýunça kanuna hem öz içki ynam-ygtykatlaryna esaslanýan çözgütleri, hökümleri, kararlary we kesgitlemeleri kabul edýärler. Dürli döwletlerde kazyýet edaralarynyň döwlet, jemgyýetçilik, dini kazyýetler ýaly dürli görnüşleri bar, ýöne döwletleriň aglaba köpüsinde kazyýetler esasan iki görnüşe bölünýärler:

- Umumy kazyýýetler;
- Ýörite kazyýetler:
  - konstitusion kazyýet;
  - dolandyryş kazyýeti;
  - zähmet kazyýeti;
  - hojalyk kazyýeti;
  - maşgala kazyýeti;
  - kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça kazyýet;
  - harby kazyýet we ş.m..

Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň ulgamy barada bolsa gysgaça şu aşakdakylary görkezmek bolar:

Türkmenistanyň *kazyýet edaralaryna* – Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti, Türkmenistanyň Arbitraž[1] kazyýeti, welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri, şeýle hem etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri degişlidir[2].

- Türkmenistanyň *Ýokary Kazyýeti* – Ýokary Kazyýetiň Giňişleýin mejlisinden; Ýokary Kazyýetiň Prezidiumyndan[3]; Raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan; Jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan; şeýle hem Arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan ybarat düzümde hereket edýär;
- *Welaýat kazyýeti we welaýat hukukly şäher kazyýeti* – kazyýetiň Prezidiumyndan; raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan  ybarat bolup, onuň düzümine kazyýetiň başlygy; başlygyň orunbasarlary, kazylar we kazyýet oturdaşlary girýärler;
- *Etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri* – kazyýetiň başlygyndan, kazylardan we kazyýet oturdaşlaryndan ybaratdyr. Kanuna laỳyklykda etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň düzümine şol kazyýetleriň başlygynyň orunbasarynyň wezipeleri girizilip bilinỳär;
- *Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti* – kanun tarapyndan olaryň seredilmegine degişli edilen ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş we başga kanunlarda onuň ygtyýarlygyna degişli edilen başga işleriň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller baradaky

---

[1]Arbitraž-arbitr-“arbitrari-syn etmek, baha bermek, araçy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kazyýet edaralarynyň bir görnüşini aňladýar;
[2]15.08.2009 ýylda kabul edilen, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 14-nji maddasy;
[3]Prezidium-“praesidium-gorag, başlyklyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir maslahaty ỳa-da umumy ỳygnagy dolandyrmak üçin ỳörite saỳlanan adamlaryň toparyny aňladỳar.

kazyýet edarasy bolup, onuň düzümi Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň başlygyndan we kazylardan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 99-njy maddasynyň 2-nji böleginde berkidilen hukuk kadasyna laýyklykda, döwletiň konstitusion gurluşyny, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň kanuny bähbitlerini we hukuklaryny goramak kazyýet häkimiýetiniň esasy wezipesidir. Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň ählisiniň alyp barýan işleri kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, jemgyýetde durmuş adalatlylygyny berkarar etmäge, raýatlaryň Konstitusiýada we kanunlarda berkidilen tebigy hem mizemez hukuklaryny we azatlyklaryny, olaryň namysyny we mertebesini goramaga, şonuň ýaly-da hukuk tertibiniň bozulmagyna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir.

Adatça ylmy edebiýatlarda döwlet häkimiýet ulgamynyň aýratyn şahasy hökmünde görkezilmese-de, döwlet edaralarynyň özboluşly häsiýete eýe bolan bir görnüşi barada aýratyn durlup geçilýär. Şeýle edaralar *gözegçilik edaralary* diýlip atlandyrylýar. Bir tarapdan ol edaralary, döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ulgamynyň düzüm bölegi diýip hasaplamak hem bolýar. Beýleki tarapdan ol edaralar, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň işleri babatda-da gözegçiligi alyp barýarlar we şoňa görä-de olar döwlet häkimiýet bölünişigi ulgamynda döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň hiç haýsyna hem degişli bolmadyk, özboluşly döwlet edaralary hökmünde-de kesgitlenip biler. Ýöne şunuň ýaly netije çykarylanda görkezilen edaralaryň döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň baştutanyna we hökümetine gönüden-göni tabynlykda durýandyklaryny hem üns merkezinde saklamak gerekdir. Gözegçilik edaralary dürli ýurtlarda prokuratura[1], gözegçlik palatasy, gözegçilik gullugy, ombudsmen[2] we ş.m. atlar bilen atlandyrylýarlar.

Türkmenistanda gözegçilik edaralarynyň mysaly hökmünde, ilkinji nobatda prokuraturany görkezmek bolar. Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamy hakynda bolsa gysgaça şu aşakdakylary bellemek zerurdyr:

- 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen, “Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda, prokuratura edaralary, Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar tarapyndan ỳolbaşçylyk edilỳän hem-de Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçilik etmek işini amala aşyrỳan hukuk goraỳjy edaralardyr.

- Türkmenistanyň *prokuratura edaralarynyň ulgamy* Baş prokuraturadan, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan, Baş harby prokuraturadan, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan, harby prokuraturalardan hem-de ýöriteleşdirilen prokuraturalardan ybaratdyr.

---

[1]Prokuratura-“procuro-alada edỳärin” diỳen latyn sözunden gelip çykan adalga;

[2]Ombudsmen-“ombuds-man-kimdir biriniň wekili” diýen şwed sözünden gelip çykyp, käbir döwletlerde raýatlaryň hukuklarynyň hem kanuny bähbitleriniň berjaý edilişine we ýerine ýetiriji edaralaryň hem wezipeli adamlaryň öz borçlaryny ýerine ýetirişleriniň kanunylygyna gözegçilik edýän wezipeli şahsy aňladýar.

## §4. Döwlet apparatyny guramagyň we onuň işiniň ýörelgeleri

Döwlet apparatyny guramagyň ýörelgeleri – bu häzirki zamanyň demokratik döwletiniň häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň düzüm bölekleriniň öz ygtyýarlyklaryny hem wezipelerini amala aşyrmaklarynyň esasy başlangyçlarydyr. Şeýle başlangyçlara şu aşakdakylar degişli edilýärler:

- *Döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi* ýörelgesi häzirki zamanyň demokratik döwletinde häkimiýet kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine anyk bölünmelidir. Döwlet häkimiýetiniň bir şahasynyň beýleki häkimiýet şahalarynyň ygtyýarlyklaryny, şonuň netijesinde-de döwletde tutuş häkimiýeti eýelemezligi üçin (döwlet häkimiýetiniň uzurpasiýasy[1]) döwletde “togtadyjylaryň we garşylyklaýyn agramlyklaryň” ulgamy hereket edýär. Bu ulgamyň hereket etmegi şu aşakdaky çäreleriň tertipli yzygiderlilikde amala aşyrylmagynyň esasynda üpjün edilýär:
  - dürli döwlet edaralarynyň wezipeleri hem ygtyýarlyklary berk kesgitlenýär;
  - islendik şahsa şol bir wagtyň özünde döwletiň kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji ýa-da kazyýet edaralarynda wezipeleri eýelemek gadagan edilýär;
  - döwlet häkimiýetiniň esasy şahalary dürli usullarda döredilýär;
  - hökümetiň işine parlament gözegçiligi ýola goýulýar;
  - döwlet baştutanyna parlament tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk nama gadaganlyk girizmäge we parlamenti möhletinde öň goýbermäge ygtyýarlyk berilýär;
  - parlament kanunda bellenen ýagdaýlarda we tertipde prezidentden wezipesini terk etmegi talap edip bilýär we s.m.;
- *Aç-açanlyk* ýörelgesi şu aşakdaky talaplaryň berjaý edilmegi bilen durmuşa geçirilýär:
  - kabul edilýän ähli kadalaşdyryjy hukuk namalar çäp edilmeli;
  - halkyň ykbalyna gönüden-göni täsir edýän wajyp kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilmezinden öň olar tutuş halkyň dykgatyna ýetirilip jemgyýetçiligiň pikirinden ugur alynmaly;
  - döwlet edaralarynyň işleri barada jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmaga hem-de olary açyk tankytlamaga mümkinçilik bolmaly we ş.m.;
- *Demokratizm* ýörelgesi (jemgyýetiň ähli agzalarynyň we subýektleriniň döwletiň amala aşyrýan çärelerinden habarly bolmagyna we saýlawlaryň, kanunlaryň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň hem-de olaryň sala salşyklarda kabul edilmeginiň we ş.m. üsti bilen olaryň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşmagyna mümkinçilik bolmaly);

---

[1]Uzurpasiýa-“usurpation-eýelemek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, häkimiýetiň ýa-da başga biriniň hukuklarynyň hem ygtyýarlyklarynyň zorlukly ýol bilen eýelenmegini aňladýar.

- *Çakdan aşa merkezleşdirmezlik* ýörelgesi (aşakda durýan döwlet edaralarynyň kanunda berkidilen ygtyýarlyklaryny hem wezipelerini amala aşyrmaklaryna ýokarda durýan döwlet edaralarynyň hem wezipeli şahslarynyň gatyşmagyny aradan aýyrmaly);
- *Syýasy köpdürlilik* ýörelgesi şu aşakdaky düzüm böleklerden ybaratdyr:
  - syýasy pikirleriň dürliligine bolan erkinlik;
  - dürli syýasy partiýalaryň, hereketleriň we guramalaryň kanunyň çäginde erkin hereket etmeklerine mümkinçilik berilmegi we ş.m.;
- *Kanunylyk* ýörelgesi ýurduň bütin çäginde döwletiň konstitusiỳasynyň, kanunlarynyň we şolara laỳyklykda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli edaralar, guramalar, kärhanalar, wezipeli we fiziki şahslar tarapyndan takyk hem birmeňzeş berjaỳ edilmegini göz öňünde tutỳan uniwersal häsiỳetdäki umumy hukuk düşünjesidir. Kanunylygyň esasy talaplary şu aşakdakylardan ybaratdyr:
  - kanunlaryň beỳleki kanunalaỳyk kadalaşdyryjy hukuk namalar babatda ỳokary ỳuridik güỳje eỳe bolmagy;
  - kanunlaryň hereket edỳän bütin çäginde olara ỳeke-täk birmeňzeş manyda düşünilmegi we olaryň takyk hem birmeňzeş berjaỳ edilmegi;
  - ähli raỳatlaryň kanunyň goragyndan deň derejede peỳdalanmaga hukugynyň we onuň kadalaryny hemmeleriň hökmany ỳagdaỳda deň berjaỳ etmegä borjunyň bolmagy (hemmeleriň kanunyň we kazyỳetiň öňünde deňligi ỳörelgesi);
  - raỳatlaryň kanunyň we kazyỳetiň öňünde hukuklaryny goramaga mümkinçilikleriniň bolmagy;
  - bir adamyň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagynyň beỳleki adamlaryň hukuklaryny hem azatlyklaryny amala aşyrmaklaryna päsgel bermezliginiň üpjün edilmegi;
  - adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny biri-birine garşy goỳmazlyk, ỳagny adamyň bir hukugynyň durmuşa geçirilmegi üçin onuň başga hukuklaryny pida bermezlik ỳörelgesiniň durmuşa geçirilmegi;
  - hukuk bozulmalaryň öňüniň alynmagy hem-de olara garşy netijeli göreş alnyp barylmagy we ş.m.;
- *Hasabatlylyk* ýörelgesi (aşakda durýan döwlet edarasynyň ýokarda durýan döwlet edarasyna hasabat bermeginiň hökmanylygyny aňladýar);
- *Döwlet gullukçylarynyň ýokary hünär taýýarlygynyň we ahlagynyň* (etikasynyň) *bolmagy* ýörelgesi. Bu ýörelgäniň esasynda döwlet gullukçylaryna bildirilýän talaplar Türkmenistanyň mysalynda düşündirilende, şulary bellemek bolar. Türkmenistanyň hereket edỳän kanunçylygyna laỳyklykda, döwlet gullukçysyna şu aşakdaky talaplar bildirilỳär:
  - döwletiň özygtyýarlylygyny, syýasy we ykdysady bähbitlerini goramak;
  - watançylyk, türkmen halkynyň milli däp-dessurlaryna hormat goýmak;

- hünär taỳỳarlygy we kompetentlilik[1];
- tabşyrylan iş üçin jogapkärçilik;
- işiň netijeliligini üpjün etmek we döwlet edaralarynyň wezipelerini olaryň wezipe ygtyỳarlyklaryna laýyklykda ýerine ýetirmek;
- öz işine döredijilikli çemeleşmek, karar kabul etmegi başarmak;
- raỳatlara hormat bilen garamak, adamlar bilen aragatnaşygyň ýokary medeniýetini berjaý etmek;
- salyhatlylyk, dogruçyllyk, öz işiniň netijelerine hakyky we tankydy baha bermegi başarmak.[2]

[1]Kompetentlilik-"competo-gabat gelỳärin, dyrjaşỳaryn" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir hünärlerde ỳeterlik bilimleriň bolmagyny ỳa-da wezipeli adama kanun bilen berlen ygtyỳarlyklaryň jemini aňladỳar;
[2]12.06.1997 ỳylda kabul edilen, "Döwlet organlarynyň apparatyndaky gulluk hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 7-nji maddasy.

## ÇYZGYLAR

**Çyzgy 7.1.**




Çyzgy 7.2.
Döwlet edarasy döwlet tarapyndan döredilýär we öz wezipelerini hem-de ygtyýarlyklaryny döwletiň adyndan amala aşyrýar
Her bir döwlet edarasy işjeňligiň kanunçylyk tertibinde berk kesgitlenen görnüşlerini ýerine ýetirýär
Her bir döwlet edarasynyň hukuk taýdan berkidilen guramaçylyk düzüm gurluşy bolýar
Her bir döwlet edarasynyň ygtyýarlyklaryny we işini amala aşyrmaga hukukly hem borçly bolan çägi bolýar
Her bir döwlet edarasynyň döwlet apparatyndaky ornuny we ähmiýetini, şeýle-de onuň beýleki döwlet edaralary hem guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmeginiň tertibini kesgitleýän ýörite düzgünleri bolýar
Döwlet edarasynyň ygtyýarlyklary döwlet dolandyryş-häkimlik häsiýetlidir
Bu döwlet gullukçylaryndan düzülen, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwletiň wezipelerini amala aşyrmak üçin döwlet-häkimiýet ygtyýarlyklary we zerur maddy serişdeleri bolan, döwlet apparatynyň guramaçylyk hem hojalyk taýdan aýratynlaşdyrylan we hukuk taýdan resmileşdirilen düzüm birligidir.
Döwlet edaralary

Çyzgy 7.3.


Olar üçin döwlet häkimiýet-dolandyryş işini ýerine ýetirmek işjeňligiň esasy görnüşi bolup durmaýar, ýöne olaryň kömegi bilen döwlet özüniň ençeme wezipelerini (adatça, saglygy goraýyş, bilim, ylym, medeniýet we beýleki çygyrlardaky wezipelerini) amala aşyrýar.
Döwlet mehanizminiň düzüm bölekleriniň bir görnüşi bolup, olar jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin hyzmatlary ýerine ýetirýärler we hojalyk-ykdysady işjeňlik bilen meşgullanýarlar.
Döwletiň ugurlaýyn edaralary
Döwlet kärhanalary
Döwlet mehanizminiň düzüm birlikleri
Döwlet guramalary
Döwlet unitar kärhanalary
Emläk eýesi tarapyndan olara berlen emläge eýeçilik hukugy bolmadyk we olara hojalyk dolandyryş ýa-da operatiw dolandyryş hukugy esasynda ygtyýar edýän döwlet täjirçilik edaralarydyr.
Döwlet tarapyndan döredilen döwlet apparatynyň düzüm birlikleri bolup, olaryň ygtyýarlygynda zerur serişdeler (resurslar) bardyr we olar özlerinde adamlary birleşdirmek bilen döwletiň kesgitlän düzgünleriniň hem tertibiniň esasynda döwlet maksatnamalaryny toplumlaýyn we ygtyýarlykly amala aşyrýarlar.

Çyzgy 7.4.


Döwlet apparatynyň gurluşy
Kanunçykaryjy häkimiỳet
Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet
Kazyỳet häkimiỳeti
Ýokary kanunçykaryjy edara – Parlament
Ikinji derejede duryan kanunçykaryjy edaralar
Merkezi döwlet häkimiýet edaralary
Merkezi döwlet dolandyryş edaralary
Ýerli häkimiýet-dolandyryş edaralary
Umumy kazyýetler
Ýörite kazyýetler
Ygtyýarlyklarynyň häsiýetine görä bölünýärler:
Umumy ygtyýarly döwlet edaralary
Pudaklaýyn we ýörite ygtyýarly döwlet edaralary
Döwlet baştutany
Hökümet (ministrler kabineti)
Ministrlikler
Pudak edaralary

**Çyzgy 7.5.**


Döwlet apparatyny guramagyň we onuň işiniň ýörelgeleri
Döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi ýörelgesi
Aç-açanlyk ýörelgesi
Demokratizm ýörelgesi
Çakdan aşa merkezleşdirmezlik ýörelgesi
Syýasy köpdürlilik ýörelgesi
Kanunylyk ýörelgesi
Hasabatlylyk ýörelgesi
Döwlet gullukçylarynyň ýokary hünär taýýarlyklylygy we ahlaklylygy ýörelgesi

Çyzgy 7.6.


Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň ulgamy
Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti
Ýokary Kazyýetiň Giňişleýin mejlisinden; Ýokary Kazyýetiň Prezidiumyndan; Raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan; Jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan; şeýle hem Arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan ybarat düzümde hereket edýär
Welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri
Kazyýetiň Prezidiumyndan; raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan ybarat bolup, onuň düzümine kazyýetiň başlygy; başlygyň orunbasarlary, kazylar we kazyýet oturdaşlary girýärler
Etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri
Kazyýetiň başlygyndan, kazylardan we kazyýet oturdaşlaryndan ybaratdyr. Kanuna laýyklykda etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň düzümine şol kazyýetleriň başlygynyň orunbasarynyň wezipeleri girizilip bilinýär
Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti
Kanun tarapyndan olaryň seredilmegine degişli edilen ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş we başga kanunlarda onuň ygtyýarlygyna degişli edilen başga işleriň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller baradaky kazyýet edarasy bolup, onuň düzümi Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň başlygyndan we kazylardan ybaratdyr

## *SOWALNAMA*

**1) Döwlet mehanizmi (apparaty) diýlende,**
- döwletiň kanunçykaryjy häkimiýetiniň ulgamyna düşünilýär;
- döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ulgamyna düşünilýär;
- döwletiň kazyýet edaralarynyň ulgamyna düşünilýär;
- döwlet dolandyryşyny amala aşyrmak maksady bilen döredilen edaralaryň ulgamyna düşünilỳär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Döwlet mehanizminiň ulgamynyň düzüm birliklerine girýärler:**
- döwlet edaralary;
- döwlet guramalary;
- syýasy partiýalar;
- döwlet kärhanalary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Döwlet edaralary düzülýär:**
- döwlet gullukçylaryndan;
- wezipeli şahslardan;
- adamlardan;
- döwletiň raýatlaryndan, daşary ýurt raýatlaryndan we raýatlygy bolmadyk adamlardan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Döwlet edaralarynyň düzüm gurluşyna (strukturasyna) girýärler:**
- ministrlikler;
- müdirlikler;
- bölümler;
- bölümçeler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Her bir döwlet edarasynda bolýar,**
- hukuk taýdan berkidilen guramaçylyk düzüm gurluşy;
- özbaşdak hukuk kadalaşdyryş ulgamy;
- ygtyýarlyklaryny we işini amala aşyrmaga hukukly hem borçly bolan çägi;
- onuň döwlet apparatyndaky ornuny we ähmiýetini, şeýle-de onuň beýleki döwlet edaralary hem guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmeginiň tertibini kesgitleýän ýörite düzgünleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Döwlet mehanizminiň döwlet edaralaryndan başga düzüm gurluş birlikleriniň näçe görnüşi bar?**
- dört;
- üç;

- bäş;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Döwlet kärhanalary,**
- bu döwlet guramalarydyr;
- emläk eýesi tarapyndan olara berlen emläge eýeçilik hukugy bolmadyk we olara hojalyk dolandyryş ýa-da operatiw dolandyryş hukugy esasynda ygtyýar edýän döwlet täjirçilik edaralarydyr;
- jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin hyzmatlary ýerine ýetirýärler we hojalyk-ykdysady işjeňlik bilen meşgullanýarlar;
- bu pudak edaralarydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Döwletiň ugurlaýyn edaralary adatça haýsy wezipeleri amala aşyrýarlar?**
-çig mallary öndürmek we daşary ýurtlara satmak bilen bagly wezipeleri;
- saglygy goraýyş, bilim, ylym, medeniýet we beýleki çygyrlardaky wezipeleri;
- diňe medeni çygyrdaky wezipeleri;
- kanunçykaryjylyk wezipesini.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Döwletiň unitar kärhanasynyň,**
- emläginiň eýesi döwletdir;
- ol özüne berlen emläge hojalyk dolandyryş ýa-da operatiw dolandyryş hukugy esasynda ygtyýar edýär;
- ol döwlet täjirçilik edarasydyr;
- ol jemgyýetiň syýasy ulgamynyň iň wajyp düzüm bölegidir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Döwlet häkimiýetiniň şahalaryna girýärler,**
- kanunçykaryjy häkimiýet;
- prokuratura häkimiýeti;
- ýerine ýetiriji häkimiýet;
- kazyýet häkimiýeti.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna girýärler:**
- merkezi döwlet häkimiýet edaralary;
- merkezi döwlet dolandyryş edaralary;
- ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralary;
- etrap we etrap hukukly şäherleriň häkimlikleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Merkezi döwlet häkimiýet edaralary şu aşakdakylardyr:**
- parlament, prezident, ministrler kabineti we ýokary kazyýet;

- döwlet baştutany we hökümet;
- parlament we prezident;
- prezident, ministrler kabineti, ministrlikler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Döwletiň ýokary kanunçykaryjy edarasy,**
- bu parlamentdir;
- döwletde halk wekilçiliginiň ýokary edarasydyr;
- ähli döwletlerde döwlet baştutany saýlaýar;
- kanunlary kabul edýär we olara üýtgetme-goşmaçalary girizýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Merkezi döwlet edaralaryna degişlidir:**
- prezident;
- hökümet;
- ministrlikler we pudak edaralary;
- häkimlikler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Döwlet edaralary öz ygtyýarlyklarynyň häsiýetine, möçberine we mazmunyna baglylykda bölünýärler:**
- umumy ygtyýarly, pudaklaýyn we ýörite ygtyýarly döwlet edaralaryna;
- ministrliklere we pudak edaralaryna;
- häkimliklere we geňeşlere;
- ugurlaýyn döwlet edaralaryna we döwletiň unityar kärhanalaryna.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Pudaklaýyn we ýörite ygtyýarly döwlet edaralary,**
- döwletiň işjeňliginiň ähli içerki ugurlarynda dolandyryşy amala aşyrýarlar;
- döwletiň işjeňliginiň ähli daşarky ugurlarynda dolandyryşy amala aşyrýarlar;
- döwletiň bütindünýä parahatçylygyny goldamak babatda wezipelerini berjaý edýärler;
- döwlet dolandyryşynyň diňe aýry-aýry pudaklarynda dolandyryşy amala aşyrýarlar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Dünýä döwletlerinde kazyýetleriň iki sany esasy görnüşleri bar, olar -**
- umumy we ýörite kazyýetler;
- konstitusion kazyýet we umumy kazyýetler;
- adaty we adatdan daşary kazyýetler;
- syýasy we syýasy däl kazyýetler;

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň ulgamynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işlerine garaýan ýörite kazyýetler barmy?**
- hawa;
- ýok;
- diňe Aşgabat şäherinde bar;
- bar, ýöne ol hemişe hereket etmän, diňe aýry-aýry işleri seljermek üçin döredilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Döwlet apparatyny guramagyň we onuň işiniň esasy ýörelgeleri näçe sany?**
- sekiz;
- ýedi;
- on;
- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Aç-açanlyk ýörelgesi şu aşakdaky talaplaryň berjaý edilmegi bilen durmuşa geçirilýär:**
- kabul edilýän ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň çap edilmegi;
- halkyň ykbalyna gönüden-göni täsir edýän wajyp kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilmezinden öň olaryň tutuş halkyň dykgatyna ýetirilip, jemgyýetçiligiň pikirinden ugur alynmagy;
- döwlet edaralarynyň işleri barada jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmaga hem-de olary açyk tankytlamaga mümkinçiligiň bolmagy;
- hökümetiň işine parlament gözegçiliginiň ýola goýulmagy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# II bölüm. HUKUGY ÖWRENIŞ

## 8-nji bap. Hukuk. Onuň düşünjeleri we ýörelgeleri. Hukuk düşünjeliligi

### §1. Hukuk barada düşünje, onuň alamatlary we häsiýetleri

Hukuk iň çylşyrymly jemgyýetçilik hadysalarynyň biridir. Ol jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli ugurlaryna täsir edýär hem-de ol:

- eýeçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär we berkidýär;
- jemgyýetde zähmet bölünişigini we öndürilen önümleriň paýlanyşygyny kadalaşdyryjy gural hökmünde çykyş edýär;
- döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň işini we guramaçylygyny kadalaşdyrýar;
- jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşyrmagyň hereket edýän tertibine we düzgünlerine kast etmeklige garşy göreşmegiň çärelerini hem görnüşlerini, şeýle-de şol çäreleri durmuşa geçirmegiň şertlerini we usullaryny kesgitleýär;
- adamlaryň şahsy gatnaşyklaryny hem tertibe salmak üçin olara işjeň täsir edýär;
- diňe özüne mahsus bolan – kanunçylyk ulgamy görnüşinde hereket edýär we ş.m..

Hukuk adamlaryň bähbitlerini, olaryň adalat, ahlak, ýagşylyk we ýamanlyk, bolmaly hem bolýan zatlar we ş.m. baradaky düşünjelerini beýan edýär. Häzirki zaman hukuk ylmynda hukugyň mazmunyny kesgitlemeklige iki dürli çemeleşme biri-biri bilen döredijilikli gapma-garşylykda hereket edýärler: hukuk barada *kadalaşdyryş* taglymaty we hukuk barada *tebigy-hukuk* taglymaty. Başgaça aýdylanda, bu iki çemeleşmäni, *etatik*[1] *garaýyş* we *liberal garaýyş* diýip atlandyrmak hem bolar. Kadalaşdyryş taglymatyna laýyklykda, hukuk döwlet tarapyndan döredilýär we ol döwletiň uniwersal häsiýetli serişdesi bolup durýar. Tebigy-hukuk taglymatyna laýyklykda, hukuk döwletden öň dörän we ondan ýokarda durýan gymmatlykdyr. Şu iki ýörgünli nukdaýnazardan ugur almak bilenem, hukuga aşakdaky ýaly kesgitlemeleri bermek bolar:

*Hukuk* – bu adalatlylyk we erkinlik ýörelgelerine esaslanýan kadalaşdyryjy düzgünleriň ulgamydyr. Şolara laýyklykda jemgyýetde häkimiýet amala aşyrylýar, döwlet institutlary döredilýär we hereket edýär, sosial durnuklylyk saklanýar hem-de adamlaryň kadaly ýaşaýşy üpjün edilýär.

*Hukuk* – bu kanunda berkidilen we adamlaryň dürli toparlarynyň umumy erk-isleglerini, jemgyýetde erkinligiň hem jogapkärçiligiň ölçegi (ugrukdyryjysy (regulýatory[2])) bolan ynsan şahsyýetiniň ähli zatdan ýokarda we gymmat saýylmagyny beýan edýän, hemmeler tarapyndan hökmany berjaý edilmäge degişli kadalaryň (ýörelgeleriň hem görkezmeleriň) jemidir.

---

[1]Etatik-“etat-döwlet” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, döwlete jemgyýetçilik ösüşiniň iň ýokary netijesi we maksady hökmünde garaýan jemgyýetçilik pikiriniň ugruny aňladýar;

[2] Regulýator-“regulare-ugrukdyrmak, tertipleşdirmek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

Kadalaşdyryş konsepsiýasyna[1] laýyklykda, *hukuk* – bu döwlet tarapyndan kabul edilen ýa-da tassyklanan hem kepillendirilen we jemgyýetiň ähli agzalary üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalarynyň ulgamydyr.

Jemgyýetçilik ýaşaýşynyň hadysasy hökmünde hukuk ynsan gatnaşyklaryny kadalaşdyryjylaryň din, syýasat, ykdysadyýet, ahlak ýaly beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar. Onuň esasy alamatlary bolsa şu aşakdakylardyr:

- hukuk jemgyýetiň erk-isleginiň jemlenen beýanydyr. Hukuk jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň bähbitlerini hasaba almaklyga, olaryň umumy razylygyna we erk-isleglerine esaslanýar;
- hukuk adamyň erkinliginiň we özüni alyp barşynyň çäk ölçegidir (masştabydyr[2]). Ol şahsyýetiň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň elýeterliliginiň we hakykylygyň ölçegini, olary çäklendirmeklik mümkinçilikleriniň ölçegini beýan edýär;
- hukuk – bu hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalarynyň ulgamydyr. Hemmeler üçin hökmanylyk, görnüşleýin kesgitlenenlik we ulgamlaýynlyk mazmuny, düzüm gurluşy, beýan edilişiniň görnüşi we häsiýeti hukugy sosial kadalaryň beýleki görnüşlerinden (ahlak, dini, adat we ş.m. kadalardan) tapawutlandyrýar;
- hukuk – bu döwletiň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýän sosial kadalardyr. Döwlet – bu hemişe hukugy goraýan, onuň talaplarynyň berjaý edilmegini üpjün edýän we şol talaplaryň bozulmagyna garşy çäre görýän güýçdür;
- hukuk bilen kanun şol bir düşünje däldir. Olaryň her haýsynyň özboluşly manysy bar. Kanunçylyk (pozitiw hukuk) hukugy beýan etmegiň görnüşleriniň biridir. Hukugyň tebigatyna, ýörelgelerine, ynsan şahsyýetiniň gymmatlyklaryna laýyk gelmeýän kanun hakyky däl diýlip bilinýär we ol hukuk bolup bilmeýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryjylaryň arasynda iň netijelisi we ählumumy häsiýetlisi hökmünde hukugyň özüne mahsus bolan birnäçe özbulyşly aýratynlyklary bardyr. Olar şu aşakdakylardyr:

- ol *kadalaşdyryş* häsiýetlidir we onuň bu häsiýeti, bar bolan hukuk düzgünleriniň we görkezmeleriniň:
  - ählumumylygynda;
  - hökmanylygynda;
  - yzygiderli dowamlylygynda (hukuk kadalarynyň kanunda berkidilen iş ýörediş tertibinde ýatyrylýança hereket etmeginde);
  - bütin çäkde hereket etmeginde görünýär.;
- ol *ulgamlaýyn* häsiýetlidir we onuň bu häsiýeti hukuk kadalarynyň tertipli hem many taýdan yzygiderli arabaglanyşygynda görünýär;

[1] Konsepsiýa-“conseptio-düşünmek, ulgam” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir hadysalara düşünmegiň we olary düşündirmegiň anyk usullaryny, esasy nukdaýnazary, esasy pikiri aňladýar;
[2] Masştab-“mab-ölçeg, stab-taýak, hasa” diýen nemes sözlerinden gelip çykyp, kartada, meýilnamada ýa-da çyzgyda görkezilen çyzygyň uzynlygynyň ölçeginiň hakykatdaky ölçege deň sanyny aňladýar.

- ol *ösüşe* (dinamizme[1]) ukyplydyr we onuň bu häsiýeti jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň üýtgeýşine we ösüşine baglylykda hukugyň hem üýtgemäge we ösmäge, täze ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin täze serişdeleri emele getirmäge, käbir jemgyýetçilik gatnaşyklary ýitip gidende bolsa zerurlygy aradan aýrylan hukuk serişdelerini we gurallaryny ulanyşdan aýyrmaga bolan ukyplylygynda ýüze çykýar;
- ol *geçirijilige* we *özleşdirijilige* ukyplydyr. Hukugyň bu häsiýeti, ol ýa-da beýleki döwletiň hukuk ulgamynyň özünden öň hereket eden ýa-da başga döwletleriň hukuk ulgamlarynyň düzüm böleklerini özüne geçirmäge we özleşdirmäge ukyply bolmagyny aňladýar;
- onuň *durnuklylyk* häsiýeti bardyr. Onuň bu häsiýeti uzak wagtyň dowamynda hukugyň kadalaşdyryş özeniniň üýtgewsiz durýanlygynda, onuň esasy ýörelgeleriniň, mazmunynyň, düzgünleri we görkezmeleri durmuşa geçirmegiň görnüşleriniň hem usullarynyň durnuklylygyny hem synmazlygyny saklaýanlygynda ýüze çykýar.

## §2. Hukugyň ýörelgeleri we jedelsiz başlangyçlary (aksiomalary)

Bellenip geçilişi ýaly, hukugyň tutuş tebigaty jemgyýetdäki gatnaşyklary düzgünleşdirmäge we sazlaşykly utgaşdyrmaga (garmonizasiýalaşdyrmaga[2]) gönükdirilýär. Kadalaşdyryp, ylalaşdyryp, öwezini dolduryp, höweslendirip, zerurlyk ýuze çykan halatynda bolsa temmi berip, hukuk diňe adamyň, adamlaryň bileleşiginiň bähbidine hereket edýär. Hut şol ýörelgeleýin esaslar hem hukugyň binýadynda durýar.

*Hukugyň ýörelgeleri* – bu jemgyýetçilik ýaşaýşynyň umumy (obýektiw) kanunalaýyklyklaryny özünde jemleýän we berkidýän, hukugyň esasy başlangyç düzgünleridir. Hukugyň ýörelgeleri umumy hukuk kadalarynda (ýörelgeleýin kadalarda) ýörite berkidilip bilinýärler. Şeýle ýagdaýda olar hukuk ýörelgeleri diýlip atlandyrylýar. Olara esasan, kanunylyk[3], deňlik[4], adalatlylyk[5], ynsanperwerlik[6] (gumanizm), kanunyň öňünde hemmeleriň deňligi[7], günäsizlik çaklamasy[8], günäkärlik jogapkärçiligi[9] we ş.m. ýörelgeler girýärler. Şonuň ýaly-da da hukugyň ýörelgeleri hukuk kadalarynda gönüden-göni we açyk beýan edilmän, onuň içki mazmunyndan hem gelip çykyp bilýärler. Şeýle ýörelgelere *hukuk düşünjeliliginiň ýörelgeleri* diýilýär. Olaryň mysaly hökmünde, jenaýat jogapkärçiliginiň gutulgysyzlygy we her bir jenaýatçynyň eden günäsine laýyk jeza berilmegi ýörelgelerini görkezmek bolar.

---

1 Dinamizm-“dynamis-güýç” diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zadyň öňe bolan hereketini aňladýar;
2 Garmonizasiýa-“harmonia-syratlylyk, ylalaşyk, sazlaşyk” diýen grek sözünden gelip çykan adalga;
3 Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasy. Aşgabat, 2008;
4 Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 19-njy maddasy. Aşgabat, 2008;
5 Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 3-nji maddasynyň 6-njy bendi. Aşgabat, 1998;
6 Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasy. Aşgabat, 2008;
7 Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 19-njy maddasy. Aşgabat, 2008;
8 Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 3-nji maddasynyň 4-nji bendi. Aşgabat, 1998;
9 Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 3-nji maddasynyň 3-nji bendi. Aşgabat, 1998.

Hukuk ýörelgeleri hukugyň içerki we daşarky wezipelerini berjaý edýärler. Hukuk ýörelgeleri jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklyga, hukuk ulanyş işine we kanunçylykdaky kemçilikleri aradan aýyrmaklyga gönüden-göni täsir etmek bilen hukugyň *içerki wezipelerini* ýerine ýetirýärler. Hukugyň ýörelgeleri, hukuk kadalarynyň ulgamyna täsir etmek bilen, olaryň biri-birine gapma-garşy bolmazlygyny we utgaşyklylygyny, kanunçylygyň bütewiligini we ýokary netijeliligini üpjün etmek üçin ähli kadalaşdyryjy görkezmeleriň hukuk ýörelgelerinden gelip çykmaklaryny we olara doly laýyk gelmeklerini ýola goýup, hukugyň *daşarky wezipelerini* amala aşyrýarlar.

Hukuk ýörelgeleri hukuk kadalarynyň haýsy çygryna täsir edýänligi bilen baglylykda birnäçe görnüşlere bölünýärler. Olar şu aşakdakylardyr:

- *umumy* (umumyhukuk) *ýörelgeleri* ähli hukuk hadysalarynyň esasynda durýarlar hem-de olara adalatlylyk, ynsanperwerlik, kanunylyk, hemmeleriň kanunyň hem kazyýetiň öňünde deňligi we beýleki ýörelgeler degişlidir;
- *pudaklaýyn* (ýa-da ýörite hukuk) *ýörelgeleri* hukugyň haýsy-da bolsa bir anyk pudagyna degişli ýörelgelerdir. Mysal üçin, diňe jenaýat hukuk pudagyna degişli ýörelge hökmünde jenaýatçylykly etmişiň edilendigi üçin diňe şahsy jogapkärçilige çekmek ýörelgesini görkezmek bolar. Bu ýörelgäniň diňe jenaýat hukugyna degişlidiginiň sebäbi bolsa, jenaýat hukugynda jenaýatçylykly etmişi edendigi üçin diňe fiziki şahs jogapkärçilige çekilýär. Raýat hukuk kadalaryna laýyklykda bolsa jogapkärçilige fiziki şahslardan başga ýuridik şahslaram, hatda üçünji şahslar hem çekilip bilinýär;
- *pudagara ýörelgeler* diýlende, özara berk baglanyşykda durýan we kadalary hem düzüm gurluşlary boýunça biri-birine ýakyn bolan hukuk pudaklaryna degişli ýörelgelere düşünilýär. Mysal üçin, aç-açanlyk, bäsdeşlik, taraplaryň deňligi ýörelgeleri hukugyň iş ýörediş (prosessual) pudaklarynyň ählisine degişlidir;
- *hukugyň aýry-aýry institutlarynyň ýörelgelerine* temmi çäresini bellemek, şertnama, syrlary saklamak, wesýetnama erkinligi we ş.m. ýörelgeler degişlidir.

Hukugyň talaplaryny durmuşa geçirmekde hukuk ýörelgeleri bilen birlikde hukugyň jedelsiz başlangyçlarynyň (aksiomalarynyň[1]) hem örän uly ähmiýeti bardyr. *Hukugyň jedelsiz başlangyçlary* (aksiomalary) – bu tejribede köp gezek barlanan, şonuň üçinem özleriniň göz-görtele dogrulygy hem hakykylygy üçin subutnamalar talap etmezden kabul edilýän düzgünleridir. Olar adamlaryň bilelikde ýaşamagynyň binýatlaýyn ýörelgeleridir, şonuň bilen birlikde-de, hukuk düşünjeliliginiň hukugyň bolmagyna we hereket etmegine mümkinçilik berýän, iň möhüm kadalarydyr. Olaryň köpüsiniň, iki müň ýyldanam gowrak wagt mundan ozal, gadymy Rim hukukçylary tarapyndan işlenip düzülendigine garamazdan,

[1] Aksioma-“axioma-hakykat” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

häzirki wagt hem özleriniň durmuşylygyny (aktuallygyny[1]) hem täsirliligini saklap gelýärler.

Şeýle jedelsiz, asyrlaryň dowamynda tejribede barlanan düzgünleriň käbirleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- şahsy hukuklara hukuk borçlary hemişe deň gelýärler, ýagny has ýönekeý aýdylanda, hukugyň bar ýerinde hökman borç hem bolýar;
- etmişiň netijelerine diňe şol etmiş amala aşyrylan wagty hereket edýän kanuna laýyklykda baha bermek bolýar;
- hukuk, kadalaşdyryjy hukuk namalarda, hukuk gatnaşyklarynda we hukuk düşünjeliliginde durmuşa geçirilýär;
- hukugyň kadalary bilen gadagan edilmeýän we onuň ýörelgelerine ters gelmeýän herekete (ýagdaýa) rugsat berilýär;
- hiç kim öz işinde kazy bolup bilmez;
- goý, beýleki tarap hem diňlenilsin;
- şahsy bähbit jemgyýetçilik bähbidinden soňa goýulýar;
- hiç kim özüni aýyplamaga borçly däldir;
- kazyýetiň çözgüdi işe gatnaşmadyk adamlara täsir etmeli däldir;
- adamlar öz hukuklary babatda erkin we deň bolup dogulýarlar;
- hiç kime şol bir jenaýat üçin iki gezek iş kesilip bilinmez;
- gahar-gazap jenaýaty aklamaýar;
- eger-de günäsi subut edilmese, aýyplanýan aklanýar;
- günäkäre jeza bermeýän – bigünä jeza berýär;
- kanun tarapyndan gadagan edilmedik ähli zada rugsat berilýär;
- jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýa-da öň kanunçylyk tertibinde berkidilen jogapkärçiligi zabunlaşdyrýan kanunyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur we ş.m..

Belli rus pelsepeçisi, hukukçysy we publisisti, I.A. Ilýin[2] bolsa hukugyň jedelsiz başlangyçlaryna ruhy mertebelilik kanunyny, ruhy özbaşdaklyk kanunyny, özara ykrar etmek kanunyny hem degişli edipdir.

## §3. Hukugyň sosial ähmiýeti hem wezipeleri

Ähli zamanlarda-da hukugyň mazmuny we onuň jemgyýetiň durmuşyndaky orny, ähmiýeti hem wezipeleri hakyndaky soraga syýasy mesele hökmünde garalyp gelnipdir. Sebäbi hereket edýän häkimiýetiň kanunylygy köp derejede şol soragyň jogabyna bagly bolupdyr. Şonuň üçinem köp alymlar hukugyň ähmiýetini,

[1] Aktuallyk-“actualis-hakyky, şu wagt bar bolan” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[2] Iwan Aleskandrowiç Ilýin, 1883-1954-nji ýyllarda ýaşan, rus dini pelsepeçişi, hukukçysy we publisisti. Esasy ylmy işleri, “Zuluma güýç bilen garşylyk görkezmek”, “Ruhy kämillik hakynda”, “Biziň wezipelerimiz”, “Hukuk düşünjeliligi barada okuw” we ş.m. kitaplardyr. Özüniň 1919-njy ýylda ýazyp tamamlan we çap edilen, “Hukuk düşünjeliligi barada okuw” atly fundamental ylmy işinde ol **ruhy mertebelilik kanuny**, **ruhy özbaşdaklyk kanuny** barada kesgitlemeleri berýär. Ol kanunlara laýyklykda, raýat, hukugyň ruhy erkin hem erkli-jogapkärli merkezi, hakyky subýekti hökmünde çykyş edýär.  Onuň şol kitabynda beýan eden **özara ykrar etmek kanuny** bolsa raýatlaryň özaralaryndaky we olar bilen döwletiň arasyndaky ikitaraplaýyn hormat goýmak, birek-birege ynanmak ýörelgelerine esaslanýar.

ornuny hem-de wezipelerini seljerenlerinde onuň synpy we umumy jemgyýetçilik mazmuny barada söz açýarlar.

K. Marks we F. Engels tarapyndan düzülen, meşhur Kommunistik partiýanyň Manifestinde[1] olar buržuaz synpa ýüzlenip: "Siziň hukugyňyz diňe siziň synpyňyzyň kanunyň derejesine ýetirilen erkidir, ol erkiň özeni bolsa siziň synpyňyzyň ýaşaýşynyň maddy şertleri bilen kesgitlenýär" diýip belläpdirler. Sowet döwründe hukuga agalyk ediji synpyň häkimiýeti tarapyndan kesgitlenen özüňi alyp baryş kadalarynyň jemi hökmünde garalypdyr. Rus pelsepeçisi W.S. Solowýew[2] bolsa öz işlerinde hukugyň özeniniň iki sany ahlak bähbidini: şahsy erkinligi we umumy bähbidi deňagramlaşdyrmakdan ybaratdygy barada belläpdir[3]. Şu nukdaýnazardan hukuga netijeli sosial-kadalaşdyryş serişdesi, şahsyýetleriň we guramalaryň mümkin bolan hem-de hökmany özlerini alyp baryşlarynyň kesgitleýjisi, hukuga laýyk rugsat berlen we rugsat berilmedik özüňi alyp barşyň döwlet ölçegleriniň jemi, şonuň bilen birlikde-de jemgyýetde azatlygyň, deňligiň we adalatyň kepillendirijisi hökmünde garamak bolar.

Öz wezipelerini berjaý etmek bilen hukuk öz subýektleriniň özlerini alyp baryşlaryna, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamyna gönüden-göni oňyn täsir edýär. Şol oňyn täsiriň özeninde-de hukugyň kadalaşdyryş, goraýyş we terbiýeleýiş wezipeleri durýarlar.

*Hukugyň kadalaşdyryş wezipesi* – bu adam we jemgyýet üçin adaty, tebigy hem peýdaly bolan hereketlere gönüden-göni täsir etmekdir, ýagny özüňi alyp barşyň oňyn düzgünlerini kesgitlemekdir.

Kadalaşdyryş wezipesini berjaý edende hukuk öz kadalarynyň üsti bilen şu aşakdakylary amala aşyrýar:

- raýatlaryň hukuk we kämillik ukyplaryny kesgitleýär;
- fiziki şahslaryň hukuk ýagdaýyny berkidýär we üýtgedýär;
- ýuridik şahslaryň ygtyýarlyklarynyň çägini, wezipeli şahslaryň hem guramalaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär;
- hakyky hukuk ýagdaýlaryny (ýuridik faktlary) kesgitleýär we hukugyň subýektleriniň[4] arasynda takyk hukuk aragatnaşygyny (kadalaşdyryş hukuk gatnaşyklaryny) ýola goýýar;
- anyk jemgyýetçilik gatnaşyklary babatda hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň iň netijeli (umumyygtyýar etmeklik ýa-da rugsat bermeklik) görnüşini ulanmaklygy ýola goýýar we ş.m..

*Hukugyň goraýyş wezipesi* – bu döwletiň mejbur ediş çäreleriniň kömegi bilen bozulan hukuklary dikeltmekdir, hukuk bozulmalaryň öňüni almak we olary ýok

---

[1]Manifest-"manifestum-çagyryş" diýen latyn sözünden gelip çykyp, **birinjiden**, haýsydyr bir wajyp syýasy hadysa, şanly sene mynasybetli kabul edilýän, döwlet baştutanynyň halka ýüzlenmesini beýan edýän aýratyn namany, **ikinjiden**, syýasy partiýanyň, jemgyýetçilik guramasynyň işiniň ýörelgelerini beýan edýän jarnamany, **üçünjiden**, haýsydyr bir edebiýat toparynyň ýa-da akymynyň edebi-çeper ýörelgeleriniň ýazmaça beýannamasyny aňladýar;

[2]Wladimir Sergeýewiç Solowýew, 1853-1900-njy ýyllarda ýaşan, meşhur rus dini pelsepeçisi, şahyr, publisist. Esasy ylmy işleri, "Söýginiň manysy", "Ýagşylygy aklamak. Ahlak pelsepesi" "Orta asyr dünýägaraýşynyň pese düşmegi", "Adamdaýlyk hakynda okamak" we ş.m.;

[3]Соловьев В.С. Оправдание добра. Нравственная философия. Из электронной энциклопедии «Большая энциклопедия Кирилла и Мефодия», Москва, 2007. С. 112.;

[4]Hukugyň subỳekti-kanuna laỳyklykda hukuklaryna we ỳuridiki borçlaryna eỳe bolup bilỳän fiziki hem ỳuridik şahslar.

etmekdir, şonuň bilen birlikde-de adam hem jemgyýet üçin zyýanly bolan gatnaşyklary ýok etmek, peýdaly gatnaşyklary bolsa goramak maksadyna gönükdirilen hukuk taýdan täsir ediş çäreleriniň toplumydyr. Hukugyň goraýyş wezipesi döwletiň hukuk goraýjy edaralarynyň işinde (gadaganlyklaryň girizilmeginde, olaryň bozulandygy üçin jogapkärçilik çäreleriniň (sanksiýalaryň[1]) kesgitlenmeginde we ş.m.) hem-de hukugy goramaklyk bilen bagly hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýar.

*Hukugyň terbiýeleýiş wezipesi*, onuň her bir hereketinde ýüze çykýar. Hukugyň diňe hereket etmeginiň özi adamlary hukuga laýyk hereket etmäge iterýär, raýatlaryň hukugy oňyn kabul etmeklerini üpjün edýär.

Hukugyň wezipeleri ynandyrmak we mejbur etmek usullary bilen durmuşa geçirilýär.

*Ynandyrmak usuly* – bu dolandyryş-hukuk usuly bolup, ol hukugyň tabynlygyndaky şahsyň erkini emele getirmäge we ony zerur bolan ugra ugrukdyrmaga gönükdirilen, düşündiriş, terbiýeleýiş, guramaçylyk çäreleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar.

*Mejbur ediş usuly* – bu hem dolandyryş-hukuk usuly bolup, ol ýerine ýetiriji häkimiýetiň wekilleri tarapyndan, hukuga garşy hereketleri edýän hukugyň subýektleri babatda hukuk kadalarynda berkidilen mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagy arkaly amala aşyrylýar.

## §4. Häzirki zaman hukuk düşünjeliliginiň (hukugyň nazaryýetiniň) aýratynlyklary

Hukuk üç sany düzüm bölegine esaslanýar:

- *hukuk pikirlerine* (hukuk düşünjeliligine);
- *hukuk kadalaryna* (hukugyň görkezmelerine);
- *hukuk gatnaşyklaryna* (hukuk tebigaty bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ýa-da başgaça aýdylanda hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna).

Şu görkezilenlerden ugur alnyp aýdylanda, häzirki zaman hukuk düşünjeliliginiň (hukugyň taglymatlarynyň) görnüşleri şu aşakdakylardan ybarat bolup biler:

*Tebigy-hukuk taglymaty* hukuga tebigy-hukuk, pelsepe nukdaýnazaryndan çemeleşmek bilen, hukuk düşünjesiniň ähli zadyň üstünden agalyk etmelidigine esaslanýar. Bu taglymaty esaslandyryjylar we ösdürijiler hökmünde Aristoteli, G. Grosiýni, J. Lokky, D. Didrony[2], Ş. Monteskýeni, A.N. Radişewi we beýlekileri görkezmek bolar. Tebigy-hukuk taglymatynyň tarapdarlary, döwlet tarapyndan kabul edilen we kanunçylyk (pozitiw hukuk) ulgamy görnüşinde hereket edýän hukuk kadalaryndan başga-da tebigy hukuk, ýagny adama tebigat tarapyndan

---

[1]Sanksiýa-“sanctio- berk karar” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda, kadalary we düzgünleri bozujy babatda ulanylýan jogapkärçilik çäresini aňladýar;

[2] Deni Didro, 1713-1784-nji ýyllarda ýaşap geçen, fransuz pelsepeçisi we ýazyjysy. Esasy kitaplary “Takdyryna uýýan (fatalist) Žak”, “Ramonyň ýegeni”, “Monah aýal” atly romanlardyr, şonuň ýaly-da halk bilim beriş ulgamy baradaky işlerdir. **Fatalist**-“fatum-ykbal, takdyr, ýazgyt, täleý” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga. **Monah**-“monachos-ýalňyz, ýekemen” diýen grek sözünden gelip çykyp, dini jemagatyň (obşinanyň) agzasyny aňladýar.

doglan pursatyndan başlap berilýän, hiç bir ýagdaýda aýrybaşgalaşdyryp, mahrum edip bolmaýan, ýaşaýşa, erkinlige, şahsy eldegrilmesizlige, kadaly ýaşaýyş şertlerine, hususy eýeçilige, beýleki adamlar bilen aragatnaşyk saklamaga we ş.m. bolan hukuklar ýaly, hukuklar we azatlyklar hem bar diýen pikire ýykgyn edýärler. Tebigy-hukuk taglymatyna laýyklykda, hukuk döwletiň önümi däl-de, ol jemgyýetiň öz-özünden döredýän ahlak gymmatlyklarynyň jemi bolup durýar.

*Hukugyň kadalaşdyryş* (pozitiw hukuk) *taglymaty* hukuga döwlet tarapyndan kabul edilen we onuň mejbur ediş güýji bilen kepillendirilýän hukuk kadalarynyň jemi hökmünde garaýar. Bu taglymatyň görnükli wekillerine R. Ştammler[1], P.I. Nowgorodsew[2], H. Kelzen[3] we beýlekiler degişlidir. Kadalaşdyryş taglymatyna laýyklykda, hukuga jemgyýetiň sosial, taryhy, syýasy we psihologiki mazmunyna dahylsyz, döwlet tarapyndan döredilen we goralýan kadalaryň, özüňi alyp baryş düzgünleriniň jeminden many taýdan gutarnykly düzülen, sap ýuridik gurluş hökmünde garalýar. Jemläp aýdylanda, “Hukuk diňe kanunçylykda (kanunda) beýan edilýär, kanunçylykdan daşgary hukuk ýok” diýen düşünje bu taglymatyň esasy pikiri bolup durýar.

*Sosiologiýa taglymaty* hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna esaslanýandygy hakyndaky pikirden ugur alýar. Bu taglymaty esaslandyryjylar hem-de onuň tarapdarlary hökmünde L Dýugini, E. Erlihi, G. Kantorowiçi, R. Paundy[4], K. Llewellini, S.A. Muromsewi[5], G.F. Şerşenewiçi we beýlekileri görkezmek bolar. Olar hukuk – bu kanunlarda beýan edilen kadalar däl-de, hakykat ýüzünde, durmuşda, tejribede hereket edýän gatnaşyklar diýip düşünipdirler. Bu taglymata laýyklykda, hukuk kadada däl-de hereketde ýüze çykýar, ýagny tejribe (praktika) bolmasa hukuk ýok. Hukuk kazyýetde döreýär, kazy bolsa öz garamagynda bolan giň ygtyýarlyklardan peýdalanyp hukugyň emele gelmegine we üýtgemegine täsir edýär. Ol kazyýet seljerişini geçirmegiň iş ýörediş kadalaryny berk berjaý etmek bilen, öz ygtyýarlyklaryna we durmuş tejribesine esaslanyp, hukugyň diňe umumy ýörelgelerinden peýdalanyp, maddy hukuk kadalarynyň ujypsyz möçberine salgylanyp hem işi çözüp bilýär.

Many-mazmuny barada gysgaça durlup geçilen bu üç taglymat häzirki zaman hukuk nazaryýetleriniň esasaylary bolup durýarlar. Ýöne olardan başga-dä käbir hukuk taglymatlary barada agzap geçmeklik ýerlikli bolardy:

*Hukugyň raýdaşlyk taglymaty* sosilogiýa taglymatyna ýakyn bolan garaýyşlaryň jeminden ybaratdyr. Bu taglymata laýyklykda, hukuga birek-birek bilen syýasat, ykdysadyýet, ahlak we ş.m. çygyrlarynda hyzmatdaşlyk (sosial

---

[1] Rudolf Ştammler, 1856-1938-nji ýyllarda ýaşap geçen, nemes hukukçysy, hukugyň täze kantçylyk garaýyşlarynyň tarapdary;

[2]Pawel Iwanowiç Nowgorodsew, 1866-1924-nji ýyllarda ýaşap geçen rus hukukçy-alymy, pelsepeçi, sosiolog. Esasy ylmy işleri, “Hukugyň filosofiýasyna giriş”, “Häzirki zaman hukuk düşünjeliliginiň çökgünçiligi (krizisi)”, “Jemgyýetçilik arzuwy (idealy) hakynda” atly kitaplar. **Krizis**-“krisis-çözgüt, jygba-jyg pursat, ykbal kesgitleýji öwrüm, başlangyç” diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir kyn ýagdaýy aňladýar;

[3]Hans Kelzen, 1881-1973-nji ýyllarda ýaşap geçen, awstriýaly hukukçy, hukugyň kadalaşdyryş taglymatyny esaslandyryjylaryň biri;

[4] Rosko Paund, 1870-1964-nji ýyllarda ýaşan amerikan hukukçysy;

[5] Sergeý Andreýewiç Muromsew, 1850-1910-njy ýyllarda ýaşan rus hukukçysy, pelsepeçisi, publicist, döwlet işgäri. Esasy ylmy işeri, “Raýat hukugynyň umumy nazaryýetiniň synlary (oçerkleri)”, “Rim hukuk öwrenişiniň konserwatizmi”, “Sosiologik oçerkler” we ş.m. eserlerdir.

raýdaşlyk) edýän adamlaryň toparlarynyň arasynda sazlaşygy üpjün etmek we şol sazlaşygy goramak üçin zerur bolan serişde hökmünde garalýar.

*Hukugyň psihologik taglymaty* döwletiň döremegi we kämilleşmegi baradaky psihologik taglymat bilen birmeňzeş bolup, ol hukugyň döremegini hem hereket etmegini ilkinji nobatda jemgyýeti emele getirýän her bir şahsyýetiň ruhy-delillendiriş başlangyçlary, garaýyşlary, duýgulary bilen baglanyşdyrýar. “Hukuk – bu diňe adamyň hereket edýän hukuk kadalaryna (kanuna) bolan gatnaşygydyr” diýen pikir bu taglymatyň esasy pikiri bolup durýar. Pozitiw hukuk duýulýan (intuitiw[1]) hukuga (hakyky hukuga, hukugyň asyl nusgasyna) deňdir. Şonuň bilen birlikde-de duýulýan hukuk adamy haýsydyr bir hereketi etmäge iteriji sebäp bolandygy zerarly pozitiw hukuk babatda başlangyç hökmünde çykyş edýär. Bu taglymaty esaslandyryjylaryň biri L.I. Petražiskiý, adamlaryň umumy ykrar edilen düzgünlere eýermeklerinde ýüze çykýan “sosial instinkti[2]”, mejbur edilmekden, temmi berilmekden gorkmak we borçlulyk duýgusynda ýüze çykýan “pozitiw ahlak ynanjy” hukuga laýyk özüňi alyp barşyň esasy başlangyçlary diýip hasaplapdyr.

*Marksistik taglymat* hukuga synpy çemeleşmä esaslanýar hem-de oňa agalyk ediji synpyň jemgyýetiň ösüşiniň ykdysady sebäpleriniň täsiriniň astynda emele gelýän we kanunyň derejesine ýetirilen erki hökmünde garaýar. Bu taglymata laýyklykda hukuk diňe döwletde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jeminden emele gelýär, ýagny hukuk we kanun bir zat diýlip hasap edilýär.

*Taryhy taglymat* hukuga halkyň ruhy zähmetiniň miwesi hökmünde garaýar. Bu taglymata laýyklykda hukuk edil sözleýiş dili ýaly uzak taryhyň dowamynda emele gelýär we ol döwlet häkimiýetine garaşly däl. Däp-dessurlar kanundan ýokarda durýarlar. Döwlet bolsa diňe şol däp-dessurlary saýgarýar we olary hukuk kadalarynda berkidýär, şonuň netijesinde-de milli hukuk ulgamy döreýär.

*Hukugyň durmuşy* (realistik) *taglymaty* hukuga döwlet tarapyndan goralýan bähbitleriň jemi hökmünde garaýar. “Döwletiň mejbur ediji güýji bolmasa hukuk hiç zat” diýen düşünje bu taglymatyň esasy pikiri bolup durýar.

*Hukugyň erkinlik* (liberitar) *taglymaty* hukuga ýagşylygyň we adalatlylygyň ýokary ölçegi, jemgyýetiň baş gymmatlygy hökmünde garaýar.

---

[1]Intuitiw-“intueri-ünsli, ünsli seretmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zat barada duýlup, syzylyp netije çykarylmagyny aňladýar;

[2] Instinkt-“instinctus-isleg, höwes” diýen latyn sözünden gelip çykyp, çylşyrymly dogabitdi endikleri aňladýar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 8.1.**



**Çyzgy 8.2.**

## Hukugyň esasy alamatlary

| | |
|---|---|
| ol jemgyýetiň erk-isleginiň jemlenen beýany | Hukuk jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň bähbitlerini hasaba almaklyga, olaryň umumy razylygyna we erk-isleglerine esaslanýar |
| ol adamyň erkinliginiň we özüni alyp barşynyň çäk ölçegi | Hukuk şahsyýetiň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň elýeterliliginiň we hakykylygyň, olary çäklendirmeklik mümkinçilikleriniň ölçegini beýan edýär |
| ol hemmeler üçin hökmany bolan kadalaryň ulgamy | Hemmeler üçin hökmanylyk, görnüşleýin kesgitlenenlik we ulgamlaýynlyk mazmuny, düzüm gurluşy, beýan edilişiniň görnüşi we häsiýeti hukugy sosial kadalaryň beýleki görnüşlerinden (ahlak, dini, adat we ş.m. kadalardan) tapawutlandyrýar |
| ol döwlet tarapyndan kepillendirilýän sosial kadalaryň ulgamy | Döwlet – bu hemişe hukugy goraýan, onuň talaplarynyň berjaý edilmegini üpjün edýän we şol talaplaryň bozulmagyna garşy çäre görýän güýçdür |
| ol kanun bilen birmeňzeş zat däl | Kanunçylyk (pozitiw hukuk) hukugy beýan etmegiň görnüşleriniň biridir. Hukugyň tebigatyna, ýörelgelerine, ynsan şahsyýetiniň gymmatlyklaryna laýyk gelmeýän kanun hakyky däl diýlip bilinýär we ol hukuk bolup bilmeýär |

**Çyzgy 8.3.**


Hukugyň häsiýetleri
ol kadalaşdyryş häsiýetli
(onuň bu häsiýeti ýüze çykýar)
ol ulgamlaýyn häsiýetli
(onuň bu häsiýeti ýüze çykýar)
ol ösüşe (dinamizme) ukyply
(onuň bu häsiýeti ýüze çykýar)
ol geçirijilige we özleşdirijilige ukyply
(onuň bu häsiýeti ýüze çykýar)
ol durnukly häsiýetli
(onuň bu häsiýeti ýüze çykýar)
ählumumylygynda
hökmanylygynda
yzygiderli dowamlylygynda
bütin çäkde hereket etmeginde
kadalaryň tertipli hem many taýdan yzygiderli arabaglanyşygynda
üýtgemäge we ösmäge ukyplylygynda
başga döwletleriň hukuk ulgamlarynyň düzüm böleklerini özüne geçirmäge we özleşdirmäge ukyplylygynda
uzak wagtlap kadalaşdyryş özeniniň üýtgewsizliginde
esasy ýörelgeleriniň, mazmunynyň, düzgünleri we görkezmeleri durmuşa geçirmegiň görnüşleriniň hem usullarynyň durnuklylygyny hem synmazlygyny saklaýanlygynda

**Çyzgy 8.4.**


Hukugyň ýörelgeleri
Bu jemgyýetçilik ýaşaýşynyň umumy (obýektiw) kanunalaýyklyklaryny özünde jemleýän we berkidýän, hukugyň esasy başlangyç düzgünleridir.
Onuň görnüşleri:
umumy (umumyhukuk) ýörelgeleri
pudaklaýyn (ýa-da ýörite hukuk) ýörelgeleri
pudagara ýörelgeler
hukugyň aýry-aýry institutlarynyň ýörelgeleri
Ähli hukuk hadysalarynyň esasynda durýarlar we olara adalatlylyk, ynsanperwerlik, kanunylyk, hemmeleriň kanunyň hem kazyýetiň öňünde deňligi we beýleki ýörelgeler degişlidir
Hukugyň bir anyk pudagyna degişli ýörelgelerdir. Mysal üçin, diňe jenaýat hukuk pudagyna degişli ýörelge hökmünde jenaýatçylykly etmişiň edilendigi üçin şahsy jogapkärçilige çekmek ýörelgesini görkezmek bolar.
Özara berk baglanyşykda durýan we kadalary hem düzüm gurluşlary boýunça biri-birine ýakyn bolan hukuk pudaklaryna degişli ýörelgelerdir.
Temmi çäresini bellemek, şertnamany baglaşmak, azatlyk, syrlary saklamak, wesýetnama boýunça miras goýmak institutynyň ýapyklygy we ş.m. ýörelgeler degişlidir

Çyzgy 8.5.


Hukugyň jedelsiz başlangyçlary (aksiomalary)
Bu tejribede köp gezek barlanan, şonuň üçinem özleriniň göz-görtele dogrulygy hem hakykylygy üçin subutnamalar talap etmezden kabul edilýän düzgünlerdir
Hukugyň kadalary bilen gadagan edilmeýän we onuň ýörelgelerine ters gelmeýän herekete (ýagdaýa) rugsat berilýär
Hukuk, kadalaşdyryjy hukuk namalarda, hukuk gatnaşyklarynda we hukuk düşünjeliliginde durmuşa geçirilýär
Eger-de günäsi subut edilmese, aýyplanýan aklanýar
Günäkäre jeza bermeýän – bigünä jeza berýär
Kanun tarapyndan gadagan edilmedik ähli zada rugsat berilýär
Kanunlary bilmezlik jogapkärçilikden boşatmaýar
Jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýa-da öň kanunçylyk tertibinde berkidilen jogapkärçiligi zabunlaşdyrýan kanunyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur
Hiç kime şol bir jenaýat üçin iki gezek iş kesilip bilinmez
Adamlar öz hukuklary babatda erkin we deň bolup dogulýarlar
Etmişiň netijelerine diňe şol etmiş amala aşyrylan wagty hereket edýän kanuna laýyklykda baha bermek bolýar
Hukugyň bar ýerinde hökman borç hem bolýar
Hiç kim özüni aýyplamaga borçly däldir
Goý, beýleki tarap hem diňlenilsin!
Hiç kim öz işinde kazy bolup bilmez
Şahsy bähbit jemgyýetçilik bähbidinden soňa goýulýar
Gahar-gazap jenaýaty aklamaýar


Çyzgy 8.6.
Hukugyň wezipeleri
Hukugyň kadalaşdyryş wezipesi
Hukugyň goraýyş wezipesi
Hukugyň terbiýeleýiş wezipesi
Bu adam we jemgyýet üçin adaty, tebigy hem peýdaly bolan hereketlere gönüden-göni täsir etmekdir, ýagny özüňi alyp barşyň oňyn düzgünlerini kesgitlemekdir
Bu döwletiň mejbur ediş çäreleriniň kömegi bilen bozulan hukuklary dikeltmekdir, hukuk bozulmalaryň öňüni almak we olary ýok etmekdir, şonuň bilen birlikde-de adam hem jemgyýet üçin zyýanly bolan gatnaşyklary ýok etmek, peýdaly gatnaşyklary bolsa goramak maksadyna gönükdirilen hukuk taýdan täsir ediş çäreleriniň toplumydyr
Bu wezipesini berjaý edende hukuk:
raýatlaryň hukuk we kämillik ukyplaryny kesgitleýär
fiziki şahslaryň hukuk ýagdaýyny berkidýär we
ýuridik şahslaryň ygtyýarlyklarynyň çägini, wezipeli şahslaryň hem guramalaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär
hakyky hukuk ýagdaýlaryny (ýuridik faktlary) kesgitleýär we hukugyň subýektleriniň arasynda takyk hukuk aragatnaşygyny (kadalaşdyryş hukuk gatnaşyklaryny) ýola goýýar
Onuň her bir hereketinde ýüze çykýar. Hukugyň diňe hereket etmeginiň özi adamlary hukugalaýyk hereket etmäge iterýär, raýatlaryň hukugy oňyn kabul etmeklerini üpjün edýär

Çyzgy 8.7.


Hukuk barada taglymatlar
Tebigy-hukuk taglymaty
Kadalaşdyryş taglymaty
Sosiologiýa taglymaty
Raýdaşlyk taglymaty
Psihologik taglymat
Marksistik taglymat
Taryhy taglymat
Realistik taglymat
Erkinlik (liberitar) taglymaty we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk – bu,**
- adalatlylyk we erkinlik ýörelgelerine esaslanýan kadalaşdyryjy düzgünleriň ulgamydyr;
- kanunda berkidilen we adamlaryň dürli toparlarynyň umumy erk-isleglerini beýan edýän, hemmeler tarapyndan hökmany berjaý edilmäge degişli kadalaryň jemidir;
- döwlet tarapyndan kabul edilen ýa-da tassyklanan hem kepillendirilen we jemgyýetiň ähli agzalary üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalarynyň ulgamydyr;
- ahlak, dini, adat, toparlaýyn düzgünleriň jeminden düzülen kadalaryň ulgamydyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk – bu,**
- jemgyýetiň erk-isleginiň jemlenen beýanydyr;
- kanundyr;
- hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalarynyň ulgamydyr we döwletiň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýän sosial kadalaryň jemidir;
- adamyň erkinliginiň we özüni alyp barşynyň çäk ölçegidir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuga şu aşakdaky häsiýetler mahsusdyr:**
- ol kadalaşdyryş häsiýetlidir we ösüşe ukyplydyr;
- ol ulgamlaýyn häsiýetlidir we geçirijilige hem özleşdirijilige ukyplydyr;
- ol diňe milli däp-dessurlara esaslanýandyr;
- onuň durnuklylyk häsiýeti bardyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukugyň ýörelgeleri – bu,**
- jemgyýetçilik ýaşaýşynyň umumy (obýektiw) kanunalaýyklyklaryny özünde jemleýän we berkidýän, hukugyň esasy başlangyç düzgünleridir;
- hukugyň içerki we daşarky wezipeleriniň jemidir;
- konstitusiýanyň kadalarydyr;
- döwletiň döredilendigini yglan edýän jarnamada berkidilýän esasy kadalardyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Hukugyň esasy wezipelerine girýärler:**
- kadalaşdyryş, goraýyş we terbiýe beriş wezipeleri;
- içerki hem daşarky wezipeleri;
- düzgünleşdirmek we gözegçilik etmek wezipeleri;
- kanun çykarmak we olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek wezipeleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Hukugyň ýörelgeleriniň näçe esasy görnüşi bar?**

- üç;
- dört;
- bäş;
- alty.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**7) Hukugyň tejribede köp gezek barlanan, şonuň üçinem özleriniň göz-görtele dogrulygy hem hakykylygy üçin subutnamalar talap etmezden kabul edilýän düzgünleri näme diýlip atlandyrylýar?**

- hukugyň ýörelgeleri;
- hukugyň esaslary;
- hukugyň jedelsiz başlangyçlary (aksiomalary);
- hukugyň esasgoýujy kadalary.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**8) Hukugyň wezipelerini amala aşyrmagyň näçe usuly bar?**

- bir;
- alty;
- dört;
- iki.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**9) Hukugyň kadalaşdyryş wezipesi – bu,**

- raýatlaryň hukuk we kämillik ukyplaryny kesgitlemekdir;
- adam we jemgyýet üçin adaty, tebigy hem peýdaly bolan hereketlere gönüden-göni täsir etmekdir;
- fiziki şahslaryň hukuk ýagdaýyny berkitmek we üýtgetmekdir;
- döwletiň mejbur ediş çäreleriniň kömegi bilen bozulan hukuklary dikeltmekdir.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**10) Hukugyň terbiýeleýiş wezipesi,**

- adamlary hukuga laýyk hereket etmäge iterýär, raýatlaryň hukugy oňyn kabul etmeklerini üpjün edýär;
- hukugyň subýektleriniň arasynda takyk hukuk aragatnaşygyny ýola goýýar;
- anyk jemgyýetçilik gatnaşyklary babatda hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň iň netijeli görnüşini ulanmaklygy ýola goýýar;
- hukuk bozulmalaryň öňüni alýar we olary ýok edýär.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**11) Hukugyň goraýyş wezipesi – bu,**

- döwletiň mejbur ediş çäreleriniň kömegi bilen bozulan hukuklary dikeltmekdir;
- ýuridik şahslaryň ygtyýarlyklarynyň çägini, wezipeli şahslaryň hem guramalaryň ygtyýarlyklaryny kesgitlemekdir;
- hukuk bozulmalaryň öňüni almak we olary ýok etmekdir;

- adam we jemgyýet üçin zyýanly bolan gatnaşyklary ýok etmek, peýdaly gatnaşyklary bolsa goramak maksadyna gönükdirilen hukuk taýdan täsir ediş çäreleriniň toplumydyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) "Jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýa-da öň kanunçylyk tertibinde berkidilen jogapkärçiligi zabunlaşdyrýan kanunyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur" diýen düşünje hukuk kadasymy, hukugyň ýörelgesimi ýa-da hukugyň aksiomasy?**

- hukuk ýörelgesi;
- konstitusiýanyň kadasy;
- hukugyň aksiomasy;
- konstitusion hukuk pudagynyň esasgoýujy düzgünleriniň biri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Hukugyň şu aksiomasynyň yzyny dogry dowam edýän jümläni saýlaň. Günäkäre jeza bermeýän -...**

- adalatly hereket edýär;
- adalatsyz hereket edýär;
- bigünä jeza berýär;
- ynsanperwer hereket edýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Eger-de aýyplanýanyň günäsi subut edilmese,...**

- zerur subutnamalar gözlenýär;
- ol günäkär diýlip hasaplanýar;
- günäsi subut edilýänçä tussaglykda saklanýar;
- ol aklanýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Hukugyň esasy düzüm böleklerine girýärler:**

- hukuk taglymatlary;
- hukuk düşünjeliligi;
- hukuk kadalary;
- hukuk gatnaşyklary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Häzirki zamanda hukuk barada esasy taglymatlar näçe sany?**

- dört;
- alty;
- üç;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Sosiologiýa taglymaty,**
- hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna esaslanýandygy hakyndaky pikirden ugur alýar;
- hukuga döwlet tarapyndan kabul edilen we onuň mejbur ediş güýji bilen kepillendirilýän hukuk kadalarynyň jemi hökmünde garaýar;
- hukuk düşünjesiniň ähli zadyň üstünden agalyk etmelidigine esaslanýar;
- hukugyň döremegini hem hereket etmegini ilkinji nobatda jemgyýeti emele getirýän her bir şahsyýetiň ruhy-delillendiriş başlangyçlary, garaýyşlary, duýgulary bilen baglanyşdyrýar;

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk barada liberitar taglymat barmy?**
- hawa;
- ýok;
- diňe halkara hukugy barada bar;
- diňe hukugyň aýry-aýry pudaklary barada bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) “Döwletiň mejbur ediji güýji bolmasa hukuk hiç zat” diýen pikir hukuk barada haýsy taglymatyň esasy pikir bolup durýar?**
- taryhy taglymatyň;
- durmuşy (realistik) taglymatyň;
- tebigy-hukuk taglymatynyň;
- kadalaşdyryş taglymatynyň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Tebigy-hukuk taglymatyna laýyklykda,**
- hukuk diňe adamyň hereket edýän hukuk kadalaryna bolan gatnaşygydyr;
- hukuk kazyýetde döreýär;
- hukuk döwletiň önümi däl-de, ol jemgyýetiň öz-özünden döredýän ahlak gymmatlyklarynyň jemi bolup durýar;
- hukuk döwletiň önümidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 9-njy bap. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryş ulgamy

## §1. Kadalaşdyryş ulgamy barada düşünje we onuň düzüm bölekleri

*Sosial kadalar* – bu adamlaryň jemgyỳetde özüni alyp baryşlaryny kadalaşdyrỳan, olaryň bähbitlerini we gyzyklanmalaryny aňladỳan, umumy häsiỳetdäki düzgünlerdir. Sosial kadalaryň ahlak kadalary, däp-dessurlar, edim-gylymlar, syỳasy düzgünler, hukuk kadalary we ş.m. görnüşleri bardyr. Ähli sosial kadalar, olaryň tutuş jemi we özara arabaglanyşygy boýunça adamlaryň umumy ýaşaýşynyň düzgünleri diýlip atlandyrylýar.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sosial taýdan kadalaşdyryjylaryň umumy alamatlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- ol özüňi alyp baryş kadalary umumy häsiýetli bolup, olaryň berjaý edilmegi döwletiň ýa-da belli bir toparyň mejbur ediş güýji bilen üpjün edilýär;
- olaryň ählisi jemgyýetiň durmuş taýdan guralaşynyň häsiýetine we ýeten medeni ösüş derejesine laýyk gelýär;
- olar jemgyýetiň döremeginiň we kämilleşmeginiň dowamynda emele gelýärler;
- olar jemgyýetde amala aşyrylýan hereketleriň wagtyna, ýerine, şertlerine we ýagdaýlaryna bagly bolýar;
- olar mümkin we hökmany bolan özüňi alyp baryşyň çäklerini kesgitleýärler, jemgyýetde oňlanylýan özüňi alyp barşyň ölçeglerini we çelgilerini (oriýentirlerini[1]) belleýärler, şol bir wagtda-da şeýle özüňi alyp barşyň üstünden gözegçilik edýärler;
- olar kesgitlenmedik uzak wagtyň dowamynda hereket etmek bilen olar, subýektleriň giň köpçüligine täsir edýärler we çäklendirilmedik möçberde durmuşa geçirilmäge niýetlenýärler;
- olar jemgyýetde gatnaşyklaryň tertipliligini we guramaçylygyny üpjün etmäge gönükdirilýärler, olaryň käbirleri bolsa (mysal üçin tehniki-hukuk kadalary), adamlaryň ýaşaýşynyň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün edýärler.

Hukuk kadalarynyň talaplary jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryjylaryň arasynda aýratyn wajyp orny eýeleýärler, sebäbi olar:

- hereket edýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň iň wajyplaryny hem esasylaryny düzgünleşdirýärler;
- döwlet tarapyndan döredilýärler we döwlet tarapyndan olaryň bozulmagynyň ýa-da ýerine ýetirilmezliginiň öňi alynýar;
- hemişe ýazmaça görnüşde bolýarlar we olar hemişe resmi, anyk görnüşde beýan edilip, ulgamlaşdyrylýarlar hem-de düzüm gurluşy taýdan tertipleşdirilýärler;

[1] Oriýentir-"oriens-gündogar" diýen latyn sözünden gelip çykyp, ýörelip barýan ýa-da seredilýän ugry kesgitlemek üçin ugur alynýan çelgini, belligi aňladýar.

- gollanmak, berjaý etmek, peýdalanmak we ulanmak ýaly anyk kesgitlenen galyplaryň kömegi bilen amala aşyrylýarlar;
- hemmelere täsir edýänligi, hemişe, yzygiderli we dowamly hereket edýänligi sebäpli beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryjylaryň arasynda durmuşy taýdan has ýokary gymmatlyga eýedir.

## §2. Adat kadalary

Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyryjylaryň iň gadymysy we ýörgünlisi adat kadalary bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, *adat kadalary* diýlende, adamlaryň uzak wagtyň dowamynda gaýtalap berjaý etmekleriniň netijesinde däp-dessura öwrülen özüňi alyp baryş düzgünlerine düşünilýär.

Elbetde hukuk ylmynda adat kadalarynyň birnäçe görnüşli kesgitlemesi bar. Ýöne dürli garaýyşlaryň ählisi hem adat kadalarynyň şu aşakdaky häsiýetleriniň bardygyny ykrar edýärler:

- adatlar, däp-dessurlar kimdir biri tarapyndan ýörite maksat bilen döredilmedik özüňi alyp baryş düzgünleri bolup durýar. Olar adamlaryň gündelik işiniň dowamynda we jemgyýetçilik tejribesiniň esasynda öz-özlerinden döreýärler. Mysal üçin, türkmen jemgyýetinde ýörgünli bolan toýda-ýasda hyzmat etmek dessury kimdir biri ýa-da döwlet tarapyndan döredilen närse däl. Ol däbi berjaý etmek üçinem her bir adam owunjagam bolsa belli bir zatlarda öz isleglerini çäklendirmeli bolýar. Mysal üçin, goňşusy toý edýän adam öň irden sagat ýedide oýanýan bolsa, toý güni nahar ataryşmak üçin daňdan sagat bäşde turmaly, özüniň gündelik işlerini, aladalaryny bir gyra süýşürmeli. Emma hiç kimi hiç kim bu adat kadasyny berjaý etmäge mejbur etmeýär. Islemeseň hyzmat etmän hem bolýar. Ýöne adamlaryň aglaba köpüsi bu dessury başardyklaryndan ýerine ýetirmäge çalyşýarlar. Sebäbi birinjiden-ä bu endik, ikinjiden eger-de toýda-ýasda yzygiderli görünmän başlasaň oba jemagaty sessizem bolsa ýazgaryp ugraýar, üçünjiden, toý-ýas her bir maşgalanyň başynda-da bar zat, “özüň barmasaň il hem gelmez” diýen düşünjeden ugur alynýar;
- adatlar şol bir şahslar ýa-da şahslaryň topary tarapyndan şol bir hereketleriň uzak wagtyň dowamynda we köp gezek gaýtalanmagynyň netijesinde emele gelýärler. Bir ýa-da birnäçe gezek gaýtalanan hereketler adat kadalaryny döretmeýärler we döredip bilmezler. Mysal üçin, ýene-de türkmen jemgyýetinde ýörgünli bolan gelin toýlaryna ýüzlenilende, täze dörän adatlaryň biri hökmünde toýda gelnalyjy kerweniň ýadygärliklere, şäheriň gözel ýerlerine aýlanmak dessuryny görkezmek bolar. Emele gelenine we ýörgünli bolanyna ýarym asyrdan köp wagt bolmadyk bu dessuryň hem kiçijik bolsa-da kadalaşdyryş ähmiýeti bardyr. Ol adamlaryň uly üýşmeleňini tertibe salyp, toýy kadaly alyp barmaga ýardam edýän düzgünleriň biridir;
- adat kadalary jemgyýetçilik ruhyýeti (psihologiýasy) bilen baglanyşykly hukuk häsiýetli bolmadyk sosial kadalarynyň bir görnüşi bolup durýar. Olar ahlak kadalary ýaly köplenç halatda adamlaryň ruhy

dünýägaraýşynyň, emosional[1] kabul edişiniň derejesinde impulsiw[2] emele gelýärler;

- ❖ adatlar döwletiň mejbury ediji güýjünden ýa-da resmi taýdan mejbur etmegiň başga görnüşlerinden çekinip berjaý edilmeýär-de, olar adamlaryň endigine görä we tertip-düzgüne bolan tebigy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ýerine ýetirilýärler. Endik adamyň ikinji zanny-ýasawyna, şahsyýetine öwrülýär, ýöne ýerden gadymy döwürlerde pelsepeçiler: “Adam – öz endikleriniň guludyr” diýmändirler. Şonuň üçinem adam öz jemgyýetiniň adatlaryny, däp-dessurlaryny berjaý edende esasan çagalykdan zannyna guýlan endiklerden ugur alýar.

Adatça adat kadalary beýleki jemgyýetçilik kadalaşdyryjylarynyň öz wezipelerini amala aşyrmaklaryna ýardam berýärler we olaryň üstüni doldurýarlar.

Adatlar:

- ahlak edim-gylymlary;
- harby, maşgala, hünärment we ş.m. dessurlary;
- toý-ýas we ş.m. däpleri;
- döwlet ýa-da jemgyýetçilik işgärleriniň resmi duşuşyklary, şahadatnamalaryň gowşurylyşy, nika baglaşmak, sylaglamak we ş.m. dabaraly dessurlar ýaly görnüşlere bölünýärler.

Döwlet tarapyndan onuň şeýle hereketleri amala aşyrmaga ygtyýarly edilen edaralarynyň üsti bilen döredilen däplere *hukuk adatlary* diýilýär we olaryň ýerine ýetirilmegi beýleki hukuk kadalary ýaly döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär. Adyndan belli bolşy ýaly, hukuk adatlary hukugyň çeşmeleriniň biri bolup durýar. Olar jemgyýet hem döwlet tarapyndan aýry-aýry şahslaryň we olaryň birleşmeleriniň özlerini alyp baryşlaryna bildirilýän ahlak talaplarynyň hukuk kadalary bilen tebigy sepleşmeginden emele gelýärler. Hukuk adaty özünde ahlak başlangyçlary bilen hukuk kadalaryny birleşdirýän özboluşly bir “kadalaşdyryjy namadyr”. Hukuk adatlarynyň döremeginiň ýene-de bir usuly, ol hem jemgyýetiň taryhy ösüşiniň dowamynda emele gelen däp-dessurlaryň döwletiň goragyna alnyp, döwlet tarapyndan olaryň hukuk kadasy hökmünde ykrar edilmegidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 5-nji maddasynda iş dolanyşygynyň adatlarynyň mazmuny kesgitlenýär we olar hukuk kadasy hökmünde ykrar edilýär[3]. Hukuk adatlarynyň jemi bolsa adat hukugyny[4] emele getirýär.

---

[1]Emosional-“emoveo-tolgundyrýaryn, sarsdyrýaryn” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamlaryň we beýleki jandarlaryň içki tolgunmalaryny, duýgularyny aňladýar;

[2]Impulsiw-“impellere-herekete getirmek, itmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir hetreketi amala aşyrmaklyga içki, duýgy itergisini aňladýar;

[3]Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 5-nji maddasynyň 1-nji böleginde: “Telekeçilik işiniň haýsy-da bolsa bir pudagynda emele gelen we giňden ulanylýan hem özüniň haýsy-da bolsa bir dokumentde ýazylandygyna-ýazylmandygyna garamazdan, kanunlarda göz öňünde tutulmadyk özüňi alyp baryş kadasy iş dolanyşygynyň adaty diýlip ykrar edilýär” diýip bellenýär;

[4]Adat hukugy-bu jemgyýetde yzygiderli ulanylmagynyň netijesinde emele gelen we hemmeler tarapyndan ykrar edilen hem-de berjaý edilmekleri üpjün edilen ýazylmadyk özüňi alyp baryş düzgünleriniň ulgamydyr. Olaryň mysaly hökmünde türkmenleriň adat hukugyny görkezmek bolar.

## §3. Dini kadalar

*Dini kadalar* – bu sosial kadalaryň bir görnüşi bolup, olar şol dine uýýanlar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli, şol dine uýmagyň ýörelgeleri hem düzgünleridir. Mysal üçin, Allatagalanyň birligine ynanmak (başgaça aýdylanda, iman getirmek), günde bäş wagtyna namaz okamak, her ýylyň Remezan aýynda oraza tutmak (agyz beklemek), her aýda gazanýan gazanjyň her bir hünär bilen meşgullanýan adamlar üçin anyk kesgitlenen belli bir bölegini sadaka (hüşür) bermek, Mekge şäherinde ýerleşýän Käbe metjidine zyýarata (haja) gidip gelmek yslam dininiň esasy bäş parzy (borjy, kadasy) bolup durýar.

Dini kadalar ol ýa-da beýleki dini ynanjyň binýatlaýyn esaslaryndan, üýtgewsiz kanunlaryndan (dogmatlaryndan[1]) gelip çykyp, dini dessurlaryň berjaý edilmegi, dini işi alyp barmagyň gurmaçylyk meseleleri we ş.m. bilen baglydyr. Şu aşakdakylar dini we hukuk kadalarynyň umumy alamatlary bolup durýarlar:

- dini kadalaryň dini sargytlarda, parzlarda “ogurlyk etme, kezzapçylyk etme, ganhorlyk etme...” diýip kesgitleýşi ýaly, hukuk kadalary hem şeýle hereketleri gadagan edýär;
- olaryň ikisiniň hem beýan edilişiniň görnüşinde meňzeşlik bar. Dini kadalar hem edil hukuk kadalary ýaly bir galyba salnyp, ýazmaça görnüşde, ulgamlaýyn beýan edilýärler. Mysal üçin, Arthaşastra, Zebur, Töwrat, Injil, Gurhan;
- dini kadalar haýsydyr bir anyk adama däl-de adamlaryň toparyna (dine uýýanlara) täsir edýärler. Hukuk kadalary hem özüniň hereket edýän çäginde ýaşaýan we bolýan ähli adamlara täsir edýärler;
- käbir ýurtlarda dini kadalar hukugyň çeşmeleri hökmünde çykyş edýärler. Mysal üçin, musulman hukuk ulgamy bolan döwletlerde;

Ýöne şol bir wagtda-da, dini kadalaryň täsir edýän şahslarynyň toparynyň hukugyň kadalarynyň täsir edýän şahslarynyň toparyna garanyňda azdygyny, olaryň döwletiň mejbur ediji kuwwatyna däl-de adamlaryň dini ynanjyna esaslanýandygyny bellemek gerek.

Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde-de dini kadalaryň hukuk kadalary hökmünde hereket edýän döwletleri bar. Mysal üçin, Watikan döwletiniň hukuk ulgamy kanonik hukugy bolup durýar.

*Kanonik hukugy* – bu rim-katolik ybadathanasynyň çäklerinde işlenip düzülen, esasy çeşmeleri Rim papasynyň konstitusiýalary (bullalary[2], breweleri[3], ensiklikleri[4], reskriptleri[1] we ş.m.) bolup durýan dini hukuk ulgamydyr. Kanonik hukugynyň kanunçylyk ulgamy XVI asyrda döredilipdir.

---

[1]Dogmat-“dogma (dogmatos)-pikir, garaýyş, nukdaýnazar, okuw, taglymat” diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir diniň ýa-da agalyk edýän aňyýetiň esasy ýörelgesini aňladýar;

[2]Bulla-“bulla-möhür, möhürli resminama” diýen orta asyr latyn sözünden gelip çykyp, orta syrlarda Rim papasynyň, korollaryň, imperatorlaryň we ş.m. kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bir görnüşini aňladypdyr;

[3]Brewe-“brevis-gysgaça” diýen latyn sözünden gelip çykyp, Rim papasynyň ikinji derejeli ybadathana meseleleri boýunça çykaran buýrugyny aňladýar;

[4]Ensiklik-“enkyklios-töwerekleýin, umumy” diýen grek sözünden gelip çykyp, Rim papasynyň ähli katolik dinine uýýanlara, dini ruhanylara ylahyýet, dine bolan ynanç, ahlak, jemgyýetçilik-syýasy we ş.m. meseleler boýunça ýüzlenmesini aňladýar. **Katolik dini**-“katholikos-ählumumy, tutuş äleme degişli” diýen grek sözünden gelip çykyp, hristian dininiň üç sany iň uly akymlarynyň (prawoslaw we protestantçylyk) birini aňladýar.

Yslam döwletleriniň aglaba köpüsinde bolsa dini ýörelgeler hukuk kadalary hökmünde ulanylýar. Şeýle döwletlerde musulman hukugynyň sünne, şerigat, ižma, hadys, fikh, fetwa ýaly düzüm bölekleri bar. Ol düzüm bölekleri barada gysgaça durup geçmek ýerlikli bolar.

*Sünne* – bu Muhammet pygamberiň işleriniň hem sözleriniň rowaýatlar (hadyslar) görnüşinde ýazylan we her bir musulmanyň eýermäge borçly bolan nusgalyk kadalarydyr. Ol Gurhanyň sürelerinde beýan edilen düzgünler bilen bilelikde musulmanlaryň dini kanunçylygynyň – şerigatyň mazmunyny emele getirýär. Sünnede fikhiň dürli mekdepleriniň çykaran netijeleriniň esasynda durýan düzgünleriň agramly bölegi beýan edilýär.

*Ižma* – bu musulman hukugynyň çeşmeleriniň biri bolmak bilen, ol ýokary abraýly yslam hukukçylarynyň Gurhanda we Sünnede düzgünleşdirilmedik soraglar boýunça biragyzdan kabul eden çözgütleridir.

*Şerigat* – bu “şaria-göni, dogry ýol, kanun, hukuk, hökmany görkezmeler” diýen arap sözünden gelip çykyp, yslamda Allatagala tarapyndan döredilen “baky we üýtgewsiz” döredilen düzgünler diýlip yglan edilen hem-de ilkinji nobatda Gurhanda we sünnede berkidilen hukuk hem ylahyýet kadalarynyň ulgamydyr. Uniwersal kadalaşdyryş ulgamy hökmünde düşünilýän şerigat köplenç musulman dini kanunçylygy diýlip atlandyrylýar. Köp ýagdaýlarda şu nukdaýnazardan şerigata musulman hukugy bilen birmeňzeş zat hökmünde garaýarlar. Häzirki wagtda Eýranda, Sudanda, Pakistanda we Aziýanyň birnäçe ýurtlarynda gönüden-göni hereket edýän hukuk ulgamy bolup durýar.

*Hadys* – bu Muhammet pygamberiň işleri hem sözleri barada rowaýatlar, hekaýatlardyr. Hadyslaryň jemi sünnäni emele getirýärler. Olaryň agramly bölegi b.e. VII-VIII asyrlarynda döräpdir.

*Fikh* – bu söz arapçadan terjime edilende, “çuň düşünje, çuňňur bilim” diýen manyny aňladýar we ol ilkinji nobatda, musulman hukugynyň musulmanlaryň öz dini borçlaryny, dessurlary berjaý edenlerinde, gündelik we dünýewi gatnaşyklara girenlerinde ýerine ýetirmäge hem gollanmaga borçly bolan özüňi alyp baryş kadalary baradaky ulgamlaşdyrylan bilimleridir. Şu manyda fikh ylym bolup durýar we onuň närsesini şerigatyň kadalaşdyryş taraplary emele getirýär. Şonuň ýaly-da bu adalga musulmanlaryň özüni alyp baryşlaryny düzgünleşdirýän we musulman hukukşynaslary tarapyndan fikh-garaýyşlaryň dürli mekdepleriniň çäklerinde döredilen kadalary aňlatmak üçinem ulanylýar. Fikh hukugynyň tejribede amala aşyrylyşyna baglylykda olar pozitiw hukuk kadalaryna hem öwrülýärler. Häzirki döwürde-de yslam döwletleriniň köpüsinde fikh hukugyň çeşmesi hökmünde hereket edýär.

*Fetwa* – musulman hukugynda bu müfti tarapyndan berilýän netijedir. Umumy manyda fetwa şerigatyň we fikhiň nukdaýnazaryndan haýsydyr bir ýagdaýa berilýän bahany aňladýar. Ol bir musulman hukukşynasynyň ýekelikde çykaran netijesi hem bolup bilýär, şerigaty we fikhi kämil bilýän alymlaryň toparynyň ýa-da şeigat kazyýeti ýaly ýörite edaranyň köpçülikleýin

[1]Reskript-“rescribo-ýazmaça jogap berýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, orta asyrlarda monarhlaryň, şol sanda Rim papasynyň hem belli döwletiň ýa-da ybadathananyň wezipeli şahsyna beren anyk görkezmesini özünde jemleýän namasyny aňladypdyr.

(kollektiwleýin) çözgüdi hem bolup bilýär. Düzgün bolşuna görä, fetwa müftä ýüz tutulanda resmi ýüz tutma ýa-da ýönekeý adamyň haýyşyna jogap hökmünde çykarylýar. Häzirki zaman musulman ýurtlarynda bu adalgadan dürli manyda peýdalanylýar. Mysal üçin, uly musulman hukukşynaslarynyň fikhiň dürli meseleleri boýunça çykarýan nazaryýet (doktrinal) garaýyşlary hem fetwa diýlip atlandyrylýar. Käbir yslam döwletlerinde bolsa müfti tarapyndan resmi fetwalar hem çykarylýar. Şonuň ýaly-da yslam dini döwlet dini bolup durýan döwletlerde musulman dini guramalarynyň käbirleriniň çykarýan fetwalary hem resmi häsiýetlidir. Mysal üçin, Müsürde, Yslam seljermeleri Akademiýasynyň[1] çykarýan fetwalary. Mundan başga-da resmi fetwalar döwlet edaralarynyň ýanyndaky ýörite düzümler, jemgyýetçilik korporasiýalary[2] ýa-da täjirçilik guramalary (mysal üçin, yslam banklary) tarapyndan hem özleriniň amala aşyrýan işleri bilen baglylykda çykarylyp bilinýär.

## §4. Toparlaýyn (korporatiw) kadalar

*Toparlaýyn (korporatiw) kadalar* – bu jemgyýetçilik birleşmeleriniň gatnaşyjylarynyň, aýry-aýry guramalaryň (syýasy partiýalaryň, bileleşikleriň, meýletin jemgyýetleriň, gurnaklaryň, ýoldaşlyk we bilelikdäki kärhanalaryň, jemgyýetçilik gaznalarynyň, şereketleriň, paýdarlar jemgyýetleriniň we ş.m.) işgärleriniň özlerini alyp baryşlaryny düzgünleşdirýän kadalardyr.

Jemgyýetçilik birleşmeleriniň we guramalarynyň kadalary – bu olaryň özleri tarapyndan kabul edilýän we şol guramalaryň tertipnamasynda göz öňünde tutulan jemgyýetçilik täsir ediş çäreleriniň[3] kömegi bilen ýerine ýetirilmegi üpjun edilýän özüňi alyp baryş kadalarydyr.

Toparlaýyn kadalar ol ýa-da beýleki guramanyň umumy ýygnaklarynda, maslahatlarynda kabul edilýän dürli ýerli (lokal[4]) çeşmelerde, tertipnamalarda, düzgünnamalarda we maksatnamalarda berkidilýärler. Bu berk galyba salnan özüňi alyp baryş kadalary guramanyň içerki durmuşyny düzgünleşdirmäge gönükdirilýändigi sebäpli olarda şol birleşmäniň maksatlary hem wezipeleri, beýleki guramalar we döwlet bilen özara gatnaşyklary ýola goýmagyň tertibi, agzalarynyň hukuklarynyň hem borçlarynyň sanawy, şonuň ýaly-da düzgün bozujylar babatda ulanylýan, düzgün-nyzam we ahlak häsiýetli täsir ediş çäreleri beýan edilýär.

---

[1]Akademiỳa-“akademeia” diỳen grek sözünden gelip çykyp, ỳokary ylmy we çeper döredilijilik guramasyny aňladỳar. Bu şertli at Gadymy Gresiỳada b.e.öň 387 ỳylda Akadem diỳen ỳerde ilkinji mekdebi döreden Platonyň mekdebiniň ỳerleşen ỳeriniň adyndan döräpdir;

[2]Korporasiỳa-“corporation-birleşme, ỳoldaşlyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, fiziki ỳa-da ỳuridik şahslaryň birleşmesini aňladỳar;

[3]Jemgyỳetçilik täsir ediş çäresi-düzgün bozuja duỳduryş bermek, ony tankyt etmek, ỳazgarmak ỳaly jemgyỳetçilik birleşmelerinde ulanylỳan täsir ediş çäreleridir;

[4]Lokal-“locus-ýer, localis-ýerli” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, nämedir bir zadyň hereket edýän çägini, çägi aňladýar.

## §5. Ahlak we etiki kadalar

*Ahlak* (moral[1]) *kadalary* jemgyỳetçilik gatnaşyklarynda adamyň özüni alyp barmagyny kadalaşdyrmagyň jemgyỳetçilik tarapyndan döredilen we ykrar edilen kadalaryny, adamlaryň ýagşylyk-ýamanlyk, zulum hem rehimdarlyk, halal-haram, adalat, mertebe, ar-namys we ş.m. baradaky garaýyşlarynyň jeminden emele gelen, şonuň ýaly-da adamlaryň we olaryň birleşmeleriniň hereketlerine baha bermek üçin umumy ykrar edilen ölçegler hökmünde hyzmat edýän hem-de jemgyỳetçilik aňynyň bir görnüşi bolan ahlak ýörelgelerini aňladỳar.

Sosial kadalaryň beýleki görnüşlerine garanyňda ahlak kadalary özleriniň görnüşleri, maksady we mazmuny boýunça hukuk kadalaryna has ýakyndyr. Olaryň arasyndaky meňzeşlikler hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- jemgyýetçilik gatnaşyklaryny beýleki kadalaşdyryjylara garanyňda ahlak we hukuk has giň çygyrda hereket edýärler hem-de has netijeli we uniwersal sosial kadalaşdyryjylar bolup durýarlar;
- ahlak we hukuk kadalary belli bir derejede şahslaryň erkiniň azat bolmagyna we olaryň öz hereketlerini saýlap amala aşyrmaklaryna mümkinçilik berýär;
- ahlak we hukuk kadalary ep-esli derejede wajyp gymmatlyklary ykrar etmekde meňzeş bolup, biri-biriniň dürli garaýyşlaryny we ýörelgelerini özleşdirmäge ukyplydyrlar.

Ýöne birnäçe wajyp ölçegler boýunça meňzeş gelýändiklerine garamazdan ahlak we hukuk biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar. Olaryň arasyndaky tapawutlyklar hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- ahlak kadalaryny döwlet häkimiýeti döretmeýär;
- ahlak kadalary ýazmaça görnüşde berkidilmeýär-de, olar dilden-dile geçýär;
- ahlak kadalarynyň berjaý edilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilmeýär, olar adamlaryň içki ynam-ygtykatlaryna, jemgyýetçilik pikirine eýerip berjaý edilýärler;
- ahlak kadalarynyň ýerine ýetirilmegi köpçülikleýin aň ýetirişiň abraýyna esaslanýar we olaryň ýerine ýetirilmezligi üçin günäkär adam diňe jemgyýetçilik ýazgarylyşyna sezewar bolýar;
- ahlak hukukdan öň döräpdir we onuň döremegi haýsydyr bir şahsyň içki erkine bagly bolman öz-özünden amala aşypdyr;
- umumy ykrar edilen manysynda hukuk bolsa ilkinji döwletleriň döremegi bilen bir wagtda emele gelip başlapdyr we onuň üýtgemegi köplenç ýagdaýda kanunçykaryjylaryň erk-islegine bagly bolup durýar.

Köplenç “ahlak” diýen düşünje bilen birlikde etika, estetika diýen düşünjeler hem ulanylýar. *Etika* – bu özüňi alyp barşyň umumy ykrar edilen ahlak kadalarydyr. Bu adalga ilkinji gezek Aristotel tarapyndan ylmy işlerde ulanylyp başlanýar. *Estetika* adalgasy bolsa, gözellige we betnyşanlyga baha kesmeklik babatda umumy ykrar edilen filosofiki ölçegleriň toplumyny aňladỳar.

---

[1]Moral -“moralis-ahlakly” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga.

## §6. Syýasy kadalar

*Syýasy kadalar* – bu jemgyýetiň syýasy durmuşynyň subýektleriniň özlerini alyp baryşlaryny, partiýalaryň, sosial toparlaryň döwlet häkimiýeti babatdaky gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalardyr. Olar jemgyýetde syýasy häkimiýetiň:

- guramaçylygynyň;
- bölünmeginiň;
- amala aşyrylmagynyň tertibini kesgitleýärler.

Şu nukdaýnazardan hem olary syýasy çygyrda (sferada[1]) durmuşa geçirilýän syýasy institutlaryň, yzygiderlikli syýasy hereketleriň (prosesleriň) we syýasy tertipleriň (proseduralaryň) kadalary hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Döwlet häkimiýetiniň çygrynda hereket edýän syýasy kadalar hukuk galybyna girýärler we olar köplenç döwletiň esasy kanunynda-konstitusiýasynda berkidilýän syýasy-hukuk kadalaryna öwrülýärler.

Syýasy-hukuk kadalary maksatnamalaýyn syýasy namalarda (konstitusiýalarda, partiýalaryň maksatnamalarynda we ş.m.) beýan edilýärler.

Olar:

- ❖ syýasy ulgamyň dürli düzüm bölekleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýärler;
- ❖ döwletiň we jemgyýetiň wajyp häsiýetlerini beýan edýärler;
- ❖ raýatyň hukuk ýagdaýyny berkidýärler, kepillendirýärler we üpjün edýärler;
- ❖ döwletiň häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýarlar we ş.m.

## §7. Tehniki-hukuk kadalary

*Tehniki kadalar* – bu adamlaryň tebigatdaky zatlary, zähmet gurallaryny, dürli enjamlary maksadalaýyk we howpsuz ulanmaklaryny üpjün edýän düzgünlerdir. Bu düzgünler adamlaryň kadaly we howpsuz ýaşaýşyny üpjün etmek üçin zerurdyr. Olaryň hukuk görkezmeleri hökmünde berkidilenleri bolsa tehniki-hukuk kadalary diýlip atlandyrylýarlar.

Tehniki-hukuk kadalarynyň:

- ❖ biologiki kadalar;
- ❖ sanitariýa-gigiýena[2] kadalary;
- ❖ tehnologiýa kadalary;
- ❖ ekologiýa kadalary;
- ❖ ylmy-tehniki düzgünler;
- ❖ sport bäsleşiklerini geçirmegiň düzgünleri;
- ❖ gämileri dolandyrmagyň düzgünleri;
- ❖ gaz bilen kebşirleýiş işlerini amala aşyrmagyň düzgünleri;
- ❖ gurluşyk işlerini amala aşyrmagyň düzgünleri;

[1] Sfera-“spchaira-togalak, çygyr (şar)” diỳen grek sözünden gelip çykan adalga;
[2] Sanitariýa-gigiýena-“sanitas-saglyk” diýen latyn we “hygieinos-bejeriji, saglyk getiriji” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga.

- ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleri ýaly müňlerçe görnüşleri bardyr.

Tehniki-hukuk kadalary özleriniň beýan edilişiniň görnüşi we olarda berkidilen talaplaryň höküm ediji (imperatiw) häsiýeti bilen hukuk kadalaryna örän meňzeşdir. Hukuk we tehniki-hukuk kadalarynyň özara meňzeşlikleriniň käbirleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- olaryň ikisi-de döwlet tarapyndan döredilýär we onuň erkiniň beýany bolup durýar;
- olaryň ýerine ýetirilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen, şol sanda hukuk jogaplkärçilik çäreleri bilen hem üpjün edilýär;
- olar ýörite kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýärler;
- olar adamlaryň durmuşy işjeňliginiň iň wajyp çygyrlaryny düzgünleşdirýärler we ş.m.

Şeýle tehniki-hukuk kadalaryna döwlet we pudaklaýyn ölçegler (standartlar[1]) baradaky düzgünler, dürli enjamlary ulanmagyň (ekspluatasiýa[2] etmegiň) tehniki şertleri hakyndaky düzgünler, tehniki howpsuzlyk düzgünleri[3], daşky gurşawy hapalamaklyga ýol berilýän ölçegler, çig maly, ýangyjy, energiýany sarp etmegiň ölçegleri, ýol hereketiniň düzgünleri we ş.m. degişlidir.

Dürli tehniki kadalar, hususan-da adamlaryň gündelik durmuş-ýaşaýyş çygrynda hereket edýän tehniki kadalar hukuk kadalary tarapyndan gollanýarlar. Mysal üçin, ulanylýan derman serişdeleriniň lukman tarapyndan kesgitlenen ölçegi (dozasy[4]) baradaky düzgünler adamyň saglygyny derman serişdeleriniň artyk düsmeginden goraýar, şonuň üçin hem olar derman serişdelerini ulanyjy tarapyndan bozulan halatynda hukuk jogapkärçiligi emele gelmeýär. Şonuň ýaly hukuk kadalary öý hojalyk enjamlaryndan peýdalanmak baradaky düzgünnamalar bozulan ýagdaýynda-da döreýär. Eger-de görkezilen düzgünnama bozulan halatynda öý hojalyk enjamy zaýalansa onda enjamy taýýarly hiç-hili jogapkärçilik çekmeýär, ýöne eger-de enjamyň gapdalyna ondan peýdalanmagyň düzgünleri goşulmadyk bolsa, enjamyň döwülmegi zerarly ýeten zelel ony taýýarlaýjy ýa-da satyjy tarapyndan dolunmaga degişli edilýär.

---

[1]Standart-“standard-kada, nusga” diỳen iňlis sözünden gelip çykyp, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň esasynda bellenen, harytlaryň, önümleriň, işleriň, desgalaryň we ş.m. belli bir görnüşleriniň ỳörite ölçeglerini aňladỳar;

[2]Ekspluatasiýa-“exploitation-ulanmak, peýda almak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda haýsydyr bir serişdeleriň ulanylmagyny aňladýar;

[3]Tehniki howpsuzlyk düzgünleri-adamlara zähmet çekmek üçin zähmetiň howpsuz hem sagdyn şertlerini üpjün etmeklige gönükdirilen tehniki çäreleriň ulgamydyr;

[4] Doza-“dosis-porsiýa, bir bölek” diýen grek sözünden gelip çykan adalga. **Porsiýa**-“potio-bölek, paý” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

# *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 9.1.**



**Çyzgy 9.2.**

## Sosial kadalaryň umumy alamatlary

- ol özüňi alyp baryş kadalary umumy häsiýetli bolup, olaryň berjaý edilmegi döwletiň ýa-da belli bir toparyň mejbur ediş güýji bilen üpjün edilýär;
- olaryň ählisi jemgyýetiň durmuş taýdan guralaşynyň häsiýetine we ýeten medeni ösüş derejesine laýyk gelýär;
- olar jemgyýetiň döremeginiň we kämilleşmeginiň dowamynda emele gelýärler;
- olar jemgyýetde amala aşyrylýan hereketleriň wagtyna, ýerine, şertlerine we ýagdaýlaryna bagly bolýar;
- olar kesgitlenmedik uzak wagtyň dowamynda hereket etmek bilen olar, subýektleriň giň köpçüligine täsir edýärler we çäklendirilmedik möçberde durmuşa geçirilmäge niýetlenýärler;
- olar mümkin we hökmany bolan özüňi alyp baryşyň çäklerini kesgitleýärler, jemgyýetde oňlanylýan özüňi alyp barşyň ölçeglerini we çelgilerini (oriýentirlerini) belleýärler, şol bir wagtda-da şeýle özüňi alyp barşyň üstünden gözegçilik edýärler;
- olar jemgyýetde gatnaşyklaryň tertipliligini we guramaçylygyny üpjün etmäge gönükdirilýärler, olaryň käbirleri bolsa, (mysal üçin tehniki-hukuk kadalary) adamlaryň ýaşaýşynyň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün edýärler.

**Çyzgy 9.3.**

**Adat kadalarynyň häsiýetleri**

Olar kimdir biri tarapyndan ýörite maksat bilen döredilmedik özüňi alyp baryş düzgünleridir

Olar şol bir şahslar ýa-da şahslaryň topary tarapyndan şol bir hereketleriň uzak wagtyň dowamynda we köp gezek gaýtalanmagynyň netijesinde emele gelýärler

Olar jemgyýetçilik ruhyýeti (psihologiýasy) bilen baglanyşykly hukuk häsiýetli bolmadyk sosial kadalarynyň bir görnüşi bolup durýar

Olar adamlaryň endigine görä we tertip-düzgüne bolan tebigy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ýerine ýetirilýärler

Olar hukuk kadalary ýaly bir galyba salnyp, ýazmaça görnüşde, ulgamlaýyn beýan edilýärler

Käbir ýurtlarda olar hukugyň çeşmeleri hökmünde çykyş edýärler

Olar dini sargytlarda, parzlarda “ogurlyk etme, kezzapçylyk etme, ganhorlyk etme...” diýen görnüşde beýan edilýärler

Olar haýsydyr bir anyk adama däl-de adamlaryň toparyna (dine uýýanlara) täsir edýärler

**Dini kadalaryň häsiýetleri**

**Çyzgy 9.4.**


Ahlak kadalarynyň häsiýetli alamatlary
ahlak kadalaryny döwlet häkimiýeti döretmeýär
ahlak kadalary ýazmaça görnüşde berkidilmeýär-de, olar dilden-dile geçýär
ahlak kadalarynyň berjaý edilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilmeýär
ahlak kadalarynyň ýerine ýetirilmegi köpçülikleýin aň ýetirişiň abraýyna esaslanýar
ahlak hukukdan öň dörän we onuň döremegi kimdir biriniň erkine bagly bolman, öz-özünden amala aşypdyr
hukuk kanunçykaryjynyň erkine görä üýtgeýär, ahlak kimdir biriniň erkine görä üýtgemeýär
Syýasy kadalaryň häsiýetli alamatlary
syýasy ulgamyň dürli düzüm bölekleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýärler
döwletiň we jemgyýetiň wajyp häsiýetlerini beýan edýärler
her bir raýatyň hukuk ýagdaýyny berkidýärler, kepillendirýärler we üpjün edýärler
döwletiň häkimiýet hem dolandyryş edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýarlar we ş.m.

Çyzgy 9.5.


Hukuk we tehniki-hukuk kadalarynyň özara meňzeşlikleri
olaryň ikisi-de döwlet tarapyndan döredilýär we onuň erkiniň beýany bolup durýar
olar ýörite kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýärler
olaryň ýerine ýetirilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen, şol sanda hukuk jogaplkärçilik çäreleri bilen hem üpjün edilýär
olar adamlaryň durmuşy işjeňliginiň iň wajyp çygyrlaryny düzgünleşdirýärler we ş.m.

Çyzgy 9.6.


Tehniki-kadalar
Bu adamlaryň tebigatdaky zatlary, zähmet gurallaryny, dürli enjamlary maksadalaýyk we howpsuz ulanmaklaryny üpjün edýän düzgünlerdir. Bu düzgünler adamlaryň kadaly we howpsuz ýaşaýşyny üpjün etmek üçin zerurdyr. Olaryň hukuk görkezmeleri hökmünde berkidilenleri bolsa tehniki-hukuk kadalary diýlip atlandyrylýarlar.
görnüşleri
görnüşleri
biologiki kadalar
sanitariýa-gigiýena kadalary
gämileri dolandyrmagyň düzgünleri
ylmy-tehniki düzgünler
gaz bilen kebşirleýiş işlerini amala aşyrmagyň düzgünleri
tehnologiýa kadalary
sport bäsleşiklerini geçirmegiň düzgünleri
gurluşyk işlerini amala aşyrmagyň düzgünleri
ekologiýa kadalary
ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleri we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Sosial kadalaryň näçe görnüşi bar?**
- dört;
- bäş;
- alty;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Sosial kadalar – bu,**
- jemgyýetiň erk-isleginiň jemlenen beýanydyr;
- adamlaryň jemgyỳetde özüni alyp baryşlaryny kadalaşdyrỳan, olaryň bähbitlerini we gyzyklanmalaryny aňladỳan, umumy häsiỳetdäki düzgünlerdir;
- hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalarynyň ulgamydyr we döwletiň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýän kadalaryň jemidir;
- kanunlardyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Edim-gylymlar, däp-dessurlar, adat kadalaryna degişlimi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe edim-gylymlar degişli;
- diňe däp-dessurlar degişli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Sosial kadalaryň görnüşlerine girýärler:**
- kanunlar, jemgyýetçilik birleşmeleriniň düzgünnamalary we ş.m.;
- adat, dini, ahlak, toparlaýyn, hukuk, syýasy we tehniki-hukuk kadalary;
- edim-gylymlar, däp-dessurlar, ahlak kadalary, dini dessurlar, syýasy ýörelgeler we tehniki kadalar;
- edim-gylymlar, däp-dessurlar, dini, ahlak, toparlaýyn, hukuk, syýasy we tehniki-hukuk kadalary .

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Sosial kadalaryň iň gadymysy we ýörgünlisi,**
- dini däp-dessurlardyr;
- hukuk kadalarydyr;
- adat kadalarydyr;
- toparlaýyn kadalardyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Adat kadalary – bu,**
- adamlaryň uzak wagtyň dowamynda gaýtalap berjaý etmekleriniň netijesinde däp-dessura öwrülen özüňi alyp baryş düzgünleridir;

- adamlaryň belli bir sosial toparlaryna mahsus bolan özüňi alyp baryş düzgünleridir;
- döwletiň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýän we goralýan sosial kadalardyr;
- adamlaryň ýagşylyk we ýamanlyk, adalatlylyk we adalatsyzlyk, dogry we nädogry zatlar barada garaýyşlarynyň jeminden emele gelen düzgünlerdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Dine uýýanlar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli, şol dine uýmagyň ýörelgeleri hem düzgünleri haýsy sosial kadalarydyr?**
- hukuk kadalary;
- adat kadalary;
- dini kadalar;
- syýasy kadalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Dini kadalar nähili görnüşde beýan edilýärler?**
- bir galyba salnyp, ýazmaça, ulgamlaýyn görnüşde;
- dilden;
- aýdymlarda, nakyllarda, umuman halk döredijiliginiň dürli görnüşlerinde;
- ýazmaça we dilden.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Musulman hukugynyň çeşmelerine girýär:**
- şerigat;
- Kurany-Kerim, Hadyslar;
- Kurany-Kerim, Sünne, Ižma, Fikh;
- fetwalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Günbatar Ýewropada dini hukuk nähili atlandyrylýar?**
- ybadathana hukugy;
- hristian hukugy;
- kanonik hukugy;
- katolik hukugy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Toparlaýyn kadalar düzgünleşdirýärler:**
- tutuş döwletiň çäginde ýaşaýan ilatyň özüni alyp barşyny;
- diňe belli bir dine uýýanlaryň özlerini alyp baryşlaryny;
- diňe belli bir milletiň agzalarynyň özlerini alyp baryşlaryny;
- aýry-aýry sosial toparlaryň agzalarynyň özüni alyp baryşlaryny.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) “Ýeri güýz sür, güýz sürmeseň ýüz sür” diýen nakyly toparlaýyn kadalar degişli etmek bolarmy?**

- ýok;
- ýok, sebäbi ol kada däl-de nakyl;
- hawa, sebäbi ol diňe daýhanlara, ýagny anyk bir sosial topara degişli;
- hawa, sebäbi ol nakyl görnüşinde beýan edilen kada.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Adamlaryň ýagşylyk-ýamanlyk, zulum hem rehimdarlyk, halal-haram, adalat, mertebe, ar-namys we ş.m. baradaky garaýyşlarynyň jeminden emele gelen kadalar,**
- adat kadalarydyr;
- ahlak kadalarydyr;
- hukuk kadalardyr;
- syýasy kadalardyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Etika – bu,**
- özüňi alyp baryşyň umumy ykrar edilen ahlak kadalarydyr;
- gözellige we betnyşanlyga baha kesmeklik babatda umumy ykrar edilen filosofiki ölçegleriň toplumydyr;
- jemgyýetiň syýasy ýaşaýşynyň subýektleriniň özlerini alyp baryşlaryny, partiýalaryň, sosial toparlaryň döwlet häkimiýeti babatdaky gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalardyr;
- adamlaryň tebigatdaky zatlary, zähmet gurallaryny, dürli enjamlary maksadalaýyk we howpsuz ulanmaklaryny üpjün edýän düzgünlerdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Syýasy-hukuk kadalary beýan edilýärler:**
- konstitusiýalarda;
- partiýalaryň maksatnamalarynda;
- saýlawly wezipelere dalaşgärleriň maksatnamalarynda;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli görnüşlerinde.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Tehniki kadalar,**
- tebigy desgalaryň we emeli enjamlaryň abatlygyny üpjün etmek üçin zerurdyr;
- tebigy desgalaryň we emeli enjamlaryň ulanylmagyny üpjün etmek üçin zerurdyr;
- adamlaryň kadaly we howpsuz ýaşaýşyny üpjün etmek üçin zerurdyr;
- daşky gurşawy we tehnogen gurşawy önümçiligiň zyýanly täsirinden goramak üçin zerurdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Tehniki kadalaryň hukuk görkezmeleri görnüşlerinde berkidilenleri,**
- hukuk kadalary diýip atlandyrylýarlar;
- tehniki-hukuk kadalary diýip atlandyrylýarlar;
- zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk kadalary diýip atlandyrylýarlar;

- howpsuzlyk düzgünleri diýip atlandyrylýarlar;

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Syýasy kadalar kesgitleýärler, jemgyýetde syýasy häkimiýetiň,**
- emele gelmeginiň tertibini;
- guramaçylygynyň tertibini;
- bölünmeginiň tertibini;
- amala aşyrylmagynyň tertibini.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Syýasy kadalar,**
- syýasy ulgamyň dürli düzüm bölekleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýärler;
- döwletiň we jemgyýetiň wajyp häsiýetlerini beýan edýärler;
- döwletiň hukuk ulgamynyň düzüm gurluşyny we onuň pudaklara bölünişini;
- raýatyň hukuk ýagdaýyny berkidýärler, kepillendirýärler we üpjün edýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Adam adat kadalaryny berjaý edende,**
- tertip-düzgüne bolan tebigy zerurlyklaryny kanagatlandyrýar;
- döwletiň mejbur ediji güýjünden çekinip hereket edýär;
- çagalykdan zannyna guýlan endiklerden ugur alýar;
- jemgyýet tarapyndan ykrar edilen ölçeglere görä hereket edýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 10-njy bap. Hukugyň görnüşleri (çeşmeleri)

## §1. Hukugyň görnüşleri (çeşmeleri) barada düşünje

Hukugyň çeşmeleri diýlende, hukugyň emele gelmegine we hereket etmegine itergi berýän kesgitleýji sebäplere (faktorlara) düşünilýär. Şonuň ýaly-da döwlet tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryş görkezmeleriniň ýa-da hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş düzgünleriniň döremegine täsir edýän prosessler hem göz öňünde tutulýar. Dar manyda alnanda, *hukugyň çeşmeleri* – bu tejribede hukuk işlerini çözmeklik üçin gollanylýan zatlar – kadalar, garaýyşlar, kadalaşdyryjy hukuk namalar, hukuk ulanyş tejribesi we ş.m.-dir. Olar hukuk kadalarynyň beýan edilmeginiň we berkidilmeginiň daşky görnüşleridir.

Has anyk aýdylanda, *hukugyň çeşmeleri* – bu döwletiň adyndandan kabul edilen, hukugyň aýry-aýry kadalarynyň, institutlarynyň we pudaklarynyň mazmuny beýan edilýän resmi ýazmaça resminamalardyr.

Gadymyýetde kanunlaryň mazmuny äpet daşlaryň ýüzüne çapylyp ýazylypdyr, diwarlarda ýerleşdirilipdir, tagta, papirus[1], pergament[2] kagyzyna we beýleki kagyzlarda beýan edilipdir. Bularyň ählisini hukugyň görnüşi (galyby, formasy) diýip atlandyrmak bolar. Häzirki döwürde hukugyň şeýle çeşmeleri hökmünde roman-german hukuk ulgamynda kadalaşdyryjy hukuk namalary (kanunlary, ordonanslary[3], statutlary[4]), iňlis-sakson hukuk ulgamynda bolsa şertnamalary we hukuk presedentlerini görkezmek bolar.

Hukugyň çeşmeleriniň emele gelmegi esasan iki sany usul bilen amala aşýar:

- Hukuk döredijilik işi;
- Ol ýa-da beýleki sosial kadalaryň döwlet tarapyndan ykrar edilmegi (sanksionirlenmegi).

Bu iki usulyň esasy bolsa, şeýle hereketleri amala aşyrmaga ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň hem-de wezipeli şahslarynyň hukuk döredijilik işi bolup durýar. Sebäbi olaryň bu işiniň netijesinde täze özüňi alyp baryş kadalary döreýär. Hukugyň çeşmeleriniň emele gelmeginiň ikinji usuly bolsa birinji usula garanyňda tejribede has az ulanylýar. Onuň manysy öň jemgyýetde hereket edýän adat ýörelgeleri, ahlak garaýyşlary ýaly sosial kadalara, has meşhur hukukşynaslaryň hukuk ulanyş işiniň ol ýa-da beýleki ugurlary baradaky nukdaýnazarlaryna, şeýle hem käbir ýagdaýlarda kazyýet tejribesine döwlet tarapyndan resmi derejäniň, goragyň we goldawyň berilmeginden, ýagny görkezilenleriň hukugyň çeşmesi hökmünde ykrar edilmeginden ybaratdyr. Mysal üçin, Türkmenistanda jemgyýetçilik ýerlerinde çilim çekmegiň we nas atmagyň gadaganlygy hem-de jogapkärçilige degişliligi.

---

[1]Papirus-“papyros” diýen söz bilen gadymy grekler gamyşlaryň maşgalasyndan bolan bir ösümligi atlandyrypdyrlar. Gadymy Müsürde şol ösümligiň inçejik zolaklara bölünip kesilen baldagyny biri-birine ýelimläp, kagyz ýasapdyrlar;
[2]Pergament-“Pergamos” diýen söz bilen b.e.ö. 2 asyrda Kiçi Aziýada bolan bir şäher atlandyrylypdyr. Şol ýerde dürli haýwanlaryň eýlenen derisini kagyz hökmünde ulanmagyň usuly has kämilleşdirilipdir;
[3]Ordonans-“ordonner-buýruk bermek” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, käbir daşary ýurt döwletlerinde merkezi döwlet häkimiýet edaralarynyň kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny aňladýar;
[4]Statut-“statuo-karar edýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, käbir döwletleriň (ABŞ, Beýik Britaniýa) kanunçylyk ulgamynda kanunlary aňladýar.

Dürli ýurtlarda hukugyň çeşmeleriniň hukuk adatlary, kazyýet ýa-da dolandyryş (administratiw) presedenti, hukuk doktrinasy, kadalaşdyryjy hukuk nama, kadalaşdyryş şertnamasy ýaly aýry-aýry görnüşleriniň hukuk güýjüni kesgitlemeklige dürli çemeleşmeleriň bardygyny bellemek gerek.

## §2. Hukugyň görnüşi (çeşmesi) hökmünde – hukuk adatlary

Adamlaryň öz aralarynda döreýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin döreden iň gadymy serişdesi bolan adat kadalary, döwletiň ýaňy emele gelip başlan döwürlerinde başga has kämil we hemmelere täsir edýän kadalaşdyryş serişdeleriniň bolmandygy sebäpli döwlet tarapyndan ykrar edilipdir hem-de uzak asyrlaryň dowamynda täze emele gelýän jemgyýetçilik häkimiýetiniň öz erkini beýan etmeginiň ýeke-täk diýen ýaly görnüşi hökmünde hereket edip gelipdir. Şonuň netijesinde-de adaty däp-dessurlar, edim-gylymlar, adatlar adat hukugyna öwrülipdir.

Mälim bolşy ýaly, *adat hukugy* – bu jemgyýetde yzygiderli gaýtalanyp ulanylandygy sebäpli dörän we döwlet tarapyndan ykrar edilendikleri zerarly hemmeler üçin hökmany düzgünlere öwrülen özüňi alyp baryş kadalarynyň jemidir. Döwletiň ösüşiniň irki tapgyrlarynda hukuk adatlary kadalaşdyryş ulgamynda agalyk ediji orunlary eýeläpdirler. Olar Hammurapiniň kanunlarynyň, XII tablisanyň kanunlarynyň, Sal Hakykatynyň[1], Ýaroslawyň Hakykatynyň[2] we beýleki ençeme gadymy kanunlaryň gözbaşynda durupdyr.

Hemmelere täsire edýän we hökmany hukuk görkezmeleri bolmak üçin adatlarda şu aşakdaky alamatlaryň bolmagy zerur hasaplanypdyr:

- olar iň bolmanda bir nesil çalyşýança dowam edýän, birmeňzeş hukuk tejribesini beýan etmeli;
- olar ýeterlik uzak wagtyň dowamynda adamlara mälim bolmaly we olar üçin peýdaly hereket etmeli;
- olar hemmeler tarapyndan bolaýmaly, adaty zat ýaly ykrar edilmeli (gadymy rimlilerde bu talap kanunçylyk derejesinde: “gadymy edim-gylymlar bilen tassyklanan, halkyň sessiz ylalaşmagy” diýen görnüşde berkidilipdir);
- olar çuňňur ahlak we etiki garaýyşlara esaslanmaly;
- olar özleriniň kadalaşdyrýan ýagdaýynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň hökmanylygyny kesgitleýän gaýragoýulmasyz we paýhasly zerurlygyny beýan etmeli;

[1]Sal Hakykaty (Салическая Правда)-“Lex Salica” diýen at bilen atlandyrylan, günbatar sal franklarynyň (häzirki fransuzlaryň ata-babalary) b.e. VI asyrynda dörän we XIV asyryna çenli hereket eden hukuk adatlarynyň jeminden döredilen kanunçylyk ýygyndysy. Onuň esasy mazmuny kazyýet jerimeleriniň - wergeldleriň möçberini kesgitlemek bilen bagly bolupdyr. Iň gadymy döwürde döredilen diýlip çak edilýän 66 maddasynyň 7-si maşgala, eýeçilik we miras gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilýär. Bu ýygyndy, b.e. 466-511-nji ýyllarynda ýaşan, ilkinji frank koroly, frank korollygyny döreden Hlodwigiň buýrugy bilen döredilipdir;

[2]Ýaroslawyň Hakykaty (Правда Ярослава ýa-da Русская Правда)-b.e. X-XI asyrlarynda, 980-1054-nji ýyllarda ýaşan, rus knýazy Ýaroslaw Dananyň (Мудрый) hukuk adatlarynyň jeminden döreden kanunçylyk ýygyndysy. Ol XV asyra çenli hereket edipdir.

- olar diňe takyk hukuk görkezmeleriniň bolmadyk ýagdaýynda ulanylmaly (gadymy rimliler bu babatda: “biz ýazmaça kanunlardan peýdalanmaýan işlerimizde edim-gylymlary we däp-dessurlary berjaý etmek zerurdyr” diýipdirler) we ş.m.

Häzirki döwürde hukuk adatlary jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak işinde diňe kömekçi-goşmaça wezipeleri ýerine ýetirýärler. Olaryň has giňden ýaýran ýerlerine bolsa, halkara hukugy, milli hukuk ulgamlarynyň raýat (hususy, siwil) hukuk pudaklary, şeýle hem iňlis-sakson we dessurlaýyn hukuk ulgamlary bolan ýurtlar degişlidir.

Türkmenistanyň hukuk ulgamynda-da käbir adatlar hukuk kadalarynda berkidilýärler. Mysal üçin, 2007-nji ýylyň 28-nji iýunynda kabul edilen, “Türkmenistanyň Prezidenti hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 4-nji maddasynyň 10-njy bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipä girişmek dabarasynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň öňünde ak keçe ýazylýar, oňa türkmen saçagy, okly sagdak, keramatly Gurhan we ş.m. goýulýar. Bu türkmen halkynyň gadymdan gelýän däbi bolup, ol anyk hukuk kadasynda öz beýanyny tapýar. Mundan başga-da milli hukuk ulgamynyň raýat hukugy pudagynda iş dolanyşygynyň däplerini hukuk kadalary hökmünde ykrar edýän düzgünler bar.

Käbir adatlaryň könäniň zyýanly galyndysy bolmak bilen jemgyýetiň ösüşini bökdeýändigi, jemgyýetçilik ösüşi bilen aýakdaş gitmän, häzirki zamanyň ynsanperwerlik, deňhukuklylyk we ş.m. ýörelgelerine gapma-garşy gelýändigi sebäpli, olar babatda hukuk tarapyndan örän berk gadaganlyklar girizilýär. Mysal üçin, gan almak adaty.

## §3. Hukugyň çeşmesi hökmünde – hukuk presedenti

*Hukuk presedenti* – bu geljekde birmeňzeş işleri çözmegiň nusgasy hökmünde ulanylýan, anyk bir iş boýunça çykarylan kazyýetiň çözgüdidir. Hukuk presedentiniň emele gelmeginiň taryhy öz gözbaşyny rim hukugyndan alyp gaýdýar. Şol döwürlerde pretorlaryň[1] siwil hukugynyň hereket edýän kadalaryny üýtgetmäge ýa-da ýatyrmaga mümkinçilikleri bolmandyr[2], emma olar dolandyryş-kazyýet ygtyýarlyklaryndan peýdalanýandyklary sebäpli, geljekde ýüze çykýan ol ýa-da beýleki çylşyrymly hukuk hadysalaryny çözmeklik üçin nusga bolup hyzmat edýän edikteri[3] çykarypdyrlar. Pretorlar özleriniň kazylyk ygtyýarlyklaryny

---

[1]Pretor-“praetor-öňden barýan, baştutan” diýen latyn sözünden gelip çykyp, Gadymy Rimde konsullardan soňky, kazyýet önümçiligini amala aşyrýan, iň ýokary wezipeli magistratlary aňladýar. **Konsul**-“consules-maslahat beriji” diýen latyn sözünden gelip çykyp, Gadymy Rimde iň ýokary magistratlary aňladýar. **Magistrat**-“magistratus-başlyk, emeldar” diýen latyn sözünden gelip çykyp, Gadymy Rimde, Respublika döwründe, ýagny b.e.ö. 509-30-njy ýyllarda, halk tarapyndan şäheri dolandyrmak üçin belli bir möhlete saýlanan wezipeli şahslary aňladýar;

[2]Gadymy Rimde siwil hukugynyň kadalary, mysal üçin XII tablisanyň kanunlary, hudaýlar tarapyndan adamlara berlen peşgeş hasaplanyp, olary üýtgetmek hakynda pikir etmek hem dinden çykmaklyk hasap edilipdir;

[3]Edikt-“edico-yglan edýärin, buýruk berýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, Gadymy Rimde magistratyň çykarýan we onuň ygtyýarlyklarynyň möhleti tamamlanýança, tutuş ilat üçin hökmany bolan buýrugyny aňladýar. Ilki-ilkiler ediktler dilden yglan edilýän ekeni, soňra bolsa olar aklanan tagtanyň ýüzüne ýazylyp, hemmeleriň okamagy üçin, şäheriň esasy meýdançasynda (forumda) asylyp goýlup başlanypdyr. Ýüzüne ediktler ýazylan aklanan tagtalar „album” diýip atlandyrylypdyr. **Albom**-„albus-ak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

durmuşa geçirmegiň çäginde dürli hukuk serişdelerini (formulalary[1]) döretmek bilen hereket edýän kanunçylygyň üstüni ýetiripdirler. Düzgün bolşuna görä, ediktlerde we formulalarda beýan edilen kadalar hereket edýän hukuk tejribesi tarapyndan kabul edilip, bir pretoryň ediktinden beýleki pretoryň ediktine geçipdir, pretorlaryň anyk bir işler boýunça çykaran formulalary bolsa soňra wagtyň geçmegi bilen şoňa çalymdaş işleriň ählisini çözmek üçin nusgalyk hukuk görkezmelerine öwrülipdirler.

Häzirki döwürde ýokarda bellenip geçilişi ýaly, presedent, hukugyň hakyky döredijileri hökmünde ykrar edilýän kazyýetleriň işine esaslanýan iňlis-sakson hukuk ulgamy bolan ýurtlara mahsusdyr. Şeýle ýurtlarda hukuk presedentleri ýörite ýygyndylarda jemlenýärler. Beýleki görnüşdäki hukuk ulgamlary bolan ýurtlarda bolsa kazyýet tejribesine diňe hukuk kadalarynyň düşündirilişi hökmünde garalýar. Biziň milli hukuk ulgamymyzyň hem kontinental hukuk maşgalasyna[2] degişlidigi sebäpli hukuk presedentleriniň diňe hukuk kadalarynyň düşündirilişi hökmünde ähmiýeti bardyr. Olar esasan Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin Mejlisiniň (Plenumynyň[3]) kararlarynda beýan edilýär.

Mälim bolşy ýaly, presedent hukugynyň çäklerinde iki sany hukuk ugurlary emele gelipdir: umumy hukuk we adalat hukugy. *Umumy hukuk* (iňlisçe, common law) – bu <u>*birinji manysynda*</u>, Angliýada, orta asyrlarda emele gelen hukuk ulgamy bolup, onda kazyýet presedenti hukugyň esasy çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Kanunlar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýry-aýry ugurlaryny düzgünleşdirýärler, ýöne olar bir ulgama birikdirilmedik. Kanunlar tarapyndan düzgünleşdirilmeýän ähli gatnaşyklary kadalaşdyrmak, şol sanda kanunlara düşündiriş bermek we olary ulanmak bolsa umumy hukugyň esasynda amala aşyrylýar. Has dar manysynda umumy hukuk kazyýet presedentleriniň jemi hökmünde statut hukugy[4] ýaly hukugyň özboluşly bir ugry hökmünde çykyş edýär.

---

[1]Formula-“formula-şekil, galyp, görnüş” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda anyk hukuk serişdelerini aňladýar.

[2]Kontinental hukuk maşgalasy ýa-da başgaça aýdylanda, *roman-german hukuk ulgamy*, iňlissakson, amerikan, sosialistik, musulman hukuk ulgamlary bilen bir hatarda, häzirki zamanyň esasy hukuk ulgamlarynyň biri bolup durýar. Onuň esasy tapawutly aýratynlygy, roman-german hukuk ulgamy tutuşlygyna diýen ýaly rim hukugynyň binýadynda emele gelendir. Häzirki döwürde bu hukuk maşgalasyna kontinental Ýewropanyň ähli ýurtlarynyň hukuk ulgamlary girýär. Şonuň üçinem ol kontinental hukuk ulgamy diýlip atlandyrylýar. Ondan başga-da bu hukuk maşgalasyna Latyn Amerikasynyň, Afrikanyň we Aziýanyň ep-esli böleginiň döwletleriniň hukuk ulgamlary degişlidir. Köp ýurtlarda roman-german hukuk ulgamy ýerli, dessurlaýyn hukuk bilen hem utgaşýar. Mysal üçin, Ýakyn Gündogarda – musulman hukugy, Ýaponiýada – dessurlaýyn ahlak-hukuk kadalary, Afrika ýurtlarynda – adat hukugy  we ş.m. bilen. Roman-german hukuk ulgamyna şu aşakdaky häsiýetli alamatlar mahsusdyr:

- kadalaryň mümkin boldugyndan umumylaşdyrylmagy (**abstraktlygy**-“abstractio-hyýaly, başgaça” diýen latyn sözünden);
- hukugyň jemgyýetçilik we hususy ugurlara bölünmegi;
- hukuk ulgamynyň dürli hukuk pudaklaryna bölünmegi;
- hukugyň baş çeşmesi hökmünde kanunyň ykrar edilmegi;
- kanunçykaryjynyň hukugyň ähli esasy pudaklaryny kodeksleşdirmäge (kodifikasiýa) ymtylmagy;
- iňlis-sakson we amerikan hukuk ulgamlaryndan tapawutlylykda, kazyýet presedentiniň hukugyň kömekçi çeşmesi hökmünde hyzmat etmegi ýa-da onuň düýbünden hukuk çeşmesi diýlip hasap edilmezligi;
- hukugyň çeşmeleriniň arasynda adatlaryň ähmiýetiniň hem çäklendirilen bolmagy we ş.m.

[3]Plenum- -“plenum-doly” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[4]Statut hukugy-iňlis-sakson we amerikan hukuk ulgamlarynda „statutlar” diýlip atlandyrylýan kanunlarda jemlenýän hukuk kadalarynyň jemini aňladýar.

Onuň “umumy hukuk” diýen ady bolsa, Beýik Britaniýanyň paýtagty Londonda hereket eden korollyk kazyýetleriniň çözgütleriniň, ýerli däp-dessurlardan tapawutlylykda, tutuş Angliýada hukuk güýjüne eýe bolanlygyndan gelip çykýar. Umumy hukuk onuň üstüni ýetirýän adalat hukugy bilen bilelikde amerikan hukuk ulgamynyň binýatlaýyn esasy bolup durýar. Häzirki wagtda umumy hukuk Beýik Britaniyada (Şotlandiýadan başga ýerinde), ABŞ-da (Luiziana ştatyndan başga ýerinde), Kanadada (Kwebek prowinsiýasyndan başga ýerinde), Awstraliýada, Täze Zelandiýada we öň iňlis koloniýalary[1] bolan käbir beýleki ýurtlarda hereket edýär.

*Ikinji manysynda* umumy hukuk “Jus communis” diýlip atlandyrylýar we ol Günbatar hem Merkezi Ýewropada, XII-XVIII asyrlarda hereket eden, rim hukugynyň kadalarydyr-ýörelgeleriniň gaýtadan işlenilmeginiň netijesinde döredilip, hemme ýerde söwda gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin “ýazylan paýhas” hökmünde ulanylan, hususy hukuk kadalaryny aňladýar. XIX asyrda bu hukuk özüniň umumy häsiýetini ýitirýär, sebäbi ol aýry-aýry döwletler tarapyndan kodeksleşdirilýär we milli kanunçylyga öwrülýär.

*Adalat hukugy* – bu iňlis-sakson we amerikan hukuk ulgamlarynda presedent hukugynyň bir bölegi bolup, ol XV asyrdan XIX asyryň ahyrlaryna çenli Beýik Britaniýada hereket eden kansleriň kazyýetiniň çözgütlerinden emele gelipdir. Umumy hukukda emele gelen presedentleriň ýapyk ulgamynyň berk çäklerinden çykmak zerurlygy dörände, kansler ýüze çykan sorag babatda öz çözgüdini çykarypdyr. Onuň çözgüdi hukuk häsiýetli diýlip hasaplanmandyr, sebäbi ol umumy hukugyň çäklerinden çykypdyr, ýöne ol çözgüt adalatyň talaplaryna laýyk gelýän diýlip ykrar edilipdir. Şeýle çözgütleri çykaranda lord-kansler tarapyndan kanonik hukugynyň we rim hukugynyň ýörelgeleri peýdalanylypdyr, bu bolsa umumy hukugyň könelen kadalarynyň köpüsini gollanmazlyga ýardam beripdir. Angliýada, 1873-1875-nji ýyllarda geçirilen kazyýet ulgamynyň özgertmeleriniň (reformalarynyň) netijesinde adalat hukugy umumy hukuk bilen goşulypdyr. Ýöne häzirki günlerde-de adalat hukugy, hukugyň eýeçilik we şertnamalaýyn hukuk şahalary ýaly institutlaryny, hususan-da ynanylan emläk, ýetirilen zeleliň öwezini doldurtmak, şertnamalaýyn borçnamany tebigy görnüşde (naturada[2]), ýagny hakykat ýüzünde ýerine ýetirmek bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

## §4. Hukugyň çeşmesi hökmünde – hukuk doktrinasy

Gadymy Rimde her bir iş, wezipeli şahsyň kadalaşdyryş ýa-da şahsy, bir adama täsir ediji häsiýetli çözgüdi belli hukukçy-alymlar tarapyndan seljerilip bilnipdir. Şonuň bilen birlikde-de, kazylar hem beýleki hukuk ulanyjylar tarapyndan düşnüksiz we jedelli meselelerde, meşhur hukukçy-alymlar,

[1]Koloniýa-“colonia-şäherçe, oba” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda, daşary ýurt döwletiniň (metropoliýanyň) tabynlygynda bolan we ykdysady hem syýasy garaşsyzlygy bolmadyk, ýörite düzgün esasynda dolandyrylýan ýurdy ýa-da çägi aňladýar. **Metropoliýa**-„meter-ene, polys-şäher, ene şäher” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, koloniýalary bolan döwleti aňladýar;
[2]Natura-“natura-tebigat” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

Papiniýanyň[1], Gaýyň[2], Pawlyň[3], Ulpiýanyň[4] we Modestiniň[5] 426-njy ýylda düzülen, "Jümle (sitata[6]) getirmek hakynda" atly işiniň düzgünleriniň hökmany ýagdaýda göz öňünde tutulmalydygy barada kanun hem hereket edipdir.

Orta asyrlarda, milli hukuk ulgamlarynyň we halkara gatnaşyklarynyň emele gelýän döwründe, meşhur adamlaryň (hukukçylaryň, ylahyýetçileriň, döwlet işgärleriniň we ş.m.) garaýyşlaryna iň soňky derejedäki hakykat hökmünde garalypdyr hem-de şol nukdaýnazarlar ol ýa-da beýleki hukuk meselesini gutarnykly çözmek üçin jedelsiz esas bolupdyr. Soňra rim dessurlaryna eýerilip, hukuk garaýyşlaryna (doktrinalaryna) hukuk tejribesi bilen birmeňzeş zat hökmünde garalyp başlanypdyr. Biziň döwrümizde hukuk nukdaýnazarlaryna ol ýa-da beýleki hukuk çygrynda emele gelen ylmy mekdep – ylmy ugur hökmünde seredilýär.

Şeýlelik bilen *hukuk garaýyşlary* (doktrinasy) diýlende, özleriniň ylmy-ýöriteleşdirilen ugurlarynda ykrar edilen, meşhur hukukçy-alymlaryň öz ylmy işlerinde (monografiýalarynda, dissertasiýalarynda, makalalarynda we ş.m.) ol ýa-da beýleki hukuk soraglary boýunça beýan eden hem-de hukuk ulanyş tejribesinde anyk meseleleri çözmek üçin ulanylýan garaýyşlaryna düşünilýär.

Häzirki zaman dünýäsinde, tejribede hukuk doktrinasy munuň ýaly sap nazary görnüşde, hatda özüniň erkinligi, çäkleriniň giňligi bilen tapawutlanýan iňlis-sakson hukugynda-da hereket etmeýär diýen ýaly. Ýöne onuň hukugyň çeşmesi hökmünde ulanylmagynyň mysallary hem az däl. Mysal üçin, Şweýsariýanyň Raýat kodeksi, eger-de haýsydyr bir gatnaşyk hukuk taýdan düzgünleşdirilmedik bolsa raýat hukugy çygrynda has belli hünärmenleriň garaýyşlaryna gollanmaga rugsat berýär. Musulman hukugynda bolsa hukuk doktrinasy häzirki döwürde öz ähmiýetini ýitirmeýär we hukugyň esasy çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýär.

Elbetde belli hukukşynas tarapyndan ylmy eserde beýan edilen her bir garaýyş doktrinal güýje eýe bolup bilmez. Munuň üçin belli hukukçynyň nukdaýnazarynyň şu aşakdaky häsiýetleriniň bolmagy zerurdyr:

- onda ol ýa-da beýleki kanunlaryň durmuşa geçirilmegi barada tejribe ündewleriniň (rekomendasiýalaryň) bolmagy;
- onda hukuk döredijilik we hukuk ulanyş tejribesiniň hereketi barada durnukly çaklamalary etmäge mümkinçiligiň bolmagy;

---

[1]Emiliý Papinian, b.e. 150-212-nji ýyllarynda ýaşap geçen meşhur rim hukukçysy we döwlet işgäri, "Jümle getirmek hakynda" atly kitapda onuň işleriniň aglaba köpüsine hökmany hukuk güýji berilýär, onuň işlerinden 595 bölek (fragment) Digestleriň düzümine girizilipdir. **Fragment**-"fragmentum-döwülen bölek, bölek" diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zadyň bölegini aňladýar;

[2]Gaý, takmynan b.e. II asyrynda ýaşan rim hukukçysy, ol "Gaýyň Institusiýalary" diýlip atlandyrylýan 4 kitapdan ybarat bolan fundamental işiň awtorydyr. Onuň işleri Ýustinianyň Kodeksleriniň "Institusiýalar" diýen böleginiň esasyny düzýärler;

[3]Ýuliý Pawel, takmynan b.e. III asyrynda ýaşan rim hukukçysy, onuň işleri Digestleriň 6-njy bölegini düzýär;

[4]Domisiý Ulpiýan-b.e. 123 ýa-da 228 ýyllarynda ýaşap geçen meşhur rim hukukçysy we filosofy, öz ömründe tebigy hukuklar hakynda we hukuk gatnaşyklary hakynda pikirler beýan edilen, ençeme eserler döredipdir. Digestleriň 40 göterimi onuň işlerinden düzülendir;

[5]Gerenniý Modestin, takmynan b.e. III asyrynda ýaşan rim hukukçysy, onuň işleriniň 345 bölegi Digestlerde beýan edilipdir we onuň işleriniň aglaba köpüsine hökmany hukuk güýji berlipdir;

[6]Sitata-"citare-çagyrmak, yglan etmek, getirmek" diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir tesktden sözme-söz jümläniň alnyp, başga bir tekstde mysal ýa-da aýdylýan pikiriň tassyklamasy hökmünde getirilmegini aňladýar. **Tekst**-"textus-mata, birleşik" diýen latyn sözünden gelip çykyp, manyly yzygiderlilikde biri-biri bilen sepleşýän sözlemleriň toplumyny aňladýar.

- ol kanunçylygyň üstüni ýetirmeli.

Şu görkezilen häsiýetleri bolan hukuk doktrinasynyň resmi taýdan hukugyň çeşmesi diýip bilinmändigine garamazdan, ony hukugyň resmi däl çeşmesi diýip ykrar etmäge esas berýär.

Wagtyň geçmegi bilen belli hukukşynaslaryň işläp düzen garaýyşlarynyň, hukuk düşünjeleriniň we kadalarynyň döwlet tarapyndan ykrar edilip, hökmany hukuk güýjüne eýe bolmagynyň, şonuň ýaly-da tutuş adamzadyň hukuk düşünjeliliginiň ösmegine we kämilleşmegine ägirt uly täsir edýänliginiň aýdyň subutnamasy hökmünde, Ýustinianyň Kodekslerini görkezmek bolar. Kontinental hukugyň ösmegine, şeýle hem bütin dünýäde raýat hukuk gatnaşyklarynyň kämilleşmegine örän uly täsir eden, şonuň ýaly-da häzirki zaman dünýäsinde aglaba köp döwletleriň hukuk ulgamlarynyň esasyny düzýän bu Kodeksleriň emele gelşiniň taryhy we onuň düzüm gurluşy barada käbir zatlary agzamak ýerlikli bolardy.

Mälim bolşy ýaly, Ýustinianyň Kodeksleri ýa-da başgaça aýdylanda, “Raýat hukugynyň korpusy[1]” (Corpus juris civilis), biziň eýýamymyzyň VI asyrynda Ýustinian Birinjiniň[2] buýrugynyň esasynda düzülen, rim kanunlarynyň we hukukçylarynyň işleriniň ýygyndysydyr. Ýustinianyň Kodeksleri köp asyrlaryň dowamynda Ýewropa döwletleriniň aglaba köpüsinde hukugyň esasy çeşmesi hökmünde hyzmat edip gelipdir. Häzirki döwürde-de ol Ýewropa hukugynyň ýa-da başgaça aýdylanda, kontinental hukugyň (roman-german hukuk ulgamynyň) binýatlaýyn esasy hökmünde hyzmat edip gelýär. Ýustiniýanyň Kodeksleriniň düzümi Institusiýalardan[3], Digestlerden[4], Kodeksden we Nowellalardan[5] ybaratdyr. ybaratdyr. Şol döwrüň ykdysady şertlerini nazarda tutmak bilen gaýtadan işlenen rim hukugy, Ýustinianyň Kodeksleriniň binýatlaýyn esasy bolup durýar.

Ýustinian I, 528-nji ýylyň 13-nji fewralynda, özüniň baş ministri Tribonianyň ýolbaşçylygynda, 10 adamdan ybarat topar döredýär we eýýäm 529-njy ýylyň 7-nji aprelinde Ýustinianyň Kodeksi halk köpçüligine ýaýradylýar. Ol Kodeksde rim imperatorlarynyň b.e. I-VI asyrlarynda kabul eden kararlarynyň, permanlarynyň, buýruklarynyň köpüsi ulgamlaşdyrylan görnüşde beýan edilipdir. Şondan soň Ýustinian edil şeýle görnüşde, şol döwürlerde “gadymy hukuk” (jus vetus) diýlip atlandyrylan, rim hukukçylarynyň ylmy işlerini, olaryň raýat hem pretor hukugynyň kadalaryna beren düşündirişlerini hem ulgamlaşdyrmagy maksat edinipdir. Ol 530-njy ýylyň 15-nji dekabrynda, Tribonianyň ýolbaşçylygynda we Konstantinopol şäheriniň[6] Akademiýasynyň iki sany professory, Teofil bilen

---

[1] Korpus-“corpus-beden, bir bütewi” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[2]Ýustinian I b.e. 482-565-njy ýyllarda ýaşan, Wizantiýanyň imperatory; **Wizantiýa** ady onuň paýtagtynyň adyndan gelip çykýar, imperator Konstantin I Konstantinopol şäherini gurmanka onuň ýerinde Wizantiýa şäheri bar ekeni;

[3]Institusiýalar-“institution-öwüt-nesihat” diýen latyn sözünden gelip çykyp, rim hukukçylary tarapyndan taýýarlanan, hereket edýän hukuk ulgamyny, esasan hem hususy hukuk kadalaryny ulgamlaýyn öwredýän okuw kitaplaryny aňladýar. Mysal üçin, Gaýyň Institusiýalary;

[4]Digestler-“digerere-tertipli ýerleşdirmek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[5]Nowella-“novus-täzelik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ilkibaşda gadymy rim hukugynda imperatoryň täze permanlaryny, kararlaryny aňladypdyr, soňra Ýustinianyň Kodeksleriniň dördünji böleginden ugur almak bilen gysga hem anyk görnüşde beýan edilen hukuk kadalarynyň şertli adyna öwrülipdir;

[6]Konstantinopol-“Konstantiniň şäheri” diýmegi aňladýar. Onuň ady, 324-333-njy ýyllarda Wizantiý şäheriniň ýerinde ony döreden, 285-337-nji ýyllarda ýaşan, rim imperatory Beýik Gaý Flawiý-Waleriý Konstantin Birinjiniň

Kratiniň, Berit Akademiýasynyň iki sany professory Dorofeý bilen Anatoliýniň, şeýle hem 11 sany adwokatyň[1] gatnaşmaklarynda, jemi 15 adamdan ybarat topary döretmek hakynda permany kabul edýär. Toparyň öňünde-de Digestleri, ýagny rimiň nusgawy hukukçylarynyň ylmy işlerinden alynmalaryň ulgamlaşdyrylan görnüşini düzmeklik wezipesi goýulýar. Topar öz wezipesini 533-nji ýylyň 16-njy dekabrynda doly berjaý edýär.

Şol bir wagtyň özünde-de, Tribonian, Teofil we Dorefeý, imperator Ýustinianyň buýrugynyň esasynda Institusiýalary – talyplar üçin okuw kitaplaryny taýýarlaýarlar we ol işi 533-nji ýylyň 21-nji noýabrynda tamamlaýarlar. 534-nji ýylyň 16-njy noýabrynda bolsa Ýustinianyň Kodeksleriniň, üsti 300 sany täze kararlar bilen doldurylan görnüşi çykýar. Imperator Ýustinian aradan çykandan soň onuň Kodeksleriniň esasy üç böleginiň üstüne, “Nowellalar” atly täze bölüm goşulýar. Ol bölüm 556-njy ýylda Konstantinopol şäherinden bolan professor Ýulian tarapyndan, ilkinji kodeksler neşir edilenden soňra, imperatoryň 535-556-njy ýyllarda kabul eden kararlarynyň, permanlarynyň jemlenmeginiň netijesinde düzülýär.

Ýustinian I öz buýrugy esasynda döredilen Kodekslerini “rim adalatynyň (ýustisiýasynyň[2]) ybadathanasy” diýip atlandyrypdyr. Orta asyr hukukçylary bolsa Ýustinianyň Kodekslerine “Raýat hukugynyň korpusy” diýen ady beripdirler. Onuň bölümleri barada şu aşakdakylary bellemek bolar:

1. *Institusiýalar* – 4 kitapdan ybarat bolup, düzüm gurluşy we mazmuny boýunça ep-esli derejede Gaýyň Institusiýalaryny gaýtalaýarlar;
2. *Digestler* (başgaça, *Pandektler*[3] diýlip hem atlandyrylýar) – 50 kitapdan ybarat bolup, 39 sany rim hukukçysynyň 2000-den gowrak ylmy işlerinden alnan jümleleri özlerinde jemleýärler;
3. *Kodeks* – Rimiň XII tablisasynyň kanunlaryna öýkünilip, 12 kitapdan ybarat edilip düzülipdir;
4. *Nowellalar* – ilkibaşda 122 sany nowelladan ybarat bolup, soňra olaryň sany 168 sany nowella çenli köpeldilipdir.

## §5. Kadalaşdyryjy şertnama

*Kadalaşdyryjy-hukuk şertnamasy* – bu özara hukuklary we borçlary kesgitlemek arkaly, hukugyň subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmäge gönükdirilen ylalaşykdyr.

Kadalaşdyryjy şertnamalar esasan halkara umumy we milli döwlet (konstitusion) hukugyna mahsusdyr. Hukugyň bu ugurlarynda olar iň wajyp hukuk çeşmeleri bolup durýarlar. Kadalaşdyryjy şertnamalara dürli döwletleriň (hökümetleriň) ýa-da halkara hukugyň beýleki subýektleriniň arasyndaky ylalaşyklary, federal döwletlerde federasiýa bilen onuň subýektleriniň arasyndaky

---

adyndan gelip çykýar. Ol 1453-nji ýylda türkler tarapyndan basylyp alnandan soň, onuň ady Stambul diýlip tutulyp başlanýar;

[1]Adwokat – “advocatus ýa-da advoco – çagyrýaryn” diýen latyn sözünden gelip çykýar;

[2]Ýustisiýa-“justitia-adalat, adalatlylyk” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adyl kazylygy ýa-da kazyýet edaralarynyň ulgamyny aňladýar;

[3]Pandektler-“pandektes-ählumumy, hemmelere degişli” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

içerki döwlet şertnamalaryny, federal hem-de sebitleýin ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň arasyndaky şertnamalar we ş.m. degişlidir.

Zähmet hukugynyň düzgünleriniň amala aşyrylmagynda-da kadalaşdyryjy şertnamalaryň örän uly ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, *köpçülikleýin* (kollektiwleýin) *şertnama* – iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän we kärhananyň dolandyryş bölegi (administrasiýasy) bilen onuň kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň arasynda baglaşylan kadalaşdyryjy nama bolup durýar. *Köpçülikleýin* (kollektiwleýin) *ylalaşyk* bolsa, belli hünäri ýa-da derejesi bolan, ýa-da belli bir pudakda zähmet çekmek isleýän işgärler üçin durmuş taýdan kepillendirmeler, zähmet şertleri boýunça borçnamalary özünde jemleýän ýörite, pudaklaýyn we baş ylalaşyk görnüşinde baglaşylan kadalaşdyryjy namadyr.

## §6. Hukugyň çeşmesi hökmünde – kadalaşdyryjy hukuk nama

Kontinental hukuk maşgalasyna degişli hukuk ulgamy bolan ýurtlarda, şol sanda Turkmenistanda-da kadalaşdyryjy hukuk namalar iň esasy we iň möhüm hukuk çeşmeleri bolup durýarlar. Umumy kesgitlemä laýyklykda, *kadalaşdyryjy hukuk nama* (akt[1]) – bu döwletiň hukuk döredijі edarasy tarapyndan bellenilen tertipde kabul edilen, hemmeler üçin hökmany häsiýete eýe bolan we ýerine ýetirilmekleri döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýän hukuk kadalaryny döredýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan namadyr.

Mälim bolşy ýaly, *Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namasy* bolsa – bu, konstitusionlyk, kanunylyk, halkara hukugynyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanuny bähbitlerini goramak we durmuş adalatlylygy, aýanlyk hem-de jemgyýetçilik pikirini hasaba almak ýörelgelerine goldanyp, ygtyýarly döwlet edarasy, wezipeli adam tarapyndan ýa-da sala salşyk arkaly kabul edilen, hemmelere hökmany bolan häsiýetli görkezmeleri özünde saklaýan, hukuk kadalaryny belleýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan resmi resminamadyr[2].

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- olarda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk çygryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilen, hemmeler üçin hökmany bolan, nusgalyk kadalaşdyryjy görkezmeler jemlenýär;
- olar degişli ygtyýarlyklary bolan, anyk hukuk döredijі döwlet edaralary tarapyndan kabul edilýär. Bu bolsa, olarda berkidilen talaplaryň hukugyň ähli subýektleri tarapyndan berjaý edilişiniň bütewiligini we ýeke-täkligini, durmuş ähmiýetli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilişiniň ýeke-täkligini, birmeňzeşligini üpjün edýär;
- olar örän berk tertibiň amala aşyrylmagy bilen kabul edilýärler;

[1]Akt-“actus-hereket, actum-resminama” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, degişli tertipde resmileşdirilen namany ỳa-da resmi edaranyň ỳa-da wezipeli şahsyň hereketini aňladỳar;
[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-2-nji maddalary.

- olaryň bellenilen resmi-ýazmaça görnüşi bardyr. Bu bolsa, olaryň talaplarynyň galyplaýyn kesgitliligini, anyklygyny, aýdyňlygyny, ondaky görkezmeleriň beýan edilişiniň düşnükliligini üpjün edýär;
- olar özleriniň wagtda, giňişlikde hereket edişini hem-de täsir edýän şahslaryny takyk kesgitleýärler;
- olar özaralaryndan takyk kesgitlenen derejeler boýunça gatnaşykda durýarlar. Şeýle gatnaşygyň esasy düzüm bölegi bolsa, degişli hukuk dörediji edaranyň ygtyýarlyklarynyň çägi bilen şertlendirilýän, ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk güýji bolup durýar;
- olar jemgyýetçilik ösüşiniň üýtgäp durýan zerurlyklaryna görä ýeterlik derejede çalt üýtgäp bilýärler, şonuň üçinem olar hukugyň beýleki çeşmelerinden tapawutlylykda, jemgyýetiň durmuşy zerurlyklaryndan ugur almak bilen dessine üýtgedilip we kadaly kämilleşdirilip bilinýärler;
- olarda berkidilen kadalaşdyryjy görkezmeleriň ýerine ýetirilmegi, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär, şol güýjüň amala aşyrylmagynyň tertibi bolsa kadalaşdyryjy hukuk namalaryň özleriniň ýörite düzgünlerinde açyk görkezilip bilinýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namalara *kanunlar* we *kanunalaýyk* (kanunasty) *kadalaşdyryjy hukuk namalaryň* ulgamy degişlidir.

# ÇYZGYLAR


Çyzgy 10.1.
Hukugyň çeşmeleri
Bu tejribede hukuk işlerini çözmeklik üçin gollanylýan zatlar – kadalar, garaýyşlar, kadalaşdyryjy hukuk namalar, hukuk ulanyş tejribesi we ş.m.-dir. Olar hukuk kadalarynyň beýan edilmeginiň we berkidilmeginiň daşky görnüşleridir.
Hukuk adatlary
Hukuk presedenti
Hukuk doktrinasy
Kadalaşdyryjy şertnama
Kadalaşdyryjy hukuk nama
Bu jemgyýetde yzygiderli gaýtalanyp ulanylandygy sebäpli dörän we döwlet tarapyndan ykrar edilendikleri zerarly hemmeler üçin hökmany düzgünlere öwrülen özüňi alyp baryş kadalarynyň jemidir.
Bu geljekde birmeňzeş işleri çözmegiň nusgasy hökmünde ulanylýan, anyk bir iş boýunça çykarylan kazyýetiň çözgüdidir.
Bu meşhur hukukçylaryň ylmy işlerinde ol ýa-da beýleki hukuk soraglary boýunça beýan eden, hukuk ulanyş tejribesinde anyk meseleleri çözmek üçin ulanylýan garaýyşlarydyr.
Bu özara hukuklary we borçlary kesgitlemek arkaly, hukugyň subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünlesdirmäge gönükdirilen ylalaşykdyr.
Bu döwletiň hukuk dörediji edarasy tarapyndan bellenilen tertipde kabul edilen, hemmeler üçin hökmany häsiýete eýe bolan we ýerine ýetirilmekleri döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýän hukuk kadalaryny döredýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan namadyr.

**Çyzgy 10.2.**


Adat kadalarynyň hukuk adatlaryna öwrülmegi üçin zerur bolan alamatlar
Olar iň bolmanda bir nesil çalyşýança dowam edýän, birmeňzeş hukuk tejribesini beýan etmeli
Olar kadalaşdyrýan ýagdaýlarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň hökmanylygyny kesgitleýän gaýragoýulmasyz we paýhasly zerurlygyny beýan etmeli
Olar ýeterlik uzak wagtyň dowamynda adamlara mälim bolmaly we olar üçin peýdaly hereket etmeli
Olar diňe takyk hukuk görkezmeleriniň bolmadyk ýagdaýynda ulanylmaly
Olar hemmeler tarapyndan bolaýmaly, adaty zat ýaly ykrar edilmeli
Olar çuňňur ahlak we etiki garaýyşlara esaslanmaly
Hukuk presedentleri
IŇLISSAKSON WE AMERIKAN HUKUK ULGAMLARYNDA
Kazyýetler tarapyndan döredilýär
Hukugyň esasy çeşmesidir
Ýörite ýygyndylarda jemlenýärler


Çyzgy 10.3.
Hukugyň doktrinasy
Meşhur hukukçylar tarapyndan döredilýär
ALYMLARYŇ GARAÝÝŞLARYNYŇ DOKTRINAL GÜÝJE EÝE BOLMAGY ÜÇIN:
Olarda ol ýa-da beýleki kanunlaryň durmuşa geçirilmegi barada tejribe ündewleri (rekomendasiýalar) bolmaly
Olar kanunçylygyň üstüni ýetirmeli
Olarda hukuk döredijilik we hukuk ulanyş tejribesiniň hereketi barada durnukly çaklamalary etmäge mümkinçilik bolmaly
Kadalaşdyryjy şertnamanyň görnüşleri
Döwletara, hökümetara ylalaşyklar
Içerki döwlet şertnamalary (mysal üçin, federasiýa bilen subýektleriniň arasynda)
federal hem-de sebitleýin ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň arasyndaky şertnamalar
köpçülikleýin (kollektiwleýin) şertnama
köpçülikleýin (kollektiwleýin) ylalaşyk

Çyzgy 10.4.


Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň esasy alamatlary
Olarda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk çygryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilen, hemmeler üçin hökmany bolan, nusgalyk kadalaşdyryjy görkezmeler jemlenýär
Olar özaralaryndan takyk kesgitlenen derejeler boýunça gatnaşykda durýarlar. Onuň esasy düzüm bölegi kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk güýji bolup durýar
Olar örän berk tertibiň amala aşyrylmagy bilen kabul edilýärler
Olar özleriniň wagtda, giňişlikde hereket edişini hem-de täsir edýän şahslaryny takyk kesgitleýärler
Olaryň bellenilen resmi-ýazmaça görnüşi bardyr. Bu bolsa, olaryň talaplarynyň galyplaýyn kesgitliligini, anyklygyny, aýdyňlygyny, ondaky görkezmeleriň beýan edilişiniň düşnükliligini üpjün edýär
Olar jemgyýetçilik ösüşiniň üýtgäp durýan zerurlyklaryna görä ýeterlik derejede çalt üýtgäp bilýärler. Olar jemgyýetiň durmuşy zerurlyklaryndan ugur alyp dessine üýtgedilýär we kadaly kämilleşdirilýär
Olarda berkidilen kadalaşdyryjy görkezmeleriň ýerine ýetirilmegi, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär, şol güýjüň amala aşyrylmagynyň tertibi bolsa kadalaşdyryjy hukuk namalaryň özleriniň ýörite düzgünlerinde açyk görkezilip bilinýär.

## *SOWALNAMA*

**1) Hukugyň çeşmeleriniň näçe sany esasy görnüşleri bar?**
- dört;
- bäş;
- alty;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukugyň çeşmesi – bu,**
- tejribede hukuk işlerini çözmeklik üçin gollanylýan zatlardyr;
- adamlaryň jemgyỳetde özüni alyp baryşlaryny kadalaşdyrỳan, olaryň bähbitlerini we gyzyklanmalaryny aňladỳan, umumy häsiỳetdäki düzgünlerdir;
- hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş kadalarynyň ulgamydyr we döwletiň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýän kadalaryň jemidir;
- kanunlardyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Adatlar, däp-dessurlar hukugyň çeşmelerine degişlimi?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de olara hukuk güýji berlip, olar hukuk adatlary diýlip ykrar edilen bolsa;
- diňe däp-dessurlar degişli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukugyň çeşmeleriniň görnüşlerine girýärler:**
- hukuk adatlary, hukuk doktrinalary;
- kadalaşdyryjy şertnamalar we hukuk presedentleri;
- kadalaşdyryjy hukuk namalar;
- edim-gylymlar, däp-dessurlar, dini, ahlak, toparlaýyn, syýasy we tehniki kadalar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Iň gadymy kanunlaryň ýygyndylary,**
- dini däp-dessurlaryň esasynda döredilipdir;
- adatlaryň jeminden döredilipdir;
- adatlaryň we hökümdarlaryň (häkimiýet edaralarynyň, wezipeli şahslaryň) kararlarynyň, buýruklarynyň, permanlarynyň jeminden döredilipdir;
- hukuk presedentleriniň jeminden döredilipdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Türkmenistanyň milli hukuk ulgamynda adatlaryň hukuk kadalary tarapyndan ykrar edilýän ýagdaýlary barmy?**
- hawa;
- ýok;

- diňe konstitusion, raýat we maşgala hukuk pudaklarynda bar;
- diňe jenaýat we dolandyryş hukuk pudaklarynda bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Türkmenistanyň hukuk ulgamy hukuk ulgamlarynyň haýsy maşgalasyna degişli?**

- musulman hukuk ulgamlaryna;
- kontinental hukuk ulgamlaryna;
- iňlis-sakson hukuk ulgamlaryna;
- dessurlaýyn hukuk ulgamlaryna.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Türkmenistanyň kanunçylygynda hukuk presedentleri hukugyň çeşmesi bolup çykyş edýärmi?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, sebäbi kazyýet tejribesiniň umumylaşdyrmasynyň netijesinde kabul edilýän Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlary aşakda durýan kazyýetler üçin hökmany häsiýete eýedir;
- hawa, sebäbi derňew tejribesiniň we kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik işiniň netijesiniň umumylaşdyrmasynyň esasynda Türkmenistanyň Baş prokurorynyň çykarýan görkezmeleri hem buýruklary prokuratura we ähli anyklaýyş hem deslapky derňew edaralary üçin hökmany güýje eýedir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Hukuk presedenti näme?**

- hukugyň ulanylyşynyň tejribesiniň umumylaşdyrmasy;
- gündelik ulanylýan hukuk adatlary;
- geljekde birmeňzeş işleri çözmegiň nusgasy hökmünde ulanylýan, anyk bir iş boýunça çykarylan kazyýetiň çözgüdi;
- ýurduň ýokary kazyýetiniň aşakda durýan kazyýetler üçin kanunlary ulanmak babatda berýän düşündirişleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Adamzadyň hukuk dünýägaraýşynyň ösüşine ägirt uly goşant goşan gadymy rim hukukçylary kimler?**

- Papiniýan, Pawel, Gaý, Ulpiýan we Modestin;
- Siseron, Ulpiýan, Modestin, Labeon bilen Kapiton;
- Sezar, Oktawian Awgust, Maksimilian, Konstantin we Ýustinian;
- Awreliý Awgustin, Foma Akwinat, Padualy Marsiliý, Žan Boden we Galileý.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Meşhur hukukçy alymyň belli bir hukuk meselesi barada nukdaýnazarynyň doktrinal güýje eýe bolmagy üçin onuň haýsy häsiýetleriniň bolmagy zerur?**

- onda ol ýa-da beýleki kanunlaryň durmuşa geçirilmegi barada tejribe ündewleri bolmaly;
- onda hukuk döredijilik we hukuk ulanyş tejribesiniň hereketi barada durnukly çaklamalary etmäge mümkinçiligiň bolmaly;
- ol “at gazanan hukukçy” diýen hormatly adyň eýesi we hukuk ylymlarynyň doktory diýen ylmy derejesi bolan hukukçy tarapyndan döredilmeli;
- ol kanunçylygyň üstüni ýetirmeli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Hukuk doktrinasynyň tutuş adamzadyň hukuk düşünjeliliginiň ösmegine we kämilleşmegine ägirt uly täsir edýänliginiň aýdyň subutnamasy hökmünde çykyş edýär:**
- Hammurapiniň kanunlary;
- Rimiň XII tablisanyň kanunlary;
- Dana Ýaroslawyň Hakykaty;
- Ýustinianyň Kodeksleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Ýustinianyň Kodeksleri näçe bölümden ybarat?**
- bäş;
- dört;
- üç;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Ýustinianyň Kodeksleriniň esasy bölegi bolan Digestleriň agramly bölegi haýsy hukukçynyň işlerinden düzülipdir?**
- Domisiý Ulpiýanyň;
- Emiliý Papiniýanyň;
- Ýuliý Paweliň;
- Gerenniý Modestiniň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Kadalaşdyryjy hukuk şertnamalarynyň esasy näçe görnüşi bar?**
- ýedi;
- alty;
- käbir ýurtlarda dört, Ýewropa ýurtlarynda bolsa alty;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Kadalaşdyryjy hukuk şertnamasy – bu,**
- özara hukuklary we borçlary kesgitlemek arkaly, hukugyň subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünlesdirmäge gönükdirilen ylalaşykdyr;
- iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän şertnamadyr;

- dürli döwletleriň (hökümetleriň) ýa-da halkara hukugyň beýleki subýektleriniň arasyndaky ylalaşykdyr;
- federasiýa bilen onuň subýektleriniň arasyndaky içerki döwlet şertnamalarydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilýär,**
- döwletiň ähli edaralary hem-de wezipeli şahslary tarapyndan;
- diňe döwletiň ygtyýarly edilen edaralary hem-de wezipeli şahslary tarapyndan, şeýle hem sala salşyk esasynda;
- döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan;
- diňe döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan;

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Kanun – kadalaşdyryjy hukuk namamy?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de onda raýatlaryň hukuklary hem azatlyklary berkidilýän bolsa;
- hawa, eger-de onda döwlet edaralarynyň işi düzgünleşdirilýän bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Kadalaşdyryjy hukuk namalar hukuk kadalaryna nähili täsir edýärler?**
- olary döredýärler we özlerinde jemleýärler;
- olary üýtgedýärler;
- olary ýatyrýarlar;
- olarda diňe hukuk kadalarynyň döwlet dilinden başga dillere terjimesi ýazylýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Kadalaşdyryjy hukuk namalara degişli:**
- konstitusiýalar, kanunlar, döwlet baştutanynyň permanlary;
- kanunlar we kanunalaýyk (kanunasty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamy;
- kanunlar, hukuk adatlary, hukuk doktrinalary, kadalaşdyryjy şertnamalar;
- diňe konstitusiýalar we kanunlar.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 11-nji bap. Kadalaşdyryjy hukuk namalar: görnüşleri we hereket edişi

## §1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň görnüşi hökmünde – kanunlar

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň görnüşlere bölünmegi ilkinji nobatda olaryň hukuk güýji boýunça amala aşyrylýar. Hukuk güýjüne görä, kadalaşdyryjy hukuknamalar ilki bilen esasy iki topara:

- kanunlara;
- kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalara bölünýärler.

Hukugyň nazaryýetinde, ýurtda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemi *kanunçylyk* diýlip atlandyrylýar. Munuň sebäbi-de kontinental hukuk ulgamlarynda pozitiw hukugyň binýatlaýyn esasy hökmünde kanunyň ykrar edilýändiginden gelip çykýar. Mälim bolşy ýaly, *kanun* – bu döwletiň ýokary wekilçilikli edarasy ýa-da gönüden-göni halk tarapyndan, sala salşygyň (referendumyň[1]) netijesinde kabul edilýän, ýokary hukuk güýjüne eýe bolan we has wajyp jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuk namadyr.

Hukuk häsiýetleri nukdaýnazaryndan, kanunlar ýokary hukuk güýjüne eýedir, ýagny olar kadalaşdyryjy hukuk namalaryň derejeler boýunça (iýerarhiýa[2]) ulgamynda aýratyn orny eýeleýärler.

Kanunlaryň ýokary hukuk güýji olaryň şu aşakdaky häsiýetlerinde ýüze çykýar:

- olar diňe döwlet häkimiýetiniň ýörite ygtyýarly edilen, ýokary wekilçilikli edaralary tarapyndan ýa-da gönüden-göni halk tarapyndan sala salşygyň netijesinde, ýörite hukuk tertibini berjaý etmek bilen kabul edilýärler;
- olarda başlangyç, ugurlaýyn hukuk kadalary berkidilýär, şonuň üçinem beýleki ähli kadalaşdyryjy hukuk namalar kanunyň kadalaryna laýyk bolmaly we şolardan gözbaş alyp gaýtmaly; kanunalaýyk (kanunasty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzgünleri kanunlaryň kadalaşdyryş görkezmelerini has anyklaşdyryp, aýdyňlaşdyryp bilýärler, ýöne olar hiç wagt kanunyň kadalarynyň çäginden çykyp ýa-da olara garşy bolan düzgünleri beýan edip bilmeýärler;
- olar özlerini kabul eden edaradan başga edara tarapyndan tassyklanyp, üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilmeýär;
- kanunçylyk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesi hökmünde, bar bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň diňe iň wajyplary çykyş edip bilýärler, eger-de şeýle edilmedik ýagdaýynda kanunlaryň hukugyň iň esasy we baş çeşmesi hökmünde ähmiýeti gaçar, olar gündelik hukuk döredijilik işiniň netijeleri bolan – köplenç dürli edaralar hem wezipeli şahslar tarapyndan wajyplygy dürli derejelerde bolan gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin

[1]Referendum-“referendum-hökmany habar berilmäge degişli zat” diýen latyn sözünden gelip çykyp, döwletde halk ähmiýetli kanunlary kabul etmegiň ýa-da tutuş jemgyýetiň we döwletiň ykbalyna täsir edýän meseleleri tutuş halkyň gatnaşmagynda çözmegi aňladýar. Göni demokratiýanyň esasy görnüşi;
[2]Iýerarhiýa-“hieros-mukaddes, arche-häkimiýet” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, bir bütewi ulgamyň düzüm bölekleriniň ýokardan aşaklygyna beýikden-pese çenli ýerleşiş tertibini aňladýar.

yzygiderli kabul edilýän kanunalaýyk (kanunasty) kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen bir derejä düşerler. Şonuň netijesinde-de, kanun durmuş hakykatynyň ähli subýektleri üçin esasy çelgi hökmünde hyzmat etmegini bes eder.

Öz gezeginde kanunlar hem birnäçe görnüşlere bölünýärler we olar özleriniň hukuk güýjüne baglylykda ýokardan aşaklygyna beýikli-pesli derejelerde durýarlar. Türkmenistanda kanunlaryň üç sany görnüşi bardyr we olar özleriniň hukuk güýji boýunça şu aşakdaky yzygiderlilikde ýerleşýärler:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasy;
- Türkmenistanyň konstitusion kanunlary;
- Türkmenistanyň kanunlary.

Olaryň her haýsy barada aýratyn durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek bolar:

**I.** Döwletiň Esasy Kanuny hökmünde, *Türkmenistanyň Konstitusiýasy* kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamynda, hukuk taýdan iň ýokary güýje eýedir. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. Türkmenistanyň kanunlary we döwlet edaralarynyň hem wezipeli adamlarynyň gaýry namalary Konstitusiýanyň esasynda we oňa laýyklykda çykarylýar. Konstitusiýa garşy gelýän kanunlaryň we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hukuk taýdan güýji ýokdur. Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kabul etmek**,** oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek Türkmenistanyň ýokary wekilçilikli, kanunçykaryjy edarasy bolan Mejlis tarapyndan amala aşyrylýar.[1]

*Konstitusion kadalaryň gös-göni hereket etmegi* – bu Konstitusiỳanyň aỳratyn wajyp hukuk resminamasy hökmünde esasy häsiỳeti bolup, onuň ol ỳa-da beỳleki kadalarynyň we düzgünleriniň salgylanyjy ýa-da blanket kada[2] häsiỳetiniň ỳokdugyny we konstitusion hukugyň[3] ähli subỳektleri tarapyndan, konstitusion kadalaryň mazmunyny anyklaşdyrỳan kanunçylyk ỳa-da kanunalaỳyk (kanunasty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bardygyna ỳa-da ỳokdugyna garamazdan, gönüden-göni berjaỳ edilmelidigini we ulanylmalydygyny aňladỳar.

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasy;

[2]Blanket-“blanc-ak, arassa” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, ỳörite görnüşde taỳỳarlanyp, doldurylmaga degişli resminamany aňladỳar. **Hukugyň blanket kadasy** – bu ***birinjiden***, döwlet edaralaryna, wezipeli şahslaryna özbaşdak gadaganlyklary girizmäge, özüňi alyp barş düzgünlerini we ş.m. bellemäge ygtyýar berýän hukuk kadasyny; ***ikinjiden***, hereket etmegi ýörite hukuk düzügünleriniň mazmunyna esaslanýan özüňi alyp baryş düzügünlerini özünde jemleýän hukuk kadasyny aňladýar;

[3]Konstitusion hukuk – bu hukuk ulgamyny emele getiriji, esasy hukuk pudagy bolup, ol döwletiň jemgyỳetçilik we döwlet gurluşy, häkimiỳetiň wekilçilikli edaralarynyň, ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň döredilmeginiň, işlemeginiň, işiniň üỳtgedilmeginiň we bes edilmeginiň tertibi hem-de ỳörelgeleri, saỳlawlar we sala salşyklar ulgamynyň gurluşy, raỳatlaryň esasy hukuklary we borçlary, döwletiň häkimiỳet şahalarynyň gurluşy we häkimiỳet şahalarynyň edaralarynyň hem-de wezipeli adamlarynyň ygtyỳarlyklary bilen baglanyşykly jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrỳan hukuk kadalaryny özünde jemleỳär.

**II.** Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslaryna düýpli degip geçýän, ählihalk sala salşygy arkaly ýa-da Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk nama *Türkmenistanyň konstitusion kanunydyr*.

Konstitusiýadan soň, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar babatda konstitusion kanunlar hukuk taýdan has ýokary güýje eýedir.[1]

**III.** Kanun barada aỳdylanda bolsa, „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, *kanun* – bu umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ýa-da ählihalk sala salşygy arkaly kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namadyr. Kanunda esasan:

- raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramagyň hem üpjün etmegiň usullary;
- kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem kazyýet häkimiýet edaralaryny döretmegiň we işiniň tertibi;
- Türkmenistanyň raýatlyk gatnaşyklary;
- Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygy we goranmagy bilen baglanyşykly meseleler;
- eýeçilik gatnaşyklary;
- ykdysadyýeti, medeni-durmuş gurluşy dolandyrmagy guramak;
- býujet-maliýe ulgamy, nyrh emele gelme we salgyt salma;
- jenaýat, dolandyryş we raýat kanunçylygynyň meseleleri;
- kazyýet işini ýörediş;
- jemgyýetçilik birleşiklerini döretmegiň we olaryň işiniň meseleleri;
- köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk ýagdaýy;
- daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler düzgünleşdirilỳär.

Emma bu görkezilenler kanun bilen düzgünleşdirilỳän meseleleriň we jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň gutarnykly sanawy däldir. Salgylanylỳan Kanuna laỳyklykda, umumydöwlet ähmiýetli beýleki meseleler hem kanun arkaly düzgünleşdirilip bilinỳär. Aýry-aýry meseleler boýunça kanunlar Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bellenen tertipde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan hem kabul edilip bilinỳär[2].

Görkezilenlerden başga kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ählisi kanunalaýyk (kanunasty) kadalaşdyryjy hukuk namalar bolup durýarlar.

## §2. Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar

*Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar* – bu ygtyýarly edaralaryň (guramalaryň) hem-de wezipeli şahslaryň kanuna laýyklykda kabul eden we kanunlara garşy gelmeýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr.

Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar, döwlet baştutany, kanunçykaryjy häkimiýet edaralary we hökümetiň ýolbaşçylygynda hereket edýän ýerine ýetiriji

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 6-njy maddasy;
[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 7-nji maddasy.

häkimiýet edaralary, şeýle-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan aşakda görkezilen maksatlary amala aşyrmak üçin çykarylýar:

- hereket edýän kanunlary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ol ýa-da beýleki çygyrlaryna degişlilikde anyklaşdyrmak;
- gündelik wezipeleri haýal etmän, çalt we netijeli çözmek.

Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar özlerinde hukuk kadalaryny jemlemek bilen hemmeler üçin hökmany häsiýete eýedirler. Olaryň hukuk namalara mahsus bolan ähli alamatlary (rekwizitleri[1]) we berk kesgitlenen resmi-hukuk görnüşi hem galyby bardyr.

“Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, ilkinji nobatda kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalara Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary degişlidir. Olar barada şu aşakdakylary bellemek bolar:

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň we kanunlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça, Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet baştutany hökmünde çykarỳan *kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr*. Başgaça aýdylanda, Türkmenistanyň Prezidentiniň *kadalaşdyryş häsiýetli namalary* – bu özüňi alyp barmagyň umumy düzgünlerini özlerinde jemleýän, subýektleriň çäklendirilmedik toparyna degişli edilen hem-de uzak wagtyň dowamynda, köp gezek ulanmaklyk üçin niýetlenen namalardyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki permanlary hem kararlary, şeýle hem gündelik meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylýan buýruklar kadalaşdyryjy hukuk namalary däldir, ỳagny ol hukuk namalar hemmeler üçin hökmany bolan umumy häsiỳete eỳe däldirler we diňe özlerinde anyk görkezilen şahslara ỳa-da hereketlere degişlidirler[2]. Şeýle namalar *şahsy häsiýetdäki namalar* diýlip atlandyrylýarlar. Şeýle görnüşdäki namalaryň mysaly hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- belli bir şahsy ýa-da şahslary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda perman;
- belli bir şahsy ýa-da şahslary Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek barada perman;
- belli bir şahsy ýa-da şahslary döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda perman;
- belli bir şahsa ýa-da şahslara hormatly atlary, harby atlary hakynda perman we ş.m.

Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary, şol sanda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy häsiýetdäki kararlary-da eger olary güýje girizmegiň başga möhleti olarda nazarda tutulmadyk bolsa, olar

[1]Rekwizit-“requisitum-zerur zat, talap edilýän zat” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda, resminamalaryň kanun tarapyndan bellenilen alamatlaryny aňladýar;
[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 8-nji maddasy.

resmi suratda çap edilen ýa-da başga usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden başlap güýje girýärler[1].

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň taslamalary:

- Türkmenistanyň Prezidentiniň diwanynyň gurluş düzüm birlikleri;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabineti;
- Türkmenistanyň Baş prokuraturasy;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň düzümine girmeýän Türkmenistanyň ýerine ýetiriji merkezi edaralary;
- Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýän beýleki döwlet edaralary we wezipeli adamlary tarapyndan taýýarlanylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylan namalary belgilemek onuň ygtyýarlarynyň möhletiniň çäklerinde alnyp barylýar. Namalaryň asyl nusgalary we olar üçin maglumatlar Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň degişli gurluş düzüm birliginde saklanylýar we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletler gutarandan soň, Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiwine iberilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň taslamalaryny taýýarlamagyň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertibiniň berjaý edilişine Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwany tarapyndan gözegçilik edilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk häsiýetdäki namalary, eger olary herekete getirmegiň başga möhleti göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda olar resmi taýdan çap edilen ýa-da başga usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden güýje girýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary "Kadalaşdyryjy hukuk namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen resmi metbugat serişdelerinde çap edilýär. Türkmenistanyň döwlet syrlaryny ýa-da kanun arkaly goralýan başga syry özünde saklaýan Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary çap edilmäge degişli däldir. Şeýle namalaryň asyl nusgalarynda gizlinligiň resmi ýazgysy goýulýar we olar bellenilen tertipde olaryň hereketi degişli edilen edaralarynyň, guramalarynyň wezipeli adamlaryň we raýatlaryň dykgatyna ýetirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary bilen – Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary we buýruklary bilen – Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna we buýruklaryna girizilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlarynyň hereketi, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary we buýruklary Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary, kararlary we buýruklary bilen ýatyrylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň birmeňzeş hukuk güýjüne eýe bolan namalarynyň arasynda çaprazlyklar ýüze çykan mahalynda, eger Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli namasy bilen başga zat bellenilmedik bolsa, soňky güýje giren nama gollanylýar[2].

---

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 30-njy maddasy;
[2]28.06.2007 ýylda kabul edilen, “Türkmenistanyň Prezidenti hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 9-11-nji maddalary.

Döwlet baştutany tarapyndan çykarylýan kanunalaýyk (kanunasty) namalardan başga-da, olaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- döwletiň ýokary wekilçilikli, kanunçykaryjy häkimiýet edarasynyň (Türkmenistanyň Mejlisiniň) kararlary;
- hökümetiň (Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň) kararlary;
- merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň (ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, gulluklaryň, komitetleriň we ş.m.) namalary;
- ýerli wekilçilikli edaralaryň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň) kararlary;
- ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň) kararlary;
- ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşleriň) kararlary.

*Döwletiň ýokary wekilçilikli, kanunçykaryjy häkimiýet edarasynyň* (Türkmenistanyň Mejlisiniň) *kararlary* – bu Türkmenistanyň kanunlaryny düşündirmegiň ýa-da ulanmagyň, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen Türkmenistanyň kanunlaryny tassyklamagyň**,** halkara şertnamalaryny we ylalaşyklaryny tassyklamagyň we ýatyrmagyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahatlarynda kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalardyr. Türkmenistanyň Mejlisiniň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki kararlary kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hataryna girmeýär.[1]

*Hökümetiň* (Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň) *kararlary* – bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalardyr. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary Türkmenistanyň Konstitusiýasy, "Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda" Türkmenistanyň kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kesgitlenen meseleler boýunça çykarylýar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki kararlary, şeýle hem gündelik meseleleri çözmek üçin onuň kabul edýän buýruklary kadalaşdyryjy hukuk namalary däldir.[2]

*Merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň* (ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, gulluklaryň, komitetleriň we ş.m.) *namalary* – bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlarynyň we kararlarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, buýruklar görnüşinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr.

Görkezilen edaralar tarapyndan başga atlar bilen kabul edilen namalar (gollanmalar, düzgünnamalar, usullaýyn görkezmeler we ş.m.) Türkmenistanyň

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 9-njy maddasy;
[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 10-njy maddasy.

ministrleriniň we döwlet dolandyryşynyň degişli merkezi edaralarynyň ýolbaşçylarynyň buýruklary bilen tassyklanylýar.

Derhal we beýleki gündelik meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň ministrleri, döwlet dolandyrylyşynyň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary kadalaşdyryjy häsiýetde bolmadyk buýruklary we görkezmeleri çykarýarlar. Ministrlikleriň, döwlet dolandyryşynyň merkezi edaralarynyň düzüm birlikleriniň kadalaşdyryjy häsiýetdäki namalary kabul etmäge hukuklary ýokdur. Ministrlikler, döwlet dolandyrylyşynyň merkezi edaralary tarapyndan kabul edilýän namalarda olaryň haýsy namanyň ýerine ýetirilmegi üçin çykarylandygy görkezilýär.[1]

*Ýerli wekilçilikli edaralaryň* (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň) *kararlary* – bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin karar görnüşinde, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr. Olaryň kararlary maslahat beriji häsiýete eýedir.[2]

*Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň* (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň) *kararlary* – bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin kararlar görnüşinde, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr.

Häkimleriň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetdäki kararlary, şeýle hem gündelik meseleler boýunça kabul edýän buýruklary kadalaşdyryjy hukuk namalary däldir. Häkimleriň kadalaşdyryjy häsiýetdäki kararlary, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna täsir edýän namalary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly kabul edilýär.[3]

*Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň* (Geňeşleriň) *kararlary* – bu Türkmenistanyň Konstitusiỳasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalaryna laỳyklykda, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr. Geňeşiň kararlary açyk ses bermek arkaly, Geňeş agzalarynyň umumy sanyndan berlen sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Geňeşiň kabul eden kararlary hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär we halka ýetirilen pursatyndan güýje girýär.[4]

Geňeşiň ýolbaşçysy - arçyn gündelik meseleleri çözmek üçin öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kadalaşdyryjy häsiýetde bolmadyk buýruklary çykarýar.[5]

---

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 11-nji maddasy;
[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 13-nji maddasy;
[3]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 12-nji maddasy;
[4]25.10.2005 ýylda kabul edilen, “Geňeş hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 8-nji maddasy;
[5]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 13-nji maddasy.

Görkezilenlerden başga-da, kanunalaýyk (kanunasty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň *ýerli* (lokal) *kadalaşdyryjy namalar* diýlip atlandyrylýan, ýene-de bir görnüşi bar. Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bu görnüşi, belli bir guramanyň çäginde onuň ähli agzalary ýa-da olara wekilçilik edýän edara (plenum, prezidium, kollegiýa we ş.m.) tarapyndan kabul edilýär we ol zähmetkeşleriň toplumynyň gündelik içerki guramaçylyk işjenligini düzgünleşdirmeklige gönükdirilýär. Ýerli kadalaşdyryjy namalaryň mysaly hökmünde:

- içerki zähmet gün tertibi barada buýruklary, düzgünnamalary;
- zähmet düzgün-nyzamy barada görkezmeleri;
- önümçiligi guramak barada gönükdirmeleri;
- edaranyň (kärhananyň, guramanyň) düzüm birlikleriniň arasyndaky gatnaşyklary amala aşyrmagyň tertiplerini we ş.m. görkezmek bolar.

Şonuň bilen bir hatarda-da, ýerli kadalaşdyryjy namalara toparlaýyn (korporatiw) hukugyň[1] çeşmelerine girýän, kadalaşdyryş häsiýetli, ýöne diňe belli bir hususy guramanyň ýa-da kärhananyň işgärlerine dahylly, dürli buýruklary, gönükdirmeleri hem degişli etmek bolar.

## §3. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň wagtda hereket edişi

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň wagtda hereket edişi diýen düşünje, olaryň herekete (hukuk güýjüne) girýän we hereket etmegini bes edýän pursatlaryny öz içine alýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň herekete (hukuk güýjüne) girmeginiň üç sany tertibi bar:

1. Metbugatda neşir edilen pursadyndan;
2. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň özünde ýörite görkezilen senede;
3. Kesgitlenen wagt möhletiniň geçmegi bilen (adatça kadalaşdyryjy hukuk nama resmi taýdan çap edilenden 10 gün geçenden soň[2]).

[1]Toparlaýyn (korporatiw) hukuk – bu **birinjiden,** raýat hukugynyň düzüm bölegi bolmak bilen, hojalyk jemgyýetleriniň we ýoldaşlyk kärhanalarynyň (guramalarynyň) döredilmeginiň we hereket etmeginiň tertibini, olaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän hukuk kadalarynyň jeminy aňladýar. Bu manysynda toparlaýyn hukuk aksioner hukugyndan has giň düşünjeleri özünde jemleýär, sebäbi onuň kadalary paýdarlar jemgyýetlerinden başga-da täjirçilik (kommersiýa) guramalarynyň beýleki görnüşlerine-de degişlidir. **Ikinjiden**, toparlaýyn hukuk – bu kärhananyň (täjirçilik guramasynyň) eýesi ýa-da dolandyryş bölegi (administrasiýasy) tarapyndan kabul edilen we dürli içerki gatnaşyklary (mysal üçin, zähmet gün tertibini, işgärleri sylaglamagyň tertibini we ş.m.) düzgünleşdirýän kadalaryň ulgamydyr. **Kommersiýa**-„commercium-söwda, täjirçilik“ diýen latyn sözünden gelip çykan adalga. **Aksioner hukugy** – bu maýa goýujy (inwestor) tarapyndan paýdarlar jemgyýetiniň maýa goýum gaznasyna belli bir pul möçberini geçirendigini (paý goýandygynyň) subutnamasy bolan gymmatly kagyz, paýnamany aňladýan, “*action-gymmatly kagyz*” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, paýdarlar jemgyýetleriniň we olaryň agzalarynyň (paýdarlaryň (aksionerleriň)) hukuk ýagdaýyny kesgitleýän düzgünleriň jemini aňladýar. Şonuň ýaly-da paýdarlar bilen paýdarlar jemgyýetiniň arasynda emele gelýän toparlaýyn (agzalyk) gatnaşyklar hem onuň düzgünleşdirýän närseleriniň hataryna girýär. 1999-njy ýylyň 23-nji noýabrynda kabul edilen, „Paýdarlar jemgyýetleri hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, **paýdarlar jemgyýeti** – bu oňa gatnaşyjylaryň paýdarlar jemgyýeti babatdaky hökmanylyk hukuklaryny tassyklaýan, paýnamalaryň (aksiýalaryň) belli bir sanyna bölünen, fiziki we (ýa-da) ýuridik şahslaryň goýumlarynyň esaslandyryş gaznasyna (maýasyna) birleşen kärhanasydyr. **Inwestor**-„investire-geýdirmek, geçirmek“ diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir işe maýa goýum goýýan şahsy aňladýar;

[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 25-nji maddasy.

Mälim bolşy ýaly, eger kanun tarapyndan güýje girizmegiň başga möhleti bellenilmese, *Türkmenistanyň Konstitusiýasy* çap edilenden on gün soň güýje girýär.[1]

Sala salşyk arkaly kabul edilen *konstitusion kanunlar, kanunlar* Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan ses bermegiň netijeleri takyklanandan soň güýje girizilmäge we yglan edilmäge degişli. Şeýle kanunlar we Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen konstitusion kanunlar, kanunlar, eger olarda ýa-da olary güýje girizmegiň tertibi hakyndaky namalarda olary güýje girizmegiň başga möhleti we tertibi görkezilmese, resmi taýdan çap edilenlerinden on gün soň güýje girýärler.[2]

*Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýän kanunlar,* eger olarda olary güýje girizmegiň başga möhleti ýa-da tertibi bellenilmese, onda resmi taýdan çap edilenden on gün soň güýje girýär. Kanun Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen kanunlary tassyklamak baradaky meselä Türkmenistanyň Mejlisiniň nobatdaky maslahatynda hökman seredilmelidigi belleýär. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen kanun tassyk edilmedik halatynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan degişli karar kabul edilen pursadyndan başlap, ol hukuk taýdan güýjüni ýitirýär.[3]

*Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy häsiýetdäki kararlary* Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen kanunlary güýje girizmek üçin bellenilen möhletlerde güýje girýärler.[4]

*Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy häsiýetdäki kararlary***,** eger olary güýje girizmegiň başga möhleti olarda nazarda tutulmadyk bolsa, olar resmi taýdan çap edilen ýa-da başga usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden başlap güýje girýärler.[5]

*Türkmenistanyň ministrlikleriniň we döwlet dolandyrylyşynyň beýleki merkezi edaralarynyň, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň häkimleriniň kadalaşdyryjy hukuk namalary,* eger olaryň özünde olary güýje girizmegiň başga tertibi görkezilmese, resmi taýdan çap edilen ýa-da başga usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden başlap güýje girýärler. Şonuň ýaly-da, ol kadalaşdyryjy hukuk namalar Türkmenistanyň Adalat ministrliginde hökmany suratda bellige alynmaga degişlidir. Döwlet belligine alynmadyk namalaryň hukuk güýji ýokdur.[6]

*Welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň, Geneşleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň*

---

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 26-njy maddasy;
[2]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 27-nji maddasy;
[3] Şol ýerde;
[4]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 29-njy maddasy;
[5]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 30-njy maddasy;
[6]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 31-nji maddasy.

*häkimleriniň kadalaşdyryjy hukuk namalary*, eger namanyň özünde olary güýje girizmegiň başga möhleti ýa-da tertibi görkezilmese, resmi taýdan çap edilen ýa-da başga usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden başlap güýje girýär.[1]

Türkmenistanyň Konstitusiýasy, konstitusion kanunlary, kanunlary, Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy häsiýetdäki kararlary, Türkmenistanyň Prezidenti we Ministrler Kabineti, ministrleri we döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar "Türkmenistan" we «Нейтральный Туркменистан» gazetlerinde[2] çap edilýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň çap edilmegi olaryň radio[3], telewideniýe[4] boýunça we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly yglan edilmegini aradan aýyrmaýar. Welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň, häkimleriň we Geňeşleriň kadalaşdyryjy hukuk namalary ýerli metbugatda çap edilýär ýa-da başga tertipde yglan edilýär.[5]

Türkmenistanyň kanunlary, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary "Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlarynda" çap edilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň namalary "Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň Ýygyndysynda" çap edilýär. Türkmenistanyň ministrlikleriniň we döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralarynyň, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň häkimleriniň döwlet belligine alnan namalary neşir edilýän "Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň häkimleriniň kadalaşdyryjy namalarynyň Ýygyndysynda" çap edilýär.[6]

*Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hereketiniň bes edilmegi*, öňünden bellenilen möhletiň geçmegi (mysal üçin, döwlet býujeti hakynda kanun takyk bir ýylyň dowamynda hereket edýär) ýa-da takyk bir kadalaşdyryjy hukuk namanyň düzgünleşdirmegi üçin niýetlenen ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen baglanyşdyrylýar. Şonuň bilen birlikde-de, düzgün bolşuna görä, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň aglaba köpüsiniň hereket etmegi möhletsiz häsiýete eýedir we olaryň hereketi diňe olar gönüden-göni hem-de resmi taýdan ýatyrylandan soň ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şol çygryny düzgünleşdirýän täze kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmegi bilen bes edilýär.

---

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, "Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 32-nji maddasy;

[2]Gazet-"gazzetta" diỳen gadymy Wenesiỳada ilkinji gazetler üçin tölenilen şaỳynyň adyndan gelip çykyp, döwürleỳin maglumatlary çap edilỳän metbugat sahypalaryny aňladỳar. Ilkinji gazet b.e.ö. 100-44 ỳyllarda ỳaşap geçen Gaỳ Ỳuliỳ Sezar tarapyndan ilki "Senatyň işleri" soňra "Halkyň gündelik jemgyỳetçilik işleri" diỳen at bilen çap edilip başlanypdyr;

[3]Radio-"radio-şöhle goỳberỳärin" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, tolkunlaryň kömegi bilen amala aşyrylỳan aragatnaşygy aňladỳar;

[4]Telewideniýe-"tele-uzaga, alysa" diýen grek we „видение-görüş, görmek" diýen rus sözlerinden gelip çykyp, radioelektron enjamlaryň kömegi bilen hereket edýän şekilleri uzak aralyklara geçirmek bilen bagly medeniýetiň, ylmyň we tehnikanyň bir ugruny aňladýar;

[5]07.12.2005 ýylda kabul edilen, "Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 33-nji maddasy;

[6]07.12.2005 ýylda kabul edilen, "Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 34-nji maddasy.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bu barada, kadalaşdyryjy hukuk namanyň özünde onuň hukuk güýjüniň saklanmagynyň möhleti görkezilmese ýa-da belli bir wakanyň gelip ýetmegi bilen onuň hukuk güýjüniň ýitýänligi görkezilmese, kadalaşdyryjy hukuk namanyň güýje giren pursadyndan, onuň hukuk güýjüni ýitirenliginiň ykrar edilmegine çenli hereket edýändigi bellenilýär.[1]

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hereket etmegi baradaky soragyň çäklerinde, *kanunyň yzyna täsir ediş güýji* hakynda düzgünleriň hem örän wajyp ähmiýeti bardyr. Adatça, täze kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk nama öňki hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň hereketi bes etmek bilen yzyna, ýagny özüniň kabul edilmezinden bolup geçen hadysalara we ýagdaýlara täsir etmeýär. Ýöne eger-de kadalaşdyryjy hukuk namanyň özünde degişli kadalar berkidilen halatynda onuň yzyna täsir ediş güýji hem bolup bilýär. Umumy ykrar edilen düzgünlere laýyklykda, hukuk jogapkärçiligini aradan aýyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän täze kadalar şeýle düzgüniň kadalaşdyryjy hukuk namada ýörite berkidilmändigine garamazdan, yzyna täsir edýärler. Bu düzgün hukugyň jedelsiz başlangyçlarynyň we asyrlaryň dowamynda adamzadyň toplan hukuk tejribesi bilen ykrar eden, belent adamkärçilikli ýörelgeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda-da kadalaşdyryjy hukuk namalaryň yzyna täsir ediş güýji barada anyk düzgünler bar. Mysal üçin, “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 35-nji maddasynda: “Kadalaşdyryjy hukuk namanyň güýji yzyna hereket etmeýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň täsiri diňe raýatlaryň hukuk ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmasa we bu nama bilen göni nazarda tutulan bolmasa, namanyň täsiri onuň güýje girizilmeginden öň dörän gatnaşyklara hem degişlidir” diýip bellenýär.

## **§4. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň giňişlikde hereket edişi**

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň giňişlikdäki hereket edişi döwletiň çägi (territoriýasy) bilen kesgitlenýär. Şonuň bilen birlikde-de döwletiň çägine:

***1)*** Döwlet serhetleriniň içindäki çäk hökmünde seredilýär. Muňa bolsa girýär: ýerasty, ýagny geologiýa taýdan öwrenilen we özleşdirilen çuňluklaryna çenli ýer gabygy; kontinental şelfi[2], ýagny deňziň (ummanyň) içine tarap 200 deňiz miline[3] çenli uzaklyk; döwlete degişli adalar we anklawlar[4]; döwletiň suwlary, muňa onuň içerki suwlary bolan derýalar, köller, suw howdanlary, deňizler, şeýle hem deňziň (ummanyň) içine tarap 12 mile çenli uzaklygy öz içine alýan döwletiň çäkleýin

---

[1]07.12.2005 ýylda kabul edilen, “Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 35-nji maddasy;

[2]Kontinental şelf-“shelf-çykgyt, çykyp duran ýer bölegi” diýen iňlis sözünden gelip çykyp, materigiň çykyp duran suwasty, tekiz bölegini aňladýar;

[3]Deňiz mili-“mil-müň” diýen iňlis sözünden gelip çykyp, 1,852 kilometre deň bolan iňlis uzynlyk ölçegini aňladýar;

[4]Anklaw-“inclavo-açar bilen gulplaýaryn” diýen latyn sözünden gelip çykyp, daş-töwereginde başga bir döwletiň çägi ýerleşýän bir döwletiň çäginiň bölegini aňladýar. Mysal üçin, Russiýa Federasiýasynyň Kaliningrad oblasty. Eger-de anklawyň bir tarapy deňze (ummana) çykýan bolsa, ol ýarym anklaw diýlip atlandyrylýar.

suwlary hem degişli; howa giňişligi (halkara hukugynda dikligine (wertikal[1] boýunça) 100 kilometre çenli beýiklik diýlip hasaplanýar);

2) Döwletiň serhetleriniň daşyndaky şertli çäklerine seredilýär. Muňa girýär: döwletiň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we konsullyk edaralarynyň çäkleri; döwletiň baýdagynyň ýa-da nyşanynyň astynda hereket edýän deňiz, derýa, howa we kosmos gämileriniň üsti (şu ýerde bellemeli zat, harby gämiler islendik ýerde öz döwletiniň çägi bolup durýar, harby däl gämiler bolsa diňe öz döwletiniň suwlarynda ýa-da howa giňişliklerinde öz döwletiniň çägi diýlip hasaplanýar); açyk deňizden (ummandan) geçirilen döwletiň sim we turba geçirijileri.

Ýöne kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hereket etmeginiň çäkleýin ölçegi bilen bir hatarda ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namany kabul eden *döwlet edarasynyň ygtyýarlygynyň çägi* baradaky ölçegiň hem örän uly ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, merkezi döwlet häkimiýet edaralary, ýagny Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlisi we Ministrler Kabineti, şeýle hem beýleki merkezi döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar ýurduň bütin çäginde hereket edýärler we hukuk güýjüne eýedirler. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kabul edýän kadalaşdyryjy häsiýetdäki namalarynyň hukuk güýji bolsa diňe olaryň gözegçilik edýän çäklerinde, ýagny welaýatyň, etrabyň, şäheriň ýa-da geňeşligiň çäginde ýaşaýan, ýerleşýän fiziki we ýuridik şahslara täsir edýändir.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň giňişlikde hereket etmegi barada söz açylanda, eksterritoriallyk düşünjesiniň bardygy hem unutmaly däldir. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hereket etmeginiň *eksterritoriallygy* – bu “ex-başga, territorialis-görkezilen (şu) çäge degişli” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döwletiň çäginden daşynda-da hereket etmegini aňladýar. Mysal üçin, harby kazyýetler, daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralarynyň[2] çägi we ş.m.

## §5. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň şahslaryň topary babatda hereketi

Düzgün bolşuna görä, kadalaşdyryjy hukuk namalar döwletiň tutuş çäginde ýa-da onuň belli bir böleginde ýerleşýän (ýaşaýan, bolýan) ähli fiziki we ýuridik şahslara täsir edýärler. Ýöne käbir kadalaşdyryjy hukuk namalar diňe belli-belli subýektleriň hukuk ýagdaýlaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilýärler. Şonuň bilen baglylykda, hukugyň subýektleri dürli ölçegler boýunça birnäçe görnüşlere bölünýärler:

- hukugyň subýektleriniň görnüşlerine baglylykda: fiziki şahslara we ýuridik şahslara (içerkidöwlet, bilelikdäki we daşary ýurt guramalary);

[1]Wertikal-“verticālis-dik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, dikligine, ýagny kesäniň garşysyna diýmekligi aňladýar;

[2]Diplomatik wekilhana-bu bir döwletiň başga bir döwlet bilen özara gatnaşyklaryny üpjün etmek üçin, şol döwletdäki hemişelik hereket edýän edarasyny (ilçihanasyny) aňladýar. **Konsullyk edarasy**-“consultantis-maslahat beriji” diýen latyn sözünden gelip çykyp, daşary ýurtlarda döwletiň, onuň ýuridik şahslarynyň we raýatlarynyň, hukuklaryny we bähbitlerini goramak işi bilen meşgullanýan edaralary aňladýar.

- raýatlygyna baglylykda: döwletiň öz raýatlaryna, daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy ýok adamlara, bosgunlara we mejbury göçenlere[1];
- jynsy we ýaş degişliligine baglylykda: aýallara (göwrelilik döwründe hem-de çaga dogranyndan soňky zähmet rugsatlary), ýaşlara we pensiýadakylara[2];
- hünär degişliligine baglylykda: harby gullukçylara, býujetiň hasabyndakylara, lukmanlara, içeri işler edaralarynyň işgärlerine, täjirçilik guramalarynyň hem kärhanalarynyň[3] işgärlerine we ş.m.;
- ýaşaýan (ýerleşýän) çäklerine baglylykda: paýtagtyň ýaşaýjylary, prowinsiýanyň ýaşaýjylary we ş.m.

Hukugyň subýektleriniň görkezilen görnüşleriniň her haýsy barada aýratynlykda durlup geçilende, käbir zatlary bellemek ýerlikli bolardy.

Türkmenistanyň Raýat kodeksinde kesgitlenilişi ýaly, *fiziki şahslar* diýlende Türkmenistanyň raýatlaryna, daşary ýurtlaryň raýatlaryna, şonuň ýaly-da raýatlygy bolmadyk şahslara düşünilýär.[4] *Ýuridik şahs* – bu eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde talapçy we jogapçy çykyş edip bilýän guramadyr.[5]

Mälim bolşy ýaly, *raỳatlyk* – bu adamyň belli bir döwlete durnukly degişliligini we adamyň hem-de döwletiň özara hukuk arabaglanyşygyny aňladỳar. Bu arabaglanyşyk ikitaraplaỳyn bolup, bir tarapdan döwlet öz raỳatlaryna anyk hukuklary we azatlyklary kepillendirỳär, olaryň özlerini we emläklerini zorlukdan hem eden-etdilikden goraỳar, şonuň ỳaly-da döwlet öz çäkleriniň daşynda hem öz raỳatlaryna penakärlik edỳär. Şonuň bilen birlikde-de raỳatlar hem öz gezeginde döwletiň kanunlaryny we döwlet tarapyndan berkidilen borçlary berjaỳ etmäge, öz zähmetleri bilen döwletiň berkemegine ỳardam bermäge, zerurlyk ỳüze çykanda bolsa ony ỳaragly güỳçleriň hatarynda goramaga borçludyrlar. Şol hukuklaryň we borçlaryň jemi-de raỳatyň syỳasy-hukuk hukuk ỳagdaỳyny emele getirỳär. Raỳatlyk degişliliginiň möhüm tassyknamasy adamyň pasporty[6] bolup durỳar.

Belli bolşy ỳaly, raỳatlygy edinmegiň iki görnüşi bardyr:

a) Adam dünỳä inmegi bilen öz ene-atasynyň milli we döwlet degişliligine laỳyklykda (raỳatlygy edinmegiň bu görnüşi Daniỳa, Owganystan ỳaly döwletlerde *Gan hukugy* boỳunça, ABŞ, Argentina ỳaly döwletlerde *Toprak hukugy* boỳunça diỳlip atlandyrylỳar);

---

[1] Mejbury göçen (emigrant)-„emigrans-göçüp gidýän“ diýen latyn sözünden gelip çykyp, ykdysady, syýasy, dini we ş.m. sebäplere görä, özüniň raýaty bolan ýa-da hemişelik ýaşaýan ýurdundan başga bir ýurda hemişelik ýaşamak üçin göçüp gidýän şahsy aňladýar;

[2]Pensiýadakylar-pensiỳa-“pensio-töleg” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, raỳatlaryň döwlet durmuş ätiỳaçlandyrma gaznasyndan ỳa-da başga bir gaznalaryndan garrylygy ỳa-da kanunda görkezilen başga bir sebäplere görä alỳan üpjünçilik pullaryny alỳan adamlary aňladỳar;

[3]Täjirçilik guramalary we kärhanalary – bu, işleriniň esasy maksady peýda we girdeji gazanmak bolan ýuridik şahslary aňladýar;

[4]17.07.1998 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 19-njy maddasy;

[5] 17.07.1998 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegi;

[6]Pasport-“passaporto-gämi duralgasyndan geçip gitmäge ỳazmaça rugsatnama” diỳen italỳan sözünden gelip çykyp, raỳatyň şahsyỳetini anyklaşdyrỳan resminamany aňladỳar.

b) Naturalizasiỳa[1] tertibinde, ỳagny belli döwletiň öňünde bitiren aỳratyn hyzmatlary üçin ỳa-da adamyň özüniň şahsy haỳyşnamasynyň esasynda döwlet baştutany tarapyndan oňa raỳatlygyň berilmegi.

*Daşary ỳurt raỳatlary* – bu öz ỳaşaỳan döwletiniň däl-de başga döwletiň raỳatlarydygy hakynda degişli tassyknamasy (*pasporty*) bolan fiziki şahslar ỳa-da 08.10.1993 ỳylda kabul edilen, “Türkmenistandaky daşary ỳurt raỳatlarynyň hukuk ỳagdaỳy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda, Türkmenistanyň raỳatlary bolup durmaýan hem-de özüniň daşary ýurt döwletiniň raỳatlygyna degişliliginiň subutnamalary bar bolan adamlar Türkmenistandaky daşary ýurt raỳatlary diýlip ykrar edilýär. Milli kanunçylyga laỳyklykda, Türkmenistandaky daşary ỳurt raỳatlarynyň dört görnüşi bardyr:

*Türkmenistanyň çäginde hemişelik ỳaşaỳan daşary ỳurt raỳatlary*;

Eger daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistanda hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň Döwlet Migrasiỳa[2] gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde berlen rugsatnamalar we ýaşamak üçin ygtyýarnamalary bar bolsa, olar Türkmenistanda hemişelik ýaşaỳan daşary ỳurtlary diỳip bilinỳärler.

*Türkmenistanyň çäginde wagtlaỳyn bolỳan daşary ỳurt raỳatlary*;

Türkmenistanda hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň Döwlet Migrasiỳa gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde berlen rugsatnamalary we ýaşamak üçin ygtyýarnamalary bolmadyk, ỳöne başga bir kanuny esaslarda Türkmenistanda bolýan daşary ýurt raỳatlary Türkmenistanda wagtlaýyn bolýan adamlar diýlip hasap edilýär. Olar öz daşary ýurt pasportlaryny ýa-da olaryň ornuny tutýan resminamalaryny bellenilen tertipde bellige goỳmaga hem-de özleri üçin bellenilen *boluş möhleti*[3] tamamlanandan soň, Türkmenistandan gitmäge borçludyrlar.

*Diplomatik immunitetden peỳdalanỳan daşary ỳurt raỳatlary*;

*Diplomatik immunitet* diỳlende, diplomatyň şahsy eldegrilmesizligine, onuň ỳaşaỳan we işleỳän jaỳynyň eldegrilmesizligine, şonuň ỳaly-da bolỳan ỳurdunda ony jenaỳat we dolandyryş jogapkärçiligine we onuň ỳa-da onuň gulluk edỳän döwletiniň emläginiň alynmagy bilen bagly raỳat-hukuk jogapkärçiligine çekip, şeỳle hem onuň goş-golamlaryna we özüne şahsy serediş geçirip bolmaỳanlygyna düşünilỳär. Diplomatik immuniteti bilen baglanyşykly meseleler halkara ylalaşyklary, ikitaraplaỳyn döwletara şertnamalar, şonuň ỳaly-da döwletleriň öz halkara borçlaryny milli hukuk ulgamlaryna ornaşdyrmaklarynyň netijesinde kabul edilỳän milli kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilỳärler.

Diplomatik wekilhananyň personaly üç topara bölünỳär, 1) *diplomatik personal* – diplomatlar, ỳagny ilçiler[4] we nunsiler[5], wekiller[6] we internunsiler[1],

---

[1]Naturalizasiỳa-“naturalis-kanuny, asyl, asyllaşmak” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Migrasiỳa-“migro-geçỳärin, göçỳärin” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, adamyň, adamlaryň toparynyň (ỳa-da jandarlaryň) bir ỳerden başga bir ỳere göçmeklerini aňladỳar;
[3]Boluş möhleti-bir döwletiň çäginde hemişelik ỳaşaỳan fiziki şahsyň başga bir döwletiň çäginde anyk möhletiň dowamynda wagtlaỳyn bolmagyny aňladýar;
[4]Ilçi-iň ỳokary derejeli diplomatik wekilhananyň ỳolbaşçysy;
[5]Nunsiỳ-“nuntius-habarçy” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, Watikan döwletiniň özge döwletlerdäki hemişelik wekilini aňladỳar (derejesi boỳunça ilçi bilen deň);
[6]Wekil-ilçiden soňky diplomatik dereje (**rang-**“rang-hatar, dereje” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, belli bir harby ỳa-da hünär derejesini aňladỳar).

konsullar; 2) *dolandyryş-tehniki personal* – iş ỳöredijiler, maşinistkalar, terjimeçiler we ş.m.; 3) *hyzmat ediş personaly* – sürüjiler, süpürijiler, aşpezler we ş.m.; Diplomatik personal diplomatik wekilhananyň degişli döwletiniň, ỳagny akkreditasiỳa[2] beren döwletiň raỳatlaryndan ybarat bolỳar. Diplomatik wekilhananyň personalynyň galan agzalary wekilhananyň ỳerleşỳän ỳurdunyň raỳatlaryndan hem düzülip bilinỳär. Şeỳle ỳagdaỳlarda olaryň işe kabul edilendikleri ỳa-da işden çykarylandyklary barada wekilhananyň ỳerleşỳän döwletiniň daşary işler edarasyna habar berilỳär hem-de ol işgärler hem diplomatik personala berilỳän käbir ỳeňilliklerden peỳdalanỳarlar.

Türkmenistanda hem, 20.12.1996 ỳylda kabul edilen, “Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 12-nji maddasyna laỳyklykda, diplomatik wekilhananyň eýeleýän jaýlary eldegrilmesizdir. Olara diňe diplomatik wekilhananyň baştutanynyň ýa-da onuň deregine bolan adamyň razylygy bilen barmak bolar. Bu jaýlar we şolarda ýerleşýän emläk, şeýle hem diplomatik wekilhananyň ulag serişdeleri mejbury hereketleriň ählisinden, şol sanda ýanyny dökmek, rekwizisiýa etmek[3], ýanyndaky hat-habarlary almak we tussag etmek ýaly hereketlerden penalanmak üçin immunitet hukugyndan peýdalanýar.

Diplomatik wekilhananyň baştutanynyň rezidensiýasy[4] we wekilhananyň diplomatik personalynyň[5] agzalarynyň ýaşaýan jaýlary, olarda ýerleşýän emläk, şeýle hem ulag serişdeleri diplomatik wekilhananyň jaýlarynyňky ýaly eldegrilmesizlikden we goranmakdan peýdalanýar.

*Bosgunlar* (gaçybatalga hukugy berlenler).

1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul edilen, “Bosgunlar hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda, *bosgun* – bu jyns, dine ynanmak, raỳatlyk alamaty, belli bir sosial topara degişliligi boýunça yzarlamalaryň pidasy bolmakdan esaslandyrylan howatyrlanmalary doly bolan ýa-da syýasy ynançlary bilen Türkmenistanda bolýan we öz ýurdunyň goragyndan peýdalanyp bilmeýän ýa-da şeýle howatyrlanmalar netijesinde şeýle goragdan peýdalanmak islemeýän ýa-da belli bir raỳatlygy bolmazdan we şeýle ýagdaýlaryň netijesinde öz öňki adaty ýaşaýan ýurdunyň daşynda bolmak bilen, şeýle howatyrlanmalar netijesinde oňa dolanyp baryp bilmeýän ýa-da dolanmak islemeýän adamdyr.

*Fiziki şahsyň raỳatlygynyň bolmazlygy* – bu onda haỳsy-da bolsa bir döwletiň raỳatlygynyň bolmazlygyny aňladỳar. Raỳatlygy bolmazlyk doglan pursadyndan

---

[1]Internunsiỳ-Watikanyň ilçileriniň nunsiỳden soňky diplomatik derejesi;
[2]Akkreditasiỳa-“accredere-ynanmak” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, halkara hukugynda özge döwletde diplomatik wekili bellemegiň tertibini aňladỳar;
[3]Rekwizisiýa-“requisition-talap” diýen latyn sözünden gelip çykyp, emlägi döwletiň wagtlaýyn ulanmagyna ýa-da hemişelik eýeçiligine mejbury ýagdaýda muzduny töläp almaklygy aňladýar. Rekwizisiýa dolandyryş hukugynda ulanylýan temmi çäreleriniň bir görnüşidir;
[4]Rezidensiỳa-“ressidere-oturmak, bolmak” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, ỳokary wezipeli şahsyň bolỳan jaỳyny aňladỳar;
[5]Personal-“persona-şahsyỳet” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir guramanyň işgärleriniň toplumyny aňladỳar.

başlap (*absolỳut*[1]) we raỳatlygy soň ỳitirendigi sebäpli (*otnositel*) bolup biler. Türkmenistanda raỳatlygy bolmadyk adamlara hem Türkmenistanyň raỳatlary we daşary ỳurt raỳatlary bilen deň hukuklar berilỳär.

Görkezilenlerden başga-da raýatlyk düşünjesiniň "köpraýatlylyk" diýlip atlandyrylýan ýene-de bir görnüşi bardyr. *Köpraỳatlylyk* (bipatrizm[2]) – bu belli bir fiziki şahsyň bir wagtyň özünde iki ỳa-da ondan-da köp döwletiň raỳaty bolmagydyr. Bu ỳagdaỳ şahsyň dogulmagy bilen ỳagny onuň ene-atasynyň her haỳsynyň bir döwletiň raỳaty bolup durỳanlygy sebäpli ỳa-da onuň öň bir döwletiň raỳaty bolup, soňra başga bir döwletiň raỳatlygyna kabul edilmeginiň netijesinde ỳüze çykyp biler.

---

[1]Absolỳut-"absolutus-çäklendirilmedik, doly" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, bir zadyň gutarnykly, doly ölçegini aňladỳar;

[2]Bipatrizm-"bi-iki" diỳen latyn we "patridos-watan, ỳurt" diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, halkara hukugynda bir wagtyň özünde iki ỳa-da ondan-da köp döwletiň raỳatlygynda durỳan şahslary aňladỳar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 11.1.**



Çyzgy 11.2.


Kanunda düzgünleşdirilýän esasy meseleler
raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramagyň hem üpjün etmegiň usullary
kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem kazyýet häkimiýet edaralaryny döretmegiň we işiniň tertibi
raýatlyk gatnaşyklary
döwlet howpsuzlygy we goranmagy bilen baglanyşykly meseleler
eýeçilik gatnaşyklary
ykdysadyýeti, medeni-durmuş gurluşy dolandyrmagy guramak
býujet-maliýe ulgamy, nyrhlaryň emele gelmegi we salgyt ulgamy
jenaýat, dolandyryş we raýat kanunçylygynyň meseleleri
kazyýet işini ýörediş
jemgyýetçilik birleşiklerini döretmegiň we olaryň işiniň meseleleri
köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk ýagdaýy
daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler we ş.m.

Çyzgy 11.3.


Ýerli kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar
Bu belli bir guramanyň çäginde onuň ähli agzalary ýa-da olara wekilçilik edýän edara (plenum, prezidium, kollegiýa we ş.m.) tarapyndan kabul edilen hem-de zähmetkeşleriň toplumynyň gündelik içerki guramaçylyk işjenligini düzgünleşdirmeklige gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuk namadyr
içerki zähmet gün tertibi barada buýruklary, düzgünnamalary
zähmet düzgün-nyzamy barada görkezmeleri
önümçiligi guramak barada gönükdirmeleri
edaranyň düzüm birlikleriniň arasyndaky gatnaşyklary amala aşyrmagyň tertipleri we ş.m.
Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň herekete (hukuk güýjüne) girmeginiň tertibi
Metbugatda neşir edilen pursadyndan
Kadalaşyryjy hukuk namada ýörite görkezilen senede
Kesgitlenen wagt möhletiniň geçmegi bilen (adatça on günden soň)


Çyzgy 11.4.
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň hereketi bes edilýär
Resmi taýdan ýatyrylsa
Täze kadalaşdyryjy hukuk nama kabul edilse
Onuň düzgünleşdirýän ýagdaýlary üýtgese
Bellenen möhlet geçse
Adatça diňe jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän kadalar yzyna täsir edýär
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň özünde bellenen bolsa yzyna täsir edýär
Köplenç yzyna täsir etmeýär
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň yzyna täsir ediş güýji

**Çyzgy 11.5.**

**Kadalaşdyryjy hukuk namalar giňişlikde hereket edende**

**Döwletiň çäginde hereket edýär. Döwletiň çägine girýärler:**

Döwlet serhediniň içindäki çäkler

- ýerasty, ýagny geologiýa taýdan öwrenilen we özleşdirilen çuňluklaryna çenli ýer gabygy
- kontinental şelfi, ýagny deňziň (ummanyň) içine tarap 200 deňiz miline çenli uzaklyk
- döwlete degişli adalar we anklawlar
- döwletiň suwlary, muňa onuň içerki suwlary bolan derýalar, köller, suw howdanlary, deňizler, şeýle hem deňziň (ummanyň) içine tarap 12 mile çenli uzaklygy öz içine alýan döwletiň çäkleýin suwlary hem degişli

Döwlet serhediniň daşyndaky şertli çäkler

- howa giňişligi (halkara hukugynda dikligine (wertikal boýunça) 100 kilometre çenli beýiklik)
- döwletiň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we konsullyk edaralarynyň çäkleri
- döwletiň baýdagynyň ýa-da nyşanynyň astynda hereket edýän deňiz, derýa, howa we kosmos gämileriniň üsti
- açyk deňizden (ummandan) geçirilen döwletiň sim we turba geçirijileri


Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň şahslaryň topary babatda hereketi
Adatça, kadalaşdyryjy hukuk namalar döwletiň çäginde ýa-da onuň belli bir böleginde ýerleşýän (ýaşaýan, bolýan) ähli fiziki we ýuridik şahslara täsir edýärler. Ýöne käbir kadalaşdyryjy hukuk namalar diňe belli-belli subýektleriň hukuk ýagdaýlaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilýärler.
Hukugyň subýektleri dürli ölçegler boýunça birnäçe görnüşlere bölünýärler
Görnüşlerine baglylykda
Raýatlygyna baglylykda
Jynsy we ýaş degişliligine baglylykda
Hünär degişliligine baglylykda
Ýaşaýan (ýerleşýän) çägine baglylykda
Fiziki şahslar
Ýuridik şahslar
Bosgunlar
Mejbury göçenler
Döwletiň raýatlary
Daşary ýurt raýatlary
Raýatlygy ýok şahslar
Aýallar
Ýaşlar
Pensiýadakylar
Harby gullukçylar
Býujet hasa-byndakylar
Lukmanlar
Içeri işler edaralary-nyň işgärleri
Täjirçilik guramalary-nyň işgärleri we ş.m.
Paýtagtyň ýaşaýjylary
Prowinsiýanyň ýa-şaýjylary we ş.m.
Çyzgy 11.6.

## *SOWALNAMA*

**1) Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň näçe sany esasy görnüşi bar?**
- dört;
- üç;
- iki;
- bir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Ýurtda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemi,**
- kanunçylyk diýlip atlandyrylýar;
- hukuk ulgamy diýlip atlandyrylýar;
- hukugyň ulgamy diýlip atlandyrylýar;
- hukuk diýlip atlandyrylýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Kanun kabul edilýär:**
- döwletiň ýokary wekilçilikli edarasy tarapyndan;
- gönüden-göni halk tarapyndan (sala salşyk esasynda);
- käbir meseleler boýunça döwlet baştutany tarapyndan;
- Hökümet ýolbaşçysynyň orunbasarlary tarapyndan.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Türkmenistanda kanunyň görnüşlerine girýärler:**
- Türkmenistanyň Konstitusiýasy;
- Türkmenistanyň konstitusion kanunlary;
- Türkmenistanyň kanunlary;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar:**
- hereket edýän kanunlary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ol ýa-da beýleki çygyrlaryna degişlilikde anyklaşdyrmak üçin çykarylýar;
- ygtyýarly edaralar (guramalar) hem wezipeli şahslar tarapyndan kanuna laýyklykda kabul edilýär;
- ygtyýarly edaralaryň (guramalaryň) hem wezipeli şahslaryň ähli permanlary, kararlary we buýruklarynyň jemidir;
- gündelik wezipeleri haýal etmän, çalt we netijeli çözmek üçin çykarylýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Türkmenistanda kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryň näçe görnüşi bar?**
- bäş;
- alty;
- ýedi;

- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Türkmenistanyň Prezidentiniň kabul edilýän ähli namalary kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalardyr:**

- hawa;
- ýok, diňe kadalaşdyryş häsiýetli namalary şeýledir;
- ýok;
- ýok, diňe permanlary şeýledir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Türkmenistanyň Prezidentiniň kabul edýän kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryna degişli:**

- belli bir şahsy ýa-da şahslary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda perman;
- belli bir şahsy ýa-da şahslary Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek barada perman;
- belli bir şahsa ýa-da şahslara hormatly atlary, harby atlary hakynda perman;
- Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň we kanunlarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça kabul edilen permanlar we kararlar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Geňeşleriň kadalaşdyryş häsiýetli kararlary kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalara degişlimi?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de ol ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan tassyklansa;
- hawa, eger-de ol ýerli wekilçilikli edara tarapyndan tassyklansa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýerli (lokal) kadalaşdyryjy namalar diýlip atlandyrylýan görnüşi barmy?**

- ýok;
- hawa;
- hawa, käbir ýurtlarda bar;
- diňe Türkmenistanda ýok, galan ýurtlarda bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Ýerli (lokal) kadalaşdyryjy namalaryň mysaly hökmünde şulary görkezmek bolar:**

- içerki zähmet gün tertibi barada buýruklary, düzgünnamalary;
- arçynyň şahsy häsiýetli kararlaryny;
- zähmet düzgün-nyzamy barada görkezmeleri;
- önümçiligi guramak barada gönükdirmeleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň herekete (hukuk güýjüne) girmeginiň şu tertipleri bar:**
-özbaşdak kitap görnüşinde çykyp, kitap dükanlarynda satuwa çykarylandan soň;
- metbugatda neşir edilen pursadyndan;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň özünde ýörite görkezilen senede;
- kesgitlenen wagt möhletiniň geçmegi bilen (adatça kadalaşdyryjy hukuk nama resmi taýdan çap edilenden 10 gün geçenden soň).

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Eger kanun tarapyndan güýje girizmegiň başga möhleti bellenilmese, Türkmenistanyň Konstitusiýasy güýje girýär:**
- çap edilenden on gün soň;
- çap edilenden bir aý soň;
- çap edilen gününden başlap;
- çap edilenden soň, radioda hem telewideniýede yglan edilmese güýje girmeýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Kanun ähli ýagdaýlarda yzyna täsir edýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, diňe kanunyň özünde bellenen bolsa we ol jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da ony ýeňilleşdirýän bolsa;
- hawa, diňe kanunyň özünde bellenen bolsa we ol jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Birmeňzeş gatnaşyklaryň toplumyny düzgünleşdirmek üçin täze kadalaşdyryjy hukuk nama kabul edilen ýagdaýynda öňki kadalaşdyryjy hukuk nama,**
- täzesiniň üstüne goşulýar;
- ýatyrylýar;
- ikisi birleşdirilip, kodeks diýlip atlandyrylýar;
- ikisi hem bir wagtda hereket edýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hereketi bes edilýär:**
- öňünden bellenilen möhletiň geçmegi bilen;
- onuň düzgünleşdirmegi üçin niýetlenen ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen;
- gönüden-göni hem-de resmi taýdan ýatyrylandan soň;
- azyndan on bäş gezek üýtgetme-goşmaça girizilenden soň.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Kadalaşdyryjy hukuk namalar giňişlikde hereket edýärler:**

- döwlet serhediniň içindäki we daşyndaky şertli çäklerinde;
- diňe döwlet serhediniň içindäki çäklerde;
- kanunlar döwlet serhediniň içindäki we daşyndaky şertli çäklerinde, kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar bolsa – diňe döwlet serhediniň içindäki çäklerde;
- döwletiň konstitusiýasy döwlet serhediniň içindäki we daşyndaky şertli çäklerinde, galan kadalaşdyryjy hukuk namalar bolsa – diňe döwlet serhediniň içindäki çäklerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň kabul eden kadalaşdyryjy hukuk namalary ýurduň bütin çäginde hemmeler üçin hökmany häsiýete eýedir:**
- hawa;
- hawa, eger-de ol hereket edýän kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa;
- ýok, diňe şol ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň dolandyryşy amala aşyrýan çäginde hemmeler üçin hökmany häsiýetlidir;
- ýok, diňe şol ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň we şonuň bilen hukuk ýagdaýy deň bolan edaralaryň dolandyryşy amala aşyrýan çäklerinde hemmeler üçin hökmany häsiýetlidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Döwletiň hökümetiniň kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary:**
- kanunlara we döwlet baştutanynyň kadalaşdyryş häsiýetli namalaryna laýyk gelmeli;
- kanun häsiýetlidir;
- ýurduň bütin çäginde hemmeler üçin hökmany häsiýetlidir;
- aşakda durýan döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary üçin esas bolup durýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň täsir edýän subýektleri näçe ölçeg boýunça toparlara bölünýärler?**
- bäş;
- dört;
- üç;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 12-nji bap. Hukuk döredijilik işi

## §1. Hukuk döredijilik işi barada düşünje we onuň ýörelgeleri

Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň çeşmeleriniň arasynda kadalaşdyryjy hukuk namalar – döwlet edaralarynyň hukuk kadalaryny (ýuridik kadalary) özlerinde jemleýän namalary esasy orny eýeleýärler. Olar hukuk döredijilik işiniň netijesi bolup durýarlar. *Hukuk döredijilik işi* – bu has giň hadysanyň – hukuk emele geliş hadysasynyň düzüm bölegi bolup durýar. *Hukuk emele geliş hadysasy* bolsa, jemgyýetçilik zerurlygynyň we döwletiň kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek işiniň täsiriniň astynda, umumy ykrar edilen (obýektiw) esaslarda emele gelýän binýatlaýyn hukuk şertlerinden düzülen hereketleriň yzygiderli jemidir.

Başgaça aýdylanda, *hukuk döredijilik işi* – bu döwletiň ygtyýarly edaralarynyň hem-de wezipeli şahslarynyň ýa-da sala salşygyň üsti bilen bütin halkyň kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmek (döretmek), üýtgetmek ýa-da ýatyrmak bilen bagly işjeňligidir.

Hukuk döredijilik işi täze hukuk kadalaryny işläp düzmek, könelen diýlip hasaplanýan öňki hukuk kadalaryny ýatyrmak, hukugyň ýetmezçiliklerini aradan aýyrmak hem-de kanunçylygy kämilleşdirmek we ş.m. babatda anyk wezipeleri ýerine ýetirýär.

Hukuk döredijilik işi – bu örän çylşyrymly hem jogapkärli hereketleriň yzygiderlikli jemi (prosessi) bolmak bilen, onuň netijeleri hemmelere we her bir şahsa täsir edýärler. Şonuň üçinem, hukuk döredijilik işi amala aşyrylanda şu aşakdaky ýörelgelere gollanmak hökmandyr:

- halk häkimiýetliligi (demokratiýa) ýörelgesi (hukuk kadalarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we döredilmegine halkyň gatnaşmagy);
- kanunylyk ýörelgesi (hukuk döredijilik işiniň diňe kanunçylykda bellenen edaralar hem wezipeli şahslar tarapyndan berk we anyk kesgitlenen amala aşyryş tertibine (prosedura) laýykda ýerine ýetirilmegi);
- hünärmenlik (professionallyk) ýörelgesi (taýýarlanýan we kabul edilen kanunlaryň taslamalarynyň umumy (obýektiw) şertlendirilen bolmagy, olaryň tekstleriniň hukuk tehnikasynyň talaplaryna laýyk gelmegi, muňa bolsa kanundöredijilik işini amala aşyrmaga gatnaşýan şahslaryň hünärmenlik esaslarynda jogap bermegi);
- hukuk döredijilik işiniň ylmy esasda alnyp barylmagy ýörelgesi (hukuk döredijilik işinde hukuk öwreniş ylmynyň we beýleki jemgyýetçilik ylymlarynyň iň soňky täzelikleriniň, şeýle hem şol ylymlar tarapyndan hukuk kadalaryny döretmek babatda işlenip düzülen ýörite usullaryň we serişdeleriň göz öňünde tutulmagy);
- aç-açanlyk ýörelgesi ("Adamyň we raýatyň hukuklaryna hem-de azatlyklaryna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary hemmeleriň dykgatyna ýetirilmese, özleriniň kabul edilen pursadyndan hereket

etmeýärler“ Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasynyň 3-nji abzasy[1]);
- kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hukuk barada iň wajyp garaýyşlara laýyk gelmegi ýörelgesi (kanunlaryň hukuga laýyk bolmagy) we ş.m..

## §2. Hukuk döredijilik işiniň görnüşleri

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, hukuk döredijilik işi örän çylşyrymly hem köpdürli hereketleriň yzygiderlikli jemi (prosessi) bolmak bilen, onuň netijeleri hukuk kadalarynyň döredilmegine gatnaşýan täsir edýän şahslarynyň (subýektleriniň) topary boýunça we döredilýän hukuk kadalarynyň hukuk güýji boýunça biri-birlerinden tapawutlandyrylýarlar.

Hukuk görkezmeleri şahslaryň (subýektleriň) giň köpçuligi tarapyndan döredilýär we şol şahslaryň (subýektleriň) köpçüligine ol ýa-da beýleki ýagdaýlarda halk, şeýle hereketleri amala aşyrmaga ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde wezipeli şahslar degişlidir.

Şonuň üçinem hukuk döredilijik işine gatnaşýan şahslara (subýektlere) baglylykda onuň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:
- *halkyň gönüden-göni hukuk döredijilik işi* sala salşyk esasynda amala aşyrylýar;
- *döwlet edaralarynyň hukuk döredijilik işi*, jemgyýetçilik işjeňliginiň bur görnüşiniň esasy ugry bolup durýar (hukuk döredijilik işiniň bu görnüşi bilen Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Prezidenti we Ministrler Kabineti, ministrlikler we pudak edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, ýerli wekilçilikli häkimiýet edaralary ýaly döwlet edaralarynyň hem-de wezipeli şahslarynyň ençemesi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde meşgullanýarlar);
- *ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk döredijilik işi* olar tarapyndan öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrylýar;
- özlerine berlen hukuklaryň hem ygtyýarlyklaryň esasynda eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli bolan edaralaryň, kärhanalaryň hem guramalaryň ýolbaşçylary tarapyndan amala aşyrylýan, degişli guramanyň (edaranyň, kärhananyň) işiniň dürli ugurlaryny we onuň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän, umumy häsiýetli düzgünleriň (kadalaryň) işlenip düzülmegine, kabul edilmegine gönükdirilen *ýerli (lokal) hukuk döredijilik işi* (mysal üçin, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertibiniň düzgünnamasyny döretmek).

Döredilýän hukuk kadalarynyň hukuk güýjüne baglylykda bolsa onuň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:
- *kanun döredijilik işi* (döwletiň ýokary wekilçilikli edaralarynyň kanunlary döretmek babatda amala aşyrýan işi);

[1]Abzas-“abzats-yza çekilmek, süỳşmek” diỳen nemes sözünden gelip çykyp, tekstde sözlem täze setirden başlananda setiriň beỳleki setirlere garanyňda biraz yza süỳşüp ỳazylmagyndan ybarat bolan ỳazuw düzgünini aňladỳar.

- *geçirilen* (delegirlenen[1]) *kanun döredijilik işi* ( ýüze çykýan hukuk meseleleriniň dessine (operatiw[2]) we netijeli çözülmegini üpjün etmek üçin, döwletiň ýokary kanunçykaryjy edarasynyň tassyklamagy bilen döwletiň ýokary ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy (prezident ýa-da hökümet) tarapyndan kanunyň kabul edilmegini aňladýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 64-nji maddasynda: "Mejlis aýry-aýry meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidentine kanun çykarmak hukugyny berip biler, soňra şol kanunlary tassyklamak baradaky meselä Mejlis tarapyndan hökman garalmalydyr" diýlip bellenýär);
- *kanunalaýyk* (kanunasty) *hukuk döredijilik işi* (döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we ygtyýarly edilen wezipeli şahslary tarapyndan hereket edýän kanunlaryň esasynda kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döredilmegi);
- *tassyklanan* (sanksionirlenen) *hukuk döredijilik işi* (döwlet tarapyndan adat kadalary hökmünde emele gelen özüňi alyp baryş düzgünleriniň hukuk kadalary hökmünde tassyklanmagy ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna ýa-da döwlete dahylsyz aýry-aýry guramalara hukuk döredijilik işi bilen meşgullanmaga rugsat berilmegi);
- *şertnamalaýyn hukuk döredijilik işi* (taraplaryň kadalaşdyryş görkezme hökmünde güýji bolan ylalaşyklary baglaşmagy).

## §3. Hukuk döredijilik (kanundöredijilik) işiniň tapgyrlary

Hukuk döredijilik işi – birnäçe wagtlap dowam edýän we birnäçe tapgyrlary (stadiýalary[3]) – kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kabul edilmeginiň döwürlerini öz içine alýan hereketleriň yzygiderlikli jemidir (prosessidir). Şu ýerde, döwletiň ýokary wekilçilikli edarasynyň – parlamentiň kanunlary kabul etmek babatda alyp barýan kadalaşdyrylan we tertipli işjenligi hökmünde, hukuk döredijilik işiniň kanun döredijilik işi bilen bagly böleginiň ilkinji nobatda seljerilmeginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Parlamentiň bu işi, täze kanuny kabul etmek babatda kanunçykaryjylyk başlangyjy, onuň taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagy, kabul edilmegi we yglan edilmegi (halka yglan edilmegi, neşir edilmegi) ýaly tapgyrlardan ybaratdyr.

*Kanunçykaryjylyk başlangyjy we kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasyny taýýarlamak.* Bu tapgyrda döwletiň kanunçykaryjy edarasyna haýsy-da bolsa takyk bir jemgyýetçilik gatnaşygyny kanunçylyk taýdan düzgünleşdirmegiň zerurlygy barada teklip we degişli kanunyň taslamasy berilýär. Türkmenistanda kanun

[1]Delegirlemek-"delegatus-wekil, ugradylan" diýen latyn sözünden gelip çykyp, bir edaranyň, adamyň ýa-da adamlaryň toparynyň öz ygtyýarlyklaryny başga bir şahsa ýa-da şahslaryň toparyna bermegini, şonuň ýaly-da görkezilenleriň delegat (wekil) hökmünde öz ynanan şahsyny (şahslaryny) haýsydyr bir ýygnakda ýa-da başga bir resmi ýerde öz bähbitlerini beýan etmek hem goramak üçin ugratmaklaryny aňladýar;
[2]Operatiw -"operativ-çalt (dessine) hereket etmek" diýen nemes sözünden gelip çykyp, işiň gidişini wagtynda we çalt düzetmekligi ýa-da ugrukdyrmaklygy başarmaklygy aňladýar;
[3]Stadiýa-"staduion-satdaiýa-uzaklygyň ölçegi, tapgyr" diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk Türkmenistanyň Prezidentine, Mejlisiň deputatlaryna, Ministrler Kabinetine, Ỳokary kazyỳete degişlidir.[1]

*Kanunyň taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagy*, kanun döredijilik işiniň iň bir uzyn we nähili netije bilen tamamlanjakdygy nämälim bolan tapgyrydyr. Bu tapgyr:

- hünärmenleriň kanunyň taslamasynyň tekstiniň üstünde işlemegini;
- taslamada beýan edilen adalgalaryň, düşünjeleriň we düzgünleriň anyklanmagyny hem doly we hemmetaraplaýyn seljerilmegini;
- degişli düzedişleriň, goşmaçalaryň girizilmegini, ýagny taslamanyň tekstiniň redaktirlenmegini[2];
- bölümleýin (plenar[3]) maslahatlarda kanunyň taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyny;
- bellikleriň girizilmegini;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasynyň gutarnykly görnüşiniň düzülmegini öz içine alýar.

Bu tapgyr öz gezeginde iki döwre bolünýär:

**1.** Kanunyň taslamasynyň deslapky ara alnyp maslahatlaşylmagy, düzgün bolşuna görä ara alnyp maslahatlaşylýan kanunyň taslamasynyň kabul edilmegi bilen gyzyklanýan şahslaryň giň köpçüliginiň gatnaşmagynda, bilermenleri, degişli döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerini çagyrmak bilen geçirilýär. Bu hereket ylmy-amaly maslahatlaryň, söhbetdeşlikleriň, tegelek stoluň başyndaky mejlisleriň geçirilmegi ýa-da bilermen seljermeleriniň netijeleriniň berilmegi, şeýle hem tele we radi ýaýlymlarda sowal-jogap alşygyny guramak, degişli gazetlerde we žurnallarda[4] kanunyň taslamasynyň seljerilişine bagyşlanan makalaryň çap edilmegi ýaly dürli görnüşlerde amala aşyrylyp bilinýär. Kanunyň taslamasynyň deslapky ara alnyp maslahatlaşylmagynyň kanunyň hilini ýokarlandyrmakda we tutuş kanunçykaryjylyk işini kämilleşdirmekde örän wajyp ähmiýeti bardyr. Şu tapgyrda kabul edilmeklige hödürlenýän kanunyň taslamasy hemmetaraplaýyn hukuk, ykdysady, durmuş-syýasy we beýleki bilermen seljermelerinden geçirilýär.

**2.** Kanunyň taslamasynyň resmi ara alnyp maslahatlaşylmagy, adatça iki derejede – birinjiden: parlamentiň komitetleriniň, toparlarynyň; ikinjiden: parlamentiň palatalarynyň derejesinde geçirilýär. Kanun döredijilik işiniň bu tapgyryny geçirmegiň tertibi parlamentiň ýörite dessurynda (reglamentinde) düzgünleşdirilýär.

*Kanunyň kabul edilmegi*, edil islendik kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmegi ýaly, oňa resmi taýdan hemmeler üçin hökmanylyk güýjüniň berilmegini aňladýar. Bu tapgyr hem öz gezeginde iki bölege bölünýär. Birinji bölekde kanun

---

[1]18.05.1992 ýylda kabul edilen we 26.09.2008 ýylda soňky üýtgetme-goşmaçalar girizilen, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 65-nji maddasy;

[2]Redaktirlemek-“redactus-tertipleşdirilen, rejelenen” diýen latyn sözünden gelip çykyp, tekstiň seljerilip, ýüze çykarylan ýalňyşlyklaryň düzedilmegini aňladýar;

[3]Plenar-“plenarius-doly” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[4]Žurnal-“journal-gündelik” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, yzygiderli metbugat serişdesini aňladỳar. Ilkinji žurnal, 1665-nji ỳylda, Fransiỳada, “journal des scavants” ady bilen çap edilip başlanypdyr.

döwletiň kanunçykaryjy edarasy – parlament tarapyndan kabul edilýär. Onuň kabul edilmegi bir ýa-da birnäçe okalyşda amala aşyrylyp bilinýär.

Kanunyň taslamasynyň *okalyşy* ýa-da başgaça aýdylanda, parlament okalyşlary – bu kanunyň taslamasynyň parlamentde ýa-da onuň palatasynda yzygiderli seredilmeginiň we ara alyp maslahatlaşylmagynyň döwürleridir. Kanunyň taslamasynyň okalyşynyň sany köplenç dörtden köp bolmaýar.

Kanunyň taslamasynyň üç okalyşda kabul edilmegini göz öňünde tutýan ulgam has giňden ýaýrandyr. Birinji okalyşda parlamentiň ýa-da palatanyň başlygy kanunyň taslamasynyň adyny yglan edýär we taslamany degişli ugur boýunça kanunlaryň taslamalaryny seljerýän hemişelik komitete ýa-da topara geçirýär. Topar ýa-da komitet taslamany seljerip, oňa zerur üýtgetmeleri hem goşmaçalary girizýär.

Soňra ikinji okalyşda taslamanyň düzüjileriniň adyndan nutuk bilen we taslamany seljeren parlament toparynyň ýa-da komitetiniň nutugy bilen kanunyň taslamasy parlamentiň ýa-da onuň palatasynyň mejlisine ara alyp maslahatlaşmak üçin çykarylýar. Ikinji okalyşda kanunyň taslamasy parlamentiň deputatlary[1] tarapyndan doly we jikme-jik ara alnyp maslahatlaşylýar. Şonda-da deputatlar tarapyndan taslama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek baradaky teklipler berilýär, olar ses bermeklige hödürlenýär.

Üçünji okalyşda kanunyň taslamasy ses berlişige goýulýar. Kanunyň kabul edilmeginiň bu döwründe diňe redaksion (harp ýalňyşlyklaryna, dyngy belgileriniň goýluşyna we ş.m. ) düzedişler girizmeklige rugsat berilýär. Eger-de deputatlaryň bellenen sany kanuny kabul etmekligi goldap ses berse ol kabuk edilýär. Türkmenistanda bolsa kanunlar Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan iki okalyşda kabul edilýär.

Soňra parlament tarapyndan kabul edilen kanun döwlet baştutanynyň tassyklamagy (gol çekmegi) üçin ugradylýar. Döwlet baştutany kabul edilen kanuny tassyklandan soňra kanun doly kabul edilen diýlip hasaplanýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 7-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti kanunlara gol çekýär, ylalaşmadyk ýagdaýynda bolsa, närazy ýerlerini görkezmek bilen kanuny iki hepdeden gijä goýman, Mejlise täzeden ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin gaýtarmaga, ýagny gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmaga haklydyr. Eger Mejlis deputatlaryň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ses bermegi bilen ozal kabul eden çözgüdini tassyklaýan bolsa, onda Türkmenistanyň Prezidenti şol kanuna gol çekýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň Konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanunlar babatda gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmaga hukugy ýokdur.

Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň (kanunyň) *resmi taýdan yglan edilmegi*, döwletiň ýokary wekilçilikli edarasy tarapyndan kabul edilen we döwlet baştutany tarapyndan gol çekilen kanunlaryň, şeýle-de döwletiň ygtyýarly edilen edaralary hem wezipeli şahslary tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bellenilen tertipde hemmeleriň dykgatyna ýetirilmegini aňladýar.

[1] Deputat-“deputatus-ygtyỳarly edilen” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga.

Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mazmuny ýurduň ilatyna, olaryň metbugatda neşir edilmegi, radioda, teleýaýlymlarda yglan edilmegi, internetde ýerleşdirilmegi we ş.m. ýaly dürli usullaryň kömegi bilen beýan edilýär. Ýöne kadalaşdyryjy hukuk namalar ilkinji gezek diňe ýörite bellenilen neşirlerde yglan edilende, olaryň yglan edilmegi resmi häsiýete eýe bolýar. Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, şeýle resmi neşirlere "Türkmenistan", «Нейтральный Туркменистан» gazetleri, "Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary", "Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň Ýygyndysy", "Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň häkimleriniň kadalaşdyryjy namalarynyň Ýygyndysy" girýärler.

Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň *resmi däl yglan edilmegi* bolsa, onuň döwletiň resmi neşirleri hökmünde bellenilmedik metbugat serişdelerinde çap edilmegini, radio we tele ýaýlymlarynda beýan edilmegini aňladýar.

## §4. Kanunlaryň bilinýändigi hakynda çaklama (prezumpsiýa)

Gadymy döwürlerde rim hukukçylary tarapyndan işlenip düzülen, "hiç kim kanuny bilmeýändigi bilen özüni aklap bilmez", "kanuny bilmezlik hiç kimi jogapkärçilikden boşatmaýar" diýen hukugyň jedelsiz hakykatlary (aksiomalary) häzirki zamanda diňe her bir hukukça däl-de, eýsem her bir raýata-da bellidir. Hukugyň bu jedelsiz hakykatlaryna çaklama (prezumpsiýa), jedelsiz hakykat (aksioma) ýa-da hakykatda bolmadyk, ýöne çaklanylýan ýagdaý (fiksiýa[1]) hökmünde garamak bolar.

Hemmeleriň sowatly we köpçülikleýin habar beriş (maglumat ýaýradyş) ulgamynyň hemmeler üçin elýeterli bolan häzirki döwründe kanunlaryň bilinýändigi hakynda çaklama (prezumpsiýa) hakykatdan hem jedelsiz hakykata öwrüldi. Munuň şeýledigi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasynda berkidilen hukuk kadasyndan hem gelip çykýar.

## §5. Hukuk tehnikasy

*Hukuk tehnikasy* – bu hukuk döredijilik işiniň tejribesine esaslanýan we düzgünleşdirilýän soraglaryň gutarnykly beýan edilmegini, şonuň ýaly-da, düzülýän kadalaryň düşnükliligini, sadalygyny, ýokary kadalaşdyryş netijeliligini üpjün edýän, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny taýýarlamagyň düzgünleriniň hem usullarynyň ulgamydyr.

Hukuk tehnikasyna bildirilýän talaplar örän köpdür we olar umumy düzgünlere laýyklykda, şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ❖ hukuk tehnikasy hukuk döredijilik işi bilen meşgullanýan edaranyň erk-islegini mümkin boldugyndan doly we many-mazmunly (adekwat[2]) beýan etmäge ýardam bermelidir;

[1] Fiksiýa-"fictio-hyýaly pikir, hyýalbentlik, howaýy pikir, oýlanyp tapylan zat" diýen latyn sözünden gelip çykyp, adatça haýsydyr bir maksada ýetmek üçin ulanylýan, ýöne hakykatda bolmadyk ýagdaýy aňladýar;
[2] Adekwat-"adaequatus-deňleşdirilen, deň" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- hukuk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namada berkidilýän kadalaşdyryjy görkezmeleriň beýan edilişiniň gysgalygyny, paýhasly guramaçylygyny we many taýdan tertipli (logiki) yzygiderliligini üpjün etmelidir;
- hukuk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň içki mazmunynda we tutuş kanunçylyk ulgamynda gapma-garşylyklaryň hem ýetmezçilikleriň bolmagyna ýol bermeli däldir;
- hukuk tehnikasy hukuk kadalarynyň mazmunynyň beýan edilişiniň hemmetaraplaýynlygyny we ýeterlik çuňlugyny üpjün etmek bilen olaryň gysga, düşnükli we gysby (kompakt[1]) beýan edilmegini ýola goýmalydyr;
- hukuk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň beýan ediş diliniň hemmeler üçin düşnükli, elýeterli, sada, anyk, olarda ulanylýan kesgitlemelerdir, adalgalaryň bolsa takyk hem gutarnykly bolmagyny üpjün etmelidir;
- hukuk tehnikasy şol bir meseleleri düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň sanynyň mümkin boldugyndan azaldylmagyna ýardam bermelidir;
- hukuk tehnikasy kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň öz wagtynda yglan edilmegine hem-de hukuk güýjüne girizilmegine ýardam bermelidir we ş.m.

Hukuk (kanunçykaryjylyk) tehnikasynyň kanunçykaryjylyk beýan ediş usuly (stilistikasy[2]), hukuk gurluşy (konstruksiýasy[3]), hukuk adalgaýeti (terminologiýasy) ýaly düzüm bölekleri bardyr.

*Kanunçykaryjylyk beýan ediş usuly* (stilistikasy) – bu kadalaşdyryjy hukuk resminamalarynda dil serişdeleriniň mümkin boldugyndan maksadalaýyk ulanylmagynyň usullarynyň ulgamydyr. Kanunçykaryjylyk beýan edişiniň usulynyň (stilistikasynyň) düzgünlerinden ugur almak bilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysyna (tekstine) şu aşakdaky talaplar bildirilýär:

- ol sada bolmaly;
- bütewi bolmaly;
- many taýdan gutarnykly bolmaly;
- onda könelen ýa-da köpmanyly söz düzümleri, iki manyly deňeşdirmeler bolmaly däl;
- ýazgylaryň beýan edilişi hökmanylyk, buýruk, häkimlik äheňinde bolmaly (direktiwlik[4]);
- ol resmi bolmaly;

---

[1]Kompakt-“compaktus-dykyz, gysby, jebis” diýen latyn sözlünden gelip çykan adalga;
[2]Stilistika-“stylos” diýen söz bilen gadymy grekler ýylmanak tagtalaryň ýüzüne hat ýazmak, surat çekmek üçin ulanylýan, ujy ýiteldilen taýajyklary atlandyrypdyrlar. Bu söz, sözler, hereket, aýdym-saz, şekiller bilen beýan edişiniň usullarynyň we serişdeleriniň jemini aňladýar;
[3]Konstruksiýa-“constructio-düzmek, gurmak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zadyň içki düzüm gurluşyny, karkasyny aňladýar. **Karkas**-“carcasse-skelet, esasy, gapyrgasy” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir desganyň, ymaratyň ýa-da enjamyň birnäçe özara berkidilen düzüm böleklerinden ybarat bolan gurluşyny aňladýar. **Skelet**-“skeletos-guran” diýen grek sözünden gelip çykyp, adamyň we haýwanlaryň beden gurluşynyň süňk esasyny aňladýar;
[4]Direktiwlik, direktiwa-“direktus-göni, gönüden-göni, dirigere-gönükdirýän” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, ýokarda durýan edaranyň ýa-da wezipeli şahsyň tabynlygyndakylara berýän buýruk häsiýetli görkezmesini aňladýar.

- ol kadaly beýan edilmeli hem-de onda duýguly jümleler ulanylmaly däl we ş.m.

*Hukuk gurluşy* (konstruksiýasy) – bu kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysynda hukuklar, borçlar we jogapkärçilik hakynda düzgünleriň düzüm gurluşyny döretmegiň özboluşly usullarydyr.

Hukugyň umumy nazaryýetinde hukuk gurluşyna (konstruksiýasyna):

- hukuk tehnikasynyň serişdeleriniň biri;
- hukugyň mazmunynyň düzüm bölegi;
- ylmy aň ýetirişiň usuly (serişdesi);
- hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň serişdesi;
- hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary (faktlary) anyklamagyň serişdesi hökmünde seredilýär.

Hukuk resminamalaryň gurluşyny düzmeklige mahsus bolan käbir kadalar bolsa şulardan ybaratdyr:

- kadalaşdyryş maglumatlaryň tertipli paýlanylmagy, olar bölünende biri-biri bilen sepleşmeginiň üpjün edilmegi, ýagny manysy we gönükdirilen ugry boýunça biri-birine laýyk gelýän kadalaşdyryş maglumatlarynyň zerurlyk ýüze çykan halatynda birnäçe böleklere bölünip bilýän degişli maddalarda (böleklerde, bentlerde) jemlenmegi;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň içki many taýdan yzygiderliliginiň hem bütewiliginiň bolmagy;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düşnükli hem ynandyryjylykly bolmagy (resminamanyň diliniň mümkin boldugyndan sada we düşnükli bolmagy, degişli dyngy belgileriniň, deňeşdirmeleriň, aňlatmalaryň hem-de beýleki grammatik[1] serişdeleriň dogry hem ýerlikli ulanylmagy we ş.m.).

*Hukuk adalgaýeti* (terminologiýasy) – bu kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysynda ulanylýan düşünjeleriň sözde beýan edilişiniň jemidir.

Hukuk adalgalary:

- umumy ulanylýan (hemmeler tarapyndan birmeňzeş düşünilýän, mysal üçin: işçi, daýhan, şaýat, bosgun we ş.m.);
- ýörite-tehniki (bilimleriň dürli pudaklarynda ulanylýan, mysal üçin: hili pes önüm, tehniki howpsuzlygyň düzgünleri we ş.m.);
- ýörite-hukuk (hukuk ylmy ýa-da tejribesi tarapyndan işlenip düzülen, mysal üçin: hukuk gatnaşyklary, zerur goranyş, hak isleýiş möhleti, bilelikde gatnaşmak we ş.m.) ýaly görnüşlere bölünýärler.

Hukuk adalgalaryna juda berk talaplar bildirilýär. Olar bir manyly, bütewi, hemmeler tarapyndan ykrar edilen we ulanyşda durnukly, beýan edilişiniň usulynda deňagramly (neýtral[2]), durnukly, elýeterli, düşnükli, ýokary derejede anyk we ş.m. bolmaly.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda-da kadalaşdyryjy hukuk namalara bildirilýän birnäçe talaplar berkidilýär. Olar barada gysgaça durlup geçilende şulary bellemek bolar. „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda“

[1]Grammatik-“gramma-harp” diỳen grek sözünden gelip çykan adalga;
[2]Neỳtral-„neutralitat- oňa-da, beỳlekä-de degişli däl“ diỳen nemes we „neuter-oňa-da, beỳlekä-de degişli däl“ diỳen latyn sözlerinden gelip çykyp bitaraplygy aňladỳar.

Türkmenistanyň kanunynyň 15-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namasy aşakdakylary öz içine almalydyr:

- namanyň görnüşiniň ady;
- namanyň nämäni düzgünleşdirýändigini görkezýän ady;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysy; kadalaşdyryjy hukuk nama gol çekýän adamyň wezipesi;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilen senesi, belgisi, ýeri.

Kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmäge ygtyýarly edaralar we wezipeli adamlar görkezilen düzgünlere laýyklykda, namalaryň gurluşyna bolan anyk talaplary belleýärler. Şonuň bilen birlikde-de hereket edýän kanunçylyk, kadalaşdyryjy hukuk namanyň mazmunynyň onuň niýetlenilişine laýyk gelmelidigini, many taýdan yzygiderli, gysga we aýdyň bolmalydygyny kesgitleýär. Salgylanylýan kanuna laýyklykda, namanyň ýazgysynda düşnüksiz söz düzümleri, gaýtalanmalar, gysgaltmalar we iki manylylyk bolmaly däl. Ilkinji gezek ulanylýan atlar gysgaldylan görnüşde berlip bilinmeýär. Kadalaşdyryjy hukuk nama az mälim bolan we ýörite adalgalaryň düşündirişini özünde saklap bilýär.

## §6. Kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmak

*Kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmak* – bu hukuk kadalaryny tertipleşdirmeklige we kämilleşdeirmeklige, şonuň ýaly-da olary bir bütewi, biri-biri bilen mäkäm sepleşýän hem ylalaşykly hereket edýän ulgama öwürmeklige gönükdirilen işdir.

Häzirki döwürde kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmagyň kodifikasiýa, ýygyndylaşdyrmak (inkorporasiýa[1]), jemlemek (konsolidasiýa[2]) ýaly görnüşleri ulanylýar.

Kodifikasiýa – bu döwletiň hukuk dörediji edaralarynyň hereket edýän kanunçylygy çuňňur we hemmetaraplaýyn gaýtadan işlemek arkaly täze, utgaşdyrylan hem ulgamlaşdyrylan kadalaşdyryjy hukuk namany döretmeklige gönükdirilen işidir.

Kodifikasiýa bilen bagly işler, kadalaşdyryş maglumatlarynyň gaýtadan işlenilmeginiň çuňlugy we ugry bilen baglylykda birnäçe görnüşde bolup bilýärler:

- ählumumy (hereket edýän kanunçylygyň agramly bölegi gaýtadan işlenilýär we şonuň netijesinde-de kanunçylygyň esasy pudaklary boýunça utgaşykly kodeksleşdirilen kadalaşdyryjy hukuk namalar döredilýär);
- pudaklaýyn (kanunçylygyň belli bir pudagy ýa-da pudakçalary gaýtadan işlenilýär we şonuň netijesinde-de bir kodeks döredilýär, mysal üçin: Jenaýat kodeksi, Raýat kodeksi, Raýat iş ýörediş kodeksi we ş.m.);
- ýörite (dürli kadalaşdyryjy hukuk namalarda beýan edilýän bir hukuk şahasyna (institutyna) degişli hukuk kadalary düýpli gaýtadan işlenilýär we

[1]Inkorporasiýa-“incorporation-öz düzümine goşmak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, öz aňlatmalary boýunça özbaşdak bolan iki ýa-da birnäçe esaslary bir bütewilige birleşdirmegi aňladýar;
[2]Konsolidasiýa-“consolido-berkitmek, jemläp berkitmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, umumy maksatlara ýetmek üçin nämedir bir zatlary (kimdir birlerini) bir ýere jemläp, berkitmegi (jebisleşdirmegi) aňladýar.

şonuň netijesinde-de täze kodeksleşdirilen kadalaşdyryjy hukuk nama döredilýär, mysal üçin: Tokaý kodeksi, Suw kodeksi, Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda kodeks we ş.m.).

Kodifikasiýa işi kanunçylygyň esaslarynyň, kodeksleriň, düzgünleriň (ustawlaryň[1]) döredilmeginde ýüze çykýar.

❖ kodeks – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň tutuş bir pudagyny (çygryny) düzgünleşdirýän hukuk kadalaryny berk kesgitlenen tertipde özünde jemleýän kanunçylyk namasydyr;
❖ düzgün – bu aýry-aýry ministrlikleriň, pudak edaralarynyň guramalaryň işini düzgünleşdirýän hukuk kadalary berkidilen kadalaşdyryjy hukuk namadyr. Mysal üçin: Harby Düzgünnama (Ustaw);
❖ kanunçylygyň esaslary – bu federal döwletde döwlet dolandyryşynyň ýa-da hukugyň anyk bir pudagynyň (çygrynyň) iň wajyp düzgünlerini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namadyr. Mysal üçin, 1992-nji ýylyň 9-nji oktýabrynda kabul edilen, özlerinde 62 maddany jemleýän 10 bölümden ybarat, Russiýa Federasiýasynyň Medeniýet baradaky kanunçylygynyň esaslary.

*Ýygyndylaşdyrmak* (inkorporasiýa) – bu kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmagyň bir görnüşi bolup, onuň amala aşyrylmagynyň dowamynda kadalaşdyryjy hukuk namalar, olaryň mazmunyny üýtgetmezden belli bir tertipde ýygyndylara hem toplumlara birleşdirilýärler. Ýygyndylaşdyrmak (inkorporasiýa) bu hereket edýän kanunçylygyň daşky görnüşiniň gaýtadan işlenilmegidir.

Subýektlerine baglylykda ýygyndylaşdyrmak (inkorporasiýa) resmi we resmi däl ýygyndylaşdyrmaklyga bölünýär.

*Resmi ýygyndylaşdyrmak* ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar hem-de özbolușly bir hukuk çeşmesi bolup hyzmat edýär. Resmi ýygyndylaşdyrmagyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

❖ seneleýin (hronologik[2]) ýygyndylaşdyrmagyň (inkorporasiýanyň), dowamynda kadalaşdyryjy hukuk namalar olaryň degişli hukuk pudaklaryna garamazdan, kabul edilen wagtlaryna görä tertipli yzygiderlilikde bir ýygyndyda jemlenýärler. Mysal üçin: “Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň Ýygyndysy” we ş.m.;
❖ närseleýin (predmetleýin) ýygyndylaşdyrmagyň (inkorporasiýanyň) netijesinde kadalaşdyryjy hukuk namalar olaryň hukuk pudaklaryna, hukuk şahalaryna (institutlaryna), döwlet işiniň çygyrlaryna we ş.m. degişliligi boýunça özbaşdak ýygyndylara jemlenýärler.

*Resmi däl ýygyndylaşdyrmak* (inkorporasiýa) bolsa, guramalar ýa-da aýry-aýry şahslar tarapyndan olaryň öz başlangyçlarynyň esasynda we özleriniň durmuşy maksatlary üçin hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bir ýa-da birnäçe ýygynda jemlenmegini aňladýar. Beýle ýygyndylar olary öz işlerinde

---

[1]Ustaw-“установить-dikeltmek, tassyklamak, kesgitlemek, berkarar etmek, установленное-dikeldilen, tassyklanan, berkarar edilen, kesgitlenen” diýen rus sözlerinden gelip çykan adalga;
[2]Hronologik-“chronos-wagt, logos-okuw, ylym, akym” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, taryhy wakalaryň wagtda bolup geçişiniň yzygiderliligini, şeýle hem wagty ölçemek baradaky ylmy aňladýar.

ulanýan şahslar üçin hökmany häsiýete eýe däldir. Şeýle hem resmi däl ýygyndylaşdyrmak (inkorporasiýa), ylym-bilim edaralary, alymlar, tejribede zähmet çekýän hünärmenler tarapyndan hereket edýän kanunçylykdan peýdalanmagy amatly etmek üçin amala aşyrylýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň dürli ýygyndylara, elektron sözlüklere we ş.m. jemlenmegidir.

*Jemlemek* (konsolidasiýa) – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şol bir çygrynda hereket edýän birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalaryň, olaryň mazmunyny üýtgetmezden bir bütewi utgaşykly kadalaşdyryjy hukuk nama birleşdirilmegidir.

Köp halatda hukuk tejribesinde, dürli wagtlarda kabul edilen, birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çygryny düzgünleşdirýän, bölek-bölek we köp sanly kadalaşdyryjy hukuk namalaryň, kä halatda bolsa hukugyň aýry-aýry kadalarynyň hem, ýörite ygtyýarly edilen hukuk döredijilik işi bilen meşgullanýan döwlet edaralary ýa-da wezipeli şahslary tarapyndan bir ýere jemlenip, şolaryň esasynda täze, bir bütewi kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilýän ýagdaýlaryda bolýar.

Elbetde bu işiň amala aşyrylmagynyň dowamynda, daşky beýan edilişiniň nukdaýnazaryndan, ilkinji hukuk kadalaryna birnäçe düzedişler we goşmaçalar girizilýär, ýöne olar ilkibaşky gönükdirilen ugurlaryny we mazmunlaryny ýitirmeýärler. Şeýlelik bilen, ýönekeý aýdylanda, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemlenmegi (konsolidasiýasy) olaryň juda köp sanly bolmagynyň öňüni almak we birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegini bütewileşdirmek üçin amala aşyrylýar.

## §7. Kadalaşdyryjy hukuk namalary bellige almak

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamlaşdyrylmagy bilen bir hatarda olaryň bellige alynmagynyň hem hukuk ulgamynyň kadaly we netijeli hereket etmegi üçin örän uly ähmiýeti bardyr. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň *bellige alynmagy* – bu hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplanmagyndan, gözegçilik (monitoring[1]) ýagdaýynda saklanmagyndan, şeýle hem gyzyklanýan şahslaryň soramagy boýunça kepilnamalary bermek işini has çaltlaşdyrmak üçin ýöriteleşdirilen gözleg ulgamyny döretmeklikden ybarat bolan işjeňlikdir.

Türkmenistanda kadalaşdyryjy hukuk namalary bellige almak işi Türkmenistanyň Adalat ministrligi we beýleki ygtyýarly edaralary tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar. Hökmany bellige almaklyga şu aşakdakylar degişlidir:

[1]Monitoring-“monitor-ýatladýan, gözegçilik edýän, seredýän adam” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zada gözegçilik etmegi aňladýar.

- Türkmenistanyň Konstitusiýasy;
- Türkmenistanyň konstitusion kanunlary;
- Türkmenistanyň kanunlary;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary;
- döwletiň ýokary wekilçilikli, kanunçykaryjy häkimiýet edarasynyň (Türkmenistanyň Mejlisiniň) kararlary;
- hökümetiň (Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň) kararlary;
- merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň (ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, gulluklaryň, komitetleriň we ş.m.) namalary;
- ýerli wekilçilikli edaralaryň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň) kararlary;
- ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň) kararlary;
- ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşleriň) kararlary.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bellige alynmagynyň birnäçe görnüşi bolup bilýär:

- kitapçada (žurnallaýyn) (elipbiý tertibinde ýa-da kabul edilen senelerine görä yzygiderlilikde ýa-da düzgünleşdirýän närselerine görä kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň atlary hem çykyş belgileri bellige alynýar);
- kartotekada[1] (kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar barada degişli maglumatlar ýörite kagyz sahypajyklara ýazylyp, ulgamlaşdyrylan görnüşde toplanýarlar);
- enjamlaşdyrylan (awtomatizirlenen[2]) ulgamda (kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tutuş tekstlerini içinde ýerleşdirmäge we olara zerur üýtgetmeler-goşmaçalary dessine hem dogry girizmäge mümkinçilik berýän ýörite elektron[3] maglumat toplaýyş-gözleg ulgamy döredilýär).

Häzirki döwürde kanunçylygyň kompýuterleşdirilen[4] maglumat toplaýyş-gözleg ulgamlary, kompýuterdäki sözlük hukuk ulgamy hökmünde giňden ýaýrandyrlar we olar barha giň gerime eýe bolýarlar. Şeýle ulgamlar, hukuk maglumatlarynyň ägirt uly möçberini we hünärmenlere şol maglumatlar bilen işlemäge (zerur hukuk resminamalaryny ýa-da olaryň böleklerini agtaryp tapmaga,

---

[1]Kartoteka-“chartes-kagyz sahypa, theke-gapyrjak, salynýan gap” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, haýsydyr bir görnüşdäki maglumatlaryň kagyz böleklerine ýazylyp, ulgamlaşdyrylan görnüşde toplanmagyny aňladýar;

[2]Awtomatizirlenen-“automatos-özi hereket edýän” diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir işi enjamlaşdyrmagy göz öňünde tutýar;

[3]Elektron-“hakyk daşy(янтарь)”diýen grek sözünden gelip çykan adalga;

[4]Kompýuter- “computo-sanaỳaryn” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, maglumatlary elektron görnüşde toplamak (maglumat bazalary), seljermek, hasaplamak we üýtgetmek üçin niỳetlenen enjamdyr. Ol öz işini EHM üçin programmalaryň kömegi bilen amala aşyrýar. **EHM üçin programma** – “programma-bildiriş, görkezme” diỳen grek sözünden gelip çykyp, elektron hasaplaýjy maşynlaryň (EHM-leriň) we beýleki kompýuter enjamlarynyň belli bir netijäni almak maksady bilen işlemegi üçin niýetlenilen maglumatlaryň we tabşyryklaryň bilelikdäki jeminiň obýektiw görnüşidir (formasydyr). EHM üçin programma diýlende, programma işlenilip düzülýän wagtda alnan taýýarlyk materiallaryna we onuň emele getirýän audiowizual şöhlelenmelerine hem düşünilýär. **Maglumat bazalary** – bu “basis-sütüniň esasy” diỳen grek sözünden gelip çykyp, düşünjeleriň we maglumatlaryň jemini guramagyň (mysal üçin, makalalaryň, hasaplamalaryň) EHM-niň kömegi bilen maglumatlary tapyp we gaýtadan işläp bolar ýaly edip ulgamlaşdyrylan obýektiw görnüşini aňladỳar.

gerekli maglumatlary saýlap-seçip almaga, olary çap etmäge we ş.m.) mümkinçilik berýän kompýuter programmalarynyň serişdelerini özlerinde jemleýän programmalaryň toplumy bolup durýarlar. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan işlenip taýýarlanan, elektron görnüşdäki döwletimiziň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysy, häzirki döwürde Türkmenistanda hereket edýän şeýle elektron maglumat toplaýyş gözleg ulgamlarynyň ilkinjisidir.

Bu elektron ýygyndynyň täze kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar we üýtgetmeler-goşmaçalar bilen yzygiderli doldurylyp durulmagy onuň durmuşylygyny (aktuallygyny) saklamaga mümkinçilik berýär. Ýöne ýerli häkimiýet edaralarynyň namalarynyň ýygyndylaryny neşir etmegiň, gözleg serişdeleri bilen üpjün edilen elektron görnüşdäki hukuk sözlüklerini, göwrümli hukuk ensiklopediýalaryny[1] döretmegiň, şeýle hem hukukçy alymlardan toparlar düzüp, kodekslere, kanunlara ylmy-amaly düşündirişleri ýazmagyň we olaryň elektron görnüşlerini taýýarlamagyň, bu ugurdan amala aşyrylýan işleriň netijeliligini has hem artdyrjakdygy öz-özünden düşnüklidir.

[1]Ensiklopediỳa-“enkyklios paideia-bilimleriň tutuş toplumyny öwrenmek” diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, bilimleriň ulgamlaşdyrylan ylmy maglumatnamasyny aňladỳar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 12.1.**

### Hukuk döredijilik işi

Bu döwletiň ygtyýarly edaralarynyň hem-de wezipeli şahslarynyň ýa-da sala salşygyň üsti bilen bütin halkyň kadalaşyryjy hukuk namalary kabul etmek (döretmek), üýtgetmek ýa-da ýatyrmak bilen bagly işjeňligidir

### Hukuk döredijilik işiniň ýörelgeleri

**Halk häkimiýetliligi ýörelgesi**

Hukuk kadalarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we döredilmegine halkyň gatnaşmagy

**Kanunylyk ýörelgesi**

Hukuk döredijilik işiniň diňe kanunçylykda bellenen edaralar hem wezipeli şahslar tarapyndan berk we anyk kesgitlenen amala aşyryş tertibine (prosedura) laýykda ýerine ýetirilmegi

**Hünärmenlik ýörelgesi**

Kanunlaryň taslamalarynyň tekstleriniň hukuk tehnikasynyň talaplaryna laýyk gelmegi, muňa bolsa kanundöredijilik işini amala aşyrmaga gatnaşýan şahslaryň hünärmenlik esaslarynda jogap bermegi

**Hukuk döredijilik işiniň ylmy esasda alnyp barylmagy ýörelgesi**

Bu işiň hukuk ylmy tarapyndan hukuk kadalaryny döretmek babatda işlenip düzülen ýörite usullaryň esasynda alnyp barylmagy

**Açyk-açanlyk ýörelgesi**

Adamyň we raýatyň hukuklaryna hem-de azatlyklaryna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary hemmeleriň dykgatyna ýetirilmese, özleriniň kabul edilen pursadyndan hereket etmeýärler

**Kanunlaryň hukuga laýyk bolmagy ýörelgesi**

Kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hukuk barada iň wajyp garaýyşlara laýyk gelmegi

Çyzgy 12.2.


Hukuk döredilijik işine gatnaşýan şahslara (subýektlere) baglylykda onuň görnüşleri
Halkyň gönüden-göni hukuk döredijilik işi
Döwlet edaralarynyň hukuk döredijilik işi
Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk döredijilik işi
Ýerli (lokal) hukuk döredijilik işi
Döredilýän hukuk kadalarynyň hukuk güýjüne baglylykda hukuk döredijilik işiniň görnüşleri
Kanun döredijilik işi
Geçirilen (delegirlenen) kanun döredijilik işi
Kanunalaýyk (kanunasty) hukuk döredijilik işi
Tassyklanan (sanksionirlenen) hukuk döredijilik işi
Şertnamalaýyn hukuk döredijilik işi


Çyzgy 12.3.
Hukuk döredijilik (kanundöredijilik) işiniň tapgyrlary
Kanunçykaryjylyk başlangyjy we kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasyny taýýarlamak
Kanunyň taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagy
Deslapky ara alnyp maslahatlaşylmagy
Resmi ara alnyp maslahatlaşylmagy
Kanunyň kabul edilmegi
Taslamanyň birinji okalyşy
Taslamanyň ikinji okalyşy
Taslamanyň üçünji okalyşy
Türkmenistanyň Mejlisinde taslamanyň iki okalyşy bar
Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň yglan edilmegi
Kabul edilen kanunyň resmi yglan edilmegi
Kabul edilen kanunyň resmi däl yglan edilmegi

Çyzgy 12.4.

# Hukuk tehnikasy

Hukuk tehnikasyna bildirilýän talaplar

Hukuk tehnikasynyň düzüm bölekleri

Bu hukuk döredijilik işiniň tejribesine esaslanýan we düzgünleşdirilýän soraglaryň gutarnykly beýan edilmegini, şonuň ýaly-da, düzülýän kadalaryň düşnükliligini, sadalygyny, ýokary kadalaşdyryş netijeliligini üpjün edýän, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny taýýarlamagyň düzgünleriniň hem usullarynyň ulgamydyr

- Hukuk tehnikasy hukuk döredijilik işi bilen meşgullanýan edaranyň erk-islegini mümkin boldugyndan doly we many-mazmunly (adekwat) beýan etmäge ýardam bermelidir
- Hukuk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namada berkidilýän kadalaşdyryjy görkezmeleriň beýan edilişiniň gysgalygyny, paýhasly guramaçylygyny we many taýdan tertipli (logiki) yzygiderliligini üpjün etmelidir
- Hukuk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň içki mazmunynda we tutuş kanunçylyk ulgamynda gapma-garşylyklaryň hem ýetmezçilikleriň bolmagyna ýol bermeli däldir
- Hukuk tehnikasy hukuk kadalarynyň mazmunynyň beýan edilişiniň hemmetaraplaýynlygyny we ýeterlik çuňlugyny üpjün etmek bilen olaryň gysga, düşnükli we gysby (kompakt) beýan edilmegini ýola goýmalydyr
- Hukuk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň beýan ediş diliniň hemmeler üçin düşnükli, elýeterli, sada, anyk, olarda ulanylýan kesgitlemelerdir, adalgalaryň bolsa takyk hem gutarnykly bolmagyny üpjün etmelidir
- Hukuk tehnikasy şol bir meseleleri düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň sanynyň mümkin boldugyndan azaldylmagyna ýardam bermelidir
- Hukuk tehnikasy kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň öz wagtynda yglan edilmegine hem-de hukuk güýjüne girizilmegine ýardam bermelidir we ş.m.

| Kanunçykaryjylyk beýan ediş usuly (stilistikasy) | Hukuk gurluşy (konstruksiýasy) | Hukuk adalgaýeti (terminologiýasy) |
|---|---|---|
| Bu kadalaşdyryjy hukuk resminamalarynda dil serişdeleriniň mümkin boldugyndan maksadalaýyk ulanylmagynyň usullarynyň ulgamydyr | Bu kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysynda hukuklar, borçlar we jogapkärçilik hakynda düzgünleriň düzüm gurluşyny döretmegiň özboluşly usullarydyr | Bu kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysynda ulanylýan düşünjeleriň sözde beýan edilişiniň jemidir |

Çyzgy 12.5.


Kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmak
Bu hukuk kadalaryny tertipleşdirmeklige we kämilleşdeirmeklige, şonuň ýaly-da olary bir bütewi, biri-biri bilen mäkäm sepleşýän hem ylalaşykly hereket edýän ulgama öwürmeklige gönükdirilen işdir
Onuň görnüşleri
Kodifikasiýa
Jemlemek (konsolidasiýa)
Ýygyndylaşdyrmak (inkorporasiýa)
Kodifikasiýa
görnüşleri
Ählumumy
Pudaklaýyn
Ýörite
Netijesinde dörreýär
Kodeksler
Ustawlar
Kanunçylygyň esaslary
Ýygyndylaşdyrmak
Resmi ýygyndylaşdyrmak
Resmi däl ýygyndylaşdyrmak
Seneleýin
Närseleýin
Jemlemekde berjaý edilýär
Birmeňzeş gatnaşyklary düzgünleşdirýän birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalar jemlenýär
Jemlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mazmuny üýtgedilmeýär
Ol kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ählisi bir bütewi kadalaşdyryjy hukuk nama jemlenýär


Çyzgy 12.6.
Kadalaşdyryjy hukuk namalary bellige almak bilen amala aşyrylýar
Hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary toplamak
Ýöriteleşdirilen gözleg ulgamyny döretmek
Kadalaşdyryjy hukuk namalary gözegçilik ýagdaýynda saklamak
Bellige almagyň görnüşleri:
Kitapçada
Kartotekada
Enjamlaşdyrylan ulgamda
Türkmenistanyň Konstitusiýasy
Türkmenistanyň konstitusion kanunlary
Türkmenistanyň kanunlary
Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary
Türkmenistanda hökmany bellige alynmaga degişli
Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary
Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary
Merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň namalary
Ýerli wekilçilikli edaralaryň namalary
Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň kararlary
Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kararlary

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk döredijilik işiniň demokratiýa ýörelgesi barmy?**
- ýok;
- hawa;
- hawa, diňe Türkmenistanda bar;
- hawa, diňe Türkmenistanda we beýleki kontinental hukuk ulgamy bolan ýurtlarda bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Türkmenistanda hukuk döredijilik işiniň aç-açanlyk ýörelgesi berkidilýär:**
- “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynda;
- Türkmenistanyň Mejlisiniň Dessurynda (Reglamentinde);
- Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň ähli kadalaşdyryjy hukuk namalarynda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk döredijilik iş has giň jemgyýetçilik hadysasynyň bir bölegi bolup durýar. Ol hadysa:**
- hukuk emele geliş hadysasydyr;
- kanun döredijilik hadysasydyr;
- kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul ediş hadysasydyr;
- konstitusiýanyň durmuşa geçiriliş hadysasydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukuk döredilijik işine gatnaşýan şahslara (subýektlere) baglylykda onuň näçe görnüşi bar?**
- ýedi;
- alty;
- iki;
- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Sala salşyk esasynda halkyň gönüden-göni kanunlary kabul etmegi hukuk döredijilik işiniň bir görnüşimi?**
- hawa;
- ýok;
- ýok bu diňe iňlis-sakson hukuk ulgamlarynda şeýle bolýar;
- hawa, ýöne bu diňe bu ähli kontinental hukuk ulgamlary bolan döwletlerde şeýle.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Döwlet edaralarynyň hukuk döredijilik işinden başga oňa gatnaşýan şahslara baglylykda hukuk döredijilik işiniň görnüşlerine girýärler:**
- ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk döredijilik işi;
- ýerli (lokal) hukuk döredijilik işi;

- döwletiň parlamentiniň hukuk döredilijilik işi;
- halkyň gönüden-göni hukuk döredijilik işi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Umumy hukuk taglymatyna laýyklykda, döredilýän hukuk kadalarynyň hukuk güýjüne baglylykda hukuk döredijilik işiniň görnüşleri,**
- bäş sanydyr;
- iki sanydyr;
- ýeke-täkdir;
- dört sanydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Şertnamalaýyn hukuk döredijilik işi:**
- döwlet bilen jemgyýetiň arasynda kadalaşdyryş şertnamasynyň baglaşmagyny aňladýar;
- taraplaryň kadalaşdyryş görkezme hökmünde güýji bolan ylalaşyklary baglaşmagyny aňladýar;
- belli bir jemgyýetçilik toparynyň agzalarynyň özaralarynda hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän bir esasy şertnamany baglaşmaklaryny aňladýar;
- döwletiň kanunçykaryjy edarasynyň şertnamalaýyn esasda tabşyrmagy boýunça belli bir ýuridik ýa-da fiziki şahsyň kanunyň taslamasyny düzmegini aňladýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Kanun döredijilik işi – bu,**
- döwletiň ýokary wekilçilikli edaralarynyň kanunlary döretmek babatda amala aşyrýan işidir;
- döwletiň merkezi dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek babatda amala aşyrýan işidir;
- degişli döwlet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek babatda amala aşyrýan işidir;
- döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ygtyýarly edilen wezipeli şahslarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek babatda amala aşyrýan işidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Geçirilen (delegirlenen) kanun döredijilik işi barada kada Türkmenistanyň haýsy kadalaşdyryjy hukuk namasynda berkidilýär?**
- Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 64-nji maddasynda;
- “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanunynda;
- Türkmenistanyň kodeksleriniň ählisinde;
- Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ählisinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Kanun döredijilik işiniň näçe tapgyry bar?**
- üç;

- iki;
- dört;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Türkmenistanda kanunçykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuga eýedirler:**
- Türkmenistanyň Prezidenti we Ministrler Kabineti;
- Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti;
- Türkmenistanyň Baş prokuraturasy we Adalat ministrligi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Kanunyň taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň haýsy tapgyrlary bar?**
- deslapky we resmi;
- ilkinji we soňraky;
- deslapky we ahyrky;
- deslapky, resmi we gaýtadan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Türkmenistanyň Mejlisinde kanunlar näçe okalyşda kabul edilýär?**
- iki;
- üç;
- adatça üç, ýöne zerurlyk ýüze çykanda okalyşlaryň sany köpeldilip hem bilinýär;
- adaty kanunlarda iki, konstitusion kanunlarda üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň yglan edilmeginiň görnüşleri şulardyr:**
- deslapky we soňraky;
- resmi we resmi däl;
- deslapky we resmi;
- resmi däl, resmi we gaýtadan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň resmi yglan edilmegi esas berýär:**
- ýurduň ähli raýatlary şol kadalaşdyryjy hukuk namany bilýär diýip çaklamaga;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk güýjüne girmegine;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň hemmeler üçin hökmany häsiýete eýe bolmagyna;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň ikinji sapar resmi däl tertipde yglan edilmese onuň hukuk güýjüniň ýatyrylýandygyny çaklamaga.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk tehnikasynyň düzümine girýärler:**
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny taýýarlamagyň düzgünleri;
- kanunçykaryjylyk beýan ediş usuly (stilistikasy);
- hukuk gurluşy (konstruksiýasy);
- hukuk adalgaýeti (terminologiýasy).

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Kadalaşdyryjy hukuk namalary ulgamlaşdyrmagyň görnüşleri şulardyr:**
- kodifikasiýa;
- ýygyndylaşdyrmak (inkorporasiýa);
- ählumumylaşdyrmak (globalizasiýa);
- jemlemek (konsolidasiýa).

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Kodifikasiýa işi ýüze çykýar:**
- kanunlaryň döredilmeginde;
- kanunçylygyň esaslarynyň döredilmeginde;
- kodeksleriň döredilmeginde;
- düzgünleriň (ustawlaryň) döredilmeginde.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Kadalaşdyryjy hukuk namalar bellige alynýar:**
- kitapçada;
- “Microsoft Excel 2003” kompýuter programmasynda;
- kartotekada;
- enjamlaşdyrylan ulgamda.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 13-nji bap. Hukuk kadalary

## §1. Hukuk kadasy barada düşünje we onuň alamatlary

Hukuk kadasy – bu döwlet tarapyndan, şahsy (subýektiw) hukuklary we borçlary berkitmek arkaly kadalaşdyryjy hukuk namada beýan edilen, durmuş hakykatyna gatnaşyjy şahslaryň (durmuş hakykatynyň subýektleriniň) borçly, mümkin bolan, höweslendirilýän, maslahat berilýän hereketleri etmekleri ýa-da gadagan edilýän hereketleri etmekden saklanmaklary baradaky, hemmeler üçin hökmany häsiýetli, resmi kesgitlenen, gurluş taýdan kadaly çäklendirilen görkezmedir. Başgaça aýdylanda, *hukuk kadasy* – bu döwlet tarapyndan döredilen, tassyklanan we onuň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilen, hemmeler üçin hökmany häsiýetli özüňi alyp baryş düzgünidir. Hukuk kadasynyň beýan edilmeginiň we berkidilmeginiň esasy görnüşi hökmünde kadalaşdyryjy hukuk nama, beýleki görnüşleri hökmünde bolsa hukugyň başga çeşmeleri çykyş edýärler.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny beýleki kadalaşdyryjylardan tapawutlylykda, hukuk kadalarynyň esasy özboluşly alamatlary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilmeginiň mejbury üpjünçiligi. Bu hukuk kadalaryna mahsus özboluşly alamat bolmak bilen, ol hukuk kadalaryň döwlet tarapyndan döredilýändiginde ýüze çykýar. Şol sebäpli-de hukuk kadasynda berkidilen özüňi alyp baryş düzgüni, hemişe berjaý edilmedik halatynda döwletiň mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagynyň mümkinçiligi bilen berkidilýän, döwletiň hökmany ýerine ýetirilmäge degişli (imperatiw) buýrugy (hökümi, talaby, görkezmesi) hökmünde çykyş edýär;
- hukuk kadalarynyň ygtyýarlandyryjy-borçlandyryjy häsiýeti. Olaryň bu häsiýeti hukuk kadalarynyň bir tarapdan özlerinde haýsydyr bir hereketleri amala aşyrmaga bolan hukuklary, beýleki tarapdan bolsa haýsydyr bir hereketleri etmekden saklamag bolan borjy jemleýändiklerinde ýüze çykýar;
- hukuk kadalarynyň resmi kesgitlenenligi. Olaryň bu häsiýeti olarda berkidilýän özüňi alyp baryş düzgünleriniň mümkin boldugyndan takyklygynda hem çürt-kesikliginde, olaryň diňe özlerine mahsus düzüm gurluşynyň we beýan ediş galybynyň barlygynda, şonuň ýaly-da olaryň ýörite ýazmaça hukuk çeşmesi bolan kadalaşdyryjy hukuk namada beýan edilýänliginde ýüze çykýar;
- hukuk kadalarynyň aýry-aýry şahslara gönükdirilmeýänligi (personifisirlenmändigi), onuň ählumumylygy. Hukuk kadalarynyň bu häsiýeti, olaryň takyk şahsy kesgitlenen şahslary (subýektleri) agzamazdan, özleriniň talaplary bilen öz hereket edýän çygryna degişli hemmelere täsir edýänliginde ýüze çykýar;
- hukuk kadalarynyň ençeme gezek ulanylyp bilinýänligi. Olaryň bu häsiýeti, hukuk kadalarynyň bir gezek ulanylandan soň öz güýjüni ýitirmeýändiginde, olaryň hemişe hereket edýänliginde we her sapar olaryň

gipotezalarynda[1] bellenen şertler hem ýagdaýlar ýüze çykan halatynda olary durmuşa geçirmek mümkinçiliginiň barlygynda ýüze çykýar.

## §2. Hukuk kadalarynyň (ýuridik kadalaryň) görnüşleri

Ähli hukuk kadalary ýöriteleşdirilendirler, ýagny olaryň her haýsy diňe özüniň, berk kesgitlenen hukuk amalyny ýerine ýetirýärler: bir kadalar umumy düzgünleri berkidýärler (ýörelgeleýin kadalar); beýlekileri gadaganlyklary girizýärler (gadagan ediji kadalar); üçünjileri ol ýa-da beýleki iş tertipleriniň amala aşyrylmagynyň tertibini kesgitleýärler (iş ýörediş kadalary) we ş.m.

Özleriniň ***amala aşyrýan wezipeleri*** (funksiýalary) ***boýunça*** ähli hukuk kadalary ugrukdyryjy kadalara we özüňi alyp baryş kadalaryna bölünýärler.

*Ugrukdyryjy kadalar* (başgaça başlangyç, esaslandyryjy kadalar hem diýilýär) hukuk kadalarynyň içinde iň umumy häsiýetlilileridir. Olar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişiniň başlangyç esaslaryny kesgitleýärler we döwlet-hukuk hadysalarynyň ýörelgelerini, institutlaryny ýa-da has wajyp düşünjelerini berkidýärler. Adatça şeýle hukuk kadalary diňe ýeke-täk düzüm böleginden – dispozisiýadan[2] (düzgünden) ybarat bolýarlar.

Öz gezeginde ugrukdyryjy kadalar hem birnäçe görnüşlere bölünýärler:

- *başlangyç hukuk kadalary* – bu konstitusiýa häsiýetli namalarda beýän edilýän we konstitusion gurluşyň[3] esaslaryny berkidýän hukuk kadalarydyr. Mysal üçin, Döwlet jarnamasynyň (deklarasiýa), Konstitusiýanyň, konstitusion kanunlaryň kadalary we ş.m.;
- *ýörelgeleýin hukuk kadalary* – bu hukuk institutlarynyň durmuşa geçirilmeginiň, şeýle hem döwlet edaralarynyň hereket etmeginiň esaslary hem ýörelgeleri kesgitlenilýän we berkidilýän hukuk kadalarydyr;
- *kesgitleme* (definisiýa[4]) *hukuk kadalary* – bu gönüden-göni jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeýän, ýöne esasy hukuk hadysalarynyň we derejeleriniň (kategoriýalarynyň[5]) mazmunyny hem özenini beýan edýän ýa-da başgaça aýdylanda, düşnüksiz hukuk kadalaryny, adalgalaryny, kadalaşdyryjy hukuk namalarda ulanylýan düşünjeleri düşündirýän hukuk kadalarydyr;

*Özüňi alyp baryş kadalary* – bu gönüden-göni adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarydyr. Olar jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) özara (ikitaraplaýyn) hukuklaryny hem borçlaryny görkezýärler, şol hukuklary hem borçlary durmuşa geçirmegiň şertlerini, şahslaryň (subýektleriň) ol ýa-da beýleki hereketleri babatda döwletiň hereketleriniň görnüşini hem ölçegini kesgitleýärler.

---

[1]Gipoteza-“hypothesis-çaklama, esas” diýen grek sözünden gelip çykyp, hadysalaryň kanunalaýyk (sebäpleýin) arabaglanyşygy barada çaklamalaýyn pikir ýöretmegi aňladýar;
[2]Dispozisiýa-“disposition-ýerleşme, ýerleşilen ýer” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[3]Konstitusion gurluş-bu jemgyýetiň we döwletiň Konstitusiýada berkidilen hem-de hakyky durmuşda hereket edýän ýörelgeleridir;
[4]Definisiýa-“definition-kesgitleme” diýen latyn sözünden gelip çykyp, öňden ulanyşda bolan, düşnükli anyk sözleriň (adalgalaryň) kömegi bilen haýsydyr bir düşnüksiz sözlere (adalgalara) kesgitleme bermegi aňladýar;
[5]Kategoriýa-“kategoria-pikiriňi aýtmak, alamat, dereje” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

Özüňi alyp baryş kadalarynyň iki görnüşi bardyr:

- *düzgünleşdiriş hukuk kadalary* – bu özlerinde jemgyýete we adamlara gerek bolan kadaly özüňi alyp baryş görkezmelerini beýan edýän, şahslaryň (subýektleriň) şahsy (subýektiw) hukuklaryny we hukuk (ýuridik) borçlaryny kesgitleýän hukuk kadalarydyr;
- *goraýyş hukuk kadalary* – bu hukuk bozulma ýüze çykan ýagdaýynda hereket edip başlaýan, hukuk bozujy babatda ulanylmaly çäreleriň ulanylmagynyň şertlerini, şol çäreleriň mazmunyny we döwlet mejbur ediş täsirini kesgitleýän hukuk kadalarydyr.

Hukuk kadasynda berkidilen ***görkezmäniň beýan edilişiniň görnüşine görä*** olar aşakdaky görnüşlere bölünýärler.

- *ygtyýarlandyrýan hukuk kadalary* – bu şahslara hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýän anyk oňyn hereketleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýän hukuk kadalarydyr;
- *borçlandyrýan hukuk kadalary* – bu şahslara anyk oňyn hereketleri amala aşyrmagyň zerurdygy barada görkezme berýän we işjeň hökmany özüňi alyp baryşy talap edýän hukuk kadalarydyr;
- *gadagan ediji hukuk kadalary* – bu hukugyň subýektleri tarapyndan özlerinde görkezilen hereketleri amala aşyrmagy gadagan edýän we şeýle hereketleri etmekden saklanmagy talap edýän hukuk kadalarydyr.

Hukuk kadasynda ***ulanylan hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna laýyklykda*** olar şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- *hüküm ediji* (buýruk beriji, imperatiw) *hukuk kadalary* – bu hökmany ýerine ýetirilmäge degişli, özlerinde höküm ediji görkezmeleri beýan edýän, başgaça düşünilmegine ýa-da özlerinde bellenilen talaplaryň çäginden çykmaklyga ýol bermeýän hukuk kadalarydyr;
- *saýlamaga mümkinçilik berýän* (dispozitiw) *hukuk kadalary* – bu hukugyň subýektlerine özlerinde bellenen kanunyň umumy talaplarynyň çäklerinde öz hukuklarynyň hem borçlarynyň göwrümi we häsiýeti barada soragy çözmäge ýa-da başgaça aýdylanda olarda bellenilen çäklerde erkin hereket etmäge mümkinçilik berýän hukuk kadalarydyr. Şunuň ýaly görnüşdäki hukuk kadalary raýat, zähmet we maşgala kanunçylygynda giňden ýaýrandyr;
- *höweslendiriji hukuk kadalary* – bu özlerinde hukugyň subýektlerine jemgyýetçilik üçin peýdaly işjeňligi üçin degişli döwlet edaralary tarapyndan anyk höweslendiriş sylaglarynyň (ordenleriň[1], medallaryň[2], baýraklaryň, goşmaça pullaryň we ş.m.) berilmegi hakyndaky düzgünleri berkidýän hukuk kadalarydyr;
- *maslahat beriş hukuk kadalary* – bu döwletiň hem jemgyýetiň nukdaýnazaryndan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň has

[1]Orden-"ordo-hatar, dereje" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, bu ulanylỳan manysynda döwletiň öňünde bitiren aỳratyn hyzmatlary üçin berilỳän sylag nyşanyny aňladỳar;
[2]Medal-"metallia-teňňe, şaỳy" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, bitiren haỳsydyr bir hyzmatlary üçin ỳa-da haỳsydyr bir dabaraly, şanly waka mynasybetli ỳadygärlik üçin berilỳän sylag nyşanyny aňladỳar.

oňaýly, islegli we peýdaly bolan görnüşlerini (wariantlaryny[1]) kesgitleýän hukuk kadalarydyr.

Hukuk kadasynda ***hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine*** (predmetine) ***laýyklykda*** olar konstitusion hukuk kadalary, dolandyryş hukuk kadalary, raýat hukuk kadalary, jenaýat hukuk kadalary we ş.m. görnüşlere bölünýärler. Olaryň ählisini olar tarapyndan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hil taýdan birmeňzeşligi bütewileşdirýär we olaryň jemi hukugyň degişli pudagynyň mazmunyny emele getirýärler. Şu esasda hukuk kadalary ýene-de üç görnüşe bölünýärler:

- *maddy hukuk kadalary* – bu hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny berkidýän we özlerinde anyk şekillendirilen ýagdaýda (situasiýada[2]) özüňi alyp barmagyň takyk düzgünlerini beýan edýän hukuk kadalarydyr;
- *iş ýörediş* (prosessual) *hukuk kadalary* – bu maddy hukugyň kadalaryny tejribede durmuşa geçirmegiň jikme-jik (detallaýyn[3]) tertibini kesgitleýän hukuk kadalarydyr;
- *gapma-garşylyklaýyn* (kollizion[4]) *hukuk kadalary* – bu aýry-aýry hukuk görkezmeleriniň arasyndaky gapma-garşylyklary aradan aýyrmaklyk maksady bilen ol ýa-da beýleki hukuk kadalaryny ulanmagyň tertibini kesgitleýän hukuk kadalarydyr.

Olarda ***beýan edilýän hukuk görkezmeleriniň dolulygyna baglylykda*** hukuk kadalarynyň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:

- salgylanýan *hukuk kadalary* – bu birinjiden, döwlet edaralaryna, wezipeli şahslaryna özbaşdak gadaganlyklary girizmäge, özüňi alyp baryş düzgünlerini we ş.m. bellemäge ygtyýar berýän, ikinjiden, başga bir ýörite hukuk kadalaryna salgylanýan düzgünleri özünde jemleýan hukuk kadalarydyr;
- *ugradyjy hukuk kadalary* – bu özleriniň hereket etmeginiň şerti hökmünde berkidilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň beýleki kadalaryna ugradýan (salgy berýän) hukuk kadalarydyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda ***hukuk kadasynyň düzüm bölekleriniň beýan edilişiniň kesgitliligine baglylykda*** olaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *doly* (absolýut) *kesgitlenen hukuk kadalary* – bu subýektleriň hukuklary hem borçlary, özleriniň hereket etmeginiň şertleri hakyndaky görkezmeleri gutarnykly we çürt-kesik, anyk beýan edilýän hukuk kadalarydyr;
- *çäkli* (otnositel) *kesgitlenen hukuk kadalary* – bu özlerinde beýan edilen görkezmeleri doly çürt-kesik bolmadyk hem-de hukugyň subýektlerine özüňi alyp barmagyň ol ýa-da beýleki görnüşlerini saýlamag mümkinçilik berýän hukuk kadalarydyr;

---

[1]Wariant-“variantis-üýtgeýän” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kabul edilmegi mümkin bolan çözgütleriň birnäçesini aňladýar;
[2]Situasiýa-“situation-ýagdaý” diýen latyn sözünden gelip çykyp, anyk bir ýagdaýy emele getirýän şertleriň hem sebäpleriň arabaglanyşygyny aňladýar;
[3]Detallaýyn-“detail-jikme-jiklik” diýen fransuz sözünden gelip çykan adalga;
[4]Kollizion-“collision-çaknyşmak, gapma-garşylyk” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- *saýlamak mümkinçilikli* (alternatiw[1]) *hukuk kadalary* – bu özlerinde özüňi alyp barmagyň birnäçe görnüşlerini, şertlerini berkidýän hukuk kadalarydyr.

Olarda beýan edilýän ***talaplaryň anyk şahslara*** (subýektlere) ***ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryna dahyllylygyna baglylykda*** hukuk kadalary şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- *umumy hukuk kadalary* – bu şol döwletiň çäginde ýaşaýan ähli şahslara ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk birmeňzeş görnüşlerine täsir edýän hukuk kadalarydyr. Mysal üçin, konstitusion hukuk kadalary ýa-da jenaýat hukuk kadalary;
- *ýörite hukuk kadalary* – bu şahslaryň anyk toparyna (görnüşlerine) ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir toplumyna (görnüşlerine) täsir edýän hukuk kadalarydyr. Mysal üçin, “Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny esasan prokuratura edaralarynyň işgärlerine täsir edýär ýa-da “Eýeçilik hakynda” Türkmenistanyň kanuny diňe eýeçilik bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir edýär;
- *aýratyn hukuk kadalary* – bu özlerinde umumy ýa-da ýörite kadalardan çykýan hukuk ýagdaýlaryny beýan edýän hukuk kadalardyr. Mysal üçin, adatdan daşary ýagdaý düzgüni, diplomatik eldegrilmesizligi (immunitet) hakynda hukuk kadalary.

Hukuk kadalary ***hereket etmeginiň wagty boýunça-da*** birnäçe görnüşlere bölünýärler:

- *hemişelik hukuk kadalary* – bu täze kadalaşdyryjy hukuk namada beýan edilen kadalar bilen çalşylmasalar kesgitlenmedik uzak wagtyň dowamynda hereket edýän hukuk kadalarydyr;
- *wagtlaýyn hukuk kadalary* – bu diňe kadalaşdyryjy hukuk namada görkezilen möhletiň dowamynda hereket edýän hukuk kadalarydyr.

## §3. Hukuk kadasynyň düzüm gurluşy

Hukuk kadasynyň hereket ediş bütewiligini üpjün edýän düzüm böleklerini biri-biri bilen many taýdan yzygiderlikli (logiki) sepleşdirýän içki gurluşy, *hukuk kadasynyň düzüm gurluşy* diýlip atlandyrylýar. Özüniň nusgawy (doly, kämil) görnüşinde hukuk kadasynyň düzüm gurluşynyň üç sany düzüm bölegi bardyr:

- gipoteza;
- dispozisiýa;
- sanksiýa.

*Gipoteza* – bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, ol hukuk kadasynyň durmuşa geçirilmegi üçin bolmagy ýa-da bolmazlygy zerur bolan durmuş ýagdaýlaryny (şertlerini, hadysalaryny) görkezýär. Ol “näme gerek, näçe bolmaly, nähili bolmaly we ş.m.” diýen soraglara jogap berýär. Mysal üçin, raýat iş ýörediş kanunçylygynda, kazynyň raýat işi boýunça talap arzany kabul etmekden ýüz döndermegine degişli hukuk kadasynyň gipotezasy hökmünde, talapçy tarapyndan

[1]Alternatiw-“alter-ikisinden biri” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

jedeli kazyýetden öň, deslapky çözmeklige synanyşmagyň kanunda bellenilen tertibiniň berjaý edilmezligi; şol işiň şol kazyýetiň garamagyna degişli däldigi; talap arzanyň kämillik ukyby ýok şahs tarapyndan berilmegi we ş.m. çykyş edýärler.

Umumy hukuk nazaryýetinde hukuk kadasynyň gipotezasynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *oňyn* (položitel[1]) *gipoteza* (mysal üçin, nika we maşgala kanunçylygyna laýyklykda, nika baglaşmak üçin nika baglaşýanlaryň ikisiniň hem razylygy we olaryň bellenilen nika ýaşyna ýeten bolmaklary zerur. Diňe şu şertler bolan ýagdaýynda degişli hukuk kadasy oňyn hereket edýär);
- *inkär ediji* (oňyn däl (otrisatel[2])) *gipoteza* (ýokarda mysal getirilen, nika we maşgala kanunçylygynyň kadasynda nika baglaşýan şahslaryň başga nikada durmazlygy, olaryň arasynda ýakyn garyndaşlygyň bolmazlygy, taraplaryň biriniň kämillik ukybynyň ýokdugy barada kazyýetiň çözgüdiniň bolmazlygy ýaly başga-da şertler bar. Kanun ol şertleriň bolmazlygyny talap edýär. Şeýlelikde hukuk kadasynyň haýsydyr bir anyk şertleriň bolmazlygyny talap edýän gipotezasyna inkär ediji gipoteza diýilýär).
- *ýönekeý gipoteza* hukuk kadasynyň hereket etmegi, şonuň bolmagy ýa-da bolmazlygy bilen baglanyşdyrylýan bir şertden (ýagdaýdan) ybaratdyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 23-nji maddasynda birnäçe hukuk kadalary bar. Görkezilen maddanyň 1-nji bendiniň hukuk kadasynyň gipotezasynda zähmet şertnamasyny baglaşmak üçin adamyň on alty ýaşyna ýetmegi ýeke-täk şert hökmünde görkezilýär. Şu hukuk kadasynyň gipotezasy hem ýönekeý gipoteza bolup durýar;
- *çylşyrymly gipoteza* hukuk kadasynyň hereket etmegini iki ýa-da ondan-da köp şertleriň (ýagdaýlaryň) bolmagy ýa-da bolmazlygy bilen baglanyşdyrýar. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 23-nji maddasynyň 3-nji bendindäki hukuk kadasynyň gipotezasy bolsa çylşyrymly gipotezanyň mysaly hökmünde çykyş edip biler. Görkezilen kadada şeýle bellenýär: “Kinematografiýa[3] guramalarynda, teatrlarda, teatral we konsert[4] guramalarynda, sirklerde[5], ata-enelerden biriniň (hossarynyň) we hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirmeýän eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşmak üçin on bäş ýaşyna ýetmedik adamlar bilen hem zähmet şertnamasynyň baglaşylmagyna ýol berilmeýär” Hukuk kadasynyň mazmunyndan görnüşi ýaly onuň herekete girmegi üçin birnäçe şertleriň bolmagy zerur: ***1.*** ata-enesiniň biriniň ýa-da hossarynyň hem hossarlyk we

---

[1]Položitel-“положительный-degişli, oňyn, oňaýly, положится-bil baglamak, bil baglap bolýan” diýen rus sözlerinden gelip çykan adalga;
[2]Otrisatel-„отрицать-inkär etmek, ret etmek” diýen rus sözünden gelip çykan adalga;
[3]Kinematografiýa -“kineo-hereket edýärin, hereket etdirýärin, grapho-ýazýaryn” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, kino düşürmegiň sungatyny aňladýar;
[4]Konsert-“concerto-bäsleşýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, aýdym-saz eserleriniň jemagatyň öňünde ýerine ýetirilmegini aňladýar;
[5]Sirk-“circus-aýlaw, tegelek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

howandarlyk edaralarynyň rugsady; **2.** iş on bäş ýaşyna ýetmedik adamlaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirmeýän eserleri döretmek we (ýa-da) ýerine ýetirmek bilen bagly bolmaly; **3.** iş beriji hökmünde kinematografiýa guramalary, teatrlar, teatral we konsert guramalary, sirkler çykyş etmeli;

- *saýlamaga mümkinçilik berýän* (alternatiw) *gipoteza* hukuk kadasynyň hereket etmegini sanawda görkezilen birnäçe şertleriň (ýagdaýlaryň) biriniň bolmagy ýa-da bolmazlygy bilen baglanyşdyrýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermegiň, gozgalan jenaýat işini bolsa önümçilikden ýatyrmagyň, jenaýatyň wakasynyň bolmazlygy, etmişde jenaýatyň düzüminiň bolmazlygy, wagt möhletiniň geçen bolmagy, günä geçme namasynyň edilen etmiş üçin jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrmagy ýaly 10 sany esasy (şerti, ýagdaýy) berkidilýär. Şolaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy (bolmazlygy) hukuk kadasynyň hereket etmegini üpjün edýär.

*Dispozisiýa* – bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, onda gipotezada göz öňünde tutulan şertler bolan (bolmadyk) ýagdaýynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň ýerine ýetirmäge borçly bolan özüňi alyp baryş düzgünleri berkidilýär. Hukuk kadasynyň dispozisiýasy nähili hereketleri amala aşyrmagyň bolýandygyny, haýsylaryny bolsa amala aşyrmagyň bolmaýandygyny kesgitleýär. Ol hukuk kadasynyň mazmunyny beýan edýär we onuň esasy düzüm bölegi bolup durýar. Dispozisiýada hukugyň subýektleriniň hukuklary hem borçlary bellenilýär.

Mysal üçin, Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 70-nji maddasyna laýyklykda, eger ata-enäniň özleriniň çagalaryny terbiýelemek baradaky borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýanlygy, şol sanda çaga dogrulýan öýden (bölümden) we çagalar üçin beýleki bejeriş-öňüni alyş we okuw-terbiýeleýiş edaralaryndan çagany almakdan ýerliksiz sebäpli boýun gaçyranda ýa-da olaryň özleriniň ata-enelik hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalanýanlygy, çagalara rehimsiz garaýanlygy, özleriniň jemgyýete ýat bolan bozuk gylyk-häsiýeti bilen çagalara zyýanly täsir edýänligi takyklanylsa, şonuň ýaly-da ata-ene öwrendekli arakhor ýa-da neşekeş bolsa, onda ata-ene ýa-da olaryň biri ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilner. Şu ýerde hukuk kadasynyň dispozisiýasynda şahslaryň birnäçe borçlary kesgitlenýär. Subýektleriň borçlary bolsa:

- özleriniň çagalaryny terbiýelemek baradaky borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmazlykdan;
- çaga dogrulýan öýden (bölümden) we çagalar üçin beýleki bejeriş-öňüni alyş we okuw-terbiýeleýiş edaralaryndan çagany almakdan ýerliksiz sebäpli boýun gaçyrmazlykdan;
- özleriniň ata-enelik hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalanmazlykdan;
- çagalara rehimsiz garamazlykdan;
- özleriniň jemgyýete ýat bolan bozuk gylyk-häsiýeti bilen çagalara zyýanly täsir etmezlikden;

- alkogolly[1] içgileri we neşe serişdelerini yzygiderli ulanmazlykdan ybaratdyr.

Hukuk kadasynyň dispozisiýasynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *ýönekeý dispozisiýa* (özüňi alyp barmagyň bir görnüşini kesgitleýär, ýöne ony giňişleýin açyp görkezmeýär we düşündirmeýär);
- *beýan ediji dispozisiýa* (subýektleriň zerur bolan özüni alyp barşynyň ähli wajyp taraplaryny ýeke-ýekeden beýan edýär);
- *saýlamak mümkinçiligini berýän* (alternatiw) *dispozisiýa* (subýektleriň özüni alyp barşynyň birnäçe görnüşlerini berkidýär);
- *ugradýan, ugur alýan dispozisiýa* (özüňi alyp baryş kadasyny gönüden-göni beýan etmän özüniň berkidilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň başga bir maddasynda beýan edilýän hukuk kadasyna ugradýar, şonda bellenilen özüňi alyp baryş düzgüninden ugur almalydygyny görkezýär);
- *salgylanyjy dispozisiýa* (ugradýan, ugur alýan dispozisiýadan tapawutlylykda, özüniň berkidilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kadasyna däl-de başga kadalaşdyryjy hukuk namalara, görkezmelere, düzgünnamalara, tehniki-hukuk kadalaryna, enjamlary ulanmagyň düzgünlerine we ş.m. salgylanýar).

*Sanksiýa* – bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, dispozisiýada beýan edilen özüňi alyp baryş düzgüniniň (düzgünleriniň) berjaý edilmeginiň döwlet üpjünçiliginiň ölçegidir. Mysal üçin, ýokarda görkezilen, Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 70-nji maddasynyň sanksiýasy ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek bolup durýar.

Aslynda, sanksiýa – bu adamyň hereketiniň kadalaşdyryş tertibinde kesgitlenen netijesidir. Şu nukdaýnazardan hukuk kadasynyň sanksiýasyny onuň dispozisiýasyny durmuşa geçirýän subýekt üçin bähbitli (peýdaly, oňyn, pozitiw) ýa-da bähbitsiz (peýdasyz, ýaramaz, negatiw[2]) netijeleriň ýüze çykmagyny üpjün edýän düzüm bölegi hökmünde kesgitlemek bolar.

Sanksiýalaryň hem birnäçe görnüşi bardyr:

- *temmi* (jeza) *beriji sanksiýa* – bu temmi beriş häsiýetli, jogapkärçilik çärelerini beýan edýän sanksiýadyr Olar hem öz gezeginde birnäçe görnüşlere bölünýändir:
  - <u>doly</u> (absolýut) <u>kesgitlenen sanksiýa</u> (onda hukugyň subýekti babatda, onuň şol hukuga garşy hereketleri sebäpli ýüze çykmagy mümkin bolan oňaýsyz netijeleriň möçberi takyk görkezilýär);
  - <u>belli bir derejede</u> (otnositel) <u>kesgitlenen sanksiýa</u> (onda hukugyň subýekti babatda, onuň şol hukuga garşy hereketleri sebäpli ýüze çykmagy mümkin bolan oňaýsyz netijeleriň möçberiniň iň pes (minimumy) hem iň ýokary (maksimumy[3]) derejeleri görkezilýär);
  - <u>saýlamaga mümkinçilik berýän</u> (alternatiw) <u>sanksiýa</u> (onda hukugyň subýekti babatda, onuň şol hukuga garşy hereketleri sebäpli ýüze

[1]Alkogol-“al-kuhl-sürme we kuhul-spirt” diỳen arap sözlerinden gelip çykyp, düzüminde spirt bolan suwuklyklary aňladỳar;
[2]Negatiw-“negativus-ýaramaz, oňyn däl, otrisatel” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[3]Maksimum-“maximum-ň ýokary, iň köp” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

çykmagy mümkin bolan oňaýsyz netijeleriň birnäçe görnüşleri ýa-da möçberleri görkezilýär we jogapkärçilik çäreleriniň görkezilen sanawyndan haýsy hem bolsa birini ýa-da birnäçesini saýlamaga mümkinçilik berilýär).

- *hukuk dikeldiji sanksiýa* – bu hukuk gatnaşyklarynyň kadaly ýagdaýyny dikeltmegä we berjaý edilmedik borjy ýerine ýetirmäge mejbur edýän sanksiýadyr;
- *höweslendiriji sanksiýa* – bu hukugyň subýektleriniň hukuga laýyk özlerini baryşlaryny höweslendirmegiň ahlak ýa-da maddy çärelerini beýan edýän sansksiýadyr.

## §4. Hukuk kadasynyň we kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasynyň özara gatnaşygy

Hukuk kadasynyň düzüm bölekleriniň kadaly (organiki) sepleşmekleriniň netijesinde onuň bütewi birligi emele gelýär. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, hukuk kadasynyň gurluşy üç sany düzüm böleginden ybaratdyr. Her bir hukuk kadasynyň manylylygyny (logika, mantyga laýyklyklygyny) hem şol üç sany düzüm böleginiň bolmagy üpjün edýändir. Sebäbi gipotezasy bolmasa, hukuk kadasy manysyzdyr, dispozisiýa bolmasa onuň mazmuny ýokdur, sanksiýasyz hukuk kadasy bolsa güýçsüzdir.

Ýöne görkezilen üç düzüm böleginiň ählisiniň hukuk kadasynyň gurluşynda jemlenmeýän ýagdaýlary hem juda köpdür. Hereket edýän kanunçylykda, köplenç diňe gipoteza bilen dispozisiýadan ybarat bolan (raýat hukuk kadalary), dispozisiýadan we sanksiýadan ybarat bolan (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň jenaýat hukuk kadalary) ýa-da diňe dispozisiýadan ybarat bolan (konstitusion hukuk kadalary) hukuk kadalary duş gelýärler.

Kanunçylyk şertlerini beýan etmegiň gysgalygyny üpjün etmek we gerekmejek gaýtalamalary aradan aýyrmak üçin, kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddalarynda hukuk kadasynyň gurluşynyň düzüm bölekleri dolulygyna ulanylman hem bilýär. Maddalaryň köpüsinde gipoteza hem sanksiýa beýan edilmeýär, ýöne ol ýa-da beýleki maddanyň beýan edilişiniň usulyndan (formulirlenmeginden) olaryň bardygy (bolmalydygy, manysy) gelip çykýar ýa-da ol ýa-da beýleki kanunyň başga maddalarynda olar görkezilýärler. Şunuň bilen baglylykda, şu ýerde kanunyň ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddalaryna hukuk kadasy bilen birmeňzeş düşünje hökmünde garamaly däldigini bellemek gerek. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň bir maddasynda (maddasynyň böleginde, bendinde, bentçesinde) birnäçe hukuk kadasy ýerleşdirilip bilinýär, şonuň ýaly-da, kähalatda hukuk kadasy “pytradylyp”, onuň gipotezasy we dispozisiýasy maddanyň bir böleginde (bendinde), sanksiýasy bolsa başga bir böleginde (bendinde), käbir ýagdaýlarda bolsa, şol kadalaşdyryjy hukuk namanyň başga maddasynda-da ýerleşdirilip bilinýär.

Hukuk kadalarynda berkidilen hukuk görkezmeleriniň durmuşa geçirilişiniň has ýokary netijeliligini üpjün etmek maksady bilen, hukuk dörediji edaralar

tarapyndan hukuk kadalaryny kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda beýan etmegiň birnäçe usullaryndan peýdalanylýar.

Kadalaşdyryjy umumylaşdyrmagyň derejesine baglylykda ol usullaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *hyýaly* (howaýy, abstrakt) *usulda* ýagdaýlar we hakyky ýagdaýlar (faktlar) maddanyň ýazgysynda (tesktinde) umumylaşdyrylan görnüşde beýan edilýär;
- *sebäpleýin* (kazuistik[1]) *usulda* hukuk kadasynyň kesgitleýän ähli şertleri, hereketleri we olary ýerine ýetirmezligiň netijeleri sanalyp geçilýär;

Hukuk kadalarynyň düzüm bölekleriniň beýan edilişiniň dolulygyna baglylykda ol usullar şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- *doly usulda* kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasy bilen hukuk kadasy doly gabat gelýär, ýagny kadalaşdyryjy hukuk namanyň bir maddasynda bir hukuk kadasynyň ähli düzüm bölekleri (gipotezasy, dispozisiýasy we sanksiýasy) ýa-da ähli düzüm bölekleri bolan birnäçe hukuk kadasy beýan edilýär;
- *ugradýan* (ugradyjy) *usulda* bir hukuk kadasy kadalaşdyryjy hukuk namanyň birnäçe maddasynda beýan edilýär. Eger-de bir hukuk kadasynyň aýry-aýry düzüm bölekleri şol bir kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddalarynda beýan edilýän bolsa onda olara ugur alýan maddalar diýilýär, eger-de bir hukuk kadasynyň düzüm bölekleri birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalarda ýerleşdirilen bolsa onda olara salgylanyjy maddalar diýilýär.

## §5. Hukuk kadasynyň netijeliligi

Hukuk kadasy tutuş hukuk ulgamynyň esasgoýujy binýadynyň özeni bolup durýar. Şonuň üçinem onuň hereketiniň netijeliligini kesgitlemeklige kanunçykaryjy hem, hukuk goraýjy edaralar hem, ýönekeý raýatlar hem mätäçdirler.

Hukuk kadasynyň hereketiniň hakykat ýüzündäki netijesi bilen şol hukuk kadalarynyň kabul edilmeginiň sosial maksatlarynyň arasyndaky deňeşdirme hem *hukuk kadasynyň netijeliligi* diýlip atlandyrylýar.

Hukuk kadalarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna netijeli täsir etmekleriniň şertleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- hukuk kadalarynda olaryň hereket edýän jemgyýetçilik gurluşynyň durmuş-ykdysady we syýasy kanunalaýyklyklarynyň talaplarynyň beýan edilmegi;
- hukuk kadalaryndaky görkezmeleriň şol jemgyýetiň ahlagynyň talaplaryna we hukuk düşünjeliligini terbiýelemegiň ugurlaryna gabat gelmegi;
- kanun döredijilik işiniň dowamynda şol jemgyýetde ykrar edilen düzgünleşdirmegiň we dolandyrmagyň umumy ýörelgeleriniň nazarda tutulmagy;

[1]Kazuistik-“casus-bolan ýagdaý, bolan waka, sebäp” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- kanun döredijilik işiniň dowamynda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň kanunalaýyklyklarynyň göz öňünde tutulmagy;
- hukuk medeniýetiniň we kanunylyk düzgüniniň degişli derejesiniň bolmagy.

## *ÇYZGYLAR*


Çyzgy 13.1.
Hukuk kadasy
Bu döwlet tarapyndan döredilen, tassyklanan we onuň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilen, hemmeler üçin hökmany häsiýetli özüňi alyp baryş düzgünidir
onuň esasy özboluşly alamatlary
hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilmeginiň mejbury üpjünçiligi
hukuk kadalarynyň ygtyýarlandyryjy-borçlandyryjy häsiýeti
hukuk kadalarynyň aýry-aýry şahslara gönükdirilmeýänligi
hukuk kadalarynyň ençeme gezek ulanylyp bilinýänligi
hukuk kadalarynyň resmi kesgitlenenligi
Hukuk kadalary görnüşlere bölünýärler:
Amala aşyrýan wezipeleri (funksiýalary) boýunça
Hukuk görkezmesiniň beýan edilişiniň görnüşine görä
Ulanylan hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna laýyklykda
Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine (predmetine) laýyklykda
Beýan edilýän hukuk görkezmeleriniň dolulygyna baglylykda
Hukuk kadasynyň düzüm bölekleriniň beýan edilişiniň kesgitliligine baglylykda
Hukuk talaplarynyň anyk şahslara (subýektlere) ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryna dahyllylygyna baglylykda
Hereket etmeginiň wagty boýunça


Çyzgy 13.2.
Amala aşyrýan wezipeleri (funksiýalary) boýunça hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
Ugrukdyryjy kadalar
Özüňi alyp baryş kadalary
başlangyç kadalar
ýörelgeleýin kadalar
kesgitleme kadalar
düzgünleşdiriji kadalar
goraýjy kadalar
Hukuk görkezmesiniň beýan edilişiniň görnüşine görä hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
Ygtyýarlandyrýan hukuk kadalary
Borçlandyrýan hukuk kadalary
Gadagan ediji hukuk kadalary
Ulanylan hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna laýyklykda hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
Höküm ediji hukuk kadalary
Höweslendiriji hukuk kadalary
Saýlamak mümkinçilikli hukuk kadalary
Maslahat beriji hukuk kadalary

**Çyzgy 13.3.**


Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine (predmetine) laýyklykda hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
Maddy hukuk kadalary
Iş ýörediş hukuk kadalary
Kollizion hukuk kadalary
Beýan edilýän hukuk görkezmeleriniň dolulygyna baglylykda hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
salgylanýan (blanket) hukuk kadalary
ugradyjy hukuk kadalary
Hukuk kadasynyň düzüm bölekleriniň beýan edilişiniň kesgitliligine baglylykda olaryň görnüşlere bölünisi
doly (absolýut) kesgitlenen hukuk kadalary
çäkli (otnositel) kesgitlenen hukuk kadalary
saýlamak mümkinçilikli (alternatiw) hukuk kadalary
Hukuk talaplarynyň anyk şahslara (subýektlere) ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryna dahyllylygyna baglylykda hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
umumy hukuk kadalary
ýörite hukuk kadalary
aýratyn hukuk kadalary


Çyzgy 13.4.
Hereket etmeginiň wagty boýunça hukuk kadalarynyň görnüşlere bölünişi
hemişelik hukuk kadalary
wagtlaýyn hukuk kadalary
Hukuk kadasynyň düzüm bölekleri
gipoteza
dispozisiýa
sanksiýa
Bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, ol hukuk kadasynyň durmuşa geçirilmegi üçin bolmagy ýa-da bolmazlygy zerur bolan durmuş ýagdaýlaryny (şertlerini, hadysalaryny) görkezýär
Bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, dispozisiýada beýan edilen özüňi alyp düzgüniniň (düzgünleriniň) berjaý edilmeginiň döwlet üpjünçiliginiň ölçegidir
Bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, onda gipotezada göz öňünde tutulan şertler bolan (bolmadyk) ýagdaýynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň ýerine ýetirmäge borçly bolan özüňi alyp baryş düzgünleri berkidilýär.
Gipotezanyň görnüşleri
oňyn (položitel) gipoteza
inkär ediji (otrisatel) gipoteza
ýönekeý gipoteza
çylşyrymly gipoteza
saýlamaga mümkinçilik berýän (alternatiw) gipoteza

Çyzgy 13.5.


Dispozisiýanyň görnüsleri
ýönekeý dispozisiýa
beýan ediji dispozisiýa
alternatiw dispozisiýa
ugur alýan dispozisiýa
salgylanyjy dispozisiýa
Sanksiýanyň görnüşleri
hukuk dikeldiji sanksiýa
höweslendiriji sanksiýa
temmi (jeza) beriji sanksiýa
doly (absolýut) kesgitlenen sanksiýa
belli bir derejede (otnositel) kesgitlenen sanksiýa
saýlamaga mümkinçilik berýän (alternatiw) sanksiýa
Hukuk kadalaryny kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda beýan etmegiň usullary
hyýaly (abstrakt) usul
doly usul
sebäpleýin (kazuistik) usul
ugradýan (ugradyjy) usul

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk kadasynyň häsiýetleri:**
- ol döwlet tarapyndan kabul edilýär ýa-da tassyklanýar (sanksionirlenýär);
- onuň ýerine ýetirilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär;
- ol hemmeler üçin hökmany häsiýetlidir;
- ol diňe kanunlaryň maddalarynda beýan edilýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk kadalary näçe ugur boýunça görnüşlere bölüänýärler?**
- sekiz;
- dört;
- üç;
- adatça ýedi, ýöne käbir ýagdaýlarda dokuz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Amala aşyrýan wezipeleri (funksiýalary) boýunça hukuk kadalarynyň şu görnüşleri bar:**
- konstitusion hukuk kadalary we beýleki hukuk pudaklarynyň kadalary;
- ugrukdyryjy we özüňi alyp baryş hukuk kadalary;
- gadagan ediji we salgylanyjy hukuk kadalary;
- hüküm ediji we maslahat beriji hukuk kadalary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Ugrukdyryjy hukuk kadalarynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- başlangyç hukuk kadalary;
- ýörelgeleýin hukuk kadalary;
- düzgünleşdiriş hukuk kadalary;
- definisiýa hukuk kadalary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Goraýyş hukuk kadalary:**
- hukuk bozulma ýüze çykan ýagdaýynda hereket edip başlaýarlar;
- hukuk bozujy babatda ulanylmaly çäreleri kesgitleýärler;
- temmi çäreleriniň mazmunyny we şertlerini kesgitleýärler;
- subýektleriň şahsy hukuklaryny we hukuk borçlaryny kesgitleýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Hukuk kadasynda berkidilen görkezmäniň beýan edilişiniň görnüşine görä hukuk kadalarynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- ygtyýarlandyryan hukuk kadalary;
- goraýyş hukuk kadalary;
- borçlandyryan hukuk kadalary;
- gadagan ediji hukuk kadalary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Höküm ediji (buýruk beriji, imperatiw) hukuk kadalary:**
- konstitusion gurluşyň esaslaryny berkidýärler;
- hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir;
- olar özlerinde höküm ediji görkezmeleri beýan edýärler;
- başgaça düşünilmegine ýa-da özlerinde bellenilen talaplaryň çäginden çykmaklyga ýol bermeýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine (predmetine) laýyklykda hukuk kadalarynyň näçe görnüşi bar?**
- iki;
- bäş;
- üç;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Maddy hukuk kadalary – bu,**
- döwletiň hem jemgyýetiň nukdaýnazaryndan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň has oňaýly, islegli we peýdaly bolan görnüşlerini (wariantlaryny) kesgitleýän hukuk kadalarydyr;
- aýry-aýry hukuk görkezmeleriniň arasyndaky gapma-garşylyklary aradan aýyrmaklyk maksady bilen ol ýa-da beýleki hukuk kadalaryny ulanmagyň tertibini kesgitleýän hukuk kadalarydyr;
- maddy hukugyň kadalaryny tejribede durmuşa geçirmegiň jikme-jik (detallaýyn) tertibini kesgitleýän hukuk kadalarydyr;
- hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny berkidýän we özlerinde anyk şekillendirilen ýagdaýda (situasiýada) özüňi alyp barmagyň takyk düzgünlerini beýan edýän hukuk kadalarydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Beýan edilýän hukuk görkezmeleriniň dolulygyna baglylykda hukuk kadalarynyň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:**
- salgylanýan we ugradyjy hukuk kadalary;
- maddy we iş ýörediş hukuk kadalary;
- kollizion we höweslendiriji hukuk kadalary;
- dispozitiw we alternatiw hukuk kadalary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Hukuk kadasynyň düzüm bölekleriniň beýan edilişiniň kesgitliligine baglylykda olaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- doly (absolýut) kesgitlenen hukuk kadalary;
- çäkli (otnositel) kesgitlenen hukuk kadalary;
- höküm ediji (buýruk beriji, imperatiw) hukuk kadalary;
- saýlamak mümkinçilikli (alternatiw) hukuk kadalary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Umumy, ýörite we aýratyn hukuk kadalary haýsy ölçeglere baglylykda görnüşlere bölünýärler?**

- beýan edilýän hukuk görkezmeleriniň dolulygyna baglylykda;
- talaplaryň anyk şahslara (subýektlere) ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryna dahyllylygyna baglylykda;
- ulanylan hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna laýyklykda;
- hereket etmeginiň wagty boýunça.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Şu aşakdaky hukuk kadalary umumy hukuk kadalaryna degişlidir:**

- konstitusion hukuk kadalary;
- jenaýat hukuk kadalary;
- raýat hukuk kadalary;
- adatdan daşary ýagdaý düzgüni hakda hukuk kadalary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Hukuk kadasynyň gurluşy näçe sany düzüm böleginden ybarat?**

- iki;
- üç;
- adatça üç, ýöne zerurlyk ýüze çykanda okalyşlaryň sany köpeldilip hem bilinýär;
- adaty kanunlarda iki, konstitusion kanunlarda üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Gipotezanyň näçe görnüşi bar?**

- bir;
- üç;
- bäş;
- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk kadasynyň durmuşa geçirilmegi üçin bolmagy ýa-da bolmazlygy zerur bolan durmuş ýagdaýlaryny (şertlerini, hadysalaryny) görkezýän hukuk kadasynyň düzüm böleginiň ady näme?**

- gipoteza;
- dispozisiýa;
- sanksiýa;
- şonuň ýaly düzüm bölegi hukuk kadasynyň gurluşynda ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Sanksiýanyň görnüşlerine girýärler:**

- temmi (jeza) beriji sanksiýa;
- hukuk çäklendiriji sanksiýa;
- höweslendiriji sanksiýa;
- hukuk dikeldiji sanksiýa.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasy bilen hukuk kadasy şol bir zatdyr:**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de madda diňe bir bölekden ybarat bolsa;
- hawa, eger-de maddada bölekler bolup bentler bolmasa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk kadalaryny kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda beýan etmegiň jemi näçe usuly bar?**
- üç;
- iki;
- dört;
- sekiz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk kadasynyň netijeliligi nädip anyklanýar?**
- jenaýat hukuk kadalarynyň ulanylmagynyň netijesinde ýurtda belli döwürde jenaýat jogapkärçiligine çekilip iş kesilen adamlaryň sany bilen öňki ýyllaryň degişli döwründe iş kesilenleriň sany deňeşdirilýär;
- hukuk kadalaryny jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň kabul edişi we berjaý edişi deňeşdirilýär;
- hukuk kadalarynyň birnäçe görnüşleriniň sanksiýalary deňeşdirilýär;
- hukuk kadasynyň hereketiniň hakykat ýüzündäki netijesi bilen şol hukuk kadalarynyň kabul edilmeginiň sosial maksatlary deňeşdirilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 14-nji bap. Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek. Hukuk ulanyş işi

## §1. Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek barada düşünje we onuň görnüşleri

*Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek* – bu hukugyň görkezmelerini hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlaryna öwürmekdir, hukugyň subýektleri tarapyndan gadaganlyklary berjaý etmek, borçlary ýerine ýetirmek, hukuklardan peýdalanmak arkaly kadalaşdyryjy görkezmeleriň amala aşyrylmagydyr hem-de hukuk kadalarynyň ulanylmagydyr.

Mälim bolşy ýaly, hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň birnäçe özbolușly usullary bardyr:

- gadagan etmek;
- borçly etmek;
- rugsat bermek;
- ygtyýar bermek.

Şonuň bilen baglylykda-da hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň hem gollanmak (ugur almak), ýerine ýetirmek we peýdalanmak ýaly görnüşleri bardyr.

*Hukuk kadalaryna gollanmak* – bu hukuk kadalary tarapyndan gadagan edilýän hereketleri amala aşyrmakdan saklanmakdyr. Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň bu görnüşi işjeň däl (passiw[1]) häsiýetlidir. Sebäbi hukuk kadalaryna gollanmak üçin diňe degişli hukuk kadalarynda anyk we takyk görkezilýän özüňi alyp barmagyň ol ýa-da beýleki görnüşlerinden saklanmak ýeterlikdir. Şeýle edilmedik halatynda bolsa döwlet görkezilen hereketleri amala aşyrmakdan saklanmaga mejbur edip we gadaganlyklary bozan şahsa (şahslara) temmi berip bilýär.

*Hukuk kadalaryny ýerine ýetirmek* – bu hukuk kadalarynda görkezilen anyk hereketleriň hökmany ýagdaýda ýerine ýetirilmegidir. Şonuň üçinem hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň bu görnüşi borçlandyryjy hukuk kadalarynyň talaplarynyň we ýuridik borçlaryň işjeň (aktiw[2]) ýetirilmegi bilen baglanyşyklydyr.

*Hukuk kadalaryny peýdalanmak* (amala aşyrmak) – bu hukugyň subýektleriniň öz hukuklaryny amala aşyrmaklarydyr. Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň bu görnüşinde ygtyýarlandyrýan hukuk kadalary, hukuk taýdan rygsat berlen hereketler durmuşa geçirilýär.

Durmuşda hukuk kadalaryny gollanmak, ýerine ýetirmek we peýdalanmak arkaly, hukuk görkezmeleriniň mazmunynyň tejribedäki beýany *hukugy durmuşa geçiriş* (peýdalanyş) *namalarynda* – hukugyň subýektleriniň hereketlerinde, hukuk ýaşaýşyna gatnaşyjylaryň hukuklarda we borçlarda beýan edilen hökmany we mümkin bolan özüňi alyp baryş çäreleriniň hakykat ýüzünde (real) amala aşyrylmagynda ýüze çykýar. Hukuk namalaryň kömegi bilen şahsy (indiwidual) hukuklaryň we borçlaryň (şertnamalaryň, kanunda bellenilen tertipde meýletin erk-islegi beýan etmegiň esasynda) durmuşa geçirilmegi, şonuň ýaly-da hereket edýän

[1]Passiw-“passivus-işjeň däl, ỳalta, haỳal” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Aktiw-“activus-işjeň” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga.

kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda resmileşdirilen we kanunyň esasynda hukugyň subýektleriniň hukuklaryny hem borçlaryny durmuşa geçirýän hukuk namalaryň durmuşa geçirilmegi amala aşyrylýar.

*Hukuk kadalaryny ulanmak* bolsa özüniň ýörite häsiýetine (spesifikasyna[1]) görä hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň adaty görnüşleriniň çäginden çykýar we şonuň üçinem ol aýratynlykda öwrenilmäge degişli bolup durýar.

## §2. Hukuk kadalaryny ulanmak: düşünjesi we alamatlary

Hukuk kadalaryny ulanmak diňe hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň beýleki görnüşleri olaryň doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik bolmadyk halatynda we bu işi berjaý etmek üçin degişli ygtyýarlyklary bolan degişli döwlet edaralarynyň goşulmagy zerur bolan ýagdaýynda amala aşyrylýar.

*Hukuk kadalaryny ulanmak* – bu degişli wezipe ygtyýarlyklary bolan döwlet edaralarynyň hem wezipeli şahslaryň, hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) we takyk (konkret[2]) hukuk kadalarynyň esasynda ýuridik iş boýunça şahsy (indiwidual) çözgüdi taýýarlamaklyga we kabul etmeklige gönükdirilen häkimlik işjeňligidir.

Hukuk ulanyş işjeňligine bolan zerurlyk şu aşakdaky ýagdaýlarda ýüze çykýar:

- jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylar (subýektler) häkimlik ygtyýarlyklary bolan edaralaryň kömegi bolmazdan özleriniň hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirip bilmeseler. Mysal üçin, işe kabul edilmek;
- jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň (subýektleriň) arasynda anyk hakyky hukuk ýagdaýy (ýuridik fakt) babatda jedel dörese we olar häkimlik ygtyýarlyklary bolan edaranyň kömegi bolmazdan jedeli çözüp (kompromis[3] tapyp) bilmeseler ýa-da şahsy hukuklary hem borçlary amala aşyrmaklyga päsgelçilik bar bolsa;
- anyk hukuk gatnaşyklarynyň döremegi üçin takyk hakyky ýagdaýlaryň (faktlaryň) bardygynyň ýa-da ýokdugynyň resmi taýdan anyklanmagy, olaryň hakykylygynyň hem kanunylygynyň barlanmagy zerur bolsa;
- şahsy (subýektiw) hukuklaryň goralmagynyň ýa-da döwlet mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagynyň zerurlygy ýüze çyksa.

Hukuk kadalarynyň ulanylmagynyň häsiýetli alamatlary bolsa şu aşakdakylardyr:

- ol diňe şol işi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen subýektleriň işjeňlidir;
- ol işjeňlik hemişe döwlet-häkimlik häsiýetlidir, onuň bu häsiýeti bolsa degişli işler boýunça kabul edilýän çözgütleriň çürt-kesikliginde, hukuk ulanyjy edaranyň degişli ygtyýarlyklarynyň barldygynyň çaklanylýanlygynda (prezumpsiýasynda), kabul edilen çözgüdiň ýerine

[1]Spesifika-“specifikus-aýratyn, ýörite” diýen latyn sözünden gelip çykyp, diňe şol närsä (predmete), hadysa mahsus bolan tapawutly aýratynlyklary aňladýar;
[2]Konkret-“concretus-goýaldylan, dykyzlaşdyrylan, bitişen” diýen latyn sözünden gelip çykyp, takyklygy aňladýar;
[3]Kompromis-“compromissum-jedelleşýän taraplaryň ylalaşygy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, jedelleşýän taraplaryň biri-birine eglişik etmekleriniň netijesinde ylalaşyga gelmeklerini aňladýar.

ýetirilmeginiň döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýänliginde ýüze çykýar;

- onuň tertipli yzygiderlikde amala aşyrylýan birnäçe tapgyrlary bardyr;
- ol işjeňlik ýörite bellenilen iş ýörediş tertibinde we görnüşinde amala aşyrylýar;
- ol işiň netijesinde hemişe diýen ýaly ýörite hukuk ulanyş namasy kabul edilýär (çykarylýar).

## §3. Hukuk kadalaryny ulanmagyň tapgyrlary

Mälim bolşy ýaly, hukuk kadalaryny ulanmak işi juda çylşyrymly işdir we ol birnäçe, yzygiderli tertipde amala aşyrylýan, özara berk baglanyşykly, ygtyýarly döwlet edaralaryň anyk bir işe seretmegi we ony çözmegi bilen bagly tapgyrlardan ybaratdyr.

Hukuk ulanyş işiniň birinji tapgyrynda *işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak* işi amala aşyrylýar. Onuň mazmuny  işe dahylly bolan we onuň hakyky (fakt) esasyny emele getirýän durmuşy hakyky ýagdaýlary (faktlary) ýüze çykarmakdan hem-de bellige alyp berkitmekden (fiksirlemekden[1]) ybaratdyr. Bu hukuk ähmiýeti bolan maglumatlary toplamaklyga, olary seljermeklige we olara baha bermeklige gönükdirilen işdir.

Hukuk ulanyş işiniň ikinji tapgyrynda, *takyk durmuş wakasyna* (ýagdaýyna, hadysasyna) *hukuk taýdan baha bermek* (kwalifisirlemek[2]) amala aşyrylýar. Hukuk taýdan baha bermegiň mazmuny, hereket edýän hukuk kadalarynyň seljerilýän hakyky ýagdaýlaryň alamatlarynyň hukuk kadalarynda berkidilýän ýuridik faktlaryň alamatlaryna laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini deňeşdirmek hem berkitmek (fiksirlemek) arkaly olaryň hukuk ähmiýetini kesgitlemekden ybaratdyr. Hukuk taýdan baha bermegiň (kwalifisirlemegiň) dowamynda hukuk ulanyş işiniň subýekti ulanmaklyga degişli hukuk kadasyny saýlap alýar, onuň hakykylygyny (dogrulygyny, hereket edýänligini, hukuk güýjüniň bardygyny) barlaýar, manysyna we mazmunyna göz ýetirýär.

Hukuk ulanyş işiniň soňky tapgyry bolan *işi mazmuny boýunça çözmekde we ony resminamalaýyn tertipde resmileşdirmekde* degişli hukuk ulanyş namasy (şahsy (indiwidual) hukuk nama) kabul edilýär (çykarylýar). Şahsy (indiwidual) hukuk nama şu aşakdaky ýaly birnäçe görnüşlerde çykarylyp (kabul edilip, düzülip) bilinýär:

- dolandyryş hukuk bozmasy barada teswirnama (protokol);
- iş boýunça çözgüt;
- jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek ýa-da jenaýat işini gozgamak barada karar we ş.m.

Hukuk ulanyş işiniň bu tapgyrynyň iň ahyrky hereketi, çykarylan (kabul edilen) çözgüdiň ýerine ýetirilmegini guramak we onuň degişli derejede berjaý edilişine gözegçiligi ýola goýmak bolup durýar.

---

[1]Fiksirlemek-“fixus-mäkäm, berkidilen” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Kwalifisirlemek-“quails-hili boỳunça nähili, facio-amala aşyrỳaryn, edỳärin” diỳen latyn sözlerinden gelip çykan adalga.

Şeýlelik bilen, ýokarda görkezilenlerden ugur alyp, hukuk ulanyş işiniň çäginde ýerine ýetirilýän amallaryň (operasiýalaryň[1]) ählisi hem takyk kesgitlenen hukuk ýagdaýlary we şahslary (subýektleri) babatda hukuk ulanyş işiniň – ygtyýarly döwlet edaralarynyň, döwlete dahylsyz edaralaryň hem-de olaryň wezipeli şahslarynyň, hukuk ulanyş namasyny kabul etmek (çykarmak) bilen tamamlanýan, hukuk (ýuridik) işini çözmeklige gönükdirilen, wagtda we giňişlikde manyly-mazmunyly amala aşyrýan hereketleriniň örän berk talaplarynyň şertlerinde berjaý edilýändigini bellemek bolar.

## §4. Hukuk ulanyş işiniň ýörelgeleri

Jemgyýetçilik durmuşynda onuň örän wajyp ähmiýetiniň bardygy we hukuk ulanyş işine gatnaşyjylaryň (subýektleriň) häkimlik ygtyýarlyklarynyň bardygy sebäpli hukuk ulanyş işi birnäçe talaplara laýyklykda amala aşyrylýar.

Bu ýagdaýda *hukuk ulanyş işiniň ýörelgeleri* hukugy durmuşa geçiriş çygrynda ugur görkeziji çelgiler, esasgoýujy başlangyçlar hökmünde çykyş edýärler. Hukuk ulanyş işiniň ýörelgelerine bolsa şu aşakdakylar degişlidir:

- *kanunylyk ýörelgesi* (hukuk ulanyş işiniň hukuk esaslaryna degişlilikde, bu işiň dowamynda amala aşyrylýan ähli hereketler hereket edýän kanunçylykda berk bellenen tertipde we ýörite kesgitlenen iş ýörediş tertibine laýyklykda ýerine ýetirilmelidir);
- *esaslylyk ýörelgesi* (hukuk (ýuridik) işiň hakyky ýagdaýlardan emele gelen esaslaryna degişlilikde hukuk ulanyş işiniň dowamynda kabul edilýän çözgüt işiň hakyky ýagdaýlaryna esaslanmalydyr);
- *maksadalaýyklyk ýörelgesi* (hukuk ulanyş işiniň baş maksady jemgyýetçilik gatnaşyklaryna has netijeli täsir etmek bolup durýar, şonuň üçinem hukuk işjeňliginiň bu görnüşiniň dowamynda amala aşyrylýan hereketler şol maksada laýyk bolmalydyr);
- *durmuş adalatlylygy ýörelgesi* (hukuk ulanyş işi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny durnuklaşdyrmaga (stabilirlemäge[2]), olaryň sazlaşykly utgaşmagyny (garmoniýasyny) üpjün etmäge gönükdirilen bolmalydyr).

## §5. Hukuk kadalaryny ulanmak barada namalar, olaryň görnüşleri we olara bildirilýän talaplar

*Hukuk kadasyny ulanmak barada nama* – bu ygtyýarly döwlet edarasynyň hukuk işi (ýuridik iş) boýunça, takyk ýagdaýlar we şahsy (indiwidual) kesgitlenen şahslar babatda hukuk kadalarynyň esasynda kabul eden resmi görkezmesidir.

Hukuk ulanyş namalary kabul edilmekleriniň islendik ýagdaýynda-da düýpli hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýärler. Ol takyk hukuk gatnaşyklaryny döredýärler ýa-da üýtgedýärler, ýa-da ýatyrýarlar.

[1]Operasiýa-“operatio-hereket” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir anyk netijäni gazanmak maksady bilen amala aşyrylýan tertipli hereketleriň jemini aňladýar, türkmen diline “amal” diýip terjime edilýär;
[2]Stabilirlemek (stabilizasiýa)-“stabilis-durnukly” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zady uzak wagtlyk durnukly ýagdaýa getirmegi we şol ýagdaýda saklamagy aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, hukuk ulanyş namalarynyň dürli görnüşleri bardyr. ***Hukuk ulanyş işiniň görnüşleýin ölçegi boýunça*** olar iki görnüşe bölünýärler:

- *düzgünleşdiriji hukuk ulanyş namalary* jemgyýete we şahsyýete peýdaly gatnaşyklary düzgünleşdirmäge gönükdirilýärler;
- *hukuk goraýjy hukuk ulanyş namalary* hukugyň subýektleriniň hukuga garşy hereketleriniň öňüni almaklyga we olara temmi bermeklige gönükdirilýärler.

***Özleriniň beýan edilişiniň daşky alamatlary boýunça*** bolsa hukuk ulanyş namalarynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *resminama* (dokument[1]) *namalar* (buýruklar, permanlar, görkezmeler, hökümler, kesgitnamalar, netijenamalar we ş.m.);
- *hereket namalar* (werbal[2] – sözde beýan edilen namalar, konklýudent[3] – yşarat, hereket bilen beýan edilen namalar, nyşan (simwol) – belgilerde beýan edilen namalar[4]).

***Özleriniň kabul edilişiniň*** (döredilişiniň) ***usuly boýunça-da*** hukuk ulanyş namalarynyň iki görnüşi bardyr:

- *toparlaýyn* (kollegial) *namalar* (toparlaryň, geňeşleriň, bileleşikleriň, umumy ýygnagyň we ş.m. namalary);
- *ýekeleýin namalar* (edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy, görkezmesi, karary we ş.m.).

Hukuk ulanyş namalaryna örän berk talaplar bildirilýär we ol talaplaryň käbirleri hökmünde şulary görkezmek bolar:

- olar özleriniň kabul edilmekleriniň (çykarylmaklarynyň) esasynda durýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzgünlerine doly laýyk gelmeli;
- olar hukuk ulanyş işiniň takyk subýektiniň ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul edilmeli;
- olaryň düzüm gurluşy berk kesgitlenen ölçeglere laýyk gelmeli (şeýle görnüşdäki namalaryň giriş, beýan ediş, delillendiriş we netije (rezolýutiw[5]) bölümleri bolmaly);
- olar örän mäkäm esaslandyrylan bolmaly, ýagny seljerilen hukuk işiniň ähli hakyky we resmi ýagdaýlary hem şertleri nazara alnyp kabul edilen (çykarylan) bolmaly.

---

[1]Dokument-“documentum-şahadatnama, şaýatnama, şaýatlyk” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[2]Werbal-“verbalis-sözde aýdylan” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda söz bilen beýan edilen buýrugy, görkezmäni we ş.m. aňladýar;

[3]Konklýudent-“conclude-netije şykarýaryn, baglaşýaryn” diýen latyn sözünden geip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda, buýrugyň, görkezmäniň dilden ýa-da ýazmaça görnüşde däl-de özüňi alyp baryş hereketiniň , kähalatda bolsa yşarat etmegiň (baş atmak, makullaýjy terzde göz gyrpmak, kellesini salgamak, egnini gysmak, başyny ýaýkamak, gaşyny çytmak, köpmanyly dymmak, elini salgamak we ş.m.) üsti bilen berilmegini aňladýar;

[4]Namalaryň belgilerde (simwollarda) beýan edilmegi, haýsydyr buýrugyň, görkezmäniň ( haýsydyr bir hereketi amala aşyrmaga rugsat bermegiň ýa-da gadagan etmegiň) belli bir belginiň kömegi bilen amala aşyrylmagyny aňladýar. Mysal üçin, sorag hatyna degişli ygtyýarlyklary bolan wezipeli şahs goşmak belgisini goýup, onda görkezilen hereketi amala aşyrmaga ygtyýar berýär ýa-da aýyrmak belgisini (kese çyzyk) goýup, şol hereketi amala aşyrmagy gadagan edýär, ýa-da şeýle resminamanyň üstüne atanak goýmak ýa-da latynça “Z” (zet) harpyny goýmak bilen onuň mazmunyna bolan gatnaşygyny görkezýär;

[5]Rezolýatiw sözi “rezolỳusiỳa” sözünden gelip çykýar. Rezolýusiýa-“resolution-ygtyỳar bermek” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda, namanyň çykarylan çözgüdiň ýazylýan bölegini aňladỳar.

## §6. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň we hukuk kadalaryny ulanmak baradaky namanyň özara gatnaşygy

Umumy hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen şahsy (indiwidual) hukuk namalaryň arasynda örän köp meňzeşlikler (umumylyklar) bardyr. Şol meňzeşlikler (umumylyklar) hem şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- olaryň ikisi hem çürt-kesik we höküm ediji (häkimlik) häsiýetlidir;
- olaryň ikisinde-de beýan edilen görkezmeleriň ýerine ýetirilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär;
- olaryň ikisini-de şol işi amala aşyrmaga ýörite ygtyýar edilen şahslaryň topary kabul edýär (çykarýar);
- olaryň ikisiniň hem anyk düzüm gurluşy we nyşanlary (atributikasy[1]) bolýar hem-de şol görnüşiň (galybyň) saklanmazlygy olaryň hakyky däl diýlip hasaplanmagyna getirýär;
- olaryň ikisi-de jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönüden-göni düzgünleşdirýärler;
- olaryň ikisi-de jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salmaga, kanunylygy berkitmäge we hukuk tertibini üpjün etmäge gönükdirilýärler we ş.m.

Ýöne şonuň bilen bir hatarda kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen hukuk ulanyş namalarynyň arasynda düýpli (kardinal[2]) tapawutlyklar hem bardyr.

Kadalaşdyryjy hukuk nama – bu hukugyň subýektleriniň öz hukuklary hem borçlary, ol ýa-da beýleki ýagdaýlarda özlerini alyp barmagyň kesgitlenen düzgünleri barada maglumat alýan çeşmeleridir. Mysal üçin, Jenaýat kodeksi, Raýat kodeksi, Gümrük kodeksi we beýlekiler. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň haýsydyr bir ýeke-täk şahsa täsir etmeklige gönükdirilmedik, ählumumy häsiýetli, adatça hereket etmeli wagty çäklendirilmedik we takyk şahsy (indiwidual) hukuk işlerini çözmeklik üçin esas bolup durýan hukuk kadalaryny beýan edýändigini hemişe ýatda saklamalydyr.

Hukuk ulanyş namasy bolsa – bu takyk şahslar, hakyky ýagdaýlar (faktlar), wakalar we wagt görkezilip, kadalaşdyryjy hukuk namanyň esasynda döredilen (kabul edilen) resminamadyr. Mysal üçin, Jenaýat we Jenaýat iş ýörediş kodekslerine gollanmak bilen kazyýetiň çykaran hökümi ýa-da Zähmet kodeksine gollanmak bilen edaranyň ýolbaşçysynyň çykaran düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek hakynda buýrugy, Bilim hakynda kanunyň esasynda raýatlary ýokary okuw mekdebine kabul etmek barada ýokary okuw mekdebiniň rektorynyň[3] buýrugy we ş.m.

---

[1]Atributika-“attribuo-keşp berýärin, şekillendirýärin, ygtyýarlandyrýaryn” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda hukuk resminamalaryna hemişelik mahsus bolan nyşanlaryň toplumy göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, hukuk kadalary maddalarda, maddalaryň böleklerinde we bentlerinde beýan edilmeli, olar arap sanlary bilen belgilenmeli, kadalaşdyryjy hukuk namanyň soňunda ony tassyklan döwlet baştutanynyň goly, kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilen senesi bolmaly;

[2]Kardinal-“cardinalis-baş, esasy, düýpli” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ulanylýan manysynda esasy, düýpli, möhüm tapawutlygy aňladýar;

[3]Rektor-“rector-dolandyryjy” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, ỳokary okuw mekdebiniň ỳolbaşçysyny aňladỳar.

Görkezilenlerden başga-da, hukuk ulanyş namalary anyk kesgitlenen ýagdaýlar babatda, bir gezeklik hereket edýän, namalar bolup durýarlar. Şonuň ýaly-da hukuk ulanyş namalary kadalaşdyryjy hukuk namalar üçin hökmany bolan ýazmaça görnüşde däl-de dilden, hereketiň ýa-da nyşanyň kömegi bilen hem beýan edilip bilýärler. Mysal üçin, ýol hereketiniň düzgünlerinde, polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň işgäri – ýol hereketini sazlaýjynyň ýşaratlary (signallary[1]) onuň ýol hereketini sazlaýan köçesindäki ähli sürüjiler tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir.

Şonuň bilen birlikde-de, hukuk ulanyş namalary kadalaşdyryjy hukuk namalardan tapawutlylykda diňe bir döwletiň ygtyýarly edaralary ýa-da wezipeli şahslary tarapyndan däl-de eýsem döwlete dahylsyz edaralar, täjirçilik guramalary we olaryň wezipeli şahslary tarapyndan hem kabul edilip (çykarylyp) bilinýärler.

[1] Signal-signum-belgi, nyşan, yşarat” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

# *ÇYZGYLAR*


Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usullary
Çyzgy 14.1.
Gadagan etmek
Borçly etmek
Rugsat bermek
Ygtyýar bermek
Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek
Bu hukugyň görkezmelerini hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlaryna öwürmekdir, hukugyň subýektleri tarapyndan gadaganlyklary berjaý etmek, borçlary ýerine ýetirmek, hukuklardan peýdalanmak arkaly kadalaşdyryjy görkezmeleriň amala aşyrylmagydyr hem-de hukuk kadalarynyň ulanylmagydyr
Hukuk kadalaryna gollanmak
bu hukuk kadalary tarapyndan gadagan edilýän hereketleri amala aşyrmakdan saklanmakdyr
Hukuk kadalaryny ýerine ýetirmek
bu hukuk kadalarynda görkezilen anyk hereketleriň hökmany ýagdaýda ýerine ýetirilmegidir
Hukuk kadalaryny peýdalanmak
bu hukugyň subýektleriniň öz hukuklaryny amala aşyrmaklarydyr

**Çyzgy 14.2.**

## Hukuk kadalaryny ulanmak

**Bu degişli wezipe ygtyýarlyklary bolan döwlet edaralarynyň hem wezipeli şahslaryň, hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) we takyk (konkret) hukuk kadalarynyň esasynda ýuridik iş boýunça şahsy (indiwidual) çözgüdi taýýarlamaklyga we kabul etmeklige gönükdirilen häkimlik işjeňligidir**

### Hukuk ulanyş işjeňligine bolan zerurlyk ýüze çykýar:

- jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylar (subýektler) häkimlik ygtyýarlyklary bolan edaralaryň kömegi bolmazdan özleriniň hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirip bilmeseler
- anyk hukuk gatnaşyklarynyň döremegi üçin takyk hakyky ýagdaýlaryň (faktlaryň) bardygynyň ýa-da ýokdugynyň resmi taýdan anyklanmagy, olaryň hakykylygynyň hem kanunylygynyň barlanmagy zerur bolsa
- şahsy (subýektiw) hukuklaryň goralmagynyň ýa-da döwlet mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagynyň zerurlygy ýüze çyksa
- jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň (subýektleriň) arasynda anyk hakyky hukuk ýagdaýy (ýuridik fakt) babatda jedel dörese we olar häkimlik ygtyýarlyklary bolan edaranyň kömegi bolmazdan jedeli çözüp (kompromis tapyp) bilmeseler ýa-da şahsy hukuklary hem borçlary amala aşyrmaklyga päsgelçilik bar bolsa

### Hukuk ulanyş işiniň alamatlary

- ol diňe şol işi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen subýektleriň işjeňlidir
- ol işjeňlik hemişe döwlet-häkimlik häsiýetlidir
- onuň tertipli yzygiderlikde amala aşyrylýan birnäçe tapgyrlary bardyr
- ol işjeňlik ýörite bellenilen iş ýörediş tertibinde we görnüşinde amala aşyrylýar
- ol işiň netijesinde hemişe diýen ýaly ýörite hukuk ulanyş namasy kabul edilýär (çykarylýar)


HUKUK ULANYŞ IŞINIŇ TAPGYRLARY
Çyzgy 14.3.
Birinji tapgyr:
Işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak
Ikinji tapgyr:
Takyk durmuş wakasyna (ýagdaýyna, hadysasyna) hukuk taýdan baha bermek
Üçünji tapgyr:
Işi mazmuny boýunça çözmek we ony resminamalaýyn tertipde resmileşdirmek
HUKUK ULANYŞ IŞINIŇ ÝÖRELGELERI
kanunylyk ýörelgesi
esaslylyk ýörelgesi
maksadalaýyklyk ýörelgesi
durmuş adalatlylygy ýörelgesi
HUKUK ULANYŞ NAMASY WE ONUŇ GÖRNÜŞLERI
Bu ygtyýarly döwlet edarasynyň hukuk işi (ýuridik iş) boýunça, takyk ýagdaýlar we şahsy (indiwidual) kesgitlenen şahslar babatda hukuk kadalarynyň esasynda kabul eden resmi görkezmesidir
Hukuk ulanyş namalarynyň görnüşleri
HUKUK ULANYŞ IŞINIŇ GÖRNÜŞLEÝIN ÖLÇEGI BOÝUNÇA
ÖZLERINIŇ BEÝAN EDILIŞINIŇ DAŞKY ALAMATLARY BOÝUNÇA
ÖZLERINIŇ KABUL EDILIŞINIŇ USULY BOÝUNÇA
düzgünleşdiriji hukuk ulanyş namalary
hukuk goraýjy hukuk ulanyş namalary
resminama (dokument) namalar
hereket namalar
toparlaýyn (kollegial) namalar
ýekeleýin namalar

**Çyzgy 14.4.**

## HUKUK ULANYŞ NAMALARYNA BILDIRILÝÄN TALAPLAR

- olar özleriniň kabul edilmekleriniň (çykarylmaklarynyň) esasynda durýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzgünlerine doly laýyk gelmeli
- olar hukuk ulanyş işiniň takyk subýektiniň ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul edilmeli
- olaryň düzüm gurluşy berk kesgitlenen ölçeglere laýyk gelmeli (şeýle görnüşdäki namalaryň giriş, beýan ediş, delillendiriş we netije bölümleri bolmaly)
- olar örän mäkäm esaslandyrylan bolmaly, ýagny seljerilen hukuk işiniň ähli hakyky we resmi ýagdaýlary hem şertleri nazara alnyp kabul edilen (çykarylan) bolmaly

| | |
|---|---|
| olaryň ikisi-de jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönüden-göni düzgünleşdirýärler | olaryň ikisi-de jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salmaga, kanunylygy berkitmäge we hukuk tertibini üpjün etmäge gönükdirilýärler we ş.m. |
| olaryň ikisini-de şol işi amala aşyrmaga ýörite ygtyýar edilen şahslaryň topary kabul edýär (çykarýar) | olaryň ikisiniň hem anyk düzüm gurluşy we nyşanlary bolýar |
| olaryň ikisi hem çürt-kesik we hüküm ediji (häkimlik) häsiýetlidir | olaryň ikisinde-de beýan edilen görkezmeleriň ýerine ýetirilmegi döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär |

## KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALAR BILEN ŞAHSY (INDIWIDUAL) HUKUK NAMALARYŇ ARASYNDAKY MEŇZEŞLIKLER

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň näçe usuly bar?**
- dört;
- üç;
- iki;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek – bu,**
- hukugyň görkezmelerini hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlaryna öwürmekdir;
- hukugyň subýektleri tarapyndan gadaganlyklary berjaý etmek, borçlary ýerine ýetirmek, hukuklardan peýdalanmak arkaly kadalaşdyryjy görkezmeleriň amala aşyrylmagydyr;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň gaýtadan işlenilip, olara üýtgetme-goşmaçalaryň girizilmegidir;
- hukuk kadalarynyň ulanylmagydyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň görnüşleri şulardyr:**
- hukuk kadalaryna gollanmak;
- hukuk kadalaryny ýerine ýetirmek;
- hukuk kadalaryny peýdalanmak;
- hukuk kadalaryny döretmek.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Durmuşda hukuk kadalaryny gollanmak, ýerine ýetirmek we peýdalanmak arkaly, hukuk görkezmeleriniň mazmunynyň tejribedäki beýany ýüze çykýar:**
- kadalaşdyryjy hukuk namalarda;
- hukugy durmuşa geçiriş namalarynda;
- döwletiň konstitusiýasynda we kanunlarynda;
- döwlet baştutanynyň kadalaşdyryş häsiýetli hukuk namalarynda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň rugsat bermek we ygtyýar bermek usullarynyň mazmuny birmeňzeşmi?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de ol usullaryň ikisi hem bir ýagdaý babatda ulanylsa;
- hawa, eger-de ol usullaryň ikisi hem bir hukuk kadasynda ulanylsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň hukuk kadalaryna gollanmak görnüşi – bu,**
- hukuk kadalarynda görkezilen anyk hereketleriň hökmany ýagdaýda ýerine ýetirilmegidir;
- hukuk kadalary tarapyndan gadagan edilýän hereketleri amala aşyrmakdan saklanmakdyr;
- hukugyň subýektleriniň öz hukuklaryny amala aşyrmaklarydyr;
- hukuk ýaşaýşyna gatnaşyjylaryň hukuklarda we borçlarda beýan edilen hökmany we mümkin bolan özüňi alyp baryş çäreleriniň hakykat ýüzünde amala aşyrylmagydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuk kadalaryny ulanmak işiniň esasy alamatlary şulardyr:**
- degişli ygtyýarlyklary bolan döwlet edaralary hem wezipeli şahslary tarapyndan amala aşyrylýar;
- ýuridik faktlaryň we anyk hukuk kadalarynyň esasynda çözgüt taýýarlamaklyga we kabul etmeklige gönükdirilýär;
- käbir ýagdaýlarda raýatlar tarapyndan hukuk kadalaryny düşündirmek arkaly amala aşyrylýar;
- hukuk ulanyş namasyny çykarmak bilen tamamlanýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk ulanyş işiniň näçe tapgyry bar?**
- iki;
- bäş;
- üç;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Hukuk ulanyş işiniň birinji tapgyrynda işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak işi amala aşyrylýar:**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de olar hukuk ulanyş işiniň deslapky tapgrynda anyklanmadyk bolsa;
- hawa, eger-de ulanylýan kanunda gönüden-göni şeýle bellenen bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Hukuk taýdan baha bermek hukuk ulanyş işiniň:**
- birinji we ikinji tapgyrlarynda amala aşyrylýar;
- ikinji we üçünji tapgyrlarynda amala aşyrylýar;
- birinji we üçünji tapgyrlarynda amala aşyrylýar;
- ikinji tapgyrynda amala aşyrylýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Hukuk ulanyş işiniň üçünji tapgyrynda,**
- dolandyryş hukuk bozmasy barada teswirnama (protokol) düzülýär;
- degişli hukuk ulanyş namasy kabul edilýär;
- iş boýunça çözgüt çykarylýar;
- jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek ýa-da jenaýat işini gozgamak barada karar kabul edilýär.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**12) Çykarylan (kabul edilen) çözgüdiň ýerine ýetirilmegini guramak we onuň degişli derejede berjaý edilişine gözegçiligi ýola goýmak hukuk ulanyş işiniň,**
- iň ahyrky hereketi bolup durýar;
- ikinji tapgyrynda amala aşyrylýar;
- dördünji tapgyryna girýär;
- tapgyrlaryna degişli däldir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Hukuk ulanyş işiniň näçe sany ýörelgesi bar?**
- dört;
- iki;
- iki, käbir ýagdaýlarda bolsa üç;
- dört käbir ýagdaýlarda bolsa üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Durmuş adalatlylygy ýörelgesi hukuk ulanyş işiniň ýörelgesidir:**
- ýok;
- hawa, eger-de ol ulanylýan hukuk kadasynda berkidilen bolsa;
- hawa;
- hawa, eger-de gollanylýan kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýörelgesi hökmünde berkidilen bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Hukuk ulanyş işiniň ýörelgeleriniň arasynda maksadalaýyklyk ýörelgesi barmy?**
- ýok;
- hawa, ýöne bu adatça diňe kontinental hukuk ulgamlaryna degişli;
- hawa;
- hawa, ýöne bu umumy ykrar edilen kada däl-de aýry-aýry alymlaryň ykrar eden kadasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Esaslylyk ýörelgesine laýyklykda,**
- hukuk ulanyş işiniň dowamynda kabul edilýän çözgüt işiň hakyky ýagdaýlaryna esaslanmalydyr;
- ähli hereketler hereket edýän kanunçylykda berk bellenen tertipde we ýörite kesgitlenen iş ýörediş tertibine laýyklykda ýerine ýetirilmelidir;

- amala aşyrylýan hereketler hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna has netijeli täsir etmegini üpjün etmek maksadyna laýyk bolmalydyr;
- hukuk ulanyş işi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny durnuklaşdyrmaga gönükdirilmelidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk ulanyş namalary näçe ölçeg boýunça näçe görnüşe bölünýärler?**
- dört ölçeg boýunça on iki görnüşe;
- üç ölçeg boýunça on görnüşe;
- iki ölçeg boýunça sekiz görnüşe;
- üç ölçeg boýunça alty görnüşe.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk ulanyş işiniň netijesi yşaratyň üsti bilen amala aşyrylyp bilinýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de bu ýagdaý kanunda gönüden-göni bellenen bolsa;
- hawa, eger-de yşarat edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan edilen bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Resminama (dokument) namalara girýärler:**
- permanlar, buýruklar;
- hereket arkaly ýa-da söz bilen beýan edilen namalar;
- görkezmeler, hökümler;
- netijenamalar, kesgitnamalar we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Özleriniň kabul edilişiniň (döredilişiniň) usuly boýunça hukuk ulanyş namalarynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- düzgünleşdiriji we hukuk goraýjy namalar;
- resminama (dokument) we hereket arkaly beýan edilen namalar;
- toparlaýyn we ýekeleýin namalar;
- werbal hem konklýudent namalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 15-nji bap. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek

## §1. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek barada düşünje we onuň ähmiýeti

*Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek* – bu döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, wezipeli şahslaryň we raýatlaryň hukuk kadalarynyň manysyna we mazmunyna düşünmek hem olary düşündirmek babatda amala aşyrýan işleridir. Şonuň ýaly-da bu hukugyň çeşmelerinde beýan edilen döwletiň (kanunçykaryjynyň) erkiniň dogry we netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek maksady bilen giňişleýin we doly açylyp görkezmegine gönükdirilen işdir.

Başgaça aýdylanda, hukuk kadalarynyň düşündirişi döwlet edaralarynyň, dürli guramalaryň, wezipeli şahslaryň hem-de aỳry-aỳry raỳatlaryň hukuk kadalarynda kanunçykaryjynyň hemmeler üçin hökmany bolan erkini düşünmeklige we düşündirmeklige gönükdirilen işidir. Hukuk kadalaryny düşündirmegiň esasy maksady, olarda beỳan ediľỳän düzgünleri anyk durmuş ỳagdaỳlary babatda dogry ulanmaklygy üpjün etmekdir.

Hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň (ýuridik germenewtikanyň[1]/ ekzegetikanyň[2]) zerurlygy bolsa şu aşakdaky ýagdaýlar bilen şertlendirilýär:

- hukuk kadalarynyň umumy, belli bir ýeke-täk şahsa gönükdirilmedik häsiýeti bar, hukuk görkezmeleriniň durmuşa geçirilmegi bolsa köp halatda hukuk kadasynyň çarçuwasyna (ramkasyna) ýerleşmeýän anyk durmuşy wakalarda amala aşyrylýar;
- hukuk kadalarynyň beýan edilişiniň daşky görnüşi hemişe hyýalydyr (abstraktdyr), olaryň ýazgylary (teksti) bolsa gysga we gysbydyr (lakonikdir[3]). Şonuň üçinem bu ýagdaýlar köp halatda hukuk kadasynyň mazmunyna doly hem takyk düşünmezligiň, ikimanyly we bulaşyk garaýyşlaryň emele gelmegine getirýär;
- hukuk kadalary kanunçykaryjylyk tehnikasynyň örän berk talaplarynyň esasynda döredilen çylşyrymly hukuk gurluşlary (konstruksiýalary) bolup durýarlar, şonuň üçinem olaryň beýan edilişi düşündirilmegine mätaçdir;
- hukuk diliniň ýetmezçilikleri zerarly kähalatlarda hukuk kadalarynyň ýazgysynyň olarda berkidilen hukuk görkezmeleriniň göz öňünde tutýan many-mazmuny bilen gabat gelmeýän ýagdaýlary hem bolýar, şeýle halatlarda-da hukuk kadalaryny düşündirmek zerurlygy ýüze çykýar.

---

[1]Germenewtika-“hermeneutikos-düşündirýän” diýen grek sözünden gelip çykyp, ýazgylary (tekstleri) düşündirmegiň sungatyny aňladýar;

[2]Ekzegetika-“exegetikos-düşündirýän” diýen grek sözünden gelip çykyp, germenewtika bilen manydaş adalga bolup durýar;

[3]Lakonik-Gresiýanyň Lakoniki diýen welaýatynyň adyndan gelip çykan adalga. Gadym döwürlerde Lakonikada Sparta döwleti ýerleşipdir we şol döwletiň ýaşaýjylary geplemegiň gysgalyk, tymsallylyk bilen tapawutlanýan täze bir usulyny döredipdirler. **Tymsal** (aforizim)-“aphorismos-gysga täsirli söz” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

## §2. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň görnüşleri we usullary

Hukuk işiniň özboluşly görnüşi hökmünde hukuk kadalaryna düşündiriş bermek iki tapgyrdan: düşünmekden (aň ýetirmekden) we düşündirmekden ybaratdyr.

Hukuk görkezmesiniň manysyna *düşünmek* (aň ýetirmek) – bu hukuk kadasyny düşündirýäniň (interpretasiýa[1] edýäniň) özi tarapyndan amala aşyrylýan, hukuk kadasynyň manysyna we mazmunyna akyl ýetirmeklige gönükdirilen akylly-başly (intellektual[2]) we erk-islegli işdir. Bu düşündirýäniň özi üçin hukuk kadasyna düşündiriş bermekdir, ýagny hukuk kadasyna gyzyklanýan şahsyň özüniň düşünmegidir (akyl ýetirmegidir).

Hukuk kadasyny *düşündirmek* – bu düşündirýän tarapyndan hukuk görkezmeleriniň anyk manysyny we mazmunyny hukuk gatnaşyklarynyň gyzyklanýan gatnaşyjylaryna (subýektlerine) ýetirmäge (düşündirmäge) gönükdirilen, akylly-başly (intellektual) we erk-islegli işdir. Bu özgeler üçin hukuk kadalaryna düşündiriş bermekdir. Umumy hukuk nazaryýetinde şeýle düşündirişiň döwletiň ýokary wekilçilikli edaralary, hukuk ulanyjy edaralar we hususy şahslar tarapyndan berlip bilinýändigi kesgitlenýär.

Hukuk güýji boýunça hukuk kadalarynyň düşündirişi *resmi* we *resmi däl* düşündirişlere bölünýär.

*Hukuk kadalarynyň resmi düşündirişi* – bu şeýle işi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen subýektleriň (döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň) hukuk kadalarynyň mazmunyny takyklamaga, olarda beýan edilen we beýleki subýektler üçin hökmany ähmiýeti bolan döwletiň erkini açyp görkezmäge gönükdirilen hem-de degişli düşündiriş (interpretasiýa) namalaryny kabul etmek arkaly amala aşyrylýan işidir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda Konstitusiýa we kanunlara resmi düşündirişi Türkmenistanyň Mejlisi berip bilýär. Ýöne belli bir derejede hukuk ulanyş işini amala aşyrmagyň dowamynda, hereket edýän kanunçylyga Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti hem kanunlary ulanmak babatda olarda beýan edilen hukuk kadalaryna resmi düşündirişleri bermäge ygtyýarlydyr. Onuň Giňişleýin mejlisiniň (Plenumynyň) kararlarynda berkidilen düşündirişleri bolsa degişli kanunçylyk namalaryny ulanýan edaralar hem wezipeli şahslar üçin hökmany häsiýete eýedir.

Öz gezeginde hukuk kadalarynyň resmi düşündirişi kadalaşdyryjy we kazual düşündirişlere bölünýär:

- *kadalaşdyryjy düşündiriş* – bu hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşi bolup, hukugy ulanyş işiniň dowamynda umumy gollanma hökmünde ulanylmagyna niỳetlenỳär hem-de dürli ỳagdaỳlaryň çäklendirilmedik möçberine we subỳektleriň giň toplumyna degişlidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň Esasy

[1]Interpretasiýa-“interpretatio-düşündirmek, manysyny açyp görkezmek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Intellektual-“intellectus-aň ỳetirmek, düşünmek, paỳhas” diỳen latyn sözlerinden gelip çykyp, piker etmek ukybyny aňladỳar, **intellektual häsiỳet** diỳlende adamyň paỳhasly, oỳlanyşykly we ş.m. hereket etmek ukybyna emosional çygyrda ỳerleşỳän hukuklaryna düşünilỳär.

Kanunyň bir maddasynyň düşündirişi. Kadalaşdyryjy düşündiriş autentiki[1] we legal[2] düşündirişlere bölünỳär:

- autentiki düşündiriş – bu kadalaşdyryjy düşündirişiň bir görnüşi bolup, kadalaşdyryjy namany kabul eden döwlet edarasy tarapyndan oňa berilỳän resmi düşündirişi aňladỳar. Düşündirişiň bu görnüşi hukuk kadalarynyň gönüden-göni düşündirilỳändigi we ol kadalary ulanỳanlar üçin hökmanylyk häsiỳetiniň bardygy bilen tapawutlanỳar;
- legal düşündiriş – bu hem kadalaşdyryjy düşündirişiň bir görnüşi bolup, onuň kanunalaỳyk häsiỳeti bardyr we düşündirişiň bu görnüşini düzmeklik şeỳle düşündiriş berilỳän kadalaşdyryjy hukuk namany kabul eden döwlet edara tarapyndan döwlet edaralarynyň ulgamynda ondan aşakda durỳan edara tarapyndan, ỳokarda durỳan görkezilen edaranyň tabşyrmagynyň ỳa-da rugsat bermeginiň, ỳa-da özüniň kanunda berkidilen ygtyỳarlyklarynyň esasynda amala aşyrylỳar. Mysal üçin, Ỳokary kazyỳet öz ygtyỳarlyklarynyň çäginde döwletiň ỳokary kanunçykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalara düşündirişler berip bilỳär[3].

- *kazual[4] düşündiriş* – bu hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşi bolup, anyk ỳagdaỳlar babatda hukuk kadalaryny ulanỳan döwlet edaralary tarapyndan olara berilỳän düşündirişdir. Mysal üçin, aỳyplaỳyş höküminiň iş kesilene jeza çäresiniň bellenỳän bölüminde onuň günäsini agyrlaşdyrỳan we ỳeňilleşdirỳän ỳagdaỳlar düşündirilỳär.

*Hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň namalary* (interpretasiýa namalary) – bu degişli ygtyýarlyklary bolan döwlet edaralary hem wezipeli şahslary tarapyndan kabul edilen we mazmunynda hukuk kadalarynyň düşündirişini beýan edýän namalardyr.

Hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň namalary anyk bir hukuk görkezmesinde beýan edilen manyny takyklaşdyrmaga we düşündirmäge gönükdirilýärler. Olar beýleki ähli hukuk namalardan şu aşakdaky ýagdaýlar bilen tapawutlanýarlar:

- olaryň özbaşlaryna hiç-hili ähmiýeti ýokdur;
- olar täze hukuk kadalaryny döretmeýärler;
- olar öň hereket edýän hukuk kadalaryny üýtgetmeýärler ýa-da ýatyrmaýarlar;
- olar diňe özleriniň düşündirýän hukuk kadalarynyň hereket edýän möhletiniň dowamynda tejribeleýin ähmiýete we hukuk güýjüne eýedirler;
- olarda hereket edýän hukuk kadalaryna nähili düşünmelidigi we olary nähili ulanmalydygy barada görkezmeler beýan edilýär;
- olar döwlet tarapyndan kepillendirilýän hökmany güýje eýedirler;

---

[1]Autentiki-"autentikos-hakyky, asyl" diỳen grek sözünden gelip çykyp, düzgüne görä bir resminamanyň özi bilen deň hukuk güỳjüne eỳe bolan, emma başga dilde düzülen resminamanyň tekstine doly laỳyk gelỳändiginiň resmi taỳdan tassyklanan tekstini düzmekligi aňladỳar;
[2]Legal-"legal, legalis-kanuny" diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[3]29.08.2009 ỳylda kabul edilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 42-nji maddasynyň 2-nji bendi;
[4] Kazual-"casus-waka, ỳagdaỳ" diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- olar özleriniň düşündirýän hukuk kadalary tarapyndan özlerini alyp baryşlary düzgünleşdirilýän şahslara (subýektlere) däl-de hukuk ulanyjylara niýetlenýärler.

*Hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişi* – bu dürli şahslaryň (subýektleriň) hukuk kadasynyň manysyny we mazmunyny düşündirmeklige gönükdirilen işjeňligidir. Ýöne şol işjeňligiň netijesiniň hökmany hukuk ähmiýeti we höküm ediji (häkimlik) hukuk güýji ýokdur. Şonuň üçinem hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň bu görnüşi hemmeler üçin hökmany (imperatiw) häsiýete eýe däldir we onuň hukuk güýji ýokdur. Onuň maksady diňe hukuk ulanyş işiniň amala aşyrylmagyna ýardam bermek bolup durýandyr.

Resmi däl düşündirişleriň birnäçe görnüşi bardyr:

- *doktrinal düşündiriş* – bu hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişiniň bir görnüşi bolup, abraỳly hukukçy-alymlar, tejribede zähmet çekýän hukukçy-hünärmenler tarapyndan berilỳän düşündirişi aňladỳar;
- *gündelik* (empirik) *düşündiriş* – bu ýörite hukuk bilimleri bolmadyk şahslar tarapyndan hukuk kadalarynyň ýa-da hukuk ulanyş namalarynyň manysynyň we mazmunynyň düşündirilmegidir;
- *hünärmen* (professional, kompetent) *düşündirişi* – bu hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişiniň bir görnüşi bolup, gündelik tejribede islendik hukuk ulanyjy edara ýa-da wezipeli şahs tarapyndan takyk bir ỳagdaỳ barada ýörite hukuk bilimleri bolmadyk şahslara berilỳän düşündirişi aňladỳar. Mysal üçin, prokuratura edarasynyň arzaça jogaby.

Mundan başga-da hukuk kadalarynyň mazmuny boỳunça olara düşündiriş bermegiň şu aşakdaky usullary bardyr:

- *grammatiki*[1] *düşündiriş* – bu hukuk kadasynyň manysyny we mazmunyny anyklaşdyrmak üçin onuň düzümindäki sözleriň özara baglanyşygynyň gurluşyny seljermeklik bilen berilỳän düşündirişdir. Onuň leksiki[2] we lingwistiki[3] düşündiriş ýaly görnüşleri bardyr;
- *logiki düşündiriş* – bu pikirlenmegiň manyly yzygiderliligi arkaly hukuk kadasynyň manysynyň we mazmunynyň düşündirilmegidir ýa-da başgaça aýdylanda, resmi we dialektiki logikanyň düzgünlerini ulanmak arkaly hukuk kadasynyň beýleki hukuk kadalary bilen manyly (logiki) arabaglanyşygyny ýüze çykaryp, şeýle hem hukuk kadasynyň düzüm bölekleriniň arasyndaky gatnaşyklary seljerip onuň many-mazmunyna akyl ýetirmeklik we düşündirmeklikdir;
- hukuk kadasynyň *göwrümi boýunça düşündiriş* bermegiň birnäçe görnüşleri bardyr:
  - harplaỳyn (adekwat) düşündiriş – bu hukuk kadasynyň many-mazmuny we sözde beỳan ediliişi takyk gabat gelen ýagdaýynda berilỳän düşündirişdir;

---

[1]Grammatiki-“gramma-harp” diỳen grek sözünden gelip çykan adalga;
[2]Leksiki-“lexikos-söze degişli” diýen grek sözünden gelip çykyp, diliň harby, hünärmen, gündelik, ýazmaça, resmi dil ýaly görnüşleriniň belli birine mahsus sözleriň jemini aňladýar. Umumy manysynda bolsa diliň tutuş sözlük düzümini, ýagny belli bir diliň ähli sözleriniň jemini aňladýar;
[3]Lingwistiki-“lingua-dil” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- çäklendirilen düşündiriş, haçan-da hukuk kadasynyň söz düzümi onuň hakyky manysyndan dar bolanda ulanylỳan düşündirişiň görnüşidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 101-nji maddasynda: “Kazylar garaşsyzdyrlar, olar diňe kanuna tabyndyrlar we özleriniň içki ynam-ygtykadyna gollanýarlar” diỳen hukuk kadasy berkidilỳär. Emma bu kada kazylaryň diňe kanundan başga kadalaşdyryjy hukuk namalara, ỳagny Konstitusiỳa, konstitusion kanunlara we Türkmenistanyň Mejlisiniň ỳa-da Ỳokary kazyỳetiň kadalaşdyryjy häsiỳetli hukuk namalaryna tabyn däldiklerini aňlatmaỳar;
- giňişleýin (ýaýraw) düşündiriş haçan-da hukuk kadasynyň söz düzümi (ýazgysy, teksti) onuň düýp mazmunyndan gelip çykýan hakyky manysyndan uly bolanda ulanylỳan düşündirişiň görnüşidir.

- *ulgamlaỳyn düşündiriş* – bu hukuk kadasynyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namadaky ornuny kesgitlemek arkaly onuň many-mazmunyny anyklaşdyrmaga gönükdirilen düşündirişdir. Sebäbi her bir kadalaşdyryjy hukuk namanyň ulgamy, düzümi kanunçykaryjy tarapyndan anyk esaslar boỳunça, berk tertipli görnüşde emele getirilỳär. Mysal üçin, Türkmenistanyň jenaỳat iş ỳörediş kanunçylygynda, jenaỳat işini gozgamagyň esaslaryny we tertibini kesgitleỳän hukuk kadalaryndan öň jenaỳat işini önümçilikden togtatmak ỳa-da ỳatyrmak barada hukuk kadalary berkidilip bilinmeỳär;
- *taryhy düşündiriş* – bu düşündirilỳän hukuk kadasynyň mazmunyny anyklaşdyrmak üçin, ol kada işlenip düzülen wagtynda ulanylan maglumatlary hereket edỳän kada bilen deňeşdirmek arkaly berilỳän düşündirişdir. Mysal üçin, döwletiň konstitusiỳasynyň ol ỳa-da beỳleki kadalarynyň mazmuny şol konstitusiỳa işlenip düzülende ulanylan maglumatlaryň seljermesi arkaly amala aşyrylỳar;
- hukuk kadasynyň *ýörite-hukuk düşündirişi* – bu hukuk ylmyny we hukuk döredijilik işini ýokary hünärmen derejesinde bilmekligiň esasynda, hukuk kadasynda ulanylýan ýörite hukuk adalgalarynyň mazmunyny açmak arkaly hukuk kadasyna düşündiriş bermekdir;
- hukuk kadalaryna *teleologiki*[1] *düşündiriş bermek* – bu hukuk kadasynyň kabul edilmeginiň maksadyny nazarda tutmak bilen onuň manysyny we mazmunyny düşündirmekdir.

Hukuk düşündirişleriniň ỳene-de bir özbaşdak görnüşi bolsa *halkara şertnamasynyň düşündirişi* bolup durỳar. Düşündirişiň bu görnüşiniň mazmuny halkara ylalaşygyny baglaşan taraplaryň hakyky maksatlaryny we ylalaşykdaky kadalaryň hakyky manysyny anyklaşdyrmakdan ybaratdyr. Onuň maksady bolsa mümkin boldugyndan halkara ylalaşygynyň ähli şertleriniň durmuşa geçirilmegidir we şonuň netijesinde halkara hukugynyň esasy ỳörelgeleriniň biri bolan “pacta sunt servanda – şertnamalar ỳerine ỳetirilmelidir” diỳen ỳörelgesiniň berjaỳ edilmegini üpjün etmekdir. Halkara ylalaşyklaryny düşündirmeklikde artykmaçlyk hukugy şol ylalaşygyň gatnaşyjylaryna degişlidir.

[1] Teleologiki-“teleos-maksat, logos-okuw, akym, ylym” diýen grek sözlerinden gelip çykan adalga.

## §3. Hukukdaky ýetmezçilikler (boş ýerler) we ýuridik meňzeşlik (analogiýa)

*Hukukdaky ýetmezçilik* – bu anyk bir jemgyýetçilik gatnaşygynyň hukuk kadasy bilen düzgünleşdirilmezligi, şeýle hukuk kadasynyň bolmazlygy ýa-da onuň şol jemgyýetçilik gatnaşygyny doly derejede düzgünleşdirmeýänligidir.

Hukukdaky ýetmezçilikleriň sebäpleri hökmünde dürli ýagdaýlar (faktorlar) çykyş edip bilerler. Olardan has köp gaýtalanýanlary bolsa şu aşakdakylardyr:

- kanunçykaryjynyň ýalňyşy, säwligi;
- kanunçylygyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüş depgininden (dinamikasyndan[1]) yza galmagy;
- kanunçykaryjylyk tehnikasynyň geleňsiz ulanylmagy;
- hukuk döredijilik işine gatnaşýan şahslaryň hukuk medeniýetiniň derejesiniň pes bolmagy we ş.m.

Mälim bolşy ýaly, hukukdaky ýetmezçiligi diňe täze kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmek ýa-da öň kabul edilen hukuk nama üýtgetme-goşmaça hökmünde täze hukuk kadasyny girizmek arkaly aradan aýryp bolýar, bu iş bolsa örän uzak hem juda köp zähmeti talap edýär. Şonuň üçinem hukuk tejribesi hukukdaky ýetmezçilikleri aradan aýyrmagyň hukuk (ýuridik) meňzeşligini (analogiýasyny) ulanmak arkaly aradan aýyrmagyň usulyny oýlap tapypdyr.

*Hukuk* (ýuridik) *meňzeşligi* (analogiýasy) – bu birmeňzeş häsiýetli gatnaşygy düzgünleşdirýän hukuk kadasyny ulanmak (kanunyň meňzeşligi (analogiýasy)) ýa-da hukugyň umumy başlangyçlaryny (ýörelgelerini) ulanmak (hukugyň meňzeşligi (analogiýasy)) arkaly düzgünleşdirilmedik jemgyýetçilik gatnaşygyny kadalaşdyrmakdyr.

Ýöne jenaýat kanunçylygynda we dolandyryş kanunçylygynda hukuk (ýuridik) meňzeşligini ulanmak gadagandyr, raýat kanunçylygynda bolsa oňa rugsat berlendir.

Umumy düzgünlere laýyklykda, hukugyň we kanunyň meňzeşligini ulanmak diňe belli bir anyk talaplar berjaý edilende mümkindir. Ol talaplaryň käbirleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- meňzeşligi ulanmagyň düýpli esaslylygy, zerurlygy we ony ulanmaklyga kanunyň rugsat berýänligi;
- şol ýagdaýy gönüden-göni düzgünleşdirýän hukuk kadasynyň bolmazlygy;
- meňzeşligi ulanmagyň hukugyň ýörelgelerine hukugyň şol pudagynyň ýa-da şahasynyň (institutynyň) ýörelgelerine laýyk gelmegi;
- meňzeşligiň ulanylmagynyň döwletiň hukuk syýasatynyň maksatlaryna laýyk gelmegi we ş.m.

[1]Dinamika-“dynamis-güýç, kuwwat” diýen grek sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda öňe bolan, ösüşe tarap hereketi aňladýar.

## §4. Hukuk kadalarynyň biri-birine gapma-garşy gelmeginde (kolliziýasynda) olara düşündiriş bermek

*Hukuk gapma-garşylygy* (kolliziýasy) – bu bar bolan kadalaşdyryjy hukuk namalar hem-de olar tarapyndan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň arasyndaky gapma-garşylykdyr, şonuň ýaly-da birmeňzeş ýa-da biri-biri bilen utgaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, aýry-aýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryň arasyndaky gapma-garşylykdyr, şeýle hem anyk bir ýagdaýy çözmekde biri-birine ters gelýän birnäçe hukuk kadasynyň hereket etmegidir. Ondan başga-da degişli ygtyýarlyklary bolan edaralar ýa-da wezipeli şahslar tarapyndan öz ygtyýarlyklary amala aşyrylanda ýa-da hukuk ulanyş işi berjaý edilende ýüze çykýan gapma-garşylyklardyr.

Hukuk gapma-garşylyklarynyň şu aşakdaky ýaly dürli-dürli sebäpleri bolup biler:

- halkara we milli hukuk ulgamlarynyň gapma-garşylygy;
- kanunçykaryjynyň ýalňyşlygy;
- jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň güýçli depginde ösmegi, hereket edýän kanunçylygyň bolsa döwrebaplaşdyrylmagynda haýal-ýagal çemeleşilmegi;
- täze kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilende köne kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýatyrylmazlygy;
- hukuk döredijilik işine gatnaşyjylaryň hukuk medeniýetiniň derejesiniň pesligi;
- hukuk tehnikasynyň derejesiniň pes bolmagy ýa-da ony ulanmaklyga geleňsiz çemeleşilmegi;
- jemgyýetdäki (ýa-da döwletdäki) özara berk baglanyşykly (konýunktur[1]) bähbitleriň gapma-garşylygy we ş.m.

Hukuk kadalarynyň gapma-garşylygy ýüze çykan halatlarynda, hukuk ulanyjylar käbir hökmany şertleriň hereket edýändigini unutmaly däldirler. Ol şertler şu aşakdakylardyr:

- halkara hukuk kadalary milli hukuk kadalary babatda artykmaçlyk hukugyna eýe bolan başlangyç (primat[2]) kadalar hökmünde çykyş edýärler;
- ýörite hukuk kadalary umumy hukuk kadalary babatda artykmaçlyk hukugyna (prioritete[3]) eýedir;
- ýokary döwlet edarasy tarapyndan kabul edilen hukuk kadasy aşakda durýan edara tarapyndan kabul edilen hukuk kadasy babatda artykmaçlyk hukuk kadasyna eýedir;
- federal döwletlerde federal kanunlaryň kadalary federasiýanyň subýektleriniň kanunlarynyň kadalary babatda artykmaçlyk hukugyna eýe bolan başlangyç kadalar hökmünde çykyş edýärler.

---

[1]Konýunktur-“conjungo-birleşdirýärin, baglanyşdyrýaryn” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Primat-“primatus-birinji ỳer, ỳaşulylyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, haỳsydyr bir zat babatda birinjiligi, ululygy, artykmaçlygy aňladỳar;
[3]Prioritet-“prior-ýaşuly, uly” diýen latyn sözünden gelip çykyp, işjeňligiň haýsydyr bir görnüşinde ilkinjiligi aňladýar.

Görkezilenlerden başga-da hukuk gapma-garşylygyna dahylly käbir düşünjeleriň üstünde gysgaça durup geçmek hem ýerlikli bolardy.

Mälim bolşy ýaly, *gapma-garşylyk* (kollizion) *hukugy* – bu dürli döwletleriň kanunlarynyň arasyndaky (daşarky gapma-garşylyk hukugy) ýa-da bir döwletiň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň arasyndaky (içerki gapma-garşylyk hukugy) gapma-garşylyklary aradan aýyrýan hukuk kadalarynyň jemidir. Daşarky gapma-garşylyk hukugy halkara hususy hukugyň düzümine girýär. Beýik Britaniýa, ABŞ ýaly käbir döwletlerde bolsa “halkara hususy hukugy” diýen düşünjä “içerki gapma-garşylyk hukugy” diýen düşünje bilen birmeňzeş aňlatma hökmünde garalýar. Gapma-garşylyk hukugynyň federal döwletlerde wajyp ähmiýeti bardyr, sebäbi şeýle döwletlerde federal kanunçylyk bilen federasiýanyň subýektleriniň kanunçylygynyň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykyp bilýärler.

*Kanunlaryň gapma-garşylygy* (kollizisiýasy) bolsa – bu şol bir birmeňzeş meseläni düzgünleşdirmek üçin kabul edilen hem-de resmi taýdan hereket edýän, iki ýa-da ondan-da köp kadalaşdyryjy hukuk namalaryň biri-birine ters gelmegidir. Kanunlaryň gapma-garşylygy bellenilen tertibe laýyklykda, ýokarda görkezilen şertleri berjaý etmek bilen, seredilýän ýagdaý babatda ulanylmaga degişli kanuny saýlamak arkaly aradan aýrylýar.

*Kollizion kada* – bu halkara häsiýetli raýat, maşgala, zähmet we ş.m gatnaşygy babatda haýsy döwletiň kanunçylygynyň ulanylmalydygyny ýa-da içerki döwlet hukuk jedeli (konflikti[1]) ýüze çykanda, haýsy kadalaşdyryjy hukuk namanyň ulanylmalydygyny görkezýän hukuk kadasydyr. Şonuň ýaly-da kollizion kada milli we halkara hukugynyň arasynda ýa-da federal kanunçylyk bilen federasiýanyň subýektiniň kanunçylygynyň arasynda ýüze çykan gapma-garşylygy çözmegiň ýörelgesini hem kesgitläp bilýär. Halkara hususy hukugynda, adatça, kollizion kada hyýaly (abstrakt) düzgün hökmünde resmileşdirilýär we belli bir döwletiň hukuk ulgamyna salgylanman, hukugy ulanmagy amala aşyrmagyň umumy ykrar edilen ýörelgesini görkezýär. Mysal üçin, şahsyň raýatlygynyň kanuny, şertnamanyň baglaşylan ýeriniň kanuny, emlägiň ýerleşýän ýeriniň kanuny, nikanyň baglaşylan ýeriniň kanuny we ş.m.

*Kollizion baglanyşyk* – bu kollizion kadanyň düzüm bölegi bolup, ol seredilýän hukuk gatnaşyklarynyň görnüşi babatda ulanylmaga degişli kanuny ýa-da hukuk ulgamyny görkezýär. Ähli kollizion baglanyşyklaryň birnäçe görnüşi bardyr we olar baglanyşygyň formulalary ýa-da kollizion ýörelgeler diýlip atlandyrylýarlar. Mysal üçin, şahsyň raýatlygynyň kanuny (lex patriae), şahsyň ýaşaýan ýeriniň kanuny (lex domicilii), emlägiň ýerleşýän ýeriniň kanuny (lex rei sitae), şertnamanyň baglaşylan ýeriniň kanuny (lex loci contractus), borçnamanyň berjaý edilýän ýeriniň kanuny (lex loci solutions), zelel ýetirilen ýeriniň kanuny (lex loci delicti commissi) we ş.m.

[1]Konflikt-“conflictus-çaknyşmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

## *ÇYZGYLAR*


Çyzgy 15.1.
Raýatlar tarapyndan
Wezipeli şahslar tarapyndan
Jemgyýetçilik guramalary tarapyndan
Döwlet edaralary tarapyndan
Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek işi amala aşyrylýar:
Hukuk kadalarynyň manysyna we mazmunyna düşünmek üçin
Hukuk kadalarynyň manysyny we mazmunyny düşündirmek üçin
Kanunçykaryjynyň erkiniň dogry we netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin
Hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň zerurlygy şertlendirilýär:
Hukuk kadalarynyň umumy, belli bir ýeke-täk şahsa gönükdirilmedik häsiýeti bar, hukuk görkezmeleriniň durmuşa geçirilmegi bolsa köp halatda hukuk kadasynyň çarçuwasyna (ramkasyna) ýerleşmeýän anyk durmuşy wakalarda amala aşyrylýar.
Hukuk kadalarynyň beýan edilişiniň daşky görnüşi hemişe hyýalydyr (abstraktdyr), olaryň ýazgylary (teksti) bolsa gysga we gysbydyr (lakonikdir). Şonuň üçinem bu ýagdaýlar köp halatda hukuk kadasynyň mazmunyna doly hem takyk düşünmezligiň, ikimanyly we bulaşyk garaýyşlaryň emele gelmegine getirýär.
Hukuk diliniň ýetmezçilikleri zerarly kähalatlarda hukuk kadalarynyň ýazgysynyň olarda berkidilen hukuk görkezmeleriniň göz öňünde tutýan many-mazmuny bilen gabat gelmeýän ýagdaýlary hem bolýar, şeýle halatlarda-da hukuk kadalaryny düşündirmek zerurlygy ýüze çykýar
Hukuk kadalary kanunçykaryjylyk tehnikasynyň örän berk talaplarynyň esasynda döredilen çylşyrymly hukuk gurluşlary (konstruksiýalary) bolup durýarlar, şonuň üçinem olaryň beýan edilişi düşündirilmegine mätäçdir.

**Çyzgy 15.2.**

**Hukuk kadalaryna düşünmek**

**Hukuk kadalaryny düşündirmek**

Bu hukuk kadasyny düşündirýäniň (interpretasiýa edýäniň) özi tarapyndan amala aşyrylýan, hukuk kadasynyň manysyna we mazmunyna akyl ýetirmeklige gönükdirilen akylly-başly (intellektual) we erk-islegli işdir. Bu düşündirýäniň özi üçin hukuk kadasyna düşündiriş bermekdir, ýagny hukuk kadasyna gyzyklanýan şahsyň özüniň düşünmegidir (akyl ýetirmegidir).

Bu düşündirýän tarapyndan hukuk görkezmeleriniň anyk manysyny we mazmunyny hukuk gatnaşyklarynyň gyzyklanýan gatnaşyjylaryna (subýektlerine) ýetirmäge (düşündirmäge) gönükdirilen, akylly-başly (intellektual) we erk-islegli işdir. Bu özgeler üçin hukuk kadalaryna düşündiriş bermekdir. Umumy hukuk nazaryýetinde şeýle düşündirişiň döwletiň ýokary wekilçilikli edaralary, hukuk ulanyjy edaralar we hususy şahslar tarapyndan berlip bilinýändigi kesgitlenýär.

Hukuk güỳji boỳunça hukuk kadalarynyň düşündirişiniň görnüşleri

Hukuk kadalarynyň resmi düşündirişi

Hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişi

Bu şeýle işi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen subýektleriň (döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň) hukuk kadalarynyň mazmunyny takyklamaga, olarda beýan edilen we beýleki subýektler üçin hökmany ähmiýeti bolan döwletiň erkini açyp görkezmäge gönükdirilen hem-de degişli düşündiriş (interpretasiýa) namalaryny kabul etmek arkaly amala aşyrylýan işidir.

Bu dürli şahslaryň (subýektleriň) hukuk kadasynyň manysyny we mazmunyny düşündirmeklige gönükdirilen işjeňligidir. Ýöne şol işjeňligiň netijesiniň hökmany hukuk ähmiýeti we höküm ediji (häkimlik) hukuk güýji ýokdur. Şonuň üçinem hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň bu görnüşi hemmeler üçin hökmany (imperatiw) häsiýete eýe däldir we onuň hukuk güýji ýokdur. Onuň maksady diňe hukuk ulanyş işiniň amala aşyrylmagyna ýardam bermek bolup durýar.

Çyzgy 15.3.



Hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň görnüşleri
Kadalaşdyryjy düşündiriş
Kazual düşündiriş
Autentiki düşündiriş
Legal düşündiriş
Bu hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşi bolup, hukugy ulanyş işiniň dowamynda umumy gollanma hökmünde ulanylmagyna niỳetlenỳär hem-de dürli ỳagdaỳlaryň çäklendirilmedik möçberine we subỳektleriň giň toplumyna degişlidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Esasy Kanunyň bir maddasynyň düşündirişi.
Bu hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşi bolup, anyk ỳagdaỳlar babatda hukuk kadalaryny ulanỳan döwlet edaralary tarapyndan olara berilỳän düşündirişdir. Mysal üçin, aỳyplaỳyş höküminiň iş kesilene jeza çäresiniň bellenỳän bölüminde onuň günäsini agyrlaşdyrỳan we ỳeňilleşdirỳän ỳagdaỳlar düşündirilỳär.
Bu hem kadalaşdyryjy düşündirişiň bir görnüşi bolup, onuň kanunalaỳyk häsiỳeti bardyr we düşündirişiň bu görnüşini düzmeklik şeỳle düşündiriş berilỳän kadalaşdyryjy hukuk namany kabul eden döwlet edara tarapyndan döwlet edaralarynyň ulgamynda ondan aşakda durỳan edara tarapyndan, ỳokarda durỳan görkezilen edaranyň tabşyrmagynyň ỳa-da rugsat bermeginiň, ỳa-da özüniň kanunda berkidilen ygtyỳarlyklarynyň esasynda amala aşyrylỳar.
Bu kadalaşdyryjy düşündirişiň bir görnüşi bolup, kadalaşyryjy namany kabul eden döwlet edarasy tarapyndan oňa berilỳän resmi düşündirişi aňladỳar. Düşündirişiň bu görnüşi hukuk kadalarynyň gönüden-göni düşündirilỳändigi we ol kadalary ulanỳanlar üçin hökmanylyk häsiỳetiniň bardygy bilen tapawutlanỳar.
Hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişiniň görnüşleri
doktrinal düşündiriş
gündelik (empirik) düşündiriş
hünärmen (professional, kompetent) düşündirişi

**Çyzgy 15.4.**


doktrinal düşündiriş
hünärmen (professional, kompetent) düşündirişi
gündelik (empirik) düşündiriş
Bu abraỳly hukukçy-alymlar, tejribede zähmet çekýän hukukçy-hünärmenler tarapyndan berilỳän hukuk kadalarynyň düşündirişidir
Bu ýörite hukuk bilimleri bolmadyk şahslar tarapyndan hukuk kadalarynyň ýa-da hukuk ulanyş namalarynyň manysynyň we mazmunynyň düşündirilmegidir.
Bu gündelik tejribede islendik hukuk ulanyjy edara ýa-da wezipeli şahs tarapyndan takyk bir ỳagdaỳ barada ýörite hukuk bilimleri bolmadyk şahslara berilỳän hukuk kadalarynyň düşündirişidir
HUKUK KADALARYNYŇ RESMI DÜŞÜNDIRIŞINIŇ NAMALARY
Hukuk resminamalarynyň beýleki görnüslerinden tapawutlanýarlar:
olaryň özbaşlaryna hiç-hili ähmiýeti ýokdur
olar täze hukuk kadalaryny döretmeýärler
olar öň hereket edýän hukuk kadalaryny üýtgetmeýärler ýa-da ýatyrmaýarlar
olar döwlet tarapyndan kepillendirilýän hökmany güýje eýedirler
olarda hereket edýän hukuk kadalaryna nähili düşünmelidigi we olary nähili ulanmalydygy barada görkezmeler beýan edilýär
olar diňe özleriniň düşündirýän hukuk kadalarynyň hereket edýän möhletiniň dowamynda tejribeleýin ähmiýete we hukuk güýjüne eýedirler
olar özleriniň düşündirýän hukuk kadalary tarapyndan özlerini alyp baryşlary düzgünleşdirilýän şahslara (subýektlere) däl-de hukuk ulanyjylara niýetlenýärler


Çyzgy 15.5.
HUKUK KADALARYNA MAZMUNY BOÝUNÇA DÜŞÜNDIRIŞ BERMEGIŇ GÖRNÜŞLERI
grammatiki düşündiriş
logiki düşündiriş
ulgamlaýyn düşündiriş
taryhy düşündiriş
ýörite-hukuk düşündirişi
teleologiki düşündiriş
hukuk kadasynyň göwrümi boýunça düşündiriş bermegiň görnüşleri
harplaýyn (adekwat) düşündiriş
çäklendirilen düşündiriş
giňişleýin (ýaýraw) düşündiriş
Hukukdaky ýetmezçilikleriň sebäpleriniň has köp gaýtalanýanlary
kanunçykaryjynyň ýalňyşy, säwligi
kanunçykaryjylyk tehnikasynyň geleňsiz ulanylmagy
kanunçylygyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüş depgininden yza galmagy
hukuk döredijilik işine gatnaşýan şahslaryň hukuk medeniýetiniň derejesiniň pes bolmagy we ş.m.
MEŇZEŞLIGI ULANMAGYŇ DÜÝPLI ESASLYLYGY, ZERURLYGY WE ONY ULANMAKLYGA KANUNYŇ RUGSAT BERÝÄNLIGI
ŞOL ÝAGDAÝY GÖNÜDEN-GÖNI DÜZGÜNLEŞDIRÝÄN HUKUK KADASYNYŇ BOLMAZLYGY
MEŇZEŞLIGIŇ ULANYLMAGYNYŇ DÖWLETIŇ HUKUK SYÝASATYNYŇ MAKSATLARYNA LAÝYK GELMEGI WE Ş.M.
MEŇZEŞLIGI ULANMAGYŇ HUKUGYŇ ÝÖRELGELERINE HUKUGYŇ ŞOL PUDAGYNYŇ ÝA-DA ŞAHASYNYŇ ÝÖRELGELERINE LAÝYK GELMEGI
Kanunyň meňzeşligini (analogiýany) ulanmak üçin zerur talaplar

Çyzgy 15.6.


HUKUK GAPMA-GARŞYLYGY
Bu bar bolan kadalaşdyryjy hukuk namalar hem-de olar tarapyndan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň arasyndaky gapma-garşylykdyr, şonuň ýaly-da birmeňzeş ýa-da biri-biri bilen utgaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, aýry-aýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryň arasyndaky gapma-garşylykdyr, şeýle hem anyk bir ýagdaýy çözmekde biri-birine ters gelýän birnäçe hukuk kadasynyň hereket etmegidir.
Hukuk gapma-garşylygynyň sebäpleri:
halkara we milli hukuk ulgamlarynyň gapma-garşylygy
kanunçykaryjynyň ýalňyşlygy
jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň güýçli depginde ösmegi, hereket edýän kanunçylygyň bolsa döwrebaplaşdyrylmagynda haýal-ýagal çemeleşilmegi
täze kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilende köne kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýatyrylmazlygy
hukuk döredijilik işine gatnaşyjylaryň hukuk medeniýetiniň derejesiniň pesligi
hukuk tehnikasynyň derejesiniň pes bolmagy ýa-da ony ulan-maklyga geleňsiz çemeleşilmegi
jemgyýetdäki (ýa-da döwletdäki) özara berk baglanyşykly (konýunktur) bähbitleriň gapma-garşylygy we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek işi amala aşyrylýar:**
- döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary, wezipeli şahslar we raýatlar tarapyndan;
- hukuk kadasynyň manysyna-mazmunyna düşünmek we düşündirmek üçin;
- döwletiň (kanunçykaryjynyň) erkiniň dogry we netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek maksady bilen;
- kanunlaryň durmuşda hereket edişlerini doly öwrenip, täze kanunlary kabul etmek üçin.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk germenewtikasy/ekzegetikasy näme?**
- kanun döredijilik işiniň bir görnüşi;
- hukuk kadalaryna düşündiriş bermek;
- hukuk kadalarynyň düzüm gurluşyny öwrenýän ylym;
- hukuk kadalarynyň ulanylyşyny öwrenýän ylym.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň esasy görnüşleri:**
- resmi we resmi däl düşündirişdir;
- legal we doktrinal düşündirişdir;
- kadalaşdyryjy we kazual düşündirişdir;
- grammatiki we taryhy düşündirişdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Türkmenistanda resmi düşündirişi haýsy şahslar berip bilýär?**
- Türkmenistanyň Mejlisi. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti;
- diňe Türkmenistanyň Mejlisi;
- diňe Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy we Türkmenistanyň Adalat ministrligi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk kadalaryna resmi däl düşündirişi haýsy şahslar berip bilýärler?**
- döwletiň şol işi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen edaralary hem wezipeli şahslary;
- fiziki we ýuridik şahslar;
- diňe hukuk kadalaryna düşündiriş berilýän döwletiň raýatlary we edaralary;
- diňe hukuk ylymlarynyň kandidaty ýa-da doktory diýen alymlyk derejesi bolan adamlar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Kadalaşdyryjy düşündirişiň näçe görnüşi bar?**
- üç;
- dört;
- iki;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Autentiki düşündiriş hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişiniň bir görnüşidir.**
- hawa;
- ýok;
- kontinental hukuk ulgamlarynda – hawa;
- iňlis-sakson hukuk ulgamlarynda - hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Kazual düşündiriş legal düşündirişiň bir görnüşidir.**
- ýok;
- hawa;
- ýok, ol hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşidir;
- hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň beýle görnüşi ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Hukuk kadalaryna resmi däl düşündiriş bermegiň näçe görnüşi bar?**
- on bir;
- sekiz;
- alty;
- üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Doktrinal düşündiriş berilýär:**
- abraỳly hukukçy-alymlar, tejribede zähmet çekýän hukukçy-hünärmenler tarapyndan;
- islendik hukuk ulanyjy edara ýa-da wezipeli şahs tarapyndan;
- ýörite hukuk bilimleri bolmadyk şahslar tarapyndan;
- diňe döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Gündelik düşündiriş hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň haýsy görnüşine degişlidir?**
- resmi düşündirişiň;
- resmi däl düşündirişiň;
- doktrinal düşündirişiň;
- hiç haýsyna hem degişli bolman, ol hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň özbaşdak görnüşidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Hukuk kadalaryna düşündiriş bermegiň şu aşakdaky görnüşleri hem bardyr:**
- grammatiki we logiki düşündiriş;
- harplaýyn we çäklendirilen düşündiriş;
- ulgamlaýyn we taryhy düşündiriş;
- wertikal, gorizontal[1] we diagonal[2] düşündirişler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Hukuk kadalaryna teleologiki düşündiriş bermek – bu,**
- kada işlenip düzülen wagtynda ulanylan maglumatlary hereket edỳän kada bilen deňeşdirmek arkaly berilỳän düşündirişdir;
- hukuk kadasynda ulanylýan ýörite hukuk adalgalarynyň mazmunyny açmak arkaly hukuk kadasyna düşündiriş bermekdir;
- hukuk kadasynyň kabul edilmeginiň maksadyny nazarda tutmak bilen onuň manysyny we mazmunyny düşündirmekdir;
- hukuk kadasynyň many-mazmuny we sözde beỳan ediliişi takyk gabat gelen ýagdaýynda berilỳän düşündirişdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Hukukdaky ýetmezçilikleriň sebäpleri şu aşakdakylardyr:**
- kanunçykaryjynyň ýalňyşy ýa-da kanunçykaryjylyk tehnikasynyň geleňsiz ulanylmagy;
- kanunçylygyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüş depgininden yza galmagy;
- kanun döredijilik işiniň ähli tapgyrlarynyň kompýuterleşdirilmezligi;
- hukuk döredijilik işine gatnaşýan şahslaryň hukuk medeniýetiniň derejesiniň pes bolmagy we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Hukuk ýetmezçiligini haýsy usullar bilen aradan aýryp bolýar?**
- täze kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmek bilen;
- tutuş kanunçylyk ulgamyny täzeden işläp düzmek bilen;
- hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk nama üýtgetme-goşmaçalary girizmek bilen;
- hukuk meňzeşligini ulanmak bilen.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk meňzeşligini kanunçylygyň ähli pudaklaryna ulanyp bolýarmy?**
- hawa;
- ýok;
- jenaýat, dolandyryş, raýat kanunçylygyndan başga ähli kanunçylyk pudaklaryna ulanyp bolýar;
- diňe raýat kanunçylygynda ulanyp bolýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

---
[1]Gorizontal-“horizontale-çäklendirmeklik” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, dikligiň garşysyna göni kese diýmegi aňladýar;
[2]Diagonal-“diagonios-burçdan burça barýan” diýen grek sözünden gelip çykyp, gytaklaýyn kese çyzygy aňladýar.

**17) Hukuk meňzeşligi,**
- ony ulanmak döwlet edarasy üçin girdejili bolanda ulanylmaly;
- esasly, zerur we kanun taýdan rugsat berlen ýagdaýlarda ulanylmaly;
- diňe birmeňzeş gatnaşyklar babatda we şol gatnaşyklary gönünden-göni düzgünleşdirýän hukuk kadalary bolmadyk ýagdaýynda ulanylmaly;
- döwletiň hukuk syýasatynyň maksatlaryna laýyk gelende ulanylmaly.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk gapma-garşylygy – bu,**
- kadalaşdyryjy hukuk namalar hem-de olar tarapyndan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň arasyndaky gapma-garşylykdyr;
- birmeňzeş ýa-da biri-biri bilen utgaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň arasyndaky gapma-garşylykdyr;
- anyk bir ýagdaýy çözmekde biri-birine ters gelýän birnäçe hukuk kadasynyň hereket etmegidir;
- hukugyň subýektleriniň arasyndaky gapma-garşylykdyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk gapma-garşylygynyň käbir sebäpleri şulardyr:**
- kanunçykaryjynyň ýalňyşlygy;
- halkara we milli hukuk ulgamlarynyň gapma-garşylygy;
- hukugyň subýektleriniň oňşuksyzlygy;
- hukuk tehnikasynyň derejesiniň pes bolmagy ýa-da ony ulanmaklyga geleňsiz çemeleşilmegi we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk kadalarynyň gapma-garşylygy ýüze çykan halatlarynda, hukuk ulanyjylar üçin şu aşakdaky hökmany şertler hereket edýärler:**
- halkara hukuk kadalary milli hukuk kadalary babatda artykmaçlyk hukugyna eýe bolýarlar;
- ýörite hukuk kadalary umumy hukuk kadalary babatda artykmaçlyk hukuk güýjüne eýedir;
- döwletiň parlamentiniň çykaran ýörite kararlarynyň hukuk kadalary ähli hukuk kadalary babatda ýokary hukuk güýjüne eýedir;
- ýokary döwlet edarasynyň hukuk kadasy aşakda durýan edara tarapyndan kabul edilen hukuk kadasy babatda artykmaçlyk hukuk güýjüne eýedir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 16-njy bap. Hukuk gatnaşyklary

## §1. Hukuk gatnaşyklary barada düşünje, olaryň alamatlary we olaryň döremeginiň sebäpleri

*Hukuk gatnaşyklary* – bu döwlet tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary bolup, olar adamlaryň özlerine alyp baryşlaryna pozitiw hukuk kadalarynyň täsir etmekleriniň netijesinde döreýärler we olara gatnaşyjylaryň şahsy hukuklarynyň hem ýuridik borçlarynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýärler.

Islendik hukuk gatnaşygynyň birnäçe özboluşly alamatlary bardyr:

- hukuk gatnaşygy olaryň görnüşini (galybyny) we mazmunyny kesgitleýän hukuk kadalarynyň esasynda döreýär;
- taraplaryň özara şahsy hukuklarynyň we ýuridik borçlarynyň bolmagyna esaslanýar;
- bu erk-islegli gatnaşyk bolup, hukuk gatnaşygynyň döremegi üçin degişli hukuk kadalaryndan başga-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň erkiniň hem bolmagy zerurdyr. Şeýle halatda erk ikitaraplaýyn bolup biler (nika baglaşmak, alma-satmak we ş.m.) ýa-da birtaraplaýyn bolup biler (anyklaýyşyň netijesinde (dowamynda) jenaýat işini gozgamak – döwletiň erki);
- hukuk gatnaşyklary hemişe döwlet tarapyndan goralýar.

Belli bir, anyk hukuk gatnaşygynyň döremegi üçin birnäçe hökmany şertleriň bolmagy gerekdir. Ol şertler şu aşakdakylardyr:

- hukuk gatnaşyklarynyň *maddy şertleri* – bu ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň zerurlygyny şertlendirýän durmuş-ykdysady, medeni we beýleki ýagdaýlaryň ulgamydyr;
- hukuk gatnaşyklarynyň *hukuk* (ýuridik) *şertleri* – bu hukuk gatnaşyklarynyň döremegine, üýtgemegine we bes edilmegine getirýän resmi-hukuk şertleridir.

Umuman hukuk gatnaşyklarynyň esasy şertleri hökmünde şu aşakdakylar çykyş edip bilerler:

- hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylara zerur hukuk serişdelerini, hukuklary we borçlary berýän hukuk kadalary;
- hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar), ýagny hukuk gatnaşyklarynyň döremegine getirýän şertler (ýagdaýlar);
- hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň anyk hukuk (ýuridik) häsiýetleri hökmünde hukuk subýektliligi;
- hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlary we hukukly (ygtyýarly) edilen şahsyň bähbidiniň (gyzyklanmasynyň) bardygy we ş.m.

## §2. Hukuk gatnaşyklarynyň düzüm gurluşy (subýekt we obýekt)

Islendik gatnaşyk ýaly hukuk gatnaşygy hem anyk düzüm böleklerinden ybarat bolan, çylşyrymly jemgyýetçilik hadysasydyr. Olaryň bolmagy juda zerurdyr we hukuk gatnaşyklarynyň hereket etmegi şol düzüm böleklerine

baglydyr. Hereket edýän hukuk gatnaşyklarynyň örän köpdürlidigine garamazdan olaryň ählisi, hökmany emele getiriji düzüm bölekleri bolan – gatnaşyjy şahslardan (subýektlerden) we obýektlerden ybaratdyr. Şonuň bilen birlikde-de hukuk gatnaşygynyň hukuk mazmuny hökmünde şahsy hukuklar hem ýuridik borçlar çykyş edýärler.

*Hukuk gatnaşygynyň düzüm gurluşy* – bu degişli şahsy hukuklar hem ýuridik borçlar berlen gatnaşyjy şahslarda (subýektlerden) we şol gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) şolar zerarly özara dahylly herekete girýän obýektlerinden ybarat bolan düzüm bölekleriniň zerur jemidir.

*Hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslar* (subýektler) hökmünde, şahsy (subýektiw) hukuklary we hukuk (ýuridik) borçlary bolan fiziki hem ýuridik şahslar – hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary çykyş edýärler.

Fiziki şahslara, hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslar (subýektler) hökmünde şol döwletiň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we özygtyýarly döwletiň çäginde ýaşaýan raýatlygy ýok şahslar degişlidir.

Döwletiň raýatlygy barada düşünje Türkmenistanyň mysalynda düşündirilende şu aşakdakylar bellemek bolar:

1992-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda kabul edilen, “Türkmenistanyň raỳatlygy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda, Türkmenistanyň raỳatlygy Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygynyň möhüm alamaty bolup, ol adamyň döwlete degişlidigini hem-de döwlet bilen adamyň arasyndaky durnukly häsiýetdäki hukuk gatnaşygyny, olaryň özara hukuklary bilen borçlarynyň bütin jemini kesgitleýär. Şonuň ỳaly-da bu kanunda raỳat bilen döwletiň arasyndaky hukuk arabaglanyşygyny berkidỳän hukuk kadasy hem bardyr. Ol kadada: „Türkmenistan özüniň edaralarynyň hem-de wezipeli adamlarynyň üsti bilen Türkmenistanyň raỳatlarynyň öňünde jogapkärdir, Türkmenistanyň raỳaty bolsa döwletiň öňünde jogapkärdir. Türkmenistanyň raỳaty Konstitusiýany we kanunlary berjaý etmäge, şolarda bellenen borçlary ýerine ýetirmäge, Türkmenistanyň bähbitlerini aramaga hem onuň çäginiň bitewiligini gorap saklamaga, türkmen halkynyň we Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ähli milletleriň wekilleriniň medeniýetine, däp-dessuryna hem diline sarpa goýmaga borçludyr.” diỳip bellenỳär.

Türkmenistanyň raỳatlygy kanunda bellenen tertipde adamyň eneden doglan purastyndan başlap we Türkmenistanyň raỳatlygyna kabul edilmeginiň netijesinde, şonuň ỳaly-da başga käbir esaslara görä edinilỳär. *Başga esaslar* diỳlende, anyk bir fiziki şahsyň Türkmenistan döwletiniň öňünde aỳratyn hyzmatlary bitirmegine, mysal üçin döwleti gorap, edermenlik görkezmegine, döwletiň at-abraỳyny goramak ugrunda, döwletiň ykdysadyỳetini, medeniỳetini, goranyş kuwwatyny ösdürmekde uly hyzmatlar bitirmegine we ş.m. düşünilỳär. Adamyň başga bir döwletiň çägine hemişelik ỳa-da wagtlaỳyn ỳaşamaga gitmegi, şonuň ỳaly-da onuň başga döwletiň raỳatyna öỳlenmegi ỳa-da durmuşa çykmagy onuň Türkmenistanyň raỳatlygyny ỳitirmegine getirmeỳär we ol fiziki şahsyň Türkmenistanyň raỳatlygy saklanyp galỳar. Şonuň ỳaly-da ene-atasynyň biri Türkmenistanyň raỳaty bolan çaga kämillik ỳaşyna ỳetenden soňra, öň ene-atasy tarapyndan başga döwletiň raỳaty hökmünde resmileşdirilendigine garamazdan özüniň raỳatlygyny saỳlamaga

bolan tebigy hem mizemez hukugyndan peỳdalanyp, Türkmenistanyň raỳatlygyny edinip we saklap bilỳär.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly (11-nji babyň 5-nji soragy), *daşary ỳurt raỳatlary* – bu öz ỳaşaỳan döwletiniň däl-de başga döwletiň raỳatlarydygy hakynda degişli tassyknamasy (*pasporty*) bolan fiziki şahslardyr ỳa-da 1993-nji ỳylyň 08-nji oktýabrynda kabul edilen, Türkmenistandaky daşary ỳurt raỳatlarynyň hukuk ỳagdaỳy hakyndaky kanunynyň 1-nji maddasyna laỳyklykda, Türkmenistanyň raỳatlary bolup durmaýan hem-de özüniň daşary ýurt döwletiniň raỳatlygyna degişliliginiň subutnamalary bar bolan adamlardyr.

Fiziki şahsyň raýatlygynyň bolmazlygynyň käbir aýratynlyklary barada gysgaça durup geçmek gerekdir. Mälim bolşy ýaly, raỳatlygy ýok, şol sanda raýatlygynda mahrum edilen adamlar halkara hukugynda *apatrid*[1] diỳlip atlandyrylỳar. Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda raỳatlygyň diňe kanuna laỳyklykda ỳitirilỳändigi bellenilỳär. Raỳatlygyň ỳitirilmeginiň esasy iki görnüşi bardyr:

1. *Fiziki şahsyň özüniň meỳletin haỳyşnamasynyň esasynda*;

Türkmenistanyň raỳatlygyndan çykmak adamyň öz haýyşy boýunça Türkmenistanyň raỳatlygy hakyndaky kanunda bellenen tertipde amala aşyrylýar. Eger raỳatlykdan çykmak haýyşy bilen ýüzlenýän adam günäkärlenýän hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilen bolsa ýa-da şol adam barada kazyỳetiň kanuny güýjüne giren we ýerine ýetirilmäge degişli hökümi bar bolsa, ýa-da döwlete, Türkmenistanyň raỳatlaryna, Türkmenistanyň çäginde ýerleşen kärhanalara, guramlara we edaralara salgyt boýunça bergisi ýa-da başga üzülişmedik bergisi hem borçlary bar bolsa, onda onuň Türkmenistanyň raỳatlygyndan çykmagyna ýol berilmeýär.

2. *Fiziki şahsyň raỳatlykdan mahrum edilmegi*;

Anyk fiziki şahsyň raỳaty bolup durỳan ỳurdunyň raỳatlygyndan mahrum edilmegi esasan şol döwletiň degişli edaralarynyň çözgüdi esasynda amala aşyrylỳar. Raỳatlykdan mahrum etmeklik – bu raỳatyň özüni alyp barşynyň döwletiň kanunlaryna we bähbitlerine garşy gelen halatlarynda, çykgynsyz halatlarda ulanylỳan çäredir. Türkmenistanyň raỳatlygy hakyndaky kanunynyň 23-nji maddasynda Türkmenistanyň raỳatlaryny raỳatlykdan çykarmagyň üç sany esasy kesgitlenilỳär:

- Türkmenistanyň döwletara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ỳagdaỳlarda adamyň özge döwletde harby gulluga, howpsuzlyk gullugyna, polisiýa, ýustisiýa edaralaryna ýa-da beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna işe ýerleşmeginiň netijesinde;
- eger Türkmenistanyň raỳatlygy göz-görtele ýalan maglumatlaryň ýa-da galp resminamalaryň görkezilmegi netijesinde edinilen bolsa;
- Türkmenistanyň döwletara şertnamalarynda göz öňünde tutulan esaslara görä.

[1]Apatrid-“apatris we apolis-watanyndan mahrum edilen” diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, raỳatlygyndan mahrum edilen adamlary aňladỳar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna hem-de halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem borçlary berjaý edýärler. Hereket edýäň kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar ähli hukuk gatnaşyklaryna girip bilýärler, ýöne kanunçylykda olar babatda käbir çäklendirmeler we kadadan çykmalar hem berkidilýär. Mysal üçin, hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) görkezilen görnüşleri öz isleglerine görä degişli döwlet edaralary tarapyndan özlerine ýaşamak üçin görkezilen ýerden başga ýerde ýaşamak üçin göçmäge ygtyýarly däldirler. Şonuň ýaly-da umumy düzgünlere görä, olar ýörite rugsatnamalary bolmazdan döwletiň çäginde zähmet çekip bilmeýärler, barmak üçin ýörite ygtyýarnama talap edilýän çäklere, zolaklara, kärhanalara, guramalara we ş.m. baryp bilmeýärler, döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukuklary ýok, şonuň ýaly-da bütin dünýäde ykrar edilen umumy düzgünlere laýyklykda, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynda, hukuk goraýjy edaralarda işläp bilmeýärler we ş.m.

Hukuk gatnaşygynyň subýekti bolmak üçin şahsyýetiň ýa-da guramanyň hukuk subýektliligi, ýagny hukugyň subýekti hökmünde çykyş etmäge ýa-da öz hereketlerini amala aşyranda şahsy hukuklaryna eýelik etmäge we ýuridik borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyply bolmaly.

Hukuk subýektliligi şu aşakdaky üç sany düzüm böleginden emele gelýär:

- hukuk ukyplylyk;
- kämillik ukyplylyk;
- jogapkärçilige (delikte[1]) ukyplylyk.

*Hukuk ukyplylygy* – bu şahsyň kanunçylykda berkidilen we özgelere geçirip (aýrybaşgalaşdyryp) bolmaýan, şahsy hukuklaryna eýelik etmäge we hukuk (ýuridik) borçlaryny ýerine ýetirmäge bolan ukyplylygydyr. Hukuk ukyplylygynyň esas iki sany görnüşi bardyr:

- umumy hukuk ukyplylygy;
- ýörite hukuk ukyplylygy.

Umumy hukuk ukyplylygy düzgün bolşuna görä adam dünýä inen badyna döreýär we onuň aradan çykmagy bilen tamamlanýar. Ýöne şu ýerde bellemeli ýagdaý, adam hatda dünýä inmänkä-de onuň käbir hukuklary döräp bilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 20-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, mirasdar bolmak hukugy adamyň enesiniň göwresinde galan pursatyndan ýüze çykýar. Şol hukugy amala aşyrmak bolsa mirasdaryň dogluşyna bagly bolup durýar.

Hukugyň käbir pudaklarynda bolsa ýörite hukuk ukyplylygy kämillik ukyplylygy bilen bir wagtda hem döreýär.

*Kämilllik ukyplylygy* – bu şahsyň hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan, öz hereketleri bilen hukuklary edinmek we amala aşyrmak, özi üçin borçlary

[1]Delikt-“delictum-hukuk bozulma” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, raỳat hukuk bozulmasyny aňladỳar.

döretmek hem-de olary ýerine ýetirmek ukybydyr. Fiziki şahsyň kämillik ukyby gönüden-göni onuň ýaşyna, ruhy we beden saglygynyň aýratynlyklaryna bagly bolup durýar. Umumy düzgünlere görä, fiziki şahsyň kämillik ukyby ol kämillik ýaşyna ýetenden soň emele gelýär. Türkmenistanda kämillik ýaşy 18 ýaşdyr.[1]

Dürli esaslara kämillik ukyby doly däl ýagdaýda hem bolup bilýär. Şahsyň hukuklarynyň ep-esli derejede çäklendirilmegi bilen bagly bolan şeýle ýagdaýlar hukugyň subýektleriniň käbir aýratynlyklary bilen baglydyr we doly däl kämillik ukybynyň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *bölekleýin* kämillik ukyplylygy 7 ýaşy dolan, emma 18 ýaşy dolmadyk ýetginjeklerde bardyr, mysal üçin, olar ownuk hojalyk geleşiklerini baglaşyp bilýärler, 16 ýaşynyň dolmagy bilen nika baglaşyp bilýärler. Şu ýerde bellemeli ýagdaý: on sekiz ýaşyna ýetmedik fiziki şahs nikalaşan wagtyndan başlap, doly möçberde kämillik ukybyna eýe bolýar. Nika baglaşylmagynyň netijesinde eýe bolnan kämillik ukyby on sekiz ýaşyna ýetmänkä nika bozulan halatynda hem doly möçberinde saklanyp galýar. Nika hakyky däl diýlip ykrar edilen mahalynda, kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedik ýanýoldaşyň kazyýetiň kesgitleýän pursatyndan başlap, kämillik ukybyny doly ýitirýändigi hakynda çözgüt çykarmaga ygtyýarlydyr[2];
- *çäklendirilen* kämillik ukyplylygy kazyýetiň çözgüdi bilen, spirtli içgileri ýa-da neşe serişdelerini kast bilen ulanmagy zerarly öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salýan fiziki şahslar babatda bellenýär. Kämillik ukybynyň çäklendirilmegi geleşikleri baglaşmaga bolan hukugyň çäklendirilmegine getirýän hem bolsa, kämillik ukyby çäklendirilen subýektleri öz hereketleri üçin jogapkärçilik çekmekden boşatmaýar;
- kämillik ukybynyň *ýoklugy*. Ýedi ýaşy dolmadyk çagalaryň, akyly kem ýa-da akyly ýok adamlaryň kämillik ukyby ýokdur. Kämillik ukybynyň bolmazlygy şahsyň geleşik baglaşmak we öz hereketleri üçin jogapkärçilik çekmek ukybyny doly inkär edýär.

Ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, kämillik ukybynyň esasy iki şertiniň biri adamyň akylynyň düzüwligi bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, *akyly düzüwlik* – bu adamyň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünip, olardan ugur alyp, özüne öz hereketleri babatda anyk hasabat berip, özüne erk edip bilmegidir. *Hasabat bermeklik* – bu adamyň öz eden hereketleriniň häsiýetine we ähmiýetine, olaryň mazmunyna we gaýry ýagdaýlaryna düşinmegini aňladýar. *Erk etmeklik* diỳlende bolsa, adamyň özüne erk edip, ýagny haỳsydyr bir hereketi öz islegine görä edip ỳa-da etmän bilmegine düşünilỳär.

*Akyly ýerinde dällik* – bu adamyň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine, olaryň mazmunyna akyl ýetirip bilmedik ýa-da ruhy taýdan kesellemegi, ruhy bozulmagyň wagtlaýyn kesselliligi ýa-da akyly kemligi netijesinde öz hereketlerine erk edip bilmezligidir.

---

[1]1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 23-nji maddasynyň 1-nji bölegi;
[2]1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 23-nji maddasynyň 2-nji bölegi.

Hukuk ylmynda akyly ýerinde dällik iki sany ölçeg (kriteriỳa) bilen çözülỳär, medisina we hukuk ölçegleri bilen:

- ***Medisina ölçegi*** diýlende, adamyň belli bir hereketi eden wagtynda akylyndan aýyrýan keseller bilen kesellemegine düşünilỳär. Medisina nukdaỳnazaryndan adamyň ruhy keselleri esasan dört sany görnüşe bölünỳärler: *Bejerip bolmaýan ruhy keseller* – bu kesellere dürli görnüşdäki tutgaýlar, umuman akyly ýerinde dälligi emele getirýän islendik ruhy keseller (şizofreniýa[1], epilepsiýa[2], kelle beýniniň sifilisi[3] we ş.m.) degişlidir. *Kemakyllyk* (oligofreniỳa[4]) – bu kelläniň kadadan pes derejede işlemekligini häsiýetlendirýän ruhy ýetmezçilik bolup adamyň öz hereketlerine dogry baha berip we özüni gurşap alỳan hadysalara düşünip bilmezligidir. Bu kesel adamda dogabitdi bolup bilỳär ýa-da dürli keselleriň, durmuş hadysalarynyň zyỳanly täsirleriniň netijesinde emele gelỳär. *Wagtlaýyn ruhy keseller* – bu keseller patologiki[5] kesellerden, ýagny alkogoliki psihozlardan[6] ýa-da lunatikligiň[7] dürli görnüşlerinden we ş.m. gelip çykýan hem-de gysga wagtlyk dowam edỳän ruhy kesellerdir. Adamy ruhy keselleriň bu görnüşinden berjerip bolỳar. Wagtlaỳyn ruhy keseller belli bir wagtyň dowamynda adamyň öz-özüne erk etmegine mümkinçilik bermeỳän kesellerdir. *Başga agyr keseller* - bu kesellere dürli görnüşdäki agyr ýokanç keselleriň (garahassa, gyzamyk, sary getirme keseli we ş.m.) täsir etmeginiň netijesinde ỳüze çykỳan ruhy keseller degişlidir. Sebäbi adam görkezilen agyr ỳokanç keseller bilen kesellän halatynda hem öz-özüne erk etmek ukybyny ỳitirip, nähilidir bir manysyz, howply hereketleri etmäge ukyplydyr;
- ***Ruhy keselleriň hukuk ölçegi*** diýlende, adamyň öz hereketlerine baha berip bilmezligine we öz hereketlerine erk edip bilmezligine düşünilỳär. *Hasabat bermezlik* **–** bu adamyň öz eden hereketleriniň häsiýetine we ähmiýetine, olaryň mazmunyna we gaýry ýagdaýlaryna düşinmezligini aňladýar. *Erk etmezlik* diỳlende bolsa, adamyň özüne erk edip bilmezligine, ýagny haỳsydyr bir hereketi öz islegine görä edip ỳa-da etmän bilmezligine düşünilỳär.

---

[1]Şizofreniỳa-“schizo-bölỳärin, dargadỳaryn, phren-akyl, pikir, (akylyň dargamagy)” diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, adamyň şahsyỳetiniň dargamagy, onuň üznüksiz samramagy we gözüne dürli zatlaryň görünmegi bilen baglanyşykly ruhy keseli aňladýar;

[2]Epilepsiỳa-grekleriň “epilepsia” diỳen sözünden gelip çykan adalga bilen aňladylỳan, adamyň kelle-beỳnisiniň tutgaỳly hroniki (**“chronos**-wagt**”** diỳen grek sözünden gelip çykỳar) keseli (türkmenlerde garaguş keseli diỳlip atlandyrylỳar);

[3]Sifilis-1478-1553-nji ỳyllarda ỳaşap geçen lukman Frakastorynyň poemasynda şu görnüşdäki kesel bilen kesellän edebi gahryman Syphilusyň adyndan gelip çykỳar we weneriki keseli aňladỳar;

[4]Olgigofreniỳa-“oligos-azsanly, ujypsyz, phren-akyl, pikir” diỳen grek sözlerinden gelip çykan adalga;

[5]Patalogik-“pathos-ejir, kesel, logos-okuw” diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, adamyň nesilden-nesle geçỳän ỳa-da uzaga çekỳän keselini aňladỳar;

[6]Alkogoliki psihoz-spirtli içgileri uzak wagtlap ulanmagyň netijesinde döreỳän psihiki hem özüni alyp baryş bozulmalaryny aňladỳar;

[7]Lunatiklik-somnambulizm diỳen düşünje bilen manydaş düşünjedir. **Somnambulizm**-“somnus-uky, ambulo-gezỳärin” diỳen latyn sözlerinden gelip çykyp, adamyň ukuda wagty ỳöremegine getirỳän ruhy bozulmasyny aňladỳar.

Ýuridik şahslaryň kämillik ukyplylygy ol döwlet belligine alnandan soň, onuň hukuk ukyplylygy bilen bir wagtda döreýär.

*Jogapkärçilige* (delikte) *ukyplylyk* – bu şahsyň kanunçykaryjy tarapyndan ykrar edilen, onuň özüniň düşünip we akyl ýetirip amala aşyran hukuga garşy hereketleri üçin jogapkärçilik çekmäge bolan ukybydyr.

Raýatyň hukuk subýektliligine, ýagny hukuklaryň, azatlyklaryň we borçlaryň jemine eýe bolmagy *hukuk ýagdaýy* (statusy) diýlip atlandyrylýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly (11-nji babyň 5-nji soragy), *ýuridik şahs* – bu eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde talapçy we jogapçy çykyş edip bilýän guramadyr.[1]

Hukuk gatnaşygynyň ikinji düzüm bölegi bolsa obýekt bolup durýar. *Hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri* hökmünde olaryň berilmegi we ulanylmagy bilen hukuk gatnaşygynyň hukukly (ygtyýarly) edilen tarapynyň bähbitleri (gyzyklanmalary) kanagatlandyrylýan maddy we maddy däl eşretler çykyş edýärler. Şeýlelikde hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri – bu hukuk kadalarynyň hereketiniň gönükdirilen zatlarydyr ýa-da başgaça aýdylanda, hukuk gatnaşyklarynyň emele gelmeginiň sebäbinde ýatan zatlardyr, hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hakykat ýüzündäki özlerini alyp baryşlarydyr.

Şu nukdaýnazardan hukuk gatnaşyklarynyň şu aşakdaky ýaly örän köp dürli obýektleri bolup bilýärler:

- maddy eşretler (pullar we beýleki emläkler, ýagny almak-satmagyň, alyş-çalyş etmegiň, sowgat bermegiň, karz bermegiň we beýlekileriň esasyndaky zatlar);
- emläkleýin däl şahsy hukuklar we maddy däl eşretler (adamyň ýaşaýşy (jany), saglygy, at-abraýy, iş abraýy, mertebesi, şahsy durmuşynyň eldegrilmesizligi, şahsy we maşgala syry, ada bolan hukuk, awtorlyk hukuklary, maglumata bolan hukuk we ş.m.);
- hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlary (olaryň hereketi we hereketsizligi);
- özüňi alyp baryş belli bir netijesi;
- ruhy döredijiligiň miweleri (edebiýat, sungat, ylmy eserler we ş.m.).

## §3. Hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny: şahsy (subýektiw) hukuklar we ýuridik borçlar

*Hukuk gatnaşygynyň mazmuny* – bu hukuk gatnaşygynyň taraplarynda bolan şahsy hukuklaryň hem ýuridik borçlaryň özara durmuşa geçirilmegidir.

*Şahsy hukuk* – bu hukuk gatnaşygyna gatnaşyjynyň, şol hukuk gatnaşygyna beýleki gatnaşyjylaryň ýuridik borçlary bilen üpjün edilen, anyk maddy ýa-da maddy däl eşrete ýetmek üçin ýeterlik, mümkin bolan özüni alyp barşynyň ölçegidir.

[1] 17.07.1998 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegi.

Şahsyň şahsy (subýektiw) hukuklary edil onuň anyk hukuklary (ygtyýarlyklary) ýaly hereket edýän umumy häsiýetli we abstrakt hukuk kadalarynyň esasynda döreýärler. Şahsy hukugyň hukuk taýdan üpjün edilmegi:

- işjeň oňyn hereketleri amal aşyrmak;
- borçly tarapdan degişli özüňi alyp barşy talap etmek;
- beýleki tarap borçlaryny berjaý etmedik halatynda döwletiň mejbur ediji güýjüniň kömeginden peýdalanmak mümkinçiliginde ýüze çykýar.

*Ýuridik borç* – bu borçly tarapyň hukuk gatnaşygynyň hukukly tarapynyň bähbitlerini kanagatlandyrmagyna gönükdirilen hökmany özüni alyp barşynyň hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan görnüşi we ölçegidir.

Ýuridik borçlar:

- şahsyň hukuk gatnaşygynyň beýleki tarapy babatda kanunda (şertnamada) göz öňünde tutulan işjeň oňyn hereketleri amala aşyrmaga bolan zerurlygyndan (borjundan);
- şahsyň belli bir hereketleri amala aşyrmakdan saklanmaga bolan zerurlygyndan (borjundan);
- şahsyň bellenilen hereketleri amala aşyrmandygy üçin jogapkärçilik çekmek zerurlygyndan (borjundan) ybaratdyr.

## §4. Hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri

Anyk esaslara baglylykda hukuk gatnaşyklarynyň ählisini şu aşakdaky ölçegler boýunça birnäçe görnüşlere bölmek bolar:

- *Hukugyň wezipeleri* (funksiýalary) *boýunça*:
  - düzgünleşdiriji hukuk gatnaşyklary subýektleriň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarynyň çäklerinde emele gelýärler;
  - goraýjy hukuk gatnaşyklary subýektleriň hukuk kadalaryny bozmaklarynyň netijesinde döreýärler.
- Olaryň emele gelýän *hukuk pudagyna baglylykda*:
  - zähmet hukuk gatnaşyklary;
  - nika we maşgala hukuk gatnaşyklary;
  - jenaýat hukuk gatnaşyklary;
  - raýat hukuk gatnaşyklary;
  - raýat iş ýörediş hukuk gatnaşyklary;
  - dolandyryş hukuk gatnaşyklary we ş.m.
- Olaryň *dowamlylygyna baglylykda*:
  - uzaga çekýän hukuk gatnaşyklary (mysal üçin, ýokary okuw mekdebiniň talyby hem dolandyryş bölegi (administrasiýasy), işgär hem iş beriji we ş.m.);
  - gysga wagtlaýyn ýa-da bir gezeklik hukuk gatnaşyklary (mysal üçin, saýlawlarda ses bermek).
- *Öz häsiýetleri boýunça*:
  - maddy hukuk gatnaşyklary subýektlere degişli hukuklary we borçlary bermek arkaly olaryň özlerini alyp baryşlaryny gönüden-göni düzgünleşdirýärler;

- iş ýörediş hukuk gatnaşyklary guramaçylyk we dolandyryş häsiýetlidir hem-de olar subýektleriň hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirmegiň tertibini kesgitleýän iş ýörediş hukuk kadalarynyň esasynda döreýärler.

➢ *Taraplaryň özara gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna baglylykda*:
- ýönekeý hukuk gatnaşyklary (bir subýektde hukuklar, beýleki subýektde bolsa borçlar bolýar, mysal üçin, karz almak şertnamasy);
- çylşyrymly hukuk gatnaşyklary (hukuk gatnaşygyna gatnaşyjylaryň her biriniň özara hukuklary-da, borçlary-da bolýar, mysal üçin, iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet şertnamasy);
- absolýut hukuk gatnaşyklary (bu gatnaşyklarda hukukly (ygtyýarly) tarap babatda subýektleriň näbelli köp möçberi passiw borçly bolup durýarlar, mysal üçin, eýeçilik hukugynda, emläk eýesi babatda anyk sany näbelli bolan ähli adamlar onuň emlägine zelel ýetirmezlige we onuň eýeçilik hukuklaryny amala aşyrmagyna päsgelçilik döretmezlige borçly bolup durýarlar);
- otnositel hukuk gatnaşyklary (bu gatnaşyklara gatnaşýan ähli şahslar berk anyklaşdyrlaşdyrylýarlar we şahsylaşdyrylýarlar, ýagny olar takyk, käbir ýagdaýlarda bolsa atma-at kesgitlenýärler, mysal üçin, satyjy-alyjy).

➢ *Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsy çygrynda amala aşyrylýandyklaryna baglylykda*:
- hususyhukuk (şertnamalaýyn) hukuk gatnaşyklary;
- umumyhukuk(jemgyýetçilik, häkimiýet-dolandyryş) hukuk gatnaşyklary.

➢ Olaryň *döremeginiň esaslary boýunça*:
- umumy hukuk gatnaşyklary (gönüden-göni kanundan döreýärler, sebäbi ol diňe özüniň bardygy bilen şahsyýetiň hem döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň ýüze çykmagyna getirýär);
- anyk (takyk) hukuk gatnaşyklary (hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) – amala aşyrylan hereketiň, takyk özüňi alyp baryş hereketleriniň esasynda döreýärler).

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 16.1.**




Hukuk gatnaşygynyň düzüm gurluşy:
Çyzgy 16.2.
SUBÝEKT
OBÝEKT
Fiziki şahslar
Ýuridik şahslar
Maddy däl eşretler
Maddy eşretler
Döwletiň raýatlary
Daşary ýurt raýatlary
Raýatlygy ýok adamlar
Edaralar
Kärhanalar
Guramalar
Birleşmeler we ş.m.
At-abraý
Mertebe
Iş abraýy we ş.m.
Pullar
Emläkler we ş.m.
HUKUK SUBÝEKTLILIGINIŇ DÜZÜM BÖLEKLERI
Hukuk ukyplylyk
Umumy hukuk ukyplylygy
Ýörite hukuk ukyplylygy
Kämillik ukyplylyk
Bölekleýin kämillik ukyplylygy
Çäklendirilen kämillik ukyplylygy
Kämillik ukyplyly-gynyň ýoklugy
Delikte ukyplylyk
Bu şahsyň kanunda ykrar edilen, onuň özüniň düşünip we akyl ýetirip amala aşyran hukuga garşy hereketleri üçin jogapkärçilik çekmäge bolan ukybydyr.

Çyzgy 16.3.

**Şahsy hukuk**

Bu hukuk gatnaşygyna gatnaşyjynyň, şol hukuk gatnaşygyna beýleki gatnaşyjylaryň ýuridik borçlary bilen üpjün edilen, anyk maddy ýa-da maddy däl eşrete ýetmek üçin ýeterlik, mümkin bolan özüni alyp barşynyň ölçegidir.

Şahsy hukugyň hukuk taýdan üpjün edilmegi ýüze çykýar:

- işjeň oňyn hereketleri amal aşyrmakda
- borçly tarapdan degişli özüňi alyp barşy talap etmekde
- beýleki tarap borçlaryny berjaý etmedik halatynda döwletiň mejbur ediji güýjüniň kömeginden peýdalanmakda

**Ýuridik borç**

Bu borçly tarapyň hukuk gatnaşygynyň hukukly tarapynyň bähbitlerini kanagatlandyrmagyna gönükdirilen hökmany özüni alyp barşynyň hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan görnüşi we ölçegidir.

Ýuridik borç ybaratdyr:

- şahsyň hukuk gatnaşygynyň beýleki tarapy babatda kanunda (şertnamada) göz öňünde tutulan işjeň oňyn hereketleri amala aşyrmaga bolan zerurlygyndan (borjundan)
- şahsyň belli bir hereketleri amala aşyrmakdan saklanmaga bolan zerurlygyndan (borjundan)
- şahsyň bellenilen hereketleri amala aşyrmandygy üçin jogapkärçilik çekmek zerurlygyndan (borjundan)

**Çyzgy 16.4.**


Hukuk gatnaşyklaryny görnüşlere bölmegiň ölçegleri:
Hukugyň wezipeleri (funksiýalary) boýunça
Olaryň emele gelýän hukuk pudagyna baglylykda
Olaryň dowamlylygyna baglylykda
Öz häsiýetleri boýunça
Taraplaryň özara gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna baglylykda
Olaryň döremeginiň esaslary boýunça
Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsy çygrynda amala aşyrylýandyklaryna baglylykda

Çyzgy 16.5.

# Hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri:

**Hukugyň wezipeleri (funksiýalary) boýunça**

- düzgünleşdiriji hukuk gatnaşyklary
- goraýjy hukuk gatnaşyklary

**Olaryň emele gelýän hukuk pudagyna baglylykda**

- Zähmet hukuk gatnaşyklary
- Jenaýat hukuk gatnaşyklary
- Maşgala hukuk gatnaşyklary
- Raýat hukuk gatnaşyklary
- Dolandyryş hukuk gatnaşyklary we ş.m.

**Olaryň dowamlylygyna baglylykda**

- Uzaga çekýän hukuk gatnaşyklary
- Gysga wagtlaýyn hukuk gatnaşyklary

**Öz häsiýetleri boýunça**

- Maddy hukuk gatnaşyklary
- Iş ýörediş hukuk gatnaşyklary

**Taraplaryň özara gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna baglylykda**

- Ýönekeý hukuk gatnaşyklary
- Çylşyrymly hukuk gatnaşyklary
- Absolýut hukuk gatnaşyklary
- Otnositel hukuk gatnaşyklary

Çyzgy 16.6.

# Hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri:

**Olaryň döremeginiň esaslary boýunça**

- Umumy hukuk gatnaşyklary
- Anyk (takyk) hukuk gatnaşyklary

**Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsy çygrynda amala aşyrylýandyklaryna baglylykda**

- Hususyhukuk hukuk gatnaşyklary
- Umumyhukuk hukuk gatnaşyklary

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk gatnaşyklary:**
- döwlet tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr;
- adamlaryň özlerine alyp baryşlaryna pozitiw hukuk kadalarynyň täsir etmekleriniň netijesinde döreýärler;
- adamlaryň gündelik durmuşda biri-birine edýän täsirleriniň netijesinde üýtgeýärler we bes edilýärler;
- gatnaşyjylaryň şahsy hukuklarynyň hem ýuridik borçlarynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk gatnaşyklarynyň döremeginiň hökmany şertlerine girýärler:**
- maddy we hukuk şertleri;
- sosial we ykdysady şertleri;
- syýasy we jemgyýetçilik şertleri;
- hukuk we ahlak şertleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk gatnaşygynyň näçe sany düzüm bölegi bar?**
- üç;
- iki;
- bäş;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslar (subýektler) hukuk gatnaşygynyň düzüm bölegimi?**
- ýok;
- adatça hawa, ýöne hukuk gatnaşyklarynyň käbir görnüşlerinde – ýok;
- hawa;
- kontinental hukuk ulgamynda – hawa, iňlis-sakson hukuk ul;gamynda – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Subýektleriň görnüşleri şulardyr:**
- fiziki we ýuridik şahslar;
- döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary, adamlar;
- milli edaralar we raýatlar hem-de daşary ýurt edaralary we raýatlary;
- raýatlar, daşary ýurt raýatlary, jemgyýetçilik birleşmeleri, eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli bolan edaralar, kärhanalar, guramalar.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**6) Fiziki şahslaryň näçe görnüşi bar?**
- bäş;
- dört;

- iki;
- üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuk subýektliliginiň düzüm bölekleri şulardyr:**
- hukuk ukyplylygy;
- akyly düzüwlik we oýlanmak ukyplylygy;
- kämillik ukyplylygy;
- jogapkärçilige ukyplylyk.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk ukyplylygynyň näçe görnüşi bar?**
- bir;
- üç;
- iki;
- subýektleriň görnüşine baglylykda onuň görnüşi köpelýär ýa-da azalýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Adamyň hukuk ukyplylygy haçan döreýär?**
- on sekiz ýaşy dolanda;
- on dört ýaşy dolanda;
- dünýä inen pursatyndan, mirasdar bolmak hukugy bolsa enesiniň göwresinde galan pursatyndan;
- kämillik ukyby bilen bir wagtda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Ýuridik şahsyň kämillik ukyby haçan döreýär?**
- hukuk ukyplylygy bilen bir wagtda, ol döwlet belligine alnan pursatynda;
- döwlet belligine alnandan soň bir ýylyň dowamynda;
- esaslandyryş tertipnamasy düzülenden ýa-da esaslandyryş şertnamasy baglaşylandan soň;
- ilkinji gezek kazyýetde özbaşdak şahs hökmünde çykyş edenden soň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Kämillik ukyplylygynyň görnüşlerine girýärler:**
- bölekleýin we doly kämillik ukyplylygy;
- çäklendirilen kämillik ukyplylygy;
- kämillik ukyplylygynyň ýoklugy;
- şertli kämillik ukyplylygy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Kämillik ukyplylygy çäklendirilýär:**
- kazyýet tarapyndan;
- diňe kämillik ukyplylygy çäklendirilýän şahsyň öz razylygynyň esasynda;

- spirtli içgileri ýa-da neşe serişdelerini kast bilen ulanmagy zerarly öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salýan fiziki şahslar babatda;
- gyzyklanýan şahslaryň talap arzasy boýunça.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Bölekleýin kämillik ukyplylygy:**
- ýedi ýaşy dolan ýöne on sekiz ýaşy dolmadyk ýetginjeklerde bolýar;
- 16 ýaşy dolyp, nika baglaşan ýetginjeklerde bolýar;
- 14 ýaşy dolan ýetginjeklerde bolýar;
- akyly kem adamlarda bolýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Şu aşakdakylaryň kämillik ukyby ýokdur:**
- ýedi ýaşy dolmadyk çagalaryň;
- akyly kem adamlaryň;
- ruhy taýdan kesellileriň;
- hiç-hili hereket edip bilmeýän, fiziki taýdan näsag maýyplaryň.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Raýatyň hukuk subýektliligine, ýagny hukuklaryň, azatlyklaryň we borçlaryň jemine eýe bolmagy:**
- doly kämillik ukyplylyk diýlip atlandyrylýar;
- doly hukuk ukyplylyk diýlip atlandyrylýar;
- hukuk ýagdaýy (hukuk statusy) diýlip atlandyrylýar;
- doly raýatlyk hukugy diýlip atlandyrylýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri esasy näçe görnüşe bölünýärler?**
- bäş;
- iki;
- üç;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri – bu,**
- maddy we maddy däl eşretlerdir;
- emläkleýin we emläkleýin däl şahsy hukuklardyr;
- emläkler we at-abraý hem mertebedir;
- pullar, emläkler, desgalar, ymaratlar, adamyň jany, saglygy, at-abraýy we mertebesidir.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk gatnaşygynyň mazmuny:**
- şahsy hukuklardan we ýuridik borçlardan ybaratdyr;
- subýektden hem obýektden ybaratdyr;

- jemgyýetçilik gatnaşygyndan we ony düzgünleşdirýän hukuk kadasyndan ybaratdyr;
- gipotezadan, dispozisiýadan we sanksiýadan ybaratdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk gatnaşyklary näçe ölçeg boýunça görnüşlere bölünýärler?**
- üç;
- iki;
- ýedi;
- sekiz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk gatnaşyklarynyň absolýut we otnositel hukuk gatnaşyklary diýen görnüşleri barmy?**
- ýok;
- kontinental hukuk ulgamlarynda bar;
- diňe kontinental hukuk ulgamlarynda ýok, galanlarynda bar;
- hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 17-nji bap. Hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar)

## §1. Hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) barada düşünje we olaryň alamatlary

Diňe bir, taraplaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň hem ýuridik borçlarynyň bolmagy hukuk gatnaşygynyň döremegi üçin ýeterlik däldir, sebäbi ol hukuklar we borçlar heniz kagyz ýüzünde bolmaklaryna galýarlar. Çeper meňzetmäniň kömegi bilen aýdylanda, olaryň "janlanmagy" üçin hukuk kadalarynda her bir anyk hukuk gatnaşygy üçin aýratynlykda göz öňünde tutulýan, ýörite şertleriň ýüze çykmagy zerurdyr. Şeýle şertlere we kesgitleýji sebäplere-de (faktorlara-da) hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) diýilýär.

*Hakyky hukuk ýagdaýlary* (ýuridik faktlar) – bu hukuk kadalary tarapyndan hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi bilen baglanyşdyrylýan takyk durmuşy ýagdaýlarydyr.

Ähli gündelik ýa-da adatdan daşary (ekstraordinar[1]) ýagdaýlar hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) däldir, diňe hukuk kadalary tarapyndan gönüden-göni görkezilýän ýagdaýlar hakyky hukuk ýagdaýlarydyr (ýuridik faktlardyr). Mysal üçin, raýat Näbelliýewiň ýokary okuw mekdebine okuwa girmäge hukugy we şonuň üçin zerur bolan, degişli derejedäki hukuk hem kämillik ukyplylygy bar, ýöne öz hukugyny hakykat ýüzünde durmuşa geçirmek üçin oňa bir zat ýetmeýär, ýagny ol giriş synaglaryny üstünlikli (ýeterlik baha alyp, degişli derejede) tabşyrmandyr.

## §2. Ýuridik faktlaryň görnüşleri: hereketler, hadysalar, möhletler, çaklamalar (prezumpsiýalar), galplyklar (fiksiýalar) we ýagdaýlar

Hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) görnüşleri juda kändir, ýöne umumy alamatlar boýunça olary görnüşlere bölmek mümkindir.

Hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň erkine baglylykda hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) hereketlere we hadysalara (wakalara) bölünýärler. *Hereketler* – bu ýüze çykmaklary hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň erk-islegi bilen bagly bolan hakyky hukuk ýagdaýlarydyr (ýuridik faktlardyr). Hereketler hukuga laýyk we hukuga garşy (hukuk bozujy) bolup bilýärler.

- *Hukuga laýyk hereketler* – bu hukugyň subýektleriniň hereket edýän hukuk kadalarynyň görkezmeleriniň çäklerinde amala aşyrýan hereketleridir. Hukuk taýdan gönükdirilenligine baglylykda hukuga laýyk hereketler şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:
  - hukuk hereketleri (ýuridik aktlary) hukuga laýyk hereketler hökmünde haýsydyr bir anyk hukuk netijelerine ýetmek niýeti bilen amala aşyrylýarlar, ýagny şeýle hereketler haýsydyr bir hukuk ähmiýetli netijeleriň ýüze çykmagyna getirýärler. Mysal üçin, geleşik ýa-da

[1] Ekstraordinar-"extra-daşynda, daşary, ordo-tertip, adat, hatar" diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, adatdan daşary nämedir bir zady ýa-da hadysany aňladýar.

şertnama baglaşmak, kazyýetiň çykaran çözgüdi, raýatyň arzasy, almak-satmak, işiň ýerine ýetirilmegi we ş.m.;

- dolandyryş hereketleri (administratiw aktlary) döwlet häkimiýet edaralarynyň anyk hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýän buýruklary bolup durýar. Mysal üçin, ýaşaýyş jaý meýdanyny eýelemeklige barada rugsatnamanyň (orderiň) berilmegi, raýatyň möhletleýin harby gulluga çagyrylmagy we ş.m.;
- hukuk (ýuridik) etmişleri haýsydyr bir hukuk netijesine ýetmek maksady bilen amala aşyrylmaýar, emma özleriniň amala aşyrylandyklary sebäpli hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýärler. Mysal üçin, ýazyjynyň eserini ýazyp tamamlamagy we ony neşir etdirmek babatda hereket edip başlamagy bilen onuň awtorlyk hukugy döreýär ýa-da hazyna tapylmagy şol hazynanyň ýerleşen ýeriniň eýesi bilen ony tapan şahsyň arasynda hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna getirýär we ş.m.

▪ *Hukuga garşy hereketler* – bu hukugyň subýektleriniň hereket edýän hukuk kadalarynyň görkezmelerine laýyk gelmän, gaýta olara gönüden-göni garşy gelýän hereketleridir. Bu hukuk bozulmalaryň (jenaýatlaryň we hukuk bozmalaryň) düzümi kanunçylygyň degişli pudaklarynda doly we gutarnykly berkidilýärler.

*Hadysalar* (wakalar) – bu ýüze çykmagy hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň erk-islegi bilen bagly bolmadyk hakyky hukuk ýagdaýlarydyr (ýuridik faktlardyr). Şu ýerde bellemeli ýagdaý: hadysalar adamlaryň gatnaşmagynda amala aşyp bilýärler, ýöne olaryň erk-islegi bilen döremeýärler, ýagny adamlar ýüze çykan netiejleriň emele gelmegini islemeýärler ýa-da olaryň döremeginiň mümkinçiligine biparh garaýarlar. Hadysalar hem öz gezeginde esasy iki görnüşe bölünýärler:

▪ *otnositel hadysalar* (adam şeýle hadysalaryň döremegine we amala aşmagyna gönüden-göni däl-de gytaklaýyn, çala gatnaşýar);
▪ *absolýut hadysalar* (beýle hadysalar adamlaryň hereketleri bilen düýbünden baglanyşykly däldir, mysal üçin, ýyldyrym çakmagy, ýangyn döremegi, sil gelmegi, ýer titremegi we ş.m.).

Görkezilenlerden başga-da, dürli edebiýatlarda köplenç halatda hakyky hukuk ýagdaýlaryna (ýuridik faktlara) möhletleri, hukuk çaklamalaryny (ýuridik prezumpsiýalary), galplyklary (fiksiýalary), ýagdaýlary we preýudisiýalary[1] degişli edýärler.

*Hukuk* (ýuridik) *möhletleri* – bu hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, ol hukuk kadalarynyň hukuk gatnaşyklarynyň we degişli hukuk netijeleriniň döremegi, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi bilen baglanyşdyrýan belli bir wagt möçberinde aňladylýar.

Hukuk möhletleriniň has wajyp görnüşleriniň içinde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

▪ *hukuk üýtgediji möhletler* (olaryň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň üýtgemegine getirýär);

[1]Preýudisiýa-“praejudicio-öňünden çözmek, öň çözülen“ diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

- *hukuk dörediji möhletler* (olaryň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň ýüze çykmagyna getirýär);
- *hukuk ýatyryjy möhletler* (olaryň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň bes edilmegine (ýatyrylmagyna) getirýär);
- *şikaýat etmek* (pretenzion[1]) *möhletleri* (ygtyýarly şahsyň borçly şahsa özüniň raýatlyk hukuklaryny goramak babatda gönüden-göni ýüz tutmaly bolan wagt möçberi);
- *gaýra goýuş möhletleri* (baglaşylan şertnamanyň hukuk netijelerini ýüze çykyp başlaýan pursady);
- *netijeleýin* (rezolýutiw) *möhletler* (baglaşylan şertnamanyň hukuk netijeleriniň hereket etmeginiň bes edilýän pursady);
- *tebigy möhletler* (şu möhlet geçmänkä algydar (kreditor[2]) bergidardan borçnamany ýerine ýetirmegi talap edip bilmeýär);
- *kanuny möhletler* (bu möhletler kanunda berkidilýärler, şonuň üçinem kimdir biriniň islegine, erkine görä üýtgedilip bilinmeýärler);
- *şertnamalaýyn möhletler* (olar raýat hukuk gatnaşyklarynyň taraplarynyň özara ylalaşmaklarynyň esasynda erkin kesgitlenýärler);
- *doly* (absolýut) *kesgitlenen möhletler* (taraplaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň ýüze çykmagynyň ýa-da bes edilmeginiň takyk wagtyny görkezýärler);
- *çäkli* (otnositel) *kesgitlenen möhletler* (takyk hukuk gatnaşyklarynyň özboluşly aýratynlyklaryna görä “kadaly zerur”, “paýhasly”, “deňagramly”, “öz wagtyndaky” we ş.m. diýip kesgitlenýän möhletler) we möhletleriň beýleki görnüşleri.

*Hukuk çaklamalary* (ýuridik prezumpsiýalary) – bu hukuk kadalarynyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrýan takyk hakyky hukuk ýagdaýynyň (ýuridik faktyň) belli bir durmuşy ýagdaýlaryň bolmagynda bardygynyň ýa-da ýokdugynyň hereket edýän kanunçylykda berkidilmegidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1065-nji maddasynda awtorlyk çaklamasy (prezumpsiýasy) barada hukuk kadalary berkidilýär. Salgylanylýan madda laýyklykda, başga subutnama bolmasa eseriň asyl nusgasynda ýa-da nusgalyklarynyň birinde awtor hökmünde degişli derejede görkezilen şahs eseriň awtory hasap edilýär. Eger awtor şol bir lakam bilen hemmelere mälim bolsa, eser şol lakam astynda çap edilen halatynda-da şu düzgün ulanylýar. Şonuň ýaly ýene-de bir mysal hökmünde Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 375-nji maddasyny görkezmek bolar. Onda borçnamanyň bardygy baradaky çaklama (prezumpsiýa) hakynda hukuk kadalary berkidilýär. Şol kadalara laýyklykda, borçnamanyň her bir ýerine ýetirilişi onuň bardygyny aňladýar.

Hukuk çaklamalarynyň (ýuridik prezumpsiýalaryň) şu aşakdaky ýaly birnäçe görnüşleri bardyr:

[1]Pretenzion-“praetensio-dalaş etmek, talap etmek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Kreditor-“credo-ynam, credere-ynanmak, karz bermek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- *hakykat ýüzündäki çaklamalar* (prezumpsiýalar) durmuş tejribesine esaslanýarlar we şonuň üçinem olar haýsydyr bir görnüşde resmi taýdan berkidilmegine mätäç bolmaýarlar;
- *kanuny* (legal) *çaklamalar* (prezumpsiýalar) gönüden-göni kanunda berkidilýärler. Mysal üçin, günäsizlik çaklamasy kanunlaryň bilinýändigi hakynda çaklama, raýatyň ynsaplylygy hakynda çaklama, ýokary howpuň çeşmesi tarapyndan ýetirilen zelel üçin onuň eýesiniň günäliligi hakynda çaklama we ş.m.;
- *umumy hukuk çaklamalary* (prezumpsiýalary) öz täsirlerini tutuş hukuk ulgamyna ýaýradýarlar;
- *pudaklaýyn hukuk çaklamalary* (prezumpsiýalary) diňe hukugyň belli bir ýa-da birnäçe pudagynda hereket edýärler;
- *pudagara hukuk çaklamalary* (prezumpsiýalary) bir wagtyň özünde hukugyň birnäçe pudaklarynda hereket edýärler. Mysal üçin, atalyk çaklamasy, är-aýal bilelikdäki umumy eýeçiliklerine degişli emläkleri paýlaşanlarynda olaryň paýlarynyň deňliginiň çaklamasy we ş.m.;
- *inkär edip bolýan çaklamalar* (prezumpsiýalar) bu olaryň hakykylygy barada jedel edip we olaryň hakyky däldigini subut edip bolýan çaklamalardyr. Mysal üçin, jenaýat hukugynda günäsizlik çaklamasy, raýat hukugynda bergidaryň günäliliginiň çaklamasy we ş.m.;
- *inkär edip bolmaýan çaklamalar* (prezumpsiýalar) bu olaryň hakykylygy barada jedel edip bolmaýan çaklamalardyr. Mysal üçin, çap edilenden soň ýurduň çägindäki hemmeleriň kanunlary bilýändiginiň çaklamasy we ş.m.

*Hukuk galplygy* (fiksiýasy) – bu kanunçykaryjy tarapyndan ykrar edilen göz-görtele hakykat bolmadyk, emma şahsyň hukuk ýagdaýyna resmi anyklyk berýän we şonuň netijesinde-de onuň gatnaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge ýardam berýän ýagdaýdyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda, fiziki şahsyň bolýan ýeri hakynda onuň ýaşaýan ýerinde bäş ýyllap maglumat bolmadyk bolsa, kazyýet ony ölen diýip yglan edip bilýär, eger oňa ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan ýaňa heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlar bar mahalynda ol nam-nyşansyz ýiten bolsa, onda kazyýet onuň bolýan ýeri hakynda onuň ýaşaýan ýerinde alty aýlap maglumat bolmadyk ýagdaýynda ony ölen diýip yglan etmäge ygtyýarlydyr. Uruş hereketleri bilen baglanyşykly nam-nyşansyz ýiten harby gullukçy ýa-da beýleki fiziki şahs uruş hereketleriniň gutaran gününden beýläk azyndan üç ýyl geçeninden soň kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglan edilip bilinýär. Fiziki şahsy ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne giren güni ölen diýlip yglan edilen fiziki şahsyň ölen güni diýlip hasap edilýär. Fiziki şahsa ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan ýaňa heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlar mahalynda nam-nyşansyz ýiten fiziki şahs ölen diýlip yglan edilen halatynda, kazyýet onuň heläk bolandyr diýlip çak edilýän gününi bu fiziki şahsyň ölen güni diýip ykrar edip bilýär.[1]

[1]17.07.1998 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 45-nji maddasy.

Hukuk galplyklary hukuk taýdan kadalaşdyryş çygrynda örän giňden ýaýrandyrlar we olar ýokarda getirilen mysaldaky we aşakda görkezilen ýagdaýlardaky ýaly, köp dürli kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýärler:

- eger fiziki şahsyň bolýan ýeri näbelli bolsa we bir ýylyň dowamynda onuň ýaşaýan ýerinde onuň bolýan ýeri hakynda maglumat bolmasa, gyzyklanýan şahslaryň arzasy boýunça kazyýet tarapyndan şol fiziki şahs nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilip bilinýär. Giden şahs hakynda soňky maglumatlaryň alnan gününi takyklamak mümkin bolmadyk mahalynda, giden şahs hakyndaky soňky maglumatlaryň alnan aýynyň yzyndaky aýyň birinji güni ony nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek üçin möhleti hasaplap başlamak wagty diýlip hasap edilýär, bu aýy takyklamak mümkin bolmadyk mahalynda bolsa, indiki ýylyň birinji ýanwary gideni nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek üçin möhleti hasaplap başlamak wagty diýlip hasap edilýär;[1]
- kazyýet fiziki şahsy kazyýet seljerişine çagyrmak barada çagyryş hatyny ugradanda, eger çagyryş hatyny eltýän adam iş boýunça habar berilýän ýa-da çagyrylýan şahsy onuň ýaşaýan ýa-da işleýän ýerinde tapmasa, onda çagyryş hatyny onuň bilen bile ýaşaýan uly ýaşly maşgala agzalarynyň haýsy-da bolsa birine gowşurýar, olaryň ýok mahalynda bolsa ýaşaýyş jaý ulanyş guramasyna, şäherçäniň ýa-da obanyň arçynyna ýa-da işleýän ýerindäki dolandyryş bölümine (administrasiýa) gowşurýar. Netijede-de çagyryş haty degişli şahsa gowşurylan diýlip hasap edilýär[2] we ş.m.

*Hukuk ýagdaýy* – bu hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy üçin esas bolup hyzmat edýän, uzaga çekýän durmuşy ýagdaýdyr. Hukuk ýagdaýlary çylşyrymly hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar özleriniň belli bir derejedäki durnuklylygy we uzak wagta çekýän hereket etmeginiň dowamynda, (beýleki hakyky hukuk ýagdaýlary bilen bilelikde sepleşip) ençeme gezek hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirip bilýänlikleri bilen tapawutlanýarlar. Hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) bu görnüşiniň mysaly hökmünde, adamyň jynsyny, ýaşyny, saglygyny, maşgala ýagdaýyny, zähmet şertnamasyndaky ýagdaýyny, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde saklanmagyny, raýatlygyny, garyndaşlygyny, hünärini, iş döwrüni (stažyny[3]), durmuşdaky ornuny we ş.m. görkezmek bolar.

## §3. Ýüze çykýan netijeleriň häsiýetine görä ýuridik faktlaryň görnüşleri

Emele gelýän netijeleriň häsiýetine görä hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- *hukuk döredijі hakyky hukuk ýagdaýlary* – bu hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar gönüden-göni hukuk gatnaşyklarynyň döremegine getirýärler. Mysal üçin, raýat hukuk

[1]17.07.1998 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 42-nji maddasy;
[2]1963-nji ýylyň 29-njy dekabrynda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 91-nji maddasy;
[3]Staž-haỳsydyr bir iş bilen meşgul bolnan wagtyň tutuş dowamlylygyny aňladỳan, terjime edip bolmaỳan “stage” diỳen fransuz gelip çykan adalga.

geleşikleri, maşgala hukugynyň kadalaryna laýyklykda nikanyň baglaşylmagy, jenaýat hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna getirýän jenaýatçylykly etmişleriň edilmegi, zähmet şertnamasynyň baglaşylmagy, raýatyň wezipä saýlanmagy we ş.m.;

- *hukuk üýtgediji hakyky hukuk ýagdaýlary* – bu hem hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar hukuk gatnaşyklarynyň ütgedýärler. Mysal üçin, şahsyň başga işe geçirilmegi taraplaryň arasyndaky hukuk gatnaşygynyň mazmunyny üýtgedýär, emma bütewiligine olaryň arasyndaky hukuk gatnaşygy saklanyp galýar, ýa-da başga mysallar, harby gullukçylara nobatdaky harby derejäniň berilmegi, ylmy işgärlere ylmy derejäniň berilmegi we ş.m.;
- *hukuk ýatyryjy* (bes ediji) *hakyky hukuk ýagdaýlary* – bu hem hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar şahsyň şahsy (subýektiw) hukuklaryny amala aşyrmaklyga ýa-da ýuridik borçlaryny berjaý etmeklige gönükdirilen hereketleriniň netijesinde, ýa-da kanunda göz öňünde tutulan başga halatlarda hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegine getirýärler. Mysal üçin, zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy (bozulmagy), hasaplanan (goýlan) ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölenilmegi we ş.m.

Hukuk ulanyş tejribesinde hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) ýokarda görkezilen üç görnüşiniň hem bir hereket (akt, nama, ýagdaý) tarapyndan döredilýän halatlary hem duş gelip biler. Mysal üçin, adamyň aradan çykmagy miras gatnaşyklarynyň döremegine, aradan çykanyň bergileri babatda ýagdaýlaryň üýtgemegine, aradan çykan şahsyň gatnaşýan maşgala, zähmet we gaýry hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegine getirýär.

## §4. Hakyky hukuk (ýuridik) düzümi (çylşyrymly ýuridik fakt)

Käbir hukuk gatnaşyklary diňe birnäçe hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) esasynda döräp, üýtgäp ýa-da ýatyrylyp bilinýärler. Şonuň bilen birlikde-de şeýle hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) jemi hukuk (hakyky) düzüm hökmünde çykyş edip bilýär. Mysal üçin, pensiýa hukuk gatnaşyklary şu aşakdaky ýagdaýlaryň jeminiň bolmagyny talap edýärler:

- degişli ýaşyň dolmagyny (Türkmenistanda umumy pensiýa ýaşy erkek kişiler üçin 62 ýaş, aýallar üçin 57 ýaş bolup durýar[1]);
- degişli iş döwrüniň (stažynyň) bolmagyny (Türkmenistanda geçirimler tölenen we (ýa-da) raýatlar tarapyndan pensiýa gatançlary tölenen şertlerinde, erkek adamlar üçin - 25 ýyldan, aýal maşgalalar üçin - 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri (stažy) talap edilýär[2]);
- durmuş üpjünçilik edarasynyň çözgüdiniň bolmagyny.

[1]2007-nji ýylyň 17-nji martynda kabul edilen, Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 23-nji maddasynyň 1-nji bölegi;
[2]2007-nji ýylyň 17-nji martynda kabul edilen, Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 23-nji maddasynyň 1-nji bölegi.

Edil şonuň ýaly, ýokary okuw mekdebine girmek bilen bagly hukuk gatnaşyklarynyň döremegi üçinem diňe şol birnäçe hökmany hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bolmagy zerurdyr. Ol hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) şu aşakdakylardyr:

- umumy orta bilimiň bolmagy;
- giriş synaglaryndan zerur bahalar bilen geçilmegi;
- ýokary okuw mekdebiniň rektorynyň fiziki şahsy ýokary okuw mekdebiniň degişli hünär ugry boýunça birinji okuw ýylyna kabul etmek baradaky buýrugynyň bolmagy.

Şeýlelikde, *hakyky hukuk düzümi* – bu hukuk kadasynda göz öňünde tutulan hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy üçin zerur bolan hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) jemidir. Hukuk düzümine hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) ulgamy hökmünde-de garamak bolar. Şu nukdaýnazardan bolsa hakyky hukuk ýagdaýlarynyň ulgamyny iki görnüşe bölmek bolýar:

- *açyk hakyky hukuk ýagdaýlarynyň ulgamy* – bu hereket edýän kanunçylykda gönüden-göni göz öňünde tutulmadyk düzüm bölekleriniň ulanylmagyna (döremegine) rugsat berýän hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) toplumydyr. Mysal üçin, şertnama laýyklykda ýa-da hukugyň umumy ykrar edilen başlangyçlaryndan ýa-da manysyndan ugur almak bilen hukuk gatnaşyklaryny döretmek, üýtgetmek ýa-da bes etmek;
- *ýapyk hakyky hukuk ýagdaýlarynyň ulgamy* – bu diňe hereket edýän kanunçylykda gutarnykly kesgitlenen hakyky hukuk ýagdaýlarynyň toplumyndan ugur almaga rugsat berýän ulgamdyr. Mysal üçin jenaýatyň ýa-da dolandyryş hukuk bozmasynyň düzümi.

## *ÇYZGYLAR*


Çyzgy 17.1.
HAKYKY HUKUK ÝAGDAÝLARY
(ÝURIDIK FAKTLAR)
Bu hukuk kadalary tarapyndan hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi baglanyşdyrylýan takyk durmuşy ýagdaýlarydyr.
Hereketler
Bu ýüze çykmaklary hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň erk-islegi bilen bagly bolan hakyky hukuk ýagdaýlarydyr (ýuridik faktlardyr).
Hadysalar (wakalar)
Bu ýüze çykmagy hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň erk-islegi bilen bagly bolmadyk hakyky hukuk ýagdaýlarydyr (ýuridik faktlardyr).
Hukuk (ýuridik) möhletleri
Olar hukuk kadalarynyň hukuk gatnaşyklarynyň we degişli hukuk netijeleriniň döremegi, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi bilen baglanyşdyrýan belli bir wagt möçberinde aňladylýar.
Hukuk çaklamalary (ýuridik prezumpsiýalary)
Bu hukuk kadalarynyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrýan takyk hakyky hukuk ýagdaýynyň (ýuridik faktyň) bardygynyň ýa-da ýokdugynyň hereket edýän kanunçylykda berkidilmegidir.
Hukuk galplygy (fiksiýasy)
Bu kanunçykaryjy tarapyndan ykrar edilen göz-görtele hakykat bolmadyk, emma şahsyň hukuk ýagdaýyna resmi anyklyk berýän we şonuň netijesinde-de onuň gatnaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge ýardam berýän ýagdaýdyr.
Hukuk ýagdaýy
Bu hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy üçin esas bolup hyzmat edýän, uzaga çekýän durmuşy ýagdaýdyr.

Çyzgy 17.2.


Hereketleriň görnüşleri
Hukuga laýyk hereketler
Hukuga garşy hereketler
hukuk hereketleri (ýuridik aktlary)
dolandyryş here-ketleri (adminis-tratiw aktlary)
hukuk (ýuridik) etmişleri
bu hukugyň subýektleriniň hereket edýän hukuk kadalarynyň görkezmelerine laýyk gelmän, gaýta olara gönüden-göni garşy gelýän hereketleridir.
Hadysalaryň görnüşleri
otnositel hadysalar
absolýut hadysalar
adam şeýle hadysalaryň döremegine we amala aşmagyna gönüden-göni däl-de gytaklaýyn, çala gatnaşýar
beýle hadysalar adamlaryň hereketleri bilen düýbünden baglanyşykly däldir, mysal üçin, ýyldyrym çakmagy, sil gelmegi, ýer titremegi we ş.m.

Çyzgy 17.3.


Hukuk möhletleriniň görnüşleri
Hukuk üýtgediji möhletler
olaryň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň üýtgemegine getirýär
Hukuk dörediji möhletler
olaryň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň ýüze çykmagyna getirýär
Hukuk ýatyryjy möhletler
olaryň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň bes edilmegine (ýatyrylmagyna) getirýär
Şikaýat etmek möhletleri
ygtyýarly şahsyň borçly şahsa özüniň raýatlyk hukuklaryny goramak babatda gönüden-göni ýüz tutmaly bolan wagt möçberidir
Gaýra goýuş möhletleri
baglaşylan şertnamanyň hukuk netijelerini ýüze çykyp başlaýan pursadydyr
Netijeleýin möhletler
baglaşylan şertnamanyň hukuk netijeleriniň hereket etmeginiň bes edilýän pursadydyr
Tebigy möhletler
şu möhlet geçmänkä algydar (kreditor) bergidardan borçnamany ýerine ýetirmegi talap edip bilmeýär
Kanuny möhletler
bu möhletler kanunda berkidilýärler, şonuň üçinem kimdir biriniň islegine, erkine görä üýtgedilip bilinmeýärler
Şertnamalaýyn möhletler
olar raýat hukuk gatnaşyklarynyň taraplarynyň özara ylalaşmaklarynyň esasynda erkin kesgitlenýärler
Doly (absolýut) kesgitlenen möhletler
taraplaryň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň we hukuk (ýuridik) borçlarynyň ýüze çykmagynyň ýa-da bes edilmeginiň takyk wagtyny görkezýärler
Çäkli (otnositel) kesgitlenen möhletler
takyk hukuk gatnaşyklarynyň özboluşly aýratynlyklaryna görä "kadaly zerur", "paýhasly", "deňagramly", "öz wagtyndaky" we ş.m. diýip kesgitlenýän möhletler) we möhletleriň beýleki görnüşleridir


Çyzgy 17.4.
Hukuk çaklamalarynyň (ýuridik prezumpsiýalaryň) görnüşleri
Hakykat ýüzündäki çaklamalar
durmuş tejribesine esaslanýarlar we şonuň üçinem olar haýsydyr bir görnüşde resmi taýdan berkidilmegine mätäç bolmaýarlar
Kanuny (legal) çaklamalar
gönüden-göni kanunda berkidilýärler. Mysal üçin, günäsizlik çaklamasy kanunlaryň bilinýändigi hakynda çaklama we ş.m.
Umumy hukuk çaklamalary
öz täsirlerini tutuş hukuk ulgamlaryna ýaýradýarlar
Pudaklaýyn hukuk çaklamalary
diňe hukugyň belli bir ýa-da birnäçe pudagynda hereket edýärler
Pudagara hukuk çaklamalary
bir wagtyň özünde hukugyň birnäçe pudaklarynda hereket edýärler. Mysal üçin, atalyk çaklamasy, är-aýal bilelikdäki umumy eýeçiliklerine degişli emläkleri paýlaşanlarynda olaryň paýlarynyň deňliginiň çaklamasy we ş.m.
Inkär edip bolýan çaklamalar
bu olaryň hakykylygy barada jedel edip we olaryň hakyky däldigini subut edip bolýan çaklamalardyr. Mysal üçin, jenaýat hukugynda günäsizlik çaklamasy, raýat hukugynda bergidaryň günäliliginiň çaklamasy we ş.m.
Inkär edip bolmaýan çaklamalar
bu olaryň hakykylygy barada jedel edip bolmaýan çaklamalardyr. Mysal üçin, çap edilenden soň ýurduň çägindäki hemmeleriň kanunlary bilýändiginiň çaklamasy we ş.m.

**Çyzgy 17.5.**


Emele gelýän netijeleriň häsiýetine görä hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) görnüşleri
Hukuk dörediji hakyky hukuk ýagdaýlary
Hukuk üýtgediji hakyky hukuk ýagdaýlary
Hukuk ýatyryjy (bes ediji) hakyky hukuk ýagdaýlary
bu hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar gönüden-göni hukuk gatnaşyklarynyň döremegine getirýärler
bu hem hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar hukuk gatnaşyklarynyň ütgedýärler
bu hem hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar şahsyň şahsy (subýektiw) hukuklaryny amala aşyrmaklyga ýa-da ýuridik borçlaryny berjaý etmeklige gönükdirilen hereketleriniň netijesinde, ýa-da kanunda göz öňünde tutulan başga halatlarda hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegine getirýärler


Hakyky hukuk düzümi
Bu hukuk kadasynda göz öňünde tutulan hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy üçin zerur bolan hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) jemidir.
Açyk hakyky hukuk ýagdaýlarynyň ulgamy
Ýapyk hakyky hukuk ýagdaýlarynyň ulgamy
bu hereket edýän kanunçylykda gönüden-göni göz öňünde tutulmadyk düzüm bölekleriniň ulanylmagyna (döremegine) rugsat berýän hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) toplumydyr.
bu diňe hereket edýän kanunçylykda gutarnykly kesgitlenen hakyky hukuk ýagdaýlarynyň toplumyndan ugur almaga rugsat berýän ulgamdyr.

## *SOWALNAMA*

**1) Hakyky hukuk ýagdaýlarynyň esasy häsiýetli şu aşakdakylardyr:**
- olar takyk durmuşy ýagdaýlar bolup, olar hukuk kadalary tarapyndan hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi bilen baglanyşdyrylýarlar;
- olara ähli gündelik ýa-da adatdan daşary (ekstraordinar) ýagdaýlar degişli däldir;
- diňe hukuk kadalary tarapyndan gönüden-göni görkezilýän durmuşy ýagdaýlar hakyky hukuk ýagdaýlarydyr (ýuridik faktlardyr);
- olar hukuk gatnaşygynyň taraplarynyň şahsy (subýektiw) hukuklaryny hem ýuridik borçlaryny beýan edýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hakyky hukuk ýagdaýlarynyň näçe görnüşi bar?**
- iki;
- alty;
- üç;
- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hakyky hukuk ýagdaýy hökmünde hereketler şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:**
- hukuga laýyk we hukuga garşy hereketlere;
- dogry we nädogry hereketlere;
- ahlakly we ahlaksyz hereketlere;
- göni we gyşyk hereketlere.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukuga laýyk hereketleriň görnüşleri şulardyr:**
- hukuk hereketleri (ýuridik aktlary);
- dolandyryş hereketleri (administratiw aktlary);
- raýatlyk hereketleri;
- hukuk (ýuridik) etmişleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuga garşy hereketleriň görnüşleri şulardan ybaratdyr:**
- ahlaksyz hereketler;
- gödek we bihaýa hereketler;
- jenaýatlar we hukuk bozmalarynyň beýleki görnüşleri;
- özgelere (özgä) maddy taýdan zelel ýetiren hereketler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Hakyky hukuk ýagdaýy hökmünde hadysalaryň haýsy görnüşleri bar?**
- otnositel we absolýut hadysalar;
- bilkastdan we seresapsyzlykdan amala aşyrylan hadysalar;

- öňüni alyp bolýan we bolmaýan hadysalar;
- tebigy we tehnogen betbagtçylykly hadysalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuk (ýuridik) möhletleri:**
- hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşidir;
- hukuk kadalary tarapyndan hukuk gatnaşyklarynyň we degişli hukuk netijeleriniň döremegi, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi bilen baglanyşdyrylýarlar;
- belli bir wagt möçberinde aňladylýarlar;
- diňe jenaýat we iş ýörediş möhletleriniň jeminden emele gelýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk (ýuridik) möhletleriniň näçe görnüşi bar?**
- bir;
- on bir;
- iki;
- haýsy hukuk pudagynda ulanylýandygyna baglylykda olaryň görnüşi köpelýär ýa-da azalýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Netijeleýin (rezolýutiw) möhletler – bu,**
- baglaşylan şertnamanyň hukuk netijeleriniň hereket etmeginiň bes edilýän pursadydyr;
- baglaşylan şertnamanyň hukuk netijelerini ýüze çykyp başlaýan pursadydyr;
- ygtyýarly şahsyň borçly şahsa özüniň raýatlyk hukuklaryny goramak babatda gönüden-göni ýüz tutmaly bolan wagt möçberidir;
- kanunda berkidilen, şonuň üçinem kimdir biriniň islegine, erkine görä üýtgedilip bilinmeýän möhletlerdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolan tebigy möhletler geçmänkä,**
- adam doly kämillik ukyplylygyna eýe bolup bilmeýär;
- algydar (kreditor) bergidardan borçnamany ýerine ýetirmegi talap edip bilmeýär;
- ýuridik şahsyň hukuk ukyplylygy emele gelmeýär;
- jenaýat etmekde güman edilýän jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Hukuk (ýuridik) möhletleriniň görnüşlerine girýärler:**
- hukuk dörediji, üýtgediji we ýatyryjy möhletler;
- şikaýat ediş, gaýra goýuş we netijeleýin möhletler;
- tebigy, kanuny we şertnamalaýyn möhletler;
- emele getirmek, kabul etmek we yzyna gaýtarmak möhletleri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Hukuk çaklamalarynyň (ýuridik prezumpsiýalaryň) näçe görnüşi bar?**
- dört;
- on bir;
- ýedi;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Hukuk çaklamalarynyň (ýuridik prezumpsiýalaryň) görnüşlerine girýärler:**
- hakykat ýüzündäki, kanuny, umumy, pudaklaýyn, pudagara, inkär edip bolýan we inkär edip bolmaýan hukuk çaklamalary;
- galp, durmuşy, ýörite, maksatlaýyn, ulgamlaýyn, inkär edip bolýan we inkär edip bolmaýan hukuk çaklamalary;
- hakykat ýüzündäki, kanuny, umumy, pudaklaýyn, pudagara, hukuga laýyk we hukuga garşy hukuk çaklamalary;
- şertleýin, kanuny, umumy, ugurlaýyn, esasly, inkär edip bolýan we tassyklaýjy hukuk çaklamalary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Inkär edip bolýan çaklamalara (prezumpsiýalara) şu aşakdakylar degişlidir:**
- jenaýat hukugynda günäsizlik çaklamasy;
- raýat hukugynda bergidaryň günäliliginiň çaklamasy;
- maşgala hukugynda çaganyň ejesi bilen resmi nikada duran raýatyň çaganyň atasydynyň çaklamasy;
- çap edilenden soň ýurduň çägindäki hemmeleriň kanunlary bilýändiginiň çaklamasy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Öz täsirlerini tutuş hukuk ulgamyna ýaýradýan hukuk çaklamalary (ýuridik prezumpsiýalary) – bu,**
- hakykat ýüzündäki hukuk çaklamalarydyr;
- umumy hukuk çaklamalarydyr;
- kanuny hukuk çaklamalarydyr;
- inkär edip bolmaýan hukuk çaklamalarydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk galplygy (fiksiýasy) – bu,**
- kanunçykaryjy tarapyndan ykrar edilýär;
- göz-görtele hakykat bolmadyk ýagdaýdyr;
- şahsyň hukuk ýagdaýyna resmi anyklyk berýän we şonuň netijesinde-de onuň gatnaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge ýardam berýän ýagdaýdyr;
- kähalatda hakykylygy barada jedel edip bolmaýan çaklamalardyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk ýagdaýy – bu,**
- hereket edýän kanunçylykda berkidilen adatdan daşary ýagdaýlaryň toplumydyr;
- hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy üçin esas bolup hyzmat edýän, uzaga çekýän durmuşy ýagdaýdyr;
- olar özleriniň belli bir derejedäki durnuklylygy bilen tapawutlanýarlar;
- olar uzak wagtyň dowamynda beýleki hakyky hukuk ýagdaýlary bilen bilelikde ençeme gezek hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirip bilýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Emele gelýän netijeleriň häsiýetine görä hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:**
- hukuk dörediji hakyky hukuk ýagdaýlary;
- hukuk üýtgediji hakyky hukuk ýagdaýlary;
- hukuk taýdan düzgünleşdiriji hakyky hukuk ýagdaýlary;
- hukuk ýatyryjy (bes ediji) hakyky hukuk ýagdaýlary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Hakyky hukuk düzümi – bu,**
- hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar gönüden-göni hukuk gatnaşyklarynyň döremegine getirýärler;
- hukuk kadasynda göz öňünde tutulan hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy üçin zerur bolan hakyky hukuk ýagdaýlarynyň jemidir;
- hakyky hukuk ýagdaýlarynyň bir görnüşi bolup, olar hukuk gatnaşyklarynyň ütgedýärler;
- kanunda göz öňünde tutulan halatlarda hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegine getirýän hakyky hukuk ýagdaýlarydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hakyky hukuk düzüminiň näçe görnüşi bar?**
- bir;
- iki;
- dört;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 18-nji bap. Hukugyň ulgamy we kanunçylyk ulgamy

## §1. Hukugyň ulgamy barada düşünje, onuň esasy alamatlary we düzüm bölekleri

*Hukugyň ulgamy* – bu hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamy bilen umumy esaslarda (obýektiw) şertlendirilen içki gurluşydyr we ol döwletde hereket edýän hukuk kadalarynyň bütewiliginde hem ylalaşyklygynda, şeýle hem hukugyň belli bir derejede özbaşdak böleklere – hukuk kadalaryna, şahalaryna (institutlaryna) we pudaklaryna bölünmeginde ýüze çykýar. Has sadalaşdyryp aýdylanda, hukugyň ulgamy – bu hukuk kadalaryndan, olaryň tertipli jeminden emele gelýän hukuk şahalaryndan, hukuk şahalarynyň tertipli jeminden emele gelýän hukuk pudaklaryndan ybarat bolan ulgamdyr.

Hukugyň ulgamynyň hukuk ulgamyndan esasy aýratynlygy, ýokarda beýan edilişi ýaly, onuň düzüm gurluşyny hukuk kadalary, hukuk şahalary (institutlary) we hukuk pudaklary emele getirýärler, hukuk ulgamy barada gysgaça aýdylanda bolsa şu aşakdakylary bellemek mümkindir:

*Hukuk ulgamy* – **birinjiden**, bu hukugyň çeşmeleriniň we belli bir döwletiň (kähalatlarda bolsa onuň aýratyn böleginiň hem) hukuk ygtyýarly edaralarynyň jemidir. Has giň manyda düşünilende, hukuk ulgamy hukuk medeniýeti, hukuk aňyýeti, hukuk ylmy, şol sanda käbir döwletlerde döwlete dahylsyz institutlar hökmünde çykyş edýän adwokatura, kepillendiriş edaralary (notariat[1]), hukuk firmalary[2], hukukçylaryň kärdeşler arkalaşyklary ýaly, başga-da birnäçe düzüm böleklerini öz içine alýar. Eger-de hukuk ulgamy bütin ýurduň çägine degişlilikde hereket edýän bolsa ol: “milli (federal) hukuk ulgamy” diýlip atlandyrylýar, eger-de ýurduň belli bir böleginiň (bölekleriniň) çäklerine degişlilikde hereket edýän bolsa, onda ol: “sebitleýin (regional) hukuk ulgamy” diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda federal hukuk ulgamy bilen bir hatarda ştatlaryň hukuk ulgamlary hem hereket edýär. **Ikinjiden** hukuk ulgamy diýen düşünje, hukuk maşgalasy diýen düşünje bilen manydaşdyr.

Hukugyň ulgamynyň esasy alamatlary bolsa şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- umumy häsiýetlilik (obýektiwlik) (hukuk syýasy häkimiýetleriň erk-islegine görä emele gelmeýär-de, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanunalaýyk ösüşiniň dowamynda döreýär);
- ol jemgyýetde bar bolan gatnaşyklaryň we hukuk medeniýetiniň derejesini beýan edýär;
- hukugyň ulgamy – bu köpdürli, köpgörnüşli hukuk hadysasy bolmak bilen, özünde göwrümi hem mazmuny boýunça birmeňzeş bolmadyk, ýöne biri-

[1]Notariat-“nota-ýazgy, notarius-ýazýan, kätip, mürze, hatdat” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kanunda berkidilen anyk hereketleri ýa-da namalary kepillendirmek bilen meşgullanýan döwlet edaralaryny (käbir ýurtlarda hususy edaralar hem bolup bilýärler) aňladýar;
[2]Firma-“firma-çekilen gol” diýen italýan sözünden gelip çykyp, telekeçilik işi bilen meşgullanýan ýuridik şahsy aňladýar.

biri bilen sazlaşykly sepleşýän düzüm böleklerini (hukuk kadalaryny, huk şahalaryny (institutlaryny) we hukuk pudaklaryny) jemleýär;

- hukugyň ulgamy onuň düzüm gurluşyny emele getirýän hukuk kadalarynyň bütewiligi hem özara jebis baglanyşyklydygy bilen häsiýetlendirilýär;
- ol has uly we çylşyrymly ulgamlar bolan milli hukuk ulgamynyň halkara hukugynyň ulgamynyň bir bölegi bolup durýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, hukugyň ulgamynyň *düzüm bölekleri* – bu hukuk kadalary, hukuk şahalary (institutlary) we hukuk pudaklarydyr. Öz gezeginde hukugyň ulgamynyň aýry-aýry pudaklary pudakçalardan ybaratdyr. Hukugyň ulgamynyň käbir şahalary (institutlary) bolsa, kähalatda hukuk şahaçalary (subinstitutlary) diýlip atlandyrylýan, örän çylşyrymly hem göwrümli gurluşlaryň birnäçesinden ybarat bolup bilýärler. Hukuk kadalary hukugyň ulgamynyň esasy düzüm bölegi bolup durýarlar we olar özleriniň hukuk taýdan düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ol ýa-da beýleki çygry boýunça aýratyn toparlara jemlenip, şol toparlar boýunça anyk hukuk şahalarynyň (institutlarynyň) we hukuk pudaklarynyň mazmunyny emele getirýärler.

## §2. Hukugyň pudaklary we pudakçalary, olar barada düşünje we olaryň görnüşleri

*Hukugyň pudagy* – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hil taýdan birmeňzeş toparyny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň aýratynlaşdyrylan jemidir.

Hukugyň ähli pudaklary biri-birinden hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine (predmetine) we usulyna (metodyna) baglylykda tapawutlanýarlar.

*Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesi* (predmeti) hökmünde hukuk tarapyndan düzgünleşdirilýän birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toparlary çykyş edýärler. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukugyň täsir edýän çygyrlary örän köpdürlidir we biri-birinden tapawutlanýandyrlar. Mysal üçin, emläkleýin gatnaşyklar, dolandyryş gatnaşyklary we beýlekiler. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesiniň (predmetiniň) ölçegi (kriteriýasy) boýunça hukugyň ulgamynyň 30-a golaý pudaklara bölünýändigini bellemek gerekdir.

*Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly* diýlende, adatça jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir çygryna (sferasyna) täsir etmegiň hukuk usulyna (usullarynyň jemine) düşünilýär. Hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şu aşakdaky usullaryň birini ýa-da birnäçesini ulanyp, täsir edýär:

- hökmany ýerine ýetirilmäge degişli, hüküm ediji (imperatiw) usul – bu hüküm ediji (buýruk beriji) hukuk görkezmeleridir. Mysal üçin, gadagan ediji hukuk kadalary, jenaýat, dolandyryş, maliýe hukugy we ş.m.;
- saýlamaga mümkinçilik berýän (dispozitiw) usul – bu hukugyň subýektlerine kanunyň çäklerinde özlerini alyp barmagyň görnüşini saýlamaga mümkinçilik berýän usuldyr. Mysal üçin, raýat hukuk kadalarynyň aglaba köpüsi.

Ynandyrmak, höweslendirmek we mejbur etmek bolsa umumy hukuk usullarydyr we hukugyň ulgamynyň ähli pudaklaryna-da mahsusdyr. Bu usullar

jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli görnüşleri düzgünleşdirilende-de aýry-aýrylykda ýa-da ählisi bilelikde ulanylýarlar.

Ýokarda görkezilen esaslardan (hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesinden we usulyndan) ugur almak bilen hukugyň pudaklaryny aşakdaky ýaly toparlara hem görnüşlere bölmek bolýar:

- *Jemgyýetçilik* (umumy) *hukugy* – bu hukugyň döwletiň bähbitleri bilen bagly pudaklarydyr ýa-da başgaça aýdylanda, döwlet gurluşyny we syýasy gurluşy goldaýan hem goraýan, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hereket edýän ulgamynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi kesgitleýän hukuk pudaklarydyr. Mysal üçin, konstitusion hukugy, jenaýat hukugy, dolandyryş hukugy we ş.m.;
- *Hususy hukuk* – bu aýry-aýry şahslaryň bähbidine hyzmat edýän hukuk pudaklarydyr ýa-da başgaça aýdylanda, aýry-aýry şahslaryň hususy bähbitlerini beýan edýän we goraýan hukuk pudaklarydyr. Mysal üçin, raýat hukugy, telekeçilik hukugy, maşgala hukugy, patent hukugy, ätiýaçlandyryş hukugy, zähmet hukugy we ş.m.
- *Maddy hukuk pudaklary* jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönüden-göni düzgünleşdirmek bilen, döwlet gurluşyny berkidýärler, döwlet edaralarynyň hukuk ýagdaýyny we düzüm gurluşyny kesgitleýärler, raýatlaryň hem guramalaryň hukuklaryny we borçlaryny belleýärler;
- *Iş ýörediş hukuk pudaklary* maddy hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň tertibini kesgitleýärler we maddy hukuk pudaklaryndan gelip çykýarlar. Mysal üçin, raýat iş ýörediş hukugy, jenaýat iş ýörediş hukugy, arbitraž iş ýörediş hukugy;
- *Esasy hukuk pudaklary* hukuk hakykatynyň (durmuşynyň) ähli gatnaşyjy şahslaryna (subýektlerine) täsir edýärler. Mysal üçin, konstitusion hukugy, jenaýat hukugy, dolandyryş hukugy we ş.m.;
- *Ýöriteleşdirilen hukuk pudaklary* jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir derejede dar, anyk ugurlaryny ýörite gatnaşyjy şahslar (subýektler) babatda düzgünleşdirýärler. Mysal üçin, zähmet hukugy, maşgala hukugy, ýer hukugy, maliýe hukugy, telekeçilik hukugy, ekologiýa hukugy we ş.m.;
- *Toplumlaýyn hukuk pudaklary* jemgyýetçilik işjeňliginiň belli çygrynda ýüze çykýan, ýöne şol bir wagtda-da dürli hukuk pudaklaryna degişli bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýärler. Mysal üçin, oba hojalyk hukugy, täjirçilik hukugy, ekologiýa hukugy we ş.m.

Düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna baglylykda hukugyň her bir pudagynyň özboluşly alamatlary we häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Hukugyň aýry-aýry pudaklarynyň içki düzüm gurluşynda bolsa pudakçalar hem bolup bilýär. *Pudakçalar* – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özboluşly toparyny düzgünleşdirmäge gönükdirilen ýörite hukuk kadalarynyň we şahalarynyň (institutlarynyň) jemidir. Mysal üçin, raýat hukugy pudagynyň borçnamalaýyn hukuk pudakçasy we ş.m.

## §3. Hukugyň şahalary (institutlary) we şahaçalary (subinstitutlary), olar barada düşünje we olaryň görnüşleri

Hukuk pudagynyň çäklerinde hukuk kadalary belli bir böleklere (bloklara[1]) – hukugyň şahalaryna (institutlaryna) we şahaçalaryna (subinstitutlaryna) toplanýarlar.

*Hukuk şahasy* (instituty) – bu hukuk pudagynyň içinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hil taýdan birmeňzeş toparyny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň belli bir derejede aýratynlaşdyrylan jemidir. Mysal üçin, raýat hukuk pudagynyň borçnamalaýyn hukuk pudakçasynyň şertnamalaýyn hukuk şahasy (instituty).

Hukuk şahasy şu aşakdaky käbir hökmany alamatlaryň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär:

- jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilýän çygrynyň hil taýdan birmeňzeşligi bilen;
- hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň özbaşdak närsesi (predmeti) bilen;
- bir bütewi wezipeleri bilen;
- şol gatnaşyklary utgaşyklykda utgaşdyrýan hukuk kadalarynyň barlygy bilen;
- hukuk kadalarynyň hukuk taýdan bütewiligi bilen we ş.m.

Hukuk şahalarynyň (institutlarynyň) şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *ýönekeý* ýa-da *pudaklaýyn hukuk şahalary* hukugyň bir pudagyna degişli hukuk kadalaryndan ybarat bolýarlar. Mysal üçin, raýat hukugynda girew hukuk şahasy ýa-da şertnamalaýyn hukuk şahasy, dolandyryş hukugynda bolsa dolandyryş jogapkärçiligi hukuk şahasy we ş.m.;
- *çylşyrymly* ýa-da *toplumlaýyn hukuk şahalary* özlerinde hukugyň dürli pudaklarynyň düzüm gurluşyna girýän, ýöne özara baglanyşykly we kybapdaş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalaryny jemleýärler. Mysal üçin, saýlaw hukugy bilen bagly gatnaşyklar konstitusion, jenaýat we dolandyryş hukuk pudaklary tarapyndan düzgünleşdirilýär. Eýeçilik hukuk şahasy bolsa özünde konstitusion, raýat, maşgala, dolandyryş, jenaýat we beýleki hukuk pudaklarynyň kadalaryny jemleýär.

Köp halatda bir toplumlaýyn hukuk şahasynyň çäklerinde kybapdaş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň jemi saýlanyp durýar. Şeýle ýagdaýda şonuň ýaly hukuk kadalarynyň toparyna “hukuk şahaçalary (subinstitutlar)” diýilýär. Mysal üçin, maşgala hukugynda hossar haky (aliment[2]) borçnamalary hukuk şahasy (instituty) şu aşakdaky hukuk şahaçalaryna (subinstitutlara) bölünýär:

- ata-eneleriň we çagalaryň hossar haky tölemek borçnamalaryna;

[1]Blok-“block-bölek” diỳen nemes sözünden gelip çykyp, bir bütewi mehanizmiň belli bir bölegini aňladỳar;
[2]Aliment-“alimentum-iýmit, ekläp-saklamak, üpjün etmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kanunda bellenen tertipde maşgala agzalarynyň biriniň (ýa-da birnäçesiniň) mätäç ýagdaýdaky (ýa-da kämillik ýaşyna) beýlekisine (beýlekilerine) eklenmek üçin kömek puluny (hossar hakyny) tölemeklerini aňladýar.

- är-aýalyň eklenmek üçin kömek puly tölemek borçnamalaryna;
- nikasy ýatyrylan är-aýalyň eklenmek üçin kömek puly tölemek borçnamalaryna.

Jenaýat hukugynda adamyň saglygyna ýetirilen zeperler hukuk şahasy (instituty) bolsa ýeňil, orta agyrlykdaky we agyr saglyk zeperleri hukuk şahaçalaryna (subinstitutlaryna) bölünýär.

## §4. Hukugyň ulgamynyň we kanunçylyk ulgamynyň özara gatnaşygy

Kadalaşdyryş hukuk taglymatynda hukugyň kanunçylykdan daşgary hereket etmeýändigi kesgitlenýär. Kanunçylyk bolsa döwletde bar bolan we degişli pudaklara bölünen, umumy döwlet ähmiýetli ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň sazlaşykly bütewiligi (jemi) hökmünde häsiýetlendirilýär.

Hukugyň ulgamy we kanunçylygyň ulgamy biri-birine örän ýakyn düşünjelerdir. Şonuň bilen birlikde-de olaryň her haýsy aýry-aýrylykda örän üýtgeşik jemgyýetçilik hadysalary bolup durýarlar. Olaryň biri-birinden tapawutlyklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- hukugyň ulgamy başlangyç häsiýete eýedir, kanunçylygyň ulgamy bolsa şonuň esasynda döredilýär;
- hukugyň içki düzüm gurluşy hukuk kadalaryndan, hukuk şahalaryndan (institutlaryndan) we hukuk pudaklaryndan emele gelýär, kanunçylygyň ulgamy bolsa kadalaşdyryjy hukuk namalaryň – hukugyň çeşmeleriň jeminden ybaratdyr;
- hukugyň ulgamynyň başlangyç, ilkinji düzüm bölegi hukuk kadasydyr, kanunçylygyň ulgamynyň esasynda bolsa kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasy durýar;
- hukugyň ulgamy ýeterlik derejede çäklendirilen hukuk pudaklaryndan ybaratdyr, kanunçylygyň ulgamy bolsa örän köp, käbir ýurtlarda sanamak mümkinçiligi bolmadyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplumyndan emele gelýär (mysal üçin, käbir hasabat maglumatlaryna görä, ABŞ-da, federal derejede we ştatlaryň derejesinde her ýylda takmynan 20.000-den gowrak kadalaşdyryjy hukuk nama kabul edilýär. ABŞ döredilenden häzirki güne çenli onuň kanunçylyk ulgamynda bolsa iki milliona golaý dürli derejelerdäki kadalaşdyryjy hukuk namalar hereket edýärler);
- hukugyň ulgamynyň çäklerinde köplenç halatda pudagara emele gelmeler bolmaýar, kanunçylyk ulgamy bolsa özüniň gurluşy boýunça biri-biriniň içinden eriş-argaç geçýän (mozaika[1]) şekilli hereket edýär we toplumlaýyn pudaklarynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

*Kanunçylygyň ulgamy* – bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bir bütewi, biri-birine garşy gelmeýän hem ylalaşykly daşky birleşmesi bolup, ol zerur bolan hukuk görkezmeleri bilen tanyşmagy ýeňilleşdirýär we olaryň degişli derejede durmuşa geçirilmegine ýardam berýär.

[1]Mozaika-“musaikum-dürli reňkdäki daşjagazlary biri-birine berkidip çekilen surat” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

Kanunçylygyň pudaklary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- *kanunçylygyň pudagy* – bu hukugyň bir pudagynyň düzgünleşdirmeginiň närsesi (predmeti) bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hil taýdan kesgitli bir anyk görnüşini düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň jemidir;
- *içki pudaklaýyn kanunçylyk* pudaklaýyn jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir görnüşini düzgünleşdirýän hukugyň belli bir pudakçasynyň ýa-da şahasynyň (institutynyň) hukuk kadalaryny berkidýär. Mysal üçin, dolandyryş hukugynyň çäklerinde dolandyryş jogapkärçiligi hakynda kanunçylyk, raýat kanunçylygynyň pudagynyň düzüminde awtorlyk hukugy barada kanunçylyk, ýer kanunçylygynyň içki pudaklaýyn düzüm bölekleri hökmünde suw, tokaý kanunçylygy, maliýe kanunçylygynyň düzümindäki bank kanunçylygy we ş.m.;
- *kanunçylygyň toplumlaýyn pudagy* görnüşleýin mazmuny boýunça dürli-dürli bolan we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir derejede özbaşdak çygryny emele getirýän gatnaşyklary düzgünleşdirýän, hukugyň birnäçe pudaklarynyň hukuk kadalaryndan ybaratdyr. Mysal üçin, ulag kanunçylygy, bilim kanunçylygy, ilatyň aýry-aýry toparlarynyň (ýaşlaryň, aýallaryň, urşa gatnaşanlaryň (weteranlaryň[1]), maýyplaryň (inwalidleriň[2])) hukuk ýagdaýlaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk we ş.m.

[1]Weteran-“vetus-garry” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, urşa gatnaşan ỳa-da belli bir ugurda uzak ỳyllaryň dowamynda abraỳyly zähmet çeken adamy aňladỳar;
[2]Inwalid-“invalidus-ejiz, maỳyp” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, zähmete bolan ukybyny doly ỳa-da kem-käsleỳin ỳitiren adamy aňladỳar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 18.1.**






**Çyzgy 18.2.**

**Hukugyň ulgamynyň esasy alamatlary:**

Umumy häsiýetlilik (obýektiwlik) (hukuk syýasy häkimiýetleriň erk-islegine görä emele gelmeýär-de, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanunalaýyk ösüşiniň dowamynda döreýär)

Ol jemgyýetde bar bolan gatnaşyklaryň we hukuk medeniýetiniň derejesini beýan edýär

Ol has uly we çylşyrymly ulgamlar bolan milli hukuk ulgamynyň halkara hukugynyň ulgamynyň bir bölegi bolup durýar

Hukugyň ulgamy onuň düzüm gurluşyny emele getirýän hukuk kadalarynyň bütewiligi hem özara jebis baglanyşyklydygy bilen häsiýetlendirilýär

Hukugyň ulgamy – bu köpdürli, köpgörnüşli hukuk hadysasy bolmak bilen, özünde göwrümi hem mazmuny boýunça birmeňzeş bolmadyk, ýöne biri-biri bilen sazlaşykly sepleşýän düzüm böleklerini (hukuk kadalaryny, huk şahalaryny (institutlaryny) we hukuk pudaklaryny) jemleýär

**Hukugyň ähli pudaklary biri-birinden tapawutlanýarlar**

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine baglylykda

**Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesi**

Hukuk tarapyndan düzgünleşdirilýän birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toparlarydyr

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna baglylykda

**Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly**

Jemgyýetçilik gatnaşykla-rynyň belli bir çygryna (sfera-syna) täsir etmegiň hukuk usuly (usullarynyň jemi)

Çyzgy 18.3.


Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulynyň görnüşleri
Hökmany ýerine ýetirilmäge degişli, höküm ediji (imperatiw) usul
Saýlamaga mümkinçilik berýän (dispozitiw) usul
bu höküm ediji (buýruk beriji) hukuk görkezmeleridir. Mysal üçin, gadagan ediji hukuk kadalary, jenaýat, dolandyryş, maliýe hukugy we ş.m.
bu hukugyň subýektlerine kanunyň çäklerinde özlerini alyp barmagyň görnüşini saýlamaga mümkinçilik berýän usuldyr. Mysal üçin, raýat hukuk kadalarynyň aglaba köpüsi


Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesinden we usulyndan ugur almak bilen hukugyň pudaklarynyň görnüşleri:
Jemgyýetçilik (umumy) hukugy
Hususy hukuk
Maddy hukuk pudaklary
Iş ýörediş hukuk pudaklary
Ýöriteleşdirilen hukuk pudaklary
Esasy hukuk pudaklary
Toplumlaýyn hukuk pudaklary

**Çyzgy 18.4.**

| T/b | Hukugyň pudaklarynyň sanawy | Hukugyň pudaklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirmeginiň närsesine we usulyna baglylykda toparlara bölünişi | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Jemgyýetçilik (umumy) hukugy** | **Hususy hukuk** | **Maddy hukuk pudaklary** | **Iş ýörediş hukuk pudaklary** | **Ýöriteleşdirilen hukuk pudaklary** | **Esasy hukuk pudaklary** | **Toplumlaýyn hukuk pudaklary** |
| 1 | Konstitusion hukugy | Konstitusion hukugy | Raýat hukugy | Konstitusion hukugy | Raýat iş ýörediş hukugy | Salgyt hukugy | Konstitusion hukugy | Oba hojalyk hukugy |
| 2 | Raýat hukugy | Jenaýat hukugy | Raýat iş ýörediş hukugy | Raýat hukugy | Jenaýat iş ýörediş hukugy | Maliýe hukugy | Raýat hukugy | Täjirçilik hukugy |
| 3 | Raýat iş ýörediş hukugy | Jenaýat iş ýörediş hukugy | Ýaşaýyş jaý hukugy | Jenaýat hukugy | Arbitraž iş ýörediş hukugy | Gümrük hukugy | Raýat iş ýörediş hukugy | Söwda hukugy |
| 4 | Jenaýat hukugy | Jenaýat ýerine ýetiriş hukugy | Zähmet hukugy | Dolandyryş hukugy | Dolandyryş hukugy we ş.m. | Ýaşaýyş jaý hukugy | Jenaýat hukugy | Ekologiýa hukugy |
| 5 | Jenaýat iş ýörediş hukugy | Dolandyryş hukugy | Maşgala hukugy | Salgyt hukugy | | Zähmet hukugy | Jenaýat iş ýörediş hukugy | Ulag hukugy we ş.m. |
| 6 | Jenaýat ýerine ýetiriş hukugy | Arassaçylyk hukugy | Telekeçilik hukugy | Maliýe hukugy | | Maşgala hukugy | Jenaýat ýerine ýetiriş hukugy | |
| 7 | Dolandyryş hukugy | Gümrük hukugy | Patent hukugy | Gümrük hukugy | | Ýer hukugy | Dolandyryş hukugy | |
| 8 | Arbitraž iş ýörediş hukugy | Salgyt hukugy | Ätiýaçlandyryş hukugy we ş.m. | Arassaçylyk hukugy | | Suw hukugy | Arbitraž iş ýörediş hukugy | |
| 9 | Salgyt hukugy | Maliýe hukugy we ş.m. | | Bank hukugy | | Tokaý hukugy | Arassaçylyk hukugy we ş.m. | |
| 10 | Maliýe hukugy | | | Durmuş üpjünçilik hukugy | | Howa hukugy | | |
| 11 | Gümrük hukugy | | | Ekologiýa hukugy | | Deňiz hukugy | | |
| 12 | Arassaçylyk (sanitar) hukugy | | | Ýaşaýyş jaý hukugy | | Telekeçilik hukugy | | |
| 13 | Bank hukugy | | | Zähmet hukugy | | Patent hukugy | | |
| 14 | Durmuş üpjünçilik hukugy | | | Maşgala hukugy | | Ätiýaçlandyryş hukugy | | |
| 15 | Ekologiýa hukugy | | | Ýer hukugy | | Söwda hukugy | | |
| 16 | Ýaşaýyş jaý hukugy | | | Suw hukugy | | Syýahatçylyk hukugy | | |
| 17 | Zähmet hukugy | | | Tokaý hukugy | | Sport hukugy | | |
| 18 | Maşgala hukugy | | | Howa hukugy | | Awtorlyk hukugy | | |
| 19 | Ýer hukugy | | | Deňiz hukugy | | Maglumat hukugy we ş.m. | | |
| 20 | Suw hukugy | | | Telekeçilik hukugy | | | | |
| 21 | Tokaý hukugy | | | Patent hukugy | | | | |
| 22 | Howa hukugy | | | Ätiýaçlandyryş hukugy | | | | |
| 23 | Deňiz hukugy | | | Söwda hukugy | | | | |
| 24 | Telekeçilik hukugy | | | Syýahatçylyk hukugy | | | | |
| 25 | Patent hukugy | | | Sport hukugy | | | | |
| 26 | Ätiýaçlandyryş hukugy | | | Awtorlyk hukugy | | | | |
| 27 | Söwda hukugy | | | Maglumat hukugy we ş.m. | | | | |
| 28 | Syýahatçylyk hukugy | | | | | | | |
| 29 | Sport hukugy | | | | | | | |
| 30 | Awtorlyk hukugy | | | | | | | |
| 31 | Maglumat hukugy we ş.m. | | | | | | | |


Çyzgy 18.5.
Hukuk şahasy
Bu hukuk pudagynyň içinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hil taýdan birmeňzeş toparyny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň belli bir derejede aýratynlaşdyrylan jemidir.
ONUŇ ALAMATLARY:
jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilýän çygrynyň hil taýdan birmeňzeşligi
hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň özbaşdak närsesi (predmeti)
bir bütewi wezipeleri
hukuk kadalarynyň hukuk taýdan bütewiligi
şol gatnaşyklary utgaşyklykda utgaşdyrýan hukuk kadalarynyň barlygy we ş.m.
Hukuk şahalarynyň görnüşleri:
Ýönekeý ýa-da pudaklaýyn hukuk şahalary
Çylşyrymly ýa-da toplumlaýyn hukuk şahalary
Olar hukugyň bir pudagyna degişli hukuk kadalaryndan ybarat bolýarlar. Mysal üçin, raýat hukugynda girew hukuk şahasy ýa-da şertnamalaýyn hukuk şahasy, dolandyryş hukugynda bolsa dolandyryş jogapkärçiligi hukuk şahasy we ş.m.
Olar özlerinde hukugyň dürli pudaklarynyň düzüm gurluşyna girýän, ýöne özara baglanyşykly we kybapdaş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalaryny jemleýärler. Mysal üçin, saýlaw hukugyny konstitusion, jenaýat we dolandyryş hukuk pudaklary düzgünleşdirýär.

**Çyzgy 18.6.**

**Hukugyň ulgamynyň we kanunçylyk ulgamynyň biri-birinden tapawutlyklary**

- hukugyň ulgamy başlangyç häsiýete eýedir, kanunçylygyň ulgamy bolsa şonuň esasynda döredilýär
- hukugyň içki düzüm gurluşy hukuk kadalaryndan, hukuk şahalaryndan (institutlaryndan) we hukuk pudaklaryndan emele gelýär, kanunçylygyň ulgamy bolsa kadalaşdyryjy hukuk namalaryň – hukugyň çeşmeleriň jeminden ybaratdyr
- hukugyň ulgamynyň başlangyç, ilkinji düzüm bölegi hukuk kadasydyr, kanunçylygyň ulgamynyň esasynda bolsa kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasy durýar
- hukugyň ulgamy ýeterlik derejede çäklendirilen hukuk pudaklaryndan ybaratdyr, kanunçylygyň ulgamy örän köp, käbir ýurtlarda sanamak mümkinçiligi bolmadyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplumyndan emele gelýär
- hukugyň ulgamynyň çäklerinde köplenç halatda pudagara emele gelmeler bolmaýar, kanunçylyk ulgamy bolsa özüniň gurluşy boýunça biri-biriniň içinden eriş-argaç geçýän (mozaika) şekilli hereket edýär we toplumlaýyn pudaklarynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär

**Çyzgy 18.7.**

**Kanunçylyk ulgamy**

Bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bir bütewi, biri-birine garşy gelmeýän hem ylalaşykly daşky birleşmesi bolup, ol zerur bolan hukuk görkezmeleri bilen tanyşmagy ýeňilleşdirýär we olaryň degişli derejede durmuşa geçirilmegine ýardam berýär

**Kanunçylygyň pudagy**

Bu hukugyň bir pudagynyň düzgünleşdirmeginiň närsesi (predmeti) bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hil taýdan kesgitli bir anyk görnüşini düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň jemidir

**Içki pudaklaýyn kanunçylyk**

Bu pudaklaýyn jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir görnüşini düzgünleşdirýän hukugyň belli bir pudakçasynyň ýa-da şahasynyň (institutynyň) hukuk kadalaryny berkidýär. Mysal üçin, dolandyryş hukugynyň çäklerinde dolandyryş jogapkärçiligi hakynda kanunçylyk

**Kanunçylygyň toplumlaýyn pudagy**

Bu görnüşleýin mazmuny boýunça dürli-dürli bolan we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir derejede özbaşdak çygryny emele getirýän gatnaşyklary düzgünleşdirýän, hukugyň birnäçe pudaklarynyň hukuk kadalaryndan ybaratdyr. Mysal üçin, ulag kanunçylygy, bilim kanunçylygy

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk ulgamy, hukugyň ulgamy we kanunçylyk ulgamy şol bir zatmy?**
- hawa;
- ýok;
- ýok, hukuk ulgamy hukugyň ulgamyndan has giň düşünjedir;
- hawa, kontinental hukuk ulgamlarynda olaryň üçüsi hem bir zat.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukugyň ulgamynyň esasy düzüm bölekleri bolup durýar:**
- hukuk kadalary;
- hukuk şahalary (institulary);
- hukuk pudaklary;
- diňe kadalaşdyryjy hukuk namalar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk ulgamynyň düzüm bölekleriniň käbirleri şulardyr:**
- hukuk medeniýeti, hukuk aňyýeti, hukuk ylmy, hukuk adatlary;
- subýekt we obýekt;
- hereket, hadysa, çaklama galplyk;
- ahlak kadalary, adat kadalary, tehniki kadalar, dini kadalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Kanunçylyk ulgamynyň esasy düzüm bölegi:**
- hukuk kadasydyr;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasydyr;
- kadalaşdyryjy hukuk namadyr;
- hukugyň pudagydyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk ulgamynyň hereket edişine degişlilikde şu aşakdaky görnüşleri bar:**
- halkara hukugy;
- iňlis-sakson we roman-german hukugy;
- milli (federal) hukuk;
- sebitleýin hukuk.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Hukugyň ähli pudaklary biri-birinden näme bilen tapawutlanýarlar?**
- hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine baglylykda;
- hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna baglylykda;
- hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine we usulyna baglylykda;
- käbir ýagdaýlarda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine, käbir ýagdaýlarda bolsa hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyna baglylykda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir edýän esasy usullary şulardyr:**
- Imperatiw we dispozitiw usullar;
- ynandyrmak we mejbur etmek;
- alternatiw we fakultatiw usullar;
- höweslendirmek.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukugyň pudaklarynyň esasan näçe görnüşi bar?**
- ýedi;
- on bir;
- iki;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Jemgyýetçilik (umumy) hukugy:**
- döwlet gurluşyny we syýasy gurluşy goldaýar hem goraýar;
- ol aýry-aýry şahslaryň bähbidine hyzmat edýän hukuk pudagydyr;
- jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hereket edýän ulgamynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi kesgitleýär;
- hukugyň döwletiň bähbitleri bilen bagly pudagydyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Maddy hukuk pudaklary jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönüden-göni düzgünleşdirmek bilen,**
- maddy hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň tertibi kesgitleýärler;
- döwlet gurluşyny berkidýärler;
- döwlet edaralarynyň hukuk ýagdaýyny we düzüm gurluşyny kesgitleýärler;
- raýatlaryň hem guramalaryň hukuklaryny we borçlaryny belleýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Toplumlaýyn hukuk pudaklaryna degişlidir:**
- jenaýat hukugy;
- jenaýat iş ýörediş hukugy;
- oba hojalyk hukugy;
- tokaý hukugy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Iş ýörediş hukuk pudaklary:**
- hukuk hakykatynyň (durmuşynyň) ähli gatnaşyjy şahslaryna (subýektlerine) täsir edýärler;
- bu aýry-aýry şahslaryň bähbidine hyzmat edýän hukuk pudaklarydyr;
- maddy hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň tertibini kesgitleýärler;
- dürli hukuk pudaklaryna degişli bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýärler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Konstitusion hukuk pudagy esasy hukuk pudaklaryna degişlimi?**
- hawa;
- ýok;
- ýok, ol diňe jemgyýetçilik hukuk pudaklaryna degişli;
- hawa, ýöne ol diňe unitar döwletleriň hukugynyň ulgamlarynda degişli, sebäbi federal döwletlerde birnäçe konstitusiýa (federal konstitusiýa we federasiýanyň subýektleriň konstitusiýalary) bolup bilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Kanunçylyk näme?**
- hukuk kadalarynyň jemi;
- ýuridik maddalaryň jemi;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemi;
- hukuk pudaklarynyň ulgamy.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**15) Kanunçylygyň ulgamy,**
- zerur bolan hukuk görkezmeleri bilen tanyşmagy ýeňilleşdirýär;
- hukuk görkezmeleriniň degişli derejede durmuşa geçirilmegine ýardam berýär;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bir bütewi, biri-birine garşy gelmeýän hem ylalaşykly daşky birleşmesidir;
- ýeterlik derejede çäklendirilen hukuk pudaklaryndan ybaratdyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk şahalarynyň näçe görnüşi bar?**
- bir;
- üç;
- iki;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Saýlaw hukugy hukuk şahalarynyň haýsy görnüşine degişli?**
- ýönekeý ýa-da pudaklaýyn hukuk şahalaryna;
- çylşyrymly ýa-da toplumlaýyn hukuk şahalaryna;
- adaty ýa-da adatdan daşary hukuk şahalary;
- bir çygra degişli ýa-da ugurlaýyn hukuk şahalary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Kanunçylygyň pudaklarynyň näçe görnüşi bar?**
- bir;
- alty;
- bäş;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Durmuş üpjünçilik kanunçylygy kanunçylygyň pudaklarynyň haýsy görnüşine degişli?**
- kanunçylygyň toplumlaýyn pudagyna;
- içki pudaklaýyn kanunçylyga;
- ýörite kanunçylyga;
- kanunçylygyň pudaklarynyň hiç bir görnüşine degişli bolman, ol kanunçylygyň pudaklarynyň özbaşdak görnüşi bolup durýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Içki pudaklaýyn kanunçylyk:**
- pudaklaýyn jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir görnüşini düzgünleşdirýän hukugyň belli bir pudakçasynyň ýa-da şahasynyň (institutynyň) hukuk kadalaryny berkidýär;
- maddy hukuk pudaklaryndan gelip çykýar;
- diňe jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hereket edýän ulgamynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi kesgitleýär;
- görnüşleýin mazmuny boýunça dürli-dürli bolan we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir derejede özbaşdak çygryny emele getirýän gatnaşyklary düzgünleşdirýän, hukugyň birnäçe pudaklarynyň hukuk kadalaryndan ybaratdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

## 19-njy bap. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizmi

### §1. Hukugyň hereketi, hukuk taýdan täsir etmek, hukuk taýdan düzgünleşdirmek

*Hukugyň hereketi* – bu hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylara düzgünleşdiriş (ýörite-hukuk), maglumat beriş-ruhy (delillendiriş), terbiýeleýiş (aňyýet-pedagogik[1]) we durmuşy (sosial) taýdan täsirini ýetirmek babatdaky hakykat ýüzünde durmuşa geçirilýän ukyplylygyny häsiýetlendirýän mazmunly-ösüş tarapydyr. Ýönekeý aýdylanda, hukugyň hereket etmegi – bu onuň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp barmaklaryny düzgünleşdirmek, olary jemgyýetde tertip-düzgüniň ýola goýluşy barada hukuk maglumatlary bilen üpjün etmek we olarda hukuk düşünjeliligini döretmek hem ony kämilleşdirmek, şonuň ýaly-da olarda hukuk medeniýetini we aňyýetini emele getirmek hem terbiýelemek üçin, hukugyň subýektleriniň ählisine sosial taýdan täsir etmeklige gönükdirilen hereketleridir. Mysal üçin, täze kanun kabul edilýär we ol resmi tertipde yglan edilýär (resmi neşirlerde çap edilýär, resmi tele we radio ýaýlymlarda okalyp berilýär). Bu hukugyň esasy hereketleriniň biri we ol bir wagtyň özünde jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylara birnäçe ugur boýunça täsir edýär:

1. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir görnüşini (ýa-da görnüşlerini) şol täze kabul edilen kanunda bellenen tertipde düzgünleşdirýär (düzgünleşdiriş (ýörite-hukuk) täsiri);
2. Täze kanunyň yglan edilmegi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir görnüşiniň (ýa-da görnüşleriniň) şol täze kabul edilen kanunda bellenen tertipde düzgünleşdirýändigi we onuň düzgünleşdirilişiniň tertibi barada maglumat berýär (maglumat beriş-ruhy (delillendiriş) täsiri);
3. Täze kanunda bellenen hukuk kadalarynyň yzygiderli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylarda özüňi alyp barmagyň täze görnüşini döredýär, bu bolsa olaryň hukuk düşünjesine, hukuk medeniýetine, hukuk aňyýetine täsir edýär (terbiýeleýiş (aňyýet-pedagogik) täsiri).

Mälim bolşy ýaly, *hukuk taýdan täsir etmek* – bu hukuk kadalary, hukuk gatnaşyklary, hukuk kadalaryny ulanmak we durmuşa geçirmek namalary ýaly hukuk serişdeleriniň ulgamy hökmünde, şonuň ýaly-da hukuk düşünjeliligi, hukuk medeniýeti, hukuk ýörelgeleri, hukuk döredijilik işi ýaly gaýry hukuk hadysalary hökmünde hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna kadalaşdyryjy we guramaçalyk taýdan netijeli täsir etmegidir.

*Hukuk taýdan düzgünleşdirmek* bolsa – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk çygyrlaryna hukuk taýdan maksada okgunly täsir etmekdir. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mazmunyny, degişli döwlet häkimiýet ygtyýarlyklary berlen gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň), hukuk kadalaryny kabul etmek, şonuň ýaly-da şol gatnaşyklaryň çäklerinde ýüze çykýan hukuk ähmiýetli soraglar boýunça özleri

[1]Pedagogik-“paidagogike-terbiýe bermek we okatmak baradaky ylym” diýen grek sözünden gelip çykan adalga.

tarapyndan kabul edilen hukuk kadalarynyň esasynda çözgütler çykarmak arkaly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertipleşdirmeklige (guramaklyga) gönükdirilen ýörite hukuk işjeňligi emele getirýär.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň häsiýetli alamatlary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- hukuk işjeňliginiň bu görnüşi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny durmuş (sosial) taýdan düzgünleşdiriş işiniň bir ugry bolup durýar;
- ol döwlet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr;
- hukuk işjeňliginiň bu görnüşi amala aşyrylanda hemişe döwletiň mejbur ediji güýjüni ulanmak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar.

## §2. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesi we usullary

Hukuk taýdan düzgünleşdirmeklik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şu aşakdaky görnüşleri babatda amala aşyrylýar:

- adamlaryň erki bilen döreýän we olaryň aňy, paýhasy tarapyndan ygtyýar edilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary (ýöne muňa ruhy taýdan näsag adamlaryň özlerini alyp baryşlary girmeýär);
- haýsydyr bir ýeke adam üçin däl-de, adamlaryň aglaba köpçüligi, ilkinji nobatda-da tutuş jemgyýet üçin ähmiýeti bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary (ownuk hem jemgyýet üçin ähmiýetsiz gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmek esasan hukugyň nazaryýetinde “poliseý döwleti” diýlip atlandyrylýan döwletlere mahsusdyr);
- durmuşy hadysalarynyň arasynda däl-de takyk gatnaşyjy şahslaryň arasynda döreýän jemgyýetçilik gatnaşyklary (sebäbi adamlaryň uly köpçüliginiň ondan-oňa göçüp-gonmagy (migrasiýasy), ilat sanynyň azalmagy ýa-da ilatyň düzüminde ýaşlaryň, erkek kişileriň azalmagy (demografiýa[1]) ýaly jemgyýetçilik hadysalaryna hukuk taýdan täsir edip bolýar, emma olary düzgünleşdirmek mümkinçiligi düýbünden ýok diýen ýaly);
- hukuk taýdan düzgünleşdirmek mümkin bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary (sebäbi dostluk, söýgi gatnaşyklaryny, gündelik gatnaşyklarynyň aglaba köpüsini, adamlaryň oýun-güýmenjeleri bilen bagly gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmek mümkin däl);
- döwletiň gözegçiligine hem oňa hasabat bermäge degişli bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary we ş.m.

Şeýlelikde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirmek üçin has ähmiýetli çygyrlary hökmünde adamlaryň durmuşynyň ykdysady, dolandyryş we hukuk goraýyş çygyrlaryny görkezmek bolar.

Mälim bolşy ýaly, *hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly* – bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk taýdan täsir etmegiň özboluşly usullarynyň hem serişdeleriniň toplumydyr.

[1]Demografiýa-“demos-halk, grapho-ýazýaryn” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, ilatyň köpelmegi we bu hadysanyň teryhy-jemgyýetçilik şertleri, esaslary baradky ylmy aňladýar.

Şeýle usullar hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- *saýlamaklyga mümkinçilik berýän* (dispozitiw) *usul*, taraplaryň erkinligi we deňligi bilen häsiýetlendirilýär hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklary hukuk taýdan şu usul bilen düzgünleşdirilende subýektleriň özlerine özara gatnaşyklarynyň häsiýetiniň aýratynlyklaryny özbaşdak kesgitlemäge mümkinçilik berilýär. Bu usul esasan hususy hukuk gatnaşyklary ýagny, aýry-aýry raýatlar we olaryň döredýän guramalarynyň arasyndaky gatnaşyklar düzgünleşdirilende ulanylýar. "Kanunda gönüden-göni gadagan edilmedik islendik herekete rugsat berlendir" diýen hukugyň jedelsiz hakykaty (aksiomasy) hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň bu usulynyň iň gysga we anyk aňlatmasy bolup durýar;
- *höküm ediji, hökmany ýerine ýetirilmäge degişli* (imperatiw) *usul* hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň dürli jemgyýetçilik basgançaklarynda durmagyna (iýerarhiýasyna) esaslanýar. Bu usulyň kömegi bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häkimlik ediji tarapynda öz edaralarynyň ýa-da wezipeli şahslarynyň üsti bilen döwlet durýar, beýleki, tabyn bolujy tarapynda bolsa raýatlar we olaryň guramalary durýarlar. Bu usul gadagan etmeklige, borçlary döretmeklige we döwletiň mejbur ediji güýjüni ulanmak mümkinçiligine esaslanýan, hökmany ýerine ýetirilmäge degişli görkezmeleriň ulanylýan usulydyr. "Kanunda rugsat edilmedik islendik hereket gadagan edilendir" diýen, tebigy hukuk taglymatyna eýerýän hukukçylaryň arasynda ýörgünli bolmadyk hukuk ýörelgesi, bu usulyň iň gysga hem anyk aňlatmasy bolup çykyş edýär.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň tejribede durmuşa geçirilmegi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň her bir çygry üçin özboluşly aýratynlyklary bolan usullary saýlap alyp, ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň şeýle usullaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- *gadagan etmek* (bu usul haýsydyr bir hereketleri amala aşyrmaklygy gadagan etmekligi ýa-da şeýle hereketleri amala aşyrmakdan saklanmak borjuny ýüklemekligi aňladýar);
- *rugsat bermek* (bu usul gatnaşyjy şahslara (subýektlere) hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirip biljek işjeň (aktiw) durmuşy-oňyn (sosial-pozitiw) hereketleri amala aşyrmaga hukuk (rugsat) bermegi aňladýar);
- *oňyn* (pozitiw) *borçlandyrmak* (bu usul hukuk ähmiýetli netijeleriň ýüze çykmagyna getirýän hukuga laýyk özüňi alyp barşy işjeň (aktiw) amala aşyrmak borjuny gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) üstüne ýüklemegi aňladýar).

## §3. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň görnüşleri

Hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny iki dürli dessurlaşdyrýar (kadalaşdyrýar, reglamentasiýa edýär):

1. Kadalaşdyryş derejesinde (umumy, şahsylaşdyrylmadyk (personifisirlenmedik) derejede);
2. Şahsy (indiwidual, takyk, anyk) derjede.

Şonuň üçinem hukuk taýdan düzgünleşdirmek jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çuňlugy we çäklerinde hereket edýän şahslaryň topary boýunçä örän köp dürli çygyrlaryna täsir edýär. Şonuň bilen baglylykda-da hukuk taýdan düzgünleşdirmek şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

- *umumy* ýa-da *kadalaşdyryjy hukuk düzgünleşdirilişi* ýörite ygtyýarly edilen gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) öz wezipe ygtyýarlyklarynyň (kompetensiýalarynyň) çäklerindäki işjeňligi hökmünde, hukuk kadalaryny döretmek, üýtgetmek, olara goşmaçalar girizmek ýa-da ýatyrmak arkaly, şeýle hem hukuk kadalarynyň giňişlikde, wagtda we täsir edýän şahslarynyň topary babatda hereket etmegini kesgitlemek bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salmaklaryna gönükdirilýär. Özenine seredilende we gysgajyk aýdylanda bu hukuk döredijilik işjeňligi bolup durýar;
- *sebäpleýin* (kazual) ýa-da *şahsy* (indiwidual) *hukuk düzgünleşdirilişi* – bu degişli ygtyýarlyklary bolan gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) netijesi hukuk gatnaşygyna gatnaşyjylaryň hukuklaryny hem borçlaryny aýdyňlaşdyrýan (takyklaşdyrýan) şahsy-hukuk namanyň çykarylmagy bolan we hereket edýän kanunçylykda bellenen tertipleýin-iş ýörediş (proseduralaýyn-prosessual) görnüşinde amala aşyrylýan, hukuk ähmiýetli soraglary çözmek bilen baglanyşyklyu işjeňligidir;
- *ýerli* (lokal) hukuk düzgünleşdirilişi – bu ýörite ygtyýarly edilen gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) özünde kadalaşdyryjy we şahsy (indiwidual) hukuk düzgünleşdirilişiniň düzüm böleklerini birleşdirýän hem-de durmuşy (sosial) – hukuk ýagdaýlary çözmeklik bilen baglanyşykly işjeňligidir.

Şu ýerde, şahsy-hukuk düzgünleşdirilişiniň döwlet edaralarynyň hem-de ýörite ygtyýarly edilen wezipeli şahslar tarapyndan amala aşyrylyp bilnişi ýaly, hukugyň subýektleriniň özleri tarapyndanam amala aşyrylyp bilinýändigini bellemek zerurdyr. Şu esaslarda şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi şu aşakdaky iki görnüşe bölünýär:

- *utgaşdyryjy* (koordinerleýji[1]) şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özleri tarapyndan döwlet edaralaryn ýa-da wezipeli şahslaryna ýüz tutmazdan amala aşyrylýar. Mysal üçin, şahsy şertnamalaryň, geleşikleriň baglaşylmagy, bar bolan şahsy (subýektiw) hukuklaryň ulanylmagy we ş.m.;
- *subordinirlenen*[2] şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi amala aşyrylanda, hukuk işini çözmek üçin hukuk ulanyş işjeňligini alyp barmak babatda degişli wezipe ygtyýarlyklary bolan döwlet häkimiýet düzümlerine ýüz tutulýar ýa-da şahsy-hukuk düzgünleşdirilişiniň bu görnüşi degişli ygtyýarlyklary bolan döwlet edaralarynyň hem wezipeli şahslarynyň özleri tarapyndan

[1]Koordinerleýji (koordinasiýa ediji)-„co-bilelikde, ordinatio-tertipleşdirmek, utgaşdyrmak” diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga;
[2]Subordinirlenen (subordinasiýa edilen)-“sub-aşagynda, astynda, ordination-tertipleşdirmek, utgaşdyrmak” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, gulluk düzgün-nyzamynyň kadalaryna esaslanýan wezipesi (harby derejesi) boýunça kiçi derejeli (wezipeli) gullukçylaryň uly derejeli (wezipeli) gullukçylara gulluk taýdan tabyn bolmagynyň ulgamyny aňladýar.

olaryň wezipe borçlaryna laýyklykda we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Mysal üçin, pensiýa bellemek, iş kabul etmek, jenaýat işini gozgamak we ş.m.

## §4. Hukuk serişdeleri barada düşünje we olaryň görnüşleri

Hukuk taýdan düzgünleşdirmek işi gönüden-göni bu işiň amala aşyrylmagynyň yzygiderli dowamlylygyna (prosesine) gatnaşýan, şonuň üçinem hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizmini emele getirýän ýörite hukuk serişdeleriniň jeminiň özara baglanyşykly hereket etmegi arkaly ýerine ýetirilýär.

*Hukuk serişdeleri* diýlende, olaryň kömegi bilen gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) bähbitleri kanagatlandyrylýan, hukugyň durmuş taýdan peýdaly maksatlary amala aşyrylýan ähli hukuk gurallaryna (usullaryna instrumentlerine[1]) düşünilýär.

Hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna oňyn hem tertipleşdiriji täsir etmek üçin ulanýan köp sanly düzüm bölekleri hukuk serişdeleri hökmünde çykyş edýärler. Ol düzüm bölekleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- hukuk çeşmeleri;
- hukuk görkezmeleri;
- hukuk kadalary;
- hukuk şahalary (institutlary);
- hukuk ulanyş namalary (hereketleri);
- hukuklary we borçlary durmuşa geçiriş namalary (hereketleri);
- hukuk düzgüni (tertibi);
- şertnamalar;
- hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar);
- şahsy (subýektiw) hukuklar;
- hukuk (ýuridik) borçlar;
- gadaganlyklar;
- ýeňillikler (artykmaç hukuklar, ýeňillikli şertler);
- höweslendiriş çäreleri;
- temmi çäreleri;
- rugsat bermeler;
- goraýyş çäreleri;
- hukugyň jedelsiz başlangyçlary (hukuk aksiomalary);
- hukuk çaklamalary (prezumpsiýalary) we ş.m.

Hukuk serişdelerini toparlara we görnüşlere bölmegiň usullary juda köp sanlydyr we olaryň ählisi barada durup geçmek, munuň ýaly gysga görnüşde ýazylýan okuw gollanmasynda mümkin däldir. Şonuň üçinem hukuk serişdeleriniň esasy iki görnüşi barada gysgaça durup geçmek bilen olaryň toparlary we görnüşleri maglumat bermeklik jemlenilse ýeterlik bolar.

[1]Instrument-“instrumentum-ýarag, gural, enjam, serişde” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamlaryň ulanýan zähmet gurallaryny ýa-da haýsydyr bir enjamyň hereket edýän düzüm bölegini (abzalyny, kiçi enjamyny) aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, hukuk serişdeleriniň belleýji serişdeler we hereketlendiriji serişdeler ýaly esasy iki görnüşi bar:

- *belleýji hukuk serişdeleri* – bu hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň, iň wajyp kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýän we onuň maksatlarynyň degişli derejede amala aşyrylmagyny üpjün edýän nusgalyk serişdeleridir. Mysal üçin, şahsy (subýektiw) hukuklar hem hukuk borçlary, ýeňillikler, gadaganlyklar, höweslendiriş hem temmi çäreleri we ş.m.;
- *hereketlendiriji hukuk serişdeleri* – bu hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hukugy durmuşa geçiriş namalaryna (hereketlerine) doly laýyk gelýän hakykat ýüzündäki (real) özlerini alyp baryşlarydyr. Mysal üçin, muňa tejribedäki tutuş hukuk işjeňligi – hukuk döredijilik işi, hukuk ulanyş işi, hukuk kadalaryna düşündiriş bermek işi, ilkinji nobatda bolsa, işjeňligiň şeýle görnüşi bilen meşgullanýan ol ýa-da beýleki gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň), şahsy (subýektiw) hukuklary we hukuk borçlaryny durmuşa geçirmek baradaky namalary (hereketleri) degişlidir.

## §5. Hukuk çäklendirmeleri we höweslendirmeleri (stimullary)

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ýokarda görkezilen usullary, olaryň düzüm gurluşlarynyň ol ýa-da beýleki görnüşlerinde (wariasiýalarda[1]), jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň islenilmeýän (ýaramaz) hereketleriniň amala aşyrylmagyna ýol bermezlik üçin ýörite hukuk çäklendirmelerini bellemek we hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) jemgyýet üçin zerur bolan oňyn özüni alyp baryşlaryny höweslendirmek (stimulirlemek[2]) maksady bilen bir ýere jemlenip (konsentrirlenip[3]) ulanylýar.

*Hukuk çäklendirmeleri* gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) beýleki şahslaryň we jemgyýetiň bähbitlerine zelel ýetirýän, hukuga garşy ymtylmalarynyň öňüni alyjy serişdeleriň (düzüm bölekleriniň) hukuk çygryna girizilmeginden ybaratdyr. Şonuň bilen birlikde-de, hukuk çäklendirmeleri gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) mümkin bolan özlerini alyp baryşlarynyň çäklerini ýa-da olaryň haýsydyr bir hereketleri amala aşyrmak mümkinçiligini düýbünden aradan aýyrmaklygy kanunçylyk tertibinde örän takyk hem berk kesgitleýärler.

*Hukuk höweslendirmeleri* (stimullary) hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) öz bähbitlerini kanagatlandyrmaklary üçin amatly düzgüni (şertleri) döredýän we olarda kanuna laýyk özüňi alyp baryşy amala aşyrmaga ymtylyş döredýän ýörite hukuk taýdan höweslendiriş serişdeleri hökmünde çykyş edýärler.

Hukuk taýdan höweslendirmegiň mazmuny, belli bir takyk şertlerde hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) oňyn özlerini alyp baryşlarynyň derejesini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen ýörite hukuk serişdeleriniň döredilmeginden we

[1]Wariasiýa-“variation-üýtgeşik, üýtgedilen görnüş” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zadyň esasy özeniniň saklanyp galmagy bilen birnäçe görnüşlere üýtgemegini aňladýar;
[2]Stimulirlemek-“stimulus” diýen latyn sözi bilen, öý haýwanlaryny kowmak (gyssamak) üçin ulanylan ujy ýiti taýagy (çopan taýagyny) atlandyrypdyrlar. Bu ýerde ulanylýan manysynda höweslendirmegi aňladýar;
[3]Konsentrirlemek (konsentrasiýa etmek)-“con-şu, şu ýerden, şundan, centrum-merkez, jemleniş ýeri” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir zady (ýa-da kimdir birlerini) belli bir ýerde jemlemegi (toplamagy) aňladýar.

olaryň hereket edýän kanunçylykda berkidilmeginden, durmuşa geçirilmekleriniň üpjün edilmeginden ybaratdyr. Hukuk taýdan höweslendirmegiň gurluşyna şu aşakdaky düzüm bölekleri girýärler:

- *hukuk höweslendirmeleri* (bu mynasyp hem meýletin özüňi alyp baryşyň hukuk taýdan tassyklanmagynyň we goldanylmagynyň bir görnüşi we ölçegidir. Özüňi alyp baryşyň şeýle görnüşini amala aşyrýan gatnaşyjy şahs (subýekt) sylaglanylýar we onuň üçin amatly hukuk şertleri döredilýär);
- *artykmaç hukuklar* (kanunda takyk bellenilen maddy, ahlak, iş ýörediş häsiýetli ýeňillikler gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) ol ýa-da beýleki görnüşlerine berilýär);
- *hukuk eldegrilmesizligi* (immuniteti) (bu kanunda takyk kesgitlenen şahslaryň öz üstlerine ýüklenen wezipe borçlaryny degişli derejede berjaý etmekleri üçin, esasan hem hukugyň ähli gatnaşyjy şahslary (subýektleri) üçin hökmany bolan borçlardan (ýa-da olaryň belli bir böleginden) hem-de jogapkärçilikden boşatmak bilen aňladylýan, ýörite ýeňillikleriň we artykmaç hukuklaryň jeminiň olara berilmegidir);
- *hukuk ýeňillikleri* (hukugyň gatnaşyjy şahsynyň (subýektiniň) ýagdaýynyň hukuga laýyk ýeňilleşdirilmegidir. Bu çäre gatnaşyjy şahsa (subýekte) goşmaça ýörite hukuklaryň berilmeginden, şeýle hem onuň belli bir borçlary berjaý etmekden boşadylmagyndan ybaratdyr).

## §6. Hukuk düzgüni (tertibi) we hukuk syýasaty

*Hukuk düzgüni* (tertibi) – bu jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrỳan dürli sosial kadalaryň ulgamy hökmünde jemgyỳetçilik tertibiniň iň möhüm düzüm bölekleriniň biridir. Hukuk düzgüni (tertibi) diỳlende, hukugyň ähli gatnaşyjy şahslary (subỳektleri) tarapyndan hukuk kadalarynda kesgitlenen düzgünleriň doly we gyşarnyksyz berjaỳ edilmeginiň netijesinde emele gelỳän jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň anyk ỳagdaỳyna düşünilỳär. Hukuk düzgüni (tertibi) diňe hukuk kadalarynyň berjaỳ edilmeginiň netijesinde emele gelỳär we hökmany ỳagdaỳda döwlet tarapyndan üpjün edilỳär. Hukuk düzgüniniň (tertibiniň) döredilmegi we hereket etmegi üçin döwlet tarapyndan jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny hukuk taỳdan düzgünleşdirmegiň mehanizminiň ähli düzüm bölekleri ulanylỳar.

Hukuk düzgüni (tertibi) – bu jemgyýetçilik bähbitlerini beýan ediji hökmünde çykyş edýän döwletiň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk çygrynda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň özi üçin peýdaly tertibini berkitmäge (bellemäge) gönükdirilen erk-islegli, ygtyýarly işiniň netijesidir. Hukuk serişdeleriniň toplumyny giňden ulanmak bilen gazanylýan bu netije jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüşini döwlet hem jemgyýet üçin zerur ugra gönükdirmäge (ugrukdyrmaga, korrektirlemäge[1]) mümkinçilik berýär. Şonuň üçinem hukuk düzgüni hakyndaky düşünjäni diňe hukugyň ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik pudaklary (dolandyryş hukugy, gümrük hukugy, maliýe hukugy, salgyt hukugy,

[1]Korrektirlemek (korrektasiýa etmek)-“correctus-düzetmek, düzediş” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

jenaýat-ýerine ýetiriş hukugy we ş.m.) babatda ulanmak bolar. Hukuk düzgüni hukuk syýasatynyň tebigy (organiki) düzüm bölegi bolup durýar.

*Hukuk syýasaty* – bu döwletiň hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň netijeli mehanizmini döretmeklige, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny has doly üpjün etmek üçin hukuk serişdelerini ýokary derejede medeniýetli ulanmaklyga, kanunylygy we hukuk düzgünini berkitmeklige, hukuk döwletliligini we jemgyýetiň hem şahsyýetiň ýokary, kämil hukuk medeniýetliligini emele getirmeklige gönükdirilen işjeňligidir.

## §7. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizmi barada düşünje, onuň düzüm bölekleri we tapgyrlary

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ulgamynyň gönüden-göni düzüm bölekleri hökmünde:

- hukuk kadalary;
- hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar);
- hukuk gatnaşyklary;
- hukuk ulanyş namalary (hereketleri) çykyş edýärler.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizminiň çäklerinde şu aşakdaky üç sany hereketiň yzygiderli dowamlylygy (prossesi) aýdyň görünýär:

- hukuk taýdan kadalaşdyrylmagyna mätaç bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegi;
- hukuk kadalarynyň täsir etmekleriniň netijesinde hukuk gatnaşyklary döreýän ýa-da üýtgeýän hereketi;
- şahsy (subýektiw) hukuklaryň durmuşa geçirilmegi we borçlaryň berjaý edilmegi. Onuň netijesinde hukuk taýdan düzgünleşdirmek işiniň maksady amala aşýar we ol anyk şahslaryň özlerini alyp barşyna öwrülýär.

Şeýlelik bilen hem hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ähli düzüm bölekleri hukuk gatnaşygynda duşuşyp özleriniň hakyky (durmuşy) beýanyny tapýarlar we nazary hyýaly (abstrakt) düşünjelerden hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) oňyn özüňi alyp baryş hereketlerine (namalaryna, aktlaryna) öwrülýärler.

Hukuk kadasy hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ilkinji zerur düzüm bölegi bolup durýar. Onuň kabul edilmegi bolsa hukuk taýdan düzgünleşdirmek işiniň *ilkinji tapgyrydyr*. Sebäbi jemgyýetçilik gatnaşygynyň haýsydyr bir görnüşini düzgünleşdirmek üçin ilki bilen ony düzgünleşdirmegiň tertibini, onuň alamatlaryny kesgitlemeli, dürli durmuşy ýagdaýlarda ony nähili görnüşde kadalaşdyrmalydygy bellemeli, şonuň ýaly-da şeýle görnüşdäki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň bellenilen tertibiniň bozulmagynyň tertibi bozujy şahs üçin nähili hukuk netijelerini ýüze çykaryp biljekdigini berkitmeli. Bu zatlaryň bary bolsa hukuk kadasynda berkidilýär. Ýöne hukuk kadasyny hereketsiz ýagdaýdan

(statikadan[1]) belli bir hakyky hukuk ýagdaýy (ýuridik fakt) çykarmasa, ol kagyz ýüzünde galmagyny dowam edýär.

Hukuk gatnaşygy we onuň hukuk kadalarynda berkidilen hem taraplarda bar bolan şahsy (subýektiw) hukuklaryň we hukuk borçlarynyň esasynda döremegi hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ikinji düzüm bölegi we *ikinji tapgyry* bolup durýar.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň *üçünji tapgyry* bolsa hukuk gatnaşygynyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hakykat ýüzündäki hereketlerinde olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň durmuşa geçirilmegi bolup durýar. Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň üçünji düzüm bölegi hökmünde-de degişli hukuklary durmuşa geçiriş namasy (hereketi) çýkyş edýär.

Şeýlelikde, *hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizmi* diýlende, hukugyň öňünde goýlan maksatlara laýyklykda jemgyýetçilik gatnaşyklaryna netijeli etmeklige ýardam berýän hukuk serişdeleriniň (hukuk kadalarynyň, hukuk gatnaşyklarynyň, şahsy (indiwidual) hukuk namalaryň we ş.m.) bir bütewi ulgamyna düşünmek bolar.

---

[1]Statika-“statos-duran, hereketsiz duran” diýen grek sözünden gelip çykyp, dinamika düşünjesiniň tersine nämedir bir zadyň gymyldy-hereketsi ýagdaýyny aňladýar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 19.1.**



**Çyzgy 19.2.**

Hukuk taýdan düzgünleşdirmek

bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk çygyrlaryna hukuk taýdan maksada okgunly täsir etmekdir

**Ol amala aşyrylýar:**

Degişli döwlet häkimiýet ygtyýarlyklary berlen gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň), hukuk kadalaryny kabul etmegi bilen

Olaryň ýüze çykýan hukuk ähmiýetli soraglar boýunça hukuk kadalarynyň esasynda çözgütler çykarmagy arkaly

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň häsiýetli alamatlary

Hukuk işjeňliginiň bu görnüşi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny durmuş (sosial) taýdan düzgünleşdiriş işiniň bir ugry bolup durýar

Hukuk işjeňliginiň bu görnüşi amala aşyrylanda hemişe döwletiň mejbur ediji güýjüni ulanmak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar

ol döwlet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr

**Hukuk taýdan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşleri**

- adamlaryň erki bilen döreýän we olaryň aňy, paýhasy tarapyndan ygtyýar edilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary
- durmuşy hadysalarynyň arasynda däl-de takyk gatnaşyjy şahslaryň arasynda döreýän jemgyýetçilik gatnaşyklary
- hukuk taýdan düzgünleşdirmek mümkin bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary
- döwletiň gözegçiligine hem oňa hasabat bermäge degişli bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary
- haýsydyr bir ýeke adam üçin däl-de, adamlaryň aglaba köpçüligi, ilkinji nobatda-da tutuş jemgyýet üçin ähmiýeti bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary we ş.m.

**Çyzgy 19.3.**

**Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly**

**Bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk taýdan täsir etmegiň özboluşly usullarynyň hem serişdeleriniň toplumydyr.**

**Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulynyň görnüşleri**

- saýlamaklyga mümkinçilik berýän (dispozitiw) usul
- gadagan etmek
- rugsat bermek
- oňyn (pozitiw) borçlandyrmak
- hököm ediji, hökmany ýerine ýetirilmäge degişli (imperatiw) usul

**Hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär**

**Kadalaşdyryş derejesinde**
(umumy derejede)

**Şahsy derjede**
(indiwidual, takyk, anyk derejede)

**Hukuk taýdan düzgünleşdirilişiniň görnüşleri**

- umumy ýa-da kadalaşdyryjy hukuk düzgünleşdirilişi
- ýerli (lokal) hukuk düzgün-leşdirilişi
- subordinirlenen şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi
- utgaşdyryjy (koordinerleýji) şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi
- sebäpleýin (kazual) ýa-da şahsy (indiwidual) hukuk düzgünleşdirilişi


Çyzgy 19.4.
HUKUK SERIŞDELERI:
Hukuk çeşmeleri
Hukuk görkezmeleri
Hukuk şahalary
Hukuk ulanyş namalary
Hukuk düzgüni
Hukuklary we borçlary durmuşa geçiriş namalary
Şertnamalar
Şahsy hukuklar
Hakyky hukuk ýagdaýlary
Hukuk borçlary
Gadaganlyklar
Ýeňillikler
Höweslendiriş çäreleri
Temmi çäreleri
Rugsat bermeler
Goraýyş çäreleri
Hukuk çaklamalary
Hukugyň jedelsiz başlangyçlary we ş.m.
Hukuk serişdeleriniň görnüşleri
Belleýji hukuk serişdeleri
Hereketlendiriji hukuk serişdeleri
bu hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň, iň wajyp kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýän we onuň maksatlarynyň degişli derejede amala aşyrylmagyny üpjün edýän nusgalyk serişdeleridir
bu hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hukugy durmuşa geçiriş namalaryna (hereketlerine) doly laýyk gelýän hakykat ýüzündäki (real) özlerini alyp baryşlarydyr

**Çyzgy 19.5.**

**Hukuk çäklendirmeleri**

Gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) beýleki şahslaryň we jemgyýetiň bähbitlerine zelel ýetirýän, hukuga garşy ymtylmalarynyň öňüni alyjy serişdeleriň (düzüm bölekleriniň) hukuk çygryna girizilmeginden ybaratdyr

**Hukuk höweslendirmeleri**

Hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) öz bähbitlerini kanagatlandyrmaklary üçin amatly düzgüni (şertleri) döredýän we olarda kanuna laýyk özüňi alyp baryşy amala aşyrmaga ymtylyş döredýän ýörite hukuk taýdan höweslendiriş serişdeleri hökmünde çykyş edýärler

ONUŇ GÖRNÜŞLERI:

- Hukuk höweslendirmeleri
- Hukuk eldegrilmesizligi
- Artykmaç hukuklar
- Hukuk ýeňillikleri

**Hukuk düzgüni**

Bu hukugyň ähli gatnaşyjy şahslary (subỳektleri) tarapyndan hukuk kadalarynda kesgitlenen düzgünleriň doly we gyşarnyksyz berjaỳ edilmeginiň netijesinde emele gelỳän jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň anyk ỳagdaỳydyr

**Hukuk syýasaty**

Bu döwletiň hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň netijeli mehanizmini döretmeklige, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny has doly üpjün etmek üçin hukuk serişdelerini ýokary derejede medeniýetli ulanmaklyga, kanunylygy we hukuk düzgünini berkitmeklige, hukuk döwletliligini we jemgyýetiň hem şahsyýetiň ýokary, kämil hukuk medeniýetliligini emele getirmeklige gönükdirilen işjeňligidir

**Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň tapgyrlary**

- Hukuk kadasyny kabul etmek
- Hukuk gatnaşygynyň döremegi
- Gatnaşyjy şahslaryň hukuklarynyň we borçlarynyň durmuşa geçirilmegi

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklaryna şu aşakdaky görnüşlerde täsir edýär:**
- düzgünleşdiriş (ýörite-hukuk) täsiri;
- maglumat beriş-ruhy (delillendiriş) täsiri;
- terbiýeleýiş (aňyýet-pedagogik) täsiri;
- pelsepewi-ahlak (filosofiýa-etiki) täsiri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk taýdan düzgünleşdirmek – bu,**
- jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk çygyrlaryna hukuk taýdan maksada okgunly täsir etmekdir;
- diňe jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin hukuk kadalaryny kabul etmekdir;
- hukuk döredijilik işiniň bir tapgyrydyr;
- diňe hukuk ulanyş namalaryny kabul etmekdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň häsiýetli alamatlary şulardyr:**
- hukuk işjeňliginiň bu görnüşi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny durmuş (sosial) taýdan düzgünleşdiriş işiniň bir ugry bolup durýar;
- onuň bary-ýogy üç sany düzüm bölegi bardyr;
- ol döwlet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr;
- hukuk işjeňliginiň bu görnüşi amala aşyrylanda hemişe döwletiň mejbur ediji güýjüni ulanmak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) On alty ýaşly gyz bilen on ýedi ýaşly oglan halaşýarlar, emma entek olaryň nika baglaşyp dumuş gurmak islegleri ýok. Olaryň arasyndaky söýgi gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- ýok, sebäbi olar durmuş gurmak islemeýärler;
- hawa, sebäbi olar heniz kämillik ýaşyna ýetmedik.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Ýaş çatynjalar ýaşap ýörler. Olaryň heniz iki ýaşamadyk çagalary bar. Ýigit hem, gelni hem işleýärler. Ikisi-de işden gijara, ýadaw halda gelýärler. Onsoň olaryň arasynda kimiň işden gelip nahar bişirmelidigi, geýim ýuwulýan edara, dükana gidip gelmelidigi barada sene-mene döreýär. Ýigit: “Men agyr işde işleýärin. Gazanjym hem seniňkiden iki esse köp, özüm hem erkek kişi” diýip, işden gelenden soň diňe telewizoryň öňünden turman ýatmalydygyny delillendirýär. Gelin bolsa: “Aýal bolsam-da öýüň uşak-düşek işi meniňem maňlaýyma ýazylmandyr. Maňa işden soň şu çaganyň bir özi**

**hem iş bolýar" diýip, ýanýoldaşynyň aýdanlaryna garşy çykýar. Olaryň arasyndaky bu gatnaşyklar hukuk taýdan düzgünleşdirilýärmi?**
- ýok;
- hawa, sebäbi eýle gatnaşyklar maşgalanyň dargamagyna getirip biler;
- ýok, sebäbi ýaş çatynjalaryň arasynda dörän bu görnüşdäki gatnaşyk, tutuş jemgyýet üçin ähmiýeti bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hataryna girmeýär;
- hawa, sebäbi hukuk adamlaryň arasynda agzalalyk döredip biljek her bir gatnaşygy düzgünleşdirmäge ymtylýar.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**6)Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň näçe topary hukuk taýdan düzgünleşdirilýärler?**
- dört;
- bäş;
- alty;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň esasy usullary şulardyr:**
- Imperatiw we dispozitiw usullar;
- ynandyrmak we mejbur etmek;
- alternatiw we fakultatiw usullar;
- höweslendirmek.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň başga usullarynyň näçe görnüşi bar?**
- ýedi;
- on bir;
- iki;
- üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) "Kanunda gönüden-göni gadagan edilmedik islendik herekete rugsat berlendir" diýen hukugyň jedelsiz hakykaty (aksiomasy) hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň haýsy usulynyň gysga aňlatmasy bolup durýar?**
- imperatiw usulyň;
- dispozitiw usulyň;
- oňyn (pozitiw) borçlandyrmak usulynyň;
- rugsat bermek usulynyň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny näçe görnüşde düzgünleşdirýär?**
- iki;
- üç;
- dört;

- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň görnüşlerine şular degişlidir:**

- jenaýat-ýerine ýetiriş (penitensiar) hukuk düzgünleşdirilişi;
- umumy ýa-da kadalaşdyryjy hukuk düzgünleşdirilişi;
- sebäpleýin (kazual) ýa-da şahsy (indiwidual) hukuk düzgünleşdirilişi;
- ýerli (lokal) hukuk düzgünleşdirilişi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Şahsy-hukuk düzgünleşdirilişiniň görnüşleri şulardyr:**

- hususy we hemmeler üçin hökmany şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi;
- aýratynlaşdyrylan we aýratynlaşdyrylmadyk şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi;
- utgaşdyryjy (koordinerleýji) we subordinirlenen şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi;
- doly we kem-käsleýin şahsy-hukuk düzgünleşdirilişi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Hukugyň esasy serişdeleriniň sany näçe?**

- takyk ýigrimi sany;
- on ýedi;
- on ýedi we ondan-da köp;
- olaryň anyk sany belli däl.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Hukuk serişdeleriniň esasy näçe görnüşi bar?**

- on ýedi;
- on ýediden gowrak;
- takmynan ikiden gowrak;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Hukuk taýdan höweslendirmegiň görnüşlerine girýärler:**

- hukuk höweslendirmeleri;
- artykmaç hukuklar;
- hukuk eldegrilmesizligi;
- hukuk penakärligi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk ýeňillikleri – bu,**

- hukuk taýdan tassyklanmagyň we goldamagyň bir görnüşi we ölçegidir;
- hukugyň subýektiniň ýagdaýynyň hukuga laýyk ýeňilleşdirilmegidir;
- ýörite ýeňillikleriň we artykmaç hukuklaryň jeminiň subýektlere berilmegidir;
- kanunda takyk bellenilen maddy, ahlak, iş ýörediş häsiýetli ýeňillikleriň subýektleriň ol ýa-da beýleki görnüşlerine berilmegidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk düzgüni hukuk syýasatynyň düzüm bölegimi?**
- hawa;
- ýok;
- eger-de bu iňlis-sakson hukuk ulgamyna degişli bolsa – ýok;
- eger-de bu düşünjeler kontinental hukuk ulgamyna degişli bolsa – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk syýasaty gönükdirilýär:**
- döwletiň hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň netijeli mehanizmini döretmekligine;
- kanunylygy we hukuk düzgünini berkitmeklige;
- diňe kanunçylyk ulgamyny emele getirmeklige;
- hukuk döwletliligini we jemgyýetiň hem şahsyýetiň ýokary, kämil hukuk medeniýetliligini emele getirmeklige.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň esasy näçe tapgyry bar?**
- iki;
- üç;
- dört;
- on ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň birinji tapgyry nämeden ybarat?**
- hukuk kadasyny kabul etmekden;
- hukuk gatnaşygyny döretmekden;
- şahsy hukuklaryň we hukuk borçlarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmekden;
- hukuk ulanyş namalaryny kabul etmekden.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 20-nji bap. Hukuk düşünjesi we hukuk medeniýeti

## §1. Hukuk düşünjesi barada düşünje we onuň wezipeleri

Hukuk düşünjesi – bu jemgyýetçilik düşünjesiniň we şahsy (indiwidual) düşünjäniň bir bölegi bolup, onuň obýekti hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýärler:

- tutuşlygyna kanunçylyk;
- aýry-aýry hukuk kadalary we kadalaşdyryjy hukuk namalar;
- şahsyýetiň we hukuk gatnaşyklaryna beýleki gatnaşyjylaryň hukuklary, azatlyklary we borçlary;
- hukuk ulanyş namalary;
- hukuga laýyk we hukuga garşy özüňi alyp baryş;
- hukuk düzgüni hem kanunylyk we ş.m.

Bu görkezilenlerden ugur almak bilen hukuk düşünjesine şu aşakdaky ýaly gysgaça kesgitleme bermek bolar. *Hukuk düşünjesi* – bu raýatlaryň hereket edýän hukuk ulgamyna, hukuk düşünjelerine we ölçeglerine, hukuk tejribesine, hukuklara, azatlyklara, borçlara, şeýle hem jemgyýetde düzgün-tertibi ýola goýmak üçin islenilýän beýleki hukuk hadysalaryna bolan gatnaşygyny hem garaýyşlaryny beýan edýän hukuk duýgularynyň, garaýyşlarynyň, pikirleriniň we beýleki içki-ruhy hukuk aňlatmalarynyň ulgamydyr.

Hukuk düşünjesiniň wezipeleri hökmünde bolsa şu aşakdakylary agzamak bolar:

- aň ýetiriş wezipesi;
- düzgünleşdiriş wezipesi;
- hukuk taýdan nusga düzmek (modelirlemek) wezipesi;
- hukuk taýdan baha bermek wezipesi;
- hukuk taýdan terbiýelemek wezipesi;
- hukuk taýdan ösüşini çaklamak (prognozirlemek) wezipesi we ş.m.

Hukuk düşünjesiniň *aň ýetiriş wezipesi* şahsyýetiň jemgyýetçilik ösüşiniň we özüniň olary tejribede ulanmaklyga bolan ukyplarynyň derejesine laýyklykda, hukuk bilimlerini almagyna we olary aňynda ulgamlaşdyrmagyna ýardam bermekden ybaratdyr.

Hukuk düşünjesiniň *düzgünleşdiriş wezipesi* onuň öz gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) – hukuk düşünjesini saklaýjylaryň we emele getirijileriň özlerini alyp baryşlaryna düzgünleşdiriji oňyn täsir etmeginden ybaratdyr.

Hukuk düşünjesiniň *hukuk taýdan nusga düzmek* (modelirlemek) *wezipesi*, onuň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hereket edýän hukuk ulgamyna doly aň ýetirmekleri üçin olaryň aňynda tutuş hukuk ulgamynyň nusgasyny düzmeklige, şonuň ýaly-da täze ýüze çykýan ýa-da öň hereket edýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin öz hukuk garaýyşlaryna laýyklykda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň täze nusgalaryny (modellerini) düzmeklige ýardam bermekden ybaratdyr.

Hukuk düşünjesiniň *hukuk taýdan baha bermek wezipesi* haýsydyr bir durmuşy-hukuk hadysalary barada şahsyýetiň özünde şol hadysalaryň bolmaly

ýagdaýy ýa-da jemgyýetçilik üçin peýdalylygy barada baha beriji garaýyşlary emele getirmekden ybaratdyr.

Hukuk düşünjesiniň *hukuk taýdan terbiýelemek wezipesi* hukugyň subýektlerini hukuk garaýyşlaryna laýyklykda terbiýelemek arkaly, olaryň özlerini hukuga laýyk alyp barmaklaryny üpjün etmeklige gönükdirilýär.

Hukuk düşünjesiniň *hukuk taýdan ösüşini çaklamak* (prognozirlemek) *wezipesi* bu adamlaryň hukuk aň-düşünjesiniň ösüşiniň tutuş jemgyýetçilik aň-düşünjesiniň ösüşi bilen aýakdaş gitmegine ýardam bermek maksady bilen, raýatlara hukuk ulgamynyň geljekki ösüşini, hereket etjek ugruny çaklamaga mümkinçilik bermekden ybaratdyr.

## §2. Hukuk düşünjesiniň düzüm gurluşy we onuň derejeleri

Hukuk düşünjesi iki sany uly we esasy düzüm böleklerinden emele gelýär:

- hukuk aňyýeti (ideologiýasy);
- hukuk ruhyýeti (psihologiýasy).

*Hukuk aňyýeti* (ideologiýasy) – bu jemgyýetçilik durmuşynyň hukuk hadysalaryny nazary esaslarda açyp görkezýän garaýyşlaryň we düşünjeleriň ulgamydyr. Ol şu aşakdakylarda beýan edilýär:

- ylmy pikirlerde (ideýalarda), mysal üçin adalatly döwlet gurluşy hakynda garaýyş hukuk döwleti hakynda binýatlaýyn ylmy pikirde ýüze çykýar;
- jemgyýetde emele gelýän we döwlete hem-de onuň edaralaryna hukuk döredilijik we hukuk ulanyş işinde olardan netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýän düzgünlerde, taglymatlarda, esas goýujy ylmy akymlarda.

*Hukuk ruhyýeti* (psihologiýasy) – bu dürli jemgyýetçilik toparlarynyň, birleşmeleriň, aýry-aýry şahslaryň jemgyýetde hereket edýän hukuga, hukuk guramalarynyň ulgamyna bolan gatnaşygyny aňladýan duýgularyň, endikleriň, ruhy ýagdaýlaryň, däp-dessurlaryň jemidir. Hukuk ruhyýeti ynsan durmuşynyň örän çylşyrymly we dürli-dürli ruhy-ahlak tolgunmalaryndan doly tarapy bolup durýar.

Ol hukuk we ruhy hadysalaryň jeminden emele gelýär. Şeýle hadysalara bolsa şu aşakdakylar degişlidir:

- hukuk islegleri (zerurlyklary);
- hukuk mentaliteti[1];
- hukuk delili;
- hukuk-gymmatlyk garaýyşlary;
- ruhy-hukuk ýagdaýy;
- hukuk duýgulary;
- hukuk tolgunmalary;
- hukuk bilimleri;

[1]Mentalitet-“mentalis-paỳhasdaky” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir millete, halkyỳete, halka ỳa-da şahsyỳete mahsus bolan dogabitdi pikirlenişiň, paỳhas düşünjeleriniň, ruhy ynançlaryň, däp-dessurlaryň jemini aňladỳar.

- hukuk endikleri;
- hukuk jebisligi we ş.m.

Adamlaryň hukuk bilimleriniň we içki ruhy-hukuk tolgunmalarynyň çuňlugyna we gönükdirilen ugruna baglylykda, olaryň hukuga we onuň görkezmelerine bolan garaýyşlaryny aňladýan häsiýetnama “hukuk ruhyýetiniň (psihologiýasynyň) derejesi” diýlip atlandyrylýar. Hukuk ruhyýetiniň (psihologiýasynyň) derejesiniň iki ölçegi bardyr:

- *hukuk ruhyýetiniň ösüşiniň ýokary derejesi* (jemgyýete, jemgyýetçilik toparyna, şäheriň ilatyna, guramanyň zähmetkeşler köpçüligine (kollektiwine) we ş.m. degişlilikde) – bu hukuk hakykatynyň dogry, ulgamlaşdyrylan, durnukly we nazary-tejribeleýin beýan edişiniň derejesidir. Ol dereje adamlaryň durmuşy-ruhy ýagdaýlarynyň, tolgunmalarynyň hakykatdan-da hukuk jemgyýeti, dürli jemgyýetçilik toparlarynyň kämil derejedäki hukuk ruhyýeti (psihologiýasy) baradaky garaýyşlara doly laýyk gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Hukuk ruhyýetiniň (psihologiýasynyň) şeýle ýokary derejede bolmagy ähli wezipeli şahslaryň, raýatlaryň, dürli toparlaryň ýa-da zähmetkeşler köpçüliginiň (kollektiwiň) agzalarynyň hukuga laýyk özüni alyp baryşlaryny üpjün edýär;
- *hukuk ruhyýetiniň ösüşiniň pes derejesi* adamlaryň ruhy-hukuk tolgunmalarynyň we hukuk garaýyşlarynyň biri-birine örän uly derejede gabat gelmezliklerini aňladýar we jemgyýetde hukuk ruhyýetiniň derejesiniň şeýle pes bolmagy jemgyýetiň agzalarynyň aglaba köpüsiniň hukuga garşy özlerini alyp baryşlarynda ýüze çykýar.

## §3. Hukuk düşünjesiniň görnüşleri

Hukuk düşünjesini birnäçe esaslar boýunça şu aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar:

**Umumylygynyň derejesi boýunça**:

- ählumumy hukuk düşünjesi (milletiň, halkyň hukuk düşünjesi);
- toparlaýyn hukuk düşünjesi (jemgyýetçilik toparlarynyň, resmi we resmi däl birleşmeleriň hukuk düşünjesi);
- şahsy (indiwidual) hukuk düşünjesi (aýry-aýry şahslaryň hukuk düşünjesi, aýry-aýry şahslaryň hukuk barada duýgulary we garaýyşlary).

**Mazmuny boýunça:**

- gündelik hukuk düşünjesi (ol durmuşyň maşgala, zähmet, jemgyýetçilik we beýleki çygyrlarynda hukuk bilen gündelik galtaşýan adamlaryň ýönekeý hem sada garaýyşlarynyň jeminden emele gelýär);
- hünärmençilik (professional) hukuk düşünjesi (hukukçy-hünärmenleriň işinde ulanylýan ýörite hukuk bilimlerine esaslanýar);
- ylmy hukuk düşünjesi (giňişleýin we çuňňur hukuk umumylaşdyrmalaryna ýa-da hukugyň we hukuk hadysalarynyň nazary-ylmy esaslarda seljerilmeginiň netijelerine esaslanýar).

**Ýüze çykmagynyň tizligine hem ýygylygyna (intensiwligine[1]) baglylykda:**

- hukuk düşünjesiniň işjeň (aktiw) derejesi (gatnaşyjy şahsyň (subýektiň) hukuk kadalaryny berjaý etmeklige ýa-da etmezlige gönükdirilen maksada okgunly, niýetli, öz islegi bilen başlanan işjeňlidigir);
- hukuk düşünjesiniň adaty derejesi (bu hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hukuga we hukuk hadysalaryna bolan gündelik, endikli gatnaşyklarynda ýüze çykýar we olar tarapyndan hukuk kadalarynyň bozulmagynda ýa-da bozulmazlygynda aňladylýar (endikli hukuga laýyk ýa-da endikli hukuga garşy özüňi alyp baryş, belli bir ýagdaýlaýyn hukuga laýyk ýa-da belli bir ýagdaýlaýyn hukuga garşy özüňi alyp baryş));
- hukuk düşünjesiniň işjeň däl, haýal-ýagal (passiw) derejesi (bu gatnaşyjy şahsyň (subýektiň) öz hereketlerine doly aň ýetirip, özüniň şahsy (subýektiw) hukuklarynyň ol ýa-da beýleki bölegini ulanmakdan ýa-da hukuk borçlarynyň belli bölegini berjaý etmekden boýun gaçyrmagynda ýüze çykýan özüňi alyp barşyň bir görnüşidir uýgunlaşyjy (konformistik[2]) hukuga laýyk ýa-da uýgunlaşyjy (konformistik) hukuga garşy özüňi alyp baryş, eýeriji, ikinji derejeli (marginal[3]) hukuga laýyk ýa-da eýeriji, ikinji derejeli (marginal) hukuga garşy özüňi alyp baryş)).

## §4. Hukuk medeniýeti, hukuk terbiýesi we hukuk uýgunlaşmasy (sosializasiýasy)

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, hukuk düşünjesi ynsan işjeňliginiň iç ýüzünden, ruhy taraplaryndan adamlaryň hukuga bolan gatnaşyklaryny beýan edýär. Olaryň hukuga bolan gatnaşyklarynyň daşky tarapyndan aňlatmasy hökmünde bolsa hukuk medeniýeti çykyş edýär.

Mälim bolşy ýaly, *medeniỳet[4]* – bu adamlar tarapyndan ylmy-tehniki we çeper döredijiligiň netijesinde döredilen özboluşly, emeli ylmy, edebiỳat-sungat obỳektleriniň jemidir. *Hukuk medeniýeti* bolsa – bu jemgyýetiň ykdysady, syýasy, durmuşy we ruhy ösüşiniň derejesi bilen şertlendirilýän umumy medeniýetiň bir görnüşidir. Ol adamzat tarapyndan uzak wagtyň dowamynda toplanan we nesilden-nesle geçirilýän hukuk gymmatlyklarynyň jemgyýetde özleşdirilişiniň hem olardan peýdalanylyşynyň derejesini görkezýär.

Ylmy-hukuk edebiýatlarynda hukuk medeniýetini emele getirýän kesgitleýji şertleriň sanawy berilýär. Esasan hem olara şu aşakdakylar degişli edilýär:

- hukuk taýdan pikirlenmegiň medeniýeti (hukuk kadalaryny bilmek, hukuk bilimlerinden peýdalanmak we olary tejribede ulanmak ukyby);

---

[1]Intensiw-“intension-dartgynlylyk, güýçlendirmek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]Konformistik-“conformis-şoňa meňzeş, degişli derejede” diýen latyn sözünden gelip çykyp, islendik ýagdaýa uýgunlaşyjylygy, şahsyýetiň öz garaýyşlarynyň, esasy ynamlarynyň, uýýan pikirleriniň bolmazlygyny we onuň özüne hödürlenen islendik garaýşy ykrar etmegini aňladýar;
[3]Marginal-“marginal-gyrasyndan çykan, ösüntgi, ikinji derejeli” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, ikinji derejeli, ähmiýetsiz zady aňladýar;
[4]Medeniỳet (kultura)-“cultura-terbiỳelemek, bejermek, hormatlamak” diỳen latyn sözünden gelip çykan adalga.

- hukuk düşünjesiniň medeniýeti (jemgyýetçilik-hukuk hadysalarynyň tebigatyna düşünmek we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdiriji hökmünde hukugyň zerurdygyna düşünmek);
- hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň medeniýeti (hereketleriň özleşdirilen hukuk kadalaryna laýyk gelmelidigine düşünip, aň ýetirip amala aşyrylmagy).

Hukuk medeniýetiniň ýaýrawyna (hereket edişine we täsir edýän şahslarynyň toparlaryna) baglylykda onuň şu aşakdaky görnüşleriniň bardygyny bellemek bolar:

- jemgyýetiň hukuk medeniýeti;
- jemgyýetçilik toparlarynyň we adamlaryň köpçüliginiň (kollektiwleriň) hukuk medeniýeti;
- aýry-aýry şahslaryň hukuk medeniýeti.

Hukuk medeniýetiniň durmuşy (sosial) niýetlenişi onuň amala aşyrýan wezipelerinde ýüze çykýar. Şol wezipeleriň esasylary hökmünde bolsa şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- gymmatlyk wezipesi;
- aň ýetiriş wezipesi;
- düzgünleşdiriş wezipesi;
- hukuk taýdan ösüşini çaklamak (prognozirlemek) wezipesi
- maglumat beriş wezipesi we hukuk medeniýetiniň durmuşy-hukuk hakykatyna täsir etmeginiň beýleki wezipeleri.

Hukuk medeniýetini emele getirmegiň yzygiderliliginiň (prossesiniň) esasy ugurlary hökmünde bolsa hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň endiklerini we edähetlerini:

- hukuk çagyryşlary (agitasiýasy[1]);
- hukuk wagyz-nesihaty (propagandasy[2]);
- hukuk terbiýesi;
- hukuk okuwy ýaly serişdeleriň kömegi bilen emele getirmek bolup durýar.

Şahsyýetiň hukuk düşünjesi örän uly derejede hukuk uýgunlaşmasy (sosializasiýasy[3]) emele getirýär. Şol hem şahsyýetiň hukuk medeniýetiniň döremegine we kämilleşmegine hem juda uly täsir edýär.

*Hukuk uýgunlaşmasy* (sosializasiýasy) – bu adamyň hukuga laýyk (kanuna laýyk) özüni alyp barşyny emele getirmek maksady bilen, hukuk bilimlerini we talaplaryny özleşdirmegidir, zerur durmuşy-hukuk bilimlerini, endiklerini birnäçe wagtyň dowamynda edinmäge gönükdirilen yzygiderli işjeňligidir.

Şu ýerde esasy bellemeli zat: adamyň hukuk uýgunlaşmasynyň (sosializasiýasynyň), ýagny peýdaly jemgyýetçilik düzgünlerini, edim-gylymlaryny özleşdirmeginiň onuň bütin ömrüniň dowamynda bolup geçýänligidir. Belli bir

[1]Agitasiỳa-“agitatio-herekete getirmek, nämedir bir zada itermek” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, köpçülikleỳin habar beriş serişdelerinde ỳa-da ỳygnaklarda çykyş etmek arkaly jemgyỳetçilik aňyna öz pikirleriňi ỳetirmegi we adamlary öz pikirleriňe ynandyrmagy aňladỳar;
[2]Propaganda-“propaganda-ỳaỳratmaklyga degişli” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, belli filosofiỳa, döredijilik, ylmy, syỳasy we beỳleki garaỳyşlary ỳaỳratmagy aňladỳar;
[3]Sosializasiýa-“socialis-jemgyýetçilik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, durmuşylaşmagy, hakyky durmuşa, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hereket edýän ulgamyna uýgunlaşmagy aňladýar.

adamyň hakyky durmuşa hukuk taýdan uýgunlaşmagyna onuň özüniň durmuşy hem örän uly täsir edýär.

Her bir adam dünýä inen pursatyndan başlap, tä ömrüniň ahyryna çenli arasy üzülmeýän, ýöne öz netijeleri boýunça esasan hem onuň ýaşaýşynyň ilkinji 15-25 ýylynda has ähmiýetli bolan ösüşiň ýoluny geçýär. Şol ösüşiň ýoly hem adamyň durmuşa uýgunlaşmasy (sosializasiýasy) diýlip atlandyrylýar. Onuň durmuşa uýgunlaşmasynyň (sosializasiýasynyň) mazmuny bolsa, şahsyýetiň ondan öň ýaşap geçen we onuň bilen ýaşap ýören nesiller tarapyndan işlenip düzülen hem-de onuň daş-töweregini gurşaýan, maddy we ruhy durmuş hakykatynda beýan edilen durmuşy gymmatlyklary (dili we bilimleri, ynsan pikir edişini we aň ýetirişini, daş-töwerekdäkilere we özüne bolan gatnaşygy, özüňi alyp barmagyň kadalaryny, endiklerini, edähetlerini, öz häsiýetlerini, zerurlyklaryny, ukyplaryny we ş.m.) özleşdirmeklige gönükdirilen işjeňliginden ybaratdyr.

Meşhur ruhyýeti öwreniji alym A.N. Leýontýewiň[1] belläp geçişine görä: “Adam öz zanny boýunça bütin ömrüne dowam edýän ösüşiň netijesinde adama, şahsyýete öwrülmek ukybynyň eýesi bolan haýwan hökmünde dünýä inýär. Dünýä inen badyna-da onuň öňünde ynsanyýet ösüşiniň (siwilizasiýasynyň) gazananlarynyň ägirt uly dükany peýda bolýar. Şol dükandan haýsy harydy saýlap alsa, onuň özi hem, durmuşy hem galan ömrüne şonuň ýaly-da bolýar.”[2]

Ýöne “durmuşy özleşdirmek” ähli şahsyýetlerde birmeňzeş amala aşmaýar. Durmuşda haýwanat dünýäsinden sähelçe saýlanan, ähli zerurlyklary ynsan bedeniniň tebigy (iýmek, içmek, ýatmak, üşemezlik, yssylamazlyk, jynsy höwesler-islegler we ş.m.) we durmuşyň maddy (gymmatbaha geýim, ulag, ýaşaýyş jaýy, goş-golam we ş.m.) zerurlyklary bilen çäklenýän adamlara-da näçe diýseň duş gelmek bolýar. Mundan başga-da şahsyýetiň durmuşa uýgunlaşmagy (sosializasiýasy) ilkibaşda azda-kände şowly başlap, soňra ruhy ösüşe barýan oňyn hereketiň ýaramaz ugra gönügýän ýagdaýlaryna-da gabat gelmek bolýar. Adamyň durmuşa uýgunlaşmagynyň ters ugra gönukmegi *asosializasiýa*, wagtlaýyn dörän ýaramaz ymtylmalarynyň adam tarapyndan ýeňlip geçilip, onuň gaýtadan uýgunlaşmagyň dogry ýoluna gönükmegi bolsa *resosializasiýa* diýlip atlandyrylýar.

Hukuk uýgunlaşmasy (sosializasiýasy) şahsyýetiň umumy durmuşa uýgunlaşmagynyň (sosializasiýasynyň) bir bölegi bolup durýar. Onuň mazmuny hem ýokarda bellenip geçilişi ýaly, şahsyýet tarapyndan olary özüniň durmuşda gollanýan kadalaryna, özüni alyp barşyna, şahsy häsiýetlerine we ruhy aýratynlyklaryna öwürmek maksady bilen hukuk gymmatlyklarynyň özleşdirilmeginden ybaratdyr. Hukuk uýgunlaşmasynyň ruhy maksady şahsyýetiň ruhy-hukuk ösüşini, onuň ýokary hukuk medeniýetiniň bolmagyny, hukuga laýyk özüni alyp barşyny ýola goýýan dogry hukuk ruhyýetiniň bolmagyny üpjün etmekdir. Rus hukukçy-alymy S.S. Alekseýew[3]: “Hukukda (hukuk esasynda

[1]Alekseý Nikolaýewiç Leýontýew, 1903-1979-njy ýyllarda ýaşap geçen, görnükli rus ruhyýeti öwreniji alymy. Esasy ylmy işleri adamyň ruhy dünýäsiniň biologiki we jemgyýetçilik-taryhy ösüşine bagyşlanandyr;

[2]Леонтьев А.Н. Деятельность. Сознание. Личность. Москва, 1975. Стр.12.

[3]Sergeý Sergeýewiç Alekseýew, 1924-nji ýylda doglan, belli rus hukukçy-alymy, onuň esasy ylmy işleri raýat hukugynyň umumy nazaryýetine bagyşlanýar.

guralan durmuşda) ýaşamak üçin ilkinji nobatda hukugyň bizde ýaşamagy gerekdir”[1] diýip belläp geçipdir.

## §5. Hukuk dünýägaraýşy we hukugy inkär etmek (hukuk nigilizmi)

Adamzadyň taryhynda gönüden-göni hukuk düşünjesiniň çygrynda ýüze çykýan hukuga bolan iki sany biri-birine gapma-garşy bolan çemeleşme emele gelipdir.

Bu çemeleşmeleriň *birinjisi* hukugy wajyp durmuşy (sosial) gymmatlyk we jemgyýetçilik ösüşini guramagyň esasy kesgitleýji sebäpleriniň biri hökmünde ykrar edýär. Hukuga bolan şeýle gatnaşyk *hukuk dünýägaraýşy* diýlip atlandyrylýar. Şol dünýägaraýyş hem hukukçynyň işjeňliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şol dünýägaraýşy hem her bir hukukçy köpçülige ýaýratmaga borçlydyr.

Ýöne hukugyň hökmürowanlygyna çakdan aşa ynanmak we durmuş hakykatyndan üzňelik belli bir derejede ýaramaz netijeleriň ýüze çykmagyna getirip biler. Mysal üçin: hukugyň çakdan arşa göterilmegi (absolýutizasiýasy) (hukugyň fetişizmi[2], romantizmi[3], idealizmi[4], wolýuntarizmi[5]) durmuşda ýok bolan hukuk utopiýalarynyň dünýäsine, olaryň bolmadyk, ýöne hiç bir çirksiz kämil hukuk ulgamly jemgyýetlerine çensiz-çaksyz ynanmaklyga getirip biler. Tejribede bolsa jemgyýet hukuk populizminiň[6] ýüze çykmalaryna, ýagny esassyz wadalaryň, demagogiýa[7] şygarlarynyň kömegi bilen hukugyň köpçüligiň arasyndaky meşhurlygyny artdyrmaga bolan synanyşyklara sataşyp biler.

Hukuga bolan *ikinji çemeleşme* hukuga biparh ýa-da ynamsyzlyk bilen garalmagynda ýüze çykýar. Bu çemeleşmä laýyklykda, hukugyň durmuşy (sosial) kadalaşdyryş mümkinçiliklerine ynanylmaýar, kähalatlarda bolsa hukuk düýbünden inkär edilýär. Şeýle inkär etmeklige-de *hukugy inkär etmek* (hukuk nigilizmi[8]) diýlip atlandyrylýar. Hukugy inkär etmegiň (hukuk nigilizminiň) iki sany görnüşi:

---

[1]Гойман В.И. Действие права (методологический анализ). Москва, 1992. Стр.35.

[2]Fetişizm-“fetiche-wasan (hudaýyň daşdan heýkeli, idol), tumar, doga” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, jansyz zatlara (predmetlere) uýmagy, olary mukaddesleşdirmegi, hudaýlaşdyrmagy aňladýar;

[3]Romantizm-“Romanus-Rimiňki, Rime, rimlilere degişli” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda hukuga asylly, ýokary ahlakly, özüne çekiji, haýsydyr bir kemçiliklerde azat bolan, iň kämil jemgyýeti düzgünleşdiriş serişdesi hökmünde garalmagyny aňladýar;

[4]Idealizm-“idea-garaýyş, düşünje, pikir” diýen grek sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda hukugy çakdan arşa götermegiň bir görnüşini aňladýar;

[5]Wolýuntarizm-“voluntus-erk, ygtyýarlyk” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, hakyky durmuşy şertlerden ugur alman işjeňligiň şol görnüşini amala aşyrýan şahslaryň erkin, özdiýenli erk-islegine görä amala aşyrylýan işjeňligi aňladýar. Bu adalga 1855-1936-njy ýyllarda ýaşap geçen, resmi jemgyýeti öwreniş ylmyny (sosiologiýany) esaslandyran Ferdinand Tennis atly nemes jemgyýeti öwrenijisi (sosiology) tarapyndan 1883-nji ýylda ylmy dolanyşyga girizilipdir. Esasy ylmy işi “Umumylyk we jemgyýet” atly 1887-nji ýylda ýazylan kitapdyr;

[6]Populizm-“populus-halk, köpçülik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, syýasatda we jemgyýetçilik durmuşynda, çylşyrymly durmuş-ykdysady meseleleri çalt we ýönekeý çözmek mümkinçiliginiň bardygyna halk köpçüligini esassyz wadalar bermek arkaly ynandyrmak bilen öz maksatlaryňa ýetmegi aňladýar;

[7]Demagogiýa-“demos-halk, ago-alyp barýaryn, dolandyrýaryn, başyny çekýärin” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, haýsydyr bir maksatlara, adatça syýasy maksatlara ýetmek üçin halkyň iň pes duýgularyny gyjyklap, olaryň hyjuwlaryna, gahar-gazabyna meçew berip, olaryň aňlaryna täsir etmek üçin esassyz wadalary bermegi, zarply şygarlary gygyrmagy aňladýar;

[8]Nigilizm-“nihil-hiç zat” diýen latyn sözünden gelip çykyp, umumy ykrar edilen gymmatlyklaryň doly inkär edilmegini aňladýar.

hukugyň işjeň inkär etmek (aktiw hukuk nigilizmi) we hukugy işjeň däl inkär etmek (passiw hukuk nigilizmi) ýaly görnüşleri bardyr. Hukugy inkär etmeklige konfusiýniň[1] taglymaty we häkimiýetsizlik (anarhizm[2]) taglymaty esaslanýarlar.

Mälim bolşy ýaly, ýokarda görkezilenlerden başga-da, hukugy inkär etmekligiň (hukuk nigilizminiň) dürli atlar bilen atlandyrylýan dürli görnüşleri bardyr. Olar şu aşakdakylardyr:

- hukugyň talaplarynyň garşyna hereket edilmegi (hukuk negatiwizmi[3]) adamyň hukuga durmuşy (sosial) gymmatlyk hökmünde degişli derejede sarpa goýmazlygynda ýüze çykýar;
- hukuk ýeňlesligi (infantilizmi[4]) adamyň kanunyň (hukugyň) talaplaryny berjaý etmeklige jogapkärçiliksiz we ýeňilkellelik bilen çemeleşmeginde ýüze çykýar;
- hukugy inkär etmek (hukuk nigilizmi) hukugy düýbünden inkär ediji hereketleri etmekde ýa-da hukugyň talaplaryny olar ýok ýaly berjaý etmezlikde ýüze çykýar.

Şahsyýetiň hukuk düşünjesiniň ýokarda görkezilen görnüşde hereket etmegi ýa-da görkezilen taraplara üýtgemegi *şahsyýetiň hukuk uýgunlaşmasynyň* (sosializasiýasynyň) *bozuklygy* (defektliligi[5]) diýlip atlandyrylýar. Käbir halatlarda halatlarda bu bozuklyk örän erbet görnüşlere girmek bilen, hukuk düşünjesi şeýle bozuk ýagdaýda bolan şahsyýetiň, öz hereketlerine doly akyl ýetirip we isläp hukuk başlangyçlaryny doly ret etmek bilen, diňe öz haýwany zerurlyklaryny, betnebislik, zalymlyk we beýleki ýaramaz duýgularyny kanagatlandyrmaklyga ymtylyp başlamagy, şonuň netijesinde-de aýratyn agyr jenaýatlary amala aşyrmaklyga ýüz urmagy mümkin. Ahyrsoňunda bolsa şahsyýetiň aň taýdan ösüşiniň şeýle ýaramaz ugurlara gönükmegi. onuň hukuk düşünjesiniň doly üýtgemegine, erbet başlangyçlaryň esasynda täzeden döremegine getirýär.

Şu ýerde bellemeli möhüm zat: islendik jemgyýetde-de geçiş döwri şahsyýetleriň aglaba köpüsiniň ruhy dünýäsinde hiç zat bilen doldurylmadyk boşlugyň (wakuumyň[6]) emele gelmegine getirýär. Sebäbi haýsydyr bir ykdysady-jemgyýetçilik gurluşyndan başga bir ykdysady-jemgyýetçilik gurluşyna geçilmegi jemgyýetde hereket edýän tutuş gatnaşyklaryň we şol gatnaşyklaryň ugur alýan gymmatlyklarynyň ulgamynyň dargamagyna getirýär. Adamlaryň ynançlary

---

[1]Konfusiý, başgaça aýdylanda, Kun-Fu-Szy (mugallym Kun), Kun-szy, Kun sýu, Kun Çžun-ni, b.e.ö. 551-479-njy ýyllarda ýaşap geçen, hytaý akyldary. Onuň garaýyşlarynyň esasy bölegi “Söhbetler we akyl ýöretmeler (Lun ýuý)” atly kitabynda beýan edilendir;

[2]Anarhizm-“anarhia-häkimiýetsizlik” diýen grek sözünden gelip çykyp, döwlet häkimiýetini düýbünden ýok edip, jemgyýeti önüm öndürijileriň jemgyýetçilik esaslarda dolandyrylýan kiçijik birleşmelerini döretmek arkaly dolandyrmagy wagyz edýän syýasy-jemgyýetçilik akymyny aňladýar. Onuň görnükli wekillerine W. Godwin, P.-Ž. Prudon, M. Ştirner, M.A. Bakunin, P.A. Kropotkin dagylar degişlidir;

[3]Negatiwizm-“negativus-inkär ediji, garşylyklaýyn” diýen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir talaplaryň tersine hereket etmegi aňladýar. Hukuk negatiwizminiň iki görnüşi bar: **1.** Işjeň (aktiw) hukuk negatiwizmi – bu hukugyň talaplarynyň garşysyna hereket etmekdir; **2.** Işjeň däl (passiw) hukuk negatiwizmi – bu hukugyň talaplaryny berjaý etmezlikdir;

[4]Infantilizm-“infantilis-çagalara mahsus” diýen latyn sözünden gelip çykyp, uly ýaşly adamlaryň çagalara mahsus hereketleri etmeklerini aňladýar;

[5]Defektlilik-“defectus-ýetmezçilik, kemlik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zadyň bozuk, ýetmezçilikli bolmagyny aňladýar;

[6]Wakuum-“vacuum-boşluk” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

synýar, garaýyşlary dargaýar, täze ynançlardyr-dünýägaraýyş bolsa göz açyp-ýumasy salymyň içinde, dessine emele gelmeýär. Şonuň üçinem birbada şahsyýetleriň aňynda we içki dünýäsinde boşluk döreýär. Ol boşlugyň täze ynançlar, garaýyşlar hem düşünjeler bilen dolmagynyň tebigy yzygiderliligi (prosessi) bolsa birnäçe ýyllara çekýär. Ine şeýle ýagdaýda-da, şahsyýetleriň her biriniň ruhy dünýäsindäki boşlugyň jemgyýet üçin peýdaly hem hukuga laýyk garaýyşlar bilen doldurylmagynyň ugrunda juda işjeň hem paýhasly zähmet çekmek zerur bolup durýar.

Gadymy rimlileriň: “Tebigat boşlugy halamaýar” diýen bir nakyly bar. Egerde şahsyýetleriň ruhy dünýäsini degişli gymmatlyklar bilen doldurmaklyga işjeň girişilmese tebigy hadysalaryň özleri ol boşlugy örän çalt doldurýarlar. Tebigy hadysalaryň haýsy şahsyýetiň ruhy dünýäsine nähili garaýşy saljakdygyny kesgitlemek bolsa düýbünden mümkin zat däl.

## ÇYZGYLAR

**Çyzgy 20.1.**

**Hukuk düşünjesiniň obýektleri**

- tutuşlygyna kanunçylyk
- hukuk ulanyş namalary
- hukuk düzgüni we kanunylyk
- hukuga laýyk we hukuga garşy özüňi alyp baryş
- hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hukuklary, azatlyklary, borçlary we ş.m.
- aýry-aýry hukuk kadalary we kadalaşdyryjy hukuk namalar

**Hukuk düşünjesi**

Bu raýatlaryň hereket edýän hukuk ulgamyna, hukuk düşünjelerine we ölçeglerine, hukuk tejribesine, hukuklara, azatlyklara, borçlara, şeýle hem jemgyýetde düzgün-tertibi ýola goýmak üçin islenilýän beýleki hukuk hadysalaryna bolan gatnaşygyny hem garaýyşlaryny beýan edýän hukuk duýgularynyň, garaýyşlarynyň, pikirleriniň we beýleki içki-ruhy hukuk aňlatmalarynyň ulgamydyr

**Hukuk düşünjesiniň wezipeleri**

- aň ýetiriş wezipesi
- düzgünleşdiriş wezipesi
- hukuk taýdan nusga düzmek (modelirlemek) wezipesi
- hukuk taýdan ösüşini çaklamak (prognozir-lemek) wezipesi
- hukuk taýdan terbiýelemek wezipesi
- hukuk taýdan baha bermek wezipesi we ş.m.

Çyzgy 20.2.


Hukuk düşünjesiniň düzüm bölekleri
Hukuk aňyýeti
Hukuk ruhyýeti
Onuň düzüm bölekleri:
Onuň düzüm bölekleri:
Ylmy pikirler
Hukuk taglymatlary
Hukuk akym-lary we ş.m.
Hukuk mentaliteti
Hukuk islegleri
Hukuk delili
Hukuk duýgulary
Hukuk bilimleri
Hukuk endikleri
Ruhy-hukuk ýagdaýy
Hukuk tolgunmalary
Hukuk-gymmatlyk garaýyşlary we ş.m.


Hukuk ruhyýetiniň (psihologiýasynyň) derejesiniň ölçegleri
Hukuk ruhyýetiniň ösüşiniň ýokary derejesi
Hukuk ruhyýetiniň ösüşiniň pes derejesi
bu hukuk hakykatynyň dogry, ulgamlaşdyrylan, durnukly we nazary-tejribeleýin beýan edişiniň derejesidir. Ol dereje adamlaryň durmuşy-ruhy ýagdaýlarynyň, tolgunmalarynyň hakykatdan-da hukuk jemgyýeti, dürli jemgyýetçilik toparlarynyň kämil derejedäki hukuk ruhyýeti (psihologiýasy) baradaky garaýyşlara doly laýyk gelmegi bilen häsiýetlendirilýär
adamlaryň ruhy-hukuk tolgunmalarynyň we hukuk garaýyşlarynyň biri-birine örän uly derejede gabat gelmezliklerini aňladýar we jemgyýetde hukuk ruhyýetiniň derejesiniň şeýle pes bolmagy jemgyýetiň agzalarynyň aglaba köpüsiniň hukuga garşy özlerini alyp baryşlarynda ýüze çykýar


Çyzgy 20.3.
Hukuk düşünjesiniň toparlary we görnüşleri
Umumylygynyň derejesi boýunça hukuk düşünjesiniň görnüşleri
ählumumy hukuk düşünjesi
toparlaýyn hukuk düşünjesi
şahsy hukuk düşünjesi
Mazmuny boýunça hukuk düşünjesiniň görnüşleri
gündelik hukuk düşünjesi
hünärmençilik hukuk düşünjeliligi
ylmy hukuk düşünjesi
Ýüze çykmagynyň tizligine hem ýygylygyna (intensiwligine) baglylykda hukuk düşünjesiniň görnüşleri
hukuk düşünjesiniň işjeň (aktiw) derejesi
hukuk düşünjesiniň adaty derejesi
hukuk düşünjesiniň işjeň däl, haýal-ýagal (passiw) derejesi

Çyzgy 20.4.


Hukuk medeniýeti
Adamzat tarapyndan uzak wagtyň dowamynda toplanan we nesilden-nesle geçirilýän hukuk gymmatlyklarynyň jemgyýetde özleşdirilişiniň hem olardan peýdalanylyşynyň derejesini görkezýär
Onuň görnüşleri:
hukuk taýdan pikirlenmegiň medeniýeti
hukuk düşünjesiniň medeniýeti
hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň medeniýeti
jemgyýetiň hukuk medeniýeti
jemgyýetçilik toparlarynyň we adamlaryň köpçüliginiň (kollektiwleriň) hukuk medeniýeti
aýry-aýry şahslaryň hukuk medeniýeti


Hukuk medeniýetiniň wezipeleri
gymmatlyk wezipesi
aň ýetiriş wezipesi
düzgünleşdiriş wezipesi
maglumat beriş wezipesi
hukuk taýdan ösüşini çaklamak (prognozirlemek) wezipesi
hukuk medeniýetiniň durmuşy-hukuk hakykatyna täsir etmeginiň beýleki wezipeleri

**Çyzgy 20.5.**


Hukuk medeniýetini emele getirmegiň usullary
Hukuk çagyryşlary (agitasiýasy)
Hukuk wagyz-nesihaty (propagandasy)
Hukuk terbiýesi
Hukuk okuwy
Hukuk uýgunlaşmasy
Bu adamyň hukuga laýyk (kanuna laýyk) özüni alyp barşyny emele getirmek maksady bilen, hukuk bilimlerini we talaplaryny özleşdirmegidir, zerur durmuşy-hukuk bilimlerini, endiklerini birnäçe wagtyň dowamynda edinmäge gönükdirilen yzygiderli işjeňligidir


Hukuga çemeleşmeleriň görnüşleri:
Hukuk dünýägaraýşy
Hukugy inkär etmek
(hukuk nigilizmi)
Hukugy wajyp durmuşy (sosial) gymmatlyk we jemgyýetçilik ösüşini guramagyň esasy kesgitleýji sebäpleriniň biri hökmünde ykrar edýär
Hukuga biparh ýa-da ynamsyzlyk bilen garalmagynda ýüze çykýar. Bu çemeleşmä laýyklykda, hukugyň durmuşy (sosial) kadalaşdyryş mümkinçiliklerine ynanylmaýar, kähalatlarda bolsa hukuk düýbünden inkär edilýär


Çyzgy 20.6.
Hukugyň çakdan arşa göterilmegi (absolýutizasiýasy) getirip biler:
Hukugyň fetişizmine
Hukugyň romantizmine
Hukugyň idealizmine
Hukugyň wolýuntarizmine
Hukuk utopiýalaryna ynanmaklyga
Hukuk populiz-miniň ýüze çykmalaryna
Hukugy inkär etmegiň görnüşleri:
Işjeň (aktiw) hukuk nigilizmi
Işjeň däl (passiw) hukuk nigilizmi
Hukuk negatiwizmi
Hukuk infantilizmi

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk düşünjesi:**
- jemgyýetçilik düşünjesiniň we şahsy düşünjäniň bir bölegidir;
- jemgyýetçilik düşünjesinden we şahsy düşünjeden ybaratdyr;
- ýeke özi jemgyýetçilik düşünjesini emele getirýändir;
- diňe şahsy düşünjeden ybaratdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk düzgüni hem kanunylyk hukuk düşünjesiniň obýektlerine degişlimi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe hukuk düzgüni degişli;
- diňe kanunylyk degişli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuga laýyk we hukuga garşy özüňi alyp baryş hukuk düşünjesiniň nämesi bolup durýar?**
- düzüm bölegi;
- hereket edýän esasy çygry;
- obýekti;
- düzgünleşdirýän gatnaşyklary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukuk düşünjesiniň näçe sany esasy wezipeleri bar?**
- dört;
- alty;
- üç;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk düşünjesiniň düzgünleşdiriş wezipesi:**
- şahsyýetiň hukuk bilimlerini almagyna we olary aňynda ulgamlaşdyrmagyna ýardam bermekden ybaratdyr;
- şahsyýetleriň öz hukuk garaýyşlaryna laýyklykda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň täze nusgalaryny (modellerini) düzmeklige ýardam bermekden ybaratdyr;
- haýsydyr bir durmuşy-hukuk hadysalary barada şahsyýetiň özünde şol hadysalaryň bolmaly ýagdaýy ýa-da jemgyýetçilik üçin peýdalylygy barada baha beriji garaýyşlary emele getirmekden ybaratdyr;
- hukuk düşünjesini saklaýjylaryň we emele getirijileriň özlerini alyp baryşlaryna düzgünleşdiriji oňyn täsir etmekden ybaratdyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Hukuk düşünjesiniň hukuk taýdan ösüşini çaklamak (prognozirlemek) wezipesi barmy?**
- ýok;
- hawa;
- iňlis-sakson hukuk ulgamynda bar;
- diňe Türkmenistanyň hukuk ulgamynda bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuk düşünjesiniň esasy düzüm bölekleri şulardyr:**
- hukuk aňyýeti we hukuk ruhyýeti;
- hukuk dünýägaraýşy we hukugy inkär etmek;
- hukuk medeniýeti we hukuk aňyýeti;
- hukugy inkär etmek we hukuk ruhyýeti.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk aňyýeti nämelerde beýan edilýär (ýüze çykýar)?**
- ylmy pikirlerde (ideýalarda);
- ylmy taglymatlarda;
- esas goýujy ylmy akymlarda (ugurlarda);
- kanunçylyk ulgamynda.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**9) Hukuk ruhyýeti (psihologiýasy) näçe sany hukuk we ruhy hadysalaryň jeminden emele gelýär?**
- bäş;
- esasan on;
- on bir;
- sekiz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Hukuk ruhyýetiniň ösüşiniň näçe derejesi bar?**
- iki;
- üç;
- dört;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Hukuk ruhyýetiniň ösüşiniň ýokary derejesi:**
- ähli wezipeli şahslaryň, raýatlaryň, dürli toparlaryň ýa-da zähmetkeşler köpçüliginiň (kollektiwiň) agzalarynyň hukuga laýyk özüni alyp baryşlaryny üpjün edýär;
- adamlaryň ruhy-hukuk tolgunmalarynyň we hukuk garaýyşlarynyň biri-birine örän uly derejede gabat gelmezliklerini aňladýar;
- bu hukuk hakykatynyň dogry, ulgamlaşdyrylan, durnukly we nazary-tejribeleýin beýan edişiniň derejesidir;

- dürli jemgyýetçilik toparlarynyň kämil derejedäki hukuk ruhyýeti (psihologiýasy) baradaky garaýyşlara doly laýyk gelmegi bilen häsiýetlendirilýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Hukuk düşünjesi haýsy ölçegler boýunça görnüşlere bölünýär?**

- täsir edişiniň derejesine baglylykda;
- umumylygynyň derejesi boýunça;
- mazmuny boýunça;
- ýüze çykmagynyň tizligine hem ýygylygyna (intensiwligine) baglylykda.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Umumylygynyň derejesi boýunça hukuk düşünjesiniň haýsy görnüşleri bar?**

- ählumumy hukuk düşünjesi;
- toparlaýyn hukuk düşünjesi;
- toplumlaýyn hukuk düşünjesi;
- şahsy hukuk düşünjesi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Mazmuny boýunça hukuk düşünjesiniň esasy näçe görnüşi bar?**

- on ýedi;
- on ýediden gowrak;
- takmynan ikiden gowrak;
- üç.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Ylmy hukuk düşünjesi:**

- durmuşyň maşgala, zähmet, jemgyýetçilik we beýleki çygyrlarynda hukuk bilen gündelik galtaşýan adamlaryň ýönekeý hem sada garaýyşlarynyň jeminden emele gelýär;
- giňişleýin we çuňňur hukuk umumylaşdyrmalaryna ýa-da hukugyň we hukuk hadysalarynyň nazary-ylmy esaslarda seljerilmeginiň netijelerine esaslanýar;
- hukukçy-hünärmenleriň işinde ulanylýan ýörite hukuk bilimlerine esaslanýar;
- aýry-aýry şahslaryň hukuk düşünjesi, aýry-aýry şahslaryň hukuk barada duýgularynyň we garaýyşlarynyň jemidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk medeniýetiniň esasy görnüşlerine şular degişlidir:**

- hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň medeniýeti;
- hukuk taýdan pikirlenmegiň medeniýeti;
- hukuk düşünjesiniň medeniýeti;
- hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň medeniýeti.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk medeniýetiniň ýaýrawyna (hereket edişine we täsir edýän şahslarynyň toparlaryna) baglylykda onuň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:**
- jemgyýetiň hukuk medeniýeti;
- aýry-aýry şahslaryň hukuk medeniýeti;
- döwlet edaralarynyň we guramalarynyň hukuk medeniýeti;
- jemgyýetçilik toparlarynyň we adamlaryň köpçüliginiň (kollektiwleriň) hukuk medeniýeti.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk medeniýetini emele getirmegiň esasy näçe serişdesi bar?**
- iki;
- üç;
- dört;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk nigilizmi:**
- hukuga biparh ýa-da ynamsyzlyk bilen garamakdyr;
- hukugyň talaplarynyň garşyna hereket etmekdir;
- hukugyň talaplaryny berjaý etmeklige jogapkärçiliksiz we ýeňilkellelik bilen çemeleşmekdir;
- sala salşyk arkaly kanun kabul edilende şol kanunyň kabul edilmegine garşy çykyp ses bermekdir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk nigilizminiň esasy haýsy görnüşleri bar?**
- işjeň we işjeň däl hukuk nigilizmi;
- oňyn we oňyn däl hukuk nigilizmi;
- toplumlaýyn we toparlaýyn hukuk nigilizmi;
- hukuk nigilizmi we kanunçylygyň nigilizmi.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 21-nji bap. Hukuk esasynda we hukuga laýyk özüňi alyp barmak

## §1. Hukuk esasynda özüňi alyp barmak barada düşünje, onuň häsiýetli alamatlary we görnüşleri

Hukuk kadalarynyň çäklerinden çykman amala aşyrylýan özüňi alyp baryş *hukuk esasynda özüňi alyp barmak* (hukuk özüňi alyp baryş) diýlip atlandyrylýar. Özüňi alyp barmagyň bu görnüşine, adamlaryň we olaryň toparlarynyň düşünjeli we erkli, durmuş ähmiýetli hem-de hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýän, oňyn (pozitiw) hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilen özüňi alyp baryşlary hökmünde garalýar.

Hukuk esasyndaky özüňi alyp baryşy ýa-da başgaça aýdylanda, hukuk özüňi alyp baryşy hereket we hereketsizlik arkaly ýüze çykyp bilýär. Hukuk esasyndaky hereketsizlik (hukuk hereketsizligi) hem edil hukuk esasyndaky hereketler (hukuk hereketleri) ýaly, hukuk esasyndaky özüňi alyp barmagyň (hukuk özüňi alyp barşyň) gönüden-göni häsiýetleriniň biri bolup durýar. Şol bir wagtda-da ol edil hereket ýaly hukuga laýyk ýa-da hukuga garşy bolup bilýär. Şeýlelikde hukugyň gatnaşyjy şahsynyň (subýektiniň) ilkinji nobatda aň ýetirip (düşünip, isläp) hukuk kadalarynda berkidilen gadaganlyklary bozmakdan saklanmagy, hukuk esasyndaky hereketsizlige (hukuk hereketsizligine) degişlidir. Hukuk kadalary tarapyndan gatnaşyjy şahsyň (subýektiň) üstüne ýüklenilýän borçlaryň berjaý edilmezligi bolsa şeýle hereketsizligiň hukuga garşy bolmagyna getirýär.

Ýöne diňe haçan-da hereketsizlik takyk hukuk kadasynda berkidilen ýa-da şertnamanyň şertlerinde görkezilen şahsy (subýektiw) hukugyň ýa-da hukuk (ýuridik) borjuň mazmunyna girizilen ýagdaýynda, ol hukuk esasyndaky hereketsizlige (hukuk hereketsizligine) ýa-da hukuga garşy hereketsizlige öwrülýär.

Durmuşy (sosial) özüňi alyp baryşyň köp sanly görnüşleriniň[1] içinden hukuk meýdanynyň[2] çäklerindäki özüňi alyp baryş ilkinji nobatda özüniň takyk we berk düzgünleşdirilýändigi bilen tapawutlanýar. Ol hereket edýän kanunçylygyň kadalary bilen örän berk kadalaşdyrylýar. Şol esaslarda-da ol:

- *hukuga laýyk* (hukuk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelýän);
- *hukuga laýyk gelmeýän* ýa-da *hukuga garşy* (hukuk kadalarynyň talaplaryny bozýan);
- *hukuk taýdan biparh* (hukuk meýdanynyň çäklerinde ýerleşýän, ýöne hiç-hili hukuk netijelerini döretmeýän, şonuň üçinem hukuk taýdan baha bermeklige degişli bolmadyk) bolup bilýär.

Hukuk esasyndaky özüňi alyp baryşyň (hukuk özüňi alyp barşynyň) häsiýetli alamatlary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- onuň durmuşy (sosial) ähmiýetliligi;

---

[1]Sosial özüňi alyp baryşyň: ahlakly özüňi alyp baryş, etiki özüňi alyp baryş, belli bir hünär bilen meşgullanýan işgäre (kazy, prokuror, alym, mugallym, lukman we ş.m.) mahsus özüňi alyp baryş ýaly ençeme görnüşleri bardyr;

[2]Hukuk meýdany – bu hukuk kadalarynyň (kadalaşdyryjy hukuk namalaryň) täsiri ýetýän we şolar bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çygrydyr. Bu ýerde "meýdan" sözi belli bir ýer şahamçasy, giňişlik manysynda däl-de şol hukuk kadalarynyň (kadalaşdyryjy hukuk namalaryň) hereket edýän çägi bilen kesgitlenen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çygry (sferasy) manysynda ulanylýar.

- onuň düşünjeli we erk-ygtyýarly häsiýeti;
- onuň döwletiň tabynlygynda we gözegçiliginde durýanlygy;
- oňyn ýa-da oňyn däl hukuk netijeleriniň bolmagy.

Şeýlelik bilen, diňe hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan we hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýän hereket ýa-da hereketsizlik hukuk esasyndaky özüňi alyp baryş (hukuk özüňi alyp barşy) bolup durýar. Hukuk üçin örän uly ähmiýeti bolan şeýle görnüşdäki özüňi alyp barmagyň bolsa, hukuga laýyk we hukuga garşy özüňi alyp baryş ýaly iki sany görnüşi bardyr.

## §2. Hukuga laýyk özüňi alyp barmak barada düşünje, onuň alamatlary we onuň sosial şertleri

*Hukuga laýyk özüňi alyp baryş* – bu adamlaryň hukugyň talaplaryna laýyk gelýän, kanuna tabyn, meýletin hem düşünjeli özlerini alyp barmaklarydyr. Ynsanyň özüni alyp barmagynyň jemgyýetde gabat gelýän umumy toplumynyň içinde hukuga laýyk özüňi alyp baryş, hukuga garşy özüňi alyp barmakdan agdykdyr we onuň üstünden agalyk edýär.

Hukuga laýyk özüňi alyp baryş jemgyýet we döwlet tarapyndan islegli hem rugsat berilýän hereketler we hereketsizliklerdir, şoňa görä-de olar döwlet tarapyndan kepillendirilýär hem goralýar. Zeminiň islendik jemgyýeti hem şu ýörelgelere esaslanýar, çünki şeýle ýagdaý, şeýle düzgün jemgyýetiň durnukly we yzygiderli ösüşini üpjün edýär. Hut şol sebäpli-de hukuk kadalarynyň esasy bölegi hukuga laýyk özüňi alyp barşy düzgünleşdirmäge gönükdirilýär.

Hukuga laýyk özüňi alyp barmagy hukuga garşy özüňi alyp barmakdan tapawutlandyrýan esasy alamatlar barada aýdylanda bolsa, olar hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- onuň durmuşy (sosial) taýdan peýdalylygy we islenilýänligi;
- onuň hukugyň görkezmelerine, ýörelgelerine we maksatlaryna laýyk gelýänligi;
- onuň meýletin we düşünjeli amala aşyrylýanlygy, gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) özüňi alyp barmagyň bu görnüşini durmuşa geçirmeklige ymtylýanlygy;
- şahsyýetiň öz hereketlerine (hereketsizliklerine) ynanýandygy we olara jogapkärçilikli çemeleşýändigi;
- onuň halk köpçüliginiň agramly bölegine mahsuslygy;
- onuň döwlet tarapyndan kepillendirilýändigi hem goralýandygy we ş.m.

Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň dürli görnüşleriniň durmuşy (sosial) ähmiýetliligine baglylykda olarda döwlet we jemgyýetçilik gyzyklanmasynyň derejesi hem dürli-dürlidir. Şoňa görä-de olaryň dürli görnüşleri döwlet tarapyndan dürli ölçeglerde we möçberlerde höweslendirilýärler. Döwlet olaryň käbirini hukuk borjunyň derejesine göterip, olary döwletiň esasy kanunynda – konstitusiýasynda-da berkidýär. Mysal üçin, Watany goramak (hökmany möhletleýin harby gullugy geçmek) borjy, salgytlary tölemek borjy, daşky gurşawy goramak borjy we ş.m. Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň käbir görnüşlerini bolsa döwlet, şahsy (subýektiw) hukuklar hökmünde hukuk kadalarynda berkidýär. Mysal üçin,

saýlawlara gatnaşmak, bilim almak, zähmet çekmek, çagalary terbiýelemek we ş.m.

Şonuň bilen birlikde-de, durmuşy (sosial) taýdan oňyn (pozitiw) özüňi alyp barmagyň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda, hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň çäklerinde-de döwletiň hem jemgyýetiň aç-açan oňlamazlyk bilen garaýan, ýöne hukuk taýdan gadagan edilmändikleri zerarly, isleseler-islemeseler olaryň amala aşyrmaklaryna ýol bermeli bolýan özüňi alyp barmagyň görnüşleri hem bar. Mysal üçin, nikanyň ýatyrylmagy, hiç ýerde zähmet çekmezlik, tertipsiz jynsy durmuşy ýöretmek we ş.m.

## §3. Hukugyň subýektleriniň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarynyň emele gelmeginiň mehanizmi

Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň nähili tertipde emele gelýändigine, onuň emele gelmeginiň mehanizmine göz ýetirmek üçin, bu soraglaryň jogabyny ýörite-hukuk, ruhy (psihologik) we durmuşy (sosial) ulgamlaryň özara baglanyşykly hereketlerinden agtarmak zerurdyr. Ýöne şu ýerde, bu üç ulgamyň özara baglanyşykly hereketleriniň çygrynda, ruhy (psihologik) ulgamyň, has takygy, onuň düzüm gurluşyna girýän, bähbitler, gyzyklanmalar, deliller, garaýyşlar, endikler, umuman hukuk düşünjesiniň taraplarynyň biri bolan, hukuk ruhyýetine (psihologiýasyna) degişli bolan ähli ynsan häsiýetleriniň agalyk edýändigini bellemek gerekdir.

Hukuga laýyk özüňi alyp baryş (şol sanda hukuga garşy özüňi alyp baryş hem) ilkinji nobatda şahsyýetiň hukuk garaýyşlaryna we onuň ugur alýan hukuk gymmatlyklaryna bagly bolup durýar. Şu kesgitleýji sebäpler (faktorlar) hem şahsyýetiň öz öňünde duran maksatlar hem wezipeler babatda eýeleýän ornuny häsiýetlendirmek bilen, onuň şol wezipeleri hem maksatlary amala aşyrmaklyga gönükdirilen işjeňlige taýýarlygyny we ykjamlanandygyny (mobilizlenendigini[1]) beýan edýärler. Şonuň bilen birlikde-de olar şahsyýetiň özüni alyp barşynyň, diňe tejribeden, durmuş hakykatyndan ugur almak (pragmatizm[2]), hiç-hili peýdasyz ýagşylyk etmeklige ymtylmak (altruizm[3]) ýaly dürli görnüşlerini emele getirýärler.

---

[1]Mobilizlenmek (mobilizasiỳa)-“mobilis-işjeň, çakgan, çalasyn, ykjam” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, göni manysynda bu döwletiň amala aşyrýan, öz edaralaryny, kärhanalaryny, guramalaryny, ýaragly güýçlerini we beýleki goşunlaryny, çägini we ykdysadyýetini (ählumumy mobilizasiýa) ýa-da olaryň haýsydyr bir bölegini (bölekleỳin mobilizasiýa) harby ýagdaýyň düzgünine geçirmek bilen baglanyşykly umumydöwlet çäreleriniň toplumyny aňladýar. **Harby ýagdaý düzgüni**-bu, döwletiň bütin çäginde ýa-da onuň aýry-aýry ýerlerinde uruş ýagdaýynyň yglan edilmegi bilen girizilýän, şeýle hem başga bir döwletiň ýa-da bir topar döwletiň beýleki döwlete ýaragly çozuş etmek howpy ikuçsuz bolan mahalynda girizilýän we düzgüni (režimi) döwletiň kanunlary bilen kesgitlenýän hukuk tertibiniň bir görnüşidir. **Uruş ỳagdaỳy**-bir döwlete başga bir döwlet ýa-da bir topar döwlet ýaragly çozuş eden wagtynda yglan edilýär. Başga bir döwletiň goşunlary ýa-da ýaragly toparlary beýleki bir döwletiň çägine duýdansyz çozan ýa-da güýç bilen giren mahalynda harby dolandyryş edaralary uruş yglan edilmegine garaşyp durman, şol çozuşa gaýtawul bermek üçin ähli çäreleri görmäge borçludyrlar. Uruş ýagdaýynyň yglan edilen pursatyndan ýa-da uruş hereketleriniň hakyky başlanan pursatyndan **uruş döwri** başlanýar. Uruş döwri uruş hereketleriniň ýatyrylandygy yglan edilen dessine ýa-da urşuň hakykatdan ýatan dessine tamamlanýar;

[2]Pragmatizm-“pragmatos-iş, hereket” diýen grek sözünden gelip çykyp, her bir zada, hadysa onuň tjribä gabat gelýändigi ýa-da gelmeýändigi, tejribede ulanmak üçin peýdalydygy ýa-da däldigi nukdaýnazaryndan garaýan garaýyşlaryň jemini aňladýar;

[3]Altruizm-“alter-başga” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamlaryň eşreti barada özüňi undup alada etmegi, peýdasyz, gaýtargysyz ýagşylyk etmeklige ymtylmagy aňladýar. Bu adalga, 1798-1857-nji ýyllarda ýaşap geçen,

Şeýlelik bilen, ýokarda görkezilen ýagdaýlardan ugur alnanda, hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň örän çylşyrymly, toplumlaýyn düşünje bolup durýandygyny bellemek bolar. Şonuň üçin hem onuň göwrümi we hili, şu aşakda görkezilen birnäçe umumy mahsus bolan (obýektiw) hem hususy (subýektiw) kesgitleýji şertlere (faktorlara) bagly bolup durýar:

- maddy eşretleri öndürmekligiň we olary edinmekligiň arasyndaky deňsizligiň ýok edilişiniň derejesine;
- raýatlaryň hem wezipeli şahslaryň umumy, syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesine;
- hukugyň talaplarynyň jemgyýetiň öňdebaryjy gatlaklarynyň, toparlarynyň we ilatyň gatlaklarynyň ahlak garaýyşlary hem gymmatlyklary bilen gabat gelşiniň derejesine;
- döwlet tarapyndan ilatyň giň köpçüliginiň bähbitlerine we gyzyklanmalaryna düşünilmeginiň we şol bähbitleriň hem gyzyklanmalaryň syýasatda öz wagtynda beýan edilişiniň derejesine;
- kanunçylygyň, hukukdaky ýetmezçilikleri aradan aýyrmak ulgamynyň kämilliginiň derejesine, şonuň ýaly-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige çakdan aşa ýykgyn edilmeginiň derejesine, şeýle hem jemgyýetçilik gatnaşyklaryny dispozitiw düzgünleşdirmegiň çygrynyň giňeldilişiniň derejesine;
- şahsyýetiň we kanunçykaryjynyň bähbitleriniň gabat gelmeginiň derejesine we ş.m.

Hukuga laýyk özüňi alyp barşyň hiline hukugyň gatnaşyjy (gönükdirilen) şahslarynyň (subýektleriniň) zerurlyklarynyň, bähbitleriniň, garaýyşlarynyň we ynançlarynyň hem bilimleriniň gabat gelmezligi (gapma-garşylygy) örän ýaramaz täsir edýär.

## §4. Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň görnüşleri

Hukuga laýyk özüňi alyp baryş, özüniň delillerine (motiwlerine[1]) baglylykda şu aşakdaky birnäçe görnüşlere bölünýär:

- *adaty* hukuga laýyk özüňi alyp baryş – bu adaty gündelik hereketleriň çäginden çykmaýan hukuga laýyk hereketlerdir. Mysal üçin, adamyň hukugyň görkezmelerine laýyk gelýän gündelik işi, öý hojalyk durmuşy;
- *işjeň däl* (passiw) hukuga laýyk özüňi alyp baryş – bu köplenç halatda raýatlaryň bilkastdan takmynan deň bolan hukuklary hem azatlyklary ulanmaýan ýagdaýlarynda ýüze çykýan hereketlerdir. Şeýle hereketleriň netijesinde ilkinji nobatda şol hereketleri amala aşyran raýatyň özüne zelel ýetýär;

---

meşhur fransuz pelsepeçisi Isidor Ogýust Mari Fransua Ksawýe Kont tarapyndan bir özüňi bilmekligiň (egoizmiň) garşylyklaýyn düşünjesi hökmünde ylmy dolanyşyga girizilipdir. Onuň esasy ylmyş işleri “Oňyn pelsepäniň okuwy”, “Oňyn syýasatyň ulgamy” atly ylmy işler bolup durýar. **Egoizm**-“ego-men” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bir özüňi bilmekligi aňladýar;

[1]Motiw-“moveo-hereket etdirýärin, iterýärin, hereket etmäge iterýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, şahsyýeti haýsydyr bir hereketi amala aşyrmaga (başlamaga) iterýän kesgitleýji sebäbi (şerti, duýguny, pikiri) aňladýar.

- *işjeň* (aktiw) hukuga laýyk özüňi alyp baryş – bu raýatlaryň, wezipeli şahslaryň wagtyň, güýç-kuwwatyň, maddy serişdeleriň goşmaça sarp edilmegi bilen baglanyşykly belli bir maksatlara gönükdirilen, olaryň öz başlangyçlary bilen başlanýan we kanuny hereketleridir;
- *uýgunlaşyjy* (konformistik) hukuga laýyk özüňi alyp baryş – bu jemgyýetçilik (durmuşy, sosial) topara (umumylyga) mahsus bolan özüňi alyp barmaklyga gabat gelýän hereketlerdir. Mysal üçin, şahsyýet tarapyndan hukuk kadalarynyň işjeň däl (passiw) däl berjaý edilmegi, onuň öz özüni alyp barşyny daş-töweregini gurşaýanlaryň pikirlerine, garaýyşlaryna tabyn etmegi;
- *hukuga ähmýet bermeýän* (marginal, göwünli-göwünsiz) özüňi alyp baryş – bu adamlaryň özüni alyp barşynyň daşyndan hukuga laýyk bolup görünýän, emma içki mazmunynda hukugyň kadalarynyň talaplary bilen ylalaşmaýan görnüşidir. Özüňi alyp barmagyň bu görnüşi durmuşy (sosial) we ruhy taýdan ýagdaýy kadaly bolmadyk şahsyýete mahsusdyr. Şol sebäpler bilen baglylykda-da şeýle şahsyýet kanagatsyzlygyny, höwessizligini (apatiýasyny[1]) ýa-da gahar-gazabyny (agressiýasyny[2]) ýüze çykarýar. Özüňi alyp barmagyň bu görnüşi hukuk bozmalara örän ýakyn durýar we köplenç halatlarda hukuk bozma öwrülýän hereketleri özünde jemleýär.

## §5. Hukuk esasynda özüňi alyp barmagyň aralyk görnüşleri

Özüňi alyp barmagyň hukuga laýyk we hukuk bozujy görnüşlerinden başga-da onuň ýokarda görkezilmedik we ýokarda seljerilen özüňi alyp barmagyň görnüşleriniň hiç birine degişli bolmadyk ýene-de bir görnüşi bar. Özüňi alyp barmagyň bu görnüşine *hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmak* diýlip atlandyrylýar.

Ýöne hukuk esasynda özüňi alyp barmagyň bu görnüşi jemgyýet we döwlet tarapyndan oňlanylmaýan hem-de durmuşy (sosial) taýdan zyýanly bolsa-da, hukugyň kadalaryny hiç-hili bozmaýar. Hukukdan hyýanatçylykly peýdalanylmagynda jemgyýetiň hem, döwletiň hem hiç-hili bähbidiniň ýokdugyna garamazdan, şeýle ýagdaýlar bilen gönüden-göni aragatnaşyk durýan we olara salgylanýan şahsy (subýektiw) hukuklaryň hem borçlaryň bardygy zerarly, hukukdan hyýanatçylykly peýdalanylmagy bilen ylalaşmaga mejbur bolýarlar. Ýöne edebi söz bilen aýdylanda jemgyýetiň we döwletiň şeýle ýaramaz hukuk hadysalary barada “çydamlylygy”, “kanagatlylygy” tükeniksiz dowam etmeýär. Haçan-da hukukdan hyýanatly peýdalanmak hukuk bozma öwrülen halatynda ýa-da şeýle hereketleriň amala aşyrylmagy sebäpli döreýän zelel jemgyýetçilik howply bolan halatynda jemgyýet we döwlet onuň garşysyna özleriniň ygtyýarlyklarynda bolan ähli serişdeler bilen göreşip, şeýle hereketleriň öňüni

[1]Apatiýa-“apatheia-duýgusyzlyk, höwessizlik” diýen grek sözünden gelip çykyp, doly biparhlygy, höwessizligi, tukatlygy aňladýar;
[2]Agressiýa-“aggression-hüjüm etmek, çozmak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda duşmançylykly, gahar-gazaply garaýyşlaryň jemini aňladýar.

alýarlar. Şonuň ýaly ýagdaýlar ýüze çykanda döwlet şeýle hereketleriň amala aşyrylmagyny gönüden-göni gadagan edýär. Mysal üçin, täjirçilik ýa-da başga guramada dolandyryjy wezipeleri ýerine ýetirýän adam tarapyndan öz ygtyýarlyklaryny şol guramanyň kanuny bähbitleriniň tersine hyýanatçylykly peýdalanylmagy[1], wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanylmagy[2], auditoryň[3], bitarap kazynyň[4] ýa-da adwokatyň doly ygtyýarly hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalanmagy[5] we ş.m. jenaýat jogapkärçiligine degişli bolup durýar.

Hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmak raýat-hukuk gatnaşyklarynda-da ýüze çykyp bilýär. Mysal üçin, ýer eýesiniň ýer şahamçasyny bellenilen maksatlardan gaýry maksatlar üçin ulanyp ýa-da ýer şahamçasyny düýbünden ulanman öz eýeçilik hukuklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmagy, ýaşaýyş jaýyň eýesiniň ýaşaýyş jaýyny bellenilen maksatlardan başga maksatlar üçin peýdalanmagy ýa-da ýaşaýyş jaýyny ulanmaklyga harsal hem jogapkärçiliksiz çemeleşip goňşularynyň hukuklaryny hem kanuny bähbitlerini yzygiderli bozmagy we ş.m.

Köp ylmy-hukuk edebiýatlarynda hukuk bozma bilen hukuk ýalňyşlygynyň arasyny açmak teklip edilýär. Mälim bolşy ýaly, *hukuk ýalňyşlygy* göni ýa-da gytaklaýyn niýet bolmazdan hukugyň görkezmelerinden çykylmagyny aňladýar. Köplenç ýagdaýda hukuk ýalňyşlygy:

- hukugy nädogry ulanmak;
- hukuk kadalaryna ýalňyş düşünmek we düşündirmek;
- kanunçylykdaky kesgitlemeleriň nätakyklygy ýa-da bulaşyklygy;
- hukuk kadalarynyň gapma-garşylygy (kolliziýasy);
- ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namany durmuşa geçirmegiň zerur tertibiniň we usullarynyň ulgamynyň (mehanizminiň) ýoklugy;
- hukuk ulanyjylaryň we hukuk kadalaryny durmuşa geçirijileriň taýýarlyk-hünär derejesiniň pesligi;
- kähalatlarda bolsa hukuk kadalaryny berjaý etmeklige geleňsiz çemeleşilmegi we ş.m. ýagdaýlar sebäpli ýüze çykyp bilýär.

---

[1]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 267-nji maddasy;
[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 181-nji maddasy;
[3]Auditor-“auditor-diňleýji” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kärhananyň maliýe işjeňligine gözegçilik edýän derňewçini (barlagçyny, rewizory) aňladýar. **Rewizor**-“revisio-gaýtadan seretmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kimdir biriniň işjeňliginiň kanunalaýyklygyny we dogrulygyny anyklamak maksady bilen ony barlamaklygy aňladýar;
[4]Bitarap kazy-bu jedele gatnaşýan taraplaryň öz islegine görä, şol jedeli çözmek üçin olaryň özleriniň kazy hökmünde saýlan raýatlaryndan düzülen we ýazmaça ýa-da dilden ylalaşyk baglaşmak arkaly döredilen bitaraplar kazyýetiniň agzasydyr. 29.12.1963 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 3-nji goşundysynyň 4-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedikler, hossarlyk ýa-da howandarlyk astynda bolan adamlar, kazyýetiň hökümi bilen kazyýet, prokuratura edaralarynda işlemek ýa-da adwokatlyk işi bilen meşgullanmak gadagan edilen adamlar, hökümde bellenen möhletiň dowamynda bitarap kazy bolup bilmeýärler;
[5]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 270-nji maddasy.

## *ÇYZGYLAR*


Çyzgy 21.1.
Hukuk esasynda özüňi alyp barmak
(hukuk özüňi alyp barşy)
Bu hukuk kadalarynyň çäklerinden çykman amala aşyrylýan özüňi alyp barySdyr
Ol amala aşyrylýar:
Hereket bilen
Hereketsizlik bilen
Onuň görnüşleri
Hukuga laýyk özüňi alyp baryş
Hukuga garşy özüňi alyp baryş
Hukuk taýdan biparh özüňi alyp baryş
Bu hukuk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelýän özüňi alyp baryşdyr
Bu hukuk kadalarynyň talaplaryny bozýan özüňi alyp baryşdyr
Bu hukuk meýdanynyň çäklerinde ýerleşýän, ýöne hiç-hili hukuk netijelerini döretmeýän, şonuň üçinem hukuk taýdan baha bermeklige degişli bolmadyk özüňi alyp baryşdyr


Çyzgy 21.2.
Hukuk esasyndaky özüňi alyp baryşyň
(hukuk özüňi alyp barşynyň)
häsiýetli alamatlary
durmuşy (sosial) ähmiýetliligi
düşünjeli we erk-ygtyýarly häsiýeti
döwletiň tabynlygynda we gözegçiliginde durýanlygy
oňyn ýa-da oňyn däl hukuk netijeleriniň bolmagy
Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň esasy alamatlary
durmuşy (sosial) taýdan peýdalylygy we islenilýänligi
onuň meýletin we düşünjeli amala aşyrylýanlygy
gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) özüňi alyp barmagyň bu görnüşini durmuşa geçirmeklige ymtylýanlygy
onuň döwlet tarapyndan kepillendirilýändigi hem goralýandygy we ş.m.
onuň hukugyň görkezmelerine, ýörelgelerine we maksatlaryna laýyk gelýänligi
şahsyýetiň öz hereketlerine (hereketsizliklerine) ynanýandygy we olara jogapkärçilikli çemeleşýändigi
onuň halk köpçüliginiň agramly bölegine mahsuslygy

**Çyzgy 21.3.**

**Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň göwrümi we hili bagly bolan umumy mahsus bolan (obýektiw) hem hususy (subýektiw) kesgitleýji şertler (faktorlar)**

- maddy eşretleri öndürmekligiň we olary edinmekligiň arasyndaky deňsizligiň ýok edilişiniň derejesi
- raýatlaryň hem wezipeli şahslaryň umumy, syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesi
- hukugyň talaplarynyň jemgyýetiň öňdebaryjy gatlaklarynyň, toparlarynyň we ilatyň gatlaklarynyň ahlak garaýyşlary hem gymmatlyklary bilen gabat gelşiniň derejesi
- döwlet tarapyndan ilatyň giň köpçuliginiň bähbitlerine we gyzyklanmalaryna düşünilmeginiň we şol bähbitleriň hem gyzyklanmalaryň syýasatda öz wagtynda beýan edilişiniň derejesi
- kanunçylygyň, hukukdaky ýetmezçilikleri aradan aýyrmak ulgamynyň kämilliginiň derejesi
- jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige çakdan aşa ýykgyn edilmeginiň derejesi
- jemgyýetçilik gatnaşyklaryny dispozitiw düzgünleşdirmegiň çygrynyň giňeldilişiniň derejesi
- şahsyýetiň we kanunçykaryjynyň bähbitleriniň gabat gelmeginiň derejesine we ş.m

**Çyzgy 21.4.**

**Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň delillerine baglylykda görnüşleri**

***adaty hukuga laýyk özüňi alyp baryş***

Bu adaty gündelik hereketleriň çäginden çykmaýan hukuga laýyk hereketlerdir. Mysal üçin, adamyň hukugyň görkezmelerine laýyk gelýän gündelik işi, öý hojalyk durmuşy

***işjeň däl (passiw) hukuga laýyk özüňi alyp baryş***

Bu köplenç halatda raýatlaryň bilkastdan takmynan deň bolan hukuklary hem azatlyklary ulanmaýan ýagdaýlarynda ýüze çykýan hereketlerdir. Şeýle hereketleriň netijesinde ilkinji nobatda şol hereketleri amala aşyran raýatyň özüne zelel ýetýär

***işjeň (aktiw) hukuga laýyk özüňi alyp baryş***

Bu raýatlaryň, wezipeli şahslaryň wagtyň, güýç-kuwwatyň, maddy serişdeleriň goşmaça sarp edilmegi bilen baglanyşykly belli bir maksatlara gönükdirilen, olaryň öz başlangyçlary bilen başlanýan we kanuny hereketleridir

***uýgunlaşyjy hukuga laýyk özüňi alyp baryş***

Bu raýatlaryň, wezipeli şahslaryň wagtyň, güýç-kuwwatyň, maddy serişdeleriň goşmaça sarp edilmegi bilen baglanyşykly belli bir maksatlara gönükdirilen, olaryň öz başlangyçlary bilen başlanýan we kanuny hereketleridir

***hukuga ähmýet bermeýän özüňi alyp baryş***

Bu adamlaryň özüni alyp barşynyň daşyndan hukuga laýyk bolup görünýän, emma içki mazmunynda hukugyň kadalarynyň talaplary bilen ylalaşmaýan görnüşidir. Özüňi alyp barmagyň bu görnüşi durmuşy (sosial) we ruhy taýdan ýagdaýy kadaly bolmadyk şahsyýete mahsusdyr. Şol sebäpler bilen baglylykda-da şeýle şahsyýet kanagatsyzlygyny, höwessizligini (apatiýasyny) ýa-da gahar-gazabyny (agressiýasyny) ýüze çykarýar. Özüňi alyp barmagyň bu görnüşi hukuk bozmalara örän ýakyn duryar

**Çyzgy 21.5.**


Hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmagyň alamatlary
Ol özüňi alyp barmagyň bir görnüşi
Belli bir derejede jemgyýet we döwlet oňa “çydaýarlar”
Eger-de ol hukuk bozma öwrülse jemgyýet we döwlet onuň öňüni alýarlar
Hukuk ýalňyşlygynyň ýüze çykmagynyň sebäpleri
hukugy nädogry ulanmak
hukuk kadalaryna ýalňyş düşünmek we düşündirmek
kanunçylykdaky kesgitlemeleriň nätakyklygy ýa-da bulaşyklygy
hukuk kadalarynyň gapma-garşylygy (kolliziýasy)
ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namany durmuşa geçirmegiň zerur tertibiniň we usullarynyň ulgamynyň (mehanizminiň) ýoklugy
hukuk ulanyjylaryň we hukuk kadalaryny durmuşa geçirijileriň taýýarlyk-hünär derejesiniň pesligi
hukuk kadalaryny berjaý etmeklige geleňsiz çemeleşilmegi we ş.m. ýagdaýlar

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk esasynda özüňi alyp barmak näme?**
- hukuga laýyk özüňi alyp baryş;
- hukuk kadalarynyň çäklerinden çykman amala aşyrylýan özüňi alyp baryş;
- hukuk düşünjesinden ugur alyp amala aşyrylýan özüňi alyp baryş;
- ýokary hukuk medeniýetli özüňi alyp baryş.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk esasyndaky özüňi alyp barmagyň görnüşleri şulardyr:**
- hukuga laýyk özüňi alyp baryş;
- hukuga garşy özüňi alyp baryş;
- hukuga biperwaý özüňi alyp baryş;
- ortalyk hukuk özüňi alyp barşy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk esasyndaky özüňi alyp barşyň näçe sany häsiýetli alamatlary bar?**
- dört;
- iki;
- üç;
- on bir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Hukuk esasyndaky özüňi alyp baryş:**
- hukuk kadalarynda göz öňünde tutulýar;
- hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirýär;
- hereketiň we hereketsizligiň üsti bilen amala aşyrylýar;
- onuň amala aşyrylmagy fiziki şahslaryň erkine düýbünden bagly däldir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuga laýyk özüňi alyp baryş – bu,**
- fiziki we ýuridik şahslaryň hukugyň talaplaryna laýyk gelýän, kanuna tabyn, meýletin hem düşünjeli özlerini alyp barmaklarydyr;
- fiziki şahslaryň kanunyň talaplaryna laýyk gelýän hereketleridir;
- adamlaryň hukugyň talaplaryna laýyk gelýän, kanuna tabyn, meýletin hem düşünjeli özlerini alyp barmaklarydyr;
- hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň meýletin hem düşünjeli özlerini alyp barmaklarydyr.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**6) Hukuga laýyk özüňi alyp barmagy hukuga garşy özüňi alyp barmakdan tapawutlandyrýan näçe alamat bar?**
- beýle alamatlar ýok;
- iki;
- alty;
- sekiz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuga laýyk özüňi alyp barmak durmuş taýdan peýdalymy we ol jemgyýet hem döwlet tarapyndan islenilýärmi?**
- hawa islenilýär;
- ýok islenilmeýär;
- eger-de ol jemgyýete we döwlete peýda berse islenilýär;
- eger-de ol jemgyýete we döwlete zelel ýetirmese islenilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Raýat Näbelliýew irden işe barýan wagty, ýolda, 12 gatly ýaşaýyş jaýynyň 9-njy gatynyň penjiresinden üç-dört ýaşly bir gyzjagazyň asyl-asyl bolup durandygyny, 10-11 ýaşlaryndaky oglanjygyň bolsa şol gyzjagazy çekmek üçin dyrjaşýandygyny, emma onuň gyzjagaza ýetip bilmeýändigini görýär. Ol howlukmaçlyk bilen 9-njy gata çykýar. Oglanjyk bilen gyzjagazyň öýüniň gapysy gulply bolandygy sebäpli, gapyny aýagy bilen depip döwýär. Soňra öýe girip, gyzjagazy halas etmäge dyrjaşýar. Emma gyzjagaza ýetip bilmeýär. Şonda ol oglanjygyň öz razylygy bilen onuň aýaklaryndan tutýar-da ony başaşak sallap, gyzjagazy ýokaryk çekip çykarýar. Oglanjyk bilen gyzyň ata-enesi gelenden soňra, olar raýat Näbelliýewiň hukuga garşy hereketleri edendigini, onuň aşakda duran ýerinden degişli halas ediş gullugyna jaň etmän, öýleriniň gymmatbahaly gapysyny döwüp özlerine ep-esli möçberde maddy zelel ýetirendigini, üstesine-de kämillik ýaşyna ýetmedik oglanjygy hem 9-njy gatdan başaşaklygyna sallap, onuň janyna we saglygyna howp salandygyny aýdýarlar.**

**Raýat Näbelliýewiň özüni alyp barşy hukuga garşymy?**
- hawa;
- ýok;
- ýok, sebäbi ol bialaç zerurlyk[1] we esaslandyrylan töwekgelçilik[2] boýunça hereket edipdir;
- hawa, ýöne ol bialaç zerurlyk we esaslandyrylan töwekgelçilik boýunça hereket edipdir.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**9) Döwlet hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň dürli görnüşlerini hukuk borjy ýa-da şahsy (subýektiw) görnüşinde berkidip bilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- iňlis-sakson hukuk ulgamynda – hawa;
- diňe roman-german hukuk ulgamynda – ýok, galanlarynda – hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

[1] 12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 39-njy maddasy;
[2] 12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 41-nji maddasy.

**10) Zähmet çekmek hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň şahsy (subýektiw) hukuk görnüşinde berkidilen ýagdaýymy ýa-da hukuk (ýuridik) borjy hökmünde berkidilen ýagdaýy?**
- hukuk (ýuridik) borjy;
- şahsy (subýektiw) hukuk;
- ikisi hem däl;
- bu hukugyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryň haýsy görnüşinde berkidilendigine bagly, eger-de konstitusiýada berkidilen bolsa ol şahsy (subýektiw) hukuk görnüşinde bolýar, eger-de ýönekeý kanunda berkidilen bolsa hukuk (ýuridik) borjy görnüşinde bolýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Nikanyň ýatyrylmagy we hiç ýerde zähmet çekmezlik hukuk esasyndaky özüňi alyp barmagyň haýsy görnüşine degişli?**
- hukuga laýyk özüňi alyp barmaklyga;
- hukuga garşy özüňi alyp barmaklyga;
- hukuga biperwaý özüňi alyp barmaklyga;
- hukuga laýyk we hukuga biperwaý özüňi alyp barmaklyga.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň göwrümi we hili, näçe sany umumy mahsus bolan (obýektiw) hem hususy (subýektiw) kesgitleýji şertlere (faktorlara) bagly bolup durýar?**
- on;
- bäş;
- sekiz;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň näçe görnüşi bar?**
- dört;
- bäş;
- alty;
- iki.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Işjeň däl (passiw) hukuga laýyk özüňi alyp baryş – bu,**
- köplenç halatda raýatlaryň bilkastdan takmynan deň bolan hukuklary hem azatlyklary ulanmaýan ýagdaýlarynda ýüze çykýan hereketlerdir;
- adaty gündelik hereketleriň çäginden çykmaýan hukuga laýyk hereketlerdir;
- raýatlaryň, wezipeli şahslaryň wagtyň, güýç-kuwwatyň, maddy serişdeleriň goşmaça sarp edilmegi bilen baglanyşykly belli bir maksatlara gönükdirilen, olaryň öz başlangyçlary bilen başlanýan we kanuny hereketleridir;

- adamlaryň özüni alyp barşynyň daşyndan hukuga laýyk bolup görünýän, emma içki mazmunynda hukugyň kadalarynyň talaplary bilen ylalaşmaýan görnüşidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Jemgyýetçilik (durmuşy, sosial) topara (umumylyga) mahsus bolan özüňi alyp barmaklyga gabat gelýän hereketler hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň haýsy görnüşine degişli?**
- adaty hukuga laýyk özüňi alyp barmaklyga;
- işjeň (aktiw) hukuga laýyk özüňi alyp barmaklyga;
- hukuga ähmýet bermeýän (marginal, göwünli-göwünsiz) özüňi alyp barmaklyga;
- uýgunlaşyjy (konformistik) hukuga laýyk özüňi alyp barmaklyga.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmak:**
- özüňi alyp barmagyň bir görnüşidir;
- hukuk bozma bilen şol bir zatdyr;
- jenaýatdyr;
- özüňi alyp barmagyň aralyk görnüşidir.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**17) Ýer eýesi öz eýeçiligindäki ýer şahamçasynyň bir çetinden goňşularyna ekinlerini suwarmak we hojalykda ulanmak üçin suw tokurtgasyny (turbasyny), şonuň ýaly-da elektrik togunyň geçirijisini geçirmäge rugsat bermeýär. Onuň goňşularynyň öz hojalyklaryna suw hem elektrik toguny geçirmek üçin başga mümkinçilikleri ýok.**

**Ýer eýesiniň özüni alyp barşyna hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmak diýip bolarmy?**
- hawa, sebäbi kanunda serwitut[1] berkidilýär;
- ýok;
- hawa;
- ýok, ýöne ýer eýesi serwituty berjaý etmeli.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**18) Eger-de hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmak hukuk bozma öwrülen ýagdaýynda ýa-da şeýle hereketleriň amala aşyrylmagy sebäpli döreýän zelel jemgyýetçilik howply bolan halatynda döwlet nähili hereket edýär?**
- hiç-hili, ol hukukdan hyýanatçylykly peýdalanylmagyna çydamagyny dowam edýär;
- hukukdan hyýanatçylykly peýdalanylmagynyň öňüni alýar;
- wagyz-nesihat işlerini güýçlendirýär;
- şeýle hereketleri kanunlaşdyrmak bilen onuň howply bolmagyny ýok edýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

---

[1]Serwitut-“servos-gul, servitus-gulçulyk, tabynlyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, köp döwletlerde zerur halatlarda we kanuny esaslarda kesekiniň emläginden çäkli möçberde peỳdalanmak hukugyny aňladỳar; Serwitut 18.06.1998 ỳylda kabul edilen, Türkmenistanyň Raỳat kodeksiniň 260-266-njy maddalarynda berkidilỳär.

**19) Raýat Näbelliýewa Näbelligül raýat Näbelliýew Näbellimyrat bilen kazyýet tertibinde nikasyny ýatyrýar. Näbelliýew oňa kämillik ýaşyna ýetmedik bir çagasyny ekläp-saklamak üçin hossar hakyny töleýär. Şondan takmynan iki ýyl geçenden soň Näbelliýewa kimdir birinden maşgala kanunçylygynda är-aýalyň biri-birine nikany ýatyranlaryndan soň hem eklenmek üçin kömek bermäge borçludyklaryny eşidýär we raýat Näbelliýewden özüne eklenmek üçin her aýda onuň aýlyk gazanjynyň dörtden bir bölegi möçberinde kömek puluny bermegini talap edip başlaýar. Ol öz talabyny özünin köp wagtdan bäri hünäri boýunça iş tapyp bilmeýändigini, özüniň hususy ýaşaýyş jaýyna garnitur hem haly satyn alyp bilmeýändigi, melleginde alyp barýan gurluşyk işlerine ownuk söwda bilen gazanýan pullarynyň ýetmeýändigi bilen delillendirýär. Näbelliýew bolsa Näbelliýewanyň işe ýarawsyz we maddy taýdan goldawa mätäç däldigini aýdyp, kömek puluny tölemekden ýüz dönderýär.**

**Näbelliýewa Näbelligülüň hereketleri hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmakmy ýa-da hukuk ýalňyşlygy?**

- hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmak, sebäbi Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksinde eger är-aýalyň biri nika bozulmazyndan öň işe ýarawsyz ýa-da nika bozulandan soň bir ýylyň dowamynda işe ýarawsyz bolup galan bolsa, onda mätäçlik çekýän işe ýarawsyz äriň (aýalyň) özüni eklemek üçin aýalyndan (ärinden) kömek almak hukugynyň nika bozulandan soň hem saklanýandygy berkidilýär[1]. Näbelliýewa bolsa işe ýarawsyz hem maddy taýdan goldawa mätäç däl;
- hukuk ýalňyşlygy, sebäbi Näbelliýewa Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 27-31-nji maddalarynda berkidilen är-aýalyň hukuklaryna hem borçlaryna ýalňyş düşünipdir;
- kazyýet onuň hereketlerine nähili baha berse şonuň ýaly;
- olaryň hiç haýsy hem däl-de bikanun hereket bolýar.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk ýalňyşlygynyň ýüze çykmagynyň esasy näçe sany sebäbi bar?**

- alty;
- ýedi;
- ýedi we ondan-da köp;
- altydan gowrak.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

[1] 25.12.1969 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 28-nji maddasy.

# 22-nji bap. Hukuk bozma

## §1. Hukuk bozma barada düşünje, onuň alamatlary, sosial we hukuk mazmuny

Umumy hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, *hukuk bozma* – bu adamyň jemgyýetçilik howply, hukuga garşy, günäli etmişi bolup, ol şahsyýete, eýeçilige, döwlete ýa-da tutuş jemgyýete zyýan ýetirýär we şol sebäpli-de ony amala aşyran şahs babatda hukuk (ýuridik) jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär.

Hukuk edebiýatlarynda hukuk bozmanyň durmuşy (sosial) we hukuk (ýuridik) mazmunynyň bardygy bellenilýär. Şonuň bilen bir wagtda-da, *hukuk bozmalaryň durmuşy* (sosial) *häsiýetleri*, diňe bir olaryň ýaşaýşa, eýeçilige, dolandyryş tertibine gönüden-göni zyýan ýetirýändiginden ýa-da şeýle zeleli ýetirmek howpuny döredýändiginden ybarat däldir. Hukuk bozmalar, esasan hem jenaýatlar giňden ýaýran halatynda jemgyýetiň ahlak ýagdaýyna juda ýiti täsir edýärler. Olar jemgyýetiň agzalarynyň aglaba köpüsinde barha giň gerime eýe bolýan jenaýatçylykdan gorky döredýärler, göwnüçökgünligi emele getirmek bilen olary hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň peýdasyzdygyna we manysyzdygyna ynandyrýarlar, şeýlelik bilen hem raýatlaryň durmuşy-hukuk işjeňligine juda ýaramaz täsir edýärler.

Hukuk bozmalaryň hukuk mazmuny bolsa onuň jemgyýetçilik howplulygy, hukuga garşylygy, günäliligi we hukuk jogapkärçiligine degişliligi ýaly, görnüşleýin-hukuk (formal-ýuridik) alamatlarynyň jeminden ybaratdyr.

Ilkinji nobatda hukuk bozmalaryň jemgyýetçilik howply häsiýetiniň bardygyny, ýagny olaryň zyýan ýetirýändigini ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýändigini bellemek gerek. *Jemgyýetçilik howplulygy* – bu jenaýatyň ýa-da hukuk bozmalaryň gaýry görnüşleriniň umumy (maddy) alamaty bolmak bilen, ol şeýle özüňi alyp barmagyň jemgyýet üçin zyýanlydygyny görkezýär we jemgyýetde hereket edýän gatnaşyklaryň ulgamyna, durmuşyň gurluşyna zyýan ýetirilmegini ýa-da zyýan ýetirmek howpunyň döredilmegini aňladýar.

Hukuk bozmanyň netijesinde ýetirilýän ýa-da ýetirmek howpy döredilýän zelel şu aşakdaky görnüşlerde bolup bilýär:

- ykdysady zelel;
- harby zelel;
- raýatlaryň konstitusion hukuklaryna ýetirilen zelel;
- dolandyryşyň tertibine ýetirilen zelel;
- jemgyýetçilik tertibine ýetirilen zelel we ş.m.

Jemgyýetçilik howply etmişleriň (hereketleriň we hereketsizlik arkaly amala aşyrylýan etmişleriň) belli bir görnüşleri olaryň degişli hukuk jogapkärçilik çärelerini ulanmak mümkinçiligini berkitmek bilen hukuk taýdan gadagan edilmekleriniň zerurlygyny döredýär. Anyk taryhy şertlerde, häsiýetlerine we agyrlyk derejelerine (kast edýän obýektiniň (zadynyň) mazmunyna, kast etmegiň uslyna, günäliligine, delillerine, maksatlaryna, ýüze çykan netijeleriň ähmiýetine, amala aşyrylan wagtyna, ýerine we beýleki ýagdaýlaryna) baglylykda jemgyýetçilik howply etmişler kanunçykaryjy tarapyndan jenaýat, dolandyryş

hukuk bozmasy, raýat-hukuk bozmasy, zähmet hukuk bozmasy (düzgün-nyzam etmişi) hökmünde, dürli-dürli görnüşlerde kesgitlenýär.

Jenaýatlaryň ýa-da beýleki hukuk bozmalaryň jemgyýetçilik howplulygynyň derejesi kanunçykary tarapyndan degişli jenaýatlaryň (hukuk bozmalaryň) düzümleriniň beýanynda olaryň amala aşyrylmagy üçin hukuk (ýuridik) jogapkärçilik çärelerini (sanksiýalaryny) görkezmek bilen bellenilýär. Degişli jenaýatyň ýa-da hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygynyň umumy mahsus bolan häsiýetleriniň goşmaça böleklere bölünmegi (differensasiýasy[1]), ýagny goşmaça alamatlary jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawynda berkidilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 57-nji maddasynda jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň, 58-nji maddasynda bolsa jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawy berkidilýär.

Ondan başga-da kazyýet (ýa-da jenaýat, raýat, dolandyryş we ş.m. önümçiligi amala aşyrýan gaýry döwlet edarasy) her bir etmişiň jemgyýetçilik howplulygyna özbaşyna baha berýär. Başgaça aýdylanda, her bir etmişiň jemgyýetçilik howplulygyna hukuk taýdan baha bermegi şahsylaşdyrýar (indiwiduallaşdyrýar). Etmişiň jemgyýetçilik howplulygyna görä-de degişli önümçiligi amala aşyrýan döwlet edarasy ýa-da wezipeli şahs degişli hukuk kadalarynda bellenilen çäklerde we şertleriň barlygynda, şol hukuk kadalarynyň esasynda etmiş eden şahs babatda hukuk jogapkärçilik çärelerini ulanýar ýa-da ony jogapkärçilikden boşadýar. Jenaýat kanunynda etmişiň jemgyýetçilik howplulygynyň derejesi kesgitlenende diňe bir onuň kast edýän obýekti we obýektiw taraplary däl-de, eýsem şol etmişi amala aşyran şahsyň (subýektiň) özüniň häsiýetleridir-alamatlary we etmişiň subýektiw taraplary hem göz öňünde tutulýar.

*Hukuga garşylygy* hukuk bozmanyň ikinji alamaty bolup durýar. Etmişiň (özüňi alyp barmagyň) hukuga garşylygy şeýle hereketleri amala aşyrmagyň ýa-da amala aşyrmakdan saklanmagyň gadagandygynyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namasynda berkidilýänligini aňladýar. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, jemgyýetçilik howplulygy hukuk bozmanyň içki alamaty bolup durýar, hukuga garşylyk bolsa onuň daşky alamaty bolup, hukuk bozmanyň hukuga garşy (ters) gelýän häsiýetleriniň jemini aňladýar. Başgaça aýdylanda, hukuga garşylyk hukuk bozmanyň galyby, daşky gurluşy, jemgyýetçilik howplulygy (zyýan) bolsa onuň mazmuny, içki gurluşy bolmak bilen, hukuga garşylyk jemgyýetçilik howplulugynyň hukuk taýdan (ýuridik) aňlatmasydyr.

Hukuk bozmanyň bu alamaty, adamlaryň ol ýa-da beýleki hereketlerine (hereketsizliklerine), diňe olar degişli kanunçylyk namasynda takyk bir hukuk bozmanyň düzümi hökmünde berkidilende, hukuk bozma hökmünde garap bolýanlygyndan ybaratdyr.

Hukuk bozma – bu pikirlenmegiň görnüşi, mahsuslygy däl-de, hereket ýa-da herekesizlik arkaly amala aşyrylýan özüňi alyp baryşdyr. Pikirler we garaýyşlar üçin, olar nähili aýylganç ýa-da manysyz zalym bolanlarynda-da, tä maddy

---

[1]Differensiýa-“differentia-dürlilik, tapawutlanyjylyk” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bir bütewiligiň dürli böleklere, görnüşlere, derejelere bölünmegini aňladýar.

görnüşde (hukuk bozmada) ýüze çykýançalar, hiç kim jogapkärçilige çekilmeýär. Rim nakylynda bellenilişi ýaly: “Cogitationis poenam nemo patitur”[1].

Hukuk bozmanyň üçünji alamaty onuň günäliligi bolup durýar. Umumy düzgüne laýyklykda, eger-de adamyň etmişinde onun günäsi ýok bolsa, eger-de şol etmiş hereket edýän hukuk tertibine garşy bolan ýagdaýynda-da, ol hukuk bozma diýlip hasap edilmeýär.

Mälim bolşy ýaly, *günä* - bu niýetlilik ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde aňladylan, edýän etmişine adamyň özüniň düşünjeli-erkli ruhy (psihiki) gatnaşygydyr.

Günäniň aşakda görkezilen iki sany esasy görnüşi bardyr:

- *bilkastlaýyn* (niýetlilik) (göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilen jemgyýetçilik howply etmiş bilkastdan edilen diýlip hasaplanýar). Günäniň bilkastlaýyn (niýetlilik) bilen amala aşyrylýan görnüşi hem öz gezeginde ikä bölünýär:
  - <u>göni niýetlilik</u> (eger etmişi eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine **akyl ýetirse**, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini **öňünden görse**, şolaryň bolmagyny **islese** ýa-da şeýle netijeleriň **ýüze çykmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse**, etmiş göni niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär);
  - <u>gytaklaýyn niýetlilik</u> (eger etmişi eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine **akyl ýetirse**, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini **öňünden görse**, **islemese**, ýöne şeýle netijeleriň bolmagyna **düşünjeli ýol berse** ýa-da olara **parhsyz garasa**, etmiş gytaklaýyn niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär).
- *seresapsyzlyk* (jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen diýlip hasap edilýär). Günäniň seresapsyzlyk bilen amala aşyrylýan görnüşi hem öz gezeginde ikä bölünýär:
  - <u>özüne ynam edijilik</u> (eger etmişi eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howplydygyna **akyl ýetirse**, jemgyýetçilik howply netijeleriň, **bolmak mümkinçiligini öňünden görse**, ýöne **olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse**, şeýle etmiş özüne ynam edijilik boýunça edilen diýlip hasap edilýär);
  - <u>harsallyk</u> (eger etmişi eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howplydygyna **akyl ýetirmese**, jemgyýetçilik howply netijeleriň **bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese**, **hatda zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky** edilen etmiş harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanýar).

Mundan başga-da hereket edýän jenaýat kanunçylygynda günäniň ikileýin görnüşi, ýagny bilkastlaýynlyk bilen seresapsyzlygyň utgaşýan ýagdaýlarynyň hem

---

[1]Cogitationis poenam nemo patitur-Hiç kim pikirleri üçin jezalandyrylmaly däldir.

bardygy kesgitlenýär.[1] Jenaýat kanunçylygyna laýyklykda, günäniň ikileýin görnüşi diýlende, etmişiň, ýagny hereketiň ýa-da hereketsizligiň bilkastdan edilmegine şol etmişleriň netijesiniň bolsa seresapsyzlyk zerarly ýüze çykmagyna düşünilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 235-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "b" bendinde, kesekiniň emläginiň bilkastdan ýok edip ýa-da zaýalap, uly zyýan ýetirilmegi we şeýle hereketleriň seresapsyzlyk sebäpli adamyň heläk bolmagyna ýa-da başga agyr netijelere getirmegi üçin jenaýat jogapkärçiligi bellenilýär. Günäniň ikileýin görnüşi üçin nusgawy mysal bolup hyzmat edýän bu mysal getirilen jenaýatda etmiş bilkastlaýyn edilýär, ýagny etmişi amala aşyrýan şahs kesekiniň emlägini zaýalaýandygyna düşünýär, akyl ýetirýär, şol hereketi etmek isleýär, öz edýän işiniň nähili netijeleri ýüze çykarjakdygyny öňünden görýär we şeýle netijeleriň ýüze çykmagyny isleýär. Mysal üçin, ol kesekiniň mal ýatagyny otlaýar, emma mal ýatagyň içinde şol ýatagyň eýesiniň bardygyny bilmeýär we şeýle netijäniň ýüze çykmagyny islemese-de seresapsyzlyk bilen onuň ölümine sebäp bolýar.

Hukuk bozmanyň iň soňky alamaty bolsa onuň *hukuk* (ýuridik) *jogapkärçiligine degişlidigi* bolup durýar. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiligi bu okuw gollanmasynyň indiki babynda giňişleýin seljerilýär.

## §2. Hukuk bozmanyň hukuk (ýuridik) düzümi

*Hukuk bozmanyň hukuk düzümi* – bu belli bir etmişiň hukuk bozma hökmünde ykrar edilmegi üçin zerur we ýeterlik bolan umumy (obýektiw) hem şahsy (subýektiw) alamatlaryň (düzüm bölekleriň) hökmany jemidir.

Etmişiň hukuga garşylygyna, jemgyýetçilik howplulygyna we günäliligine garamazdan, eger-de onuň düzüminde hukuk bozmanyň düzüminiň dört sany hökmany düzüm bölekleri bolmasa ol hukuk bozma diýlip hasap edilmeýär. Ol hökmany düzüm bölekleri bolsa şu aşakdakylardyr:

- obýekt;
- obýektiw tarap;
- subýekt;
- subýektiw tarap.

*Hukuk bozmanyň obýekti* – bu hukuk bozmanyň zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän (kast edýän), hukuk tarapyndan goralýan we düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Başgaça aýdylanda, bu hukuk bozujynyň kast edýän, jemgyýete we şahsyýete degişli bolan, adamyň jany, saglygy, maddy abadançylygy, jemgyýetçilik tertibi ýaly gymmatlyklar hem eşretlerdir. Umuman iň gysga görnüşde kesgitlenende, hukuk bozmanyň obýekti – bu onuň garşylaryna gönükdirilen daş-töweregi gurşaýan dünýäniň hadysalarydyr. Mysal üçin, dolandyryş hukuk bozmalarynyň obýekti hökmünde döwlet ýa-da jemgyýetçilik tertibi, raýatlaryň hukuklary we azatlyklary, dolandyryşyň ýola

[1] 12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 29-njy maddasy.

goýlan tertibi çykyş edýär. Döwlet ýa-da gulluk düzgün-tertibi we ş.m. bolsa düzgün-nyzam etmişiniň obýekti bolup durýar.

Ýöne, şu ýerde hukuk bozmanyň obýektini onuň närsesi (predmeti) bilen bulaşdyrmaly däldir. Hukuk bozmanyň närsesi (predmeti) bu kanunçykaryjy tarapyndan diňe hukuk bozmanyň käbir görnüşleriniň düzüminde bolmagy hökmanylyk hökmünde kesgitleýän alamatydyr. Hukuk bozmanyň obýekti jemgyýetçilik howply, hukuga garşy hereketiň kast edýän jemgyýetçilik gatnaşygy bolsa hukuk bozmanyň närsesi (predmeti) maddy dünýäniň haýsy-da bolsa bir maddy zadydyr. Şol maddy dünýäniň haýsy-da bolsa bir maddy zadyna täsir etmek bilen hukuk bozujy hukuk bozmanyň obýektine kast edýär. Mysal üçin, ogurlykda jenaýatçy kimdir biriniň hususy eýeçiligine degişli maddy gymmatlygy (ol telewizor, haly, altyndan şaý-sep, ulag serişdesi we ş.m. bolup bilýär) gizlinlik bilen alyp, eýeçilik gatnaşyklaryna kast edýär.

Şahsyýetiň at-abraýy, mertebesi, iş abraýy (reputasiýasy[1]) ýaly, emläkleýin däl şahsy hukuklar, maddy däl eşretler hukuk bozmanyň predmeti bolup bilmeýär, emma görkezilenler hukuk bozmanyň obýekti hökmünde çykyş edýärler. Mälim bolşy ýaly, şahsyýetiň jany, saglygy, kazyýet önümçiliginiň tertibi ýaly, maddy däl eşretler obýekti hökmünde çykyş edýän hukuk bozmalar (jenaýatlar) hem bar. Şeýle hukuk bozmalaryň düzüminde hukuk bozmanyň närsesine (predmetine) salgylanma ýokdur. Şu ýerde ýene-de bir bellemeli ýagdaý, hukuk bozmanyň närsesini (predmetini) onuň ýaragyndan we usulyndan tapawutlandyrmak gerekdir. Mysal üçin, hukuk bozujy şahs sapança (pistolet) ogurlaýar we onuň bilen başga birini agyr ýaralaýar. Bu ýerde sapança ogurlygyň närsesi, bilkastdan adam öldürmeklige kast etmegiň bolsa ýaragy hökmünde çykyş edýär. Şonuň ýaly-da hukuk bozmanyň netijesinde saglyk zeperini alyp ýa-da maddy taýdan jebir çeken fiziki şahsy hem jenaýatyň närsesi diýip hasaplamak bolmaýar.

*Hukuk bozmanyň obýektiw tarapy* – bu hukuk bozmanyň daşky häsiýetli alamatlarydyr. Ol hukuga garşy özüňi alyp barmagyň hökmany düzüm bölekleriniň jemi bolmak bilen, hereket ýa-da hereketsizlik bilen amala aşyrylýan etmiş, jemgyýetçilik howply netije, etmiş bilen netijäniň arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk ýaly esasy alamatlary, hukuk bozmanyň amala aşyrylan wagty, ýeri, ýaragy, usuly we amala aşyrylyş ýagdaýy ýaly goşmaça (fakultatiw[2]) alamatlary özünde jemleýär.

Bellenip geçilişi ýaly, hukuk bozmanyň obýektiw tarapy – bu hukuga garşy etmişiň daşky şekili, daşky ýüze çykmasy bolup durýar. Ol ilkinji nobatda hereket ýa-da hereketsizlik, ýagny şahsyň işjeň (aktiw) ýa-da işjeň däl (passiw) özüni alyp barşy bilen amala aşyrylýar.

*Hereket* – bu hukuk ähmiýeti bolan etmişleriň iň giňden ýaýran görnüşidir. Häzirki seljerilýän ýagdaýynda "hereket" diýlende, kanunda gadagan edilen we

[1]Reputasiýa-"reputatio-pikirlenmek, oýlanmak, ölçerip-dökmek" diýen latyn sözünden gelip çykyp, kimdir biri ýa-da nämedir bir zat barada, onuň ýetmezçilikleri we artykmaç taraplary barada emele gelen jemgyýetçilik pikirini, kimdir biriniň edinen abraýyny aňladýar;
[2]Fakultatiw-"facultas, facultatis-mümkinçilik, ukyp" diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga.

hukuk bozma hökmünde kesgitlenen hereketler göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, söwda düzgünleriniň bozulmagy, bozgakçylyk (huligançylyk[1]), talaňçylyk we ş.m.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, kanunda bellenen anyk ýagdaýlarda *hereketsizlik*, ýagny hiç-hili hereket etmezlik hem hukuk bozma hökmünde kesgitlenýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 121-nji maddasynda jenaýat hökmünde görkezilen, hereketsizlik arkaly amala aşyrylýan etmiş, keselli adama kömek bermezlik diýlip atlandyrylýar.

Jemgyýetçilik howply netije – bu etmişiň amala aşyrylmagynyň netijesinde dörän islenilmeýän we zyýanly netijelerdir. Jemgyýetçilik howply netijäniň, ýagny zyýanyň birnäçe görnüşi bardyr we olar şu aşakdakylardyr:

- *maddy zelel* (emlägiň bikanun alynmagy (ogurlyk, kezzapçylyk, ynanylan emlägiň harçlanmagy, talaňçylyk, garakçylyk, gorkuzyp almak (şantaž)) ýa-da raýat hukugynda gazanylmadayk girdejiler we ş.m.);
- *fiziki* (şahsy) *zelel* (şahsyň öldürilmegi ýa-da onuň saglygyna dürli agyrlykdaky ten şikesleriniň ýetirilmegi we ş.m.);
- *ahlak zeleli* (masgaralamak, töhmet atmak, şahsy mertebesine hem at-abraýyna zyýan ýetirmek we ş.m.);
- *guramaçylyk häsiýetli zelel* (fiziki şahsy öz hukuklaryny amala aşyrmak mümkinçiliginden mahrum etmek, mysal üçin, onuň daşyny gabap goýmak, guramanyň kadaly iş tertibini bozmak we ş.m.).

Etmiş bilen netijäniň arasyndaky *sebäpli arabaglanyşyk* – bu hukuk bozmanyň hökmany düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen ol zyýanly etmiş bilen ýüze çykan netijäniň arasyndaky obýektiw arabaglanyşyk hökmünde çykyş edýär. Etmiş bilen netijäniň arasynda arabaglanyşyk bolanda, etmiş netijeden öň emele gelýär we şol hem şeýle jemgyýetçilik howply netijäniň (netijeleriň) ýüze çykmagynyň esasy sebäbi bolup durýar. Mysal üçin, işläp ýören işçileriň biri gaharlanyp ýoldaşyndan çekijini zyňýar. Çekiç onuň kellesine degip, oňa ýeňil saglyk zeperini ýetirýär. Eger-de işçi çekiji zyňmadyk bolsa we ol beýleki işçä degmedik bolsa onuň saglygyna zeper ýetmezdi. Işçiniň çekiji zyňmaklyk, ýagny işjeň hereketiň üsti bilen amala aşyrylan etmişiniň we beýleki işçä ýeňil saglyk zeperiniň ýetmeginiň arasyndaky ýagdaýlar we wagt möçberi sebäpli arabaglanyşygy emele getirýär.

Hukuk bozmanyň düzüminiň indiki düzüm bölegi hukuk bozmanyň subýekti ýa-da başgaça aýdylanda hukuga garşy etmişi – hukuk bozmany amala aşyran şahs bolup durýar. *Hukuk bozmanyň subýekti* – bu hukuk ukyby, kämillik ukyby we

[1]Huligançylyk-bu 12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 279-njy maddasyna laýyklykda, jemgyýeti göz-görtele äsgermezlikden ybarat bolan raýatlara zorluk ulanmak ýa-da zorluk ulanmak haýbatyny atmak bilen baglly, şonuň ýaly-da kesekiniň emlägini ýok etmegi ýa-da zaýalamagy bilen baglanyşykly bolan jemgyýetçilik tertibiniň gödek bozulmagy bolup durýar. Bu jenaýatyň ady “Houlihan” diýen irland familiýasyndan gelip çykýar. Bu familiýany göteren maşgalanyň ähli agzalary tutuş jemgyýeti äsgermän özlerini juda gödek alyp baryp, yzly-yzyna eden jenaýatlary üçin jeza çärelerini çekip taryha giripdirler. Şonuň üçinem hiç bir sebäpsiz amala aşyrylýan zorlukly gödek hereketler huligançylyk diýlip atlandyrylýar. Bu delilsiz jenaýat ýa-da onuň jemgyýetçilik howpy, ýagny ýetirilen zyýanyň derejesi pes bolan halatynda dolandyryş hukuk bozmasy bolup durýar. **Familiỳa**-“familie-maşgala” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, adamyň şahsy adynyň yzyna goşulỳan we onuň haỳsy maşgala degişlidigini görkezỳän miras geçỳän ady aňladỳar. Türkmen familiỳalarynda ulanylỳan “ow, ỳew” goşulmalary rus dilinden türkmen diline geçen dil dessury bolup durỳar we rus dilinden terjime edilende “pylanyỳew” diỳmek “pylanyňky, pylanylara degişli” diỳmegi aňladỳar.

jogapkärçilige (delikte) ukyply[1] bolan şahsdyr. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, fiziki we ýuridik şahslar hukuk bozmanyň subýektleri bolup bilýärler.

Mälim bolşy ýaly, fiziki şahsyň jogapkärçilige (delikte) ukyplylygy gatnaşyjy şahsyň (subýektiň) ruhy we ýaş aýratynlyklaryna bagly bolup durýar. Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, dolandyryş jogapkärçiligine ukyplylyk hukuk bozujynyň hukuk bozmany amala aşyran wagtynda 16 ýaşy dolan bolsa döreýär.[2]

Jenaýat hukugynda-da jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagynyň esasy şerti hökmünde şol ýaş möçberi kesgitlenýär, ýöne jenaýat hukugynda "ýörite subýekt" diýen düşünje hem bar. *Ýörite subýekt* – bu umumy subýektiň akyly düzüwlik, ýaş möçberi ýaly umumy alamatlaryndan başga, jogapkärçiligiň ýüze çykmagy üçin degişli kanunyň degişli maddalarynda görkezilen goşmaça alamatlary bolan şahsdyr. Jenaýat hukugynda ýörite subýektiň ilkinji mysaly Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 21-nji maddasynda berkidilýär.

Salgylanylýan maddanyň 2-nji böleginde: "On dört ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan adamlar jenaýat edende, bilkastdan adam öldürendigi üçin (101-nji madda), saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirendigi üçin (107-nji madda), saglyga bilkastdan orta agyrlykdaky şikes ýetirendigi üçin (108-nji madda), zorlandygy üçin (134-nji madda), ogurlyk edendigi üçin (227-nji madda), talaňçylyk edendigi üçin (230-njy madda), garakçylyk edendigi üçin (231-nji madda), gorkuzyp alandygy üçin (232-nji madda), kesekiniň transport[3] serişdesini bikanun eýeländigi üçin (234-nji madda), emlägi bilkastda ýok edendigl ýa-da zaýalandygy üçin (235-nji maddanyň ikinji bölegi), ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary we partladyjy enjamlary ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (291-nji madda), narkotiki[4] serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri[5] satmak maksady bilen bikanun taýýarlandygy, gaýtadan işländigi, edinendigi, saklandygy, daşandygy, iberendigi üçin (292-nji madda), narkotiki serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (294-nji madda) jenaýat jogapkärçiligine degişlidir" diýlip bellenýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylaryň ýörite hukuk ýagdaýy olar babatda temmi çäreleriniň aýry-aýry görnüşleriniň ulanylmaýandygy bolup durýar, ýöne hukuk bozmalary amala aşyrmak üçin jogapkärçilik çäreleriniň esasy bölegi olara-da degişlidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde edilen jenaýat üçin jezanyň görnüşleri hökmünde şu aşakdakylar kesgitlenýär:

- ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek;
- jerime;

---

[1]Fiziki we ýuridik şahslaryň hukuk ukyplylygy, kämillik ukyplylygy hem-de jogapkärçilige ukyplylygy şu okuw gollanmasynyň 16-njy babynyň 2-nji soragynda seljerildi;

[2]17.12.1984 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 12-nji maddasy;

[3]Transport-"transporto-geçirỳärin" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, ỳükleri daşamak bilen meşgullanỳan önümçilik ulgamyny aňladỳar;

[4]Narkotiki-"narkotikos-doňduryp taşlaỳan" diỳen grek sözünden gelip çykyp, seriňi dumanlaỳjy, neşe serişdelerini aňladỳar;

[5]Psihotrop-"psyche-ruh, tropos-öwrüm, ugur" diỳen grek sözlerinden gelip çykyp, adamyň ruhy ỳagdaỳyna täsir edỳän derman serişdelerini aňladỳar.

- belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek;
- döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek;
- düzediş işleri;
- belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek;
- emlägini döwletiň haýryna geçirmek (konfiskasiýalamak[1]);
- azatlykdan mahrum etmek.[2]

Emma kämillik ýaşyna ýetmedik jenaýatçylar babatda jenaýat jezasynyň görkezilen görnüşlerinden diňe şu aşakdakylar bellenilip bilinýär:

- jerime;
- düzediş işleri;
- azatlykdan mahrum etmek.[3]

Ýaş ölçegi bilen bir hatarda hukuk bozujynyň jogapkärçilige ukyplylygynyň esasy şertleriniň biri onuň akylynyň düzüwligi bolup durýar. Akyly düzüwlik bilen bagly düşünjeler şu okuw gollanmasynyň 16-njy babynyň 2-nji soragynda seljerilýär.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda raýat hukugynda hukuk bozmanyň ýa-da deliktiň gatnaşyjy şahsy (subýekti) hökmünde fiziki şahslar bilen bir hatarda ýuridik şahslar hem çykyş edip bilýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 681-nji maddasynda, daşaýjynyň ýolagça ýetirilen zyýan üçin, şeýle hem onuň ýüküniň zaýalanandygy ýa-da ýitirilendigi üçin jogapkärçilik çekýändigi bellenýär. Şu ýerde daşaýjy hökmünde fiziki şahs hem, ýuridik şahs hem çykyş edip bilýär. Ýöne Türkmenistanyň jenaýat hukugynda diňe fiziki şahslar jenaýatyň subýekti bolup bilýärler.

Hukuk bozmanyň subýektiw tarapy bolsa onuň düzüminiň iň soňky, dördünji düzüm bölegi bolup durýar. Hukuk bozmanyň *subýektiw tarapy* – bu hukuk bozmany amala aşyran şahsyň günäsinde we onuň ýüze çykmalarynyň (bilkastlaýynlyk ýa-da seresapsyzlyk) görnüşinde[4], şeýle hem etmişiň delilleriniň we maksatlarynyň aýratynlyklarynda görünýän, öz etmişine bolan içki, ruhy gatnaşygydyr.

Bellenip geçilişi ýaly, günä bilen onuň delilleri we maksatlary hem örän berk baglanyşyklydyr. Hukuk bozmanyň *delili* – bu hukuk bozujynyň hukuga garşy etmişi amala aşyrmaklygyna itergi beren we onuň özüňi alyp barmagyň şol hukuga garşy görnüşini saýlap almagynda kegsitleýji ähmiýeti bolan ymtylyşy, islegidir. Hukuk bozmanyň delili hukuk bozujyny hukuga garşy özüňi alyp barşy amala aşyrmaklyga höweslendiriji, meçew beriji duýgy, pikir hökmünde çykyş edýär.

---

[1]Konfiskasiýanyň (“**confiscatio-**emlägi mejbury tertipde gazna almak, **fiscus-**gazna, hazyna” diýen latyn sözünden gelip çykan) kanunda berkidilişiniň mysaly hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 52-nji maddasyny görkezmek bolar. Bu maddada şeýle bellenýär: “1) Emlägi konfiskasiýalamak iş kesilen adamyň şahsy eýeçiliginde durýan, kanun tarapyndan gadagan usul bilen edinilen emlägi döwlet eýeçiligine mejbury suratda mugt almakdan ybaratdyr. 2) Emlägi konfiskasiýalamak betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr jenaýatlar üçin, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenilýär hem-de ol diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenilip bilner.”;

[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 44-nji maddasy;

[3]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 84-nji maddasy;

[4]Günä we onuň görnüşleri şu babyň 1-nji soragynda seljerilýär.

Deliliň düzümi esasan adamyň zerurlyklaryndan, ymtylyşlaryndan, gyzyklanmalaryndan we bähbitlerinden ybaratdyr.

Delillendirilendigi (deliliniň bolmagy) şahsyň hukuga garşy erkiniň ýüze çykmagyny häsiýetlendirýär. Ýöne köp halatlarda hukuk bozmalaryň dürli görnüşleri üçin jogapkärçilik çärelerini kesgitlände kanunçykaryjy hukuk bozujynyň delillerine biparh garaýar, sebäbi delilleri hukuk bozmany amala aşyran şahsyň günasi öz içine alýar. Onsoňam hukuga garşy etmişleriň käbir görnüşleriniň delili bolman hem bilýär. Mysal üçin, bozgakçylyk. Kanunçykaryjy bolsa hukuga garşy etmişiň deliliniň bardygy ýa-da ýokdugy üçin ony amala aşyran şahsa jogapkärçilik çäresiniň bellemeýär-de, onuň şol etmişi amala aşyrmakda günäkärdigi, günäliligi üçin temmi berýär. Ýöne käbir ýagdaýlarda kanunçykaryjy delili hukuk bozmany maddalaşdyrmak, ýagny onuň görnüşini we şol görnüşdäki etmiş üçin bellenilen jogapkärçilik çäresiniň görnüşini hem möçberini kesgitlemek üçin esasy alamat hökmünde-de degişli kanunyň maddasynda berkidýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “i” bendinde adamyň bilkastdan öldürilmeginiň aýratyn agyr görnüşi hökmünde onuň betnebislik meýilleri bilen öldürilmegini görkezýär. Betnebislik meýilleri şol görnüşdäki jenaýatyň delili bolup durýar.

Hukuk bozmanyň *maksady* onuň delili bilen örän jebis baglanyşykda durýar, emma bu düşünjeler birmeňzeş däldir. Bellenip geçilişi ýaly, delil özüňi alyp barmagyň görnüşini saýlap almakdaky we hukuk bozmany amala aşyrmakdaky ymtylyşy, islegi, pikiri, içki-ruhy iteriji duýguny aňladýar. Maksat bolsa şahsyň hukuk bozmany amala aşyrmak bilen nämä ymtylýandygyny, haýsy netijä ýetmek (haýsy netijäni gazanmak) isleýändigini aňladýar. Dügzün bolşuna görä, maksat hem edil delil ýaly hukuk bozmany amala aşyran şahsyň günäsiniň düzümine girýär we şonuň üçin hem kanunçykaryjy köp halatlarda hukuk bozmalaryň dürli görnüşleri üçin jogapkärçilik çärelerini kesgitlände hukuk bozmanyň maksadyna biperwaý seredýär. Emma käbir ýagdaýlarda kanunçykaryjy edil delili belleýşi ýaly, maksady hem hukuk bozmany maddalaşdyrmak, ýagny onuň görnüşini we şol görnüşdäki etmiş üçin bellenilen jogapkärçilik çäresiniň görnüşini hem möçberini kesgitlemek üçin esasy alamat hökmünde-de degişli kanunyň maddasynda berkidýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “n” bendinde adamyň bilkastdan öldürilmeginiň aýratyn agyr görnüşi hökmünde onuň  gan almak maksady bilen öldürilmegini görkezýär.  Gan almak maksady şol görnüşdäki jenaýatyň maksady bolup durýar.

## §3. Hukuk bozmalaryň görnüşleri

Hukuk bozmalary toparlara we görnüşlere bölmegiň iň giňden ýaýran usuly olary olaryň jemgyýetçilik howplulygynyň agyrlygynyň häsiýetine hem derejesine görä bölmek bolup durýar. Görnüşlere we toparlara bölmegiň şu usulyndan ugur alnanda hukuk bozmalar *etmişlere* we *jenaýatlara* bölünýärler.

*Jenaýat* – bu jenaýat kanunçylygy tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply, günäli etmişdir.[1]

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde amala aşyrylan jenaýatçylykly etmişiň agyrlygyna we günäniň görnüşine baglylykda, jenaýatlaryň aşakda görkezilen dört sany derejesiniň (kategoriýasynyň) bardygy bellenýär:

- uly bolmadyk agyr jenaýatlar;
- ortaça agyr jenaýatlar;
- agyr jenaýatlar;
- aýratyn agyr jenaýatlar.

*Uly bolmadyk agyr jenaýatlar* diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanylýar.

*Ortaça agyr jenaýatlar* diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy sekiz ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasap edilýär.

*Agyr jenaýatlar* diýlip, edilen etmişler üçiň jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy on bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanylýar.

*Aýratyn agyr jenaýatlar* diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýigrimi bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn jenaýatlar hasaplanylýar.[2]

*Hukuk bozujy etmişler* bolsa özleriniň amala aşyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çygryna baglylykda juda köpdürlidirler. Adatça hukuk edebiýatlarynda hukuk bozujy etmişleriň şu aşakdaky görnüşleriniň bardygy bellenilýär:

- konstitusion etmiş (delikt);
- raýat-hukuk etmişi (delikti);
- düzgün-nyzam etmişi;
- dolandyryş hukuk bozmasy (etmişi);
- gümrük etmişi;
- salgyt etmişi;
- ekologiýa hukuk bozmasy (etmişi);
- iş ýörediş etmişi;
- maliýe etmişi we ş.m.

Görkezilenleriň içinde hukuk ylmy tarapyndan seljerilmäge we öwrenilmäge esasy üns berilýänleri bolsa, konstitusion, raýat-hukuk, düzgün-nyzam, dolandyryş hukuk bozmalary (etmişleri) bolup durýar. Hukuk bozujy etmişleriň şol esasy dört görnüşi barada gysgaça durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek bolar:

- *konstitusion etmiş* (delikt) – bu jemgyýetçilik häkimiýet edarasynyň ýa-da şol edaranyň wezipeli şahsynyň jemgyýetçilik häkimiýetiniň amala

[1]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 10-njy maddasy;
[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 11-nji maddasy.

aşyrylýan çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýän we şeýle hereketler üçin döwletiň konstitusiýasynda hukuk joagpkärçilik çäreleri göz öňünde tutulan, hereket ýa-da hereketsizlik arkaly amala aşyrylýan, hukuga garşy, günäli etmişdir. Mysal üçin, döwletiň parlamentiniň döwletiň prezidentine ýa-da hökümetine ynamsyzlyk bildirmegi ýa-da döwletiň prezidentiniň parlamenti ýatyrmagy;

- *dolandyryş hukuk bozmasy* (etmişi) – bu döwlet ýa-da jemgyýetçilik tertibine, eýeçilige, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, bellenilen dolandyryş tertibine hukuk taýdan ters gelýän hyýanatçylykly, günäli (bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen amala aşyrylan) we onuň üçin dolandyryş kanunçylygynda jogapkärçilik çäresi göz öňünde tutulan hereket ýa-da hereketsizlikdir (etmişdir). Dolandyryş jogapkärçiligi haçan-da hukuk bozma öz häsiýeti boýunça jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmasa ýüze çykýar. Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunçylyk ilatyň zähmetini we saglygyny, eýeçiligi, daşky gurşawy goramaga, senagat, ýol hojalyk, ulag we aragatnaşyk, ýaşaýyş jaýlaryna hyzmat ediş hem abadanlaşdyryş, söwda we ş.m. pudaklarda ýüze çykýan hukuk bozmalara garşy göreşmäge niýetlenýär;
- *düzgün-nyzam etmişi* – bu gulluk gatnaşyklarynyň tertibini ýagny, zähmet, okuw, gulluk, harby we ş.m. düzgün-tertibi (dissiplinany[1]) bozýan etmişlerdir. Zähmet düzgün-tertibi diýen düşünje enjamlaýyn (tehnologik) we önümçilik düzgün-tertibi diýen düşünjeler bilen örän jebis baglanyşykda durýar. Mysal üçin, önümçilik düzgün-tertibiniň üpjün edilmegine iş beriji jogap berýär, zähmet düzgün-tertibini bolsa işçi (işgär) berjaý etmäge borçly. Zähmet düzgün-tertibi diýlende, işçiniň (işgäriň) zähmet kanunçylygynyň kadalaryna, zähmet şertnamasynyň şertlerine we iş berijiniň şolara esaslanýan görkezmelerine hem buýruklaryna laýyklykda özüni alyp barmagyna düşünilýär. Döwlet gullugy çygrynda bolsa “zähmet düzgün-tertibi” diýen adalga gulluk ýa-da ýerine ýetiriş düzgün-tertibini aňladýar. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi düzgün-nyzam etmişleriniň diňe käbirleriniň düzümlerini kesgitleýär we olar şu aşakdakylardyr:
  - öň düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylan işçi (işgär) tarapyndan zähmet şertnamasy ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen onuň üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň esasly sebäpler bolmazdan yzygiderli ýerine ýetirilmezligi;
  - işden sebäpsiz galynmagy, şol sanda iş gününiň dowamynda esasly sebäpler bolmazdan üç sagatdan köp iş ýerinde bolunmazlygy;
  - işçi (işgär) tarapyndan zähmet borçlarynyň gödek bozulmagy;
  - işde serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry serişdelri ulanan ýagdaý peýda bolunmagy;

[1]Dissiplina-“disciplina-öwüt-ündew, terbiýe bermek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir jemgyýetçilik toparynyň ähli agzalary üçin hökmany bolan özüňi alyp barmagyň bellenen tertibine, düzgünlerine tabyn bolunmagyny aňladýar.

- işçiniň (işgäriň) öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly özüne mälim bolan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan goralýan syryň (döwlet, täjirçilik, gulluk we başga syrlaryň) jar edilmegi;
- kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi ýa-da dolandyryş temmisini bermek ygtyýarlyklary bolan edaranyň karary bilen işçiniň (işgäriň) iş ýerinde kesekiniň emlägini ogurlandygynyň, sowrandygynyň, ony bilgeşleýin dargadandygynyň ýa-da zaýalandygynyň kesgitlenmegi;
- işçi (işgär) tarapyndan zähmeti goramak hakynda talaplaryň bozulmagy we onuň şol hereketleriniň agyr netijelere getirmegi (önümçilikdäki betbagtçylykly hadysa (awariýa[1]), heläkçilik) ýa-da onuň hereketleri şeýle ýagdaýlaryň ýüze çykmak howpuny döreden bolsa.[2]

- *Raýat-hukuk etmişi* (delikti) – bu emläkleýin we emläkleýin däl gatnaşyklar çygrynda hukuk kadalarynyň bozulmagydyr. Mysal üçin, şertnamalar boýunça borçnamalary berjaý etmezlik, at-abraýa, mertebä kast etmeklik. Başgaça aýdylanda, raýat-hukuk etmişleri (deliktleri) – bu raýat dolanyşygynyň[3] gatnaşyjylarynyň hukuk ýagdaýyna, eýeçilik hukugyna we beýleki emläk hukuklaryna kast edýän hereketler ýa-da hereketsizlikdir. Raýat-hukuk bozmalarynyň gatnaşyjy şahslary (subýektleri) fiziki we ýuridik şahslar bolup bilýärler.

Görkezilenlerden başga-da, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, tejribede gümrük, maliýe, ekologiýa, iş ýörediş hukuk bozmalary we hukuk bozmalarynyň beýleki görnüşleri bardyr. Häzirki döwürde Türkmenistanyň kanunçylygy olaryň käbirleri babatda kanunçylyk düşünjelerini we kesgitlemelerini işläp düzmegiň tapgyrynda bolsa-da, hukuk bozmalaryň aglaba köpüsiniň hukuk düzümi we olaryň amala aşyrylmagy üçin bellenilýän hukuk jogapkärçilik çäreleri milli kanunçylykda takyk hem anyk berkidilýär.

## §4. Hukuk bozmalaryň amala aşyrylmagynyň sebäpleri we şertleri

Häzirki döwürde jemgyýetçilik ylymlarynyň aglaba köpüsiniň, esasan hem hukuk ylmynyň öňünde hukuk bozmalaryň ýüze çykmaklarynyň sebäplerini öwrenip, olaryň durmuşy we tebigy (biologiki) başlangyçlarynyň özara gatnaşygyna düşünmek, şonuň esasynda jemgyýetçilik durmuşynda olaryň

[1]Awariỳa-“avaria-şikes” diỳen italỳan we “awar-şikes” diỳen arap sözlerinden gelip çykyp, haỳsydyr bir enjamyň hatardan çykmagyny ỳa-da betbagtçylyk hadysasyny aňladỳar;
[2]01.07.2009 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 6-12-nji bentleri;
[3]Raýat dolanyşygy-bu ykdysady dolanyşygyň raýat-hukuk aňlatmasy bolmak bilen, ol borçnamalaýyn hukuk şahasynyň (institutynyň) şertnamalaýyn we şertnamadan daşgary hukuk şahaçalary (subinstitutlary) bilen aňladylýar. Raýat dolanyşygyna gatnaşyjylar hökmünde fiziki we ýuridik şahslar, käbir ýagdaýlarda bolsa döwlet hem (onuň özi ýa-da edaralary, wezipeli şahslary) çykyş edýärler. Raýat dolanyşygynyň mazmunyna, oňa gatnaşyjylaryň öz aralarynda baglaşan geleşikleriniň ýa-da beýleki hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) esasynda emlägiň bir şahsdan başga bir şahsa geçmegi girýär. **Geleşik**-Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 75-nji maddasyna laỳyklykda, fiziki we ýuridik şahslaryň öz erk-isleglerini raỳat hukuklaryny we borçlaryny edinmäge, üýtgetmäge ýa-da bes etmäge gönükdirip, hereket etmegi geleşik diỳlip hasaplanýar.

möçberini azaltmagyň netijeli usullaryny işläp düzmek babatdaky çylşyrymly mesele keserip dur.

Mälim bolşy ýaly, hukuk bozmanyň *sebäpleri* hukuk bozujy şahsyň öz bähbitlerini kanagatlandyrmaklygy we öz gyzyklanmalaryny beýan etmekligi hukuga garşy hereket ýa-da hereketsizlik bilen amala aşyrmaga ymtylyşlary bolup durýar.

Hukuk bozmanyň *şertleri* bolsa, gönüden-göni hukuk bozmany döretmeýän, emma olaryň amala aşyrylmagyna ýardam berýän durmuşy (sosial) ýa-da tehniki sebäplerdir. Olar hukuk bozmalaryň sebäplerini emele getirýän we olara gönüden-göni täsir edýän islenilmeýän, ýaramaz (negatiw) ýagdaýlardyr.

Hukuk bozmanyň *ýagdaýlary* diýlende, hukuk bozmanyň sebäbiniň herekete girmegine itergi berýän, ony herekete getiriji ymtylyş hökmünde çykyş edýän, belli bir hadysalaýyn häsiýetli ýaramaz ýagdaýlara düşünilýär. Mysal üçin, belli bir şahsyň gymmatbahaly sagat edinesi gelýär, ýöne şol sagady satyn almaga ýeterlik pul gazanmak üçin zähmet çekmek islemeýär. Bir gün bolsa bazaryň gyrasy bilen geçip barýarka sagat satylýan dükanyň gapysynyň açykdygyny, satyjysynyň bolsa dükany gözegçiliksiz goýup, ep-esli aňyrda goňşy dükandaky satyjy gyz bilen gepleşip durandygyny görýär. Ol satyjylardan gizlenip, çaltlyk bilen dükana girýärde ol ýerden özüniň edinesi gelýän gymmatbaha sagadyny ogurlap, alyp, dükandan çykyp gidýär.

1) Bu ýerde şahsyň gymmatbaha sagady edinmeklige bolan islegini hukuk bozmanyň, ýagny jenaýatyň <u>sebäbi</u> hökmünde kesgitläp bolar;
2) Satyjynyň dükany gözegçiliksiz goýup gitmegi, onuň öz zähmet borçlaryny berjaý etmeklige geleňsiz çemeleşmegi hukuk bozmanyň <u>şerti</u> bolup durýar.
3) Şahsyň öz maksadyna zähmet çekmän aňsatlyk bilen, bikanun ýol bilen ýetmeklige bolan ymtylyşyny bolsa onuň amala aşyran hukuk bozmasynyň <u>sebäbini hereketlendiriji ýagdaý</u> hökmünde kesgitlemek bolar.

Jenaýaty öwrenijiler (kriminologlar) tarapyndan her bir takyk hukuk bozmanyň emele gelşiniň we amala aşyrylyşynyň sebäpleýin yzygiderliligi, edebi dilde aýdylanda "zynjyry" düzülýär. Ol sebäpleýin yzygiderlilik (zynjyr) bolsa şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- şahsyýetiň emele gelşiniň näsazlyklary (betbagt çagalyk, ýaramaz, jenaýatçylykly gurşawda (arakhor, neşekeş ýa-da jenaýatçy maşgalada) önüp-ösmegi, terbiýesine üns berilmezligi we ş.m.);
- şahsyýetiň zerurlyklarynyň, onuň özüne erk edişiniň näsazlyklary (deformasiýasy[1]), ýaramaz ugra gönükmegi (jynsy islegleriniň azgynlygy, ogurlyk etmäge ýykgyn etmek (kliptomaniýa[2]), ýiti duýgulary yzygiderli başdan geçirmeklige bolan höwes we ş.m.);

[1]Deformasiýa-"deformation-bulaşyklyk" diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zadyň daşky görnüşiniň, mazmunynyň bolmalysyndan üýtgemegini aňladýar;
[2]Kliptomaniýa-"to clip-gysmak, clip-kesmek, gyrkmak" diýen iňlis we "mania-hyjuw, joşgunlylyk, dälilik" diýen grek sözlerinden gelip çykyp, hemişe ogurlyk etmeklige çensiz-çaksyz höwes bolan ruhy ýagdaýy aňladýar. Bu ýagdaý käbir ýurtlarda akyly ýerinde dällik diýlip hasaplanýar.

- şahsyýetiň ugur alýan gymmatlyk garaýyşlarynyň ugrunyň ýaramaz ugra gönükmegi (dogruçyl, ynsaply adamyň betnebislik meýillerinden ugur alyp, jenaýatçylykly ýola baş goşmagy we ş.m.).

Şu kesgitleýji sebäpler bolan ýagdaýynda hukuk bozmanyň emele gelmegi we amala aşmagy üçin oňa ýardam berýän degişli şertleriň, ýagdaýyň bolmagy ýeterlikdir.

Umuman ýer ýüzündäki jemgyýetleriň aglaba köpüsinde hukuk bozmalaryň amala aşyrylmagyna has umumy ýaýran şu aşakdaky sebäpler täsir edýärler:

- ilatyň durmuşynyň maddy taýdan pesde bolmagy;
- ilatyň aýry-aýry gatlaklarynyň girdejileriniň biri-biriniňkä garanyňda öte uly aratapawudynyň bolmagy (baýlar öte baý, garyplar öte garyp, garyplaryň baýlara bahylçylygy);
- gözegçiliksiz (köçede) önüp-ösýän çagalaryň sanynyň öte köp bolmagy;
- arakhorluk, neşekeşlik ýaly ters özüňi alyp barmagyň ýaýrawynyň çäginiň uly bolmagy;
- umumy medeniýetiň we hukuk medeniýetiniň derejesiniň pes bolmagy;
- umumy ahlak çökgünçiligi (krizisi);
- kanunçylygyň kämil bolmazlygy;
- hukuk goraýjy edaralaryň alyp barýan işiniň ýeterlik derejede netijeli bolmazlygy;
- durmuşy (sosial) gözegçiligiň[1] gowşamagy;
- halkara jenaýatçylyga garşy göreşmek babatdaky hyzmatdaşlygyň pes derejede guralmagy we ş.m.

[1]Durmuşy (sosial) gözegçilik – bu jemgyýetiň we onuň bölümleriniň (toparlarynyň, guramalarynyň), bozulmagy durmuşy (sosial) ulgamyň kadaly hereket etmegine zelel ýetirýän çäklendirmeleriň berjaý edilmegini üpjün edýän mehanizmidir. Bu dolandyryşyň tebigy düzüm bölegi bolup durýar. Durmuşy (sosial) gözegçiligiň esasy obýektlerine hukuk we ahlak kadalary, adatlar, dolandyryş çözgütleri girýärler. Durmuşy (sosial) gözegçiligiň hereket etmeginiň mazmuny durmuşy (sosial) çäklendirmeleri bozujylaryň garşysyna dürli temmi çäreleriniň ulanylmagyndan ybaratdyr. Durmuşy (sosial) gözegçilik döwlet, şeýle hem durmuşy (sosial) topar tarapyndan amala aşyrylýar. Mysal üçin, işjeňligiň haýsydyr bir görnüşiniň tertipli yzygiderlilikde amala aşyrylmagyna (prossesine) gatnaşyjylaryň birek-birege gözegçilik etmekleri, jemgyýetçilik pikirini beýan etmegiň dürli görnüşleri, mysal üçin ahlak taýdan ýazgarmak, aragatnaşygy düýpgöter kesmeklige sezewar etmek we ş.m.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 22.1.**

### Hukuk bozma

Bu adamyň jemgyýetçilik howply, hukuga garşy, günäli etmişi bolup, ol şahsyýete, eýeçilige, döwlete ýa-da tutuş jemgyýete zyýan ýetirýär we şol sebäpli-de ony amala aşyran şahs babatda hukuk (ýuridik) jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär

### Onuň esasy alamatlary:

**Onuň hukuga garşylygy**

Etmişiň (özüňi alyp barmagyň) hukuga garşylygy şeýle hereketleri amala aşyrmagyň ýa-da amala aşyrmakdan saklanmagyň gadagandygynyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namasynda berkidilýänligini aňladýar. Hukuga garşylyk hukuk bozmanyň galyby, daşky gurluşy, jemgyýetçilik howplulygy (zyýan) bolsa onuň mazmuny, içki gurluşy bolmak bilen, hukuga garşylyk jemgyýetçilik howplulugynyň hukuk taýdan (ýuridik) aňlatmasydyr

**Onuň jemgyýetçilik howplulygy**

Bu jenaýatyň ýa-da hukuk bozmalaryň gaýry görnüşleriniň umumy (maddy) alamaty bolmak bilen, ol şeýle özüňi alyp barmagyň jemgyýet üçin zyýanlydygyny görkezýär we jemgyýetde hereket edýän gatnaşyklaryň ulgamyna, durmuşyň gurluşyna zyýan ýetirilmegini ýa-da zyýan ýetirmek howpunyň döredilmegini aňladýar

**Onuň günäliligi**

**Onuň hukuk jogapkärçiligine degişliligi**

Hukuk bozmanyň üçünji alamaty onuň günäliligi bolup durýar. Umumy düzgüne laýyklykda, eger-de adamyň etmişinde onun günäsi ýok bolsa, eger-de şol etmiş hereket edýän hukuk tertibine garşy bolan ýagdaýynda-da, ol hukuk bozma diýlip hasap edilmeýär. Günä – bu niýetlilik ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde aňladylan, edýän etmişine adamyň özüniň düşünjeli-erkli ruhy (psihiki) gatnaşygydyr

Bu hukuk bozmanyň gatnaşyjy şahsynyň (subýektiniň, hukuk bozmany amala aşyran şahsyň) amala aşyran hukuga garşy etmişi üçin oňyn däl (ýaramaz, islenilmeýän) netijeleri başyndan geçirmäge (çekmäge) bolan, hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan borjudyr. Ol kanunda göz öňünde tutulan we döwletiň degişli edaralary tarapyndan ulanylýan, hukuk bozujy şahsyň belli bir hukuklaryndan (eşretlerinden) mejbury tertipde mahrum edilmegidir ýa-da şol hukuklaryň (eşretleriň) mejbury tertipde çäklendirilmegidir.


Çyzgy 22.2.
Hukuk bozmanyň netijesinde ýetirilýän ýa-da ýetirmek howpy döredilýän zeleliň esasy görnüşleri
Maddy zelel
Ahlak zeleli
Saglyk zeperi
Beýleki görnüşleri:
Ykdysady zelel
Harby zelel
Dolandyryşyň tertibine ýetirilen zelel
Raýatlaryň konstitusion hukuklaryna ýetirilen zelel
jemgyýetçilik tertibine ýetirilen zelel we ş.m.
Hukuk bozmanyň ýuridik düzümi
Düzüm bölekleri:
bu belli bir etmişiň hukuk bozma hökmünde ykrar edilmegi üçin zerur we ýeterlik bolan umumy (obýektiw) hem şahsy (subýektiw) alamatlaryň (düzüm bölekleriň) hökmany jemidir
Düzüm bölekleri:
Obýekt
Obýektiw tarap
Subýekt
Subýektiw tarap
bu hukuk bozmanyň daşky häsiýetli alamatlarydyr. Ol hereket ýa-da hereketsizlik bilen amala aşyrylýan etmiş, jemgyýetçilik howply netije, etmiş bilen netijäniň arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk ýaly esasy alamatlary özünde jemleýär
bu hukuk ukyby, kämillik ukyby we jogapkärçilige (delikte) ukyply bolan şahsdyr. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, fiziki we ýuridik şahslar hukuk bozmanyň subýektleri bolup bilýärler
bu hukuk bozmanyň zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän (kast edýän), hukuk tarapyndan goralýan we düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr
bu hukuk bozmany amala aşyran şahsyň günäsinde we onuň ýüze çykmalarynyň (bilkastlaýynlyk ýa-da seresapsyzlyk) görnüşinde, şeýle hem etmişiň delilleriniň we maksatlarynyň aýratynlyklarynda görünýän, öz etmişine bolan içki, ruhy gatnaşygydyr

Çyzgy 22.3.


Hukuk bozmanyň obýektiw tarapynyň alamatlary
Esasy alamatlary:
Hereket
Hereketsizlik
Sebäpli arabaglanyşyk
Jemgyýetçilik howply netije
Hukuk bozmanyň ýaragy
Hukuk bozmanyň guraly
Hukuk bozmanyň ýagdaýy
Goşmaça alamatlary:
Hukuk bozmanyň wagty
Hukuk bozmanyň ýeri
Hukuk bozmanyň usuly we ş.m.
Hukuk bozmanyň subýekti
Fiziki şahs
Ýuridiki şahs
bolmaly
Hukuk ykyply
Kämillik ykyply
Jogapkärçilige ykyply
bolmaly
Hukuk bozmanyň subýektiw tarapynyň düzüm bölekleri
Günä
Delil
Maksat
Bilkastlaýynlyk
Göni niýetli
Gytaklaýyn niýetli
Seresapsyzlyk
Harsallyk
Aşa ynam edijilik
Ikileýin görnüşi


Çyzgy 22.4.
Hukuk bozmanyň görnüşleri
Jenaýatlar
Hukuk bozujy etmişler
Uly bolmadyk agyr jenaýat
Ortaça agyr jenaýat
Agyr jenaýat
Aýratyn agyr jenaýat
Konstitusion etmiş
Dolandyryş etmişi
Raýat-hukuk etmişi
Maliýe etmişi
Iş ýörediş etmişi
Düzgün-nyzam etmişi
Salgyt etmişi we ş.m.
Jenaýat
Bu jenaýat kanunçylygy tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply, günäli etmişdir


Çyzgy 22.5.
Konstitusion etmiş
Bu jemgyýetçilik häkimiýet edarasynyň ýa-da şol edaranyň wezipeli şahsynyň jemgyýetçilik häkimiýetiniň amala aşyrylýan çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýän we şeýle hereketler üçin döwletiň konstitusiýasynda hukuk joagpkärçilik çäreleri göz öňünde tutulan, hereket ýa-da hereketsizlik arkaly amala aşyrylýan, hukuga garşy, günäli etmişdir
Dolandyryş hukuk bozmasy
Bu döwlet ýa-da jemgyýetçilik tertibine, eýeçilige, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, bellenilen dolandyryş tertibine hukuk taýdan ters gelýän hyýanatçylykly, günäli (bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen amala aşyrylan) we onuň üçin dolandyryş kanunçylygynda jogapkärçilik çäresi göz öňünde tutulan hereket ýa-da hereketsizlikdir (etmişdir)
Raýat-hukuk etmişi
Bu emläkleýin we emläkleýin däl gatnaşyklar çygrynda hukuk kadalarynyň bozulmagydyr. Mysal üçin, şertnamalar boýunça borçnamalary berjaý etmezlik, at-abraýa, mertebä kast etmeklik.
bu raýat dolanyşygynyň gatnaşyjylarynyň hukuk ýagdaýyna, eýeçilik hukugyna we beýleki emläk hukuklaryna kast edýän hereketler ýa-da hereketsizlikdir

**Çyzgy 22.6.**

**Düzgün-nyzam etmişi**

Bu gulluk gatnaşyklarynyň tertibini ýagny, zähmet, okuw, gulluk, harby we ş.m. düzgün-tertibi bozýan etmişlerdir. Zähmet düzgün-tertibi diýen düşünje enjamlaýyn (tehnologik) we önümçilik düzgün-tertibi diýen düşünjeler bilen örän jebis baglanyşykda durýar. Mysal üçin, önümçilik düzgün-tertibiniň üpjün edilmegine iş beriji jogap berýär, zähmet düzgün-tertibini bolsa işçi (işgär) berjaý etmäge borçly.

**Hukuk bozmalaryň ýüze çykmagynyň iteriji başlangyçlary**

Hukuk bozmalaryň sebäpleri

Hukuk bozmalaryň şertleri

Hukuk bozmalaryň ýagdaýlary

hukuk bozujy şahsyň öz bähbitlerini kanagatlandyrmaklygy we öz gyzyklanmalaryny beýan etmekligi hukuga garşy hereket ýa-da hereketsizlik bilen amala aşyrmaga ymtylyşlary bolup durýar

hukuk bozmanyň sebäbiniň herekete girmegine itergi berýän, ony herekete getiriji ymtylyş hökmünde çykyş edýän, belli bir hadysalaýyn häsiýetli ýaramaz ýagdaýlardyr

gönüden-göni hukuk bozmany döretmeýän, emma olaryň amala aşyrylmagyna ýardam berýän durmuşy (sosial) ýa-da tehniki sebäplerdir. Olar hukuk bozmalaryň sebäplerini emele getirýän we olara gönüden-göni täsir edýän islenilmeýän, ýaramaz (negatiw) ýagdaýlardyr

**Çyzgy 22.7.**

## Hukuk bozmalaryň ýüze çykmagyna täsir edýän has umumy mahsus sebäpler

- ilatyň durmuşynyň maddy taýdan pesde bolmagy
- ilatyň aýry-aýry gatlaklarynyň girdejileriniň biri-biriniňkä garanyňda öte uly aratapawudynyň bolmagy (baýlar öte baý, garyplar öte garyp, garyplaryň baýlara bahylçylygy)
- gözegçiliksiz (köçede) önüp-ösýän çagalaryň sanynyň öte köp bolmagy
- arakhorluk, neşekeşlik ýaly ters özüňi alyp barmagyň ýaýrawynyň çäginiň uly bolmagy
- umumy medeniýetiň we hukuk medeniýetiniň derejesiniň pes bolmagy
- umumy ahlak çökgünçiligi (krizisi)
- kanunçylygyň kämil bolmazlygy
- hukuk goraýjy edaralaryň alyp barýan işiniň ýeterlik derejede netijeli bolmazlygy
- durmuşy (sosial) gözegçiligiň gowşamagy
- halkara jenaýatçylyga garşy göreşmek babatdaky hyzmatdaşlygyň pes derejede guralmagy we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk bozma nähili etmiş?**
- jemgyýetçilik howply;
- hukuga garşy;
- günäli;
- diňe hereket arkaly amala aşyrylýan.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk bozmanyň näçe sany alamaty bar?**
- iki;
- dört;
- üç;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk bozmanyň netijesinde ýetirilýän ýa-da ýetirmek howpy döredilýän zeleliň haýsy esasy görnüşleri bar?**
- ykdysady zelel;
- ahlak zeleli;
- saglyk zeperi;
- maddy zelel.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Adam özüniň jenaýat etmek islegi, meýli, niyeti, pikiri üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilermi?**
- hawa, eger-de onuň pikiri, niýeti haýsydyr bir maddy hereketleriň (jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek) üsti bilen ýüze çyksa;
- ýok, eger-de onuň pikiri, niýeti haýsydyr bir maddy hereketleriň (jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek) üsti bilen ýüze çykmasa;
- hawa;
- ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk bozmanyň hukuk düzümine şu alamatlar girýärler:**
- jemgyýetçilik howplulygy, hukuga garşylylygy, günäliligi, jogapkärçilige degişliligi;
- zyýanly netije, bikanunylyk, hereket we hereketsizlik, temmi çäreleri;
- obýekt, obýektiw tarap, subýekt, subýektiw tarap;
- zelel, etmiş, hukuga garşylyk, jeza.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Hukuk bozmanyň obýekti – bu,**
- kanuna garşy hereketiň kast edýän zadydyr;
- bikanun hereket ýa-da hereketsizlik arkaly zyýan ýetirilýän emläklerdir;
- hereket edýän kanunçylyk tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr;

- hukuk bozmanyň zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, hukuk tarapyndan goralýan we düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

***Has dogry jogaby tapyň.***

**7) Hukuk bozmanyň obýektiw tarapynyň esasy alamatlaryna degişli:**
- hukuk bozmanyň wakasy;
- etmiş;
- netije;
- sebäpli arabaglanyşyk.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk bozmanyň obýektiw tarapynyň goşmaça alamatlaryna degişlidir:**
- hukuk bozmanyň maksady we delili;
- hukuk bozmanyň wagty, ýeri, ýaragy, serişdeleri, ýagdaýy we ş.m.;
- hereket we hereketsizlik;
- hukuk bozujy şahsyň ýaş möçberi, ruhy ýagdaýy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Hukuk bozmanyň subýekti:**
- on sekiz ýaşyna ýeten, akly düzüw fiziki şahs bolmaly;
- hukuk ukyply, kämillik ukyply we jogapkärçilige ukyply fiziki ýa-da ýuridik şahs bolmaly;
- şol raýatlygy bolan, on sekiz ýaşyna ýeten, kämillik ukyby çäklendirilmedik şahs bolmaly;
- on alty ýaşan, akly düzüw fiziki şahs bolmaly.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Hukuk bozmalaryň ähli görnüşleriniň subýektleri fiziki we ýuridik şahslar bolup bilýärlermi?**
- ýok;
- hawa;
- ýok, ýuridik şahslar jenaýatyň subýekti bolup bilmeýärler;
- hawa, hatda haýwanlar hem hukuk bozmanyň subýekti bolup bilýärler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Hukuk bozmanyň subýektiw tarapynyň esasy alamatlary şulardyr:**
- günä;
- hukuga garşylyk;
- jemgyýetçilik howply netije;
- hukuk jogapkärçiligine çekilmäge degişli hereket ýa-da hereketsizlik.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Günäniň haýsy görnüşleri bar?**
- bilkastlaýynlyk we seresapsyzlyk;
- göni niýetlilik we gytaklaýyn niýetlilik;

- harsallyk we aşa ynam edijilik;
- aýratyn zalymlyk we betnebislik.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Ýolda ulagyny 60 km/sag tizlikde dolandyrmaly ýerde, şeýle tizlikde ulagy sürmek hakynda belgini görse-de raýat Näbelliýew ulagyny 120 km/sag tizlikde dolandyryp, ýoluň geçmesiz ýerinden geçip barýan pyýadany kakýar. Pyýada şol ýerde jan berýär.**

**Raýat Näbelliýewiň hereketleri günäniň haýsy görnüşine degişli?**

- bilkastdan, sebäbi ol degişli belgini görse-de ýol hereketiniň düzgünlerini özi düşünip we isläp bozupdyr;
- seresapsyzlykdan, sebäbi ol pyýadanyň öz ulagynyň öňüne çolaşjakdygyny öňünden görüp bilmez we onda şony öňünden görmäge hiç-hili mümkinçilik ýok;
- onuň hereketlerinde günäniň ikileýin görnüşi bar, ol bilkastdan ýol hereketiniň düzgünlerini bozýar, seresapsyzlykdan bolsa adamy kakýar;
- bu ýerde sürüji diňe dolandyryş etmişini edýär, sebäbi pyýada geçmesiz ýerden geçip, janyndan jyda düşmegine onuň özi günäkär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Hukuk bozmalaryň ählisinde delil we maksat barmy?**

- ýok;
- hawa;
- diňe jenaýatlarda bar, hukuk bozmalaryň galan görnüşlerinde ýok;
- diňe jenaýatlarda ýok, hukuk bozmalaryň galan görnüşlerinde bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Hukuk bozmalaryň esasy görnüşlerine girýärler:**

- jenaýatlar, gümrük, salgyt, maliýe we raýat hukuk etmişleri;
- dolandyryş, konstitusion, düzgün-nyzam etmişleri we jenaýatlar;
- jenaýatlar, konstitusion, dolandyryş, raýat hukuk we düzgün-nyzam etmişleri;
- harby we raýatlyk etmişleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Türkmenistanda “jenaýat” diýlip kesgitlenýän etmişleriň gutarnykly sanawy haýsy kanunlarda berilýär?**

- Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde we beýleki kanunçylyk namalarynda;
- Türkmenistanyň Jenaýat we Dolandyryş hukuk bozulmalary hakynda kodekslerinde;
- Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde;
- Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Türkmenistanda jenaýatlaryň näçe derejesi (kategoriýasy) bar?**

- dört;
- olaryň belli sany ýok;

- Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň maddalarynyň sanyna laýyklykda 259 sany;
- Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň bölümleriniň sanyna laýyklykda 7 sany.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Raýat-hukuk etmişi – bu,**
- gulluk gatnaşyklarynyň tertibini ýagny, zähmet, okuw, gulluk, harby we ş.m. düzgün-tertibi bozýan etmişlerdir;
- emläkleýin we emläkleýin däl gatnaşyklar çygrynda hukuk kadalarynyň bozulmagydyr;
- hereket edýän kanunçylyk tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply, jenaýata barabar, günäli etmişdir;
- fiziki şahslaryň maddy we maddy däl eşretlerine kast edýän bikanun etmişerdir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk bozmalaryň ýüze çykmagynyň iteriji başlangyçlaryna degişlidir:**
- hukuk bozmalaryň sebäpleri;
- hukuk bozmalaryň şertleri;
- hukuk bozmalaryň ýörelgeleri;
- hukuk bozmalaryň ýagdaýlary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hukuk bozmalaryň esasy näçe sany sebäpleri we şertleri bar?**
- alty;
- ýedi;
- on we ondan hem köp;
- altydan gowrak.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 23-nji bap. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiligi

## §1. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiligi barada düşünje, onuň alamatlary we esaslary

Hukuk ylmynda hukuk (ýuridik) jogapkärçiligine iki röwüşde (aspektde) garalýar:

- oňyn (pozitiw, perspektiw[1]) hukuk jogapkärçiligi – bu adamyň öz borçlaryny berjaý etmeklige jogapkärçilikli çemeleşmegidir, hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) düşünjeli we işjeň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarydyr;
- dessurlaýyn (retrospektiw[2]) hukuk jogapkärçiligi – bu hukuk jogapkärçiligine amala aşyrylan hukuk bozma üçin temmi çäreleriniň jemi hökmünde garalmagydyr.

Şeýlelik bilen, dessurlaýyn düşünjede, *hukuk jogapkärçiligi* – bu hukuk bozmanyň gatnaşyjy şahsynyň (subýektiniň, hukuk bozmany amala aşyran şahsyň) amala aşyran hukuga garşy etmişi üçin oňyn däl (ýaramaz, islenilmeýän) netijeleri başyndan geçirmäge (çekmäge) bolan, hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan borjudyr. Başgaça aýdylanda, hukuk jogapkärçiligi kanunda göz öňünde tutulan we döwletiň degişli edaralary tarapyndan ulanylýan, hukuk bozujy şahsyň belli bir hukuklaryndan (eşretlerinden) mejbury tertipde mahrum edilmegidir ýa-da şol hukuklaryň (eşretleriň) mejbury tertipde çäklendirilmegidir.

Hukuk jogapkärçiliginiň anyk alamatlary bardyr we olar şu aşakdaky ýagdaýlarda aýdyň görünýärler:

- onuň ulanylmagynyň ýörite esaslarynyň bardygy, ýagny hukuk jogapkärçiligi, bellenilen iş ýörediş tertibinde subut edilen günäli, jemgyýetçilik howply we hukuga garşy etmişiň barlygynda, kanunylyk, jogapkärçiligiň gutulgyzylygy we şahsylaşdyrylmagy (indiwidallaşdyryl-magy[3]), her bir hukuk bozuja eden etmişine barabar temmi berilmegi ýörelgeleriniň doly berjaý edilmeginiň esasynda amala aşyrylýar;
- saýlamak erkinligi (erk-islegiň azatlygy) şahsyň amala aşyrylan hukuga garşy etmiş üçin hukuk jogapkärçiligine çekilmeginiň esasgoýujy şerti bolup durýar. Onuň manysy, gatnaşyjy şahsyň (subýektiň) ýüze çykan hukuk hadysasyny çözmek, ondan baş alyp çykmak üçin hukuga garşy ýa-da hukuga laýyk hereketiň ikisinden birini saýlamaga mümkinçiliginiň bolanlygyndan ybaratdyr, ýagny hukuk bozujynyň hukuga garşy etmişi kimdir biri tarapyndan mejbur edilip ýa-da haýsydyr bir öňüni alyp

---

[1]Perspektiw-“perspicio-aýdyň görýärin” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[2]Retrospektiw-“retro-yza, specio-seredýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, geçmişe garamagy, geçmişde bolup geçen wakalary seljermegi, gaýtadan dikeltmegi aňladýar;

[3]Hukuk jogapkärçiliginiň (jezasynyň) şahsylaşdyrylmagy (indiwiduallaşdyrylmagy)-bu kanunda bellenilen jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleriniň (sanksiýalaryň) çäklerinde, amala aşyrylan hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygynyň häsiýetini we agyrlyk derejesini, günäkäriň şahsyýetini, onuň hereketlerinde (hereketsizliginde) kanunda bellenen jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny nazara almak bilen jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleriniň bellenilmegini aňladýar.

bolmajak güýjüň täsiriniň astynda däl-de, öz erkin erk-islegine görä amala aşyrylmagy ony hukuk jogapkärçiligine çekmek üçin esas bolup bilýär;

- hukuga garşy etmişi amala aşyrmakda günäkär şahs döwlet we jemgyýet tarapyndan ýazgarylýar;
- hukuk bozmany amala aşyran şahs üçin islenilmeýän, ýaramaz netijeler ýüze çykýar. Bu ýerde "ýaramaz netijeler" diýlende, döwlet tarapyndan hukuk bozujy şahsyň haýsydyr bir borçlary berjaý etmeklige mejbur edilmegine ýa-da onuň haýsydyr bir hukuklaryndan mahrum edilmegine, ýa-da belli bir hukuklarynyň çäklendirilmegine düşünilýär;
- hukuk jogapkärçiligi diýen düşünje döwlet mejburylygy diýen düşünje bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi hukuk jogapkärçiligi jemgyýetçilik (sosial) jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerinden[1] tapawutlylykda döwlet tarapyndan kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýär we hukuga garşy etmişi amala aşyrmakda günäkär şahsa täsir etmegiň usullarynyň iň esasysy bolup durýar;
- hukuk jogapkärçiligi jemgyýetçilik (sosial) jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda ýörite iş ýörediş tertibinde bellenilýär we ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, ahlak jogapkärçiliginiň bellenilmegi we amala aşyrylmagy jemgyýetçilik tarapyndan anyk, kesgitli bolmadyk görnüşde we tertipde amala aşyrylýar. Ýönekeý aýdylanda, kimdir biri özüni ahlaksyz alyp barsa köpçülik özara maslahatlaşmazdan-dilleşmezden onuň bilen gepleşmegini, salam alşyp-bermegini, onuň toýuna-ýasyna gatnaşmagyny goýýar. Hukuga garşy etmiş eden şahs babatda bolsa, mysal üçin jenaýatçy babatda, hukuk jogapkärçilik çäresiniň bellenilmegi hem ýerine ýetirilmegi üçin kazyýetiň kanuna laýyk höküminiň çykarylmagy we onuň kanuny güýjüne girmegi hökman bolup durýar.

## <u>§2. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň pudaklaýyn şahalary (institutlary)</u>

Hukuk jogapkärçiligini görnüşlere bölmegiň iň giňden ýaýran görnüşi, olary hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň närsesine (hukuk pudaklaryna) görä görnüşlere bölmek bolup durýar.

*Konstitusion jogapkärçilik* hukuk şahasynyň (institutynyň) bolmagy onuň şu aşakdaky ýörite maksatlarynyň bardygy bilen häsiýetlendirilýär:

- konstitusiýanyň agalygyny we gönüden-göni hereket etmegini üpjün etmek;
- hereket edýän konstitusiýanyň goraglylygyny üpjün etmek;
- konstitusion hukuk tertibiniň we kanunylygyň üpjün edilmegi;
- konstitusiýanyň bozulmagy üçin berilýän jezanyň adalatlygyny üpjün etmek we ş.m.

Umumy düzgünlere laýyklykda konstitusion jogapkärçilik kadalarynyň özünde jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleri (sanksiýalar) kesgitlenmeýär, olar şol

[1]Jemgyýetçilik (sosial) jogapkärçiligiň beýleki görnüşleri diýlende, ahlak, dini, däp-dessur we ş.m. jogapkärçiliklerine düşünilýär.

jogapkärçilik çärelerini takyklaýyn we olaryň görnüşini, möçberini berkidýän başga kadalaşdyryjy hukuk namalara salgylanma berýärler. Has hem hereket edýän kanunçylykda, konstitusion jogapkärçilik bilen bagly mesele, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň bozulmagy bilen baglylykda has jikme-jik işlenilip düzülendir.

Konstitusion-hukuk kanunçylygynyň kadalarynyň bozulmagy zerarly ýüze çykýan hukuk netijeleriniň (jogapkärçilik, temmi, jeza çäreleriniň) ýaýrawy (diapazony[1]) örän giňdir. Mysal üçin, ol çäreleriň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bolup biler:

- döwlet edaralarynyň hukuk namalarynyň tutuşlygyna ýa-da olaryň aýry-aýry düzgünleriniň hereket etmeginiň togtadylmagy ýa-da ýatyrylmagy;
- saýlawlaryň ýa-da sala salşygyň netijeleriniň hakyky däl diýip bilinmegi (ýatyrylmagy);
- hereket edýän kanunçylygyň kadalary ýa-da bellenilen gadaganlyklar gödek ýa-da birnäçe sapar, yzygiderli bozulan halatynda, saýlawlara gatnaşýan dalaşgärleriň sanawynyň hakyky däl diýlip bilinmegi (ýatyrylmagy);
- dürli döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslarynyň ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň işiniň möhletinden öň bes edilmegi;
- saýlawlara gatnaşmak işleýän jemgyýetçilik guramasyny ýa-da dalaşgäri döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi we ş.m.

Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynda syýasy jogapkärçiligiň düzüm bölekleriniň hem ýüze çykmagy mümkin. Sebäbi köp halatlarda syýasy jogapkärçiligiň ýüze çykmagy, esasan hem döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary ýaly, konstitusion hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) nädogry işi, nädogry alyp baran syýasy ugry ýa-da başga oňyn däl hereketleri zerarly bolup geçýär.

Hukuk jogapkärçiliginiň ikinji bir esasy görnüşi *jenaýat jogapkärçiligi* bolup durýar. Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň mysalynda alnanda, jenaýat jogapkärçiligi – bu döwletiň berk kesgitlenen edaralarynyň we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň degişli maddasynda (maddalarynda) göz öňünde tutulan jenaýatyň hukuk düzüminiň alamatlary hereketlerinde bolan fiziki şahsyň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşygy bolup, ol günäkär babatda berk bellenen iş ýörediş tertibinde döwlet mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagyny aňladýar.

Bu hukuk jogapkärçiliginiň iň zabun we berk temmi çärelerini özünde jemleýän pudaklaýyn şahasydyr (institutydyr). Onuň tapawutly aýratynlyklary bolsa şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ol jemgyýetçilik-hukuk häsiýetlidir;
- ol diňe kazyýet tertibinde we berk iş ýörediş hukuk kadalarynyň durmuşa geçirilmeginiň esasynda bellenilýär;

[1]Diapazon-“dia pason-ähli kirişleriň üstünden (içinden)” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, göçme manysynda haýsydyr bir zadyň yaýraw giňligini aňladýar.

- diňe iş kesilen tarapyndan oňa kazyýetiň bellän jeza çäresi doly çekilip tamamlanandan soň we ondan iş kesilenlik aýby[1] aýrylandan soň bes edilýär.

Şu okuw gollanmasynyň 22-nji babynyň 2-nji soragynda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 44-nji maddasynda berkidilen jenaýat jeza çäreleriniň görnüşleriniň sanawy berildi. Olar barada gysgaça durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek bolar:

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, jenaýat jeza çäreleriniň içinden diňe esasy jezalar hökmünde ulanylýanlary şu aşakdakylardyr:

- düzediş işleri;
- harby gulluk boýunça çäklendirme;
- azatlykdan mahrum etmek.

Esasy-goşmaça jeza çäreleri hökmünde ulanylýanlary bolsa şulardyr:

- ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek;
- jerime salmak;
- belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek;
- belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek.

Diňe goşmaça jeza çäresi hökmünde bolsa:

- döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek;
- emlägini döwletiň haýryna almak (konfiskasiýa etmek) ulanylýar.[2]

Jenaýat hukugynda bellenilen jeza çäreleriniň her görnüşiniň mazmuny barada bolsa gyşgajyk durup geçmek ýerlikli bolardy.

*Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek* – bu ýetirilen zyýany hakykatdan-da aradan aýyrmakdan, maddy we ahlak zyýanyň öwezini dolmakdan we ejir çekenden jemagat öňünde ötünç soramakdan ybaratdyr. Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek görnüşinde jeza, haçan-da kazyýet ýetirilen zyýanyň möçberini, ony düzetmegiň hakyky mumkinçiliginiň bardygyny we günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlary hasaba almak bilen kazyýetde işi seljerilýäniň ýetirilen zyýany düzetmäge ukyplydygyny ykrar edýän halatynda, bellenilip bilinýär.[3]

*Jerime* – bu Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan çäklerde salynýan, jeza bellenilýän pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň belli bir sanyna laýyk gelýän möçberinde pul töletmekdir. Jerime zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşisinden iki ýüzüsine çenli möçberinde bellenilýär. Onuň möçberi edilen jenaýatyň agyrlygyna baglylykda, iş kesileniň emläk ýagdaýy nazara alnyp, kazyýet tarapyndan bellenilýär.[4]

*Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek* – bu döwlet gullugynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda,

---

[1]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 81-nji maddasyna laýyklykda: “Jenaýat edendigi üçin iş kesilen adamyň günä yglan edýän höküm kanuny güýjüne giren gününden iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan ýa-da kazyýet tarapyndan aýrylýan pursadyna çenli iş kesilen diýlip hasaplanmagydyr”;
[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 45-nji maddasy;
[3]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 46-njy maddasy;
[4]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 47-nji maddasy.

eýeçiligiň islendik görnüşlerindäki kärhanalarda ýa-da jemgyýetçilik guramalarynda belli bir wezipede işlemegi ýa-da belli bir hünär ýa-da başga iş bilen meşgullanmagy gadagan etmekden ybaratdyr.[1]

Agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edenligi üçin iş kesilen mahalynda, harby, ýörite ýa-da beýleki ady bar bolan adam kazyýetiň hökümi bilen şol atdan mahrum edilip bilinýär.[2]

*Düzediş işleri* iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär we kazyýetiň hökümine laýyklykda, düzediş işleri iş kesilen adamynyň işleýän ýerinde ýa-da iş kesilen adamyň ýaşaýan etrabyndaky beýleki ýerlerde geçirilýär. Düzediş işlerine höküm edilen adamyň gazanjyndan kazyýetiň hökümінde bellenen möçberde, gazanjyň bäş göteriminden (prosentinden[3]) ýigrimi göterimine çenli möçberde döwletin haýryna pul tutulyp alnyp galynýar.

Düzediş işleri zähmet çekmäge ukypsyzlara, on alty ýaşyna ýetmedik adamlara, göwreli aýallara we çagany idetmek üçin rugsatda bolýan aýallara, pensiýa ýaşyna ýeten adamlara, şeýle hem harby gullukçylara, okuwçylara we ýokary okuw jaýlarynyň talyplaryna ulanylmaýar. Düzediş işleriniň dolunýan wagty umumy zähmet döwrüne (stažyna) goşulmaýar. Düzediş işlerinde bolýan döwründe ak ýürekli işlän bolsa we özüni göreldeli alyp baran bolsa, iş kesileniň jeza möhletini dolduranyndan soňra, zähmetkeşler köpçüliginiň (kollektiwiniň) haýyşy boýunça, şeýle hem iş kesileniň özüniň haýyşy boýunça düzediş işlerinde bolnan döwri kazyýet tarapyndan umumy zähmet döwrüne (stažyna) goşulyp bilinýär. Düzediş işlerinde bolmakdan zanny ýamanlyk bilen boýun gaçyrylan mahalynda, kazyýet düzediş işleriniň gutarmadyk möhletini azatlykdan mahrum etmegiň bir gününi düzediş işleriniň üç gününe hasaplamak bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza bilen çalşyryp bilýär.[4]

Ofiserler düzüminden[5] bolan harby gullukçylara, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylara iş kesilende we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan halatlarda, iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen *harby gulluk boýunça çäklendirme* ulanylýar, şonuň ýaly-da kazyýet işiň ýagdaýyny we iş kesilen adamyň şahsyýetini nazara alyp, iki ýyldan ýokary bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum etmegiň deregine hut şol möhlete harby gulluk boýunça çäklendirme ulanmagy maksada laýyk diýip hasaplan ýagdaýynda ulanylýar.

Harby gulluk boýunça çäklendirme görnüşindäki jeza çäresi bellenen iş kesilen adamyň pul girdejisinden kazyýetiň hökümi bilen bellenen möçberde, bäş göterimden ýigrimi göterime çenli çäklerde pul tutulyp, döwletiň girdejisine geçirilýär. Iş kesilen adam harby gulluk boýunça çäklendirme jezasyny çekýän

[1]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 48-nji maddasy;
[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 49-njy maddasy;
[3]Prosent-“pro centum-ýüze derek, ýüzden biri” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[4]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 50-nji maddasy;
[5]Ofiserler düzümi-“officiarius-resmi şahs, wezipeli şahs” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ýaragly güýçlerde, polisiýada we beýleki harby hem ýarym harby döwlet gulluklarynda ýolbaşçy düzüme girýän wezipeli şahsy, serkerdäni aňladýar. Ofiserler düzümine, **kiçi ofiser düzümi** (kiçi leýtenant, leýtenant, uly leýtenant, kapitan**), uly ofiser düzümi** (maýor, podpolkownik, polkownik), **ýokary ofiser düzümi** (general-maýor, general-leýtenant, general-polkownik, goşun-generaly, marşal we generallissimus) girýärler.

döwründe onuň wezipesi, harby ady ýokarlandyrylyp bilinmeýär, emma jeza möhleti oňa nobatdaky harby ady dakmak üçin we köp wagt gulluk edeni üçin pensiýa bellemäge gulluk ediş möhleti hökmünde hasap edilmeýär.[1]

*Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek* iş kesileni belli bir ýerde hökmany ýerleşdirmek bilen, ony ýaşaýan ýerinden daşlaşdyrmakdan ybaratdyr. Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek esasy jezasy hökmünde bäş ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete we goşmaça jeza hökmünde iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete bellenilýär. Jenaýat edýänçä on sekiz ýaşy dolmadyk adamlar babatda, şeýle hem birinji we ikinji topardaky maýyplar, pensiýa ýaşyna ýeten adamlar, göwreli aýallar we sekiz ýaşyna çenli çagalary bolan aýallar babatda belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ulanylmaýar.[2]

*Emlägi döwletiň haýryna muzdsuz almak* (konfiskasiýalamak) iş kesilen adamyň şahsy eýeçiliginde durýan, kanun tarapyndan gadagan edilen usul bilen edinilen emlägi döwletiň eýeçiligine mejbury suratda mugt almakdan ybaratdyr. Emlägi döwletiň haýryna muzdsuz almak (konfiskasiýalamak) betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr jenaýatlar üçin, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenilýär we ol diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenilip bilinýär.[3]

*Azatlykdan mahrum etmek* iş kesileni düzediş koloniýasyna ýa-da türmä ýerleşdirmek arkaly ony üzňelikde saklamakdan ybaratdyr. Azatlykdan mahrum etmek alty aýdan ýigrimi ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda azatlykldan mahrum etmek ýigrimi bäş ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär. Jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça jeza bellenende azatlykdan mahrum etmegiň möhletleri bölekleýin ýa-da doly goşulan halatynda, azatlykdan mahrum etmegiň ýokary möhleti ýigrimi ýyldan, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda ýigrimi bäş ýyldan artyk bolup bilmeýär.[4]

Kämillik ýaşyna ýetmedikler we ruhy taýdan keselliler babatda hereket edýän kanunçylykda görkezilen jenaýat jeza çärelerinden başga täsir ediş çäreleri hem göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 89-njy maddasynda kämillik ýaşyna ýetmedik jenaýatçylar babatda *terbiýeçilik häsiýetli mejbury täsir ediş çärelerini* ulanmak barada hukuk kadalary we ol çäreleriň görnüşleri berkidilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 94-100-nji maddalarynda bolsa, jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyran ýa-da jenaýaty amala aşyrandan soň jezany bellemäge ýa-da ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeýän ruhy taýdan bozulma bilen kesellän adam babatda *medisina häsiýetli mejbur ediş çärelerini* ulanmagyň tertibi we olaryň görnüşleri barada hukuk kadalary berkidilýärler.

---

[1]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 51-nji maddasy;
[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 51[1]-nji maddasy;
[3]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 52-nji maddasy;
[4]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 53-nji maddasy.

Mälim bolşy ýaly, hukuk jogapkärçiliginiň üçünji bir esasy görnüşi *dolandyryş jogapkärçiligi* bolup durýar. Dolandyryş jogapkärçiligi dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmagy üçin ýüze çykýar. Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary jenaýatlardan özleriniň jemgyýetçilik howplulygynyň derejesiniň pesligi bilen tapawutlanýarlar. Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalarynyň mysaly hökmünde:

- jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň bozulmagyny;
- söwda düzgünleriniň bozulmagyny;
- ýol hereketiniň düzgünleriniň bozulmagyny;
- ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň bozulmagyny;
- arassaçylyk (sanitariýa) düzgünleriniň bozulmagyny;
- zähmeti goramak hem howpsuzlyk tehnikasynyň düzgünlerini bozulmagy we ş.m. görkezmek bolar.

Edil jenaýat jogapkärçiligi ýaly dolandyryş jogapkärçiligi hem jemgyýetçilik-hukuk häsiýetine eýedir. Ýöne dolandyryş jogapkärçilik (temmi) çäreleri jenaýat jogapkärçilik çärelerine garanyňda has ýumşakdyr we ýeňildir hem-de olar bellenenden soňra iş kesilenlik aýby bolmaýar. Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 23-nji maddasyna laýyklykda, dolandyryş jogapkärçilik çärelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- duýduryş bermek;
- jerime salmak;
- dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly we gös-göni obýekti bolan zady (predmeti) öwezini tölemek bilen düzgüni bozujynyň elinden almak;
- emlägi mugt döwletiň haýryna almak (konfiskasiýa);
- raýaty ýörite hukuklardan (ulag serişdelerini sürmek hukugyndan, aw awlamak hukugyndan we ş.m.) mahrum etmek;
- düzediş işlerinde işletmek;
- dolandyryş taýdan tussag etmek.

Hukuk düzgüniniň gödek bozulmagynyň netijesinde dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary üçin daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar Türkmenistanyň çäklerinden daşary dolandyryş tertibinde çykarmak (deportasiýa[1]), şonuň ýaly-da hukuk bozma ýagdaýy ýüze çykarylan pursatyndan başlap, olaryň bäş ýylyň dowamynda Türkmenistana gelmegini çäklendirmek we olaryň Türkmenistanda bolmaly diýlip kesgitlenen möhletini gysgaltmak Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulyp bilinýär.

Hukuk jogapkärçiliginiň dördünji görnüşi bolsa *düzgün-nyzam jogäpkärçiligi* bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, düzgün-nyzam jogapkärçiligi – bu işgäriň (işçiniň, gullukçynyň) zähmet ýa-da gulluk tertibini günäli bozandygy, ýagny düzgün-nyzam etmişi üçin berilýän jogapkärçilik çäresidir.

Düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerinden esasy tapawutly aýratynlygy onuň tabynlyk tertibinde durmuşa

[1]Deportasiýa-“dportatio-çykarmak, kowmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

geçirilýänligi bolup durýar, ýagny ýolbaşçy tabynlygyndaky işgäre degişli kadalaşdyryjy hukuk namanyň kadalaryny gollanmak bilen düzgün-nyzam temmi çäresini belleýär.

Türkmenistanyň hereket edýän zähmet kanunçylygy düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleriniň şu aşakdaky görnüşlerini kesgitleýär:

❖ duýduryş;
❖ käýinç;
❖ berk käýinç;
❖ işden çykarmak.[1]

Ýörite gulluk hukuklaryndan mahrum etmek, harby ýa-da ýörite atlardan (derejelerden) peseltmek, eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigini kesgitlemek ýaly düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleriniň beýleki görnüşleri bolsa, gullukçylaryň hem işgärleriň aýry-aýry görnüşlerine degişlilikde hereket edýän, gaýry ýörite kadalaşdyryjy hukuk namalarda bellenilýär.

Zähmet hukugynda düzgün-nyzam jogapkärçiligi bilen bir hatarda iş berijiniň işgäriň we işgäriň iş berijiniň öňündäki *maddy jogapkärçiligini* kesgitleýän hukuk jogapkärçiliginiň özbaşdak görnüşiniň hem bardygyny bellemek gerek. Mysal üçin, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 208-225-nji maddalary iş berijiniň işgäriň öňündäki maddy jogapkärçiligi bilen baglanyşykly gatnaşyklary, 226-240-njy maddalary bolsa işgäriň iş berijiniň öňündäki maddy jogapkärçiligi bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Hukuk jogapkärçiliginiň bäşinji görnüşi “*raýat-hukuk jogapkärçiligi*” diýlip atlandyrylýar. Raýat-hukuk jogapkärçiligi – bu raýat hukuklaryny we borçlaryny (raýatlaryň we guramalaryň emläkleýin hem emläkleýin däl şahsy hukuklaryny) bozujy babatda ulanylýan raýat-hukuk täsir ediş mejbury serişdeleriniň bir görnüşi bolup, onuň mazmuny jebir çekeniň emläk ýagdaýyny dikeltmek maksady bilen hukuk bozujy babatda bähbitsiz (zyýanly) emläkleýin netijeleriň ýüze çykmagyna getirýän raýat-hukuk temmi çäreleriniň (sanksiýalarynyň) ulanylmagyndan ybaratdyr.

Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

❖ *şertnamalaýyn* raýat-hukuk jogapkärçiligi (şertnama ýerine ýetirmedik ýagdaýynda ýa-da degişli derejede ýerine ýetirilmedik halatynda şertnamany bozan onuň gatnaşyjylary babatda döreýän jogapkärçilik);
❖ *şertnamasyz* raýat-hukuk jogapkärçiligi (hukuga garşy hereket bilen raýatyň janyna, saglygyna ýa-da emlägine ýa-da guramanyň emlägine kast edilip ýa-da günäli betbagtçylykly hadysanyň netijesinde zyýan ýetirilen halatynda döreýän jogapkärçilik. Mysal üçin, jenaýat edilse, seresapszylyk bilen ulag heläkçiligi amala aşyrylsa, seresapsyzlyk bilen ýangyn döredilse we ş.m.);
❖ *subsidiar*[2] raýat-hukuk jogapkärçiligi (raýat-hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşi, kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda başga (üçünji) şahslaryň borçnamanyň degişli derejede ýerine ýetirilmändigi üçin

[1]01.07.2009 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 164-nji maddasynyň 1-nji bölegi;
[2]Subsidiar-“subsidium-goldaw, kömek” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

bergidar bilen bilelikde algydaryň öňünde goşmaça jogapkärçilik çekmeklerini aňladýar).

Raýat-hukuk jogapkärçilik çäreleri öwezini dolujy (kompensasiýalaýyn[1]) häsiýete eýedir we onuň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:

- ❖ jerime;
- ❖ borçnama ýerine ýetirilmedik ýa-da degişi derejede ýerine ýetirilmedik halatynda tölenýän pul möçberi (puşmana puly);
- ❖ geleşigiň ýatyrylmagy;
- ❖ jemagat öňünde ötünç soramak we töhmet atyjy maglumatlaryň ýaýradylan görnüşinde inkär edilmegi;
- ❖ alynmadyk girdejileriň öwezini dolmak;
- ❖ döwletiň haýryna geçirmek we ş.m.

Raýat-hukuk jogapkärçiligi kazyýet, şol sanda arbitraž kazyýet tarapyndan bellenilýär. Emma mundan başga-da ol dolandyryş tertibinde-de bellenip bilinýär.

Hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleri barada gysgajyk seljermäni jemlemek bilen birlikde, şu ýerde ykdysady-hukuk gatnaşyklarynyň ençeme täze görnüşleriniň döremegi, öň hereket edýän görnüşleriniň bolsa çylşyrymlaşmagy bilen hukuk jogäpkärçiliginiň maliýe-hukuk, salgyt-hukuk, gümrük-hukuk, ekologiýa-hukuk we ş.m. ýaly görnüşleriniň emele gelýändigini bellemek gerek. Ýöne häzirki wagtda olaryň her haýsy barada aýratynlykda durup geçmek üçin, olar jemgyýetçilik gatnaşyklary çygrynda ýeterlik derejede giň gerime eýe däldirler hem-de olar jenaýat-hukuk, dolandyryş-hukuk, düzgün-nyzam we raýat-hukuk jogapkärçiliginiň ulgamlarynda öz beýanyny tapýarlar.

## §3. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň maksatlary, wezipeleri we ýörelgeleri

Mälim bolşy ýaly, hukuk jogapkärçiliginiň esasy *maksatlary* hukuk tertibini üpjün etmekden we goramakdan, hukuk bozmalaryň öňüni almakdan hem-de raýatlary hukuga hormat goýmak ruhunda tebiýelemekden ybaratdyr.

Hukuk jogapkärçiliginiň maksatlaryny onuň wezipeleriniň kömegi bilen has anyklaşdyrmak bolar. Hukuk jogapkärçiliginiň *wezipeleri* bolsa – hukuk jogapkärçilik kadalarynyň öz maksatlaryny amala aşyrmak üçin jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk taýdan täsir edýän esasy ugurlarydyr. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

- ❖ *temmi beriş wezipesi* (günäkär şahsa onuň amala aşyran hukuk bozmasy üçin temmi bermek, etmiş üçin jeza bermek);
- ❖ *öňüni alyş-terbiýeleýiş wezipesi* (hukuk bozujyny, şonuň ýaly-da beýleki şahslary hem hukuga laýyk özüňi alyp barmagy saýlap almaga ündeýji ýa-da hukuga garşy özüňi alyp barmagyň juda bähbitsizdigine, onuň üçin ikuçsyz we hökmany ýagdaýda temmi berilýändigine ynandyryjy täsir ediş çärelerini amala aşyrmak);
- ❖ *hukuk dikeldiş wezipesi* (hukuk jogapkärçiliginiň bu wezipesi esasan hem emläkleýin jogapkärçilik çärelerine mahsusdyr we hukuk bozujy

[1]Kompensasiýalaýyn-“compensatio-öwezini dolmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

tarapyndan özüniň ýetiren maddy ýa-da ahlak zeleliniň öweziniň dolunmagyny, bozulan hukugyň hukugyň gatnaşyjy şahsy (subýekti) tarapyndan dikeldilmegini aňladýar);

- *duýduryş* (signal beriji) *wezipesi* (bu hukuk bozmalaryň ol ýa-da beýleki görnüşleri barada ulanylýan jogapkärçilik çäreleriniň netijelidigi ýa-da däldigi barada, şeýle hem jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir çygryndaky hukuk bozmalara garşy haýsy göreş çäreleriniň zerurlygy hakynda duýduryş bermekdir).

*Hukuk jogapkärçiliginiň ýörelgeleri* – bu hukuk jogapkärçiligi hukuk şahasynyň (institutynyň) mazmunyny, tebigatyny hem wezipelerini beýan edýän we onuň ähli şahaçalarynda (subinstitutlarynda) ýüze çykýan esasgoýujy baş pikirlerdir (ideýalardyr).

Hukuk jogapkärçiliginiň ýörelgeleriniň esasylaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- hukuk jogapkärçiliginiň *kanunylyk* ýörelgesi – bu takyk hukuk bozmalary üçin hukuk jogapkärçilik çäreleriniň bellenmeginiň we onuň amala aşyrylmagynyň diňe kanuna laýyklykda berjaý edilmelidigi hakynda iň wajyp talapdyr;
- hukuk jogapkärçiliginiň *gutulguzysdygy* hakynda ýörelgesi – bu her bir hukuk bozmanyň aç-açan aýan edilmelidigi, ol babatda jogapkärçilik çäresiniň haýal edilmän ulanylmalydygy, hukuk bozmalaryň gizlinligine (latentligine[1]) garşy hemişe we netijeli göreşmelidigi, her bir hukuk bozmany amala aşyrmakda günäkär şahsyň hökmany ýagdaýda jogapkärçilige çekilmelidigi, ýekeje-de bigünä şahsyň jogapkärçiligi çekilmeli däldigi we ş.m. hakynda talapdyr.
- hukuk jogapkärçiliginiň *şahsylaşdyrylmagy* (indiwiduallaşdyrylmagy) – bu kanunda bellenilen jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleriniň (sanksiýalaryň) çäklerinde, amala aşyrylan hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygynyň häsiýetini we agyrlyk derejesini, günäkäriň şahsyýetini, onuň hereketlerinde (hereketsizliginde) kanunda bellenen jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny nazara almak bilen jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleriniň bellenilmegini aňladýar.

## §4. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginden boşatmagyň esaslary we ony aradan aýyrýan ýagdaýlar

Hukuk jogapkärçiliginiň dürli pudaklaýyn şahalary (institutlary) hukuk jogapkärçiligini *aradan aýyrýan* şu aşakdaky ýagdaýlary hukuk taýdan berkidýärler:

---

[1]Latent-“latentis-gizlin, ýaşyrylan” diýen latyn sözünden gelip çykyp, jenaýaty öwreniş (kriminologiýa) ylmynda jenaýatlar baradaky hasabatda öz beýanyny tapmaýan we jenaýat kazyýet önümçiliginiň närsesine (predmetine) öwrülmeýän, ýaşyryn, gizlin galýan jenaýatçylygy aňladýar. Latent jenaýatçylyk jenaýatlar barada habar berilmeýändigi ýa-da berlen habarlaryň hem degişli edaralar hem wezipeli şahslar tarapyndan kanunda bellenen tertipde bellige alynmaýandygy bilen baglydyr.

- *ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy* (ekssesi[1]) – munuň üçin jenaýata beýleki bilelikde gatnaşyjylar (jenaýaty guraýjy, meçew beriji, jenaýatyň ýarany) jenaýat jogapkärçiligini çekmeýärler[2];
- *kazus*[3] (sebäp, ýagdaý, hadysa) – bu hukukda, **birinjiden**: şahsyň erk-islegine bagly bolmadyk, şonuň üçinem şol ýagdaýlarda ony öňünden görmek we göz öňünde tutmak mümkin bolmadyk hadysany; **ikinjiden**: bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlykdan amala aşyrylan hukuk bozmanyň alamatlary bolan, emma günäsiz, tötänden edilendigi sebäpli hukuk jogapkärçiligine degişli bolmadyk etmişi aňladýar. Ýöne ol öňüni alyp bolmajak güýçden tapawutlanýar, sebäbi kazusda her niçik-de bolsa ynsanyň erkiniň-isleginiň düşnügi bar – hukuga garşy hereketi (hereketsizligi) tötänden hem bolsa, daşky, tebigy güýç däl-de fiziki şahsyň özi amala aşyrýar. Mysal üçin, myhmanhananyň ýaşaýjysy otagyna girip, çyrany ýakýar, elektrik yşyklandyryş ulgamynda näsazlyk ýüze çykýar-da, şol otagda ýangyn emele gelýär. **Üçünjiden**: bu adalga mysal üçin ulanylýan belli bir kazyýet işini ýa-da hukuk ýagdaýyny aňladýar;
- *hukuk bozujy şahsyň hukuga garşy etmişi amala aşyran wagtynda kesselliligi* (mysal üçin, akyly kemlik ýa-da ruhy keselleriň başga bir görnüşi);
- *zerur goranyş* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 37-nji maddasy);
- *jenaýat eden adam saklananda oňa zyýan ýetirilmegi* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 38-nji maddasy);
- *bialaç zerurlyk* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 39-njy maddasy);
- *öňüni alyp bolmajak güýç* – bu raýat hukugynda bir tarapyň şertnamany berjaý edip bilmezligine, şonuň üçinem beýleki tarapa biygtyýar (özi islemän) zelel ýetirmegine sebäp bolan adatdan daşary we öňüni alyp bolmajak ýagdaýlaryň döremegidir. Onuň hukuk taydan kesgitlenişiniň umumy ýörelgelerine laýyklykda, öňüni alyp bolmajak güýç umumy (obýektiw) we doly (absolýut) häsiýetli bolup, onuň borçnamanyň degişli derejede berjaý edilmegine päsgel beren şol häsiýetleri diňe bir zelel ýetiriji şahsa däl-de eýsem hemmelere täsir eden bolmagy şol ýagdaýyň ýa-da hadysanyň öňüni alyp bolmajak güýç hökmünde kesgitlenmegine esas berýär. Has ýönekeý aýdylanda, diňe şertnamany ýerine ýetirmedik şahsa däl-de onuň ýaşaýan ýa-da borçnamany ýerine ýetirmeli ýerinde adamlaryň aglaba köpçüligine täsir eden hadysa ýa-da ýagdaý öňüni alyp bolmajak güýç diýlip bilinýär. Hereket edýän kanunçylykda öňüni bolmajak güýç hökmünde ýer titreme, suw joşguny, güýçli ýel ýaly tebigy betbagtçylyk hadysalary ýa-da adamzadyň ylmy-biliminiň we tehniki mümkinçilikleriniň häzirki zaman derejesinde öňünden görmek hem öňüni almak mümkinçiligi bolmadyk, ýa-da öňünden görmek mümkinçiligi

[1]Eksess-“excessus-çykmak, kadadan çykmak” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2]12.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 36-njy maddasy;
[3]Kazus-“casus-sebäp, ýagdaý, hadysa” diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

bolsa-da öňüni almak mümkinçiligi bolmadyk beýleki hadysalar degişli edilýär. Ähli raýat-hukuk ulgamlarynda öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri zerarly bir şahsyň başga bir şahsa zelel ýetirmegi onuň hukuk jogapkärçiliginden boşadlymagy üçin ýeterlik esas bolup durýar;

- *beden ýa-da ruhy taýdan mejbur edilmek* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 40-njy maddasy);
- *esaslandyrylan töwekgelçilik* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 41-nji maddasy);
- *görnetin bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmezlik*;
- bellenilen tertipde we degişli görnüşi berjaý etmek bilen şahsyň özi üçin hökmany *buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmegi* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 42-nji maddasy) we ş.m.

Hukuk jogapkärçiliginden *boşatmak üçin esaslar* diýlende bolsa, şu aşakdakylar göz öňünde tutulýarlar:

- hukuk jogapkärçiligine çekmekligiň *wagt möhletiniň geçmegi* (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 74-nji maddasy);
- jebir çeken bilen hukuk bozujynyň ýaraşmagy (ylalaşmagy) (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 72-nji maddasy);
- ýagdaýyň üýtgemegi, ýagny hukuk bozmany amala aşyran şahs ýa-da onuň eden etmişi jemgyýetçilik howply bolmagyny bes etse (mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 73-nji maddasy ýa-da täze kanun kabul edilip, öň hukuk bozma diýlip bilnen etmiş, hukuk bozma bolmagyny bes etse);
- jenaýaty etmekden meýletin ýüz dönderilmegi (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-nji maddasy);
- uly bolmadyk agyr jenaýaty ilkinji gezek eden adamyň çynlakaý ökünmegi (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 71-nji maddasy) we ş.m.

Hukukçy-alymlaryň umumy pikirine görä, hukuk jogapkärçiliginden boşatmagyň esaslary hökmünde *rehim etme* we *günä geçme* (amnistiýa[1]) çäreleri hem çykyş edýärler.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 80-nji maddasynyň 2-nji bendine laỳyklykda *rehim etme* – bu, Türkmenistanyň Prezidentiniň rehim etme hakynda Permanynyň esasynda jenaýat edendigi üçin kazyỳetiň aỳyplaỳyş hökümi bilen iş kesilen adamyň jeza çekmegiň möhletinden şertli ýa-da şertsiz boşadylmagy, oňa bellenilen jezanyň kemeldilmegi ýa-da has ýeňil görnüşdäki jeza çäresi bilen çalşyrylmagydyr. *Günä geçme* (amnistiỳa) – bu, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň görkezilen maddasynyň 1-nji bendine laỳyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň günä geçme hakynda Permanynyň esasynda, jenaỳat etmekde aỳyplanỳan adamyň jenaỳat jogapkärçiliginden, iş kesilen adamyň jeza çekmekden doly boşadylmagy, bellelilen jeza çäresiniň kemeldilmegi ýa-da has ýeňil görnüşdäki jeza çäresi bilen çalşyrylmagy, şeýle hem iş kesilen adamyň goşmaça jeza çäresinden boşadylmagydyr.

[1]Amnistiỳa-“amnestia-unutmak, günäsini ötmek” diỳen grek sözünden gelip çykan adalga.

Bu ikisiniň tapawutly aỳratynlygy, rehim etme adamyň şahsyỳeti boỳunça, şahsy (indiwidual), ỳagny degişli namada her bir adamyň aỳratynlykda adyny, atasynyň adyny, familiỳasyny, haçan, nirede, haỳsy kazyỳet tarapyndan iş kesilendigini görkezmek bilen, özi-de diňe kazyỳetde aỳyplaỳyş hökümi çykyp, iş kesilen adamlar babatda ulanylỳan çäredir. Günä geçme bolsa, köpçülikleỳin häsiỳetdäki, jenaỳatlaryň aỳry-aỳry görnüşlerini amala aşyranlara (mysal üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasynyň 2-3-nji böleklerinde kesgitlenen jenaỳatlar) ỳa-da jenaỳat jogapkärçiligine çekilenleriň, iş kesilenleriň aỳry-aỳry görnüşlerine (mysal üçin, jenaỳat edenleriň arasynda Beỳik Watançylyk urşuna ỳa-da döwletiň bähbitlerini goramak we harby borjy berjaỳ etmek bilen baglanyşykly başga uruşlara gatnaşan weteranlar babatda) degişlilikde ulanylỳan rehim etme çäresidir. Esasy Kanunda berkidilişine görä bu çäreleri ulanmak Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyỳarlyklarynyň biri bolup durỳar.[1]

Bu iki çäräniň mazmuny şahslaryň aýry-aýry toparlarynyň ýa-da belli şahsyň jenaýat-hukuk ýagdaýynyň (statusynyň) düýpli üýtgedilmegi bilen baglydyr we olara döwlet dolandyryş tejribesinde hukuga garşy etmişleri eden şahslar babatda amala aşyrylýan ynsanperwer çäreler hökmünde garalýar. Rehim etme we günä geçme hereketleriniň binýadynda hukuk bozmany amala aşyran adamlaryň günäsini bagyşlamak, “daş bilen urany aş bilen ur”, “ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir” diýen ýaly gadymy nakyllar bilen beýan edilýän belent adamkärçilikli pikirler durýar.

## §5. Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň we beýleki döwlet mejbur ediş çäreleriniň özara gatnaşygy

Elbetde hukuk jogapkärçilik çäreleri hem döwlet mejbur ediş çäreleriniň bir görnüşi bolup durýar, ýöne olar döwlet mejbur ediş çäreleriniň iň wajyplary we esasylarydyr. Hukuk jogapkärçilik çäreleri bilen birlikde döwlet mejbur ediş çäreleri hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýärler:

- *öňüni alyş çäreleri* ýüze çykmagy mümkin bolan hukuk bozmalaryň öňüni almak üçin ýa-da tebigy betbagtçylyk hadysalarynda, tehniki betbagtçylyk hadysalarynda howpsuzlygy üpjün etmek ulanylýarlar. Mysal üçin, şahsyýeti anyklaýjy resminamalaryň barlagy, howp abanan ýagdaýynda ulag we pyýada hereketini çäklendirmek ýa-da bes etmek, karantin[2] girizilen zolaklardan çykmagy gadagan etmek we ş.m. Öňüni alyş çäreleri üpjün ediji we öňüni alyjy (profilaktiki) häsiýete eýedirler;
- *ätiýaçlyk çäreleri* (aradan aýryş çäreleri) mejbury tertipde hukuga garşy hereketleri bes etdirmek (olary aradan aýyrmak), olar zerarly ýetmegi mümkin bolan zyýanly netijeleriň emele gelmegine ýol bermezlik üçin, ýagny diňe hukuk bozma ýüze çykan ýagdaýynda ulanylýar. Mysal üçin, hukuk jogapkärçiligine degişli bolmadyk, ýöne jemgyýete garşy hereketleri edýän şahsa duýduryş bermek, onuň bikanun ulanýan emlägini

[1]Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 13-nji bendi;
[2]Karantin-“guaranto giorni-kyrk gün” diỳen italỳan sözlerinden gelip çykyp, ỳokanç keselleriň ỳaỳramagynyň öňüni almak üçin amala aşyrylỳan öňüni alyş çäreleriniň ulgamyny aňladỳar.

(ýaragy, möhürleri, radio enjamlary we ş.m.) mejbury almak, hukuga garşy hereket edýän şahsy dolandyryş tertibinde tutup saklamak, bu barada teswirnama düzmek, bankdaky hasaplaryny, gümrük serhhedinden geçýän ýa-da ammarlarda saklanýan ýüklerini, harytlaryny tussag etmek we ş.m.

❖ *gorag çäreleri* (hukuk dikeldiş çäreleri) – bu ýerine ýetirilmedik hukuk borçlarynyň berjaý edilmegini, bozulan hukuklaryň dikeldilmegini üpjün etmeklige gönükdirilen döwletiň häkimlik we mejbury häsiýetli işjeňligidir. Mysal üçin, raýat hukugynda gorag çäreleri hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýärler:

- geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmek;
- ýetmeýän ýüküň (harydyň) üstüni ýetirmek;
- ýetmeýän önüm toplumynyň üstüni ýetirmek;
- şahsyýetiň at-abraýyny, mertebesini masgaralaýan, hakykata laýyk gelmeýän maglumatlaryň inkär etdirmek we ş.m.

Jenaýat hukugynda gorag çärelerine degişlidir:

- hukuga garşy etmişleri eden ruhy taýdan näsag adamlar ýa-da şeýle etmişleri amala aşyran pursatlarynda akyly düzüw bolup, höküm çykmazyndan öň ruhy taýdan näsaglan adamlar babatda kazyýet tarapyndan bellenýän lukmançylyk (medisina) häsiýetli mejbur ediş çäreleri.

Dolandyryş hukugynda bolsa şeýle çärelere degişli:

- mejbury bejermek (neşekeşlikden, arakhorlukdan, ruhy kesellerden, jynsy (weneriki[1]) hem gaýry ýokanç kesellerden we ş.m.);
- salgytlary mejbury töletmek we ş.m.

Zähmet hukugynda gorag çärelerine degişli:

- bikanun işden çykarylanlaryň gaýtadan işe dikeldilmegi;
- kärhananyň ýolbaşçy düzüminiň işgärleriň hukuklaryny kemsidýän buýruklarynyň ýatyrylmagy we ş.m.

Jenaýat iş ýörediş hukugynda şeýle çäreler hökmünde çykyş edýärler:

- anyklaýşy alyp barýan şahsy ýa-da sülçini, prokurory anyklaýşy ýa-da derňewi alyp barmakdan çetleşdirmek we ş.m.

Maşgala hukugynda gorag çärelerine degişli:

- nikanyň hakyky däl diýlip bilinmegi;
- perzentlige almagy ýatyrmak;
- hossar hakyny töledip almak we ş.m.

---

[1]Weneriki keseller, Gadymy Rimde söýginiň we zenan gözelliginiň hudaýy bolan Weneranyň (Gadymy Gresiýada Afroditanyň, Wawilonda Iştaryň) adyndan gelip çykyp, esasan jynsy ýollar arkaly ýokaşýan, sifilis, gonoreýa ýaly ýokanç keselleri aňladýar. **Sifilis**-1478-1553-nji ỳyllarda ỳaşap geçen lukman Frakastorynyň poemasynda şu görnüşdäki kesel bilen kesellän edebi gahryman Syphilusyň adyndan gelip çykỳar we weneriki keseli aňladỳar.

# ÇYZGYLAR

Çyzgy 23.1.

## Hukuk jogapkärçiligi barada nukdaýnazarlar

**oňyn (pozitiw, perspektiw) hukuk jogapkärçiligi** – bu adamyň öz borçlaryny berjaý etmeklige jogapkärçilikli çemeleşmegidir, hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) düşünjeli we işjeň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarydyr

**dessurlaýyn (retrospektiw) hukuk jogapkärçiligi** – bu hukuk jogapkärçiligine amala aşyrylan hukuk bozma üçin temmi çäreleriniň jemi hökmünde garalmagydyr

## Hukuk jogapkärçiliginiň alamatlary

hukuk jogapkärçiligi, bellenilen iş ýörediş tertibinde subut edilen günäli, jemgyýetçilik howply we hukuga garşy etmişiň barlygynda, kanunylyk, jogapkärçiligiň gutulgyzylygy we şahsylaşdyrylmagy (indiwidallaşdyryl-magy), her bir hukuk bozuja eden etmişine barabar temmi berilmegi ýörelgeleriniň doly berjaý edilmeginiň esasynda amala aşyrylýar

saýlamak erkinligi şahsyň amala aşyrylan hukuga garşy etmiş üçin hukuk jogapkärçiligine çekilmeginiň esasgoýujy şerti bolup durýar. Onuň manysy, subýektiň ýüze çykan hukuk hadysasyny çözmek, ondan baş alyp çykmak üçin hukuga garşy ýa-da hukuga laýyk hereketiň ikisinden birini saýlamaga mümkinçiliginiň bolanlygyndan ybaratdyr

hukuga garşy etmişi amala aşyrmakda günäkär şahs döwlet we jemgyýet tarapyndan ýazgarylýar

hukuk bozmany amala aşyran şahs üçin islenilmeýän, ýaramaz netijeler ýüze çykýar

hukuk jogapkärçiligi diýen düşünje döwlet mejburylygy diýen düşünje bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi hukuk jogapkärçiligi jemgyýetçilik (sosial) jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda döwlet tarapyndan kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýär we hukuga garşy etmişi amala aşyrmakda günäkär şahsa täsir etmegiň usullarynyň iň esasysy bolup durýar

hukuk jogapkärçiligi jemgyýetçilik (sosial) jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda ýörite iş ýörediş tertibinde bellenilýär we ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, ahlak jogapkärçiliginiň bellenilmegi we amala aşyrylmagy jemgyýetçilik tarapyndan anyk, kesgitli bolmadyk görnüşde we tertipde amala aşyrylýar

Çyzgy 23.2.


Hukuk (ýuridik) jogapkärçiliginiň pudaklaýyn şahalary (institutlary)
Konstitusion hukuk jogapkärçiligi
Jenaýat hukuk jogapkärçiligi
Dolandyryş hukuk jogapkärçiligi
Raýat hukuk jogapkärçiligi
Düzgün-nyzam jogapkärçiligi
Konstitusion hukuk jogapkärçiliginiň esasy maksatllary
konstitusiýanyň agalygyny we gönüden-göni hereket etmegini üpjün etmek
hereket edýän konstitusiýanyň goraglylygyny üpjün etmek
konstitusiýanyň bozulmagy üçin berilýän jezanyň adalatlylygyny üpjün etmek we ş.m.
konstitusion hukuk tertibini we kanunylygy üpjün etmek
Konstitusion hukuk jogapkärçilik çäreleriniň käbir görnüşleri
döwlet edaralarynyň hukuk namalarynyň tutuşlygyna ýa-da olaryň aýry-aýry düzgünleriniň hereket etmeginiň togtadylmagy ýa-da ýatyrylmagy
saýlawlaryň ýa-da sala salşygyň netijeleriniň hakyky däl diýip bilinmegi (ýatyrylmagy)
dürli döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslarynyň ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň işiniň möhletinden öň bes edilmegi
hereket edýän kanunçylygyň kadalary ýa-da bellenilen gadaganlyklar gödek ýa-da birnäçe sapar, yzygiderli bozulan halatynda, saýlawlara gatnaşýan dalaşgärleriň sanawynyň hakyky däl diýlip bilinmegi
saýlawlara gatnaşmak işleýän jemgyýetçilik guramasyny ýa-da dalaşgäri döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi we ş.m

Çyzgy 23.3.


Jenaýat hukuk jogapkärçilik çäreleriniň görnüşleri
Esasy jezalar:
düzediş işleri
harby gulluk boýunça çäklendirme
azatlykdan mahrum etmek
Esasy-goşmaça jezalar:
ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek
jerime salmak
belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek
belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek
Goşmaça jezalar:
döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek
emlägini döwletiň haýryna almak (konfiskasiýa etmek)


Jenaýat hukuk jogapkärçiliginiň häsiýetleri
Ol hukuk jogapkärçiliginiň iň zabun we berk temmi çärelerini özünde jemleýär
ol jemgyýetçilik-hukuk häsiýetlidir
Ol diňe kazyýet tertibinde we berk iş ýörediş hukuk kadalarynyň durmuşa geçirilmeginiň esasynda bellenilýär
diňe iş kesilen tarapyndan oňa kazyýetiň bellän jeza çäresi doly çekilip tamamlanandan soň we ondan iş kesilenlik aýby aýrylandan soň bes edilýär


Çyzgy 23.4.
Dolandyryş hukuk jogapkärçilik çäreleriniň görnüşleri
duýduryş bermek
jerime salmak
emlägi mugt döwletiň haýryna almak
raýaty ýörite hukuklardan mahrum etmek
düzediş işlerinde işletmek
dolandyryş taýdan tussag etmek
dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly we gös-göni obýekti bolan zady (predmeti) öwezini tölemek bilen düzgüni bozujynyň elinden almak
Düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleriniň görnüşleri
Esasylary:
duýduryş
käýinç
berk käýinç
işden çykarmak
Ýöriteleri:
gulluk hukuklaryndan mahrum etmek
harby ýa-da ýörite atlardan peseltmek
eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigini kesgitlemek

**Çyzgy 23.5.**

## Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň toparlary

- **Şertnamalaýyn raýat-hukuk jogapkärçiligi** → şertnama ýerine ýetirmedik ýagdaýynda ýa-da degişli derejede ýerine ýetirilmedik halatynda şertnamany bozan onuň gatnaşyjylary babatda döreýän jogapkärçilik
- **Şertnamasyz raýat-hukuk jogapkärçiligi** → hukuga garşy hereket bilen raýatyň janyna, saglygyna ýa-da emlägine ýa-da guramanyň emlägine kast edilip ýa-da günäli betbagtçylykly hadysanyň netijesinde zyýan ýetirilen halatynda döreýän jogapkärçilik
- **Subsidiar raýat-hukuk jogapkärçiligi** → raýat-hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşi, kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda başga (üçünji) şahslaryň borçnamanyň degişli derejede ýerine ýetirilmändigi üçin bergidar bilen bilelikde algydaryň öňünde goşmaça jogapkärçilik çekmeklerini aňladýar

## Raýat-hukuk jogapkärçilik çäreleriniň görnüşleri

- jerime
- puşmana puly
- geleşigiň ýatyrylmagy
- alynmadyk girdejileriň öwezini dolmak
- jemagat öňünde ötünç soramak we töhmet atyjy maglumatlaryň ýaýradylan görnüşinde inkär edilmegi
- döwletiň haýryna geçirmek we ş.m.


Çyzgy 23.6.
Hukuk jogapkärçiliginiň wezipeleri
temmi beriş wezipesi
hukuk dikeldiş wezipesi
duýduryş (signal beriji) wezipesi
öňüni alyş-terbiýeleýiş wezipesi
Hukuk jogapkärçiliginiň ýörelgeleri
Kanunylyk ýörelgesi
bu takyk hukuk bozmalary üçin hukuk jogapkärçilik çäreleriniň bellenmeginiň we onuň amala aşyrylmagynyň diňe kanuna laýyklykda berjaý edilmelidigi hakynda iň wajyp talapdyr
Hukuk jogapkärçiliginiň gutulguzysdygy ýörelgesi
bu her bir hukuk bozmanyň aç-açan aýan edilmelidigi, ol babatda jogapkärçilik çäresiniň haýal edilmän ulanylmalydygy, hukuk bozmalaryň gizlinligine (latentligine) garşy hemişe we netijeli göreşmelidigi, her bir hukuk bozmany amala aşyrmakda günäkär şahsyň hökmany ýagdaýda jogapkärçilige çekilmelidigi, ýekeje-de bigünä şahsyň jogapkärçiligi çekilmeli däldigi we ş.m. hakynda talapdyr
Hukuk jogapkärçiliginiň şahsylaşdyrylmagy ýörelgesi
bu kanunda bellenilen jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleriniň (sanksiýalaryň) çäklerinde, amala aşyrylan hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygynyň häsiýetini we agyrlyk derejesini, günäkäriň şahsyýetini, onuň hereketlerinde (hereketsizliginde) kanunda bellenen jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny nazara almak bilen jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleriniň bellenilmegini aňladýar

**Çyzgy 23.7.**


Hukuk jogapkärçiligini aradan aýyrýan ýagdaýlar
ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy
kazus (sebäp, ýagdaý, hadysa)
Etmiş edilende ruhy taýdan kesellilik
zerur goranyş
öňüni alyp bolmajak güýç
jenaýat eden adam saklananda oňa zyýan ýetirilmegi
esaslandyrylan töwekgelçilik
beden ýa-da ruhy taýdan mejbur edilmek
bialaç zerurlyk
görnetin bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmezlik
buýrugy ýerine ýetirmek
Hukuk jogapkärçiliginden boşatmak üçin esaslar
hukuk jogapkärçiligine çekmekligiň wagt möhletiniň geçmegi
jebir çeken bilen hukuk bozujynyň ýaraşmagy (ylalaşmagy)
hukuk bozmany amala aşyrmakdan meýletin ýüz dönderilmegi
uly bolmadyk agyr jenaýaty ilkinji gezek eden adamyň çynlakaý ökünmegi
ýagdaýyň üýtgemegi, ýagny hukuk bozmany amala aşyran şahs ýa-da onuň eden etmişi jemgyýetçilik howply bolmagyny bes etse
Rehim etme
Günä geçme


Çyzgy 23.8.
Döwlet mejbur ediş çäreleriniň görnüşleri
Öňüni alyş çäreleri
Ýüze çykmagy mümkin bolan hukuk bozmalaryň öňüni almak üçin ýa-da tebigy betbagtçylyk hadysalarynda, tehniki betbagtçylyk hadysalarynda howpsuzlygy üpjün etmek ulanylýarlar. Mysal üçin, şahsyýeti anyklaýjy resminamalaryň barlagy.
Ätiýaçlyk çäreleri
Mejbury tertipde hukuga garşy hereketleri bes etdirmek (olary aradan aýyrmak), olar zerarly ýetmegi mümkin bolan zyýanly netijeleriň emele gelmegine ýol bermezlik üçin, ýagny diňe hukuk bozma ýüze çykan ýagdaýynda ulanylýar. Mysal üçin, hukuk jogapkärçiligine degişli bolmadyk, ýöne jemgyýete garşy hereketleri edýän şahsa duýduryş bermek
Gorag çäreleri
ýerine ýetirilmedik hukuk borçlarynyň berjaý edilmegini, bozulan hukuklaryň dikeldilmegini üpjün etmeklige gönükdirilen döwletiň häkimlik we mejbury häsiýetli işjeňligidir. Mysal üçin, geleşigi hakyky däl diýip bilmek, mejbury bejermek

## *SOWALNAMA*

**1) Dessurlaýyn garaýyşda hukuk jogapkärçiligi – bu,**
- amala aşyrylan hukuk bozma üçin temmi çäreleriniň jemidir;
- adamyň öz borçlaryny berjaý etmeklige jogapkärçilikli çemeleşmegidir;
- hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) düşünjeli we işjeň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarydyr;
- hukuk bozujynyň azatlykdan mahrum edilmegidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk jogapkärçiliginiň näçe sany alamaty bar?**
- iki;
- dört;
- üç;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hukuk näçe sany esasy görnüşleri bar?**
- dört;
- bäş;
- alty;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Konstitusion hukuk jogapkärçiliginiň esasy maksatlary şulardyr:**
- konstitusiýanyň agalygyny we gönüden-göni hereket etmegini üpjün etmek;
- hereket edýän konstitusiýanyň goraglylygyny üpjün etmek;
- jenaýat üçin jeza çäresiniň gutulgysyzlygy ýörelgesini berkarar etmek;
- konstitusiýanyň bozulmagy üçin berilýän jezanyň adalatlygyny üpjün etmek we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Görkezilenleriň içinden haýsysy konstitusion joagpkärçilik çärelerine degişli?**
- belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek;
- saýlawlaryň ýa-da sala salşygyň netijeleriniň hakyky däl diýip bilinmegi (ýatyrylmagy);
- raýaty ýörite hukuklardan (ulag serişdelerini sürmek hukugyndan, aw awlamak hukugyndan we ş.m.) mahrum etmek;
- jemagat öňünde ötünç soratmak we töhmet atyjy maglumatlary ýaýradylan görnüşinde inkär etdirmek.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Jenaýat hukuk jogapkärçilik çäreleriniň esasylaryna girýärler:**
- düzediş işleri;

- harby gulluk boýunça çäklendirme;
- azatlykdan mahrum etmek;
- belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Jenaýat hukuk jogapkärçilik çäreleriniň esasy-goşmaça görnüşlerine girýärler:**

- jerime salmak;
- belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek;
- emlägini döwletiň haýryna almak (konfiskasiýa etmek);
- ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Dolandyryş hukuk bozmasy jenaýatdan esasan haýsy alamaty bilen tapawutlanýar?**

- hukuk bozmanyň häsiýeti bilen;
- hukuk bozmanyň wagty, ýeri, ýaragy, serişdeleri, ýagdaýy we ş.m. bilen;
- hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygynyň agyrlyk derejesiniň pesligi bilen;
- hukuk bozujy şahsyň ýaş möçberi, ruhy ýagdaýy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Dolandyryş hukuk jogapkärçilik çäreleriniň esasy näçe görnüşi bar?**

- ýedi;
- sekiz;
- alty;
- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Emlägi mugt döwletiň haýryna almak (konfiskasiýa) dolnadyryş hukuk jogapkärçilik çäresimi ýa-da jenaýat hukuk jogapkärçilik çäresi?**

- dolandyryş hukuk jogapkärçilik çäresi;
- jenaýat hukuk jogapkärçilik çäresi;
- ikisine-de degişli däl-de, diňe raýat hukuk jogapkärçilik çäresi;
- hukugyň bu pudaklarynyň ikisinde-de bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Dolandyryş hukugyndaky tussag etmek görnüşindäki jogapkärçilik çäresi jenaýat iş ýörediş hukugyndaky tussag etmek görnüşindäki jogapkärçilik çäresinden esasan näme bilen tapawutlanýar?**

- tussaglygyň möhleti bilen;
- amala aşyryş tertibi bilen;
- tussaglaryň saklanyş tertibi we saklanýan ýerleri bilen;
- dolandyryş taýdan tussag edilende adamyň ýany barlanmaýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleriniň esasy näçe görnüşi berkidilýär?**
- dört;
- ýedi;
- üç;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) "Ýörite gulluk hukuklaryndan mahrum etmek" diýen düzgün-nyzam jogapkärçilik çäresi barmy?**
- ýok;
- hawa;
- diňe Türkmenistanda bar, başga döwletlerde ýok;
- diňe Türkmenistanda ýok, başga döwletleriň aglaba köpüsinde bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Raýat hukuk jogapkärçiliginiň toparlaryna girýärler:**
- şertnamalaýyn raýat-hukuk jogapkärçiligi;
- şertnamasyz raýat-hukuk jogapkärçiligi;
- kepillendirilen raýat-hukuk jogapkärçiligi;
- subsidiar raýat-hukuk jogapkärçiligi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Hukuk jogapkärçiliginiň esasan näçe sany wezipesi bar?**
- dört;
- alty;
- sekiz;
- dört, kähalatda bolsa laty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Hukuk dikeldiş wezipesi:**
- esasan emläkleýin jogapkärçilik çärelerine mahsusdyr;
- hukuk bozujy tarapyndan özüniň ýetiren maddy ýa-da ahlak zeleliniň öweziniň dolunmagyndan ybaratdyr;
- bozulan hukugyň hukugyň gatnaşyjy şahsy (subýekti) tarapyndan dikeldilmeginden ybaratdyr;
- günäkär şahsa onuň amala aşyran hukuk bozmasy üçin temmi bermekden ybaratdyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk jogapkärçiliginiň ýörelgeleriniň esasylaryna şu aşakdakylar degişlidir:**
- kanunylyk ýörelgesi;
- hukuk jogapkärçiliginiň gutulguzysdygy hakynda ýörelge;

- häkimýet şahalarynyň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagy ýörelgesi;
- hukuk jogapkärçiliginiň şahsylaşdyrylmagy ýörelgesi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk jogapkärçiligini aradan aýyrýan ýagdaýlara şu aşakdakylar degişlidir:**

- ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy, öňüni alyp bolmajak güýç, kazus, zerur goranyş;
- bialaç zerurlyk, esaslandyrylan töwekgelçilik, kanuny buýrugy ýerine ýetirmek, bikanun buýrugy ýerine ýetirmezlik;
- wagt möhletiniň geçmegi, jebir çeken bilen hukuk bozujynyň ylalaşmagy, hukuk bozujynyň çynlakaý ökünmegi;
- ruhy ýa-da beden taýda mejbur edilmek, jenaýat eden adam saklananda oňa zyýan ýetirmek, etmiş edilende ruhy taýdan kesellilik.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Hukuk jogapkärçiliginden boşatmak üçin näçe sany esas bar?**

- dört;
- alty;
- ýedi;
- bäş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Rehim etme çäresi:**

- diňe kazyỳetde aỳyplaỳyş hökümi çykyp, iş kesilen adamlar babatda ulanylỳan çäredir;
- adamyň şahsyỳeti boỳunça, ulanylýan şahsy häsiýetli çäredir;
- degişli namada her bir adamyň aỳratynlykda adyny, atasynyň adyny, famili-ỳasyny, haçan, nirede, haỳsy kazyỳet tarapyndan iş kesilendigini görkezmek bilen ulanylýan çäredir;
- jenaỳatlaryň aỳry-aỳry görnüşlerini amala aşyranlar babatda ulanylýan, köpçülikleýin häsiýetdäki çäredir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 24-nji bap. Kanunylyk, hukuk düzgüni (tertibi) we tertip-düzgün

## §1. Kanunylyk barada düşünje we onuň ýörelgeleri

Jemgyýetçilik häkimiýetiniň we hukuk ýadygärlikleriniň emele gelip başlan gadym zamanlarynda dörän kanunylyk şol döwürde-de, häzirki zamanda-da döwletiň iň esasy alamatlarynyň biri bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, *kanunylyk* – bu ýurduň bütin çäginde döwletiň konstitusiỳasynyň, kanunlarynyň we şolara laỳyklykda kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli edaralar, guramalar, kärhanalar, wezipeli şahslar we fiziki şahslar tarapyndan takyk hem birmeňzeş berjaỳ edilmegini göz öňünde tutỳan umumy degişli (uniwersal) häsiỳetdäki umumy hukuk düşünjesidir. Kanunylygyň esasy talaplary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- kanunlaryň beỳleki kanunalaỳyk kadalaşdyryjy hukuknamalar babatda ỳokary hukuk güỳjüne eỳe bolmagy;
- kanunlaryň hereket edỳän bütin çäginde olara ỳeke-täk birmeňzeş manyda düşünilmegi we olaryň takyk hem birmeňzeş berjaỳ edilmegi;
- ähli raỳatlaryň kanunyň goragyndan deň derejede peỳdalanmaga hukugynyň we onuň kadalaryny hemmeleriň hökmany ỳagdaỳda deň berjaỳ etmegä borjunyň bolmagy (Hemmeleriň kanunyň we kazyỳetiň öňünde deňligi ỳörelgesi);
- raỳatlaryň kanunyň we kazyỳetiň öňünde hukuklaryny goramaga mümkinçilikleriniň bolmagy;
- bir adamyň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagynyň beỳleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmaklaryna päsgel bermezliginiň üpjün edilmegi;
- adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny biri-birine garşy goỳmazlyk, ỳagny adamyň bir hukugynyň durmuşa geçirilmegi üçin onuň başga hukuklaryny pida bermezlik ỳörelgesiniň durmuşa geçirilmegi;
- hukuk bozmalaryň öňüniň alynmagy we olara garşy netijeli göreş alnyp barylmagy.

Kanunylygyň iň wajyp häsiýetli alamatlary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- ählumumylygy (onuň bu häsiýeti kim hukuk kadalarynyň täsir edýän çäginde bar (ýaşaýan, bolýan) bolsa onuň şol hukuk kadalarynyň talaplaryny doly berjaý etmäge borçludygynda, hiç kimiň, döwletiň hem, onuň wekilleriniň hem, aýry-aýry raýatlaryň hem, bu borjy etmekden boýun towlap bilmeýänliginde ýüze çykýar);
- kanunylyk hukuk döredijilik we hukuk ulanyş işiniň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) ählisine bildirilýän iň wajyp talap, (olaryň ählisiniň hökmany gollanmaly ýörelgesi) bolup durýar.

Hukuk ylmynda kanunylyga üç görnüşde, üç häsiýetde çykyş edýän jemgyýetçilik hukuk hadysasy hökmünde garalýar:

- jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlarynyň (işjeňliginiň) hem-de şol özüňi alyp barmagyň netijeleriniň kanunlarda,

olara esaslanýan kanuna laýyk (kanun asty) kadalaşdyryjy hukuk namalarda we hukugyň beýleki çeşmelerinde beýan edilen hukuk kadalaryna laýyk gelmeginiň *ýörelgesi* (prinsipi) hökmünde;

- *ýörelge* hökmünde kanunylyk hukugyň ähli gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) bolmaklarynyň we hereket etmekleriniň esasgoýujy baş pikiri (ideýasy) hökmünde kanunçylykda berkidilýär.

➢ jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlarynyň (işjeňliginiň) hem-de şol özüňi alyp barmagyň netijeleriniň kanunlarda, olara esaslanýan kanuna laýyk (kanun asty) kadalaşdyryjy hukuk namalarda we hukugyň beýleki çeşmelerinde beýan edilen hukuk kadalaryna laýyk gelmeginiň *usullary* (metody) hökmünde;

- *usul* hökmünde kanunylyk hukugyň ähli gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) özlerini alyp baryşlarynyň islendik görnüşiniň hem kanunylygyň talaplaryna laýyk bolmagyny we kanunylygyň olaryň ähli hereketleriniň esasy bolmagyny aňladýar.

➢ jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlarynyň (işjeňliginiň) hem-de şol özüňi alyp barmagyň netijeleriniň kanunlarda, olara esaslanýan kanuna laýyk (kanun asty) kadalaşdyryjy hukuk namalarda we hukugyň beýleki çeşmelerinde beýan edilen hukuk kadalaryna laýyk gelmeginiň *düzgüni* (režimi) hökmünde.

- *ýörite düzgün* hökmünde kanunylyk döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslaryň we raýatlaryň öz borçlaryny ynsaply ýerine ýetirmekleri we hukuklaryny päsgelçiliksiz amala aşyrmaklary üçin syýasy, ykdysady, ahlak we beýleki durmuş-ýaşaýyş şertleriniň döreilmegini aňladýar.

Döwletiň, şahsyýetiň we jemgyýetiň özara sazlaşykly ýaşamaklaryny we ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmeklerini üpjün edýän birnäçe esasgoýujy baş pikirleri (ideýalary) kanunylygyň ýörelgeleri hökmünde görkezmek bolar:

➢ kanunlaryň agalygy, ýagny kanunlaryň beỳleki kanunalaỳyk kadalaşdyryjy hukuknamalar babatda ỳokary hukuk güỳjüne eỳe bolmagy, kanuna laýyk (kanun asty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli kanunlara laýyklykda, şolardan ugur alyp, kanunlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin kabul edilmeli we ýerine ýetirilmeli;

➢ kanunlarda umumy adamzat gymmatlyklary we ýörelgeleri beýan edilmeli, kanunlaryň özeni şol gymmatlyklardan hem ýörelgelerden ybarat bolmaly;

➢ kanunlar şahsyýetiň konstitusiýada berkidilen hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini beýan etmeli, olaryň üpjün edilmegini hem goralmagyny kepillendirmeli;

➢ kanunlaryň ählumumylygy, ýagny olaryň hereket edýän bütin çäginde olara birmeňzeş düşünilmeli we olar birmeňzeş berjaý edilmeli;

➢ hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hukuklaryna, azatlyklaryna we kanuny bähbitlerine hukuga garşy hereketler bilen kast edilende, olaryň ählisiniň kanunyň goragyndan peýdalanmaga deň derejede mümkinçilikleriniň bolmagy;

➢ kanunylygyň we maksadalaýyklygyň biri-birine gapma-garşy goýulmagyna ýol berilmezligi;

- hukuk bozmalaryň öňüni almak we olara garşy işjeň hem netijeli göreşmek;
- kanunlaryň berjaý edilişine netijeli gözegçiligi ýola goýmak.

## §2. Kanunylygyň kepillikleri

*Kanunylygyň kepillikleri* – bu hukuk kadalarynyň berjaý edilmegini, döwletiň we jemgyýetiň bähbitleriniň, raýatlaryň hukuklarynyň goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen, guramaçylyk, ykdysady, syýasy, aňyýet şertleriniň we hukuk çäreleriniň kesgitli, anyk toplumydyr.

Kanunylygyň kepillikleriniň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- *maddy* (ykdysady) *kepillikler* jemgyýetiň ykdysady taýdan ösüşi, köpugurly ykdysady ulgamyň çäklerindäki gatnaşyklaryň sazlaşygy, netijeli hereket edýän salgyt ulgamy we ş.m. bilen kesgitlenýär;
- *durmuşy* (sosial) *kepillikler* ilkinji nobatda, önümçiligiň dowamly yzygiderliligine (prossesine) gatnaşýan raýatlaryň mynasyp ýaşaýyş derejesini üpjün etmekden, ilatyň goralmaga mätäç gatlaklaryna[1] durmuş taýdan goldaw bermegiň netijeli ulgamynyň hereket etmeginden we ş.m. ybaratdyr;
- *syýasy kepillikler* jemgyýetiň we döwletiň syýasy ulgamynyň ähli düzüm bölekleriniň kanunylyk düzgünini goldamaga we berkitmäge işjeň gatnaşmaklaryndan ybaratdyr;
- *medeni kepillikleriň* bardygy ýa-da ýokdugy döwlet edaralarynyň we guramalarynyň, olaryň wezipeli şahslarynyň, şeýle hem ýurduň tutuş ilatynyň umumy syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesi bilen kesgitlenýär;
- *aňyýet kepillikleri* döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň (döwlet apparatynyň) ähli düzüm bölekleriniň ýurduň çäginde hereket edýän täjirçilik we jemgyýetçilik düzümleri bilen işjeň hem guramaçylykly hyzmatdaşlyk etmeklerinde döredilýär. Bu bolsa öz gezegginde döwlet tarapyndan amala aşyrylýan hukuk syýasatynyň dogrudygynyň gönüden-göni subutnamasy bolup durýar;
- *ýörite-hukuk kepillikleri* jemgyýetçilik ösüşiniň aýratynlyklaryna we ylmy ündewlere esaslanýan netijeli kanunçylygy döretmek arkaly, şonuň ýaly-da kanunylygyň bozulmagynyň öňüni almak we şeýle hadysalary ýok etmek üçin ýörite döredilen döwlet edaralarynyň işiniň netijesinde üpjün edilýär. Netijeli kanunçylygy döretmek – *kadalaşdyryş-hukuk kepilliklerine*, hukuk goraýjy edaralaryň işi bolsa – *guramaçylyk-hukuk kepilliklerine* degişlidir.

[1]Ilatyň goralmaga mätäç gatlaklary diýlende, maýyplara, pensiýadakylara, garrylara, çagalara we ş.m. düşünilýär.

## §3. Kanunylygyň, hukuk düzgünininiň (tertibiniň) we tertip-düzgüniň özara gatnaşygy

Mälim bolşy ýaly, *hukuk tertibi* – bu jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrỳan dürli sosial kadalaryň ulgamy hökmünde jemgyỳetçilik tertibiniň iň möhüm düzüm bölekleriniň biridir. Hukuk tertibi diỳlende, hukugyň ähli gatnaşyjy şahslary (subỳektleri) tarapyndan hukuk kadalarynda kesgitlenen düzgünleriň doly we gyşarnyksyz berjaỳ edilmeginiň netijesinde emele gelỳän jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň anyk ỳagdaỳyna düşünilỳär. Hukuk tertibi diňe hukuk kadalarynyň berjaỳ edilmeginiň netijesinde emele gelỳär we hökmany ỳagdaỳda döwlet tarapyndan üpjün edilỳär. Hukuk tertibiniň döredilmegi we hereket etmegi üçin döwlet tarapyndan jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny hukuk taỳdan düzgünleşdirmegiň mehanizminiň ähli düzüm bölekleri ulanylỳar. Döwlet hem kanunylygyň we hukuk tertibiniň berjaỳ edilmegini üpjün etmek maksady bilen ỳokarda görkezilen talaplaryň ählisini durmuşa geçirỳär. Ýönekeý aýdylanda, hukuk tertibi – bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ähli gatnaşyjylaryň hukuga laýyk özlerini alyp baryşlarynyň tutuş toplumydyr.

Hukuk tertibiniň esasy alamatlary hökmünde bolsa şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- emele gelmeginiň esaslarynyň hukuk tebigatynyň bardygy;
- döwletiň bütin çäginde hukuk tertibiniň ýeke-täkligi we bütewiligi, ol hukugyň talaplarynyň bütewiliginde, ulgamlaşdyrylanlygynda, degişli tabynlyk tertibinde hereket edýänliginde ýüze çykýar;
- hukuk tertibiniň döwlet tarapyndan kepillendirilenligi. Munuň üçin döwletde barlag-gözegçilik, kazyýet we hukuk goraýjy edaralaryň çylşyrymly ulgamy hereket edýär;
- hukuk tertibiniň üpjün edilmeginde jemgyýetçilik gözegçiligine ýykgyn edilýändigi hem-de halk köpçüligine hukuk tertibiniň degişli derejesiniň üpjün edilmegine işjeň gatnaşmaga mümkinçiligiň döredilýändigi we ş.m.

Şu ýerde, seljerilýän kanunylyk we hukuk tertibiýaly, jemgyýetiň durmuşyny guramaçylykly düzgünleşdirmek üçin örän wajyp ähmiýeti bolan hadysalar bilen bir hatarda, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň utgaşykly hem sazlaşykly hereket etmegine örän uly goşant goşýan, durmuşy taýdan düzgünleşdiriş ulgamynyň ýene-de bir wajyp düzüm böleginiň bardygyny bellemek gerek. Ol düzüm bölegi „tertip-düzgün (dissiplina)“ diýlip atlandyrylýar.

Mälim bolşy ýaly, *tertip-düzgün* (dissiplina) – bu adamlaryň hukuk we ahlak kadalaryna, belli bir guramanyň içerki düzgün-tertibine ýa-da işjeňligiň belli bir görnüşinde umumy ykrar edilen düzgünlere laýyk gelýän özüňi alyp baryşlarydyr.

Kanunylygyň esasynda hemmeler tarapyndan kanunlaryň takyk we birmeňzeş, doly we gyşarnyksyz berjaý edilmelidigi hakynda baş pikir (ideýa) durýar, tertip-düzgün bolsa köp gatlakly jemgyýetçilik hukuk hadysasy bolmak bilen, kanunylyk diňe onuň köp sanly düzüm bölekleriniň biri hökmünde çykyş edýär. Sebäbi tertip-düzgüniň mazmunyna wajyp kadalaşdyryjy hukuk namalaryň talaplaryndan başga-da, ahlak kadalarynyň talaplary, ýokary iş ukyby, edep-terbiýe ýaly ençeme düzüm bölekleri girýärler. Onuň şu aýratynlygy hem tertip-düzgüniň

şu aşakdakylar ýaly birnäçe görnüşleriniň bardygyny ykrar etmäge mümkinçilik berýär:

- ýerine ýetirijilik tertip-düzgüni;
- tehnologik tertip-düzgün;
- zähmet tertip-düzgüni;
- okuw tertip-düzgüni;
- harby tertip-düzgün;
- maliýe (býujet, salgyt, gazna, bank we ş.m.) tertip-düzgüni;
- şertnamalaýyn tertip-düzgün we ş.m.

## §4. Howpsuzlyk barada düşünje we onuň görnüşleri

Kanunylyk, tertip-düzgün we hukuk tertibi bilelikde adamyň ýaşaýyş-durmuşynyň, işjeňliginiň ähli ugurlarynda howpsuzlygyň möhüm binýatlaýyn esaslaryny emele getirmek üçin zerur şertleri döredýärler. Howpsuzlyk bu üçüsiniň durmuşa geçirilmeginiň we hereket etmeginiň ahyrky maksadydyr hem-de onuň, ýagny howpsuzlygyň üpjün edilmegi döwlet edaralarynyň tutuş ulgamynyň takyk we guramaçylykly işleýşine, şonuň bilen birlikde-de raýatlaryň özleriniň hem olaryň birleşmeleriniň işleriniň netijesine-de bagly bolup durýar.

Umumy düşünjede *howpsuzlyk* – bu şahsyýet, jemgyýet, döwlet babatda haýsydyr bir görnüşdäki howplaryň düýbünden ýok we şahsyýetiň, jemgyýetiň hem döwletiň içerki we daşarky howplardan doly goragly bolan ýagdaýydyr.

Howpsuzlygyň umumy ýagdaýynyň çäklerinde onuň şu aşakdakylar ýaly görnüşleri bardyr:

- *jemgyýetiň howpsuzlygy* – bu hukuga garşy kast etmelerden jemgyýetiň esasy gymmatlyklarynyň, adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ýokary goraglylyk ýagdaýydyr;
- *döwletiň howpsuzlygy* – bu ýurduň (döwletiň) möhüm ýaşaýyş ähmiýetli bähbitleriniň içerki we daşarky howplardan ýokary goraglylyk ýagdaýydyr;
- *şahsyýetiň (raýatyň) howpsuzlygy* – bu jemgyýetiň howpsuzlygynyň düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen, ol adamyň we raýatyň binýatlaýyn tebigy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň, kanuny bähbitleriniň eldegrilmesizligine, aýrybaşgalaşdyryp ýa-da elinden mejbury alnyp bolunmaýanlygyna esaslanýar.

Bulardan başga-da howpsuzlygyň ýene-de şu aşakdakylar ýaly görnüşleri bardyr:

- *milli howpsuzlyk* – bu şahsyýetiň, jemgyýetiň, döwletiň ykdysady, syýasy, harby goranyş, durmuşy (sosial), maşgala, daşky gurşawy goraýyş (ekologiýa), maglumat çygry ýaly dürli çygyrlardaky hukuk howpsuzlygynyň ähli görnüşlerinden ybarat ulgamdyr;
- *ykdysady howpsuzlyk* – bu ykdysadyỳetiň durnukly ösüşiniň, jemgyỳetçilik zerurlyklarynyň yzygiderli we ỳeterlik derejede kanagatlandyrylmagynyň hem-de milli we halkara gatnaşyklary çygrynda milli ykdysady bähbitleriň netijeli dolandyrylmagynyň we goralmagynyň üpjün edilmegidir.

Ykdysady howpsuzlygyň iň esasy üç alamaty bolsa, ykdysady garaşsyzlykdan, milli ykdysadyỳetiniň durnuklylygyndan we kadalylygyndan, şeỳle hem ykdysadyỳetiň ösmäge we kämilleşmäge ukyply bolmagyndan ybaratdyr. Ykdysadyỳet ylmy, ykdysady howpsuzlygyň mazmunyny emele getirỳän şertleri esasan iki topara bölỳär: içerki ykdysady howpsuzlyk we daşarky ykdysady howpsuzlyk. Ol iki topar hem öz gezeginde birnäçe düzüm bölekleriniň jeminden emele gelỳär. Azyk, energiỳa, çig mal, ekologiỳa we maglumat howpsuzlygy içerki ykdysady howpsuzlygyň emele getirijileri bolsa, maliỳe, söwda, tehnologiỳa howpsuzlygy daşary ykdysady howpsuzlygyň düzüm bölekleri bolup durỳar;

Ykdysady howpsuzlygy emele getirýän düzüm bölekleriniň käbirleriniň üstünde durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek bolar:

**Içerki ykdysady howpsuzlygyň düzüm bölekleri:**

*Azyk howpsuzlygynyň* esasy düzüm bölekleri hökmünde:

- islendik ỳurduň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek üçin onuň öz çägindäki azyk önümçiliginiň durnukly we şol ỳurduň ilatyna ỳeterlik derejede guralan bolmalydygyny;
- ỳurduň çäginde ỳaşaỳan her bir adamyň azyk önümlerini edinmäge fiziki we ykdysady mümkinçilikleriniň bolmagyny;
- ỳurduň çägindäki ähli bazarlara azyk önümleriniň durnukly getirilmeginiň doly üpjün edilmegini;
- ỳurduň çäginde öndürilỳän ỳa-da özge döwletlerden getirilỳän ähli azyk önümleriniň hiliniň sagdyn we howpsuz bolmagynyň üpjün edilmegini görkezmek bolar.

Ähli adamlaryň sagdyn we işjeň ỳaşaỳşy üçin ỳeterlik derejede tebigy zerurlyklaryny we isleglerini kanagatlandyrar ỳaly, howpsuz hem ỳokumly azyk önümlerini edinmäge fiziki we ykdysady mümkinçilikleri bolan halatynda azyk howpsuzlygy doly üpjün edilen diỳlip hasap edilỳär.

*Energiýa howpsuzlygy* – bu energiýa serişdeleriniň milli ykdysadyýetiň kadaly hereket etmegi we döwletiň bütin çäginde ähli adamlaryň maddy taýdan kadaly üpjünçiligini ýola goýmak üçin ýeterlik derejede bolmagydyr.

*Çig mal howpsuzlygy*, esasan ykdysady önümçilik üçin zerur bolan çig mallaryň ỳeterlik derejede öndürilmeginden we şonuň netijesinde-de önümçiligiň togtamazlygynyň üpjün edilmeginden ybarat bolup durỳar.

*Ekologiýa howpsuzlygy* – bu daşky gurşawyň we adamyň hem raýatyň ýaşaýşy üçin möhüm ähmiýeti bolan bähbitleriň hojalyk işjeňliginiň ýa-da işjeňligiň başga görnüşleriniň ýaramaz täsirlerinden, tebigy we tehnogen[1] häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň ýüze çykmak howpundan, olaryň netijelerinden goragly ýagdaýydyr.

*Maglumat howpsuzlygy* diỳlende, dar manyda köpçülikleỳin habar beriş serişdelerinde we kitaplar, ỳygnaklardaky çykyşlar ỳaly beỳleki usullar arkaly

[1]Tehnogen-“techne-ussatlyk, sungat” diỳen grek sözünden gelip çykyp, tehnikanyň kömegi bilen döredilen diỳmegi aňladỳar.

berilỳän maglumatlaryň her bir adam üçin elỳeterli bolmagynyň, maglumatlaryň diňe hakykata esaslanmagynyň, tarapgöỳ nukdaỳnazardan arassalygynyň üpjün edilmegine düşünilỳär. Giň manyda düşünilende bolsa, maglumat howpsuzlygy, döwletiň maglumat alyş-çalyş ulgamynyň islendik zyỳanly täsirlerden goraglylygynyň, şonuň ỳaly-da her bir adamyň urşa, milletparazçylyga, bidüzgünçilige, ỳagny jemgyỳete garşy islendik herekete çagyryşlary özlerinde jemleỳän zyỳanly maglumatlardan goraglylygynyň üpjün edilmegini aňladỳar.

**Daşarky ykdysady howpsuzlygyň düzüm bölekleri:**

*Maliýe howpsuzlygy* – bu döwletiň parahatçylyk döwründe we adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda daşarky we içerki maliýe howplardan goragly ýagdaýydyr. Maliýe howpsuzlygy döwletiň ykdysady howpsuzlygy we harby goranyş howpsuzlygyny islendik ýagdaýda maliýe taýdan öz wagtynda we netijeli üpjün etmek mümkinçilikleriniň derejesini görkezýär.

*Söwda howpsuzlygy* – bu haryt alyş-çalyş ulgamynyň kadaly işiniň daşarky hem içerki howplardan doly goragly ýagdaýydyr.

*Tehnologiỳa howpsuzlygy* – bu ykdysady howpsuzlygyň möhüm düzüm bölegi bolup, ol milli ykdysadyỳetiň ähli pudaklarynyň dünỳä ylmynyň we tehnologiỳasynyň ösüşine laỳyklykda tehniki taỳdan kämilleşdirilip durulmagyny, önümçilige innowasion tehnolgiỳalaryň we önüm öndürmegiň täze usullarynyň yzygiderli ornaşdyrylmagyny, önümçilik bilen meşgullanỳan hünärmenleriň hünär taỳỳarlygynyň döwrün talabyna laỳyklykda artdyrylmagyny aňladỳar.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 24.1.**



**Çyzgy 24.2.**

**Hukuk ylmynda kanunylyga üç görnüşde, üç häsiýetde çykyş edýän jemgyýetçilik hukuk hadysasy hökmünde garalýar**

*ýörelge* hökmünde kanunylyk hukugyň ähli gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) bolmaklarynyň we hereket etmekleriniň esasgoýujy baş pikiri (ideýasy) hökmünde kanunçylykda berkidilýär

*usul* hökmünde kanunylyk hukugyň ähli gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) özlerini alyp baryşlarynyň islendik görnüşiniň hem kanunylygyň talaplaryna laýyk bolmagyny we kanunylygyň olaryň ähli hereketleriniň esasy bolmagyny aňladýar

*ýörite düzgün* hökmünde kanunylyk döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslaryň we raýatlaryň öz borçlaryny ynsaply ýerine ýetirmekleri we hukuklaryny päsgelçiliksiz amala aşyrmaklary üçin syýasy, ykdysady, ahlak we beýleki durmuş-ýaşaýyş şertleriniň döreilmegini aňladýar

**Kanunylyk**

bu ýurduň bütin çäginde döwletiň konstitusiýasynyň, kanunlarynyň we şolara laýyklykda kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli edaralar, guramalar, kärhanalar, wezipeli şahslar we fiziki şahslar tarapyndan takyk hem birmeňzeş berjaý edilmegini göz öňünde tutýan umumy degişli (uniwersal) häsiýetdäki umumy hukuk düşünjesidir

**Çyzgy 24.3.**

## Kanunylygyň ýörelgeleri

kanunlaryň agalygy, ýagny kanunlaryň beýleki kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuknamalar babatda ýokary hukuk güýjüne eýe bolmagy, kanuna laýyk (kanun asty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli kanunlara laýyklykda, şolardan ugur alyp, kanunlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin kabul edilmeli we ýerine ýetirilmeli

kanunlarda umumy adamzat gymmatlyklary we ýörelgeleri beýan edilmeli, kanunlaryň özeni şol gymmatlyklardan hem ýörelgelerden ybarat bolmaly

kanunlar şahsyýetiň konstitusiýada berkidilen hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini beýan etmeli, olaryň üpjün edilmegini hem goralmagyny kepillendirmeli

kanunlaryň ählumumylygy, ýagny olaryň hereket edýän bütin çäginde olara birmeňzeş düşünilmeli we olar birmeňzeş berjaý edilmeli

hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) hukuklaryna, azatlyklaryna we kanuny bähbitlerine hukuga garşy hereketler bilen kast edilende, olaryň ählisiniň kanunyň goragyndan peýdalanmaga deň derejede mümkinçilikleriniň bolmagy

kanunylygyň we maksadalaýyklygyň biri-birine gapma-garşy goýulmagyna ýol berilmezligi

hukuk bozmalaryň öňüni almak we olara garşy işjeň hem netijeli göreşmek

kanunlaryň berjaý edilişine netijeli gözegçiligi ýola goýmak

# Kanunylygyň kepillikleri:

Çyzgy 24.4.




Çyzgy 24.5.
Hukuk tertibiniň esasy alamatlary
emele gelmeginiň esaslarynyň hukuk tebigatynyň bardygy
hukuk tertibiniň döwlet tarapyndan kepillendirilenligi. Munuň üçin döwletde barlag-gözegçilik, kazyýet we hukuk goraýjy edaralaryň çylşyrymly ulgamy hereket edýär
hukuk tertibiniň üpjün edilmeginde jemgyýetçilik gözegçiligine ýykgyn edilýändigi hem-de halk köpçüligine hukuk tertibiniň degişli derejesiniň üpjün edilmegine işjeň gatnaşmaga mümkinçiligiň döredilýändigi we ş.m.
döwletiň bütin çäginde hukuk tertibiniň ýeke-täkligi we bütewiligi, ol hukugyň talaplarynyň bütewiliginde, ulgamlaşdyrylanlygynda, degişli tabynlyk tertibinde hereket edýänliginde ýüze çykýar
Tertip-düzgün
bu adamlaryň hukuk we ahlak kadalaryna, belli bir guramanyň içerki düzgün-tertibine ýa-da işjeňligiň belli bir görnüşinde umumy ykrar edilen düzgünlere laýyk gelýän özüňi alyp baryşlarydyr
Onuň görnüşleri:
ýerine ýetirijilik tertip-düzgüni
okuw tertip-düzgüni
tehnologik tertip-düzgün
harby tertip-düzgün
zähmet tertip-düzgüni
maliýe tertip-düzgüni
şertnamalaýyn tertip-düzgün we ş.m

Çyzgy 24.6.

# HOWPSUZLYK

bu şahsyýet, jemgyýet, döwlet babatda haýsydyr bir görnüşdäki howplaryň düýbünden ýok we şahsyýetiň, jemgyýetiň hem döwletiň içerki we daşarky howplardan doly goragly bolan ýagdaýydyr

## JEMGYÝETIŇ HOWPSUZLYGY

bu hukuga garşy kast etmelerden jemgyýetiň esasy gymmatlyklarynyň, adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ýokary goraglylyk ýagdaýydyr

## DÖWLETIŇ HOWPSUZLYGY

bu ýurduň (döwletiň) möhüm ýaşaýyş ähmiýetli bähbitleriniň içerki we daşarky howplardan ýokary goraglylyk ýagdaýydyr

## ŞAHSYÝETIŇ HOWPSUZLYGY

bu jemgyýetiň howpsuzlygynyň düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen, ol adamyň we raýatyň binýatlaýyn tebigy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň, kanuny bähbitleriniň eldegrilmesizligine, aýrybaşgalaşdyryp ýa-da elinden mejbury alnyp bilinmeýänligine esaslanýar

## MILLI HOWPSUZLYK

bu şahsyýetiň, jemgyýetiň, döwletiň ykdysady, syýasy, harby goranyş, durmuşy (sosial), maşgala, daşky gurşawy goraýyş (ekologiýa), maglumat çygry ýaly dürli çygyrlardaky hukuk howpsuzlygynyň ähli görnüşlerinden ybarat ulgamdyr

## YKDYSADY HOWPSUZLYK

bu ykdysadyỳetiň durnukly ösüşiniň, jemgyỳetçilik zerurlyklarynyň yzygiderli we ỳeterlik derejede kanagatlandyrylmagynyň hem-de milli we halkara gatnaşyklary çygrynda milli ykdysady bähbitleriň netijeli dolandyrylmagynyň we goralmagynyň üpjün edilmegidir

## *SOWALNAMA*

**1) Kanunylyk – bu,**
- ýurduň bütin çäginde kanunyň agalygynyň (hökmürowanlygynyň) üpjün edilmegigir;
- adamyň we raýatyň ähli hukuklarynyň hem azatlyklarynyň goralmagy we üpjün edilmegidir;
- ýurtdaky ähli edaralar, guramalar, kärhanalar, wezipeli adamlar we raýatlar tarapyndan kanunlaryň takyk hem birmeňzeş, doly we gyşarnyksyz berjaý edilmegidir;
- hukuk diýen düşünje bilen manydaş aňlatmadyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Kanunylygyň näçe sany esasy talapy bar?**
- iki;
- dört;
- ýedi;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Kanunylygyň iň wajyp häsiýetleri şulardyr:**
- onuň ählumumylygy we hukuk döredijilik hem hukuk ulanyş işiniň binýatlaýyn esasydygy;
- onuň hukuk tertibini üpjün etmegiň iň wajyp serişdesi bolup durýanlygy;
- onuň tertip-düzgüniň iň wajyp düzüm bölegi bolup durýanlygy;
- onuň hukuk taýdan düzgünleşdirmek işiniň iň esasy netijesidigi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Kanunylyga haýsy häsiýetlerde, haýsy görnüşlerde çykyş edýän hadysa hökmünde garalýar?**
- hukugyň ýörelgesi hökmünde;
- hukugyň usuly hökmünde;
- ýörite hukuk düzgüni hökmünde;
- hukugyň jedelsiz başlangyjy hökmünde.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk ýörelgesi hökmünde garalanda kanunylyk nirede berkidilýär?**
- hukuk doktrinasynda;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamynda;
- hukuk adatlarynda;
- hukuk presedentinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Kanunylygyň näçe sany esasy ýörelgeleri bar?**
- üç;

- iki;
- sekiz;
- on bir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Kanunyň agalygy diýen düşünje aňladýar:**
- kanunlaryň beỳleki kanunalaỳyk kadalaşdyryjy hukuknamalar babatda ỳokary hukuk güỳjüne eỳe bolmagyny;
- kanuna laýyk (kanun asty) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ähli kanunlara laýyklykda, şolardan ugur alyp kabul edilmegini we ýerine ýetirilmelidigini;
- kanunyň ähli zatdan ýokary tutulmagyny;
- kanunylygyň we maksadalaýyklygyň biri-birine gapma-garşy goýulmagyna ýol berilmezligini.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Kanunylygyň kepillikleriniň näçe görnüşi bar?**
- bäş;
- alty;
- ýedi;
- sekiz.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Maddy (ykdysady) kepillikler kesgitlenýär:**
- netijeli kanunçylygy döretmek bilen;
- jemgyýetiň ykdysady taýdan ösüşi bilen;
- köpugurly ykdysady ulgamyň çäklerindäki gatnaşyklaryň sazlaşygy bilen;
- netijeli hereket edýän salgyt ulgamy we ş.m. bilen.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Ýörite-hukuk kepillikleriniň görnüşlerine girýärler:**
- kadalaşdyryş we guramaçylyk hukuk kepillikleri;
- düzgünleşdiriji we ugrukdyryjy hukuk kepillikleri;
- alternatiw we imperatiw hukuk kepillikleri;
- dispozitiw we salgylanyjy hukuk kepillikleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Medeni hukuk kepillikleri kesgitlenýär:**
- döwlet edaralarynyň we guramalarynyň umumy syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesi bilen;
- wezipeli şahslaryň umumy syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesi bilen;
- ýurduň ilatynyň umumy syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesi bilen;
- daşary ýurt raýatlarynyň hem raýatlygy ýok adamlaryň umumy syýasy we hukuk medeniýetiniň derejesi bilen.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Hukuk tertibi bilen tertip-düzgün ikisi dürli atlar bilen atlandyrylýan şol bir zatmy?**
- ýok;
- hawa;
- ýok, hukuk tertibi tertip-düzgüniň düzüm bölekleriniň biridir;
- ýok, ýöne olaryň ikisi hem kanunylygyň düzüm bölekleridir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Tertip-düzgün – bu,**
- adamlaryň hukuk we ahlak kadalaryna laýyk gelýän özüňi alyp baryşlarydyr;
- gadymdan gelýän dini we adat kadalaryna laýyk gelýän özüňi alyp baryşlarydyr;
- belli bir guramanyň içerki düzgün-tertibine laýyk gelýän özüňi alyp baryşlarydyr;
- işjeňligiň belli bir görnüşinde umumy ykrar edilen düzgünlere laýyk gelýän özüňi alyp baryşlarydyr.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Maliýe tertip-düzgüniniň görnüşlerine girýärler:**
- salgyt tertip-düzgüni;
- býujet tertip-düzgüni;
- bank tertip-düzgüni;
- ykdysady tertip-düzgün.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Kanunylyk, hukuk tertibi we tertip-düzgün bileleşip nämäni döredýärler?**
- kanunçylyk ulgamyny;
- hukuk ulgamyny;
- howpsuzlygy;
- jemgyýetçilik tertibini.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Howpsuzlyk kimleriň we nämeleriň içerki hem daşarky howplardan doly goragly bolan ýagdaýyny aňladýar?**
- şahsyýetiň;
- fiziki hem ýuridik şahslaryň;
- döwletiň;
- jemgyýetiň.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Howpsuzlygyň esasy görnüşlerine girýärler:**
- fiziki we ýuridik şahslaryň eýeçiliginiň howpsuzlygy;
- jemgyýetiň howpsuzlygy;
- döwletiň howpsuzlygy;
- şahsyýetiň howpsuzlygy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Milli howpsuzlygyň düzümine şu aşakdakylar hem girýärler:**
- harby we goranyş howpsuzlygy;
- ykdysady howpsuzlyk;
- syýasy howpsuzlyk;
- energiýa geçirijilerini üstaşyr geçirmegiň howpsuzlygy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Ykdysady howpsuzlyk iki görnüşe bölünýär. Olar haýsylar?**
- içerki we daşarky ykdysady howpsuzlyk;
- milli we halkara ykdysady howpsuzlyk;
- milli we döwlet ykdysady howpsuzlygy;
- şahsy we jemgyýetçilik ykdysady howpsuzlygy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Jemgyýetiň howpsuzlygy – bu:**
- ýurduň (döwletiň) möhüm ýaşaýyş ähmiýetli bähbitleriniň içerki we daşarky howplardan ýokary goraglylyk ýagdaýydyr;
- hukuga garşy kast etmelerden jemgyýetiň esasy gymmatlyklarynyň, adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ýokary goraglylyk ýagdaýydyr;
- şahsyýetiň, jemgyýetiň, döwletiň ykdysady, syýasy, harby goranyş, durmuşy (sosial), maşgala, daşky gurşawy goraýyş (ekologiýa), maglumat çygry ýaly dürli çygyrlardaky hukuk howpsuzlygynyň ähli görnüşlerinden ybarat ulgamdyr;
- milli we halkara gatnaşyklary çygrynda milli ykdysady bähbitleriň netijeli dolandyrylmagynyň we goralmagynyň üpjün edilmegidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 25-nji bap. Häzirki zamanyň esasy hukuk ulgamlary

## §1. Hukuk ulgamlary barada düşünje we onuň görnüşleri

Mälim bolşy ýaly, *hukuk ulgamy* – bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän özara baglanyşykly we ylalaşykly hyzmatdaşlyk edýän hukuk serişdeleriniň, şeýle hem ol ýa-da beýleki ýurduň hukuk ösüşiniň derejesini häsiýetlendirýän düzüm bölekleriniň jemidir.

Hukuk ulgamynyň esasy tapawutly aýratynlyklaryny hukugyň çeşmeleriniň we hukuk döredijilik hem hukuk ulanyş işi bilen meşgullanýan döwlet häkimiýet edaralarynyň häsiýetli aýratynlyklary emele getirýärler. Şonuň bilen birlikde-de, bir hukuk ulgamyny beýleki hukuk ulgamyndan (hukuk maşgalasyndan) tapawutlandyrýan alamatlar hökmünde jemgyýetiň hukuk dünýägaraýşy, hukuk ylmy, hukuk düşünjeleri, hukuk ýörelgeleri, hukuk syýasaty, hukugyň iň wajyp beýany hem galyby bolan kanunçylyk, hukuk tehnikasy we ş.m. çykyş edýärler.

Häzirki zaman hukuk ylmynda hukuk ulgamlaryny görnüşlere we toparlara bölmegiň birnäçe usuly bar. Bu usullaryň içinde has giňden ýaýrany we ýörgünli ulanylýany bolsa, belli bir döwletiň milli hukuk ulgamyny – hukuk serişdeleriniň we düzüm bölekleriniň, kanunçylygyň takyk-taryhy jemlerini, hukuk tejribesini[1] hem ýurtda, döwlet-häkimiýet dolandyryş ulgamynda, jemgyýetde agalyk edýän aňyýeti böleklere bölüp seljermek bolup durýar. Bu usul meşhur fransuz hukuk öwreniji Rene Dawid[2] tarapyndan ylmy dolanyşyga girizilen usul bolup, ol "deňeşdirme hukuk öwrenişi" diýlip atlandyrylýar. Şeýle hem bu alym birmeňzeş milli hukuk ulgamlarynyň jemini aňlatmak üçin "hukuk maşgalasy" diýen adalgany hem ylmy dolanyşyga girizýär.

*Hukuk maşgalasy* – bu emele gelşiniň taryhy usuly hem ýoly, düzüm gurluşy, hukuk ulanyş tejribesiniň aýratynlyklary, hukuk ylmynyň düşünjeleýin-derejeleýin ulgamy we ş.m. boýunça biri-birine kybapdaş hem ýakyn bolan milli hukuk ulgamlarynyň jemidir.

Rene Dawidiň hukuk ulgamlaryny toparlara we görnüşlere bölmek usulyna laýyklykda, olaryň şu aşakdaky dört görnüşi bardyr:

- roman-german hukuk maşgalasy (kontinental hukuk ulgamy);
- iňlis-sakson hukuk maşgalasy (umumy hukuk ulgamy);
- dini we dessurlaýyn hukuk ulgamlary;
- sosialistik hukuk ulgamy.

## §2. Roman-german hukuk ulgamy

[1]Hukuk tejribesi – bu toplanan durmuşy-hukuk tejribesine laýyklykda, hukuk kadalaryny kabul etmeklige, köpçülige yglan etmeklige, düşündirmeklige we durmuşa geçirmeklige gönükdirilen hukuk işjeňligidir. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk gatnaşyklaryna öwürmegiň usullaryna we häsiýetlerine laýyklykda hukuk tejribesi hukuk işjeňliginiň hukuk döredijilik, hukuk ulanyş, serenjam beriş, hukuk düşündiriş we ş.m. görnüşlerine bölünýär. Hukuk tejribesini emele getirýän (amala aşyrýan) gatnaşyjy şahslar (subýektler) boýunça bolsa kanunçykaryjylyk, kazyýet, derňew, kepillendiriş (notarial) we ş.m. görnüşlere bölünýär;

[2]Rene Dawid, 1906-1990-njy ýyllarda ýaşap geçen fransuz alymy, hukuk öwrenijisi. Esasy ylmy işi: "Häzirki zamanyň esasy hukuk ulgamlary. Deňeşdirme hukugy" atly işdir.

Roman-german hukuk ulgamy ýa-da başgaça atlandyrylyşy ýaly, kontinental hukuk ulgamy Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Ispaniýa ýaly ýurtlarda, şol sanda Türkmenistanda hem hereket edýär. Bu görnüşdäki hukuk ulgamlarynyň emele gelşiniň taryhy öz gözbaşyny gadymy döwürlerden, has takygy 2000 ýyl mundan ozal dörän we hereket eden rim hukugyndan alyp gaýdýar.

*Roman-german hukuk ulgamy* – bu häzirki zamanyň rim hukugyna esaslanýan esasy hukuk ulgamlarynyň biri bolmak bilen, onda iň wajyp hukuk çeşmesi hökmünde kadalaşdyryjy hukuk nama hasaplanýar, hukuk kadalarynyň nazarylygy, ýagny umumy, ortalyk häsiýetde bolup, bir ýa-da birnäçe däl-de, köp ýagdaýlarda ulanylmaga niýetlenmegi (abstraktlygy), hukugyň jemgyýetçilik hem umumy hukuga, şonuň ýaly-da dürli hukuk pudaklaryna bölünmegi we ş.m. ykrar edilýär.

Özboluşly hukuk ulgamy hökmünde roman-german hukuk ulgamy XIII asyrlarda gadymy rim hukugynyň kadalarynyň, ýörelgeleriniň hem hukuk adatlarynyň gaýtadan dikeldilip, ulanylyp başlanmagynyň (resepsiýasynyň[1]) netijesinde emele gelip başlaýar.

Kontinental hukuk ulgamyň esasy alamatlary hem düzüm bölekleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- roman-german hukuk ulgamy bolan ähli ýurtlarda hukuk ylmy hukuk kadalaryny belli bir uly toparlara birleşdirýär, olaryň ählisinde-de tutuş hukuk ulgamy *jemgyýetçilik hukugy*[2] we *hususy hukuk*[3] diýlip atlandyrylýan iki sany uly bölege bölünýär;
- jemgyýetçilik (umumy) hukugy, edil hususy hukuk ýaly roman-german hukuk ulgamy bolan ähli ýurtlarda, konstitusion hukuk, dolandyryş hukugy, jenaýat hukugy, halkara hukugy, jenaýat iş ýörediş hukugy ýaly hukuk pudaklaryna bölünýär;
- şeýle görnüşdäki hukuk ulgamy bolan ähli ýurtlarda, hukuk kadasyna, haýsydyr bir anyk ýagdaýy çözmek we aňlatmak üçin niýetlenen serişde hökmünde däl-de, ahlak hem adalatlylyk talaplaryna esaslanýan, umumy, ortalyk häsiýetdäki, köp ýagdaýlarda ulanylmaga niýetlenen (abstrakt) hukuk görkezmesi hökmünde garalýar;
- roman-german hukugy hereket edýän ähli döwletlerde kazyýetler hukugy döretmeýärler-de, diňe ulanýarlar;
- şeýle hukuk ulgamy bolan ähli döwletlerde iň wajyp hukuk çeşmesi hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namalar, olardan has möhümleri hökmünde bolsa kanunlar çykyş edýärler. Kontinental hukuk ulgamy bolan

---

[1]Resepsiýa-“reception-kabul etmek, siňdirmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bir döwletiň başga bir döwletiň hukuk ulgamyny, onuň kadalaryny, ýörelgelerini hem başlangyçlaryny öz milli hukuk ulgamynyň binýatlaýyn esasy hökmünde kabul etmegini aňladýar;

[2]Jemgyýetçilik (umumy) hukugy – bu hususy bähbitleri goramaklyga niýetlenen hususy hukuk pudaklaryndan tapawutlylykda, umumy, bütewi jemgyýetçilik bähbitlerini goramaklyga niýetlenýän hukuk pudaklarynyň jemidir. Mysal üçin, halkara umumy hukugy, konstitusion hukuk, dolandyryş hukugy, jenaýat hukugy, maliýe hukugy, jenaýat iş ýörediş hukugy we ş.m.;

[3]Hususy hukuk – bu raýatlaryň, hususy eýeleriň, telekeçileriň, dürli görnüşdäki birleşmeleriň emläkleýin işjeňlik çygryndaky bähbitlerini goramaklyga we şahsy gatnaşyklary düzgünleşdirmeklige niýetlenen hukuk pudaklarynyň jemidir. Onuň özenini emläkleýin we emläkleýin däl şahsy gatnaşyklar çygryny düzgünleşdirýän raýat hukugy emele getirýär. Mysal üçin, onuň düzümine raýat hukugy, telekeçilik hukugy, söwda hukugy we ş.m. girýärler.

döwletleriň köpüsinde kodekslere esasy hukuk çeşmeleri hökmünde garalýar.

## §3. Umumy hukugyň (iňlis-sakson hukugynyň) hukuk maşgalasy

Hukugyň esasy çeşmesi hukuk güýjüne giren kanun hasaplanýan roman-german hukuk ulgamy hereket edýän döwletlerden tapawutlylykda, iňlis-sakson hukuk maşgalasyna[1] degişli döwletlerde kazylar tarapyndan döredilen we kazyýet presedentinde beýan edilen kada – hukuk presedenti iň esasy hukuk çeşmesi bolup hyzmat edýär.

*Iňlis-sakson umumy hukugy* – bu hukuk ulgamlarynyň özboluşly maşgalasy bolmak bilen, ol umumy, hyýaly esaslarda döredilýän hukuk kadalaryna, esasan hem adaty hukuga we kazyýet tejribesine (presedent hukugyna) esaslanýar.

Mälim bolşy ýaly, roman-geran hukuk ulgamynda hukuk kadasy durmuşy (sosial) hadysalaryň, ýagdaýlaryň gaýtalanýandygy we belli bir derejede umumy häsiýetlidikleri sebäpli olaryň birmeňzeşligini berkidýär we beýan edýär, ýagny kontinental hukuk ulgamynda, gatnaşyklaryň belli bir görnüşlerini düzgünleşdirmeklige niýetlenip hukuk kadasy döredilende, onuň düzgünleşdirýän gatnaşyklarynyň meňzeşliginden, näçe gezek gaýtalansalar-da uzak wagtlap olaryň esasy häsiýetleriniň üýtgewsiz galmagyndan, şol sebäpli-de hukuk kadasynyň ep-esli wagtyň dowamynda düzgünleşdiriş ukybyny ýitirmän saklajakdygyndan ugur alynýar.

Iňlis-sakson hukugynda bolsa hukuk kadalarynyň agramly bölegi ylmy esaslarda işläp düzülmeýär we kanunçykaryjy tarapyndan kabul edilmeýär. Ol takyk ýagdaýa esaslanýan, anyk durmuşy hadysadan ugur alýan özüňi alyp baryş düzgüni bolup durýar. Şonuň üçin hem iňlis-sakson hukuk ulgamynda hukuk kadasy sebäpleýin (kazual) häsiýetlidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 227-nji maddasynyň 1-nji böleginde başga biriniň emlägini gizlinlik bilen bikanun almak ogurlyk diýlip kesgitlenýär. Bu kada şeýle hereketleriň ählisine degişli bolup durýar. Eger-de görkezilen hereketler haýsydyr bir ýeňilleşdirýän ýagdaýyň (mysal üçin, kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly[2]) täsiri bilen edilen bolsa, kazyýet diňe şol ýagdaýy jeza çäresini bellände ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde göz öňünde tutup bilýär. Iňlis-sakson hukuk ulgamynda bolsa kazyýet haýsydyr bir anyk ýagdaýda, edil şonuň ýaly hereketiň kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly edilmeginiň jenaýat däldigi hakynda çözgüt kabul etmek bilen täze hukuk presedentini döredip bilýär, şol hukuk presedenti bolsa soňra ýene-de edil şonuň ýaly ýa-da şoňa düýpli çalym edýän ýagdaýlar ýüze çyksa, olary hem jenaýat däl diýip kesgitlemek üçin esas bolup bilýär.

Iňlis-sakson hukuk ulgamyny roman-german hukuk ulgamyndan tapawutlandyrýan ikinji alamat bolsa, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, kontinental hukuk maşgalasynda esasy hukuk çeşmesi hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namalar

[1]Käbir edebiýatlarda iňlis-amerikan hukuk maşgalasy hem diýilýär;
[2]17.06.1997 ýylda kabul edilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 57-nji maddasynyň 1-nji böleginiň "d" bendi.

– kanun çykyş edýär, umumy hukuk maşgalasynda bolsa presedent hukugy ilkinji we iň möhüm hukuk çeşmesi bolup durýar. Şonuň üçin hem umumy hukuk maşgalasynda kazyýet tejribesine tutuş hukuk ulgamynyň binýatlaýyn esasy hökmünde garalýar. Şol sebäpli-de iňlis-sakson hukugynda aşakda durýan kazyýetler ýokarda durýan kazyýetleriň çözgütlerine gollanmaga we şolardan ugur almaga borçludyrlar. Ýöne şu ýerde bellemeli ýagdaý, soňky döwürde iňlis-sakson hukuk ulgamy hereket edýän döwletlerde kazyýet presedentleri bilen bir hatarda döwletiň ýokary kanunçykaryjy edaralary tarapyndan kabul edilýän hukuk kadalarynyň hem ähmiýeti günsaýyn artýar we “statut hukugy[1]” diýlip atlandyrylýan umumy hukugyň bir bölegi presedent hukugy bilen deň-derejede barha giň gerime eýe bolýar.

## §4. Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlary

*Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlary* – bu hukuk düzüm bölekleriniň aglaba köpüsiniň dessurlaýyn jemgyýetleriň düzgünleşdiriji serişdeleri bolan: dini ynançlaryň, garaýyşlaryň, akymlaryň, däp-dessurlaryň, adatlaryň, edim-gylymlaryň baglaýjy täsir edýändikleri zerarly ilkibaşky döredilen görnüşinde hereket edýän hukuk ulgamlarydyr. Şeýle hukuk ulgamlaryna Mukaddes ýazgylaryň (Gurhan, Töwrat, Injil, Zebur) gutarnyklylygy, çürt-kesikligi, olaryň abraýynyň şek-şübhesizligi we dini kadalaryň, görkezmeleriň, dessurlaryň agalygy mahsusdyr.

Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

*Musulman hukugy* – b.e.VII-X asyrlarynda Arap halypalygynda dörän we musulman dinine - yslama esaslanýan hukuk ulgamydyr. Onuň esasgoýujy başlangyjy, hereket edýän hukugyň Allatagala tarapyndan Muhammet pygamberiň üsti bilen adamzada berlendigi hakyndaky pikirdir.

Musulman hukugy ony köp sanly düşündirijileriň zähmeti bilen emele getirilendir we ol durmuşyň oraza tutmak, namaz okamak ýaly ähli çygyrlaryna täsir edýändir. Musulman hukuk düşünjesinde günbatarda düşünilişi ýaly “kanun” diýen aňlatma ýokdur. Musulman hukugyna laýyklykda diňe Allatagala kanunçykaryjylyk, kanun döredijilik hukugyna eýedir.

Musulman hukugynyň esasy çeşmelerine bolsa ýokarda bellenip geçilişi ýaly[2], şu aşakdakylar degişlidir:

- Gurhan
- şerigat[3];
- sünne;
- hadys;
- ijma;

---

[1]Statut hukugy – bu iňlis-sakson hukuk ulgamy hereket edýän ýurtlarda statutlarda (kanunlarda) beýan edilen hukuk kadalaryny aňladýar. Ol hukuk kadalary presedent hukugy bilen birlikde hereket edýärler we kazyýetler tarapyndan döredilýän presedentlerden hem-de dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilýän namalardan tapawutlylykda, döwletiň kanunçykaryjy edaralary tarapyndan döredilýärler;

[2]Şu okuw gollanmasynyň 9-njy babynyň 3-nji soragynda görkezilýär;

[3]Şu okuw gollanmasynyň 9-njy babynyň 3-nji soragynda şerigat, sünne, hadys, ijma, fikh, fetwa barada düşündirişler berilýär.

- fikh;
- talkid[1];
- kiýas[2].

*Indus*[3] (hindi) *hukugy* dessurlaýyn hukugyň aýdyň mysalydyr. Onuň döreýşiniň taryhy öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Bu hukuk ulgamy jemgyýetiň birek-birekden juda zabun üzňeleşdirilen gatlaklara-warnalara[4] (kastalara) bölünýän gurluşyna esaslanýar we şol gurluşy berkitmek bilen özünde ilkidurmuş jemagat (oba) hukugyna[5] mahsus alamatlary jemleýär. Hukuk ulgamlarynyň bu görnüşi häzirki wagtda Hindistanda, Pakistanda, Birmada, Singapurda, Malaýziýada we Afrikanyň gündogar kenar ýakasynda ýerleşýän Tanzaniýa, Uganda, Keniýa döwletlerinde hereket edýär.

Indus dini bu dine uýýanlary adamlaryň Hudaý tarapyn, doglan pursatlaryndan beýikli-pesli jemgyýetçilik derejelerinde durýan gatlaklara bölünýändiklerini, şol gatlaklaryň her bir agzasynyň hem özüne mahsus hukuklarynyň we borçlarynyň bardygyna ynanmaga, uýmaga borçly edýär. Indus hukugynyň adamlary beýikli-pesli, deň bolmadyk derejelere bölmegi esasan hem nika-maşgala, miras we beýleki gatnaşyklarda aýdyň ýüze çykýar. Mysal üçin, brahmanlaryň gatlagynyň wekiliniň şudralaryň gatlagynyň wekili bilen maşgala gurmaga hukugy ýokdur.

Indus hukugynyň esasy ýazmaça çeşmelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- *wedylar* (gadymy hindi dili bolan sanskritde “bilim” diýmegi aňladýan sözden gelip çykyp, b.e.ö. II-I müňýyllyklarda, Rigweda, Samaweda, Ýajurweda, Atharwaweda atly bölümlerden ybarat bolan, dini wasp ediji aýdymlar (gimnler[6]) görnüşinde döredilen gadymy hindi ýazuw ýadygärligini aňladýar);
- *dharmaşastralar* (özüňi alyp barmagyň dini kadalaryny özünde jemleýän gadymy hindi kanunlarydyr. Mysal üçin, Manunyň kanunlary, Arthaşastra).

Bellenip geçilişi ýaly, dharmaşastralar diýlende, esasan Manunyň kanunlary, Arthaşastra we Mahabrahata göz öňünde tutulýar.

*Manunyň*[7] *kanunlary* – bu hindileriň şahsy we jemgyýetçilik durmuşynda özlerini alyp barmaklarynyň düzgünlerini, brahmançylygyň nazary esaslaryny kadalaryny we ýörelgelerini, şonuň ýaly-da kazyýet önümçiligini we döwlet dolandyryşyny amala aşyrmak baradaky öwüt-nesihatlary özünde jemleýän gadymy hindi kanunlarynyň ýygyndysydyr.

---

[1]Talkid-bu yslam dininiň hemmeler üçin hökmany häsiýetli esasy ýörelgeleriniň jemi bolup, olar şerigatyň birinji bölüminde beýan edilýär;

[2]Kiýas-bu görnükli musulman hukukçylary tarapyndan Gurhana we sünnä berlen, hemmeler üçin hökmany häsiýetli düşündirişdir;

[3]Indus sözi Hind derýasynyň (gadymy döwürde Sindhu derýasynyň) parsça “Hindu” diýlip atlandyrylmagynyň netijesinde şol derýanyň jülgesinde ýaşaýan adamlaryň hem hindiler (induslar) diýlip atlandyrylmagyna getiripdir. Netijede-de olaryň uýýan dini hem şol at bilen atlandyrylyp başlanýar;

[4]Şu okuw gollanmasynyň 4-nji babynyň 2-nji soragynyň çykgytlarynda **warna** barada düşündiriş berilýär;

[5]Jemagat (oba) hukugynyň aýratynlyklary barada şu okuw gollanmasynyň 2-nji babynyň 3-nji soragynda durlup geçilýär;

[6]Gimn-“hymnos-dabaraly aỳdym” diỳen grek sözünden gelip çykan adalga;

[7]Rowaýata görä Manu adamzadyň atasy, ilkinji adam hem dana akyldar bolupdyr. Ol hindilerde ýagtylygyň we günüň hudaýy hasaplanýan Wiwaswatanyň ogly hem-de ölümiň hudaýy we ölüleriň dünýäsiniň patyşasy bolan Ýamanyň dogany diýip ykrar edilýär. Manunyň kanunlaryny hem şol döredipdir diýlip hasap edilýär.

*Arthaşastra* – sanskritden terjime edilende “peýda hakynda, hakyky durmuş hakynda ylym” diýmegi aňladýan bu söz bilen b.e.ö. IV-II asyrlarda döredilen gadymy hindi ylmy eseri atlandyrylýar. Onda döwleti dolandyrmak barada ündewler beýan edilýär.

*Mahabrahata* – bu b.e. I müňýyllygynda gadymy hindi şahyry Wýasa tarapyndan ýazylandygy çaklanylýan, jemi 18 kitapdan ybarat bolan, gadymy hindi şadessanydyr (eposydyr[1]). Edebi eser bolandygyna garamazdan ol hindi hukugynyň hem möhüm çeşmesi bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň ýene-de bir görnüş bolan *afrikanyň adat hukugy* – aýry-aýry şahsyýetleriň däl-de belli bir toparlaryň, adamlaryň birleşmeleriniň hukugy bolup durýar. Afrikanyň adat hukugynda şahsyýet jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aglaba köpüsiniň gatnaşyjy şahsy (subýekti) bolup çykyş etmeýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köpüsinde subýekt hökmünde maşgala, kowum, urug, taýpa, oba ýaly belli bir durmuşy (sosial) topar çykyş edýär. Elbetde şahsyýet ekin ekýär, aw awlaýar, maşgala guryar, emma bu işleri amala aşyranda ol özüniň şahsy erk-isleginden ugur almaýar-da maşgalanyň, kowumyň, urugyň, taýpanyň we ş.m. erkine laýyklykda hereket edýär.

Görkezilenlerden başga-da dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň gadymy hytaý hukugy, dessurlaýyn ýapon hukugy ýaly görnüşleri bardyr. Türkmenleriň 1917-nji ýylyň ynkylabyndan öňki döwürde hereket eden, şerigatyň we asyrlaryň dowamynda türkmen jemagatynyň gollanan däp-dessurlarynyň garnuwyndan emele gelen adat hukugy hem dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň hataryna girýär.

Şu ýerde dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlary barada esasy bellemeli ýagdaý: olaryň ählisiniň bir özboluşly mahsuslygy bardyr. Olarda adatdan daşary, gudratly, keramatly başlangyçlara aýratyn üns berilýär, özüňi alyp barmagyň haýsydyr bir görnüşi amala aşyrylanda ilkinji nobatda şol hereketiň (hereketleriň) belli bir düzgünlere laýyk gelýändiginden ýa-da gelmeýändiginden ugur alynmaýar-da, onuň şol dini ynançlara laýyk gelýändiginden, uýulýan, sežde edilýän gudrata ýarajakdygyndan ýa-da ýaramajakdygyndan ugur alynýar. Mysal üçin, afrikanyň adapt hukugynda şahsyýet haýsydyr bir tutuş topar (maşgala, kowum, urug, oba) üçin ähmýetli hereketi amala aşyrmakçy bolanda şol hereketiniň ata-babalarynyň ruhlaryny, topragyň, howanyň, suwuň, tokaýyň we ş.m. ruhlaryny ynjytmajakdygyna göz ýetirmeklige borçly ýa-da başga bir mysal, takwa musulmanyň oňyn, musulman hukugyna laýyk gelýän hereketleri haýsydyr bir emeli döredilen hukuk kadasyndan ugur alyp däl-de, “Allatagalanyň razylygy” üçin amala aşyrylýar.

Şoňa görä-de dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynda kazyýet önümçiligi amala aşyrylanda mukaddes hasaplanýan zatlardan (mukaddes kitaplardan, keramatly ruhlardan, Hudaýyň adyndan we ş.m.) kasam etmeklige aýratyn wajyp ähmiýet berilýär. Çünki şeýle ýagdaýlarda ýalandan kasam eden şahs mukaddes güýçleriň gazabyna sezewar bolýar diýlip hasaplanýar. Şeýle görnüşdäki hukuk ulgamlarynda kazyýet çözgütleri bolsa esasan taraplary ylalaşdyrmak, belli bir

[1]Epos-“epos-söz, hekaýat” diýen gadymy grek sözünden gelip çykan adalga.

jemgyýetçilik toparynda, jemagatda gatnaşyklaryň sazlaşygyny ýola goýmak nukdaýnazaryndan ugur alýar. Şol sebäpli-de dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň aglaba köpüsinde hatda ganhorluk (bilkastdan adam öldürmek) ýaly aýratyn agyr jenaýatlarda-da jebir çekeniň wekilleri bilen jenaýatçynyň wekillerini ylalaşdyrmak, ýaraşdyrmak üçin hun tölegi, töwella ýaly adat hukugynyň serişdeleri ulanylýar.

## §5. Sosialistik hukuk ulgamlary

Umumy hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, *sosialistik hukuk ulgamlary* diýlende, ilkinji nobatda 1917-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen ynkylapdan soňra sowet Russiýasynda dörän we Ikinji jahan urşundan köp sosialistik döwletlerde ornaşdyrylan hukuk ulgamlaryna düşünilýär.

Hukuk ulgamynyň bu görnüşi beýleki hukuk ulgamlaryndan şu aşakdakylar bilen tapawutlanýar:

- önümçilik serişdelerine döwlet eýeçiliginiň agalyk etmegi;
- ýeke-täk kommunistik aňyýetiň hökmürowanlygyna ýa-da agalyk etmegine esaslanýan özboluşly syýasy ulgamyň bolmagy;
- jemgyýetçilik (umumy) hukuk bilen hususy hukugyň arasyndaky tapawutlyklaryň inkär edilmegi;
- hukugyň kommunistik jemgyýeti gurmak üçin güýç, serişde bolup hyzmat edýändigi hakynda ugurlaýyn maksatnama (konsepsiýa), nazaryýet esaslaryna gollanylmagy.

Sowet Soýuzynyň dargamagy bilen öz-özünden ýatyrylan Warşawa Ylalaşygyna[1] giren sosialistik ýurtlaryň we sosialistik lagere degişli bolan beýleki döwletleriň hukuk ulgamlarynyň aglaba köpüsi, olarda sosialistik döwlet gurluşy ornaşdyrylmazyndan öň roman-german hukuk maşgalasyna degişli bolupdyr. Şonuň üçinem sosialistik hukuk ulgamy roman-german hukuk ulgamyna mahsus bolan alamatlaryň agramly bölegini özünde saklamagyny dowam etdiripdir. Şol saklanyp galanyp galan alamatlar hökmünde bolsa şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- roman-german hukuk ulgamynda bolşy ýaly, sosialistik hukuk ulgamynda hem hukuk kadasyna özüňi alyp barmagyň umumy düzgüni hökmünde garalýar;
- bu iki hukuk ulgamynyň düzüm gurluşy örän çalymdaş (ikisi-de hukuk pudaklaryna, pudakçalaryna, hukuk şahalaryna (institutlaryna), şahaçalaryna (subinstitutlara) bölünýärler);
- ikisiniň-de kanunçylyk ulgamynyň düzüm gurluşy kybapdaş ( olar hem kanunçylyk pudaklaryna, pudaklaryna, şahalaryna, şahaçalaryna bölünýärler);

[1]Warşawa Ylalaşygy 1955-nji ýylyň 14-nji maýynda Polşanyň paýtagty Warşawa şäherinde SSSR, Albaniýa, Rumyniýa, Çehoslowakiýa, Polşa, Bolgariýa, Wengriýa, Germaniýa Demokratik Respublikasy tarapyndan gol çekilýär we şol Ylalaşygyň esasynda Warşawa Ylalaşygynyň Guramasy döredilýär. Ol uzak wagtyň dowamynda Demirgazyk Atlantika Birleşmesiniň (NATO-nyň) garşydaşy hökmünde çykyş edip gelýär we 1991-nji ýylyň 1-nji iýulynda, SSSR, Rumyniýa, Çehoslowakiýa, Polşa, Bolgariýa, Wengriýa tarapyndan Çehiýanyň paýtagty Pragada Warşawa Ylalaşygynyň ýatyrylýandygy hakyndaky teswirnama gol çekilýär.

- hukuk ylmynyň adalgaýeti (terminologiýasy) meňzeş we ş.m.

Hukuk ulgamlarynyň ikisiniň-de birmeňzeş alamatlary öz gezeginde ýewropa hukugyna mahsus häsiýetlere çalym edýärler we olaryň ählisiniň hem öz gözbaşlaryny rim hukugyndan alyp gaýdýandygy barada netije çykarmaga doly esas berýär.

Ýöne kontinental hukuk ulgamy bilen meňzeşlikleriň juda köpdügine garamazdan sosialistik hukuk ulgamynyň örän güýçli aňladylan synpy häsiýeti bilen şertlendirilýän düýpli tapawutlyklarynyň hem bardygyny bellemek gerekdir. Ol tapawutlyklaryň iň esasy bolsa, kontinental hukuk ulgamynyň binýatlaýyn özeni hökmünde hususy eýeçiligi, şahsy hukuklary we azatlyklary kepillendirmek, goramak hem üpjün etmek çykyş edýän bolsa, sosialistik hukuk ulgamynda hususy eýeçilik düýbünden diýen ýaly inkär edilip, ol şahsy eýeçilik diýen görnüşde berkidilýär, şahsy hukuklaryň we azatlyklaryň goraglylygy bolsa döwletiň, jemgyýetçilik birleşmeleriniň, has takygy ýeke-täk jemgyýetçilik birleşmesiniň – kommunistik partiýanyň bähbitleriniň berkarar edilmeginiň hatyrasyna pida berilýär.

Mälim bolşy ýaly, Ýewropanyň, Aziýanyň, Latyn Amerikasynyň sosialistik döwletleriniň hukuk ulgamlarynyň emele gelmegine esasan ilkinji sosialistik hukuk ulgamy – SSSR-iň hukuk ulgamy örän güýçli we düýpli täsir edipdir. Şonuň üçinem häzirki döwürde-de, hukuk edebiýatlarynda Hytaý Halk Respublikasy, Kuba, Demirgazyk Koreýa ýaly döwletleriň milli hukuk ulgamlary sosialistik hukuk ulgamlarynyň toparyna degişli edilýär.

# ÇYZGYLAR


Çyzgy 25.1.
Sosialistik hukuk ulgamlary
Roman-german hukuk ulgamlary
Hukuk ulgamlarynyň görnüşleri
Dini-dessurlaýyn hukuk ugamlary
Iňlissakson hukuk ulgamlary


Hukuk maşgalasy
bu emele gelşiniň taryhy usuly hem ýoly, düzüm gurluşy, hukuk ulanyş tejribesiniň aýratynlyklary, hukuk ylmynyň düşünjeleýin-derejeleýin ulgamy we ş.m. boýunça biri-birine kybapdaş hem ýakyn bolan milli hukuk ulgamlarynyň jemidir


Hukuk ulgamlary görnüşlere bölünýär
Hukuk serişdeleri-niň meňzeşligi boýunça
Hukuk düzüm bölekleriniň meňzeşligi boýunça
Hukuk tejribesiniň meňzeşligi boýunça
Kanunçyly-gyň meňzeşligi boýunça
Jemgyýetde agalyk edýän aňyýetiň meňzeşligi boýunça

**Çyzgy 25.2.**

## Roman-german hukuk ulgamy

bu häzirki zamanyň rim hukugyna esaslanýan esasy hukuk ulgamlarynyň biri bolmak bilen, onda iň wajyp hukuk çeşmesi hökmünde kadalaşdyryjy hukuk nama hasaplanýar, hukuk kadalarynyň nazarylygy, ýagny umumy, ortalyk häsiýetde bolup, bir ýa-da birnäçe däl-de, köp ýagdaýlarda ulanylmaga niýetlenmegi (abstraktlygy), hukugyň jemgyýetçilik hem umumy hukuga, şonuň ýaly-da dürli hukuk pudaklaryna bölünmegi we ş.m. ykrar edilýär

## Onuň esasy alamatlary we düzüm bölekleri:

roman-german hukuk ulgamy bolan ähli ýurtlarda hukuk ylmy hukuk kadalaryny belli bir uly toparlara birleşdirýär, olaryň ählisinde-de tutuş hukuk ulgamy *jemgyýetçilik hukugy* we *hususy hukuk* diýlip atlandyrylýan iki sany uly bölege bölünýär

jemgyýetçilik (umumy) hukugy, edil hususy hukuk ýaly roman-german hukuk ulgamy bolan ähli ýurtlarda, konstitusion hukuk, dolandyryş hukugy, jenaýat hukugy, halkara hukugy, jenaýat iş ýörediş hukugy ýaly hukuk pudaklaryna bölünýär

roman-german hukugy hereket edýän ähli döwletlerde kazyýetler hukugy döretmeýärler-de, diňe ulanýarlar

şeýle hukuk ulgamy bolan ähli döwletlerde iň wajyp hukuk çeşmesi hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namalar, olardan has möhümleri hökmünde bolsa kanunlar çykyş edýärler. Kontinental hukuk ulgamy bolan döwletleriň köpüsinde kodekslere esasy hukuk çeşmeleri hökmünde garalýar

şeýle görnüşdäki hukuk ulgamy bolan ähli ýurtlarda, hukuk kadasyna, haýsydyr bir anyk ýagdaýy çözmek we aňlatmak üçin niýetlenen serişde hökmünde däl-de, ahlak hem adalatlylyk talaplaryna esaslanýan, umumy, ortalyk häsiýetdäki, köp ýagdaýlarda ulanylmaga niýetlenen (abstrakt) hukuk görkezmesi hökmünde garalýar


IŇLIS-SAKSON HUKUK ULGAMY
Çyzgy 25.3.
bu hukuk ulgamlarynyň özboluşly maşgalasy bolmak bilen, ol umumy, hyýaly esaslarda döredilýän hukuk kadalaryna, esasan hem adaty hukuga we kazyýet tejribesine (presedent hukugyna) esaslanýar
ONUŇ HÄSIÝETLI ALAMATLARY:
hukuk kadalarynyň agramly bölegi ylmy esaslarda işläp düzülmeýär we kanunçykaryjy tarapyndan kabul edilmeýär
hukuk kadasy sebäpleýin (kazual) häsiýetli
hukuk presedentleri ilkinji we iň möhüm hukuk çeşmesi bolup durýar
kazyýet tejribesine tutuş hukuk ulgamynyň binýatlaýyn esasy hökmünde garalýar


Dini-dessurlaýyn hukugyň esasy görnüşleri
Musulman hukugy
Hindi hukugy
Dessurlaýyn hytaý hukugy
Dessurlaýyn ýapon hukugy
Afrikanyň adat hukugy
Türkmenleriň adat hukugy
Katolik (ybadathana) hukugy we ş.m.

Çyzgy 25.4.


Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň düzüm bölekleri
Dini kadalar
Dini ynançlar
Dini akymlar
Dini garaýyşlar
Däp-dessurlar
Mukaddes kitaplar
Edim-gylymlar
Adatlar we ş.m.
Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň esasy alamatlary
Hukuk düzüm bölekleriniň aglaba köpüsi dini ynanç-laryň, garaýyşlaryň, akymlaryň, däp-dessurlaryň, adatlaryň, edim-gylymlarýn baglaýjy täsir edýändikleri zerarly ilkibaşky döredilen görnüşinde hereket edýärler
Mukaddes ýazgylaryň (Gurhan, Töwrat, Injil, Zebur) gutarnyklylygy, çürt-kesikligi, olaryň abraýynyň şek-şübhesizligi we dini kadalaryň, görkezmeleriň, dessurlaryň agalygy mahsus bolýar
Olarda adatdan daşary, gudratly, keramatly başlangyçlara aýratyn üns berilýär. Şonuň üçin hem kazyýet önümçiligi amala aşyrylanda mukaddes hasaplanýan zatlardan (mukaddes kitaplardan, keramatly ruhlardan, Hudaýyň adyndan we ş.m.) kasam etmeklige aýratyn wajyp ähmiýet berilýär
Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlary
bu hukuk düzüm bölekleriniň aglaba köpüsiniň dessurlaýyn jemgyýetleriň düzgünleşdiriji serişdeleri bolan: dini ynançlaryň, garaýyşlaryň, akymlaryň, däp-dessurlaryň, adatlaryň, edim-gylymlarýn baglaýjy täsir edýändikleri zerarly ilkibaşky döredilen görnüşinde hereket edýän hukuk ulgamlarydyr. Şeýle hukuk ulgamlaryna Mukaddes ýazgylaryň (Gurhan, Töwrat, Injil, Zebur) gutarnyklylygy, çürt-kesikligi, olaryň abraýynyň şek-şübhesizligi we dini kadalaryň, görkezmeleriň, dessurlaryň agalygy mahsusdyr

**Çyzgy 25.5.**

## SOSIALISTIK HUKUK ULGAMLARY

bu 1917-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen ynkylapdan soňra sowet Russiýasynda dörän we Ikinji jahan urşundan köp sosialistik döwletlerde ornaşdyrylan hukuk ulgamlarydyr

### Olaryň esasy alamatlary:

- önümçilik serişdelerine döwlet eýeçiliginiň agalyk etmegi
- ýeke-täk kommunistik aňyýetiň hökmürowanlygyna esaslanýan syýasy ulgamyň bolmagy
- jemgyýetçilik (umumy) hukuk bilen hususy hukugyň arasyndaky tapawutlyklaryň inkär edilmegi
- hukugyň kommunistik jemgyýeti gurmak üçin güýç, serişde bolup hyzmat edýändigi hakynda ugurlaýyn maksatnama (konsepsiýa), nazaryýet esaslaryna gollanylmagy

# *SOWALNAMA*

**1) Hukuk ulgamlaryny görnüşlere bölmegiň iň ýörgünli usulyny ylmy dolanyşyga girizen alym kim?**
- Immanuil Kant;
- Georg Wilgelm Fridrih Gegel;
- Rene Dawid;
- Tomas Mor.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Hukuk ulgamlaryny görnüşlere bölmegiň iň ýörgünli usuly näme diýip atlandyrylýar?**
- deňeşdirme hukuk öwrenişi;
- hukuk ulgamlarynyň seljermesi (analizi);
- hukuk seljermesi (analizi);
- hukuk ulgamlaryny görnüşlere bölmek (hukuk tipologiýasy).

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Hazirki zamanyň esasy hukuk ulgamlaryna haýsylar girýär?**
- musulman hukugy, ýapon hukugy, iňlis-sakson hukugy, roman-german hukugy, sosialistik hukuk, kapitalistik hukuk;
- roman-german hukugy, iňlis-sakson hukugy, dini-dessurlaýyn hukuklar, sosialistik hukuk;
- adat hukugy, umumy hukuk we pozitiw hukuk;
- roman-german hukugy, iňlis-sakson hukugy, dini-dessurlaýyn hukuklar.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**4) Roman-german hukugyna mahsus alamatlar şulardyr:**
- umumy we hususy hukuk diýen iki sany uly ugra bölünýär;
- kadalaşdyryjy hukuk nama esas çeşmesi hökmünde çykyş edýär;
- kazyýetler hukuk döredijiler hökmünde çykyş edýärler;
- hukuk ulgamy anyk hukuk pudaklaryna bölünýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Roman-german hukuk ulgamynda hukuk kadalary:**
- gündelik durmuşda ulanylýan ahlak hem adalatlylyk ýörelgeleriniň her bir degişli gatnaşykda gollanmak hökman bolmadyk hukuk beýany hökmünde garalýar;
- kazyýetler tarapyndan döredilýän hukuk tejribesiniň bir aňlatmasy hökmünde garalýar;
- haýsydyr bir anyk ýagdaýy çözmek we aňlatmak üçin niýetlenen serişde hökmünde, ahlak hem adalatlylyk talaplaryna esaslanýan hukuk görkezmesi hökmünde garalýar;
- haýsydyr bir anyk ýagdaýy çözmek we aňlatmak üçin niýetlenen serişde hökmünde däl-de, ahlak hem adalatlylyk talaplaryna esaslanýan, umumy, ortalyk

häsiýetdäki, köp ýagdaýlarda ulanylmaga niýetlenen (abstrakt) hukuk görkezmesi hökmünde garalýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Roman-german hukugynyň näçe sany esasy alamatlary bar?**

- üç;
- iki;
- bäş;
- ýedi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Roman-german hukugy haçan emele gelip başlapdyr?**

- XIII asyrda;
- biziň eýýamymyzdan öňki I asyrda, Gadymy Rimde;
- XVIII asyrda, fransuz ynkylabyndan soň;
- XIX asyrda, Napoleonyň raýat kodeksi[1] kabul edilenden soň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Roman-german-hukuk ulgamy öz gözbaşyny haýsy gadymy hukuk çeşmelerinden alyp gaýdýar?**

- rim hukugyndan;
- gündogaryň adatlaryndan;
- kelt[2] hukugyndan;
- gadymy müsür hukugyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Iňlis-sakson hukugy başgaça nähili atlandyrylýar?**

- erkin hukuk;
- taryhy hukuk;
- presedent hukugy;
- umumy hukuk.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Iňlis-sakson hukugynyň esasy alamatlary şulardyr:**

- adaty hukuga we kazyýet tejribesine (presedent hukugyna) esaslanýar;
- hukuk kadalarynyň agramly bölegi ylmy esaslarda işläp düzülmeýär we kanun-çykaryjy tarapyndan kabul edilmeýär;
- statut hukugy presedent hukugynyň başlangyjy (primaty) hökmünde çykyş edýär;
- presedent hukugy ilkinji we iň möhüm hukuk çeşmesi bolup durýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

---

[1]Napoleonyň raýat kodeksi (Code Napoleon, Code Civil) 1804-nji ýylyň martynda kabul edilipdir;

[2]Keltler-b.e.ö. I müňýyllykda häzirki Fransiýanyň, Şweýsariýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Beýik Britaniýanyň, Awstriýanyň, Belgiýanyň, Çehiýanyň, Ispaniýanyň, Bolgariýanyň hem Wengriýanyň çäkllerinde ýaşan, gadymy hindiýewropa taýpalary. Olaryň adatlardan we dini dessurlardan, ahlak kadalaryndan we toparlaýyn kadalardan ybarat bolan düzgünleşdiriji serişdeleri hukuk edebiýatlarynda “kelt hukugy” diýip atlandyrylýar.

**11) Iňlis-sakson hukuk ulgamynda hukuk kadasy nähili häsiýetli?**
- sebäpleýin (kazual) häsiýetli;
- saýlamaga mümkinçilik berýän (alternatiw) häsiýetli;
- umumy-hyýaly (abstrakt) häsiýetli;
- çäklendirilen-degişli (otnositel) häsiýetli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Iňlis-sakson hukugynda esasy hukuk çeşmesi näme?**
- kadalaşdyryjy hukuk nama;
- hukuk adatlary;
- hukuk presedenti;
- hukuk doktrinasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Iňlis-sakson hukuk ulgamynda hukuk presedenti kimler tarapyndan döredilýär?**
- döwlet häkimiýet-dolandyryş edaralary tarapyndan;
- kazyýetler tarapyndan;
- hukukçy alymlar, kazyýetler we döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan;
- kazyýetler we döwlet dolandyryş-häkimiýet edaralary tarapyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň düzüm böleklerine girýärler:**
- dini ynançlar, garaýyşlar, akymlar, dessurlar, kadalar;
- kadalaşdyryjy hukuk namalar;
- däp-dessurlar, edim-gylymlar;
- mukaddes kitaplar, adatlar we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Dini-dessurlaýyn hukuk ulgamlarynyň haýsy esasy görnüşleri bar?**
- musulman, kanonik we hindi hukugy;
- ýapon we hytaý hukugy;
- afrikanyň adat hukugy;
- iňlis-amerikan we hindi-german hukugy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Musulman hukugynyň näçe sany esasy çeşmeleri bar?**
- sekiz;
- alty;
- bäş;
- on bir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Afrikanyň adat hukugynyň esasy alamaty nämeden ybarat?**
- ol diňe dini kadalara esaslanýar;
- ol diňe aýry-aýry şahsyýetleriň hukugy bolup durýar;
- ol aýry-aýry şahsyýetleriň däl-de belli bir toparlaryň, adamlaryň birleşmeleriniň hukugy bolup durýar;
- ol diňe adatlara, däp-dessurlara esaslanýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Sosialistik hukuk ulgamlarynyň esasy alamatlaryna şular girýärler:**
- önümçilik serişdelerine döwlet eýeçiliginiň agalyk etmegi;
- ýeke-täk kommunistik aňyýetiň hökmürowanlygyna esaslanýan syýasy ulgamyň bolmagy;
- jemgyýetçilik (umumy) hukuk bilen hususy hukugyň arasyndaky tapawutlyklaryň inkär edilmegi;
- syýasy köppikirliligiň (plýuralizmiň) pajarlap ösmegi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Sosialistik hukuk ulgamy bilen roman-german hukuk ulgamynyň arasyndaky meňzeşlikler şu aşakdakylardyr:**
- hukuk kadasyna özüňi alyp barmagyň umumy düzgüni hökmünde garalmagy;
- hususy eýeçiligiň düýbünden diýen ýaly inkär edilmegi;
- hukuk ulgamynyň hukuk pudaklaryna, pudakçalaryna, hukuk şahalaryna (institutlaryna), şahaçalaryna (subinstitutlara) bölünmegi;
- hukuk ylmynyň adalgaýetiniň (terminologiýasynyň) meňzeş bolmagy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Türkmenistanyň hukuk ulgamy haýsy hukuk maşgalasyna degişli?**
- hiç haýsyna-da däl, ol özboluşly hukuk ulgamy bolup durýar;
- dini-dessurlaýyn hukuk ulgamalaryna;
- iňlis-sakson hukuk maşgalasyna;
- roman-german hukuk maşgalasyna.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# III bölüm. DÖWLETIŇ, HUKUK we YKDYSADYÝETIŇ ÖZARA GATNAŞYGY

## 26-njy bap. Hukuk döwleti

### §1. Hukuk döwleti barada düşünje, onuň ýörelgeleri we döremegi üçin zerur esaslar

*Hukuk döwleti* – bu jemgyýetde syýasy häkimiýetiň, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny has doly üpjün etmek üçin şertleri döredýän, şonuň ýaly-da hukuga laýyk kanunlaryň kömegi bilen döwletiň öz häkimlik ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmagyna ýol bermeýän görnüşde guralmagydyr.

Mälim bolşy ýaly, adamlar öz ýaşaýan jemgyýetlerini emele getirmegiň, saklamagyň we ösdürmegiň başga hiç zat bilen çalşyryp bolmaýan ýeke-täk serişdeleri hökmünde döwleti hem hukugy döretmegiň hötdesinden gelen zamanlaryndan bäri köplenç biri-biri bilen düýpli garşylyga girmäge çytraşýan ynsan paýhasynyň bu iki miwesini ylalaşdyrmagyň, utgaşdyrmagyň we olaryň biri-biriniň üstünden hökümdarlyk, diýdimzorluk etmeklerine ýol bermezligiň usullaryny gözläp gelipdirler.

Döwlet bilen hukugyň özara gatnaşygynda hemişe iki sany oňaýsyz islenilmeýän ýagdaý ýüze çykyp durýar. Olaryň **birinjisi**: eger-de jemgyýeti dolandyrmakda döwletiň ähmiýeti we ygtyýarlyklary artsa, onda döwlet gurluşy juda berk bolýar, ýöne onuň jemgyýetiň üstünden diýdimzorlyk, eden-etdilik bilen agalyk etmegi, hukugy öz zerurlyklaryna hem isleglerine görä islän pursatynda üýtgedip durmagy, ýönekeý aýdylanda, hukugyň umumy ykrar edilen ýörelgelerinidir-kadalaryny hasaba alman (ýa-da kagyz ýüzünde hasaba alan bolup) onuň “enter-pelegini çöwürmegi” emele gelýär.

Bu iki närsäniň arasyndaky gatnaşykda **ikinji** oňaýsyz ýagdaý bolsa: eger-de jemgyýetde hukugyň abraýy, ygtyýarlyklary, ähmiýeti çenden aşa artsa onda döwletiň sütünleri gowşaýar, döwlet islendik görnüşdäki içerki we daşarky howplardan goranmak ukybyny ýitirip ugraýar, sebäbi jemgyýeti emele getirýän, döwleti düzýän adamlar hukugyň ýa-da has anyk aýdylanda, hukuklylygyň çäklendirilmedik agalygyndan, eden-etdiliginden peýdalanyp, diňe hukuklarynyň bardygyny mazamlap, özleriniň borçlarynyň bardygyny unudýarlar. Ahbetin hem şeýle jemgyýet öz-özünden dargamak bilen bolýar.

Hut şonuň üçin hem adamzat, onuň görnükli akyldarlary, ençeme asyrlaryň dowamynda bu iki zulumy ýeňip, döwlet bilen hukugyň utgaşmagyndan emele gelen täze bir döwleti döretmegiň, onuň nazary esaslaryny işläp düzmegiň ýollaryny agtaryp gelipdirler. Ýöne diňe XVIII asyrda, nemes pelsepeçisi Immanuil Kant tarapyndan “hukuk döwleti” hakynda häzirki zamanyň iň meşhur taglymatynyň nazary esaslary oýlanyp tapylýar. Ondan başga-da hukuk döwleti hakynda taglymatyň esasynda Ş.-L. Monteskýeniň, Deni Didronyň, Gugo Grosiýniň, Spinozanyň, Žan-Žak Russonyň, Jon Lokkyň we beýlekileriň pikirleri durýarlar.

Jemgyýetiň üstünden agalyk etmekde ygtyýarlyklary hiç bir zat bilen çäklendirilmedik döwleti “eden-etdiligiň döwleti” diýip atlandyran I. Kantyň hukuk döwleti hakyndaky taglymatynyň nazaryýet esaslary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ahlak we hukuk kanunlarynyň esasy çeşmesi hökmünde adamlaryň erkin erk-isleginiň ýa-da I. Kantyň özüniň atlandyryşy ýaly: “tejribeleýin (praktiki) paýhasyň” çykyş etmegi;
- her bir şahsyýetiň tutuş adamzadyň öňündäki borçlaryny duýup ýokary ahlakly şahsyýete öwrülmegi;
- özüni alyp barşynda şahsyýetiň “beýlekileriň özüňe nähili daraşmaklaryny (garamaklaryny) isleýän bolsaň ähli adamzat barada-da şeýle hereket et we adamzada haýsydyr bir zada ýetmek üçin serişde hökmünde däl-de, ýetilmeli arzyly maksat hökmünde gara” diýen görnüşde beýan edilýän, gutarnykly, çürt-kesik ahlak ýörelgesine esaslanmagy;
- hukuk tarapyndan biriniň erk-islegini beýan etmeginiň beýlekileriň erk-isleglerini beýan etmeklerine päsgel bermez ýaly derejede adamlaryň özlerini alyp barmaklarynyň çäkleriniň anyk hem berk kesgitlenmegi;
- hukugyň diňe adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdiriji serişde hökmünde, döwletiň bolsa diňe hukuga laýyk kanunlara tabynlykda adamlar tarapyndan döredilýän birleşme hökmünde çykyş etmegi we ş.m.

Häzirki zaman düşünjesinde hukuk döwletiniň esasy alamatlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda hukuga laýyk kanunlaryň[1] agalyk etmegi;
- döwlet häkimiýet edaralarynyň işjeňliginiň döwletde häkimiýetiň kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegi hakyndaky ýörelgä laýyklykda guralmagy we amala aşyrylmagy;
- döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy;
- adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kagyz ýüzünde däl-de hakykat ýüzünde kepillendirilmegi, üpjün edilmegi we olaryň hukuk hem durmuş (sosial) taýdan goraglylygy;
- syýasy we aňyýet köppikirliginiň (plýuralizmiň) bolmagy. Bu bolsa döwletde konstitusiýanyň esasynda dürli jemgyýetçilik guramalarynyň, birleşmeleriniň, syýasy partiýalaryň hereket etmegini, dürli aňyýet akymlarynyň, garaýyşlarynyň bolmagyny aňladýar;
- jemgyýetde kanunylygyň we hukuk tertibiniň durnuklylygynyň ýola goýulmagy we ş.m.

Hukuk döwletiniň goşmaça alamatlary hökmünde bolsa şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- köpçülikleýin düşünjede hukugy inkär etmegiň ýok edilmegi;
- jemgyýetiň ýokary syýasy-hukuk sowatlylygynyň üpjün edilmegi;

[1]Kanunlaryň hukuga laýyk bolmagy diýlende, ilkinji nobatda döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan döwletiň adyndan kabul edilýän kanunlaryň adalatlylyk, ynsanperwerlik, halk häkimýetliligi, deňhukuklylyk, ynsanyň tebigy hem mizemez hukuklarynyň eldegrilmezsizligi ýaly umumy ykrar edilen hukuk ýörelgelerine we hukugyň tebigatyna laýyk gelmegine düşünilýär. Sebäbi ähli kanunlar hukuga laýyk bolup bilmeýär. Mysal üçin, faşistik Germaniýada kabul edilen milletparazçylykly kanunlar hukuga garşy kanunlaryň mysaly hökmünde çykyş edýärler.

- şahsyýetiň islendik görnüşdäki eden-etdilige garşy durmak ukyplarynyň kämilliginiň üpjün edilmegi;
- haýsydyr bir syýasy partiýanyň özi bilen döwlet edaralaryny çalşyrmagyna ýol berilmezligi;
- hukuk hakykatyna diňe döwlet tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň täsiri bilen emele gelýän hadysa hökmünde, hukuga bolsa diňe hereket edýän kanunçylyk hökmünde garalmagynyň ýeňip geçilmegi;
- hereket edýän kanunçylyga çenden aşa baha berilmeginiň, onuň çakdan aşa taryplanmagynyň (apologiýasynyň[1]) we oňa hiç bir kemi bolmadyk, çirksiz serişde hökmünde garalmagynyň ýeňlip geçilmegi;
- hukuk kadalarynyň aglaba köpüsiniň hiç bir gatnaşygy düzgünleşdirmän ýa-da beýan ediljek bolýan täze hukuk tertibini anyk açyp görkezmän jarnamalaýyn we mazmunsyz-galyplaýyn (dekorativ[2]) häsiýetli bolmagynyň aradan aýrylmagy;
- hukuk ylmynyň öz-özüni gysyp saklaýan dar düşünjeliligiň çygryndan çykyp, dünýä tejribesiniň gazananlaryny özleşdirip, onuň bilen aýakdaş gitmegi we ş.m.

Umumy hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk döwletinde hukuklar we azatlyklar ýöne bir kagyz ýüzünde yglan edilmek bilen çäklenilmeýär-de, olaryň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilmegi:

- ösen raýat jemgyýeti;
- döwlet edaralarynyň bu ugurdan netijeli, utgaşykly we ýokary guramaçylykly işjeňligi;
- özbaşdak hereket etmäge we yzygiderli kämilleşmäge ukyply bazar gatnaşyklarynyň ulgamy;
- şahsyýetiň, onuň eýeçiligindäki emläginiň howpsuzlygynyň ýokary derejesi;
- bozulan hukuklary we azatlyklary dikeltmegiň ýokary derejede netijeli ulgamy ýaly durmuşy şertleriň hem hukuk serişdeleriniň bolmagy we hereket etmegi bilen üpjün edilýär.

Hukuk döwletiniň esasy ýörelgeleriniň biri hökmünde *döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy* şu aşakda görkezilen ýagdaýlarda ýüze çykýar:

- döwletiň öz ygtyýarlygynda bolan ähli aňyýet, syýasy we hukuk serişdeleri bilen adamyň hem raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmek hem üpjün etmek babatda işleri amala aşyrmaga borçlulygynda;
- şahsyýet amala aşyran hukuk bozmasy üçin jogapkärçilige çekilende döwletiň onuň eden etmişini, onuň sebäplerini we şertlerini doly öwrenmeklige hem-de bellenýän temmi çäresini örän berk şahsylaşdyrmaklyga (indiwiduallaşdyrmaklyga) borçlulygynda;

[1]Apologiýa-“apologia-arka durmaklyk, aklamak, goranmak” diýen grek sözünden gelip çykyp, kimdir birini ýa-da haýsydyr bir zady çensiz-çaksyz wasp etmegi, öwmegi aňladýar;
[2]Dekoratiw-“decorare-bezemek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ýerde ulanylýan manysynda hukuk kadalarynyň daşky görnüşiniň, galybynyň hukuk kadalaryna bildirilýän ähli talaplara laýyk gelmegini, emma mazmunynyň bulaşyk, düşnüksiz ýa-da boş, manysyz bolmagyny aňladýar.

- şahsyýetiň döwletde öz hukuklaryny goramaklygy, olaryň durmuşa geçirilmeginiň, şonuň ýaly-da olar bozulan ýagdaýynda olaryň dikeldilmeginiň üpjün edilmegini talap etmäge haklydygynda;
- döwletiň bolsa şahsyýetden hereket edýän kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmäge talap etmegi ygtyýarlygydynda;
- şahsyýetiň döwletiň kadalay hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen serişdeler toplamak üçin zerur bolan salgytlary tölemäge we döwleti goramaga borçludygynda;
- diňe döwletiň raýaty däl-de, taraplaryň haýsy hem bolsa biriniň öz borçlaryny berjaý etmedik ýa-da hukuklaryň (ygtyýarlyklaryň) amala aşyrylmagyna päsgelçilik beren halatynda, biri-birini jogapkärçilige çekmäge hakykat ýüzündäki mümkinçilikleriniň bolmagynda we ş.m.

Hukuk döwletinde *döwlet bilen şahsyýetiň özara gatnaşyklarynyň hukuk häsiýeti* şu aşakdaky ýagdaýlardan ybarat bolýar:

- döwlet şahsyýet barlyşyksyz garşydaşlar hökmünde däl-de, biri-biri babatda özara hukuklary hem borçlary, ikitaraplaýyn hukuk jogapkärçiligini çekmäge mümkinçilikleri bolan ýakyn hyzmatdaşlar hökmünde gatnaşmaly;
- döwletde raýatlaryň hem häkimiýet ygtyýarlyklary bolan döwlet düzümleriniň (strukturalarynyň) işjeňliginiň özlerini alyp baryşlarynyň düzgün-tertibi hukuk taýdan örän berk we anyk kesgitlenen bolmaly;
- döwletde döwlet edaralarynyň ähli hereketleri “kanunda gönüden-göni görkezilen hereketi amala aşyrmaga rugsat berlendir”, “kanunda rugsat berilmedik hereketleri amala aşyrmak gadagan edilnedir” diýen hukuk ýörelgelerine esaslanmaly, raýatlar bolsa öz hereketlerinde “ kanunda gadagan edilmedik islendik herekete rugsat berlendir” diýen hukuk ýörelgesine gollanmaly.

Mälim bolşy ýaly, döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi ýörelgesi hukuk döwletiniň iň esasy ýörelgeleriniň biri we hukuk döwletiniň durmuşyny guramagyň konstitusion ỳörelgesi bolup, onuň mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) ỳeke-täk çeşmesi halk bolan bir bütewi döwlet häkimiỳetiniň özbaşdak üç şaha – kanunçykaryjy, ỳerine ỳetiriji we kazyỳet häkimiỳetlerine bölünmegi hem-de döwlet häkimiỳet ygtyỳarlyklarynyň olaryň arasynda paỳlanmagy;
b) häkimlik ygtyỳarlyklarynyň hem wezipeleriniň döwlet edaralarynyň derejeleriniň ulgamyna görä bölünmegi, Mysal üçin, merkezi döwlet häkimiỳet edaralarynyň derejesi – Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň derejesi – ministrlikler, pudak edaralary (assosiỳasiỳalar, komitetler, gulluklar), ỳerli häkimiỳet edaralarynyň derejesi – welaỳatlaryň, welaỳat hukukly şäherleriň, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimlikleri, ỳerli öz-özüňi dolandyryş derejesi – geňeşler, arçynlar (bir tarapdan geňeşler döwlet häkimiỳet edaralarynyň

derejeleriniň ulgamynyň düzüm bölegi bolmasa-da, beỳleki tarapdan olar jemgyỳetiň agzalarynyň durmuşyny dolandyrmaklyga işjeň gatnaşỳarlar, şonuň üçinem döwlet dolandyryş edaralarynyň derejeleri görkezilende olary hem agzaman geçmek bolmaz).

Döwlet we hukuk taglymatynda häkimiỳetleriň bölünmeginiň baş maksadynyň tutuş döwlet häkimiỳetiniň bir adamyň ỳa-da guramanyň ygtyỳarlygynda jemlenmeginiň, ỳagny awtoritar ỳa-da totalitar düzgüniň ỳüze çykmagynyň öňüni almakdan ybaratdygy kesgitlenilỳär.

Görkezilenlerden başga-da hukuk döwletiniň emele gelmegi üçin şu aşakda görkezilen şertleriň hem bolmagy zerurdyr:

- *ykdysady* şertler (eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy we olaryň deň hukuklardan peýdalanyp, deň borçlary berjaý etmekleri, ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjylaryň deňligi, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlanmagy we ş.m.);
- *durmuşy* (sosial) şertler (gatnaşyklaryň agramly bölegini öz-özi düzgünleşdirýän raýat jemgyýetiniň bolmagy, ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi we ş.m.);
- *hukuk* şertleri (jemgyýetiň agzalarynyň ählisiniň (iň bolmanda agramly böleginiň) syýasy we hukuk düşünjesiniň ýokary derejede ösen bolmagy, şahsyýet babatdaky zulumyň, eden-etdiligiň düýbünden ýok edilmegi, adyl kazyýetiň hakykatdan hem adalatly amala aşyrylmagy, döwletiň tutuş işinde şahsyýetiň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň üpjün edilmegine aýratyn wajyp ähmiýet berilmegi we onuň beýleki bähbitlerden ýokarda görülmegi, jemgyýetde hukuk tertibiniň mäkäm ýola goýulmagy we ş.m.);
- *ahlak* şertleri (jemgyýetiň hem döwletiň ynsanperwerlik, adalatlylyk, deňhukuklylyk, erkinlik we ş.m. başlangyçlara juda berk eýermegi we esaslanmagy).

## §2. Şahsyýetiň hukuklary, azatlyklary, borçlary we hukuk ýagdaýy

Umumy manysynda hukugyň gatnaşyjy şahsynyň (subýektiniň) hukuk ýagdaýy (statusy) diýlende, şahsyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň anyk kesgitlenen ulgamynyň bolmagy bilen aňladylýan, onuň jemgyýetde hukuk taýdan berkidilen ýagdaýyna düşünilýär.

Ilkinji nobatda şol hukuklaryň, azatlyk we borçlaryň eýesi bolan – adama kesgitleme bermäge synanyşylanda, *adam* – bu aň-paỳhasly, jemgyỳetçilik jandary bolup, ol taryhy-jemgyỳetçilik işjeňliginiň we medeniỳetiň subỳektidir. *Şahsyỳet* bolsa, aňly-düşünjeli işiň we dürli jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň subỳekti hökmünde adamyň atlandyrylyşydyr. Adamlardan emele gelỳän jemgyỳetiň öz-özüni edara etmek üçin döredỳän guramasy bolan döwlet, özüniň amala aşyrỳan ähli işlerinde jemgyỳetiň bähbidinden ugur alỳar. Jemgyỳetiň bähbidi bolsa, şol jemgyỳeti düzỳän adamlaryň ählisiniň umumylykdaky we her bir adamyň aỳratynlykdaky bähbitleriniň jeminden döreýär. Adam bolmasa jemgyỳet hem ỳok, döwlet hem. Hut şonuň üçinem ynsanperwerlik döwletiň mazmunyny emele getirỳän baş ỳörelge bolup durỳar.

*Tebigy hukuklar* barada aỳdylanda, bu düşünje gadym döwürlerde dörän hem bolsa diňe XVII-XIX asyrlaryň öňdebaryjy akyldarlary tarapyndan kämilleşdirilipdir. Şol döwürlerde hem diňe kanun esasynda berilỳän we kadalaşdyryjy hukuk namalarda kesgitlenen hukuklaryň we azatlyklaryň jeminden emele gelỳän pozitiw hukuklardan tapawutlylykda adam dünỳä inen pursadyndan başlap öz-özünden döreỳän ynsan hukuklary hakynda taglymat emele gelipdir. *Tebigy hukuklar* diỳlende, adamyň dünỳä inmegi bilen bilelikde döreỳän hem-de onuň hukuk ukybyny emele getirỳän ỳaşaỳşa, saglyga, azatlyga, öz ykbalyny özüniň erkin kesgitlemäge, wyždan we pikir azatlygyna, bilime, zähmete we ş.m. bolan, sowgat berip, miras goỳup ỳa-da başga hili usullar bilen kimdir birine geçirip bolmaỳan mizemez hukuklaryna düşünilỳär. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1948-nji ỳylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen “Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň” girişinde kesgitlenilişi ỳaly, ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de deň we aỳrylmaz hukuklaryň, ỳagny ynsanyň tebigy hem mizemez hukuklarynyň ykrar edilmegi bolsa azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy şerti bolup durỳar.

Älemiň gurluşynda adamyň döremegi erkinlik we mertebelilik bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Sebäbi adamyň ỳagty jahanyň özge jandarlaryndan tapawutlylykda akyl-paỳhasly bolmagynyň özi, oňa saỳlamaga we erkinlige hukuk berilmegini aňladỳar. Çünki ynsan öz pähim-parasadynyň kömegi bilen tebigatyň beỳleki ençeme jandarlar üçin hökmany bolan zabun kanunlaryndan azat bolup bilỳär. Şeỳle hem ynsanyň paỳhasy onuň özüne, özüniň jemgyỳetde eỳeleỳän ornuna baha bermek bilen öz mertebesini kesgitlemäge, ony gazanmaga mümkinçilik dörедỳär. Ynsanyň pähim-parasatly bolmagyndan gelip çykỳan saỳlamaga we öz ykbalyny özüniň erkin kesgitlemäge bolan hukugy hem onuň iň esasy tebigy hukuklarynyň biridir. Bu hukuklar bolsa “erkinlik” diỳen ỳeke söz bilen aňladylỳar.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Konstitusiỳasynyň 3-nji maddasynda:

„Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr.

Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar.

Her bir raýat öz üstüne Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir.“ diýip bellenilýär.

Bu konstitusion-hukuk kadalaryny ynsanperwerligiň iň sada hem iň gutarnykly kanuny aňlatmasynyň mysaly hökmünde görkezmek bolar. Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň salgylanylan maddasyndaky hukuk kadalary umumy ykrar edilen adamzat gymmatlyklaryna we ỳörelgelerine esaslanỳar. Ol gymmatlyklar we ýörelgeler bolsa şu aşakda sanawy berlen Paktlarda[1], Konwensiỳalarda[2] we beỳleki halkara hukuk namalarynda beýan edilýärler:

[1]Pakt-“pactum-şertnama, ylalaşyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, halkara şertnamalaryň bir görnüşini aňladỳar;
[2]Konwensiỳa-“conventio-ylalaşyk” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, döwletleriň özara baglaşỳan şertnamalarynyň bir görnüşini aňladỳar.

- “Adam hukuklary hakyndaky” Ähلumumy Jarnama. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 10.12.1948ý.;
- “Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky” Halkara Ylalaşyk. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 16.12.1966ý.;
- “Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky” Halkara Ylalaşyk. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 16.12.1966ý.;
- “Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygyna fakultatiw teswirnama” BMG-nyň Baş Assambleýasy. 16.12.1966ý.;
- “Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygyna ölüm jezasyny ýatyrmaga gönükdirilen ikinji fakultatiw teswirnama” BMG-nyň Baş Assambleýasy. 15.12.1989ý.;
- “Gynamalara we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy” Konwensiýa BMG-nyň Baş Assambleýasy. 10.12.1984ý.;
- “Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky” Halkara Konwensiýa. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 21.12.1965ý.;
- “Aýallar barada kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky” Konwensiýa. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 18.12.1979ý.;
- “Aýallaryň syýasy hukuklary hakyndaky” Konwensiýa. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 20.12.1952ý.;
- “Erkeklere we aýallara meňzeş zähmeti üçin deň zähmet hakyny tölemek baradaky” Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy 29.06.1951ý.;
- “Çagalaryň diri galmagyny, goralmagyny we ösmegini üpjün etmek hakyndaky bütindünýä” Jarnama. ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäheri. 30.09.1990ý.
- “Çaganyň hukuklary hakyndaky” Konwensiýa. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 20.11.1989ý.;
- “Gulçulyk hakyndaky” Konwensiýa. Şweýsariýanyň Ženewa şäheri. 25.09.1926ý.;
- “Gulçulyk hakyndaky” Konwensiýa. Üýtgetmeler girizmek barada teswirnama. Şweýsariýanyň Ženewa şäheri. 25.09.1926ý.;
- “Gulçulyk hakyndaky” Konwensiýa. Üýtgetmeler girizmek barada teswirnama goşundy. Şweýsariýanyň Ženewa şäheri. 25.09.1926ý.;
- “Gulçulygy, gul söwdasyny we gulçulyga meňzeş amallary we däpleri ýatyrmak hakynda” Goşmaça Konwensiýa. Üýtgetmeler girizmek barada teswirnama goşundy. Şweýsariýanyň Ženewa şäheri. 07.09.1956ý.;
- “Mejbury ýa-da hökmany zähmet hakyndaky” Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 28.06.1930ý.;
- “Mejbury zähmeti ýatyrmak hakyndaky” Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 25.06.1957ý.;
- “Birleşme azatlygy we gurama bolan hukugy goramak hakyndaky” Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 09.07.1948ý.;
- “Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakyndaky” Konwensiýa. Şweýsariýa, Ženewa şäheri. 28.07.1951ý.;

- "Bosgunlaryň hukuk ýagdaýyna degişli" Teswirnama. Şweýsariýa, Ženewa şäheri. 31.01.1961ý. we ş.m.

*Şahsyýetiň* (adamyň) *hukuklary* diỳlende bolsa, adamyň ykdysady, sosial, syỳasy we medeni çygyrlardaky mümkinçiliklerine hem-de isleglerine, şeỳle hem adamyň döwlet babatda hukuk ỳagdaỳynyň häsiỳetlendirmesine düşünilỳär. „*Raỳatyň hukuklary*" diỳen adalga bolsa adama kanunda berkidilen emläkleỳin we emläkleỳin däl hukuklaryny aňladỳar. Umuman „*adamyň we raỳatyň hukuklary hem azatlyklary*" diỳen adalga „*esasy hukuklar we azatlyklar*" diỳen adalga bilen manydaş adalga bolup, adamyň we raỳatyň Konstitusiỳada berkidilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň jemini aňladỳar. Esasy hukuklar we azatlyklar dört görnüşe bölünỳärler:

1. *Şahsy hukuklara* (şahsy durmuş we şahsy erkinlik çygrynda) - ỳaşaỳşa, şahsyỳetiň mertebesine, erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige, şahsy durmuşynyň, şahsy we maşgala syrlarynyň eldegrilmesizligine, mertebesini we at-abraỳyny, hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf we beỳleki habarlary alyşmagyň syryny goramaklyga, ỳaşaỳyş jaỳynyň eldegrilmesizligine, öz milli degişliligini kesgitlemäge, öz ene dilinde geplemäge, geplejek dilini erkin saỳlamaga, özüni kämilleşdirmäge, bilime we döredijilige, ỳaşajak ỳerini erkin saỳlap almaga, erkin gezmäge, ỳurduň çäklerinden erkin çykyp gitmäge we ỳurduň çäklerine erkin gaỳdyp gelmäge, wyždan azatlygyna we dine ynanmak erkinligine bolan hukuklar degişlidir.

2. *Syỳasy-jemgyỳetçilik hukuklara* (syỳasy-jemgyỳetçilik çygrynda) – erkin pikir ỳoretmäge we pikirini erkin beỳan etmäge, maglumatlary almaga, beỳleki raỳatlar bilen birleşmeler döretmäge, ỳygnanyşyklary, ỳörişleri, mitingleri[1] we demonstrasiỳalary[2] erkin geçirmäge, döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga, saỳlamaga we saỳlanmaga, döwlet we ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna ỳüz tutmaga bolan hukuklar degişlidir.

3. *Sosial-ykdysady hukuklara* (sosial-ykdysady çygyrda) – kanun tarapyndan gadagan edilmedik telekeçilik işinde we ykdysady işiň gaỳry görnüşlerinde öz ukyplaryny we emlägini erkin ulanmaga, hususy eỳeçilige, erkin zähmet çekmäge, dynç alyşa, eneligiň, çagalygyň, maşgalanyň goraglylygyna, çagalary barada alada etmäge we olary terbiỳelemäge, durmuş üpjünçiligine, abadanlaşdyrylan ỳaşaỳyş jaỳyna, saglygynyň goraglylygyna we lukmançylyk kömegini almaga, abadanlaşdyrylan daşky gurşawa, bilim almaga, edebiỳat, sungat, ylmy-tehniki döredijilik we döredijiligiň beỳleki görnüşleri bilen erkin meşgullanmaga, mugallymçylyga, jemgyỳetiň medeni durmuşyna gatnaşmaga, medeni desgalardan we medeni gymmatlyklardan erkin peỳdalanmaga bolan hukuklar degişlidir.

4. *Beỳleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklara* – döwletiň ynsan hukuklaryny goramaga niỳetlenen hukuk serişdeleri bilen özüni goramaga bolan özüniň şahsy mümkinçiliklerini utgaşdyrmaga (*öz-özüni goramaga*), hukuklaryny we azatlyklaryny kazyỳetde goramaga, ygtyỳarly adyl

[1]Miting-"meeting-ỳygnanyşmak" diỳen iňlis sözünden gelip çykyp, gündelik durmuşyň möhüm syỳasy, ykdysady, medeni we gaỳry meseleleri barada pikir alyşmak üçin adamlaryň ỳygnanyşmaklaryny aňladỳar;

[2]Demonstrasiỳa-"demonstrare-görkezmek" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, raỳatlaryň belli bir toparynyň öz jemgyỳetçilik-syỳasy pikirini beỳan etmek üçin geçirỳän köpçülikleỳin ỳörişlerini aňladỳar.

kazyỳetlige, hukuk-hünärmen kömegini almaga, günäsizlik çaklamasyna (prezumpsiỳasyna), adyl kazyỳetligiň ynsanperwerligine, kanunyň bozulmagy zerarly zelel ỳeten jebir çekenleriň bähbitleriniň goraglylygyna (*ỳeten zyỳanyň öwezini doldurtmaga*), hereket edỳän kanunyň ulanylmagyna, jogapkärçiligi ỳüze çykarỳan ỳa-da agyrlaşdyrỳan täze kabul edilen kanunyň yzyna täsir ediş güỳjünden ỳüz döndermäge, amala aşyrylan pursadynda hukuk bozulma hökmünde ykrar edilmedik hereket üçin jogapkärçiligi belleỳän täze kabul edilen kanunyň ulanylmagyndan ỳüz döndermäge, hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi aradan aỳyrỳan ỳa-da ỳeňilleşdirỳän täze kabul edilen kanuna goldanylmagyny gazanmaga bolan hukuklar degişlidir.

Mälim bolşy ýaly, ýokarda mysal getirilen: „*Her bir raýat öz üstüne Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir*“ diỳen konstitusion-hukuk kadasy raỳatlaryň konstitusion borjuny[1] kesgitleỳär. Konstitusiỳa jemgyỳetiň, döwletiň we adamyň arasynda baglaşylỳan jemgyỳetçilik ylalaşygy hökmünde garalanda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasy şol şertnamanyň iň möhüm bentleriniň biridir. Sebäbi bu maddada taraplaryň esasy hukuklary we borçlary kesgitlenỳär. Başgaça aỳdylanda, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwlet we jemgyỳet raỳaty hemmetaraplaỳyn goraỳar, onuň erkin, agaỳana hem eşretli durmuşda ỳaşamagyny üpjün edỳär. Raỳat bolsa döwletiň öz wezipelerini degişli derejede ỳerine ỳetirmegi üçin onuň ähli hukuga laỳyk talaplaryny berjaỳ etmäge borçly bolup durỳar. Raỳatyň konstitusion borçlarynyň iň esasylary bolsa Konstitusiỳanyň we kanunlaryň talaplaryny berjaỳ etmekden, döwleti goramak borjuny ỳerine ỳetirmekden, kanunlarda bellenilen tertiplerde salgytlary hem-de beỳleki ỳygymlary tölemekden, daşky gurşawy hem tebigaty goramakdan we ş.m. ybaratdyr.

Şahsyýetiň hukuk ýagdaýynyň düzüm bölekleri hökmünde bolsa esasan raýatlyk[2] çykyş edýär. Hukuk ýagdaýy diýen düşünjede şahsyň hukuk subýektliligine, ýagny hukugyň subýekti bolmaga ukyplylygyna onuň şahsy (subýektiw) hukuklaryna, azatlyklaryna we ygtyýarlyklaryna edinmäge, borçlaryna bolsa eýelik etmäge (hukuk ukyplylygy), öz hereketleri bilen olary amala aşyrmaga (kämillik ukyplylygy) we hukuk kadalarynyň talaplaryny bozýan özüni alyp baryşlary üçin jogapkärçilik çäresini çekmäge (jogapkärçilige (delikte) ukyplylyk) bolan ukyplylygy hökmünde garalýar.

Şeýlelikde *şahsyýetiň hukuk ýagdaýy* (statusy) diýlende, şahsyýetiň (raýatyň, daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy ýok adamyň) jemgyýet, döwlet we beýleki fiziki şahslar babatdaky hukuklaryny hem borçlaryny, şol bir wagt-da görkezilenleriň ol şahsyýet babatdaky hukuklaryny we borçlaryny berkidýän hukuk kadalarynyň jemine düşünmek bolar.

---

[1]Konstitusion borç- raỳatyň şeýle görnüşde özüni alyp barmaga borçly bolan konstitusiỳada berkidilen anyk kadalary;
[2]Raýatlyk barada düşünjeler şu okuw gollanmasynyň 16-njy babynyň 2-nji soragynda giňişleýin beýan edilýär.

## §3. Hukuk ýagdaýynyň görnüşleri

Hukuk edebiýatlarynda hukuk ýagdaýynyň (statusynyň) şu aşakdaky görnüşleriniň bardygy kesgitlenýär:

- *adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk* (umumy) *ýagdaýy* (statusy) – bu adamyň we raýatyň döwletiň konstitusiýasynda berkidilen hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň jemidir. Umumy hukuk ýagdaýy (statusy) hemmeler üçin binýatlaýyn we ýeke-täk bolandygy sebäpli, ol durnuklylygy we üýtgewsizligi bilen tapawutlanýar hem diňe kanunçykaryjynyň erk-islegi bilen üýtgeýär;
- *ýörite* (ugurlaýyn) *hukuk ýagdaýy* (statusy) – bu pensiýa alýanlar, maýyplar, döwlet gullukçylary, harby gullukçylar we ş.m. ýaly, gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) belli-belli görnüşleriniň hukuklarynyň hem borçlarynyň jemidir. Ýörite (ugurlaýyn) hukuk ýagdaýy (statusy) umumy hukuklara hem azatlyklara esaslanýar, ýöne jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk çygryna mahsus bolan hukuklary, borçlary we ýeňillikleri goşmaça özünde jemleýär;
- *şahsyýetiň şahsy* (indiwidual) *hukuk ýagdaýy* (statusy) – bu takyk şahsyýetiň diňe ýeke-täk özüne degişli bolan hukuklaryny hem-de diňe şonuň üstüne ýüklenen hukuk (ýuridik) borçlaryň jemini aňladýan hukuk ýagdaýydyr. Ol ýa-da beýleki hukuk hadysalaryna, hukuk wakalaryna baglylykda hukuk ýagdaýynyň bu görnüşiniň mazmuny şahsyýetiň jynsyna, ýaşyna, bilimine, maşgala ýa-da emläk ýagdaýyna, saglyk ýagdaýyna we ş.m. bagly bolup durýar.

## ÇYZGYLAR

Çyzgy 26.1.



Çyzgy 26.2.

## Hukuk döwletiniň goşmaça alamatlary

- köpçülikleýin düşünjede hukugy inkär etmegiň ýok edilmegi
- jemgyýetiň ýokary syýasy-hukuk sowatlylygynyň üpjün edilmegi
- şahsyýetiň islendik görnüşdäki eden-etdilige garşy durmak ukyplarynyň kämilliginiň üpjün edilmegi
- haýsydyr bir syýasy partiýanyň özi bilen döwlet edaralaryny çalşyrmagyna ýol berilmezligi
- hukuk hakykatyna diňe döwlet tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň täsiri bilen emele gelýän hadysa hökmünde, hukuga bolsa diňe hereket edýän kanunçylyk hökmünde garalmagynyň ýeňip geçilmegi
- hereket edýän kanunçylyga çenden aşa baha berilmeginiň, onuň çakdan aşa taryplanmagynyň we oňa hiç bir kemi bolmadyk, çirksiz serişde hökmünde garalmagynyň ýeňlip geçilmegi
- hukuk kadalarynyň aglaba köpüsiniň hiç bir gatnaşygy düzgünleşdirmän ýa-da beýan ediljek bolýan täze hukuk tertibini anyk açyp görkezmän jarnamalaýyn we mazmunsyz-galyplaýyn häsiýetli bolmagynyň aradan aýrylmagy
- hukuk ylmynyň öz-özüni gysyp saklaýan dar düşünjeliligiň çygryndan çykyp, dünýä tejribesiniň gazananlaryny özleşdirip, onuň bilen aýakdaş gitmegi we ş.m

**Hukuk döwletinde hukuklaryň we azatlyklaryň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilmegi üpjün edilýär**

- ösen raýat jemgyýetiniň bolmagy bilen
- döwlet edaralarynyň netijeli, utgaşykly we ýokary guramaçylykly işjeňligi bilen
- özbaşdak hereket etmäge we kämilleşmäge ukyply bazar gatnaşyklarynyň ulgamy bilen
- şahsyýetiň, onuň eýeçiligindäki emlägiň howpsuzlygynyň ýokary derejesi bilen
- bozulan hukuklary we azatlyklary dikeltmegiň ýokary derejede netijeli ulgamy we ş.m. bilen

**Çyzgy 26.3.**

## Döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy ýüze çykýar

- döwletiň öz ygtyýarlygynda bolan ähli aňyýet, syýasy we hukuk serişdeleri bilen adamyň hem raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmek hem üpjün etmek babatda işleri amala aşyrmaga borçlulygynda
- şahsyýet amala aşyran hukuk bozmasy üçin jogapkärçilige çekilende döwletiň onuň eden etmişini, onuň sebäplerini we şertlerini doly öwrenmeklige hem-de bellenýän temmi çäresini örän berk şahsylaşdyrmaklyga (indiwiduallaşdyrmaklyga) borçlulygynda
- şahsyýetiň döwletde öz hukuklaryny goramaklygy, olaryň durmuşa geçirilmeginiň, şonuň ýaly-da olar bozulan ýagdaýynda olaryň dikeldilmeginiň üpjün edilmegini talap etmäge haklydygynda
- döwletiň bolsa şahsyýetden hereket edýän kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmäge talap etmegi ygtyýarlygydynda
- şahsyýetiň döwletiň kadalay hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen serişdeler toplamak üçin zerur bolan salgytlary tölemäge we döwleti goramaga borçludygynda
- diňe döwletiň raýaty däl-de, taraplaryň haýsy hem bolsa biriniň öz borçlaryny berjaý etmedik ýa-da hukuklaryň (ygtyýarlyklaryň) amala aşyrylmagyna päsgelçilik beren halatynda, biri-birini jogapkärçilige çekmäge hakykat ýüzündäki mümkinçilikleriniň bolmagynda we ş.m.

## Hukuk döwletiniň emele gelmegi üçin zerur şertler

**Ykdysady şertler** → eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy we olaryň deň hukuklardan peýdalanyp, deň borçlary berjaý etmekleri, ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjylaryň deňligi, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlanmagy we ş.m.

**Durmuşy şertler** → gatnaşyklaryň agramly bölegini öz-özi düzgünleşdirýän raýat jemgyýetiniň bolmagy, ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi we ş.m.

**Hukuk şertleri** → jemgyýetiň agzalarynyň ählisiniň (iň bolmanda agramly böleginiň) syýasy we hukuk düşünjesiniň ýokary derejede ösen bolmagy, şahsyýet babatdaky zulumyň, eden-etdiligiň düýbünden ýok edilmegi, adyl kazyýetiň hakykatdan hem adalatly amala aşyrylmagy we ş.m.

**Ahlak şertleri** → jemgyýetiň hem döwletiň ynsanperwerlik, adalatlylyk, deňhukuklylyk, erkinlik we ş.m. başlangyçlara juda berk eýermegi we esaslanmagy


Çyzgy 26.4.
Adamyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň görnüşleri
Şahsy hukuklar
Syỳasy-jemgyỳetçilik hukuklar
Durmuş-ykdysady hukuklar
Beỳleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklar


Ynsanyň şahsy hukuklary we azatlyklary
ỳaşaỳşa, şahsyỳetiň mertebesine bolan hukuk
erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuk
şahsy durmuşynyň, şahsy we maşgala syrlarynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk
ỳaşaỳyş jaỳynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk
mertebesini we at-abraỳyny, hat alyşmagyň, telefon gepleşik-leriniň, poçta, telegraf we beỳ-leki habarlary alyşmagyň syryny goramaklyga bolan hukuk
öz ene dilinde geplemäge, geplejek dilini erkin saỳlamaga bolan hukuk
özüni kämilleşdirmäge, bilime we döredijilige bolan hukuk
öz milli degişliligini kesgitlemäge bolan hukuk
ỳurduň çäklerinden erkin çykyp gitmäge we ỳurduň çäklerine erkin gaỳdyp gelmäge bolan hukuk
ỳaşajak ỳerini erkin saỳlap almaga bolan hukuk
erkin gezmäge bolan hukuk
wyždan azatlygyna we dine ynanmak erkinligine

Çyzgy 26.5.

**Ynsanyň syýasy-jemgyýetçilik hukuklary**

- erkin pikir ýoretmäge we pikirini erkin beýan etmäge bolan hukuk
- maglumatlary almaga bolan hukuk
- beýleki raýatlar bilen birleşmeler döretmäge bolan hukuk
- ýygnanyşyklary, mitingleri we demonstrasiýalary erkin geçirmäge bolan hukuk
- döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuk
- saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuk
- döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna ýüz tutmaga bolan hukuk

**Ynsanyň durmuş-ykdysady hukuklary**

- telekeçilik işinde we ykdysady işiň gaýry görnüşlerinde öz ukyplaryny we emlägini erkin ulanmaga bolan hukuk
- hususy eýeçilige bolan hukuk
- erkin zähmet çekmäge bolan hukuk
- saglygynyň goraglylygyna we lukmançylyk kömegini almaga bolan hukuk
- eneligiň, çagalygyň, maşgalanyň goraglylygyna bolan hukuk
- abadanlaşdyrylan daşky gurşawa bolan hukuk
- çagalary barada alada etmäge we olary terbiýelemäge bolan hukuk
- bilim almaga bolan hukuk
- durmuş üpjünçiligine bolan hukuk
- edebiýat, sungat, ylmy-tehniki döredijilik we döredijiligiň beýleki görnüşleri bilen erkin meşgullanmaga bolan hukuk
- abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk
- mugallymçylyga bolan hukuk
- jemgyýetiň medeni durmuşyna gatnaşmaga bolan hukuk
- medeni desgalardan we medeni gymmatlyklardan erkin peýdalanmaga bolan hukuk
- dynç alyşa bolan hukuk

**Çyzgy 26.6.**

**Ynsanyň beỳleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklary**

- döwletiň ynsan hukuklaryny goramaga niỳetlenen hukuk serişdeleri bilen özüni goramaga bolan özüniň şahsy mümkinçiliklerini utgaşdyrmaga (öz-özüni goramaga) bolan hukuk
- hukuklaryny we azatlyklaryny kazyỳetde goramaga bolan hukuk
- ygtyỳarly adyl kazyỳetlige bolan hukuk
- hukuk taýdan hünärmen kömegini almaga bolan hukuk
- günäsizlik çaklamasyna (prezumpsiỳasyna) bolan hukuk
- adyl kazyỳetligiň ynsanperwerligine bolan hukuk
- kanunyň bozulmagy zerarly zelel ỳeten jebir çekenleriň bähbitleriniň goraglylygyna (ỳeten zyỳanyň öwezini doldurtmaga) bolan hukuk
- hereket edỳän kanunyň ulanylmagyna bolan hukuk
- jogapkärçiligi ỳüze çykarỳan ỳa-da agyrlaşdyrỳan täze kabul edilen kanunyň yzyna täsir ediş güỳjünden ỳüz döndermäge bolan hukuk
- amala aşyrylan pursadynda hukuk bozulma hökmünde ykrar edilmedik hereket üçin jogapkärçiligi belleỳän täze kabul edilen kanunyň ulanylmagyndan ỳüz döndermäge bolan hukuk
- hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi aradan aỳyrỳan ỳa-da ỳeňilleşdirỳän täze kabul edilen kanuna goldanylmagyny gazanmaga bolan hukuk

Çyzgy 26.7.

**Gatnaşyjy şahslaryň hukuk ýagdaýynyň görnüşleri**

adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk (umumy) ýagdaýy

bu adamyň we raýatyň döwletiň konstitusiýasynda berkidilen hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň jemidir. Umumy hukuk ýagdaýy (statusy) hemmeler üçin binýatlaýyn we ýeke-täk bolandygy sebäpli, ol durnuklylygy we üýtgewsizligi bilen tapawutlanýar hem diňe kanunçykaryjynyň erk-islegi bilen üýtgeýär

ýörite (ugurlaýyn) hukuk ýagdaýy

bu pensiýa alýanlar, maýyplar, döwlet gullukçylary, harby gullukçylar we ş.m. ýaly, gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) belli-belli görnüşleriniň hukuklarynyň hem borçlarynyň jemidir. Ýörite (ugurlaýyn) hukuk ýagdaýy (statusy) umumy hukuklara hem azatlyklara esaslanýar, ýöne jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk çygryna mahsus bolan hukuklary, borçlary we ýeňillikleri goşmaça özünde jemleýär

şahsyýetiň şahsy (indiwidual) hukuk ýagdaýy

bu takyk şahsyýetiň diňe ýeke-täk özüne degişli bolan hukuklaryny hem-de diňe şonuň üstüne ýüklenen hukuk (ýuridik) borçlaryň jemini aňladýan hukuk ýagdaýydyr. Ol ýa-da beýleki hukuk hadysalaryna, hukuk wakalaryna baglylykda hukuk ýagdaýynyň bu görnüşiniň mazmuny şahsyýetiň jynsyna, ýaşyna, bilimine, maşgala ýa-da emläk ýagdaýyna, saglyk ýagdaýyna we ş.m. bagly bolup durýar

## *SOWALNAMA*

**1) Hukuk döwleti barada taglymatyň esas goýujysy kim?**
- Immanuil Kant;
- Georg Wilgelm Fridrih Gegel;
- Rene Dawid;
- Tomas Mor.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Jemgyýetde hukugyň abraýynyň, ähmiýetiniň, ygtyýarlyklarynyň çenden aşa artmagy nämä getirýär?**
- raýat jemgyýetiniň emele gelmegine;
- raýatlaryň eden-etdiligine;
- döwletiň zulumyna;
- hukuk döwletiniň döremegine.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Jemgyýeti dolandyrmakda döwletiň ähmiýetiniň we ygtyýarlyklarynyň çäkdan artmagy nähili atlandyrylýar?**
- hukuk döwleti;
- abadançylygyň döwleti;
- döwletiň diktaturasy;
- halk häkimiýetliligi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Şular hem hukuk döwletiniň esasy alamatlaryna girýärler:**
- hukuga laýyk kanunlaryň agalyk etmegi;
- döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy;
- syýasy we aňyýet köppikirliginiň (plýuralizmiň) bolmagy;
- şahsy hukuklaryň amala aşyrylmagynyň hiç zat bilen çäklendirilmezligi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Hukuk döwletiniň goşmaça alamatlaryna şular hem degişlidir:**
- köpçülikleýin düşünjede hukugy inkär etmegiň ýok edilmegi;
- hereket edýän kanunçylyga çenden aşa baha berilmegi;
- jemgyýetiň ýokary syýasy-hukuk sowatlylygynyň üpjün edilmegi;
- haýsydyr bir syýasy partiýanyň özi bilen döwlet edaralaryny çalşyrmagyna ýol berilmezligi.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Hukuk döwletinde hukuklaryň we azatlyklaryň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilmegi üpjün edilýär:**
- ösen raýat jemgyýetiniň bolmagy bilen;
- döwlet edaralarynyň bu ugurdan netijeli, utgaşykly we ýokary guramaçylykly işjeňligi bilen;

- bozulan hukuklary we azatlyklary dikeltmeklige çakdan aşa üns berilmezligi bilen;
- özbaşdak hereket etmäge we yzygiderli kämilleşmäge ukyply bazar gatnaşyklarynyň ulgamynyň bolmagy bilen.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy esasan näçe sany ýagdaýda ýüze çykýar?**
- alty;
- onuň anyk sany ýok;
- ýigrimi dört;
- on bir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk döwletiniň emele gelmegi üçin haýsy şertleriň bolmagy zerur?**
- ykdysady, durmuşy, hukuk we ahlak şertleriniň;
- ykdysady, syýasy, hukuk şertleriniň;
- ykdysady we durmuşy şertleriň;
- ykdysady we syýasy şertleriň.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**9) Hukuk döwletiniň emele gelmegi üçin zerur bolan ykdysady şertleriň mazmunyna şular degişlidir:**
- eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy we olaryň deň hukuklardan peýdalanyp, deň borçlary berjaý etmekleri;
- jemgyýetiň hem döwletiň ynsanperwerlik, adalatlylyk, deňhukuklylyk, erkinlik we ş.m. başlangyçlara juda berk eýermegi;
- ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjylaryň deňligi;
- halkyň maddy hal-ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlanmagy we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Hukuk döwletiniň emele gelmegi üçin zerur bolan durmuşy şertleriň mazmunyna şular degişlidir:**
- gatnaşyklaryň köpüsini öz-özi düzgünleşdirýän raýat jemgyýetiniň bolmagy;
- şahsyýet babatdaky zulumyň, eden-etdiligiň düýbünden ýok edilmegi;
- ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi;
- göni hem wekilçilikli demokratiýa institutlarynyň hereket etmegi we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Adamyň hukuk taýdan häsiýetlendirmelerine şular degişlidir:**
- aň-paỳhasly, jemgyỳetçilik jandarydyr;
- taryhy-jemgyỳetçilik işjeňliginiň we medeniỳetiň subỳektidir;
- aňly-düşünjeli işiň we dürli jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň subỳektidir;
- biologik organizmdir.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Türkmenistanda adam,**
- iň gymmatly baýlykdyr;
- iň ýokary hazynadyr;
- jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasydyr;
- hemme zatdan ileri tutulýan gymmatlykdyr.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**13) Adamyň we raýatyň esasy hukuklary hem azatlyklary näçe topara bölünýärler?**
- bäş;
- iki;
- dört;
- alty.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Şahsy hukuklara şularyň ählisi degişlidir:**
- saỳlamaga we saỳlanmaga bolan hukuk;
- erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuk;
- öz ene dilinde geplemäge, geplejek dilini erkin saỳlamaga bolan hukuk;
- ỳurduň çäklerinden erkin çykyp gitmäge we ỳurduň çäklerine erkin gaỳdyp gelmäge bolan hukuk.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Durmuş-ykdysady hukuklara şularyň ählisi degişlidir:**
- erkin zähmet çekmäge bolan hukuk;
- erkin pikir ỳoretmäge we pikirini erkin beỳan etmäge bolan hukuk;
- çagalary barada alada etmäge we olary terbiỳelemäge bolan hukuk;
- edebiỳat, sungat, ylmy-tehniki döredijilik we döredijiligiň beỳleki görnüşleri bilen erkin meşgullanmaga bolan hukuk.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Ombudsmen näme?**
- käbir döwletlerde raýatlaryň hukuklarynyň hem kanuny bähbitleriniň berjaý edilişine we ýerine ýetiriji edaralaryň hem wezipeli adamlaryň öz borçlaryny ýerine ýetirişleriniň kanunylygyna gözegçilik edýän wezipeli şahsy aňladýar;
- Beýik Britaniýada döwletiň wezipeli şahslarynyň bir görnüşini aňladýar;
- diňe Beýik Britaniýada hereket edýän raýatlaryň hukuklarynyň hem kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegine we ýerine ýetiriji edaralaryň hem wezipeli adamlaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmeklerine ýardam berýän wezipeli şahsy ýa-da jemgyýetçilik guramasyny aňladýar;
- diňe Ýewropa ýurtlarynda jemgyýetçilik esaslarda hereket edýän we halkara guramalar tarapyndan ýardam berilýän ynsanperwerlik guramany aňladýar.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**17) Hukuk ýagdaýynyň görnüşleri şulardyr:**
- adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk (umumy) ýagdaýy;
- ýörite (ugurlaýyn) hukuk ýagdaýy;
- şahsyýetiň şahsy (indiwidual) hukuk ýagdaýy;
- şahsyýetiň saýlamaklyga mümkinçilik berýän (alternatiw) hukuk ýagdaýy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Hukuk ýagdaýy diýen düşünje özünde jemleýär:**
- hukuk ukyplylygyň bolmagyny;
- kämillik ukyplylygyň bolmagyny;
- jogapkärçilige ukyplylygyň bolmagyny;
- fiziki hereket etmäge ukyplylygyň bolmagyny.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk ýagdaýy - bu:**
- gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) belli-belli görnüşleriniň hukuklarynyň hem borçlarynyň jemidir;
- adamyň we raýatyň döwletiň konstitusiýasynda berkidilen hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň jemidir;
- takyk şahsyýetiň diňe ýeke-täk özüne degişli bolan hukuklaryny hem-de diňe şonuň üstüne ýüklenen hukuk borçlarynyň jemidir;
- raýatyň, daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy ýok adamyň jemgyýet, döwlet we beýleki fiziki şahslar babatdaky hukuklarynyň hem borçlarynyň jemidir.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Raýatyň esasy konstitusion borçlaryna şularyň ählisi degişlidir:**
- şaýat hatarynda sorag edilende dogry görkezme bermek;
- konstitusiỳanyň we kanunlaryň talaplaryny berjaỳ etmek;
- döwleti goramak borjuny ỳerine ỳetirmek;
- kanunlarda bellenilen tertiplerde salgytlary hem-de beỳleki ỳygymlary tölemek.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

## 27-nji bap. Raýat jemgyýeti we döwlet

### §1. Raýat jemgyýeti barada düşünje we onuň alamatlary

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwlet we hukuk döräli bäri adamzat olaryň gurluşyny, mazmunyny yzygiderli kämilleşdirip hem üỳtgedip gelipdir. Akyldarlaryň asyrlaryň dowamynda çeken zähmetiniň netijesinde XIX asyryň birinji ỳarymynda meşhur nemes filosoflary Immanuil Kantyň we Georg Wilgelm Fridrih Gegeliň işlerinde jemgyỳet we döwlet taglymatynda täzelik bolan hukuk döwleti hem-de raỳat jemgyỳeti barada pikirler öňe sürülỳär. Şeỳlelik-de jemgyỳet, döwlet we hukuk taglymaty ösüşiň täze tapgyryna gadam basỳar.

Häzirki zaman döwlet we hukuk nazarỳetinde raỳat jemgyỳetiniň hukuk esaslary diỳlip, hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar hökmünde adamlaryň deňhukuklygy, olaryň hukuk taỳdan erkinligi, hususy eỳeçilik hukugy, şertnamalaryň berjaỳ edilmeginiň hökmanylygy, hukuklaryň goraglylygy, umumy ykrar edilen hukuk ỳörelgeleriniň esasynda döredilen mäkäm kanunçylygyň bolmagy hem-de adyl kazyỳetiň hereket etmegi görkezilỳär. Ỳöne elbetde raỳat jemgyỳeti diỳlende, hiç-hili döwlet mejburylyk güỳji ulanylmaỳan, hakyky durmuşa gabat gelmeỳän, Tomas Moruň “Utopiỳa”, Tommazo Kampanellanyň “Gün şäheri” atly eserlerindäki ỳaly, hyỳaly jemgyỳetleri göz öňüne getirmeli däldir. Sebäbi jemgyỳeti bary-ỳogy iki sany adam emele getirende hem olaryň biri beỳlekisine garanyňda haỳsydyr bir ugurlar boỳunça güỳçli, haỳsydyr bir ugurlar boỳunça bolsa asgyn bolup çykỳar. Onsoň olaryň arasyndaky gatnaşyklary deňagramlaşdyrmak üçin hökmany ỳagdaỳda döwletiň hem hukugyň wezipesini ỳerine ỳetirỳän üçünji bir güỳjüň zerurlygy ỳüze çykỳar. Emma şol bir wagtda-da, raỳat jemgyỳeti baradaky taglymat ynsanperwerligi, adalatlylygy, deňhukuklylygy, agzybirligi, jebisligi, şahsyỳetleriň birek-birege sylag-hormatlylygyny… umuman ynsana bagyş edilen ähli ỳagşylyklaryny we röwşenliklerini özünde jemlemek bilen ynsanyỳetiň garaňky duỳgulardan azat bolan täze eỳỳamynyň täze, has parasatly, has rehimdar, has ak ỳürekli ynsanyny emele getirmekligiň möhüm serişdesi bolup durỳandyr.

Umumy hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, *raýat jemgyýeti* – bu adamlaryň dürli toparlarynyň syýasy erkinlik bilen bagly bähbitlerini, zerurlyklaryny we gymmatlyklaryny beýan edýän, aňladýan, jemgyýetiň ykdysady, syýasy, durmuşy (sosial) we ruhy ýaşaýşyndaky meýletin, döwlete dahylsyz institutlaryň hem gatnaşyklaryň jemidir, şonuň ýaly-da bu raýatlaryň özleriniň aýrybaşgalaşdyryp bolmaýan tebigy hem mizemez hukuklaryny we azatlyklaryny goramak bilen baglylykda, ýaşaýyş ähmiýetli soraglary we meseleleri çözmekdäki özbaşdaklygy hem bu ugurdan öz isleglerini, maksatlaryny durmuşa geçirmekleri bilen bagly jemgyýetçilik çygrydyr.

Başgaça aýdylanda, raýat jemgyýeti – bu döwletden garaşsyz hem özbaşdak ýagdaýda, halk häkimiýetliliginiň (demokratiýa) başlangyçlaryna doly esaslanýan jemgyýetiň çäklerinde ösýän we kämilleşýän ykdysady, medeni, syýasy hem gaýry jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamydyr.

Raýat jemgyýetiniň binýatlaýyn ýörelgeleri bilen birlikde onuň esasy alamatlary şu aşakdakylar bolup durýarlar:

- jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli çygyrlarynda jemgyýetiniň agzalarynyň deňhukuklylygy we olaryň syýasy, ykdysady we gaýry gatnaşyklardaky deňligi (*adamlaryň we raỳatlaryň deňhukuklygy* – konstitusion taglymatyň esasgoỳujy ỳörelgeleriniň we demokratiỳanyň iň möhüm düzüm bölekleriniň biri bolup, ol ähli adamlaryň we raỳatlaryň döwletiň, kanunyň hem kazyỳetiň öňünde özleriniň hukuklary we azatlyklary, şeỳle hem borçlary babatda-da deňligini aňladỳar. Döwlet tarapyndan bu deňlik adamyň we raỳatyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan doly kepillendiriliỳär. Adamzat adamlaryň we raỳatlaryň deňligi hakyndaky ỳörelgäni kanun esasynda ykrar etmeklige müňlerçe ỳyllaryň dowamynda pajygaly wakalaryň üsti bilen ỳetdi. Bu maddada adamyň „millet degişliligi, ten reňki, jyns, gelip çykyş alamaty, emläk we wezipe ỳagdaỳy, ỳaşaỳan ỳeri, dili, dine garaỳşy, syỳasy ygtykady, haỳsydyr bir partiỳa degişlidigi ỳa-da degişli däldigi“ hakynda sanaw ỳöne ỳerden berilmeỳär. Bu sanawda görkezilen alamatlar boỳunça gadym zamanlardan ỳakyn taryhymyza çenli adamlaryň biri-birinden tapawutlandyrylyp, biri-birinden saỳry tutulan, kemsidilỳän ỳa-da artykmaç hukuklar berlen „pes jynsly, ýokary jynsly“ toparlara bölünen ỳagdaỳlarynyň mysaly adamzat taryhynda näçe diỳseň bar. Mysal üçin, Gadymy dünỳäde adamlar ỳaşaỳan ỳerleri, gelip çykyşlary we beỳleki alamatlary boỳunça gullara we gul eỳelerine bölünipdirler, şol döwürlerde-de bu bölünişik adalatly hem kanunalaỳyk hasaplanypdyr. Soňra Orta asyrlarda ỳene-de dürli alamatlardan ugur alnyp adamlar garamaỳaklara we asylzadalara bölünipdirler. Adamzat taryhyndaky buržuaz ynkylaplary bolsa adamlaryň emläk ỳagdaỳy we syỳasy ygtykagy, dine bolan garaỳşy boỳunça täze bir bölünişiklerini ỳüze çykarypdyr. Adamzadyň taryhynda iň pajygaly döwür bolan XX asyrda bolsa, adamlary „kemisli-artykmaç“ toparlara bölmegiň iň aỳylganç görnüşlerini oỳlap tapan faşizm ỳüze çykdy. Tutuş ynsanyỳetiň birleşdirilen güỳji bilen faşizm dyza çökerilip, ỳok edilenden soň bolsa Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamada: „Ähli adamlar mertebesi we hukuklary babatda deň dogulỳarlar. Adamlara aň we wyždan berlendir hem-de olar bir-biri babatda doganlyk ruhunda hereket etmelidirler”[1] diỳlip yglan edilip, hemmeleriň deňligi dünỳä bileleşigi tarapyndan resmi ykrar edildi.);
- ykdysadyýetiň köpgörnüşli bazar gatnaşyklaryna (ilkinji nobatda eýeçiligiň dürli görnüşleriniň deňligine), erkin zähmete we hünäri, ýaşaýyş ýerini saýlap almak erkinligine we ş.m. esaslanmagy;

[1] 10.12.1948 ỳylda kabul edilen, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 1-nji maddasy.

- adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklaryň juda ýokary derejede ykrar edilmegi, şahsyýetiň hukuk goragyny we goraglylygyny üpjün edýän netijeli serişdeleriň ulgamynyň hereket etmegi;
- göni hem wekilçilikli demokratiýa institutlarynyň hereket etmegi (*Wekilçilikli demokratiỳa* konstitusion hukugyň iň möhüm düşünjeleriniň biri bolup, özünde şu aşakdaky düzüm böleklerini jemleỳär: 1. Döwlet häkimiỳetiniň we ỳerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň düzüminde saỳlanylỳan wekilçilikli edaralaryň, şonuň ỳaly-da saỳlanylỳan wezipeli şahslaryň bolmagyny; 2. Saỳlanỳan şahslaryň saỳlawçylar bilen yzygiderli aragatnaşyk saklamaklaryny üpjün edỳän demokratik institutlaryň ulgamynyň bolmagyny; (Beỳle diỳlende, deputatlaryň we saỳlanylan wezipeli şahslaryň  öz saỳlawçylary bilen yzygiderli duşuşyp durmaklary, olaryň öz amala aşyrỳan işleri we çäreleri barada degişli wekilçilikli ỳa-da ỳerine ỳetiriji edara hasabat tabşyryp durmaklary göz öňünde tutulỳar); 3. Wekilçilikli edaralaryň işinde we gurluşynda açyk, giň we köpçülikleỳin tertipde sorag-jogap alyşmak, ara alyp maslahatlaşmak bilen ỳygnaklar, maslahatlar görnüşindäki dolandyryşyň we işiň demokratik usullarynyň ulanylmagy. *Göni demokratiýa* diýlende, halkyň öz häkimiýetini saýlanan wekilleriň üsti bilen däl-de, gönüden-göni özüniň amala aşyrmagyna düşünilýär. Sala salşyk halkyň öz häkimiỳetini gönüden-göni amala aşyrmagynyň iň esasy görnüşidir);
- raýatlara diňe bir özleriniň bähbitlerini durmuşa geçirmäge hem-de öz ukyplaryny açyp görkezmäge däl-de, eýsem bu ugurdan özleriniň dürli birleşmelerini döretmäge mümkinçilik berýän syýasy we aňyýet köpgörnüşliliginiň (köppikirliliginiň) bolmagy;
- söz, metbugat erkinliginiň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň garaşsyzlygynyň bolmagy;
- häkimiýetiň kanuny bolmagy, jemgyýetde syýasy we konstitusion-hukuk durnuklylygynyň doly derejede üpjün edilmegi;
- hukuk döwletliliginiň binýatlaýyn esaslarynyň ýokary derejede mäkäm bolmagy;
- döwletiň raýatlaryň şahsy durmuşyna goşulmazlygy, döwletiň we şahsyýetiň özara, ikitaraplaýyn jogapkärçiligini durmuşa geçirmegiň ýokary netijeli ulgamynyň hereket etmegi;
- jemgyýetde dürli esaslar hem gyzyklanmalar boýunça döredilen durmuşy (sosial) toparlaryň (stratalaryň) we birleşmeleriň köp sanlysynyň hereket etmegi;
- döwletden garaşsyz we kanun tarapyndan doly gollanylýan we işlerine döwletiň goşulmagyndan goralýan ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň bolmagy;
- adamlaryň mynasyp ýaşaýyş derejesini üpjün edýän döwlet durmuş üpjünçilik syýasatynyň netijeli amala aşyrylmagy we ş.m.

## §2. Raýat jemgyýetiniň düzüm gurluşy

*Raýat jemgyýetiniň düzüm gurluşy* – bu onuň bütewiligini hem ösüş depgini üpjün edýän düzüm bölekleriniň köpdürliligini we özara hyzmatdaşlygyny beýan edýän içki gurluşydyr.

Raýat jemgyýetiniň, asla islendik häzirki zaman jemgyýetiniň hem içki gurluşy:

- durmuşy (sosial) ulgamyň;
- ykdysady ulgamyň;
- syýasy ulgamyň;
- ruhy-medeni ulgamyň;
- maglumat ulgamynyň jeminden ybaratdyr.

Ol ulgamlar barada bolsa gyçgaça şu aşakdakylary bellemek bolar:

- *durmuşy (sosial) ulgam* şu aşakdaky düzüm bölekleriniň jeminden emele gelýär:
    - durmuşy (sosial) toparlaryň jemi;
    - jemgyýetçilik gatlaklarynyň jemi;
    - halkyýetleriň jemi;
    - milletleriň jemi;
    - halklaryň jemi;
    - adam (şahs, şahsyýet);
    - maşgala;
    - dürli durmuşy (sosial) toparlar (döredijilik birleşmeleri, kärdeşler arkalaşyklary, öý hojalykçylary, maýyplar, talyplar, harby gullukçylar we ş.m.);
    - adamlaryň birleşmeleri (dini we jemgyýetçilik guramalary, syýasy partiýalar we ş.m.).

    Öz durmuşynyň dowamynda adam raýat jemgyýetiniň bir derejesinden (toparyndan, stratasyndan) başga bir derejesine geçýär. Şol toparlaryň (stratalaryň) ählisiniň bähbitleri hem döwlet tarapyndan göz öňünde tutulmaly. Çünki şeýle hereketi amala aşyrmak bilen jemgyýetde durmuşy (sosial) taýdan deňagramlylyk döredilýär, jemgyýetçilik toparlarynyň hem gatlaklarynyň arasynda ylalaşyk gazanylýar;
- *ykdysady ulgam*:
    - netijeli hereket edýän bazar gatnaşyklarynyň jeminden;
    - eýeçiligiň dürli görnüşleriniň deňhukuklylyk esaslarynda hereket etmeginden;
    - önümçilik yzygiderliklerinden (prosesslerinden);
    - önüm öndürmek, olary paýlamak, çalyşmak we ulanmak ýaly ykdysady gatnaşyklardan;
    - hojalyk işininiň dürli görnüşlerini amala aşyrmak bilen meşgullanýan gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) dürli görnüşlerinden ybaratdyr;
- *syýasy ulgam* aşakda görkezilenleriň jeminden emele gelýär:
    - döwlet edaralarynyň;

- partiýalaryň;
- jemgyýetçilik guramalarynyň;
- hukuk ulgamynyň;
- syýasy gatnaşyklaryň;
- syýasy kadalaryň we ş.m.

➢ *ruhy-medeni ulgam* – bu maglumat, medeni-bilim beriş işjeňligi çygryndaky gatnaşyklaryň we institutlaryň jemidir. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

- bilim;
- medeniýet;
- edep-terbiýe;
- döredijilik;
- din we olaryň emele getiriji şahalary (institutlary).

➢ *maglumat ulgamy* – bu adamlaryň biri-biri bilen gönüden-göni ýa-da başga bir serişdeleriň (guramalaryň) üsti bilen gatnaşmaklarynyň (habarlaşmaklarynyň) netijesinde döreýän gatnaşyklarynyň jemidir. “Başga bir serişdeler” diýlende bolsa, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öndürilmegi we ulanyşa goýberilmegi bilen meşgullanýan şu aşakdaky şahslar göz öňünde tutulýar:

- köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň özleri;
- jemgyýetçilik guramalary;
- ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary;
- ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;
- hususy we döwlet edaralary, kärhanalary, guramalary;
- raýatlar we olaryň birleşmeleri we ş.m.

## §3. Döwletiň we raýat jemgyýetiniň özara gatnaşygy

Döwlet bilen raýat jemgyýetiniň arasynda örän mäkäm arabaglanyşyk bardyr we ol arabaglanyşygyň berkligi bu jemgyýetçilik institutlarynyň birmeňzeş we biri-biriniňkiden tapawutly häsiýetleriniň birnäçesiniň barlygy bilen şertlendirilýär. Ol häsiýetleriň esasylary şu aşakdakylardyr:

➢ raýat jemgyýeti hem edil döwlet ýaly, örän çylşyrymly we uzak wagta çekýän umumy adamzat ösüşiniň netijesinde emele gelýär;

➢ döwletde dolandyryşyň aşakdan ýokarylygyna hereket edýän, ýagny aşakda durýan edaranyň (wezipeli şahsyň) ýokarda durýan edara (wezipeli şahsa) gönüden-göni (wertikal) tabynlyk ulgamyna (döwlet edaralarynyň basgançaklaýyn tertipde ýerleşişine (iýerarhiýasyna)) ýykgyn edilýär, raýat jemgyýetinde bolsa raýatlaryň, olaryň birleşmeleriniň deň derejedäki (gorizontal) gatnaşyklarynyň ulgamy artykmaçlykdan peýdalanýar;

➢ döwlet edaralarynyň işi kanuna esaslanýar, raýat jemgyýetindäki ähli hereketler bolsa taraplaryň meýletin tertipde baglaşan ylalaşyklaryna, şertnamalaryna, deňlik hakynda ýazylmadyk kadalara, hemmeleriň “umumy erkinligini” goraýan hem üpjün edýän we “altyn kadalar” diýlip

atlandyrylýan, beýleki ýazylmadyk ýörelgelere, mysal üçin, “özgeleriň sen babatda nähili hereket etmeklerini isleseň, özüň hem özgeler barada şeýle hereket et”[1] diýen kada esaslanýar;
- döwlet jemgyýetçilik (umumy) bähbitleriň çygryny düzgünleşdirýär, raýat jemgyýeti bolsa hususy hukuklaryň we azatlyklaryň, hususy bähbitleriň çygrynda düzgün-tertibi üpjün edýär.

Mälim boly ýaly, döwlet “jemgyýet” diýlip atlandyrylýan adamlaryň bileleşiginiň sazlaşykly we durnukly ösüşini üpjün etmeklik üçin döredilen, jemgyýetçilik häkimiýet ygtyýarlyklary bolan guramadyr. Öz öňünde goýlan wezipeleri berjaý etmek üçin bolsa jemgyýet tarapyndan döwlete jemgyýetiň ähli agzalary tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli edilen özüňi alyp baryş düzgünlerini – hukuk kadalaryny döretmek, kabul etmek we olary jemgyýetçilik bähbitlerinden ugur alyp durmuşa geçirmek ygtyýarlyklary hem-de olaryň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin döwlet mejbur ediş güýji berilýär. Jemgyýetde düzgün-tertibi ýola goýmakdan başga-da döwlet jemgyýetiň hereket etmegi, dowam etmegi bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan galan wajyp meseleleri çözmek wezipesini hem öz üstüne almaga borçly. Ol wajyp meseleleriň hataryna bolsa şu aşakdakylar degişlidir:
- jenaýatçylyga garşy göreşmek;
- hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) öz hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmekleri üçin mümkin boldugyndan ýokary derejede amatly şertleri döretmek;
- halkara gatnaşyklar ulgamynda jemgyýetiň adyndan çykyş etmek we ş.m.

Raýat jemgyýeti bolsa döwlete şu aşakda görkezilen göni hem wekilçilikli demokratiýa instutularynyň üsti bilen täsir edýär:
- jemgyýetçilik pikiri;
- syýasy köppikirlilik hem köpgörnüşlilik we ş.m.

Raýat jemgyýeti döwleti adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny ykrar etmeklige esaslanýan kanunçylygy döretmeklige, döwlet işjeňliginiň ähli görnüşleriniň açyklygynyň, wezipeli şahslaryň hasabatlylygynyň hem jogapkärçiliginiň, şonuň ýaly-da kazyýet önümçiliginiň aç-açanlygynyň berjaý edilmegini we ş.m. üpjün etmeklige iterýär.

[1]Bu kadany „ody özüňe bas ötmese kesekä” diýen türkmen nakyly bilen has jaýdar we gysga-da aňlatmak bolar.

## ÇYZGYLAR

Çyzgy 27.1.

### Raýat jemgyýetiniň alamatlary

jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli çygyrlarynda jemgyýetiniň agzalarynyň deňhukuklylygy we olaryň syýasy, ykdysady we gaýry gatnaşyklardaky deňligi

ykdysadyýetiň köpgörnüşli bazar gatnaşyklaryna (ilkinji nobatda eýeçiligiň dürli görnüşleriniň deňligine), erkin zähmete we hünäri, ýaşaýyş ýerini saýlap almak erkinligine we ş.m. esaslanmagy

adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklaryň juda ýokary derejede ykrar edilmegi, şahsyýetiň hukuk goragyny we goraglylygyny üpjün edýän netijeli serişdeleriň ulgamynyň hereket etmegi

göni hem wekilçilikli demokratiýa institutlarynyň hereket etmegi

raýatlara özleriniň bähbitlerini durmuşa geçirmek we ukyplaryny açyp görkezmek üçin dürli birleşmeleri döretmäge mümkinçilik berýän syýasy we aňyýet köpgörnüşliliginiň bolmagy

söz, metbugat erkinliginiň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň garaşsyzlygynyň bolmagy

häkimiýetiň kanuny bolmagy, jemgyýetde syýasy we konstitusion-hukuk durnuklylygynyň doly derejede üpjün edilmegi

döwletiň raýatlaryň şahsy durmuşyna goşulmazlygy, döwletiň we şahsyýetiň özara, ikitaraplaýyn jogapkärçiligini durmuşa geçirmegiň ýokary netijeli ulgamynyň hereket etmegi

hukuk döwletliliginiň binýatlaýyn esaslarynyň ýokary derejede mäkäm bolmagy

jemgyýetde dürli esaslar hem gyzyklanmalar boýunça döredilen durmuşy (sosial) toparlaryň (stratalaryň) we birleşmeleriň köp sanlysynyň hereket etmegi

döwletden garaşsyz we kanun tarapyndan doly gollanylýan we işlerine döwletiň goşulmagyndan goralýan ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň bolmagy

adamlaryň mynasyp ýaşaýyş derejesini üpjün edýän döwlet durmuş üpjünçilik syýasatynyň netijeli amala aşyrylmagy we ş.m.


Çyzgy 27.2.
Raýat jemgyýetiniň içki gurluşyny emele getirýärler:
durmuşy (sosial) ulgam
syýasy ulgam
ruhy-medeni ulgam
ykdysady ulgamy
maglumat ulgamy
Durmuşy (sosial) ulgamyň düzüm bölekleri
adam (şahs, şahsyýet)
durmuşy (sosial) toparlaryň jemi
maşgala
jemgyýetçilik gatlaklarynyň jemi
durmuşy (sosial) toparlar
halkyýetleriň jemi
adamlaryň birleşmeleri
milletleriň jemi
halklaryň jemi we ş.m.
Ykdysady ulgamyň düzüm bölekleri
bazar gatnaşyklary
eýeçiligiň dürli görnüşleri
önümçilik yzygiderlikleri
ykdysady gatnaşyklar
subýektleriň dürli görnüşleri

Çyzgy 27.3.


Syýasy ulgamyň düzüm bölekleri
döwlet edaralary
jemgyýetçilik guramalary
syýasy gatnaşyklar
partiýalar
hukuk ulgamy
syýasy kadalar we ş.m.
Ruhy-medeni ulgamyň düzüm bölekleri
edep-terbiýe
döredijilik
din we ş.m.
medeniýet
bilim
Maglumat ulgamynyň düzüm bölekleri
köpçülikleýin habar beriş serişdeleri
köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öndürilmegi we ulanyşa goýberilmegi bilen meşgullanýan jemgyýetçilik
köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öndürilmegi we ulanyşa goýberilmegi bilen meşgullanýan ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary
köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öndürilmegi we ulanyşa goýberilmegi bilen meşgullanýan ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary
köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öndürilmegi we ulanyşa goýberilmegi bilen meşgullanýan hususy we döwlet edaralary, kärhanalary, guramalary
köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öndürilmegi we ulanyşa goýbe-rilmegi bilen meşgullanýan raýatlar we olaryň birleşmeleri we ş.m.

Çyzgy 27.4.


Döwletiň hem raýat jemgyýetiniň özara meňzeşlikleri we tapawutly aýratynlyklary
raýat jemgyýeti hem döwlet, örän çylşyrymly we uzak wagta çekýän umumy adamzat ösüşiniň netijesinde emele gelýär
döwletde dolandyryşyň wertikal tabynlyk ulgamyna ýykgyn edilýär
döwlet edaralarynyň işi kanuna esaslanýar
raýat jemgyýetinde bolsa raýatlaryň, olaryň birleşmeleriniň gorizontal gatnaşyklarynyň ulgamy artykmaçlykdan peýdalanýar
raýat jemgyýetindäki ähli hereketler bolsa taraplaryň meýletin tertipde baglaşan ylalaşyklaryna, şertnamalaryna esaslanýar
döwlet jemgyýetçilik (umumy) bähbitleriň çygryny düzgünleşdirýär
raýat jemgyýeti bolsa hususy hukuklaryň we azatlyklaryň, hususy bähbitleriň çygrynda düzgün-tertibi üpjün edýär
Raýat jemgyýeti döwlete itergi berýär:
adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny ykrar etmeklige esaslanýan kanunçylygy döretmeklige
döwlet işjeňliginiň ähli görnüşleriniň açyklygyny üpjün etmeklige
kazyýet önümçiliginiň aç-açanlygynyň berjaý edilmegini we ş.m. üpjün etmeklige
wezipeli şahslaryň hasabatlylygyny hem jogapkärçiligini üpjün etmeklige

## *SOWALNAMA*

**1) Raýat jemgyýeti barada taglymatyň esas goýujysy kim?**
- Immanuil Kant;
- Georg Wilgelm Fridrih Gegel;
- Rene Dawid;
- Tomas Mor.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Raýat jemgyýetiniň şu aşakdaky häsiýetli alamatlary bardyr:**
- döwletden garaşsyz hem özbaşdak ýagdaýda ösýär we kämilleşýär;
- halk häkimiýetliliginiň (demokratiýa) başlangyçlaryna doly esaslanýar;
- ol diňe hukuga laýyk kanunlardan ugur alýar;
- ol ykdysady, medeni, syýasy hem gaýry jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Raýat jemgyýetiniň esasy alamatlarynyň biri bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň ählisiniň deňhukuklygy nämäni aňladýar?**
- fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklary babatda deňligini;
- döwletiň, fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklary hem borçlary babatda deňligini;
- döwletiň, fiziki we ýuridik şahslaryň diňe borçlary babatda deňligini;
- döwletiň, fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklary, kanuny bähbitleri hem borçlary babatda deňligini.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**4) Raýat jemgyýetiniň esasy alamatlarynyň biri bolan ykdysady gatnaşyklaryň köpgörnüşli we köpugurly bolmagy aňladýar:**
- adamlaryň ruhy-medeni derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyny;
- eýeçiligiň dürli görnüşleriniň deňlik ýörelgesiniň esasynda hereket etmegini;
- zähmet çekmek erkinligini;
- hünär we ýaşaýyş ýerini saýlap almagyň erkinligini we ş.m.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Raýat jemgyýetiniň esasy alamatlarynyň biri bolan halk häkimiýetliliginiň (demokratiýanyň) haýsy görnüşleri bar?**
- döwlet demokratiýasy, halk demokratiýasy we maşgala demokratiýasy;
- wekilçilikli demokratiýa we göni demokratiýa;
- şahsy we jemgyýetçilik demokratiýasy;
- göni we gytaklaýyn demokratiýa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Mysal üçin, bir döwletde ähli zatlar kanunlaryň esasynda amala aşyrylýar. Kanunlar örän berk tertipde kabul edilýär we olar hukugyň esasy, iň möhüm başlangyçlaryna laýyk gelýärler. Kanunlarda raýatlaryň maşgalada är-aýalyň haýsynyň haçan nahar bişirmelidigi, kimiň eşikleri ýuwmalygydy, kimiň ýuwlan geýimleri ütüklemelidigi, işde kimiň haçan we kime ilki salam**

**bermelidigi ýaly iň ownuk hereketlerine çenli düzgünleşdirýän kadalar berkidilýärler. Kanunlaryň iň bir ujypsyz derejede bozulmagy hem hukuk bozujy babatda örän zabun temmi çäresiniň ulanylmagyna getirýär. Umuman bu döwletde kanunylyk we hukuk tertibi juda ýokary derejede berkarar edilipdir.**

**Bu döwlet hukuk döwletimi we şol jemgyýet raýat jemgyýetimi?**

- hawa, sebäbi hukuk döwletiniň esasy alamaty hukuga laýyk kanunlaryň agalyk etmegi bolup durýar, hukuk döwleti bolsa diňe raýat jemgyýetiniň çäklerinde emele gelip bilýär, ýagny hukuk döwleti diňe raýat jemgyýeti tarapyndan döredilýär;
- hawa, bu döwlet elbetde hukuk döwleti, sebäbi hukuk döwletiniň esasy alamaty hukuga laýyk kanunlaryň agalyk etmegi bolup durýar. Ýöne jemgyýet raýat jemgyýeti däl, sebäbi ol jemgyýetde raýatlaryň erkinligi diýen düşünje düýbünden ýok diýen ýaly, ol jemgyýetde diňe kanunyň çensiz-çaksyz hökmürowanlygy amala aşyrylýar;
- ýok, ikisi hem däl, sebäbi ol döwletde we jemgyýetde höküm sürýän kanunlar hukuga laýyk däl, kanunlaryň hukuga laýyk bolmagy üçin olar ynsanyň tebigy hem mizemez hukuklarynyň we azatlyklarynyň hataryna girýän, ynsanperwerlik, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi, şahsy durmuşa gatyşylmazlygy ýaly ýörelgelerden ugur almaly;
- hawa, bu jemgyýet raýat jemgyýeti, sebäbi raýat jemgyýetiniň esasy alamatlarynyň hataryna, häkimiýetiň kanuny bolmagy, jemgyýetde syýasy we konstitusion-hukuk durnuklylygynyň doly derejede üpjün edilmegi, hukuk döwletlililiginiň binýatlaýyn esaslarynyň ýokary derejede mäkäm bolmagy girýärler.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**7) Raýat jemgyýetiniň esasy alamatlarynyň biri bolan adamlaryň mynasyp ýaşaýyş derejesiniň üpjün edilmegi nämäni aňladýar?**

- adamyň kadaly ýaşaýşy üçin zerur bolan iýmitiň, geýmiň, ýaşaýyş jaýynyň we beýleki maddy serişdeleriň ýeterlik derejede bolmagy, şonuň ýaly-da onuň ruhy-medeni islegleriniň kanagatlandyrylmagyna ähli mümkinçilikleriň döredilmegi;
- adamlaryň aýlyk zähmet haklarynyň ýokary derejede bolmagy we olaryň döwlet tarapyndan ýaşaýyş jaýlary bilen mugt üpjün edilmegi;
- adamyň kadaly ýaşaýşy üçin zerur bolan iýmitiň, geýmiň, ýaşaýyş jaýynyň we beýleki maddy serişdeleriň ýeterlik derejede bolmagy;
- adamlaryň gazançlarynyň her ýylda daşary ýurtlarda dynç almaga gitmek üçin ýeterlik bolmagy.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**8) Göni demokratiýa nähili amala aşyrylýar?**

- halk tarapyndan saýlanan wekilleriň üsti bilen;
- halkyň döwlet baştutanyny we parlamentiň deputatlaryny saýlap, şolaryň üsti bilen;
- halkyň gönüden-göni özi tarapyndan, esasan sala-salşygyň üsti bilen;

- halk tarapyndan jemgyýetçilik esaslarda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny döredilmegi bilen we şol edaralaryň wezipeli şahslaryny saýlap, olaryň üsti bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Raýat jemgyýetiniň düzüm gurluşyna girýärler:**
- durmuşy, syýasy, ykdysady, ruhy-medeni, maglumat ulgamlary;
- durmuşy, syýasy, ykdysady, ruhy-medeni ulgamlary;
- syýasy, ykdysady, ruhy-medeni ulgamlary;
- durmuşy, ruhy-medeni, maglumat ulgamlary.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**10) Raýat jemgyýetiniň düzüm bölekleriniň biri bolan durmuşy ulgamyň düzümine girýärler:**
- halkyýetleriň jemi;
- şahsyýet;
- milletleriň jemi;
- döwlet.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) "Dürli durmuşy (sosial) toparlar" diýen düşünjä girýär:**
- döredijilik birleşmeleri;
- kärdeşler arkalaşyklary;
- halklaryň jemi;
- öý hojalykçylary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Raýat jemgyýetiniň düzüm bölekleriniň biri bolan syýasy ulgamyň düzümine girýärler:**
- döwlet edaralary;
- telekeçilik işi bilen meşgullanýan ýuridik şahslar;
- jemgyýetçilik guramalary;
- syýasy kadalar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Din raýat jemgyýetiniň düzüm bölekleriniň biri bolan ruhy-medeni ulgamyň düzümine girýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe dini döwletlerde girýär;
- hawa, eger-de döwletde, dini-dessurlaýyn hukuk ulgamy hereket edýän bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Raýat jemgyýetinde kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji hem kazyýet häkimiýetlerinden başga "dördünji häkimiýet" kime degişli?**
- halka;

- jemgyýetçilik birleşmelerine;
- köpçülikleýin habar beriş serişdelerine;
- köpçülikleýin haba beriş serişdelerine we jemgyýetçilik pikirine.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**15) Raýat jemgyýeti bilen döwletiň esasy meňzeşligi nämeden ybarat?**

- olaryň ikisi hem adamlar tarapyndan döredilýär;
- raýat jemgyýeti hem, döwlet hem örän çylşyrymly we uzak wagta çekýän umumy adamzat ösüşiniň netijesinde emele gelýär;
- olaryň ikisinde-de hukuga laýyk kanunlaryň agalygy berkarar edilýär;
- olaryň ikisi-de adamlaryň abadan ýaşaýşyny üpjün etmek maksady bilen döredilýär.

***Has anyk we dogry jogaby tapyň.***

**16) Döwlet dolandyryşynda we raýat jemgyýetinde gatnaşyklary ýola goýmagyň tertibi çalymdaşdyr:**

- ýok, döwlet dolandyryşynda gatnaşyklar gönüden-göni tabynlygyň wertikal ulgamy görnüşinde, raýat jemgyýetinde bolsa deňlik ýörelgesi esasynda gorizontal ulgam görnüşinde guralýar;
- hawa, ikisinde-de gatnaşyklar wertikal ulgam görnüşinde guralýar;
- hawa, ikisinde-de gatnaşyklar gorizontal ulgam görnüşinde guralýar;
- ýok, döwlet dolandyryşynda gatnaşyklar deňlik ýörelgesi esasynda gorizontal ulgam görnüşinde, raýat jemgyýetinde bolsa gönüden-göni tabynlygyň wertikal ulgamy görnüşinde guralýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Raýat jemgyýetiniň çäklerinde döredilen döwletde jemgyýet hem, döwlet hem hukuga laýyk kanunlara esaslanýarmy?**

- hawa;
- ýok, döwlet edaralarynyň işi kanuna esaslanýar, raýat jemgyýetindäki ähli hereketler bolsa taraplaryň meýletin tertipde baglaşan ylalaşyklaryna, şertnamalaryna, deňlik hakynda ýazylmadyk kadalara esaslanýar;
- ýok, döwlet edaralarynyň işi taraplaryň meýletin tertipde baglaşan ylalaşyklaryna, şertnamalaryna, deňlik hakynda ýazylmadyk kadalara esaslanýar, raýat jemgyýetindäki ähli hereketler bolsa kanuna esaslanýar;
- ýok olaryň ikisinde-de ähli hereketler raýatlar we edaralar hem wezipeli şahslar tarapyndan meýletin tertipde, hukuk düşünjeliliginiň esasynda amala aşyrylýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Raýat jemgyýetiniň çäklerinde döredilen döwletde jemgyýet hem, döwlet hem jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şol bir çygyrlaryny düzgünleşdirýärlermi?**

- ýok, döwlet jemgyýetçilik (umumy) bähbitleriň çygryny düzgünleşdirýär, raýat jemgyýeti bolsa hususy hukuklaryň we azatlyklaryň, hususy bähbitleriň çygrynda düzgün-tertibi üpjün edýär;

- hawa;
- ýok, döwlet hususy hukuklaryň we azatlyklaryň, hususy bähbitleriň çygrynda düzgün-tertibi üpjün edýär, raýat jemgyýeti bolsa jemgyýetçilik (umumy) bähbitleriň çygryny düzgünleşdirýär;
- eger-de raýat jemgyýetiniň çäklerinde hukuk döwleti döredilen bolsa – hawa, başga görnüşdäki döwlet döredilen bolsa - ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Döwletiň döredilmeginiň iň esasy maksady näme?**
- jenaýatçylyga garşy göreşmek;
- hukugyň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) öz hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmekleri üçin mümkin boldugyndan ýokary derejede amatly şertleri döretmek;
- "jemgyýet" diýlip atlandyrylýan adamlaryň bileleşiginiň sazlaşykly we durnukly ösüşini üpjün etmek;
- halkara gatnaşyklar ulgamynda jemgyýetiň adyndan çykyş etmek.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**20) Raýat jemgyýeti döwlete esasan şu serişdeleriň üsti bilen täsir edýär:**
- jemgyýetçilik pikiri;
- syýasy köppikirlilik hem köpgörnüşlilik;
- döwlete dahylsyz guramalar we birleşmeler;
- harby we hukuk goraýjy edaralar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

# 28-nji bap. Döwletiň, hukugyň we ykdysadyýetiň özara gatnaşygynyň we olaryň biri-birine täsiriniň kanunalaýyklyklary

## §1. Döwletiň we ykdysadyýetiň özara gatnaşygyna hukugyň täsir edişi barada düşünje

Döwletiň, hukugyň we ykdysadyýetiň özara gatnaşygyna has aýdyň göz ýetirmek üçin ilkinji nobatda ykdysadyýetiň nämedigini gysgaça anyklamak gerek. *Ykdysadyỳet* diỳlende, ilkinji nobatda ynsanlaryň öz zähmetlerini hem-de akyl-paỳhaslaryny ulanyp, özleri üçin zerur bolan eşretleri, şertleri we ỳaşaỳyş serişdelerini döretmeklerine, şonuň netijesinde-de özleriniň kadaly, rahat ỳaşaỳşyny üpjün etmek we ähli maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ulanỳan serişdeleriniň, desgalarynyň, yzygiderlikli amallarynyň (prosessleriniň) jemine düşünilỳär. Ykdysadyỳetiň kadaly hereket etmegi döwletiň kuwwatly bolmagynyň iň esasy hem iň zerur şertidir. Sebäbi ykdysadyỳetiň kömegi bilen döwlet özüniň ähli maddy baỳlyklaryny edinỳär, toplaỳar, artdyrỳar. Şonuň netijesinde-de döwlet jemgyỳet tarapyndan özüniň döredilmeginiň iň esasy we iň möhüm maksadyny durmuşa geçirip, jemgyỳetiň maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak mümkinçiliklerine eỳe bolỳar.

Ykdysadyỳetiň diňe maddy zerurlyklary kanagatlandyrmakda däl-de, eỳsem ruhy zerurlyklary kanagatlandyrmakda hem kesgitleỳji ähmiỳetiniň barlygy bolsa, köp halatda ruhy islegleriň kanagatlandyrylmagy üçin zerur bolan serişdeleriň hem maddy mümkinçilikleriň kömegi bilen amala aşyrylỳanlygyndadyr, Jemgyỳetiň köp taraplaýyn medeni ösüşini tizleşdirmegiň baş şerti bolan, saglygy goraỳyş, bilim, medeniýet we ş.m. ulgamlary kämilleşdirmek, ilkinji nobatda, ol ulgamlaryň maddy-tehniki üpjünçiligini artdyrmakdan we döwlet tarapyndan şol ulgamlary kämilleşdirmeklige goşmaça serişdeleriň goỳberilmeginden başlanỳar. Şu nukdaỳnazardan ugur alnanda, ruhy-medeni ösüşiň hem köp derejede maddy üpjünçilige baglydygy hakynda netijä gelmek bolỳar. Maddy üpjünçilik bolsa diňe ykdysadyỳetiň kadaly hem kämil hereket etmeginiň netijesinde döreỳär.

Döwletiň, hukugyň we ykdysadyýetiň özara gatnaşygy öwrenilende, esasy üns berilmeli zat, *döwletiň ykdysadyýete täsir edişiniň derejesi we serişdeler ulgamy (mehanizmi)* bolup durýar. Şeýle täsir etmegiň hukuk serişdeleriniň toplumynyň (ulgamynyň, mehanizminiň) nähili derejede netijeli ulanylýandygyna bolsa, ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşi, şonuň netijesinde-de tutuş döwletiň hem jemgyýetiň abadançylygy baglydyr.

Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginde hukugyň durmuşy (sosial) ähmiýetine, bu işiň amala aşyrylmagyna işjeň täsir edýän hukugyň we kanunçylygyň aýry-aýry pudaklarynyň mysalynda has aýdyň göz ýetirmek bolar.

*Türkmenistanyň Konstitusiýasy* ykdysady gatnaşyklara ýokary derejede täsir edýän we olaryň konstitusion hukuk esaslaryny emele getirýän hukuk kadalaryny hem ýörelgelerini berkidýär. Mysal üçin, olaryň käbirlerini görkezmek bolar:

- eýeçiligiň eldegrilmesizligi we onuň dürli görnüşleriniň deňligi (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasy);

- bazar gatnaşyklary ýörelgesi we telekeçilige goldaw bermek ýörelgesi (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 10-njy maddasy);
- zähmetiň erkinligi we howpsuzlygy, hünär, iş ýerini saýlap almak erkinligi (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 33-nji maddasy)
- salgytlary tölemek borjy (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 42-nji maddasy) we ş.m.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň jarnamalaýyn häsiýetdäki kadalary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dürli ugurlaryny we hukuk gatnaşyklarynyň dürli görnüşlerini düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarda has anyklaşdyrylýarlar.

Türkmenistanyň *telekeçilik hakyndaky kanunçylygy* bolsa kanunyň çäklerinde hereket edýän telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahslara mümkin boldugyndan has giň ygtyýarlyklary we hukuklary bermeklik hakyndaky baş pikirden ugur alýar. Ýöne şonuň bilen birlikde-de, şeýle görnüşdäki gatnaşyklaryň gatnaşyjy şahslaryna (subýektlerine) şu aşakdaky talaplary hem bildirýär:

- kanunlardan we ylalaşyklardan (şertnamalardan) gelip çykýan borçnamalaryny berjaý etmek;
- hakyna durup işleýän işgärler bilen zähmet şertnamalaryny baglaşmak we kärhananyň maliýe ýagdaýynyň nähilidigine garamazdan olaryň eden işleri üçin zähmet hakyny doly tölemek;
- hakyna durup işleýän işgärler babatda ätiýaçlandyrmagyň ähli görnüşlerini geçirmek;
- hereket edýän kanunçylyga laýyklykda hakyna durup işleýän işgärler üçin howpsuz we sagdyn zähmet şertlerini üpjün etmek;
- häkimiýet edaralarynyň maýyplaryň we kämillik ukyby çäkli bolan beýleki şahslaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek baradaky çözgütlerini ýerine ýetirmek;
- girdejileri we salgytlaryň tölenendigi baradaky maglumatlary öz wagtynda bermek;
- batyp galmak (bankrotlyk[1]) ýa-da algydarlarynyň (kreditorlarynyň) öňündäki borçlaryny berjaý etmegiň mümkin däldigi hakynda yglan etmek we ş.m.

Türkmenistanyň *salgyt kanunçylygy* ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna täsir etmek bilen şu aşakdaky kesgitleýär:

- salgydyň ol ýa-da beýleki görnüşlerini töleýjileriň sanawyny;
- salgytlaryň we olar boýunça ýeňillikleriň görnüşlerini hem möçberlerini;
- ýygymlaryň we salgyt tölenmäge degişli girdejileriň görnüşlerini hem möçberlerini;
- salgyt töleýjileri maliýe edaralarynda hasaba almagyň tertibini;
- salgytlary tölemegiň tertibini;
- salgyt tölemekden boýun gaçyrmak üçin jogapkärçiligi we ş.m.

---

[1]Bankrot-“banco-oturgyç, pul çalyşỳanyň (serrabyň) dükany, rotto-döwlen” diỳen italỳan sözlerinden gelip çykyp, bergidaryň töleg geçirmek üçin serişdeleriniň bolmazlygyny, batmagyny aňladỳar.

Kanunçylygyň durmuşy (sosial) pudagy hem ykdysadyýet bilen jebis baglanyşykda durmak bilen, ykdysady gatnaşyklaryň aglaba köpüsini düzgünleşdirýändir. Mälim bolşy ýaly, *durmuş (sosial) kanunçylygy* – bu durmuş-üpjünçiligi, ilatyň iş üpjünçiligi, saglygy goraýyş, bilim, ylym we medeniýet, şeýle hem ýaşaýyş jaý we daşky gurşawy goramak (ekologiýa) hakynda kanunçylyklary öz içine alýan kanunçylygyň toplumlaýyn pudagydyr. Görkezilenlerden başga-da durmuşy (sosial) çygyrdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylyk pudaklarynyň sanawyna zähmet, pensiýa, ätiýaçlandyryş we beýleki kanunçylyklary hem salmak bolar.

Umuman milli kanunçylyk ulgamynyň ykdysadyýet bilen has mäkäm baglanyşykda durýan esasy pudaklarynyň biri-de zähmet kanunçylygydyr. *Zähmet kanunçylygy* diýlende, iş beriji bilen işgäriň (işçiniň) arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän we önümçilik (zähmet) jedellerini çözmegiň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemine düşünilýär.

Ykdysady gatnaşyklar ulgamynyň goragly ýagdaýda kadaly hereket etmegini we ösmegini ýola goýmakda bolsa, esasan hem hukuk goraýyş kanunçylygynyň örän uly ähmiýeti bardyr. *Hukuk goraýyş kanunçylygy* diýlende:

- jenaýat kanunçylygy;
- dolandyryş kanunçylygy ýaly maddy kanunçylyk pudaklary;
- jenaýat iş ýörediş kanunçylygy;
- raýat iş ýörediş kanunçylygy;
- arbitraž iş ýörediş kanunçylygy ýaly iş ýörediş kanunçylyk pudaklary göz öňünde tutulýar.

## §2. Bazar gatnaşyklarynyň kadaly ýola goýulmagy üçin zerur bolan şertler barada düşünje

Ykdysadyýetiň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, bazar ykdysadyỳetini bazar gatnaşyklarynyň ulgamy emele getirỳär. Bazar gatnaşyklarynyň ulgamy diýlende bolsa, ilkinji nobatda:

- hususy eýeçilik hukugynyň hakyky hukuk manysynda ulanylmagyna;
- hususy hojalyk başlangyjyna (inisiatiwasyna[1], ýagny önümleri öndürmekde, belli bir hyzmatlary etmekde hojalyk dolandyryşy we guramaçylyk serenjam beriş işi amala aşyrylanda telekeçiniň diňe öz erkine we kanuna esaslanmagyna);
- maddy baýlyklaryň (resurslaryň[2]) paýlanyşygynyň bazar gatnaşyklary nukdaýnazaryndan guralmagyna düşünilýär.

Eger-de bazar gatnaşyklarynyň ulgamynyň esasyny düzýän şu düzüm bölekleri hakykat ýüzünde bolmasa, islendik döwletde-de bazar ykdysadyýetine geçmekligiň juda haýal we kyn ýagdaýda amala aşjakdygy ikuçsyzdyr.

---

[1]Inisiatiwa-“initium-başlangyç” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, haỳsydyr bir işiň ilkinji pikirini, ilkinji ädimlerini aňladỳar.

[2]Resurs-“resource-kömekçi serişde” diỳen fransuz sözünden gelip çykyp, pul serişdelerini, dürli görnüşli gymmatlyklary, girdejileri, tebigy baỳlyklary, ätiỳaçlyk serişdelerini, mümkinçilikleri aňladỳar;

Bazar ykdysadyýetinde jemgyýet üçin derwaýys bolan maddy eşretler:

- ýer bazary;
- maýa goýum bazary;
- zähmet bazary;
- adamlar tarapyndan hemişe ulanylýan hyzmatlar we harytlar bazary ýaly bazarlaryň ulgamynda döredilýärler.

Şol bazarlaryň her birinde-de belli bir görnüşli maddy eşretler we baýlyklar öndürilýärler, satylýarlar hem satyn alynýarlar.

Bazar ol ýa-da beýleki bir hojalyk başlangyjynyň (inisiatiwasynyň) netijeliligini, emläk gymmatlyklarynyň eýelerine getirýän girdejileriniň möçberini kesgitleýär, şeýle hem möçberi az bolan baýlyklary has netijeli ugurlarda ulanmaklyk üçin paýlamaklygyň çäklerini hem belleýär.

Bazar gatnaşyklary ulgamynda her bir adamyň emläk ýagdaýy, onuň özüniň eýelik edýän harydyny, ýagny:

- işçi güýjüni;
- hünär ukyplaryny;
- öndüren önümini;
- ýer şahamçasyny;
- täjirçilik geleşiklerini baglaşmaklykdaky zehinini we ş.m. neneňsi derejede şowly satyp biljekdigine bagly bolup durýar.

Ýönekeý aýdylanda, bazar ykdysadyýetinde kim alyja onuň üçin has bähbitli şertler bilen, has oňat harydy hödürlese, şol hem özüniň maddy hal-ýagdaýynyň has ýokarlanmagyna ýol açýar.

Bazaryň serişdeler ulgamynyň (mehanizminiň) esasy artykmaçlygy hem, ol her bir satyjyny alyjynyň bähbitleri barada pikirlenmeklige mejbur edýär. Sebäbi alyjylaryň bähbitlerinden ugur almak bilen satyjy özi üçin bähbitli maksatlaryň amala aşmagyny gazanýar. Ýöne bazar gatnaşyklarynda alyjy hem satyjynyň bähbitlerinden ugur almalydyr, ýagny alyjy özüniň işleýän harydyny diňe şol wagt bazarda harydyň onuň satyn almak isleýän görnüşi üçin emele gelen bahasyny tölemek arkaly edinip bilýär.  Ine şeýle hadysa hem “bähbitleriň utgaşmagy” diýen adalga bilen aňladylýar.

Görnükli iňlis ykdysadyýetçisi Adam Smit[1] özüniň meşhurlyk gazanan “Halklaryň baýlyklarynyň sebäpleriniň we tebigatynyň seljermesi” atly, 1776-njy ýylda döreden eserinde, bazar gatnaşyklarynda satyjynyň we alyjynyň bähbitleriniň utgaşmagynyň mehanizmini seljereninde şeýle belleýär: “Her bir adam diňe öz bähbidi barada pikir edýär. Emma welin, ony ugrukdyrýan göze görünmeýän el köp ýagdaýlarda bolşy ýaly, ony düýbünden garaşmadyk netijelerine getirýär.” Adam Smitiň döwründen bäri ykdysadyýetçiler “göze görünmeýän el” diýlende, bazar ykdysadyýet ulgamynda millionlarça adamlaryň işini sazlaşdyrmaklyga mümkinçilik berýän bahalaryň ulgamyny göz öňünde tutýarlar.

Bazar ykdysadyýetindäki bäsdeşligiň netijesinde emele gelýän bahalar hem ähli satyjylar we alyjylar üçin harytlaryň hem-de olara bolan islegiň özara

[1]Adam Smit, 1723-1790-njy ýyllarda ýaşap geçen, şotland ykdysadyýetçisi we pelsepeçisi. Esasy ylmy işleri: „Halklaryň baýlyklarynyň sebäpleriniň we tebigatynyň seljermesi”, “Ahlak duýgularynyň taglymaty” atly eserlerdir.

gatnaşygy baradaky maglumatyň baş çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bäsdeşlik esasynda gurnalan bazarlar, çäkli önümçilik baýlyklarynyň we şolaryň kömegi bilen döredilen eşretleriň paýlanyşygyny amala aşyrmagyň adamzada mälim bolan iň netijeli usuly bolup durýar. Bäsdeşligiň esasy artykmaçlygy hem, diňe hili boýunça has oňat we olary öndürmeklige çykarylýan çykdajysy az bolan harytlary öndürmeklik arkaly bäsdeşlikde üstün çykyp bolýanlygyndadyr.

Bazar ykdysadyýetiniň döwletiň ykdysady kuwwatyny ösdürmeklikde ençeme artykmaçlyklarynyň bardygyna garamazdan, onuň käbir ýetmezçilikleriniň bardygyny agzaman geçmek bolmaz. Ol ýetmezçilikler ykdysady nazaryýetde “bazaryň pese gaçmaklygy” ýa-da “bazaryň gowşaklygy” diýlip atlandyrylýar.

Bazar gatnaşyklary ulgamynyň esasy ýetmezçilikleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ilatyň dürli gatlaklarynyň girdejileriniň arasynda uly aratapawudyň emele gelmegi;
- bir bazar gatnaşyklarynyň ulgamynyň çäginde jemgyýetçilik eşretleri diýlip atlandyrylýan önümleriň zerur görnüşleriniň öndürilmegine ukypsyzlygyň emele gelmegi; (ýagny importyň[1] artmagy we bazar gatnaşyklarynyň importa mätäç ugurlarynyň yzygiderli artmagy we ş.m.);
- bazaryň monopolizasiýasy (ykdysadyýetde monopoliýa diýlende, bazarda harytlaryň we hyzmatlaryň umumy bahalaryna hem-de möçberine isleýişlerine görä täsir edip bilýän az sanly satyjylaryň, kähalatda bolsa ýeke-täk satyjynyň emele gelmegine düşünilýär. Şeýle ýagdaýlarda monopolist satyjylar tarapyndan bäsdeş bolmaklary mümkin bolan beýleki satyjylaryň olaryň öz işlerini amala aşyrýan çygyrlaryna aralaşmagyna berk gözegçilik ýola goýulýar).

Bazar ykdysadyýetiniň esasy özeni ýokarda görkezilenlerden ybarat bolup durýar. Şol esaslary nazara alman we olary döwletiň ykdysady durmuşyna ornaşdyrman, bazar ykdysadyýetine geçmeklik mümkin däl. Sebäbi görkezilen ýörelgeleriň biri-biri bilen juda jebis arabaglanyşyklykda durýandyklary zerarly, olaryň biri hereket etmese, tutuş bazar gatnaşyklary ulgamynyň mehanizmi hem netijeli hereket edip bilmeýär.

Häzirki döwürde bolsa Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini hem umumy ykrar edilen däp-dessurlaryny we kadalaryny ýurdumyzyň ykdysady ulgamyna işjeň ornaşdyrmaklyk bilen baglylykda amala aşyrylýan çäreler hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- içerki hem daşarky umumy ykdysady syýasat kämil derejede işlenip düzüldi we netijeli, tutanýerli hem yzygiderli amala aşyrylýar;
- ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklaryň täze görnüşleriniň hukuk üpjünçiligine aýratyn üns berilýär we ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) sanawy doly kesgitlenip, olaryň hukuk ýagdaýy hereket edýän kanunçylykda anyk we takyk berkidilýär;

---

[1]Import-“importo-getirỳärin” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, dürli harytlaryň daşary ỳurtlardan getirilmegini aňladỳar; **Eksport**-“exporto-çykarỳaryn” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, dürli harytlaryň daşary ỳurtlara çykarylmagyny aňladỳar.

- ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny ýokary derejede üpjün edýän durmuş-üpjünçilik syýasaty işlenip düzüldi we ol üstünlikli durmuşa geçirilýär;
- käbir gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) hojalyk we täjirçilik gatnaşyklaryny bikanun usullar hem serişdeler bilen amala aşyrmaklyga ymtylyşlarynyň doly öňi alyndy we olary gutarnykly aradan aýyrmak babatdaky çäreler yzygiderli ýerine ýetirilýär;
- milli önümçiligiň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin aňrybaşy mümkinçilikler hem şertler döredildi we dürli milli hem daşary ýurt haryt öndürijileriniň, hyzmatlary ýerine ýetirijileriniň arasynda ynsapsyz bäsdeşligiň, monopoliýanyň we ş.m. ýüze çykmagynyň mümkinçilikleriniň öňüne mäkäm hukuk böwetleri goýuldy;
- gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) ykdysady işjeňliginiň dowamynda ýüze çykmagy mümkin bolan jedelleri çözmegiň we hukuk bozmalar üçin bellenilen jogapkärçilik çärelerini ýerine ýetirmegiň netijeli serişdeler we usullar ulgamy işlenip düzüldi we onuň netijeli hereket etmegi ýola goýuldy;
- jemgyýetçilik durmuşy üçin durmuş ähmiýetli ugurlar bolan ulag, energetika, senagat hem oba hojalyk ulgamlarynyň we ş.m. ösdürilmegine döwlet tarapyndan aýratyn wajyp ähmiýet berilýär;
- harby we hukuk goraýjy edaralaryň işi yzygiderli kämilleşdirilýär hem-de olaryň öz wezipelerini doly kanunylyk esasynda amala aşyrmaklaryna berk gözegçilik ýola goýuldy;
- jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň emläk ýagdaýlarynyň arasyndaky tapawudyň jemgyýetiň kadaly ýaşaýşy üçin zerur bolan çäkden artmazlygy döwlet tarapyndan netijeli serişdeleriň kömegi bilen üpjün edilýär;
- ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň yzygiderli, netijeli kämilleşdirilmegi döwletiň üns merkezinde saklanýar hem-de bu mesele üstünlikli çözülýär we ş.m.

## *ÇYZGYLAR*

**Çyzgy 28.1.**



**Çyzgy 28.2.**

**Türkmenistanyň telekeçilik kanunçylygynda ykdysadyýetiň hukuk esaslaryndan berkidilýär:**

häkimiýet edaralarynyň maýyplaryň we kämillik ukyby çäkli bolan beýleki şahslaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek baradaky çözgütlerini ýerine ýetirmek

hakyna durup işleýän işgärler bilen zähmet şertnamalaryny baglaşmak we kärhananyň maliýe ýagdaýynyň nähilidigine garamazdan olaryň eden işleri üçin zähmet hakyny doly tölemek

girdejileri we salgytlaryň tölenendigi baradaky maglumatlary öz wagtynda bermek

hakyna durup işleýän işgärler babatda ätiýaçlandyrmagyň ähli görnüşlerini geçirmek

hereket edýän kanunçylyga laýyklykda hakyna durup işleýän işgärler üçin howpsuz we sagdyn zähmet şertlerini üpjün etmek

kanunlardan we ylalaşyklardan (şertnamalardan) gelip çykýan borçnamalaryny berjaý etmek

batyp galmak (bankrotlyk) ýa-da algydarlarynyň (kreditorlarynyň) öňündäki borçlaryny berjaý etmegiň mümkin däldigi hakynda yglan etmek we ş.m.

**Ykdysady gatnaşyklaryň goraglylygyny üpjün edýän hukuk goraýyş kanunçylygynyň görnüşleri**

jenaýat kanunçylygy

jenaýat iş ýörediş kanunçylygy

dolandyryş kanunçylygy

raýat iş ýörediş kanunçylygy

arbitraž iş ýörediş kanunçylygy we ş.m.

Çyzgy 28.3.


Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna täsir etmek bilen kesgitleýär
salgydyň ol ýa-da beýleki görnüşlerini töleýjileriň sanawyny
salgytlaryň we olar boýunça ýeňillikleriň görnüşlerini hem möçberlerini
salgyt töleýjileri maliýe edaralarynda hasaba almagyň tertibini
ýygymlaryň we salgyt tölenmäge degişli girdejileriň görnüşlerini hem möçberlerini
salgytlary tölemegiň tertibini
salgyt tölemekden boýun gaçyr-mak üçin jogapkärçiligi we ş.m.
Bazar gatnaşyklarynyň ulgamyny emele getirýär
hususy eýeçilik hukugynyň hakyky hukuk manysynda ulanylmagy
hususy hojalyk başlangyjy
maddy baýlyklaryň paýlanyşygynyň bazar gatnaşyklary nukdaýnazaryndan guralmagy
Bazar gatnaşyklary ulgamynda bazarlaryň görnüşleri
ýer bazary
maýa goýum bazary
zähmet bazary
hyzmatlar bazary we ş.m.


Bazar gatnaşyklary ulgamynda hödürlenýän harytlaryň görnüşleri
işçi güýji
öndürilen önüm
ýer şahamçasy
hünär ukyplary
täjirçilik geleşiklerini baglaşmaklykdaky zehin we ş.m.
BAZAR GATNAŞYKLARY ULGAMYNYŇ ESASY ÝETMEZÇILIKLERI
ilatyň dürli gatlaklarynyň girdejileriniň arasynda uly aratapawudyň emele gelmegi
bir bazar gatnaşyklarynyň ulgamynyň çäginde jemgyýetçilik eşretleri diýlip atlandyrylýan önümleriň zerur görnüşleriniň öndürilmegine ukypsyzlygyň emele gelmegi; (ýagny importyň artmagy we bazar gatnaşyklarynyň importa mätäç ugurlarynyň yzygiderli artmagy we ş.m.)
bazaryň monopolizasiýasy (ykdysadyýetde monopoliýa diýlende, bazarda harytlaryň we hyzmatlaryň umumy bahalaryna hem-de möçberine isleýişlerine görä täsir edip bilýän az sanly satyjylaryň, kähalatda bolsa ýeketäk satyjynyň emele gelmegine düşünilýär. Şeýle ýagdaýlarda monopolist satyjylar tarapyndan bäsdeş bolmaklary mümkin bolan beýleki satyjylaryň olaryň öz işlerini amala aşyrýan çygyrlaryna aralaşmagyna berk gözegçilik ýola goýulýar)
Çyzgy 28.4.

**Çyzgy 28.5.**

**Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini hem umumy ykrar edilen däp-dessurlaryny we kadalaryny ýurdumyzyň ykdysady ulgamyna işjeň ornaşdyrmaklyk bilen baglylykda amala aşyrylýan çäreler**

- içerki hem daşarky umumy ykdysady syýasat kämil derejede işlenip düzüldi we netijeli, tutanýerli hem yzygiderli amala aşyrylýar
- ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklaryň täze görnüşleriniň hukuk üpjünçiligine aýratyn üns berilýär we ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjy şahslarynyň (subýektleriniň) sanawy doly kesgitlenip, olaryň hukuk ýagdaýy hereket edýän kanunçylykda anyk we takyk berkidilýär
- ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny ýokary derejede üpjün edýän durmuş-üpjünçilik syýasaty işlenip düzüldi we ol üstünlikli durmuşa geçirilýär
- käbir gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) hojalyk we täjirçilik gatnaşyklaryny bikanun usullar hem serişdeler bilen amala aşyrmaklyga ymtylyşlarynyň doly öňi alyndy we olary gutarnykly aradan aýyrmak babatdaky çäreler yzygiderli ýerine ýetirilýär
- milli önümçiligiň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin aňrybaşy mümkinçilikler hem şertler döredildi we dürli milli hem daşary ýurt haryt öndürijileriniň, hyzmatlary ýerine ýetirijileriniň arasynda ynsapsyz bäsdeşligiň, monopoliýanyň we ş.m. ýüze çykmagynyň mümkinçilikleriniň öňüne mäkäm hukuk böwetleri goýuldy
- gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) ykdysady işjeňliginiň dowamynda ýüze çykmagy mümkin bolan jedelleri çözmegiň we hukuk bozmalar üçin bellenilen jogapkärçilik çärelerini ýerine ýetirmegiň netijeli serişdeler we usullar ulgamy işlenip düzüldi we onuň netijeli hereket etmegi ýola goýuldy
- jemgyýetçilik durmuşy üçin durmuş ähmiýetli ugurlar bolan ulag, energetika, senagat hem oba hojalyk ulgamlarynyň we ş.m. ösdürilmegine döwlet tarapyndan aýratyn wajyp ähmiýet berilýär
- harby we hukuk goraýjy edaralaryň işi yzygiderli kämilleşdirilýär hem-de olaryň öz wezipelerini doly kanunylyk esasynda amala aşyrmaklaryna berk gözegçilik ýola goýuldy
- jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň emläk ýagdaýlarynyň arasyndaky tapawudyň jemgyýetiň kadaly ýaşaýşy üçin zerur bolan çäkden artmazlygy döwlet tarapyndan netijeli serişdeleriň kömegi bilen üpjün edilýär
- ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň yzygiderli, netijeli kämilleşdirilmegi döwletiň üns merkezinde saklanýar hem-de bu mesele üstünlikli çözülýär we ş.m.

## *SOWALNAMA*

**1) Ykdysadyýet näme?**
- önümleri öndürmek, alyş-çalyş etmek we paýlamak bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemi;
- belli bir ýurduň halk hojalygy ýa-da onuň önümçiliginiň belli bir görnüşlerini we pudaklaryny özünde jemleýän bölegi;
- jemgyỳetiň agzalarynyň maddy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak babatda amala aşyrýan işjeňligi;
- hukuk taýdan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Türkmenistanyň Konstitusiýasynda ykdysady gatnaşyklaryň şu aşakdaky hukuk ýörelgeleri berkidilýär:**
- bank syrynyň goraglylygy;
- eýeçiligiň eldegrilmesizligi we onuň dürli görnüşleriniň deňligi;
- telekeçilige goldaw bermek ýörelgesi;
- zähmetiň erkinligi we howpsuzlygy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Ilkinji nobatda salgyt tölemek borjy Türkmenistanyň haýsy kadalaşdyryjy hukuk namasynyň näçinji maddasynda berkidilýär?**
- Türkmenistanyň Salgyt kodeksiniň 1-nji maddasynyň 3-nji bendinde;
- Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 42-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 262-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň $167^1$-nji, $167^2$-nji, $167^3$-nji maddalarynda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Grekçeden terjime edilende ekonomika sözi aňladýar:**
- “öý hojalygyny dolandyrmagyň hünäri” diýmegi;
- “telekeçilik bilen meşgullanmak ukyby” diýmegi;
- “öý hojalygyny ýöretmegiň sungaty” diýmegi;
- “pul gazanmagyň usullary” diýmegi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) “Girdejileri we salgytlaryň tölenendigi baradaky maglumatlary öz wagtynda bermek” ýörelgesi haýsy kanunçylykda berkidilýär?**
- konstitusion kanunçylykda;
- durmuş-üpjünçilik kanunçylygynda;
- hukuk goraýyş kanunçylygynda;
- telekeçilik kanunçylygynda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy kesgitleýär:**

- salgydyň ol ýa-da beýleki görnüşlerini töleýjileriň sanawyny;
- maliýe-karz beriş ulgamynyň hereket etmeginiň tertibini;
- salgyt töleýjileri maliýe edaralarynda hasaba almagyň tertibini;
- salgytlary tölemegiň tertibini.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Sosial kanunçylyk, kanunçylygyň haýsy pudaklaryny özünde jemleýär?**
- ekologiýa kanunçylygyny;
- dolandyryş kanunçylygyny;
- saglygy goraýyş kanunçylygyny;
- bilim we medeniýet kanunçylygyny.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Hukuk goraýyş kanunçylygyna raýat iş ýörediş kanunçylygy girýärmi?**
- hawa;
- ýok, sebäbi ol raýatlaryň öz hususy hukuklaryny goramaklarynyň tertibini kesgitleýär;
- ýok, sebäbi hukuk goraýyş kanunçylygyna diňe kanunçylygyň maddy-hukuklar bilen bagly pudaklary degişli ;
- hawa, sebäbi ol ýuridik şahslaryň hem, döwletiň hem raýat hukuk gatnaşyklary çygryndaky maddy hukuklaryny goramagyň tertibini kesgitleýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Bazar gatnaşyklarynyň ulgamy diýlende düşünilýär:**
- hususy eýeçilik hukugynyň hakyky hukuk manysynda ulanylmagyna;
- hususy hojalyk başlangyjynyň bolmagyna;
- hukuk taýdan düzgünleşdirilen ähli ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna;
- maddy baýlyklaryň paýlanmagynyň bazar ýörelgelerine laýyk guralmagyna.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Bazar ykdysadyýetinde hereket edýän bazarlaryň görnüşlerine girýärler:**
- ýer bazary;
- maýa goýum bazary;
- zähmet bazary;
- ruhy baýlyklaryň we medeni gymmatlyklaryň bazary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Bazar gatnaşyklary ulgamynda adam öz akyl-paýhasynyň miwesini haryt hökmünde hödürläp bilýärmi?**
- ýok;
- hawa, sebäbi adamyň akyl-paýhasynyň miwesi onuň intellektual eýeçiligi[1] bolup durýar;

[1]Intellektual-“intellectus-aň ýetirmek, düşünmek, paýhas” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, pikir etmek ukybyny aňladýar. **Intellektual häsiýet** diýlende, adamyň paýhasly, oýlanyşykly we ş.m. hereket etmek ukybyna emosional çygyrda ýerleşýän hukuklaryna düşünilýär. Intellektual eýeçilige edebiýat, çeper, ylmy eserler we oýlap tapyşyň netijeleri degişlidir.

- ýok, sebäbi bazarda diňe maddy zatlar haryt hökmünde hödürlenip bilýär;
- hawa, eger-de şahs özüniň akyl-paýhasynyň miwesini haýsydyr bir maddy galyba salmagyň hötdesinden gelse.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Bazar mehanizminiň esasy artykmaçlygy nämede?**
- islendik hereketiň hukuga laýyk erkinligiň esasynda amala aşyrylýanlygynda;
- hemmelere deň mümkinçilik berýänliginde;
- her bir satyjyny alyjynyň bähbitleri barada pikirlenmeklige mejbur edýänliginde;
- jemgyýetiň maddy zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň esasy serişdesi hökmünde hyzmat edýänliginde.

***Has wajyp ähmiýetli jogaby tapyň.***

**13) Adam Smit "göze görünmeýän el" diýende nämäni göz öňünde tutýar?**
- bahalaryň mehanizmini;
- adamlaryň baýlyga bolan ymtylyşyny;
- jemgyýetiň ösüşe bolan ymtylyşyny;
- döwletiň düzgünleşdiriji we mejbur ediji güýjüni.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Bazar gatnaşyklary ulgamynyň näçe sany esasy ýetmezçiligi bar?**
- iki;
- üç;
- on bir;
- dört.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Bazaryň pese gaçmaklygy şulardan ybaratdyr:**
- ilatyň dürli gatlaklarynyň girdejileriniň arasynda uly aratapawudyň emele gelmeginden;
- önümleriň zerur görnüşleriniň öndürilmegine ukypsyzlygyň emele gelmeginden;
- bazaryň monopolizasiýasyndan;
- ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin ýeterlik hukuk serişdeleriniň bolmazlygyndan.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Bazaryň monopolizasiýasy näme?**
- bahalara islegine görä täsir edip bilýän az sanly satyjylaryň bolmagy;
- bazar gatnaşyklarynyň döwlet tarapyndan ýatyrylmagy;
- ykdysady dolanyşykda hereket edýän pullaryň möçberiniň azalmagy;
- puluň hümmetsizlenmegi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Bazar ykdysadyýetiniň kadaly hereket etmegini üpjün etmän jemgyýeti raýat jemgyýetiniň derejesine çenli kämilleşdirmek, hukuk döwletini gurmak mümkinmi?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de döwlet munuň üçin juda köp serişde goýberse;
- ýok, sebäbi olaryň ikisiniň binýadynda-da bazar gatnaşyklarynyň ýörelgeleýin esasyny düzýän hukuk ýörelgeleri durýar.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**18) Ykdysadyýet bilen hukuk nähili arabaglanyşýar?**

- ykdysadyýet hukugyň hereket etmegi üçin zerur maddy binýady döredýär;
- hukuk ykdysadyýetiň kadaly hereket etmegi üçin degişli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär;
- ykdysadyýet hukugyň, hukuk bolsa ykdysadyýetiň yzygiderli ösüşini üpjün edýär;
- olaryň ikisi birleşip döwleti döredýärler.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Ykdysadyýet hukuk üçin binýatmy ýa-da hukuk ykdysadyýet üçin binýat?**

- ykdysadyýet hukuk üçin binýat, sebäbi ykdysady gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagy hukugyň emele gelmegine we ösmegine getiripdir;
- hukuk ykdysadyýet üçin binýat, sebäbi hukuk taýdan düzgünleşdirilmese ykdysadyýet hiç-hili hereket edip bilmez;
- olaryň ikisi üçinem döwlet binýatlaýyn esas bolup durýar, sebäbi döwlet bolmasa hukuk hem bolup bilmez, ykdysadyýet hem;
- olaryň ikisi hem biri-biri üçin binýat bolup hyzmat edýärler.

***Has doly we dogry jogaby tapyň.***

**20) Döwlet ykdysady ösüşi zerur ugra gönükdirmäge esasan haýsy çäreleriň üsti bilen täsir edýär?**

- syýasy çäreleriň üsti bilen;
- hukuk çäreleriniň üsti bilen;
- syýasy, hukuk we ykdysady çäreleriň üsti bilen;
- ykdysady çäreleriň üsti bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

***Bellik:*** *Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw gollanmasynyň ahyrynda berilýär.*

## Sowalnamalaryň dogry (nädogry) jogaplarynyň belgileri:

### 1-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 3 | 2 | 1 | 4 | 4 | 4 | 2 | 1 | 3 | 1 | 4 | 1 | 4 | 4 | 1 | 4 | 4 | 3 | 1 |

### 2-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2 | 3 | 3 | 4 | 4 | 4 | 1 | 1 | 2 | 1 | 1 | 4 | 1 | 1 | 3 | 3 | 4 | 3 | 1 | 4 |

### 3-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 4 | 2 | 3 | 1 | 4 | 3 | 1 | 2 | 4 | 3 | 2 | 2 | 2 | 2 | 1 | 2 | 4 | 4 | 3 |

### 4-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 1 | 2 | 1 | 3 | 2 | 3 | 1 | 4 | 3 | 3 | 2 | 2 | 1 | 3 | 2 | 1 | 4 | 4 | 3 |

### 5-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 1 | 4 | 3 | 1 | 3 | 2 | 2 | 3 | 2 | 1 | 4 | 1 | 2 | 3 | 4 | 2 | 3 | 3 | 4 |

### 6-njy bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 1 | 4 | 2 | 3 | 1 | 3 | 1 | 2 | 3 | 4 | 1 | 2 | 3 | 1 | 3 | 3 | 2 | 1 | 2 |

### 7-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 3 | 1 | 1 | 2 | 1 | 3 | 2 | 4 | 2 | 4 | 2 | 3 | 3 | 1 | 4 | 1 | 2 | 1 | 4 |

### 8-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 2 | 3 | 1 | 1 | 2 | 3 | 4 | 2 | 1 | 2 | 3 | 3 | 4 | 1 | 3 | 1 | 1 | 2 | 3 |

### 9-njy bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 2 | 1 | 2 | 3 | 1 | 3 | 1 | 3 | 3 | 4 | 3 | 2 | 1 | 4 | 3 | 4 | 1 | 3 | 2 |

### 10-njy bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2 | 1 | 3 | 4 | 3 | 1 | 2 | 2 | 3 | 1 | 3 | 4 | 2 | 1 | 4 | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 |

## 11-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 1 | 4 | 4 | 3 | 3 | 2 | 4 | 1 | 2 | 2 | 1 | 1 | 3 | 2 | 4 | 1 | 3 | 2 | 1 |

## 12-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2 | 3 | 1 | 4 | 1 | 3 | 1 | 2 | 1 | 1 | 3 | 4 | 1 | 1 | 2 | 4 | 1 | 3 | 1 | 2 |

## 13-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 1 | 2 | 3 | 4 | 2 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 2 | 4 | 2 | 3 | 1 | 2 | 2 | 3 | 4 |

## 14-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 3 | 4 | 2 | 2 | 2 | 3 | 3 | 1 | 4 | 2 | 1 | 1 | 3 | 3 | 1 | 4 | 1 | 2 | 3 |

## 15-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 2 | 1 | 2 | 2 | 3 | 2 | 3 | 4 | 1 | 2 | 4 | 3 | 3 | 2 | 2 | 1 | 4 | 3 | 3 |

## 16-njy bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 1 | 2 | 3 | 1 | 4 | 2 | 3 | 3 | 1 | 4 | 2 | 1 | 4 | 3 | 2 | 1 | 1 | 3 | 4 |

## 17-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 2 | 1 | 3 | 3 | 1 | 4 | 2 | 1 | 2 | 4 | 3 | 1 | 4 | 2 | 4 | 1 | 3 | 2 | 2 |

## 18-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 4 | 1 | 2 | 2 | 3 | 3 | 1 | 2 | 1 | 3 | 3 | 1 | 3 | 4 | 3 | 2 | 4 | 1 | 1 |

## 19-njy bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 1 | 2 | 2 | 3 | 2 | 1 | 4 | 2 | 1 | 1 | 3 | 3 | 4 | 4 | 2 | 1 | 3 | 2 | 1 |

## 20-nji bap boýunça:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 1 | 3 | 2 | 4 | 2 | 1 | 4 | 2 | 1 | 2 | 1 | 3 | 4 | 2 | 1 | 3 | 3 | 4 | 1 |

**21-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *2* | *4* | *1* | *4* | *3* | *3* | *1* | *4* | *1* | *2* | *3* | *4* | *2* | *1* | *4* | *4* | *1* | *2* | *2* | *3* |

**22-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *4* | *2* | *1* | *2* | *3* | *4* | *1* | *2* | *2* | *3* | *1* | *4* | *2* | *1* | *3* | *4* | *1* | *2* | *3* | *3* |

**23-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *4* | *2* | *3* | *2* | *4* | *3* | *3* | *1* | *4* | *4* | *1* | *2* | *3* | *1* | *4* | *3* | *3* | *3* | *4* |

**24-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *4* | *3* | *1* | *4* | *2* | *3* | *4* | *2* | *1* | *1* | *4* | *3* | *2* | *4* | *3* | *2* | *1* | *4* | *1* | *2* |

**25-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *3* | *1* | *2* | *3* | *4* | *3* | *1* | *1* | *4* | *3* | *1* | *3* | *4* | *2* | *4* | *1* | *3* | *4* | *2* | *4* |

**26-njy bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *2* | *3* | *4* | *2* | *3* | *1* | *1* | *2* | *2* | *4* | *3* | *2* | *3* | *1* | *1* | *4* | *4* | *2* | *1* |

**27-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *2* | *3* | *4* | *1* | *2* | *3* | *1* | *3* | *1* | *4* | *3* | *2* | *1* | *4* | *2* | *1* | *2* | *1* | *3* | *4* |

**28-nji bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *1* | *2* | *3* | *4* | *2* | *2* | *1* | *3* | *4* | *2* | *3* | *1* | *2* | *4* | *1* | *4* | *4* | *1* | *3* |

# Jemleme

Gadyrly talyplar, demokratik, hukuk, dünýewi döwletde jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli çygyrlarynda alnyp barylýan hereketler diňe kanun esasynda amala aşyrylýar. Mäkäm hukuk binýadynyň bolmagy bolsa tutuş jemgyýetçilik ösüşiniň netijeliligini kesgitleýär. Halkara we milli hukuk giňişliginde erkin hereket edip bilýän, halkara hem milli kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan oňat baş çykarýan, ýokary taýýarlykly hukukçylaryň bolmagy, türkmen halkynyň geljekki asyrlarda-da dowam etjek ösüş we berkararlyk ýoluny kesgitleýän häzirki Beýik zamanamyzda has-da zerur. Sebäbi bellenip geçilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň parasatly başlangyçlary bilen ýurdumyzda düýpli özgertmeleriň uly toplumy durmuşa geçirilýär. Jemgyýetçilik ýaşaýşynyň haýsy çygrynda amala aşyrylýandygyna garamazdan, ol özgertmeler ygtybarly we netijeli hukuk üpjünçiligini talap edýär. Çünki özgertmeleriň ahyrky maksadyna ýetilmegi köp derejede olaryň täsir edýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişiniň hiline-de bagly bolup durýar. Şonuň üçin hem Döwlet Baştutanymyz tarapyndan döwletimiziň we jemgyýetimiziň gurluşyny kämilleşdirmeklige gönükdirilen çäreleriň ýokary netijeliligini üpjün etmek maksady bilen, döwletimiziň hukuk esaslaryny, geljekki hünärmenler bolan talyp ýaşlarymyzyň, döwlet gullukçylarynyň, şol sanda tutuş jemgyýetimiziň hem hukuk bilimini, hukuk sowatlylygyny, hukuk aňyýetini we medeniýetini ösdürmek babatda ençeme işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Şu okuw gollanmasynyň girişinde ýörite nygtalyşy ýaly, ony düzüjileriň esasy maksady, Täze Galkynyş zamanasynda, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda berkarar edilýän adalatly türkmen jemgyýetiniň hukuk esaslaryna, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ösüşini üpjün edýän kanunçylyk özgertmeleriniň many-mazmunyna siziň has çuň düşünmegiňize ýardam bermek bolup durýar.

Milli Liderimiziň ýadawsyz tagallalarynyň netijesinde günsaýyn özgerip, at-abraýy, meşhurlygy jümle-jahanda pursatsaýyn artýan, gadymy hem müdimi topragymyzda, zamananyň kämil, ýokary ahlakly gylyk-häsiýetlerini özlerinde jemleýän talyp ýaşlarymyzyň hukuk dünýägaraýşyny, hukuk düşünjeliligini Ajaýyp eýýamyň ölçeglerine laýyklykda kemala getirmeklige we ony has-da kämilleşdirmeklige, şu okuw gollanmasynyň hem azda-kände täsiri ýetse, awtorlaryň ony taýýarlamaga siňdiren yhlasynyň we zähmetiniň örän uly minnetdarlyga mynasyp boldugy bolar!

# EDEBIÝATLAR we KANUNLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow G.M. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow G.M. Eserler ỳygyndysy, 1-nji tom. Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow G.M. Parahatçylyk, döredijilik, progress syỳasatynyň dabaralanmasy. Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow G.M. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhybelentligiň ỳurdy. Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow G.M. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow G.M. Täze galkynyş eỳỳamy. Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow G.M. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2008.
9. Türkmenistanyň Raỳat iş ỳörediş kodeksi. 29.12.1963ỳ. 2009-njy ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
10. Türkmenistanyň Nika we maşgala kodeksi. 25.12.1969ỳ. 2009-njy ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
11. Türkmenistanyň Jenaỳat kodeksi. 12.06.1997ỳ. 2009-njy ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
12. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raỳat kodeksi. 17.07.1998ỳ. 2009-njy ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
13. Türkmenistanyň Durmuş-üpjünçiligi hakynda kodeksi. 17.03.2007ỳ. 2009-njy ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
14. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. Aşgabat. 18.04.2009ỳ.
15. “Türkmenistanyň raỳatlygy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 30.09.1992ỳ. 14.06.2003 ỳyla çenli girizilen üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
16. “Türkmenistandaky daşary ỳurt raỳatlarynyň hukuk ỳagdaỳy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 08.10.1993 ỳ.
17. „Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 30.11.2003 ỳ.
18. „Daşary ỳurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 20.12.1996ỳ.
19. „Muzeỳler we muzeỳ işi hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 20.12.1996ỳ.
20. “Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 20.12.1996ỳ.
21. „Bosgunlar hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 12.06.1997ỳ.
22. „Döwlet organlarynyň apparatyndaky gulluk hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 12.06.1997ỳ.
23. „Paýdarlar jemgyýetleri hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 23.11.1999ý.
24. „Jemgyỳetçilik birleşikleri hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. 21.10.2003ỳ. 07.02.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.
25. “Geňeş hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 25.10.2005ỳ. 23.10.2008 ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
26. “Migrasiỳa hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 07.12.2005 ỳ. 2008-nji ỳyla çenli girizilen üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.

27. “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 07.12.2005ỳ. 03.07.2007 ỳyla çenli girizilen üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
28. “Türkmenistanyň Prezidenti hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 28.06.2007ỳ.
29. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 15.08.2009ý.
30. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 15.08.2009ỳ.
31. Общая теория государства и права. Под редакцией профессора Марченко М.Н. Академический сборник. В 3-х томах. Москва, 2001.
32. Алексеев С.С. Восхождение к праву. Поиски и решения. Москва: Норма, 2001.
33. Чиркин В.Е. Государствоведение. Учебник. Москва, 2000.
34. Лазарев В.В., Липен С.В. Теория государства и права. Хрестоматия. Том I-II. Москва, 2001.
35. Власов В.И. Теория государства и права: Учебник для высших юридических учебных заведений и факультетов. Ростов на Дону: Феникс, 2002.
36. Бабаев Б.К., Баранов В.М., Толстик В.А. Теория права и государства в схемах и определениях. Москва: Юрист, 2002.
37. Венгеров А.Б. Теория государства и права: Учебник для юридических вузов. 3-ое издание. Москва: Юриспруденция, 2000.
38. Платон. Государство. Сочинения. В 3-х томах. Москва, 1973.
39. Марченко М.Н. Проблемы теории государства и права. Москва, 2001.
40. Монтескье Ш.-Л. О духе законов//Избранные произведения Москва, 1955.
41. Байтин М.И. Сущность права (Современное нормативное правопонимание на гране двух веков). Саратов, 2001.
42. Проблемы юридической техники/ Ответственный редактор В.М. Баранов. Нижний Новгород, 2000.
43. Краткий юридический словарь. Москва: ИНФРА-М, 2003.
44. Иванов А.А., Иванов В.П. Правонарушение и юридическая ответственность. Теория и законодательная практика. 2-ое издание, с допольнениями и переработками. Москва, 2006.
45. Экономическая теория: Учебное пособие для вузов. 5-ое издание / Под редакцией профессора А.Г. Грязновой, профессора В.М. Соколинского. Москва, 2008.